## Giriş

Ýokary bilimli, öz işine ökde, Watana wepaly mugallymlary taýýarlamakda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň çykyşlarynyň, eserleriniň we bilim ulgamyny kämilleşdirmek barada kabul eden kararlarydyr permanlarynyň, Türkmenistanda “Bilim hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň esasynda öwrenilýän pedagogika dersiniň hyzmaty uludyr. Bu kitap öz içine pedagogikanyň umumy esaslaryny, okatmak nazaryýetini, terbiýe nazaryýetini özünde jemleýär. Pedagogika dersi geljekki mugallymlara taryhy we nazary maglumatlary arabaglanyşykda öwrenip olary öz işinde döredijilikde peýdalanmaga ýol açýar.

Pedagogikanyň umumy esaslary bölümi dersiň öwrenýän meselelerini, ylmy-barlag usullaryny, ösüşin umumy kanunalaýyklyklaryny, ýaş we ýeke-bara aýratynlyklaryny, terbiýäniň maksatlaryny, pedagogik iş, pedagogik täzelikler we häzirki zaman mekdebiniň mugallymyny häsiýetlendirýän soraglary öz içine alýar.

Okatmak nazaryýeti bölüminde okatmak işi, onuň faktorlary, okuwa gyzyklanma, okatmagyň kanunalaýyklary, ýörelgeleri, düžgünleri, usullary, görnüşleri, bilimleri barlamak we bahalandyrmak meseleleri beýan edilýär.

Terbiýe nazaryýeti bölüminde – terbiýelemek işiniň maksady we mazmuny, kanunalaýyklyklary, ýörelgeleri, şahsýyeti toparda terbiýelemek terbiýäniň umumy usullary, terbiyelemek işiniň gurluşy, jemgyýetçilik we maşgala terbiýesi öz beýanyny tapýar.

# Pedagogikanyň predmeti we meseleleri

## 1. Pedagogika - terbiýelemek baradaky ylymdyr.

Pedagogika “paýdagogos” diýen grek sözünden bolup, “paýdos – çaga we “ago” – ýöretmek diýen manyny berýär. Doly terjime edende “paýdagogos” – “çagany ýöredýän” ýa-da “çagany alyp barýan” diýmekdir. Gadymy Gresiýada öz eýesiniň çagasyny mekdebe alyp barýan gullara pedagog diýipdirler. Bu mekdeplerde mugallym bolup sapak okadýanlaryňam arasynda gullar hem bolupdyr, ýöne olar sowatly, bilimli bolupdyrlar. Şu ýerde Oguz han eýýamynda ýüze çykan atalar, atabegler, atalyklar mekdeplerini ýatlap geçmek wajyp. Berilýän maglumatlara görä bu mekdeplerde çagalara bilim beren mugallymlar (atabegler) ýörite gullardan taýýarlanypdyr. Bu mekdepler köşklerde döredilipdir. Bu mekdeplerde dünýä dilleri we edebiýaty, sözleýiş sungatynyň ussatlygy, taryh, geografiýa, hasabyýet we tebigy ugurlar boýunça ylymlaryň esaslary, söweş we serkerdelik tilsimatlary öwredilipdir… Eger bu iki maglumaty deňeşdirsek, onda biz terbiýäniň ýüze çykyşynyň birmeňzeşligine göz ýetirýäs.

Wagtyň geçmegi bilen “pedagogika” diýen sözüň ulanylyşy umumylaşdyrylyp, ol çagalary terbiýelemek, okatmak, ruhy we ten taýdan ösdürmek manylaryna eýe bolýar. Soňabara öz eden işleri bilen belli bolan adamlaryň, adynyň ýanynda ony terbiýelän, okadan adamyň ady tutulýar. Bu ugurdan nazary bilimiň we tejribäniň baýlaşmagy netijesinde aýratyn bir çagalary terbiýelemek ylmy döredi. Şeýdip pedagogika çagalary terbiýelemek we okatmak ylmyna öwrüldi.

Dürli döwürlerde, pedagoglar hemişe adamlara kömek etmegiň ýollaryny, tebigatdan berlen mümkinçiliklerden dogry peýdalanyp ýaşamagy, olarda täze hilleriň ýüze çykmagyny gözläp geldiler. Müň ýyllaryň dowamynda dürli bilimler, dürli pedagogik ulgamlar döredilip, olar inkär edilip, täzeleri ýüze çykyp, şu günler olaryň arasyndan iň peýdalylary, adamzada gerekleri saýlanyp galdy. Bu maglumatlaryň esasynda terbiýe baradaky ylym hem ösýär. Onuň esasy

wezipeleriniň biri adamy terbiýelemek baradaky maglumatlary toplamak we ulgamlaşdyrmak bolup durýar.

Şu güne çenli “pedagogika” ylymmy ýa-da däl ? diýen mesele jedelli meseleleriň biridir. D.I. Mendeleýew ylym barada öz pikirini aýdanda, şeýle diýipdir : “Her bir ylmy nazarýetiň iki sany esasy maksady bardyr – olar öňdengörüjilik we peýdadyr”. Pedagogikada-da bu iki esasy maksat hem bar. Onuň funksiýasy adamlary terbiýelemegiň, okatmagyň we bilim bermegiň kanunlaryny öwrenmek we onuň esasynda pedagogik tejribä bu maksatlara ýetmegiň gowy ýollaryny hödürlemekdir. Nazary maglumatlar pedagoglary, dürli ýaşly adamlary, dürli okuw jaýlarda terbiýelemegiň hünär bilimleri bilen ýaraglandyrýar, olara öz işiniň netijesini bilmegi, ony guramagy we okuw-terbiýeçilik işinde ulanmagy, bahalandyrmagy öwredýär. Okatmagyň, bilim bermegiň we terbiýelemegiň täze tehnologiýalary, usullary pedagogik ylmy-barlaglaryň netijesinde laboratoriýalarda ýüze çykýar. Bu öz gezeginde pedagogikanyň ylymdygyny düşündirýär.

Her bir ylmyň öz predmeti we obýekti bardyr. Pedagogikada özüniň “ömürlik” meselesi bilen meşgullanýandygyna garamazdan, onuň konkret predmeti bardyr : ol okuw-terbiýeçilik edaralarynda geçirilýän terbiýeçilik işlerdir. Onuň obýekti hökmünde okuw-terbiýeçilik edaralarynda terbiýelenýän, okadylýan, bilim berilýän adamlardyr. Bu ýene-de bir gezek pedagogikanyň ylymdygyny kesgitleýär. Ýene-de bir pikiri seljereliň. Ykdysadyýet, syýasat, kosmos, taryh, lukmançylyk, oba hojalygy we ş.m. ylym bolup çykyş edýär. Bu ylymlary ýüze çykaran, ösdüren adam. Pedagogika bolsa ol adamlary şol dereje ýetirip, özi nädip ylym bolmaly dälmiş. Ýokarda seljerilen pikirlere esaslanyp, biz pedagogikanyň ylymdygyny, özüniňem adamzat durmuşynda esasy ylymlaryň biri bolup durýandygyny kesgitledik. Bu ylym özüniň esasy güýjüni jemgyýetde ýüze çykýan terbiýelemek, okatmak we bilim bermek meselelerini operatiw çözmäge gönükdirilendir.

**Pedagogikanyň esasy çeşmeleri :** öz mazmunyny halk pedagogikasynda jemleýän adamzadyň döränden şu güne çenli toplan terbiýe tejribesi; filosofiki, jemgyýeti öwreniş, pedagogiki we psihologiki çeşmeler ; şu günki dünýä we watan terbiýesiniň tejribesi; ýörite ýerine ýetirilen pedagogik barlaglar; pedagog-täzelikçileriň tejribesi.

## 2. Pedagogikanyň ýüze çykyşy we ösüşi

Terbiýe tejribesi öz kökleri bilen adamzadyň emele gelen döwürlerine ýetýär. Ol ilkinji adamlar bilen ýüze çykdy. Çagalary hiç hili pedagogikasyz terbiýeläpdir, onuň barlygyndanam habarsyz bolupdyrlar. Terbiýe barada ylym geometriýa, astronomiýa, fizika we başga ylymlar bilen bir deň ýüze çykýar. Ilkinji jemlemeler, tejribe esaslanmalar, durmuş tejribesi nazarýet diýip hasaplanmaýar. Olar onuň diňe başlangyjydyr.

Belli bolşy ýaly ähli ylmy ugurlaryň ýüze çykmagynyň sebäbi – durmuşyň talabydyr. Haçanda bilim bermek adamzadyň durmuşynda belli rol oýnap başlanda, onuň tejribesini jemlemek, ýörite okuw-terbiýeçilik edaralaryny döretmek we olarda terbiýeçilik işleri geçirmek talaby ýüze çykdy. Jemgyýetiň ösüşi onda ýola goýlan okuw-terbiýeçilik işiniň netijesi bilen bagly boldy.

Hytaý, Hindistan, Müsür, Gresiýa ýaly ösen gadymy döwletlerde ilkinjiler hatarynda terbiýäniň tejribesini jemlemek, onuň nazarýetini ösdürmek barada alada edildi. Şol döwürde tebigat, adam, jemgyýet baradaky bilimler filosofiýada (pelsepede) jemlenýärdi; onuň mazmunynda-da ilkinji pedagogik jemlemeler edildi.

Merkezi Aziýa döwletlerinde gadymy döwürden terbiýäniň esasy bolup “Awesta” kitaby çykyş edýär. Ondan soň, yslam dininiň ýüze çykmagy bilen musulman mekdepleri (“mekdep” we “medrese”) döredi. Olarda Gurhany Kerimiň mazmuny bilen bir hatarda “Şerigatyň”, “Hadysyň” kada-kanunlary, astronomiýa, tebigat, himiýa, matematika, pelsepe, logika (mantyk) ylymlary öwrenildi.

Merkezi Aziýada (Gündogarda) bilimiň, ylmyň ösüşine uly täsir edenler gündogaryň beýik danalarydyr. Olar, Abu Seýit Mänewi (Mäne baba), Al Horezmi, Abu Nasyr Farabi, Abu Reýhan Biruni, ibn Sina, Omar Haýyam, Keý Kowus, Ýunus Emre, Jelaletdin Rumy we başgalardyr.

Türkmenistanda XVII-XIX asyrlar aralygynda öz döredijiliginde terbiýelemegiň baý mazmuny jemlän Döwletmämmet Azady, Magtymguly Pyragy,

Garajaoglan, Mahmyt Gaýyby, Andalyp, Zelili, Seýdi, Kätibi, Mollanepes, Mätäji öňe çykdy.

XIX asyryň ahyryndan XX asyryň 90-njy ýyllar aralygynda Türkmenistanda bilim ulgamy Russiýanyň (Ýewropanyň) modeli boýunça ösdi.

Ýewropa terbiýe ulgamynyň esasy bolup, gadymy Gresiýa filosofiýasy çykyş etdi. Onuň görnükli wekilleri Demokrit (460-370 ýý. b.e.ç.); Sokrat (469-399 ýý.b.e.ç); Platon (427-343 ýý. b.e.ç.); Aristotel (384-322 ýý. b.e.ç.). Demokritiň ýazan 70-den golaý eserleri şol döwürde ýüze çykan bilimleri özünde jemleýärdi. Olaryň arasynda terbiýe meseleside öz ornuny tapypdy. Terbiýelemekde we okatmakda mysalyň, zähmetiň orny, tebigata uýgunlylyk pikiri ol işlerde öz beýanyny tapdy.

**Sokrat** özüniň işlerinde dünýäni öwrenmezden öň adam özüni öwrenmelidir diýip belleýär. Onuň goýlan soraglara ugrukdyryjy soraglaryň üsti bilen jogap gözlemek usuly “Sokrat söhbetdeşligi” usuly ady bilen belli. Belki Sokrat test (soragnamanyň) ýüze çykmagynyň sebäpkäri bolaýmagyda mümkin.

**Platon** “Feron”, “Pir” (“Toý”), “Sokradyň Apologiýasy”, “Fedr”, “Döwlet”, “Kanunlar” ýaly işleriň awtorydyr. Onuň işleriniň esasy mazmuny ideal döwlet gurmaga bagyşlanypdyr. Olaryň mazmunynda biz çaga ýaş aýratynlyklaryny, her çaga öz ýaş döwri üçin niýetlenen mekdepleriň görnüşlerini hödürlemek pikirlerine duş gelýäs. (Olaryň doly beýanyny biz pedagogikanyň taryhynda beýan ederis).

**Aristotel** “Etika”, “Politika” (“Syýasat”), “Ritorika”, “Haýwanlaryň ýüze çykyşy”, “Fizika”, “Metafizika”, “Poetika” (“Şygyrýet”) ýaly eserleriň awtordydyr. Öz işlerinde pelsepäni ösdürmek bilen bir hatarda terbiýäniň beden, ahlak, akyl ýaly görnüşlerini seljeripdir. Umuman onuň işlerinde öz döwrüniň terbiýesiniň ähli taraplary şöhlelendirilipdir.

Grek we rim pedagogik pikiriniň ösüşiniň netijesi hökmünde Gadymy Rimiň pelsepeçisi we pedagogy Mark Fabiý Kwintilianyň (35-96 ýý.b.e.) “Oratory taýyarlamak” işi çykyş edýär. M. F. Kwintilianyň bu işi gadymy grek pelsepeleriniň işleri bilen bir hatarda köp wagtyň dowamynda pedagogikadan esasy kitap bolup durdy.

Adamlaryň ruhy we bedeni ösüşinde uly orun tutýan halk pedagogikasy ähli döwürlerde öz ornuny ýitirmedi. Halk tarapyndan döredilen bu gymmat bahaly terbiýe ulgamy şu günler hem terbiýäniň özenidir. Ertekiler, matallar, nakyllar, oýunlar, çagalara at goýmak, daragt ekmek  ýaly däpler asyrlar boýy dowam edip gelýär. Türkmenlerde çaga bir iş görkezmese oňa at dakylmandyr. Gadymy Gresiýada bir daragt ekip, ony kemala getiren adam ýigit hasaplanypdyr. Bu däbiň netijesinde şäherler, döwletler gür baglyga öwrülipdir.

Halk pedagogikasynyň esasy çeşmeleriniň  biri  türkmen halk dessanlarydyr.

Ýewropada orta asyrlarda din jemgyýetiň ösüşinde esasy orun tutdy. 12 asyryň dowamynda Ýewropada höküm sürüp bilimiň, terbiýäniň özeni boldy. Ol döwürde sholastiki bilim esasy orun tutdy. Ýöne dini, halka ýaradýan adamlaryň arasynda : Tertullian (160-222), Awgustin (354-430), Akwinat (1225-1274) ýaly öz döwrüniň sowatly adamlary bolandygyna  garamazdan  pedagogik nazarýet ösmedi.

Gaýtadan döreýiş eýýamynda golland Erazm Rotterdamskiý (1466-1536), italýan Witronino de Feltre (1378-1446), iňlis Tomas Moor (1478-1535), fransuz Fransua Rable (1494-1553), we Mişel Monten (1533-1592) ýaly ynsanperwer-pelsepesi-pedagoglaryň ýüze çykmagy bilen bilim ulgamynda özgertmelere getirdi.

XVII asyra çenli pedagogika filosofiýanyň (pelsepäniň) düzüminde boldy. Diňe XVII asyrda pedagogika aýratyn ylym hökmünde filosofiýadan aýryldy, ýöne şu güne çenli onuň bilen berk arabaglanyşykda ösüp gelýär. Bu iki ylmyň biri-biri bilen arasynyň ýakynlygynyň esasy sebäbi, olaryň adam, onuň durmuşy we ösüşi bilen baglylygydyr.

Pedagogikanyň filosofiýadan aýrylyp, aýratyn ylym bolmagy çeh pedagogy Ýa.A. Komenskiniň (1592-1670) ady bilen baglydyr. Onuň 1654-nji ýylda Amsterdamda çapdan çykan “Beýik didaktika” kitaby ilkinji ylmy-pedagogik çeşmedir. Bu kitapda öz beýanyny tapan pikirler şu günler hem öz wajyplygyny, ylmy baýlygyny ýitirmän gelýär. Ýa.A. Komenskiý tarapyndan hödürlenen okatmagyň ýörelgeleri, usullary, görnüşleri, synp-sapak ulgamy, pedagogikanyň esasy nazarýeti boldy.

Iňlis filosofy we pedagogy Džon Lokk (1632-1704) Ýa.A. Komenskiden aýratapawutlylykda öz güýjüni terbiýe nazaryetini ösdürmäge gönükdirdi. Özüniň “Terbiýe barada pikirler” diýen eserinde ol džentelmeni terbiýelemek meselesini çözmäge bagyşlady. Džentelmen – bu özüne ynamly, özüniň bilim derejesini işjeňligi bilen baglaşdyryp bilýän, özüni dogry alyp barýan ahlak sypatly adam.

Pedagogika ylmynda ýüze çykan sholastika ýaly nädogry pikirlere garşy söweşi XVIII asyr fransuz materialistleri we pedagoglary D.Didro (1713-1784), K. Gelwesiý (1715-1771), P. Golbah (1723-1789) esasanam Ž.Ž. Russo alyp bardy. Russo terbiýelemekde biz köp boş gürrüňler edýäs, olara derek köpräk hereketler, zatlar ulanmaly – diýip belleýär. Bu döwürde özüniň öňdebaryjy pikirleri bilen şweýsar pedagogy I.G. Pestolossi (1746-1827), nemes pelsepeçisi I.F. Gerbart (1776-1841), nemes pedagogy F.A.W. Disterweg belli boldy.

Dünýä ady belli rus pedagoglary L.N. Tolstoý (1828-1910), N.I. Pirogow (1810-1881) halkyň tarapdarlary bolup çykyş edip, halk magaryfyny ösdürmäge uly goşant goşdular.

Rus pedagogikasynyň abraýyny dünýä ýaýan K.D. Uşinskiý (1824-1874). Onuň işiniň usulyýet esasy bolup aýdan bir pikiri çykyş edýär. “Eger-de pedagogika adamy hemmetaraplaýyn terbiýelejek bolsa, onda ol ony hemmetaraplaýyn öwrenmelidir”.

XIX asyryň ahyryndan – XX asyryň başlaryndan başlap, ABŞ-da pedagogik meseleler hemmetaraplaýyn güýçli öwrenilip başlaýar. Olaryň bu işi uly netijeleri berdi. Adamy terbiýelemegiň umumy ýörelgeleri, kanunalaýyklyklary işlenildi we durmuşa ornaşdyryldy. Bu täzelikler her adamyň bilim almakda öňünde goýýan maksatlaryna çalt we netijeli, üstünlikli ýetmäga mümkinçilik berdi.

Görnükli Amerikan pedagoglary Džon Duýi (1859-1952) we Edward Trondaýk (1874-1949) pedagogik pikiriň ösmegine uly goşant goşdular.

XX asyryň 20-nji ýyllarynda rus pedagogikasy täze jemgyýetde adam terbiýesi meselesine ünsi ýokarlandyrdy. Täze pedagogikanyň ösmeginde S.T. Şaskiý (1878-1934), P.P.Blonskiý (1884-1941), A.P. Pinkewiç (1884-1939) uly rol oýnadylar. Eger S.T. Şaskiý ilkinji ylmy barlag edarasyna ýolbaşçylyk eden bolsa, P.P. Blonskiý bilen A.P. Pinkewiç ilkinji “Pedagogika” kitaplarynyň awtorydyr.

XX asyrda sowet pedagogikasynyň ösüşine uly goşant goşan, onuň abraýyny göteren A.S. Makarenko (1888-1939), W.A. Suhomlinskiýdir. A.S. Makarenko ilkinji bolup çagalar toparynyň ösüşini, onuň gurluşynyň ýörelgelerini, çagalary maşgalada terbiýelemek ýaly meseleleri çözdi. W.A. Suhomlinskiý ýaşlary döwrebap terbiýelemek, mekdebi dolandyrmak meselelerini beýan etdi.

Ýokarda ady agzalan filosof-pedagoglaryň pikirleri häli bu gün özüniň täsirini, güýjüni ýitirmän, şu günki pedagogikanyň ösüşine täsir edýärler.

## Pedagogika ylmynyň ulgamlary

Pedagogika – giň, çylşyrymly ylymdyr. Özüniň ösüş döwründe toplan maglumatlarynyň netijesinde ol öz ulgamyny döretdi. Her ulgamyň özüniň obýekti, predmeti bar.

1. Pedagogikanyň esasy **filosofiýadyr.** Filosofiýanyň ýörite terbiýe we bilim bilen meşgullanýan bölümi bar, oňa **terbiýe filosofiýasy** diýilýär. Bu ugur terbiýe meselesiniň dürli filosofiki akymlardaky orny öwrenýär. Iňlis pelsepeçisi (filosofy) A. Brentin aýtmagyna göräterbiýe filosofiýasy – terbiýelemegiň we okatmagyň ýörelgelerini, usullaryny kesgitleýär.
2. **Pedagogikanyň taryhy** – terbiýäniň ýüze çykyşyny, onuň ösüşinde esasy rol oýnan pedagoglaryň işini beýan edýär. Pedagogikanyň bu ulgamy taryhylyk ýörelgesine daýanyp : “könä düşünip – täze durmuşa seredýäs” diýen ýol bilen ösýär. Pedagogikanyň taryhyny öwrenmek bize diňe geçen döwürlerden maglumat bermän, öň goýberilen ýalňyşlyklary mundan beýläk gaýtalamazlygy öwredýär.
3. **Umumy pedagogika** – bu ders dürli okuw jaýlarynda, adamy terbiýelemegiň, okuw-terbiýeçilik işleriniň umumy kanunalaýyklyklaryny öwrenýär. Umumy pedagogika dört esasy bölümden ybaratdyr. 1. Pedagogikanyň umumy esaslary; 2. Didaktika (okatmak nazaryýeti); 3. Terbiýe nazaryýeti; 4. Mekdebi dolandyrmak.
4. **Mekdebe çenli pedagogika** – mekdebe çenli çagalar terbiýelenýän edaralaryň işini mazmunyny beýan edýär.

5. **Mekdep pedagogikasy** – mekdeplerde alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik işleriniň mazmuny beýan edýär.
6. **Ýokary mekdep pedagogikasy** – onuň predmeti ýokary okuw jaýlarynyň okuw terbiýeçilik işleriniň kanunalaýyklyklaryny we ýokary bilim almak meselesini çözmekden ybarat.
7. **Harby pedagogikasy** – esgerler bilen, harby işgärler bilen, harby orta we ýokary okuw jaýlarynda alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik meselelerini beýan edýär.
8. **Lukmançylyk (medisina) pedagogikasy** – bu ýokary lukmançylyk (medisina) okuw jaýlarynyň talyplary bilen alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik işleriň geçirilişi baradaky dersdir.
9. **Önümçilik pedagogikasy** – her bir hünär bilen baglanyşykly orta we ýokary okuw jaýlarynda bolşy ýaly halk hojalyk, oba hojalyk, politehniki okuw jaýlarynyň okuw-terbiýeçilik işiniň meselelerini çözmäge gönükdirilen ders. Wagtyň durmuşyň talaby indi her bir ýokary okuw jaýlarynda öz hünäri bilen berk baglanyşykly pedagogika derslerini okatmagy talap edýär.
10. **Halk pedagogikasy** – her milletiň gadymdan gelýän milli däp-dessurlaryny, oýunlaryny, aýdymlaryny, nakyllaryny, matallaryny özünde jemläp, ösüp gelýän ýaş nesli döwrebap terbiýelemäge gönükdirilen dersdir. Onuň ylymda ady “etnopedagogikadyr”. Bu ylmy adalgany öňe süren rus pedagogy G.N. Wolkowdyr.
11. **Sosial pedagogikasy (jemgyýet pedagogikasy)** – bu dersiň esasy mazmuny jemgyýet bilen okuw-terbiýeçilik edaralarynyň işiniň arabaglanyşygyny beýan etmekden ybaratdyr.
12. **Deňeşdirme pedagogikasy** – dünýäniň dürli döwletleriniň bilim ulgamlaryny deňeşdirip, olaryň okuw-terbiýeçilik işleriniň arabaşgalygyny, birligini öwredýän dersdir.
13. **Ýörite pedagogika** – bu ders öz gezeginde **surdopedagogika** lal we ker çagalar bilen; **tiflopedagogika** – kör çagalar bilen; **oligofrenopedagogika** – akyl taýdan şikesli çagalar bilen; **logopediýa** – dil kemçilikleri (sözlüginde kemçiligi) bar bolan çagalar bilen okuw-terbiýeçilik işlerini geçirýän dersler toparydyr.

14. **Ekologik pedagogikasy –** daş-töweregi, tebigaty goramak meseleleri we adam ekologiýasy (adamyň içki we daşky arassalygyny) terbiýelemek meseleleri bilen meşgullanýan şu günler ösüp gelýän dersdir.
15. Pedagogika ylmynyň ulgamynyň aýratyn bir bölegi bolup **hususy dersleriň usuly** çykyş edýär. Olaryň wezipesi ähli okuw-terbiýeçilik edaralarynda konkret dersleriň okadylyşynyň we özleşdirilişiniň kanunalaýyklyklaryny öwrenmekdir.
16. Şu günler pedagogika ylmynyň ösüşi netijesinde onuň ulgamy-da giňelýär : mysal üçin – **prenetal pedagogikasy** – çagany enesiniň göwresindäkä terbiýelemek; **penitensiar pedagogikasy** – gaýtadan terbiýelemek meseleleri bilen meşgullanýan dersler, şol bir wagtyň özünde **teleýnama** pedagogikasy-da ösüş ýolunda`

## Pedagogikanyň ylmy barlag usullary

Her bir dersi öwrenýän adamda berlen maglumatlaryň dogrylygy, takyklygy, nirden alnanlygy barada sorag ýüze çykmagy mümkin. Pedagogikany öwrenýänlerde-de edil şeýle soraglar ýüze çykýar. Şonuň üçin berilýän maglumatlaryň nirden ?, nähili ? alynýandygyny öwrenmän, düşündirmän dersiň maglumatlaryny öwrenmek mümkin däl. Maglumatlaryň ylmy alnyş, öwreniliş ýollaryna barlag usullary diýilýär. Ylmy barlag usullaryň kömegi bilen her bir ylym öz öwrenýän predmeti barada gerek maglumaty alýar, ony seljerýär, gerek derejesinde täzeden işleýär we öz bilimler ulgamyna goşýar. Ylmyň ösüşiniň tizligi onda ulanylýan ylmy barlag usullara baglydyr. Öwrenilýän hadysalaryň we prosesleriň mazmunyna doly düşünmek, olar barada dogry ylmy netije çykarmaga mümkinçilik berýär. Pedagogik ýagdaýlaryň öwrenilişiniň metodologik esasy – öwrenmegiň nazaryýetidir (gnosiologiýa). Bu nazaryýet ylmy öwrenmegiň umumy nazaryýeti bolup, umumy häsiýetli gönükdiriji funksiýany ýerine ýetirýär.

Ylmy barlag usullary öwrenilýän obýektler bilen hemişe berk baglanyşyklydyr. Öwrenilýän predmet barada alynýan habar onuň mazmunyna deň gelmelidir. Bu diýildigi, her bir ylym özüniň öwrenýän hadysalary bilen bagly bolup, özüniň hususy ylmy barlag usullaryny işläp düzmeli we ulanmaly.

Terbiýe baradaky hadysalary öwrenýän ylmy barlag usullarynyň nähili aýratynlyklary bolmaly ?

Pedagogik işiň amala aşyrylyşynyň birmeňzeş dälligidir. Okatmagyň, bilim bermegiň, terbiýelemegiň, ösüşiň netijelerine bir wagtyň özünde örän köp täsiriň bolmagy. Eger-de biz ol täsirleriň bir ýa-da ikisini üýtgetsek, onda okatmagyň, bilim bermegiň, terbiýelemegiň, ösüşiň netijesi derrew üýtgär.

Pedagogik hadysalar özüniň gaýtalanmaýanlygy bilen häsiýetlenýärler. Tebigat ylymlary (fizika, himiýa, matematika) öwrenilende ylmy öwreniji şol bir eksperimenti, şol bir enjamlary ulanyp, şol bir ýagdaýlarda birnäçe gezek gaýtalap biler. Onuň netijesinde ol bir jemlemä gelýär. Pedagogikany öwreniji barlagçylar onuň ýaly mümkinçiliklerden mahrum. Ylmy barlagy ikinji gezek geçirende ol eýýäm başga faktlar, başga ýagdaýlar, başga obýektler bilen işlemeli bolýar. Sebäbi olar adamlar bilen (janly organizmler bilen) iş salyşýarlar. Öňki geçirilen barlag bilen soňky barlagyň netijeleri deň gelmeýär. Şol sebäpli-de pedagogika ylmynda, onuň nähili taýýarlanyp geçirilendigine garamazdan “arassa” eksperimenti geçirmek mümkin däl. Bu ýagdaýlary göz öňünde tutup, pedagoglar öz netijelerini, olaryň otnositelligine düşünip, jemleýärler.

Pedagogik ylmynda geçirilýän ylmy barlaglara gundakdaky çagalardan başlap, dürli ýaşly adamlaryň gatnaşýandygyny bellemeli. Şonuň üçinde pedagogik ylmy-barlaglar geçirilende olar adamyň saglygyna, ösüşine birjikde zyýan ýetirmez ýaly meýilnamalaşdyrylmaly, guralmaly we geçirilmeli. Mumkin boldugyndan olar okuw-terbiýeçilik işini kämilleşdirmäge kömek etmeli. Adamyň ahlak keşbine, etiki hormatlaryna garşy gelýän eksperimentleri ulanmak gadagan.

Pedagogik işiň üýtgeýjiligini göz öňünde tutup, ol barada dogry maglumat almak üçin mümkin boldugyndan **syn etmegi** köp ulanmaly. Onuň netijesinde öňki geçirilen barlaglarda ýüze çykan kemçilikleri düzedip bolar. Pedagogika ylmynda, jemgyýetçilik ylymlarynda bolşy ýaly netijeler ortaça jemlenen görnüşinde formulirlenýärler.

Islendik bir pedagogik ylmy barlagyň soňky maksady öwrenilýän obýektiň ***kanunalaýyklyklaryny*** ýüze çykarmakdan ybarat.

**Kanunalaýyklyk** – bu esasy ylmy pedagogik düşünjedir. Onuň esasy mazmuny hadysalaryň arasyndaky berk, hemişelik arabaglanyşykdyr. Şu günler alymlar "kanunalaýyklyk" we "kanun" diýen umuman manydaş düşünjeleriň aratapawudyny düşündirjek bolup synanyşýarlar.

Şu güne çenli hadysalaryň arasyndaky hökmany, hemişelik arabaglanyşyk doly öwrenilmedi. Käbir wagt "**kanunalaýyklyk**" soňuna çenli öwrenilmedik, hereket edýän çäkleri we görnüşleri näbelli **kanun** hem diýilýär. Köp babatlarda kanunalaýyklyk diýlen duşünje köpçülik bilen bolup geçýän hadysalaryň baglanyşyklaryny düşündirmek üçin ulanylýar. Hadysalaryň obýektiw ýagdaýlaryň ornuny bellemek üçinde bu düşunjeden peýdalanýarlar. Edil şu manyda-da bu düşunje pedagogikada ulanylýar.

**Kanun** – bu berk kesgitlenen kanunalaýyklykdyr. Pelsepeçileriň aýtmagyna görä kanun bu hadysalaryň, ulgamlaryň içki hemişelik, hökmany arabaglanyşygydyr.

Adamzat kanunalaýyklyklara we kanunlara daýanyp az mukdardaky maglumatlar bilen oňup biler, ýöne bu maglumatlar öz hili boýunça ýokary bolýarlar.

Dünýäde bolup geçýän hadysalara göz ýetirmek üçin onuň kanunalaýyklaryny we kanunlaryny özleşdirmeli. Kanuny bilmek – diýmek onuň täsirine düşunmek diýmekdir. Kanuny düşündirmek nämä üçin bu hadysa beýle, ol nähili, ýa-da ol nämä üçin başga hili bolup bilmeýär. Umuman onuň özi nämä ? diýlen soraglara jogap bermekdir. Kanuny aýyryp bolmaz, ony diňe özüňe gerek bolan ýagdaýlarda dogry ulanyp bolar.

Ylmy kanunlar özüniň täsir edýän hadysalaryna görä toparlara bölünýärler. Birinji topara ***konkret, spesifiki*** kanunlar girýärler. Olaryň täsiri gysga. Ikinji topara ***umumy kanunlar*** girýärler. Olaryň täsiriniň göwrümi uly, olar birnäçe hadysalaryň arabaglanyşygyny öz içine alýarlar. Üçünji topary material dünýäniň ***ähliumumy kanunlary*** düzýär. Olar ähli hadysalaryň arabaglanyşygyna täsir edýärler.

Kanunlar ýene-de birnäçe başga täsirler boýunça toparlara bölünýärler. Mysal üçin, wagt bilen, giňişlik bilen baglanyşykly ***dinamiki*** we ***statiki*** kanunlar.

***Funksional***, ***ehtiýanlylyk*** we ***statistiki*** arabaglanyşygy beýan edýän kanunlar. ***Hil*** we ***mukdar*** kanunlary.

## Adaty pedagogik usullar

Adaty pedagogik usullar bize pedagogik ylmyň ösüş ýolunyň başynda duran alymlardan miras galan usullardyr. Bu usullary Platon we Kwintilian, Komenskiý we Pestolossi ulanypdyrlar, olar şu günler hem ulanylýarlar. Adaty usullar toparyna : *syn etmek; tejribäni öwrenmek; çeşmeleri öwrenmek; mekdep resminamalaryny seljermek; okuwçylaryň döredijilik işleriniň netijelerini öwrenmek, söhbetdeşlik* degişlidir.

**Syn etmek** – pedagogik tejribäni öwrenmegiň elýeter we ýaýran usulydyr. Öwrenilýän obýekti, ýagdaýy, hadysany tebigy ýagdaýlarda kabul etmek üçin ýörite gurnalan işe ylmy syn etmek diýilýär. Ylmy syn etmek gündelik syn etmekden aratapawutlanýar. Olaryň esasy aýratynlyklary : 1. Syn etmegiň obýekti, wezipeleri, ýörite shemalary işlenilip düzülýär. 2. Netijeleri hökmany suratda bellige alynýar. 3. Toplanan maglumatlar ýörite işlenilýär. Syn etmegiň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin ol uzak wagtlaýyn ulgamly, dürli taraplaýyn, köpçülikleýin we obýektiw bolmalydyr. Bu usulyň wajyplygyna, köp ýaýranlygyna, elýeterligini belläp, onuň kemçiliklerini-de bellemeli. Bu usul öwrenilýän pedagogik hadysanyň içki tarapyny açmaga mümkinçilik bermeýär. Bu usul bilen öwrenilýän hadysa barada doly we dogry maglumat alyp bolmaýar. Şonuň üçin bu usul ylmy barlagyň başynda başga usullar bilen birlikde ulanylýar.

**Tejribäni öwrenmek** – bu gadymdan ulanylýan usullaryň biridir. Tejribäni öwrenmek giň manyda okuw-terbiýeçilik ulgamlarynyň umumylygyny, terbiýäni taryhy aragatnaşygyny öwrenmek üçin gurnalan öwrenijilik işdir. Onuň kömegi

bilen konkret meseleleriň çözgütleri seljerilýär, olary täze taryhy şertlerde ulanmagyň maksadalaýyklygy çözülýär.

Käbir ýagdaýlarda bu usula taryhy usul hem diýilýär. Bu usul ***esasy çeşmeler*** ýa-da ***arhiw*** usuly bilen-de berk arabaglanyşykly. Gadymy ýazuw ýadygärlikleri, kanunçylyk aktlary, proýektler, hasabatlar, nutuklar (dokladlar), kararlar, gurultaýlaryň we maslahatlaryň maglumatlary hemmetaraplaýyn seljerilýär. Şol bir hatarda öwrenilýän meseläniň manysyna doly düşünmek, onuň gelip çykyşyny, ösüşiniň yzygiderligini, öwrenmek üçin okuw meýilnamalary, maksatnamalary, ustawlary, okuw kitaplary, sapaklaryň rejesi, terbiýeçilik işleriň ýazgylary, umuman ähli maglumatlar öwrenilýär.

Tejribäni öwreniş usulyna häzirki wagt gysga manyda ***öňdebaryjy tejribäni öwreniş*** diýlip aýdylýar. Bu belli bir pedagogik toparyň ýa-da aýratyn bir mugallymyň işini öwrenmegi öz içine alýar. Mysal üçin Donesk şäheriniň mugallymy W.F. Şatalowyň, gruzin pedagogy Ş. Amanaşwiliniň pedagogik tejribelerini görkezse bolar. Öňdebaryjy tejribäni öwrenende okatmakda we terbiýelemekde ýokary netije gazanylýan ýollary açmaga çalyşmaly.

Ylmy pedagogik barlaglar okuw-terbiýeçilik işini häsiýetlendirýän ***mekdep resminamalary seljerilmän*** geçirilmeýär. Bu usulyň esasy çeşmeleri – synp žurnallary, ýygnaklaryň, maslahatlaryň beýanlary, kitaplary, okuw sapaklarynyň rejesi, içki mekdep düzgünnamalary, mugallymlaryň kalendar we sapak meýilnamalary, konspektler, sapaklaryň ýazgylarydyr. Bu resminamalarda öwrenilýän mesele barada dürli maglumatlar bardyr. Olar öwrenilýän işiň dogry ýola goýluşyna kömek edýärler. Bu usul beýleki usullar bilen hökman baglanyşdyrylyp ulanylýar.

**Okuwçylaryň döredijilik işleriniň netijelerini öwrenmek.** Okuwçylaryň öý işleri, synp işleri ýerine ýetirişi, olaryň ýazan barlag işleri, düzmeleri, çeken suratlary, ýerine ýetiren tehniki şekilleri özünde köp maglumatlary saklaýar. Mundan başga-da okuwçylaryň boş wagty ýerine ýetirýän işlerini, gyzyklanmalaryny öwrenmek hem wajyp. Bu usulyň üsti bilen okuwçylaryň şahsy aýratynlyklaryny, öz içine we borjuna garaýyşlaryny, işjeňligini, tertipliligini we başga taraplaryny öwrenip bolar.

Bu usulyda ähli usullar ýaly dogry, hemmetaraplaýyn meýilnamalaşdyrylmaly, dogry ulanmaly, syn etmek we söhbetdeşlik usullary bilen arabaglanyşykda ulanmaly.

Adaty ylmy-barlag usullaryň biri-de ***söhbetdeşlikdir.*** Söhbetdeşlikde adamyň garaýyşlary, duýgusy, baha berişi, pozisiýasy ýüze çykýar. Başga usullar bilen alyp bolmadyk maglumatlary ylmy öwrenijiler söhbetdeşlik usulynyň üsti bilen alýarlar. Pedagogik söhbetdeşlik usul hökmünde ylmy öwrenijiniň söhbetdeşiniň içki dünýäsine maksada gönükdirilenlikli aralaşmak synanyşygyny, onuň edýän hereketiniň sebäplerini ýüze çykarmak usuly hökmünde beýlekilerden aratapawutlanýar. Söhbetdeşligiň kömegi bilen öwrenilýän adamyň ahlak, dünýägaraýyş, syýasy we başga garaýyşlary, olaryň ylmy işini öwrenýänleriň meselelerine garaýşlary ýüze çykarylýar. Ýöne söhbetdeşlik örän çylşyrymly usuldyr, onuň netijelerine doly daýanyp bolmaýar. Şonuň üçin ol başga usullaryň netijelerini takyklamak, düşündirmek maksady bilen kömekçi usul hökmünde ulanylýar.

Bu usulyň netijesini ýokarlandyrmak we olara daýanmak mümkinçiliklerini artdyrmak maksady bilen ýörite maslahatlar :

- usul ulananda, hökmany suratda kadaly, dogry, pikirlenip düzülen söhbetdeşiň aýrybaşga taraplaryny öz içine alýan meýilnama düzmeli;
- ylmy barlag geçirilende öwrenilýän mesele barada goýulan soraglar köptaraply, arabaglanyşykly bolmaly ;
- goýulan soraglar, olaryň mazmuny söhbetdeş üçin oňaýly görnüşde bolmaly;
- sorag-jogap geçirende ugurtapyjylyk, ýagdaýdan peýdalanmak endiklerini ulanmaly.

Söhbetdeşlik usulyny öwrenmek üçin köp zatlary okamaly.

Söhbetdeşligiň gidişi söhbetdeşiň razylygy bilen ýazylyp bilner. Ýöne häzirki zaman tehniki serişdeleri söhbetdeşligi bildirmän ýazga geçirmägä mümkinçilik berýärler.

Söhbetdeşligiň görnüşleriniň biri-de ***interwiýudyr***. Bu usul pedagogika sosiologiýadan geçirilen. Bu usul az ulanylýar we köp ylmy öwrenijiler tarapyndan

peýdalanylmaýar. Interwiýu geçirilende ylmy öwreniji ýörite taýyarlanan yzygiderlikde ýerleşdirilen soraglardan peýdalanýar.

Soraglara jogaplar öňünden taýyarlanylýar. Öňunden taýýarlanan jogaplar bolsa hemişe dogry bolmaýar. Köneleriň bir aýdan sözi bar : “Dil adamlara diňe öz pikirini aýtmak üçin berlen däldir. Ol şol bir wagtyň özünde pikirleri üstünlikli ýaşyrmaga niýetlenendir”.

## Pedagogik eksperiment

Eksperiment sözi latyn sözi bolup “tejribe” we “barlag” diýen manyny berýär. Pedagogik prosesi üýtgedýän, dogry we doly hasaba alnan ýagdaýlarda goýlan ylmy tejribä - pedagogik eksperiment diýilýär. Beýleki usullar bar bolan ýagdaýlary hasaba alýan bolsa eksperiment üýtgediji häsiýetlidir. Onuň üsti bilen täze usullar, görnüşler, okuw-terbiýeçilik işiniň ulgamlary tejribä ornaşdyrylýar.

Pedagogik eksperiment okuwçylaryň bir toparyny, synpy, mekdebi ýa-da birnäçe mekdepleri gurşap alyp bilýär. Uly regional eksperimenlerde geçirilýär. Ylmy barlaglar özüniň temasyna we maksadyna laýyklykda uzak döwürleýin we gysga wagtlyk bolup biler.

Pedagogik eksperiment esasylyk işçi çaklamany, öwrenilýän soragyň doly işlenilmegini, hemmetaraplaýyn seljerilen eksperimenti geçirmäge niýetlenen meýilnamany, netijeleriň doly bellige alynmagyny, olaryň hemmetaraplaýyn seljerilmegini, jemleýji netijeleriň kesgitlenilmegini talap edýär.

Pedagoglaryň geçirýän eksperimentleri köpdürli. Olary gönükdirilenligi, öwrenilýän obýekti, geçirilýän ýeri we wagty boýunça toparlara bölýärler.

Eksperimentiň maksadyna laýyklykda olar : 1. **Başlangyç ýa-da öwreniji eksperiment** . Onuň maksady esasy pedagogik hadysalary öwrenmek. 2. **Barlaýjy, biliji** eksperiment. Ol öňe sürülen çaklamany barlaýar. 3. **Üýtgediji, emele getiriji** eksperiment. Onuň esasynda täze pedagogik hadysalar gurulýar.

Köp babatda ady agzalan eksperimentler yzygiderlikde ulanylýar.

Geçirilýän ýerine laýyklykda **tebigy** we **laborator eksperimentler** aratapawutlanýar. Tebigy eksperiment okuw-terbiýeçilik işine şikes ýetirmän öňe

sürülen çaklamany barlamak üçin gurnalan tejribedir. Bu eksperimentiň diňe täze geçiriljek hadysalaryň real hereket edýän okuw-terbiýeçilik şertlerinde mümkinligi we oňa şikes ýetirmejekligi belli edilenden soň saýlanýar we ulanylyşa geçirilýär. Tebigy eksperimentiň obýekti bolup, okuw meýilnamalary, maksatnamalary, okuw kitaplary we okuw gollanmalary, okatmagyň tärleri we usullary, okuw-terbiýeçilik işiniň görnüşleri çykyş edýärler. Tebigy eksperiment parallel we çatryklaýyn görnüşde amala aşyrylýar.




Eger-de aýratyn bir hususy meseläni çözmek üçin ýa-da wajyp maglumatlary almak üçin barlanýanlara aýratyn gözegçilik etmek ýa-da ýörite enjam gerek bolan ýagdaýlarynda eksperiment ýörite abzallaşdyrylan, ýörite barlaglar üçin şert döredilen ýerinde geçirilýär. Bu eksperimente laborator eksperimenti diýilýär. Pedagogik barlaglarda eksperimentiň bu görnüşi köp ulanylmaýar. Elbetde, tebigy eksperimentiň netijeleri gymmatly, sebäbi ol real ýagdaýlarda geçirilýär. Tebigy eksperimentiň netijelerini takyk barlamak maksady bilen ony ýörite döredilen daşky täsirler ýok ýerinde laboratoriýada geçirýärler.

XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda “Eksperimental pedagogikasy” atly akym ýüze çykdy. Bu akymyň ýüze çykmagyna A. Sikorskiniň (1879) okuwçylaryň diktanlarynda goýberýän ýalňyşlyklaryny, Ebbingauzyň maglumatlary ýatlamak boýunça (1885), Hollyň (1880) okuwçylaryň göz öňüne

getirmelerini öwrenmek boýunça; Bine we Simonyň okuwçylaryň aklynyň ösüşini öwrenmek boýunça; Sternyň, Neçaýewiň, Laýyň okuwçylaryň göz öňüne getimeleriniň görnüşlerini öwrenmek boýunça; Burdonyň, Istiň, Meýmanyň okuwçylaryň ýadyny öwrenmek boýunça geçiren eksperimentleri täsir etdi. Eksperiment geçirijileriň ýerine ýetiren işleriniň köp mukdary pedagogik nazaryýetiň altyn fonduna girdi.

Käbir sebäplere görä XX asyryň 30-njy ýyllarynyň ortasynda pedagogik meseleleriň eksperimental gözlegleri ýatdy. Bu meseleleriniň ulanylyşyna XX asyryň 70-nji ýyllaryndan ýene-de täzeden girişildi.

## Pedagogik soragnama (testirowaniýe)

**“Test”** diýen söz iňlis dilinden terjime edilende mesele, barlag diýen manyny berýär. Pedagogik işiniň häsiýetlerini dogry, hemmetaraplaýyn ölçemek we öwrenmek üçin berk gözegçilik esasynda, maksadagönükdirilen, ähli barlanýanlara birmeňzeş ýumuş tabşyrylyp geçirilýän işe **testirleme (soragnama)** diýilýär. Beýleki ylmy-barlag usullardan testirleme özüniň takyklygy, elýeterligi, ýönekeýligi we awtomatlaşdyrylýanlygy bilen tapawutlanýar.

**Testirleme** – täze usul däl. Ýöne soňky wagtlarda pedagogikada az ulanylýan usuldyr. XIX asyryň 80-nji 90-njy ýyllarynda ylmy gözleýjiler adamlaryň aýrabaşga aratapawudyny öwrenip başladylar. Bu öz gezeginde barlag eksperimentiniň ýüze çykmagyna getirdi. (Test bilen barlamak, öwrenmek A. Dalton, A. Kettel we başgalar). Testleri ulanmaklyk **psihometriko usulynyň** ýüze çykmagyna getirdi. Onuň esasyny goýan psihologlar B. Anri we A. Binedir.

Okuwçylaryň akyl ösüşini, ýetişigini we başga taraplaryny öwrenmekde test ulanmak okuw-terbiýeçilik tejribesiniň esasy aýrylmaz bölegi boldy. Psihologiýa pedagogika ylmyna testi seljerme guraly hökmünde berdi we onuň bilen berk arabaglanyşdy. (Käbir halatlarda psihologik test bilen pedagogik testi aýyl-saýyl etmek kyn bolýar).

Testleriň arassa pedagogik aspektlerine göz gezdirsek, olar **okuwa ýetişiklik testleriniň** ulanylyşydyr. Ondan başga-da **elementar endikler testleri** :

- *okamak, ýazmak, ýönekeý arifmetiki emelleri ýerine ýetirmek;* **bilim derejesini anyklaýyş testler** - *ähli dersler boýunça bilimleriň, endikleriň ele alnyşyny kesgitlemek.* **Jemleýji test** - *onda goýlan soraglaryň sany köp bolup, ol dersiň uly bir bölegi özleşdirenden soň hödürlenýär.*

Testleriň iki görnüşi aratapawutlanýar, olar : - **tizlik** we **güýç** testleri. **Tizlik** testleri boýunça barlanýan ähli goýlan soraglara jogap berip ýetişmeýär. **Güýç** testlerini ýerine ýetirmäge wagt ýetýär.

Tejribede ýumuşlarynyň dürli görnüşleri ulanylýar. Mysal üçin : 1. Goýlan soraglara konkret, gysga jogap talap edýän ýumuşlar. Olar "kim", "nirede", "haçan", "nämä", "nämä üçin", "nähili" diýen sözlerden başlanýar.

2. Goýberilen sözleriň ýerlerini doldurmak ýumuşlary.

3. Jogabyny saýlap almak test ýumuşlary "hawa", "ýok", "bilemok".

4. Jogabyny saýlap almak çylşyrymlaşdyrylan test ýumuşlary.

## Toparda ýüze çykýan hadysalary öwrenmek usullary

Terbiýelemek, bilim bermek, okatmak işleri toparlaýyn häsiýetlidir. Olary öwrenmek üçin ulanylýan usullar ýörite düzülen meýilnama boýunça we toparlary öwrenmek üçin niýetlenen soraglardan ybaratdyr. Bu soraglar söz üsti (interwiýu) ýa-da ýazuw üsti (anketa) görnüşinde bolup bilýärler. Bu ýerde şkalirlemek, sosiometriki usullar we deňeşdirme barlaglar ulanylýar. Bu usullar sosiologiýa (jemgyýeti öwreniş) ylymyndan pedagogika geçenden soň, olara sosiologiki usullar hem diýilýär.

**Anketirlemek** - ýörite düzülen soragnama bolup (anketa) onuň kömegi bilen toparlaýyn maglumat toplanýan usuldyr.

Anketa usuly ulanylanda goýlan soraglara adamlar dogry jogap berýändir diýlen çaklama esaslanylýar. Ýöne, soňky barlaglaryň netijesinde anketa usuly bilen sorag edilenleriň diňe ýarysynyň dogry jogap berýänligi anyklanyldy. Bu öz gezeginde bu usulyň abraýyny gaçyrdy.

Pedagoglary bu usul, okuwçylary, mugallymlary, ata-eneleri soragnama etmegi bilen, arzanlygy bilen we toplanan maglumatlary awtomatiki işläp bolýanlygy bilen özüne çekdi.

Şu günler pedagogik prosesde **açyk** – jogabyny özbaşdak bermek we **ýapyk** – okuwçylar goýlan jogaplaryň birini saýlamak; **adamyň ady bilen** – barlaýanyň ady goýulýan; **anonim** (atsyz); **doly we doly däl** kontrol görnüşli anketalaryň görnüşleri ulanylýar. Ulanylýan anketalaryň bir görnüşiniň ady "polýar". Bu anketada baha goýulýar. Olar 5 bally (0,1,2,3,4,5); ýa-da 10 bally (0,1,2,3,4,5,6,7,8,910) bolup bilýärler. Sorag edilýän adam haýsy jogap dogry diýse şoňa goýlan bahanyň daşyny tegelekleýär.

Anketalarda goýlan soraglara dogry jogap almak üçin, olarda goýlan soraglaryň mazmunyny üýtgetmeli. Dogry sorag goýman, okuwçy bu anketanyň üsti bilen näme soralýanyny aňmaz ýaly giňişleýin soraglar goýmaly.

Anketalary diňe barlag geçirmäni bilýän hünärmenler düzmeli we geçirmeli. Ýöne köp ýagdaýlarda anketalary mugallymlar özbaşdak düzüp ulanýarlar. Mümkin bolsa olara ýol bermän, ýörite hünärmenler tarapyndan düzülen anketalary ulanmaly.

Toparyň adamlarynyň içki gatnaşyklaryny seljermek üçin ulanylýan toparyň differensiasiýasyny (içki gatnaşygyny) öwrenýän (sosiometriki usul) giňden ulanylýar.

Anketa usulyny-da beýleki ylmy-barlag usullar bilen arabaglanyşdyryp ulanmaly.

## Pedagogikada matematiki usullar

Pedagogika ulanylýan matematiki usullar iki esasy topara bölünýärler. Birinjisi – eksperimentleriň, syn etmeleriň netijelerini işlemek üçin; ikinjiden – okuw-terbiýeçilik işini modelirlemek, çaklamak, anyklamak, kompýutirlemek üçin. Birinji toparyň içine girýän usullar belli we köp ulanylýarlar. Oňa **statiki** usullar diýilýär. Bu usullar toparyna şu aşakdaky konkret (takyk) usullar degişli

**Registrasiýa** – öwrenilýän hadysa barada toplanan maglumatlaryň gerek hiliniň sanyny kesgitlemek. (mysal üçin : ýetişýän we ýetişmeýän okuwçylar).

**Ranžirowaniýe** (ornuny kesgitlemek) – toplanan maglumatlary degişli yzygiderlikde ýerleşdirmek we öwrenilýän hadysanyň bu ýerdäki ornuny kesgitlemek.

**Şkalirowaniýe** (şkala götermek) – öwrenilýän hadysalary bahalandyrmak.

Pedagogik barlaglarda esasy orunlaryň birini **modelirlemek** eýeleýär. Öwrenilýän hadysany material ulgam hökmünde ýa-da aňyňda göz öňüňe getirmek we ol barada täze maglumat almak. Modelirlemek didaktikada şu aşakdaky meseleleri çözmek üçin ulanylýar.

- okuw maglumatlarynyň dogry ýerleşişini amala aşyrmak;
- okuw işini dogry meýilnamalaşdyrmak;
- okuwçylaryň bilesigelijilik işini dolandyrmak;
- okuw-terbiýeçilik işini dolandyrmak;
- okatmagy anyklaýyş, proýektirlemek.

Pedagogikany matematikalaşdyrmak özünde köp bilim berijilik maglumaty jemleýär. Ol pedagogika ylmyny ylmy-barlaglaryň bir taraplaýynlygyndan azat edýär we olaryň netijelerini dogry hasaplamaga mümkinçilik döredýär.

Şu günler pedagogika ylmynda matematikanyň täze bölümleri ulanylýar : matriki we faktor seljerme; oýun nazaryýeti; mikroanaliz; çylşyrymly ulgamlary ulanmak we başgalar. Olaryň ulanylyşy pedagogika ylmynda geçirilýän ylmy-barlag işleriniň netijeliligini ýokarlandyrar.

### Ylmy-barlagyň netijelerini ornaşdyrmak

Gutarnykly pedagogik barlagyň netijelerini durmuşa ornaşdyrmak bu iň wajyp işleriň biridir. Ylmy barlagyň netijeleriniň durmuşa ornaşdyrylyşynyň şu aşakdaky ýollary bardyr :

- usuly maslahatlarda çykyş etmek;
- pedagogik gazet-žurnallaryň sahypalarynda maglumatlary çap etmek;
- ýörite buklet çap etmek; -
- täze okuw usuly gollanmalaryny çap etmek;
- metodiki hödürnamalary we maslahatlary işläp düzmek

## Pedagogikanyň başga ylymlar bilen arabaglanyşygy, onuň esasy düşünjeleri. Häzirki zaman pedagogika ylmynyň ösüşi

Pedagogika beýleki ylymlar ýaly **filosofiýa** bilen berk arabaglanyşyklydyr. Filosofiki ylmyň bölümleri (dialektiki we taryhy materializm, sosiologiýa, etika we estetika) pedagogika ylmyna terbiýäniň mazmunyny we maksadyny kesgitlemäge kömek edýärler, adamzat jemgyýetiniň ösüş kanunalaýyklyklaryny, ylymda we jemgyýetde bolup geçýän üýtgeşikler barada maglumat berýärler.

Pedagogikanyň takyk meselelerini çözmekde filosofiýanyň ulgamyna girýän **sosiologiýa, etika** we **estetika** (gözellik) uly rol oýnaýarlar.

**Sosiologiýa** – daşky garbawyň adama täsirini, ykdysadyýetiň, medeniýetiň, şahsyýetiň kämilleşmegine täsirini öwrenip, pedagogika ylmyna mekdebiň işi barada, mekdebiň, maşgalanyň we jemgyýetiň çagalary terbiýelemekdäki orny baradaky maglumatlary berýär.

**Etika** – ahlak meselelerini çözmek bilen meşgullanyp, ahlak terbiýesi meselesi bilen berk baglanyşyklydyr. Pedagogika ahlak terbiýesi meselesini çözende etika daýanýar.

**Estetika** (gözellik) - estetiki terbiýäniň ylmy esasy hökmünde çykyş edýär. Pedagogika oňa daýanyp, estetiki terbiýäniň mazmunyny, serişdelerini we ýollaryny kesgitleýär.

Pedagogika ylmy **anatomiýa** we **fiziologiýa** bilen baglanyşyklydyr. Adamyň biologiki häsiýetini – onuň nerw sistemasynyň ösüşini we nerw sistemanyň görnüşlerini, birinji we ikinji signal ulgamy, duýgy organlarynyň ösüşini we işleýşini, ýöreýiş organlarynyň apparatyny, ýürek-damar we dem ulgamy baradaky maglumatlary anatomiýa we fiziologiýa ylymlary öwrenýär we terbiýelemek, bilim bermek we okatmak işinde olary göz öňünde tutmagy öwredýär.

**Psihologiýa** ylmy pedagogika ylmynyň ösüşinde esasy orun tutýar. Psihologiýa adamyň psihiki ösüşiniň kanunalaýyklygyny öwrenýär. Eger psihologiýa jan baradaky ylym bolup ol psihikanyň döreýşiniň; ösüşiniň, ýüze çykyşynyň, aýratyn hem adamy taryhy şahs hökmünde häsiýetlendirýän aňyn psihologik kanunalaýyklyklaryny öwrenýän bolsa, pedagogikany – terbiýeçilik täsirleriň adamyň içki dünýäsinde we özüni alyp barşynda gerek bolan üýtgeşikler gyzyklandyrýar. Pedagogikanyň her bölümi psihologiýanyň degişli bölümlerine daýanýar.

Didaktika (okatmak nazaryýeti) bilijilik nazaryýetine we akyl ösüş bölümine; terbiýe nazaryýeti şahsyýet psihologiýasy bölümine daýanýar. Bu iki ylmyň arabaglanyşygy **pedagogik psihologiýanyň** we **psihopedagogikanyň** ýüze çykmagyna getirdi.

Pedagogika **taryh** ylmy bilen arabaglanyşyklydyr. Pedagogikanyň taryhy dersini esasy çeşmesi bolup, taryhy maglumatlar çykyş edýärler. Görnükli pelsepeçileriň biri Konfusiý şeýle diýýär : “Könä ýüzlenip täze zady açyp bilýän adam mugallym bolmaga mynasypdyr”. Pedagogika ylmy taryha daýanyp, ondan adamzat jemgyýeti döränden şu güne çenli terbiýäniň, bilim bermegiň we okatmagyň ýüze çykyşyny, ösüşini öwrenýär.

**Edebiýat** hem pedagogika ylmynyň durmuşynda uly rol oýnaýar. Görnükli şahyrlaryň goşgularynyň mazmuny, belli ýazyjylaryň eserlerindäki maglumatlar şahsyýeti terbiýelemekde uly orna eýedir. **Urbanizasiýa** - onuň manysy şäherleşme. Kiçi şäherleriň ornuna uly şäherleriň emele gelmegi we olarda adamlaryň esasy böleginiň toplanmagy. Edebiýatda "urbanizm" diýen adalga bar. Onuň esasy manysy uly şäherleriň edebi eserlerde şöhlelendirilişidir. Uly şäherleriň durmuşynda bolup geçýän wakalar, olaryň bilim ulgamy, pedagogika üçin wajyp maglumat bolup çykyş edýär. Ondan başga-da edebi eserleriň gahrymanlarynyň keşbi-de terbiýelemek işiniň çeşmesi hökmünde çykyş edýärler.

Pedagogika ylmy **geografiýa** we **antropologiýa, medisina** we **ekologiýa, ykdysadyýet** we **arheologiýa** bilen hem berk arabaglanyşykda ösýär.

Göräýmäge dürli ylymy barlaglary bolan, dürli meseleleri öwrenýän ylymlar biri-biri bilen arabaglanyşyk, daýanç nokatlaryny tapýarlar. Bu arabaglanyşyklaryň netijesinde täze perspektiw ylymy akymlar ýüze çykýar. Mysal üçin, pedagogikanyň tehniki we matematiki ylymlar bilen arabaglanyşygy netijesinde – kibernetika pedagogikasy, matematika pedagogikasy, kompýuter pedagogikasy, suggestologiýa ýaly täze ulgamlar döredi.

Pedagogika ylmynyň beýleki ylymlar bilen aragatnaşygyny seljerip, olaryň görnüşlerini kesgitledik :

- pedagogika başga ylymlaryň esasy pikirlerini, nazary düşünjelerini, jemleýji netijelerini ulanýar.
- bu ylymlaryň ylmy barlag usullaryndan peýdalanýar;
- psihologiýa, fiziologiýa, sosiologiýa we başga ylymlaryň barlaglarynyň netijeleriniň pedagogika ylmynda ulanylyşy;
- pedagogika ylmynyň adamy öwrenmek boýunça alnyp barylýan umumy ylmy barlaglaryna gatnaşmagy.

## Pedagogikanyň esasy düşünjeleri

Pedagogikanyň esasy düşünjelerine *terbiýe, okatmak, bilim bermek, okamak, bilim, başarnyk, endik, maksat, mazmun, guramaçylyk, görnüş (forma), usul, serişde, netije, ösüş we kämilleşmek* degişlidir.

**Terbiýe** – bu adamy kämilleşdirmek maksady bilen ýörite gurnalan, maksadagönükdirilen iş. Pedagogika ylmynda “terbiýe” giň we dar sosial, giň we dar pedagogik manylarda ulanylýar.

**Terbiýe giň sosial** manyda – ýaşy uly nesliň ösüp gelýän ýaşlara öz durmuş tejribesini öwredip, olary durmuşa taýýarlamagydyr. Tejribe diýlende – adamlaryň belli bolan bilimler, başarnyklar, pikirlenmegiň görnüşleri, ahlak, etiki, hukuk normalary – umuman adamzadyň özüniň taryhy ösüş döwründe toplan ruhy mirasy diýip düşünmeli.

Terbiýe taryhy häsiýetlidir. Ol adamzat jemgyýeti döremegi bilen ýüze çykdy, onuň durmuşynyň we ösüşiniň esasy bölegi boldy, tä jemgyýet bolýança mundan beýläk bolaram. Şonuň üçin terbiýä – umumy we baky kategoriýa (düşünje) diýilýär.

Terbiýe jemgyýetiň ösüşine täsir edýär, öz gezeginde jemgyýetde terbiýelemäge ýagdaý döredýär.

Döwrüň üýtgemegi bilen terbiýäniň görnüşide üýtgeýär. Jemgyýetçilik aragatnaşyklaryň üýtgemegi bilen terbiýäniň maksady, wezipesi, görnüşleri we guralyşy üýtgeýär. Durmuş we ýaşaýyş şertler terbiýäniň häsiýetini, onuň adamlaryň aňyna, özüni alyp barşyna täsirini üýtgedýär.

“Terbiýe” düşünjesini giň manyda seljerip biz onuň konkret jemgyýetçilik, pedagogik manysyna az üns berdik. Adamzadyň toplan tejribesini ösüp gelýän ýaş nesle geçirmek ýa-da terbiýelemek bilen diňe ýörite gurnalan okuw-terbiýeçilik edarasynda pedagog hünärmenler meşgullanman, eýsem maşgala-da, habar beriş serişdeleri-de, edebiýat, sungat, zähmet kollektiwleri we tertip-düzgüne gözegçilik edýän edaralar-da meşgullanýar. Şonuň üçin “terbiýe” diýen düşünje aýdyňlaşdyrylmaga we dar manyda düşündirilmäge mätäç.

**Terbiýe dar manyda** - jemgyýetçilik institutlarynyň täsirinde adamda belli bilimleriň, garaýyşlaryň we ynamlaryň, ahlak gymmatlyklaryň, syýasy düşünjeleriň, onuň durmuşa taýýarlygynyň emele gelmegidir.

Terbiýe meselesine köp taraplaýyn çemeleşmeklik bu işde hyzmat edýän sosial institutlaryň (okuw-terbiýeçilik edaralary, maşgala, habar beriş serişdeleri, zähmet kollektiwleri, edebiýat sungat we ş.m.) işiniň bir maksada gönükdirilmegini talap edýär. Eger-de olaryň her haýsy özüçe bu işe çemeleşse, onda netije bolmaz. Bu bir taraplaýyn täsir bolar we terbiýäniň maksadyny çözmäge mümkinçilik bermez.

**Terbiýe giň pedagogik manyda** – bu okuw-terbiýeçilik edaralarynyň işiniň ähli mazmunyny öz içine alyp, ýörite gurnalan, maksada gönükdirilen we dolandyrylýan, terbiýeçileriň terbiýeleýänlere toparlaýyn täsiri bolup, adamda gerek bolan hilleri emele getirmäge gönükdirilen täsirdir.

**Terbiýe dar pedagogik manyda** – bu öňde goýlan aýdyň terbiýeçilik meselesini ýerine ýetirmäge gönükdirilen iş we onuň netijesidir.

Pedagogika ylmynda "terbiýe" düşünjesi onuň esasy toparlaryny aňlatmak üçin-de ulanylýar. Mysal üçin "beden terbiýesi", "ahlak terbiýesi", "etiki terbiýe" we başgalar.

Pedagogikanyň esasy düşünjeleriniň biri-de **okatmakdyr**. **Okatmak** – bu ýörite gurnalan, maksada gönükdirilen, dolandyrylýan mugallymlar we okuwçylaryň aragatnaşygy bolup onuň netijesinde bilimler, başarnyklar, endikler özleşdirýär, akyl derejesi ösýär, okuwçylaryň dogry dünýägaraýşy terbiýelenýär, olaryň özbaşdak okamak endikleri berkidilýär. Okatmagyň esasyny ***bilimler, başarnyklar, endikler we öwrendikler*** düzýär. Mugallym tarapyndan maglumatlar beýan edilýär, okuwçylar tarapyndan olar özleşdirilýär.

**Bilim** – bu tejribede barlanan, adamyň aňynda dogry özleşdirilen maglumatlardyr.

**Başarnyk** – alnan bilimleri ulanyp bilmäge taýýarlyk, olaryň hereketlenip başlanmagy. Adamyň özbaşdak bilim almaga we käbir tejribe we nazary hereketleri ýerine ýetirmäge taýýarlygy.

**Endik** – başarnyklaryň köp ulanylyp kämilleşmegidir. Olar gerek bolan hereketi etmekde ýüze çykýarlar.

**Öwrendik** – özleşdirilen bilimleriň, başarnyklaryň, endikleriň durmuşda ulanylyşy.

Mugallym okatmak işinde okuwçylara şol ýa-da başga bilimleri habar berip, olarda dogry dünýägaraýyş, wajyp, sosial, ideologik ahlak sypatlary emele getirýär. Okatmagyň terbiýeçilik häsiýeti bardyr. Edil şeýle-de terbiýeçilik işiniň islendiginde bilim berijilik häsiýeti bardyr. Okadýarkak – terbiýeleýäs, terbiýeleýärkäk- okadýas.

**Bilim** – bu okatmagyň netijesidir. Öwredilýän dersleriň doly özleşdirilmegidir. Bilim – okuwçynyň özleşdiren, ulgamlaşdyrylan bilimleriniň, başarnyklarynyň, endikleriniň, pikirlenmeleriniň görnüşleridir.

XIX asyrda bilim alan adam kämilleşen hasaplanypdyr. Häzirki döwürde adamzadyň toplan biliminiň göwrümini näçe wagtlap okasak-da özleşdirip bilmeris.

Belli bir ugurdan ulgamlaşdyrylan bilimi özleşdiren, onuň sebäplerini we netijesini aýyl-saýyl edip bilen, logiki pikirlenip bilýän adama bilimli adam diýip bolar. Ulgamlaşdyrylan bilimleri ele almak we ulgamly pikirlenip bilmek logiki pikirlenmegiň netijesinde özbaşdak bilimleri ele alyp bilmek – bilimliligiň kriteriýasydyr.

Gadymy aforizmleriň birinde şeýle diýilýär : “Bilim bu ähli öwrenilen maglumatlar ýatdan çykandan soň, adamda galan maglumatdyr”.

Käbir adamlar özüniň güýçli ýady bilen, köp maglumatlary bilýänligi bilen daş-töwerekdäkileri haýran galdyrýarlar. Onuň ýaly adamlary bilimli adam hasap edýärler. Ýöne bu nädogrydyr. Eger-de adamda öz pikiri bolmasa, aýdýan zatlarynyň sebäplerini we netijelerini bilmese, ol bilimliligiň alamaty däldir. Her bir orta ýa-da ýokary mekdebi gutaran adamy-da bilimli diýip bolmaz. Şol bir hatar-da ýokary bilimi bolmadyk adamyda bilimsiz diýip bolmaz. **A. Disterweg** şeýle diýipdir : “Ösüş we bilim hiç kime berlenem däldir, habaram edilmändir. Kim oňa ýetjek bolsa, bilimli boljak bolsa, ony öz güýji, öz üstünde işläp ýetmeli. Daşdan ol diňe bilim almaga itergi alyp biler”.

Alnan bilimiň göwrümine görä, özbaşdak pikirlenip bilşine görä – bilimler başlangyç, orta we ýokary bolup biler. Häsiýeti we gönükdirilenligi bilen bilim umumy, hünärment we politehniki toparlara bölünýär.

**Umumy bilim** – tebigat, jemgyýet, adam barada ylymy bilimleriň esasyny berip, dialektiki – materialistik dünýä garaýşy formirleýär, bilesigelijilik ukyplaryny ösdürýär. Umumy bilim her bir adamda gerek bolan okuw we zähmet başarnyklaryny, dürli tejribe endiklerini ösdürýär, oňa ony gurşap alan dünýäniň ösüş kanunalaýyklary barada düşünje berýär. Umumy bilimiň göwrümi we gönükdirilenligi döwlet tarapyndan amala aşyrylýar. Köp döwletlerde umumy (ýa-da orta) bilim hökmany hasaplanylýar.

**Hünärment mekdeplerinde** dürli ugurdan işgärler taýýarlanýar. Ýörite orta hünärment we ýokary hünärment okuw jaýlarynda halk hojalygy üçin ýörite orta bilimli we ýokary bilimli hünärmenler taýýarlanylýar.

**Politehniki bilim** – okuwçylary häzirki zaman önümçiliginiň esasy ýörelgeleri bilen tanyşdyrýar. Olarda gündelik durmuşynda ulanylýan önümçiligiň iň sada zähmet gurallary bilen ismejek endiklerini emele getirýär.

Pedagogikada ylmyara "kämilleşmek" we "ösüş" düşünjeleri-de giňden ulanylýar. **Kämilleşmek** – ekologiki, sosial, ykdysady, syýasy, psihologiki täsirleriň esasynda adamyň jemgyýetleşmek prosesidir. Terbiýe kämilleşmegiň iň bir wajyp, ýöne ýeke-täk bolmadyk faktorydyr. Kämilleşmek diýmek adamyň şahsyýetleşmegi diýip düşünilýär. "Kämilleşmek" düşünjesini doly manyda pedagogik kategoriýa diýip kabul edip bolmaz. Onuň manysy bir görseň gysgalýar, bir görseňem çäksiz giňelýär. XX asyryň 50-60-njy ýyllarynyň pedagogik edebiýatlarynda "kämilleşmek" düşünjesi şahsyýete dolandyrylmaýan, tötänleýin täsirleriň netijesi diýlip düşündirilýär. Mysal üçin pedagogika okuw kitabynyň awtory P.N. Gruzdew "kämilleşmegi" öz akymlaýyn terbiýe "adamlara aňly hereketlerine garamazdan olara dürli ýagdaýlarda edilýän täsir" diýip düşündiriýär.

Biz "kämilleşmek" pedagogikanyň esasy kategoriýasy diýen pikiri orta atýas. Adamda maksada gönükdirilen dolandyrylýan täsirlerden soň, onuň bilim derejesinde özüni alyp barşynda üýtgeşmeler ýüze çykýar. Bu üýtgeşikler "kämilleşmekdir". Elbetde, adama daşky gurşawdan dürli dolandyrylmaýan, tötänleýin täsirler edilýär olaryň diňe adamyň bilimine we terbiýesine dogry täsir

edip bilýänini kämilleşmegiň çeşmesi diýip bolar. Galanyny şahsyýetiň kämilleşmegine päsgel berýän täsirler diýip hasaplaýas. (J.Ş.T)

Umumyylmy düşünjeleriň pedagogika ylmynda köp ulanylýanlarynyň biri-de "ösüşdir". Şu güne çenli bu düşünje berlen kesgitlemeleri seljerip, biz şeýle netije geldik. **Ösüş** - adamyň organizminde bolup geçýän hil we möçber prosesleriň netijesidir. **Ösüş** – elmydama, hemişe dyngysyz üýtgeşikde bolup, bir görnüşden başga bir görnüşe - sadadan çylşyrymla, aşakdan ýokara geçýär. Adamyň ösüşinde filosofiýanyň hil üýtgeşikleriň möçber üýtgeşiklerine we tersine möçber üýteşikleriň hil üýtgeşiklerine geçiş kanunyny ýüze çykarýar.

Şahsyýetiň ösüşi – çylşyrymly prosesdir. Bu prosesi çuň öwrenmek maksady bilen häzirki zaman ylmy ösüşiň esasy taraplaryny doly öwrenmek üçin differensirlenen ýol bilen gitdi. Bu ýol bilen öwrenmegiň netijesinde şahsyýetiň ösüşinde beden, psihiki, ruhy, sosial we başga taraplary kesgitlenildi. Pedagogika ylmy şahsyýetiň ruhy ösüş meselesini öwrenýär. Ony öwrenende hökmany suratda şahsyýetiň ösüşiniň beden, sosial, psihiki taraplary bilen berk baglanyşdyrýar.

Käbir pedagogikany öwrenijiler onuň esasy düşünjeleriniň toparyna *"öz-özüňi terbiýelemek", "özbaşdak bilim almak", "özbaşdak ösüş", "pedagogik proses", "pedagogik işiň netijeleri", "sosial kämilleşmek"* ýaly düşünjeleri goşmagy hödürleýärler. Bu düşünjeleri biz hem pedagogik nazarýetiň wajyp düzümleri diýip hasap edýäris we olaryň manysyny degişli temalar geçilende açyp görkezeris.

Kesgitlenen pedagogik düşünjeleriň arabaglanyşygyny mysaly shemada şeýleräk görkezse bolar.




Elbetde pedagogik prosesiň gidişinde bu düşünjeleriň arabaglanyşygyny nazary shemalardakydan çylşyrymlyrakdyr.

## Häzirki zaman pedagogika ylmynyň ösüşi

Ýewropa döwletleriniň bilim ulgamynda gazanan üstünliklerini seljerip, deňeşdirip pedagogikanyň nazaryýetiniň we tejribesiniň mazmunyny, bilim filosofiýasynyň düzýändigine göz ýetirýäs. Häzirki zaman Ýewropa pedagogikasynyň, mekdebiniň we biliminiň Ýa. A. Komenskiniň, I.G. Pestolossiniň, F. Frebeliň, I.F. Gerbartyň, A.Disterwegiň, D.Dýunyň filosofiki – pedagogik pikirleri esasynda ýüze çykyp ösendigi aýdyňdyr. Olaryň pikirleri XIX-XX asyrlarda, XXI asyryň başlarynda ösüp, Ýewropa mekdepleriniň biliminiň klassiki modeliniň esasy bolup gelip, özüniň häsiýetini üýtgetmän geldiler. Olaryň bilimiň mazmuny we maksady, okatmagyň görnüşleri we usullary, pedagogik prosesiň gurluşy we mekdep durmuşy baradaky pikirleri şu günem esas hökmünde kabul edilýär.

XX asyryň başyndan 70-nji ýyllar aralygynda esaslanan biziň öwrenen pedagogika ylmymyzyň ideologiýasy bu günler öz manysyny ýitirdi we hemmetaraplaýyn tankyt edildi. Okuw dersleriniň gurluşynyň we geçirilişiniň esasy edilip yzygiderli bilim almak goýuldy. Okatmagyň esasy görnüşi bolsa synp-sapak ulgamy boldy. Esasy üns nazarýeti öwrenmäge berildi, okuwçy daşda galdy. Şondan soň pedagogika “çagasyz pedagogika” diýip at dakdylar.

XX asyryň 80-nji ýyllaryndan başlap dialog, hyzmatdaşlyk, bilelikdäki hereket, başga adamyň garaýşyna düşünmek, şahsyýeti sylamak pedagogika ylmynda öz ornuny tapdy. Durmuş häzirki zaman pedagogika ylmynyň öňünde ynsanperwerlik däplerini dikeltmek, adamy we onuň ösüşini özüniň esasy meselesi edip goýmagy talap etdi. Bu meseleleriň çözgüdi we pedagogika ylmynyň usulyýet esasy hökmünde çykyş edýän ynsanperwer bilim filosofiýasyny işläp düzmegi talap edýär.

Häzirki zaman pedagogikasynyň ösüş mehanizmi hökmünde aksiologiki ýa-da gymmatlyklar baradaky çemeleşme hyzmat edýär.

Aksiologiki çemeleşme ynsanperwer pedagogikanyň esasydyr, sebäbi adam onda jemgyýetiň iň esasy gymmatlygy hasap edilýär.

Bilimiň ynsanperwerlik gönükdirilenligi onuň häzirki döwürdäki bilimleri, başarnyklary, endikleri, öwrendikleri kämilleşdirmek maksadyna garaýyşlary üýtgedýär.

Pedagogiki gymmatlyklar öz gezeginde : **şahsy-pedagogik**; **toparlaýyn pedagogik** we **sosial-pedagogik** gymmatlyklara bölünýärler.

**Şahsy-pedagogik gymmatlyklar** – olarda mugallymyň şahsyýetini gymmatlyklary - onuň maksady, itergileri (motiw), idealy, öňünde goýan meseleleri we başga dünýägaraýyş häsiýetleri jemlenýär.

**Toparlaýyn pedagogik gymmatlyklar** – aýratyn bir okuw jaýynyň pedagogik işini gönükdirýän, regulirleýän pikirleri, konsepsiýalary, normalary öz içine alýar.

**Sosial-pedagogik gymmatlyklar** – aýratyn sosial ulgamda hereket edýän we jemgyýetiň aňynda ýüze çykýan gymmatlyklaryň häsiýetini we mazmuny beýan edýär.

Bu gymmatlyklaryň arasyndan **özüňe ýeterlik gymmatlyklary**, **serişde gymmatlyklary, aragatnaşyk gymmatlyklary**, **bilim gymmatlyklary** ýaly görnüşleri bardyr. Olaryň mazmunynyň üstünde degişli temalar öwrelinende durup geçeris.

XX asyryň ahyrlarynda häzirki zaman pedagogikasynyň aýratyn pudaklary-da ýüze çykyp başlady : prenatal pedagogikasy - çagany enesiniň göwresindäkä terbiýelemek; - androgogika we gerogogika – uly ýaşly adamlary terbiýelemek; - penitensiar pedagogikasy – gaýtadan terbiýelemek meselelerini çözmek bilen meşgullanýarlar.

Häzirki zaman pedagogikasynyň mazmuny - **aksiologiýa** gymmatlyklar aragatnaşygyny öwrenýän, - **waleologiýa** – ruh we sagdyn durmuş endiklerini terbiýelemek bilen meşgullanýan; - **akmeologiýa** – hünär ussatlygynyň ýokary derejesine ýetmek we döredijilik endikleri köp ýyllap saklamagy öwrenýän; - **wiktimologiýa** - adamyň durmuşynda nesle geçijiligiň täsirini öwrenýän nazary akymlaryň mazmuny bilen baýlaşdyrmaly.

Häzirki zaman pedagogikasy – häzirki zaman pedagogik konsepsiýalarynyň mazmuny bilen hem ýaraglanmaly, olar :

- **pragmatizm** – terbiýäniň we bilimiň durmuş bilen tejribe bilen baglylygy;
- **neopozitiwizm** – “täze ynsanperwerlik”;
- **ekzistensializm** – şahsyýet (adam) dünýäde iň ýokary gymmatlykdyr;
- **neotomizm** – diniň adamy terbiýelemekdäki orny;
- **bihewiorizm** – “özüňi alyp barmagy” terbiýelemek, adamy ylmyň iň ösen derejesinde terbiýelemek.

## Şahsyýetiň ösüşine täsir edýän faktorlar

“Proses” sözi – latyn dilinden terjime edilende “öňe hereket etmek”, “üýtgeşik” manylary berýär. “Ösüş” diýen düşünje – adamyň organizminde bolup geçýän möçber we hil üýtgeşiklerini aňladýar. Ösüşiň netijesi – adamyň biologik görnüş we adam hökmünde ýüze çykmagydyr.

Adamyň biologiki ösüşi onuň beden ösüşi bilen häsiýetlenýär. Bu ösüş öz içinde morfologiki, biohimiki, fiziologiki üýtgeýişleri jemleýär. Adamyň sosial ösüşi onuň psihiki, ruhy, intellektual ösüşinde öz beýanyny tapýar.

Şahsyýet diýip – özbaşdak döredijilikli işläp bilýän, aňly we öz-özüni aňlap bilýän dereje ýeten adama aýdylýar. Adam şahsyýet bolup dogulmaýar. Ol ösüş prosesinde şahsyýete öwrülýär. “Şahsyýet” düşünje “adam” diýen düşünjeden, adamlar bilen söhbetleşip bilýän, jemgyýetçilik aragatnaşyklarynyň täsirinde emele gelýän hilleri bilen ara tapawutlanýar. Adam şahsyýet hökmünde sosial ulgamda maksada gönükdirilen we pikirlenip gurnalan terbiýäniň esasynda ýüze çykýar. Şahsyýet, bir tarapdan jemgyýetiň tejribesini kabul edip bilişi, ikinji tarapdan jemgyýetiň material we ruhy gymmatlyklaryna öz goşandyny goşup bilşi bilen kesgitlenýär. Şahsyýet bolmak üçin adam işde, tejribede tebigat, durmuş we terbiýe tarapyndan berlen özüniň içki häsiýetlerini açmalydyr.

Adamyň ösüşi – çylşyrymly, dowamly we gapma-garşylykly prosesdir. Adamyň organizmindäki üýtgeýişler doglandan tä soňky gününe çenli dowam edýär. Ýöne çagalyk we ýigitlik döwründe beden ösüşiniň görkezijileri we ruhy dünýäsi aýratyn hem tiz ösýär, üýtgeýär. Ösüş bu dogry gönükdirilen aşakdan ýokara bolan mukdar üýtgeýişleriň sada toplumy däldir. Bu prosesiň häsiýet

aýratynlyklary şahsyýetiň häsiýetleriniň mukdar üýtgeýişlerden hil üýtgeýişlere, beden, psihiki we ruhy üýtgeýişlere dialektiki geçişidir. Bu prosesi dürli filosofiki akymlaryň tarapdarlary dürli düşundirýärler. Şu güne çenli bu häli doly öwrenilmedik prosesdir. Ösüşiň hereketlendiriji güýji – gapma-garşylyklaryň göreşidir. Ösüşiň gapma-garşylyklary onuň ösüşine, täzelenmesine uly itergi berýär. Gapma-garşylyklar biri-birine ters başlangyçlaryň konflikt çaknyşyklarydyr. Adamyň özi-de gapma-garşylyklardan ybarat. Adama gapma-garşylyklary gözlemek, oýlap tapmak gerek däl, ösüşiň dialektiki üýtgeýişleriniň her ädiminde, olar ýüze çykýar.

Gapma garşylyklar **içerki, daşarky, umumy (uniwersal)** we **ýekebara** görnüşlere bölünýärler. Içerki, daşarky we umumy gapma-garşylyklar – adamlar toparynyň ösüşini häsiýetlendirýär. Ýekebara gapma-garşylyklar – aýratyn bir alnan adamy häsiýetlendirýär. Obýektiw faktorlaryň täsiri esasynda adamda ýüze çykýan sada material we ýokary ruhy talaplar we olary kanagatlandyrmagyň mümkinçilikleri. Adamyň organizmi bilen daşky gurşawyň arasynda ýüze çykýan gapma-garşylyklar özüni alyp barşyny üýtgedýär, organizmiň täze ýagdaýlara uýgunlaşmagyna getirýär. Içki gapma-garşylyklar adamyň "öz-özi bilen ylalaşmadyk" ýagdaýynda ýüze çykyp adamyň aýra başga (ýekebara) özüni alyp barşynda ýüze çykýar. Daşky gapma-garşylyklar – adamyň başga adamlar bilen jemgyýet, tebigat aragatnaşygynda ýüze çykýarlar we daşky güýçlerden itergi alýarlar (stimulirlenýärler). Içki gapma-garşylyklaryň esasylarynyň biri – adamda ýüze çykýan täze talaplar we olary kanagatlandyrmagyň mümkinçilikleri. Mysal üçin, okuwçylaryň jemgyýetçilik we önümçilik proseslerine gatnaşmak islegi bilen, olaryň akyl, psihiki, sosial ösüş ýagdaýlarynyň real derejesi. "Isleýän", "başarýan", "bilýän", "bilmeýän", "mümkin", "mümkin däl", "bar", "ýok" – bu sözler bizde ýüze çykýan gapma-garşylyklarymyzy aňladýan sözlerdir.

Ösüş faktorlaryny seljermek öz gözbaşyny biziň eramyzdan öň alyp gaýdýarlar. XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başynda okuwçylaryň ösüşini öwrenen rus pedagog-psihologlary P.P. Blonskiý, L.S. Wygotskiý, G.S. Kostýuk, S.Z. Rubinşteýn, A.R. Luriýa. Daşary ýurt alymlaryndan bu meseläni öwrenen alymlar L. Termen, E. Gekbel, F. Mýuller, Ý. Şwansara. Bu alymlar öz barlaglarynda şeýle netije geldiler. Ösüş we onuň netijesiniň arasynda wajyp

arabaglanyşygyň, kanunalaýyklyklaryň bir tarapdan we olara täsir edýän sebäpleriň ikinji tarapdan täsir edýändigini kesgitlediler.

Barlagyň netijesinde esasy bir soraga jogap talap edilýärdi : nämä üçin dürli adamlar dürli derejede ösüş gazanýarlar, bu prosesi we onuň netijesi nähili ýagdaýlara bagly ? Dowamly geçirilen barlaglar umumy netije çykarmaga mümkinçilik berdi. Adamyň ösüşi onuň **içki** we **daşky** şertlerine baglydyr. Içerki şertlere adamyň organizminiň fiziologiki we psihiki häsiýeti degişlidir. Daşky şertler – bu adamyň ýaşaýan ýeri we ösýän daş-töweregi, daşky gurşaw (sreda). Daşky gurşaw bilen arabaglanyşykda adamyň içki dünýäsi üýtgeýär we täze arabaglanyşyk ýüze çykýar, ol öz gezeginde täze üýtgeşme emele getirýär. Şahsyýetiň durmuşynyň dürli görnüşlerinde, onuň ösüşiniň dürli basgançaklarynda, daşky we içki obýektiw we subýektiw arabaglanyşyklar dürli formalarda ýüze çykýarlar.

E. Gekkeliň we F. Miýulleriň açan biogenetik kanuny adamyň ösüşiniň görnüşleriniň (formalarynyň) we tebigy şertleriniň arabaglanyşygyny görkezýär. Käbir pedagoglar we psihologlar bu kanunynyň mazmunyny giňeldip ony adamyň aýrabaşga (ýekebara) ösüş prosesi bilen baglaşdyrmaga synanyşdylar. Dogrudanam, adam özüniň, indiwidual ösüşinde özüniň ata-babalarynyň ösüşini gaýtalaýandygy ikiuçsyzdyr. Elbetde, bu maglumata esaslanmak bolmaz. Sebäbi adam öz ösüşinde durmuş şertleriniň netijesinde käbir täze hillere eýe bolýar. Bu meseläni düşündirýän nemes psihology W. Şterniň aýtmagyna görä, täze doglan çaga süýt emdirijiler derejesinde bolýar, ýaşynyň ikinji ýarymynda – maýmyn derejesinde, 2 ýaşynda adam durkunyň elementar ýagdaýyna, diňe kämillik döwründe adam häzirki zaman medeniýet derejesine ýetýär. Elbetde W. Şterniň bu aýdanlary bilen ylalaşyp bolmaz.

## Nesle geçijilik we ösüş

Adamyň ösüş kanunalaýyklyklaryny öwrenmek bu prosesiň esasy faktorlaryna, onuň geçişine we netijesine jogap tapmakdyr. Şahsyýetiň ösüşi haýsy faktorlar (sebäpler) bilen kesgitlenilýär ? Adamyň ösüşiniň prosesi we netijesi esasy üç faktoryň täsiri esasynda amala aşyrylýar. Olar – **nesle geçijilik**, **daşky**

**gurşaw** we **terbiýedir**. Bu sebäpleriň (faktorlaryň) hiç haýsy özbaşdak hereketlenmeýär. Ösüşiň netijesi olaryň arabaglanyşygydyr.

Adamy onuň ata-babalary we daşky janly dünýä bilen baglaşdyrýan biologik faktordyr. Biologiki faktoryň täsiri – **neslegeçijilikdir**. **Neslegeçijilik** ata-enesinden geçen kesgitli hilleri we aýratynlyklardyr. Neslegeçijilik genleriň (grek dilinden “gen” diýen söz “dogýan” diýen manyny berýär) üsti bilen amala aşyrylýar. Häzirki zaman ylmy organizminiň esasy häsiýetleri ýörite gen kodlarynda jemlenendigini we bu kodlar organizm baradaky ähli maglumatlary özünde saklaýandygyny we geçirýändigini subut etdiler. Genetika ylmy adamyň ösüşinde neslegeçijiligiň programmsanyny açyp görkezdi. Soňky barlaglaryň netijesinde alnan maglumatlar öňki öňe sürülen pikirler barada oýlanmaga mejbur edýär.

Adamyň ösüşine täsir edýän neslegeçijilik programmasy, adamlaryň umumylygy we biri-birine meňzemeýändigini kesgitleýär. Ata-eneden çagalara geçýän daşky keşpler : teniniň gurluşy, saçynyň, gözüniň we derisiniň reňki. Adamyň  häsiýetini kesgitleýän, onuň psihiki ösüşine täsir edýän nerw sistemasynyň aýratynlyklarynda nesilden-nesle geçýär. Ata-enelerde ýüze çykan nerw keselleri-de nesillerine geçip bilýär. Gan, süýji, endokrin keselleri (endokrin – boýy kiçi karlik liliput) hem nesilden-nesle geçýärler. Ata-enäniň alkogol we neşe serişdelerini ulanyşy nesliniň ösüşine otrisatel täsir edýär.

Adamyň ösüşi we ýaşaýşy üçin wajyp bolan häsiýetler özbaşdak ele alynýar. Onuň üçin tebigat oňa dürli mümkinçilikler döredýär. Öz-özüni terbiýelemek adama tebigat tarapyndan berlendir. Meýilnamalaşdyrylan neslegeçijilik häsiýetler haýwanlara ýaşamaga mümkinçilik berýär. Adam bolsa öz-özüni ösdürmek, öz-özüni kämilleşdirmek ýollaryň üsti bilen durmuşa uýgunlaşýar.

Pedagogik nukdaý nazaryndan adamyň ösüşiniň kanunalaýyklyklary üç esasy meseläni öz içine alýarlar. Olar **intelektual**, **ýörite** we **moral** hilleriň nesilden-nesle geçişidir.

Intelektual hilleriň nesilden-nesle geçişi iň wajyp soraglaryň biridir. Çagalara belli bir işi ýerine ýetirmek üçin taýyar ukyplar ata-enesinden geçýärmi ? Ýa-da şol işi  ýerine ýetirmek üçin gerek bolan zadatkalary (*üşükler – belli bir işi ýerine ýetirmek üçin tebigy berlen mümkinçilikler*) kabul edýärlermi ? Pedagoglar

ukyplary bir işi ýerine ýetirmek üçin şahsyýetiň aýrybaşga psihologik aýratynlyklary diýip düşündirýärler we olary zadatkalardan tapawutlandyrýarlar. Zadatkalary bolsa ukyplary ösdürmek üçin döredilen potensial mümkinçilikler diýip düşündirýärler. Geçirilen eksperimentleriň netijesiniň seljerilmegi bu soraga dogry jogap bermäge mümkinçilik döretdi. Nesilden-nesle ukyplar geçmän diňe **üşük** ösdürmek üçin döredilen potensial mümkinçilikler geçýär.

Adam tarapyndan ukyplary ösdürmek üçin döredilen mümkinçilikler amala aşyrylýarmy ýa-da ýok. Eger-de adama bu mümkinçilikleri ösdürip, olary belli bir işi üstünlikli ýerine ýetirmek üçin konkret ukyplara geçirer ýaly ýagdaý döredilse, onda olar amala aşar. Dünýä belli matematigiň ýa-da hudožnigiň çagasy ene-atasy ýaly bolup bilermi ? Ol birnäçe ýagdaýlar bilen baglydyr : ýaşaýyş şertler, daşky gurşaw, jemgyýetiň talaby we bu hünäriň durmuşda gerekligi ýa-da gerek dälligi.

Esasanam, jedelli meseleleriň biri-de intellektual ukyplaryň (bilim almak, okamak) nesilden nesle geçişi. Pedagog-materialistleriň pikirine görä ähli normal adamlar tebigatdan özüniň akyl we bilesigelijilik ösüşi üçin ýokary potensial mümkinçilikleri alýarlar. Ýokary nerw işindäki bar bolan aratapawutlar diňe pikirleniş prosesi işini üýtgedýärler, onuň hilini intellektual işiniň hilini, derejesini öňünden kesgitlemeýärler. Görnükli genetik, akademik N.P. Dubininiň aýtmagyna görä intellektiň nesilden nesle geçişini ylmy barlaglaryň netijesi inkär edýär.

Şol bir wagt dünýäniň pedagoglary intellektual ukyplaryň ösüşine otrisatel täsir edýän nesilden geçýän faktorlaryň barlygyny belleýärler. Alkogol içgileri, neşe serişdelerini ulanýan adamlaryň çagalaryna nesilden-nesle psihiki keseller geçip biler.

Pedagog-idealistler adamlaryň intelektual ösüşindäki deňsizligi bu ukyplaryň nesilden-nesle geçýänligi bilen düşündirýärler. Olaryň pikirine görä terbiýelemek we bilim almak mümkinçilikleri nesilden-nesle birmeňzeş geçmeýär. Şonuň üçin adamlaryň hemmesine birmeňzeş bilim berip we terbiýeläp bolmaýar diýýärler.

Intellektual zadatkalaryň nesilden-nesle geçiş prosesine dogry düşünmek adamlary dogry okatmagyň we terbiýelemegiň ýollaryny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Häzirki zaman pedagogikasy olaryň arasyndaky aratapawutlary gözlemeýär, her adamda ösmeklige bar bolan mümkinçilikleri deň ýagdaýlarda ösdürmäge çalyşýar. Daşary ýurt pedagogik ulgamlary terbiýe ösüşiň

yzyndan barmalydyr diýip düşündirýärler. Olaryň pikirine görä terbiýe tebigy berlen zadatkalaryň ösüşine baglydyr.

Ösüş üçin ýörite döredilen mümkinçilikleri (zadatkalary) kesgitlemekde düşünişmezlik ýok. **Ýörite zadatkalar diýlip**, belli bir işi ýerine ýetirmäge gönükdirilen zadatkalara aýdylýar. **Ýörite zadatkalary** bar bolan çagalar bu ugurdan tiz ösýärler, uly netijeler gazanýarlar. Eger adama mümkinçilik döredilse, onda onuň ýörite zadatkalary ösüşiň irki döwründe ýüze çykýarlar. Ýörite zadatkalara – saz, suratkeşlik, matematiki, lingwistiki, sport zadatkalary we başgalar degişlidir.

Ahlak (moral) sypatlaryň we psihikanyň nesilden-nesle geçişi esasy soraglaryň biridir. Köp wagtyň dowamynda pedagogikada psihiki hiller nesilden-nesle geçmeýär, olara damyň organizminiň daşky gurşaw bilen aragatnaşygy esasynda ýüze çykýarlar diýip düşündirilýärdi. Adam gaharjaň, hoşgylaw, eli açyk, içigysgynç, ýyrtyjy we jenaýatkär bolup dogulmaýar diýlip düşünilýärdi. Çagalara ene-atasyndan moral (ahlak) hiller nesilden-nesle geçmeýär. Adamyň genetiki programmasynda özüni jemgyýetde dogry alyp barmak maglumatlary ýok. Gadymy döwürde täze doglan çaganyň ruhy “arassa sahypa” ýaly diýip düşündiripdirler. Durmuş bolsa bu “arassa sahypa” öz hatlaryny ýazýar, diýipdirler. Adamyň nähili bolmagy daşky gurşaw bilen terbiýe baglydyr diýip bellenen. Genetiki programmalaryň seljerilmegi netijesinde alymlar olarda gaharjaňlygyň, hoşgylawlygyň, gazaplylygyň, boýunbolujylygyň we başga ahlak häsiýetler bilen bagly genlere duş gelinmändirler.

Onda näme üçin köp alymlar “dogabitdi gahar-gazap” diýen nazary pikri öňe sürýärler. Birnäçe asyrlar dowamynda öz manysyny ýitirmedik “alma almadan daşa düşmeýär” diýeln atalar sözi dogrymyka ? Daşary ýurt (Günbatar) pedagogikasynda adamyň ahlak hilleri nesilden-nesle geçýär diýlip düşündirilýär. Adamlar eýýam doglanda hoşgylawly we gaharjaň, dogryçyl we ýalançy bolup dogulýarlar. Uruşganlyk, gaharlylyk, hilegärlik, ganymlyk adama tebigy berilýär diýýärler. (M. Montessori, K. Lorens, E. Fromm, A. Miçerlik we başgalar). Bu netijelere olar adamyň we haýwanlaryň özüni alyp barşyny öwrenmek boýunça geçiren ylmy barlaglarynyň jemleri getirýärler.

Eger-de ylym adamlarda we haýwanlarda instinkt we refleksler bardygyny boýun alýan bolsa (I.P.Pawlow) instinklerem nesilden-nesle geçýän bolsa, onda adamlar tarapyndan kabul edilen instinktler hem haýwanlardaky ýaly hereket etmelidir.

Şeýdip haýwanlaryň özüni alyp barşy bilen adamlaryň özüni alyp barşyny birmeňzeş etjek bolýarlar. Haýwanlaryň özüni alyp barşy köp babatdainstinktiw reflektor häsiýete eýe bolup, onuň ýokary aň ösüşine bagly bolman, diňe sada biologik refleksler netijesinde hereket edýär.

Bu mesele örän çylşyrymly bolandan soň, oňa örän jogapkärli çemeleşmeli. Muňa garamazdan soňky wagt biziň alym-pedagoglarymyzyň-da birnäçesi adamyň özüni alyp barşy genetiki kesgitlenendir diýen pikiriň tarapyna geçip başladylar.

Adam biologik görnüş hökmünde özüniň taryhy ösüşini üýtgetmän gelýär diýsegem bolar. Bu adamyň tebigatynyň üýtgewsizligini duşündirýär. Adamyň görnüşi diňe alymlaryň adamyň genetiki kodyna aralaşyp ony üýtgeden ýagdaýynda üýtgäp biler. Bu işleriň nähili netije berjegini – peýdamy ýa-da zyýan ony wagt görkezer.

## Daşky gurşawyň şahsyýetiň ösüşine täsiri

Adam jemgyýetleşmek prosesinde şahsyýete öwrülýär. Başga adamlar bilen söhbetleşip, aragatnaşyk gurap. Adam jemgyýetiniň ýok ýerinde ruhy, jemgyýetçilik, psihiki ösüş bolup bilmez.

Käbir mysallara ýüzleneliň. Maugli baradaky erteki-başdan-aýak toslama däldir. Adam siwilizasiýasynyň ösüşinde belli bolan käbir maglumatlar ony tassyklaýarlar. Rim döwletini esaslandyran Romuly we Remi böri (gurt) bakyp ulaldypdyr. Maugli haýwanlaryň arasynda ulalypdyr, litwaly oglanjyk aýynyň köweginde ýaşapdyr. Belli bolan maglumatlara görä 15 çaga – gurtlar (böriler) tarapyndan bakylan, 5 çaga aýylar, 10 çaga – maýmynlar, 1 çaga gaplaň (leopard), 1 çaga goýun tarapyndan bakylypdyr diýlen maglumatlar bar. (Bu ýerde türkmen halk gahrymany Görogly begiň dünýä inip ösüşini ýatlasak hem kem bolmazdy).

1920-nji ýylda Hindistanly lukman Sung gurtlaryň (börileriň) hininde iki sany adam çagasyna duşupdyr. Olar gyzlardy. Biri 7-8 ýaşlarynda, beýlekisi iki ýaş kiçi. Gyzlara Amala we Kamala diýip at dakypdyrlar. Çagalaryň özüni alyp barşy edil ýabany haýwanlaryň özüni adamyň jaýynda alyp barşy ýaly bolupdyr. Dört aýagynda, özleräm diňe gije ýöräpdirler. Gündiz bolsa uklapdyrlar. Ýatanlarynda-da biri-birine berk gyslyşyp ýatypdyrlar.

Kiçi gyzjagaz tiz wagtdan aradan çykypdyr. Ol hiç zady öwrenip bilmändir. Uly gyzjagaz 10 ýyl ýaşapdyr.

Lukman Sung 10 ýylyň dowamynda ýörite gündelik ýöredip oňa eden synlarynyň ählisini ýazypdyr. Bu gyza ilki dik durmagy öwredipdirler. Alty ýyldan soň Kamala ýöräp başlapdyr, ýöne dört aýak bolup ylgapdyr. Dört ýylda alty sözi özleşdiripdir. Ýedi ýyldan soň onuň söz baýlygy 45 söze ýetipdir, ýene-de üç ýyldan 100 söze ýetipdir. 10 ýylyň içinde Kamala adamlar toparyna öwrenişipdir, ýagtylykdan gorkmandyr, eli bilen iýmegi öwrenipdir, stakandan suw içip bilipdir. On ýedi ýaş töweregine ýetende Kamalanyň ösüşi dört ýaşly çaganyň ösüşine deň bolupdyr.

Adam diňe jemgyýetde ýaşap tebigat tarapyndan berlen üstünliklere ýetip biler. Eger-de ösüş (siwilizasiýa) bolmadyk bolsa, adam iň bir nejis, aňsyz haýwan bolup ýaşardy. Adamy adam edýän jemgyýetdir.

**Daşky gurşaw** – bu adamyň ösýän real we hakyky şertleridir.Şahsyýetiň kämilleşmegine daşky gurşawyň dürli görnüşleri täsir edýärler. Olar geografik, sosial, mekdep, maşgaladyr. Daşky gurşaw özüniň täsiri boýunça **ýakyn** we **uzak** toparlara bölünýär. Pedagoglar daşky gurşaw diýlende ilki bilen sosial we maşgala gurşawyny göz öňunde tutýarlar. **Sosial** gurşaw – uzak, maşgala – **ýakyn** gurşawdyr. **Sosial gurşaw** diýen düşünje jemgyýetiň gurluşyny, önümçilik aragatnaşyklaryny ýaşaýyş ýagdaýlaryny önümçilik we sosial prosesleriň amala aşyrylyşyny öz içine alýar. **Ýakyn gurşaw** – bu maşgala, garyndaşlar, dostlar.

Daşky gurşawyň adamyň kämilleşmegine täsiri nähili ? Daşky gurşawa baha berlende pedagoglaryň arasynda bir garaýyş ýok. Dünýäniň ähli pedagoglary daşky gurşawyň wajyplygyny belleýärler. Ýöne onuň täsiriniň güýjüne baha berlende olaryň pikirleri deň gelmeýär. Bize belli bolşy ýaly abstrakt gurşaw ýok. Diňe konkret jemgyýet gurluşy, adamyň konkret ýaşayyş şertleri, maşgalasy, mekdep,

dostlary bar. Adam ýakyn we uzak gurşawlaryň onuň ösüşine gowy şertler döreden ýagdaýynda ösüşiň ýokary derejesine ýetip bilýär.

Çagalyk döwründe, adamyň ösüşine öý gurşaw uly täsir ýetirýär. Maşgalada adamyň ilkinji günleri, ädimleri, onuň geljekde ösüşi we kämilleşmegi kesgitlenýär. Çaganyň ösüşinde, kämilleşmeginde maşgalanyň orny uldyr. Maşgala onuň gyzyklanmalaryny, talaplaryny, garaýyşlaryny we gymmatlyk baradaky garaýyşlaryny kesgitleýär. Ondan başgada maşgala onuň tebigy berlen zadatkalaryny ösdürmäge material şertler döredýär. Şahsyýetiň ahlak we sosial hilleride maşgaladan öz gözbaşyny alýar.

Nazary we tejribe nukdaýnazaryndan gyzyklanma döredýän sorag : şahsyýetiň ösmegine daşky gurşaw köp täsir edýärmi ýa-da nesle geçijilik. Hünärmenler bu soraga jogap berende öz garaýyşlary boýunça dürli toparlara bölündiler. Olar **biogenetikler** we **sosiogenetikler** (sosiologizatorlar) diýen toparlara bölündiler. Biogenetikler – neslegeçijilik şahsyýetiň ösüşinde esasy orun tutýar diýen pikiri öňe sürdiler.

**Sosiogenetikler** (sosiologizatorlar) – şahsyýetiň ösüşinde esasy orun daşky gurşawa degişlidir diýip belleýärler. Birnäçe alymlar öz işlerinde daşky gurşaw bilen neslegeçijiligiň adamyň ösüşine täsirlerini ölçegleriň üsti bilen barlap gördüler. Alnan maglumatlar gapma-garşylykly boldy. Netijede alnan maglumatlar şeýle netije çykarmaga mümkinçilik berdi : barlanýan faktorlar adamlaryň ösüşine birmeňzeş täsir etmeýärler diýip jogap berdi. Sosiogenetikler (sosiologizatorlar) daşky gurşawyň ösüşe täsiri 90 % diýip hasap edýärler. Biogenetikler neslegeçijilik ösüşe 80-90% az täsir etmeýär diýen netije çykardylar. Mysal üçin iňlis psihology D. Şattlewort (1935 ý.) esasy faktorlaryň adamyň akyl ösüşine täsiri boýunça şu netije geldi :

- Akyl ösüşiniň 64% neslegeçijilik täsir edýär;
- Akyl ösüşiniň 16 % maşgala gurşawy täsir edýär;
- Akyl ösüşiniň 3% şol maşgaladaky çaga terbiýesiniň täsiri;
- Akyl ösüşiniň 17% neslegeçijilik bilen daşky gurşawyň arabaglanyşygy täsir edýär.

Ylmyň takyklyga esasy üns bereniniň sebäbi, bu onuň maksadydyr. Ýöne näçe ölçegler geçirilse-de, olaryň netijesi hakykata doly ýetip bilmez. Her bir adam

özbaşdak, öz ugruna ösýär, şonuň üçinde olaryň her haýsysynyň ösüşinde neslegeçijiliginde, daşky gurşawyňda öz "paýy" bardyr.

Häzirki ylmyň berýän maglumatlaryna görä şahsyýetiň ösüşine täsir edýän faktorlar : mikrofaktorlar, mezofaktorlar, makrofaktorlar, megofaktorlar diýlen toparlara bölünýärler.

**1. Mikrofaktorlara** – maşgala, öý goňşular, jaý, deň-duşlar degişlidirler. Olaryň adama täsiri şahsyýeti dogry ýa-da nädogry ösüşe alyp gelýär. Bu ýerde täsiriň güýji we täsir edýän adamyň täsiriniň mazmuny esasy orun tutýar.

**2. Mezofaktorlara –** habar beriş serişdeler degişlidir. Adamyň okaýan kitaplary, žurnal-gazetleri, radioda diňleýän habarlary, telewizorda görýän kinofilmleri onuň şahsyýetleşmegine uly täsir edýär.

**3. Makrofaktorlara** – halk, medeniýet, döwlet, jemgyýet degişlidir. Halkyň sosial, maddy ýagdaýy, medeniýetiň ösüşi, döwletiň alyp barýan syýasaty, jemgyýetiň ösüşi adamyň jemgyýetleşmegine uly täsir edýär.

**4. Megofaktorlara** – kosmos, planetalar degişlidir. Asmanda, howada bolup geçýän hadysalaryňda adama täsiri uludyr.

Soňky wagt adamlaryň arasynda teleýnama boýunça şahsyýete täsir etmek ýollary açyldy. Magnit meýdanlarynyň adamyň saglygyna edýän täsiri öwrenildi. Olaryňam öz gezeginde şahsyýetiň ösüşine täsiri uludyr.

Käbir alymlar ady agzalan toparlary : **noosfera; sosiosfera; psihosfera** ýaly toparlara bölüp : **- noosfera** – kosmosy planetalary; **sosiosfera** – halky, döwleti, medeniýeti, jemgyýeti; **psihosfera** – maşgalany, öýi, goňşulary, jaýy, deň-duşlary olaryň düzümine goşýarlar.

Şahsyýetiň ösüşine akselerasiýada uly täsir edýär. **Akselerasiýa** – adamyň beden (fiziki)-biologiki ösüşiniň tizlenmesidir. Bu tizlenme dem alynýan howa, iýilýän iýmitiň düzümi bilen berk baglanyşyklydyr. Onuň häsiýetleri öňki nesillere seredende häzirki ýaşlaryň uzyn boýly bolmagy, saçyň tiz agarmagy, dişleriniň düşmegi, jyns ösüşiniň tizlenmesi we şuňa meňzeşlerdir.

**Urbanizaiýa (şäherleşme)** – ýurduň ykdysady, sosial medeni ösüşiniň netijesinde köp adamlaryň obalardan, etraplardan kiçi şäherlerden uly şäherlere

geçmegi. Dünýäniň halklarynyň 60%-e golaýy häzirki wagt uly şäherlerde ýaşaýanlygydyr. Onuňam şahsyýetiň kemala gelmegine položitel we otrisatel täsirleri bar. Bir tarapdan adam medeniýete, sungata, bilim ojaklaryna, sagaldyş merkezlerine ýakyn ýerleşip öz isleglerini kanagatlandyryp biler. Ikinji tarapdan uly şäherlerde uly mekdepler emele gelýär, olarda okadylýan çagalaryň sany müňden artýar. Bu bolsa öz gezeginde okuw-terbiýeçilik işine päsgel berýär. Adamlaryň biri-birine bolan gatnaşygy , garaýşy peselýär.

Ylmyň berýän soňky maglumatlaryna görä, eýýam çaga doglanda onuň nerw gurluşy boýunça olar şu toparlara bölünýärler : - **nerw ulgamynyň gurluşyň obraz, çeperçilik, pikirleniş görnüşi** - bu çagalardan ýazyjylar, hudožnikler, aktýorlar, çeperçilik bilen meşgullanýan hünärmenleri taýýarlap bolar.

- **nerw ulgamynyň gurluşynyň rasional-pikirleniş görnüşi** – bu çagalardan filosoflar, döwlet dolandyryjylar, alymlar, serkerdebaşylar taýýarlap bolar :
- **nerw ulgamynyň gurluşynyň gatyşyk görnüşi** – barlagyň netijesinde ýokarky agzalan toparlaryň haýsysyna köpräk degişli bolsa şoňa görä hünäre ugrukdyrmaly.
- **Şahsyýetiň ösüşine** zehiniň täsiri uly. Käbir ýagdaýlarda zehin beýniniň biologik gurluşy we ösüşi bilen bagly bolýar. Käbir ýagdaýlarda zehiniň ösüşi – terbiýe we bilimiň berlişine baglydyr.

Umuman alnanda şahsyýetiň ösüşi çykşyrymly, öwrenmeli meseleleriň biridir.

## Ösüşiň umumy kanunalaýyklyklary

### Ösüş we terbiýe

Neslegeçijiligiň we daşky gurşawyň adama täsiri terbiýe bilen anyklaşdyrylýar. Jemgyýete hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti taýýarlaýan esasy güýç – **terbiýedir**. Terbiýäniň güýji onuň maksadagönükdirilenliginde, üznüksizliginde we dogry ýolbaşçylyk edilmegindedir. Terbiýäniň ejizligi onuň adamyň aňyna esaslanyp, onuň işde gatnaşmagyny talap etmegidir. Neslegeçijilik we daşky gurşaw bolsa adama aňsyz we aňasty täsirindendir. Şunuň bilen terbiýäniň adamy kämilleşdirmekdäki orny, roly, mümkinçilikleri kesgitlenýär. Pedagogikanyň "Terbiýe ähli zady edip bilýär" diýen şygary özüni ödemedi.

Terbiýe bilen köp hilleri ösdürip bolar, ýöne adamy düýbünden üýtgedip bolmaz. Adamlaryň durmuşyna terbiýe iň kiçiden uly möçberdäki goşantlary goşup biler. Olaryň möçberi şahsyýetde bolup geçýän üýtgeşikler bilen ölçenýär.

Görnükli adamlaryň terbiýäniň güýjüniň täsiri barada aýdan pikirlerini okan. Siz kimiň pikiri dogry diýýäňiz, nämä üçin ?

*“Terbiýe ähli zady edip bilýär”*

***Gelwesiý.***

*“Çagalary mümkin boldygyndan az okatmaly. Eger-de çagalar käbir zatlary öwrenmän ulalsalar bu köp zyýan getirip bilmez. Köp zyýan getiryän, howply ýagdaý haçan döreýär, haçanda öz çagalarynyň okaýan derslerini bilmeýän eneler olaryň terbiýesine ýolbaşçylyk etse”.*

***L. N. Tolstoý.***

*“Eý meniň dostum, dürli terbiýeden mümkin boldygyndan halas boljak bol”.*

***Wolter.***

*“Terbiýe çäklidir, ýöne ol köp zatlary edip bilýär. Bagban ýabany almany sapmak ýoly bilen bag almasyny alyp biler. Ýöne ol ýabany almany sapmak ýoly bilen ondan dub agajynyň tohumyny alyp bilmez”.*

***B. G. Belinskiý.***

*“Terbiýe ösüşi gönükdirýär – ol şahsyýetiň kämilleşmeginiň esasy güýjüdir. Şol bir wagtda terbiýäniň güýçsizligi barada aýtmaly. Çaganyň şahsyýetiniň kämilleşmeginde oňa durmuşyň otrisatel (ters) täsir edýän durmuş şertlerine terbiýe garşy durup bilmeýär”.*

***S. L. Rubinşteýn.***

Terbiýe adamyň ösüşini öňde goýlan maksada boýun edýär. Terbiýeçileriň maksadagönükdirilen we üznüksiz täsiri adamda täze, öňünden meýilleşdirilen şertli reflektor baglanyşyklarynyň emele gelmegine getirýär. Onuň ýaly arabaglanyşyk hiç hili başga ýol bilen amala aşyrylmaýarlar. Adamyň ösüş maksatnamasynda emele gelen boşluklary doldurýan terbiýedir. Terbiýäni dogry ýola goýmagyň esasy meseleleriniň biri – çaganyň gyzyklanmagyny we zehinini kesgitlemekdir - olary adamyň mümkinçiliklerine we aýrabaşga ösüş aýratynlyklaryna görä ösdürmekdir. Ýörite geçirilen barlaglaryň netijesiniň maglumatlaryna görä terbiýe çaganyň tebigy berlen mümkinçiliklerine eýerip, onda kesgitlenen hilleriň ösmegine täsir edýär. Maýmyn çagalary adamlaryň çagalarynyň arasynda birmeňzeş şertlerde adamlar bilen aragatnaşykda bolup, gowy iýmitler iýip terbiýelense-de, adama häsiýetli birjikde psihiki hili alyp bilmediler. (*N.I. Ladygina-Kostyň barlaglary*).

Ösüşe täsir etmek bilen terbiýäniň özüde ösüş bilen bagly bolýar. Ösüşiň ýeten derejesine daýanýar. Terbiýäniň effektiwligi adamyň terbiýeçilik täsiri kabul edip bilişi bilen kesgitlenýär. Ol öz gezeginde neslegeçijilik we daşky gurşaw bilen esaslanylýar. Adamlaryň terbiýäniň täsirine boýun bolşy dürli-dürlidir. Käbir adamlar düýbünden terbiýäniň talaplaryna boýun bolmaýarlar, käbirleri doly boýun bolýarlar. Bu ýerde adamlaryň terbiýeçilik işine aragatnaşygy, konkret ýagdaýlar kesgitleýji rol oýnaýarlar.

Terbiýäniň täsiriniň güýji birnäçe şertlere we ýagdaýlara baglydyr. Rus pedagog-psihology Z.S. Wygotskiniň (1896-1934) esaslandyran kanunalaýyklygyna görä terbiýäniň maksady we usullary çaganyň ösüş derejesine deň bolman, eýsem onuň “ýakyn ösüş zonasyna-da” deň gelmelidir. Ol akyl ösüşiniň iki derejesini aratapawutlandyrýar. 1. “aktual ösüş dereje”; 2. “ýakyn ösüş zonasy”. Birinji derejede çaga ýumuşlary özbaşdak ýerine ýetirýär. Ikinji-de ol

ýumşy ýerine ýetirip bilmeýär. Öňde goýlan meseläni ululularyň kömegi bilen amala aşyrýar. Diňe ösüşden öňde gidýän terbiýe – gowy terbiýe hasaplanýar. Terbiýäniň maksady "ýakyn ösüş zonasyny" döretmek, onam öz gezeginde soňundan "ösüşiň aktual zonasyna" geçirmek. Ösüşiň yzy bilen ösüşi alyp barýan terbiýe şahsyýeti kämilleşdirýär.

## Iş ösüşiň faktory hökmünde

Ösüşe neslegeçijilik, daşky gurşaw we terbiýe bilen bir wagtyň, özünde – şahsyýetiň ýerine ýetirýän işide täsir edýär. **Iş** spesial katigariýadyr. Ol daşky sredanyň talabyna organizmiň biologiki uýgunlaşmagy hasiýetde ýüze çykýar.Iş – bu adamyň ýerine ýetirýän dürli hyzmatlarydyr. Iş barada gadymdan gelýän atalar sözlerine ýüzleneliň : "Sen maňa çaganyň näme edýänligini, nähili edýänligini aýtsaň men onuň kim boljagyny aýdaryn", "Näçe der dökseň – şonçada üstünlik geler", "Ir turan işinden dynar", "Adam öz bagtynyň ussasy", "Zähmetiňe görä – bahaňy bererler". Ösüşiň netijesi bilen intensiw işiň arabaglanyşygy görnüp dur. Ösüşiň umumy kanunalaýyklarynyň biri-de : adam bir ugurda näçe köp işlese, şonçada onuň bu ugurdan ösüşi ýokary bolar. Elbetde bu kanunalaýyklyk çäklidir. Ol çäkler adamyň ýaşyna, işiň guralyşyna, onuň ýerine ýetiriliş tizligine baglydyr.

Çagalaryň we ýetginjekleriň işleriniň esasy görnüşleri : - **oýun, okuw, zähmet**.Öz ugurlary boýunça işler **bilim beriji, jemgyýetçilik, sport, döredijilik, tehniki, hünärment, gedoniki** (lezzet almaga gönükdirilen) aratapawutlanýarlar. Işiň esasy görnüşi – gürrüňdeşlikdir.

Iş **aktiw we passiw** bolup biler. Şahsyýetiň aktiwligi ösüşiň netijesidir.

## Ösüşiň anyklanylyşy

Pedagogik tejribede okuwçylaryň ösüş derejesini öwrenmeklik wajyp hasaplanýar. Onuň sebäbi ösüşiň derejesini bilmän, adamda bolup geçýän üýtgeýişleri bilmän, ony dogry dolandyryp bolmaz. Belli rus pedagogy K.D. Uşinskiý şeýle diýýär : "Eger pedagogika adamy ähli taraplaýyn terbiýelejek bolsa, onda ol ony öňünden hemmetaraplaýyn öwrenmelidir"

Diagnostika (grek sözi bolup “dia” – arassa, “gnozis” bilim) öwrenýän obýekt barada dogry maglumat almakdyr.

Adamyň beden ösüşini anyklamak aňsat. Onuň üçin dünýäniň islendik künjeginde ýörite düzülen ösüşiň umumy we ýörite hilini ölçeýän soragnamalar (testler) ulanýarlar. Adamyň öňünde goýan meseleleri ýerine ýetirişine görä onuň beden taýdan ösüşi barada netije çykarylýar. Alnan maglumatlar ýaş mümkinçilikleri bilen deňeşdirilýär.

Adamyň ruhy ösüşini anyklamak örän kyn. Ony kesgitlemek üçin ulanylýan usullar çylşyrymly, göwrümi boýunça uly we ýalňyş netije bermegi-de mümkin. Onuň üçin adamyň saglygyny hemmetaraplaýyn, bütewüleýin barlamaly, onuň sosial, psihologik ösüşi barada maglumatlary toplamaly. Onuň üçin ýörite abzallaşdyrylan klinikalar, laboratoriýalar gerek.

Real pedagogik tejribede mugallymlar şahsyýetiň aýry-aýry hillerini öwrenýärler, ýöne bu barlaglaryň netijesinde şahsyýetiň ösüşine baha berip bolmaz. Her bir barlag üçin ýörite hünärmenler tarapyndan taýyarlanan testler (soragnamalar) ulanylmaly. Testiň (soragnamanyň) nädogry ulanylmagy adamyň ösüşine, saglygyna otrisatel täsir etmegi mümkin.

Daşary ýurtlarda şahsyýetiň ösüşi we oňa edýän täsirler nähili öwrenilýärkä ? Olarda bu meselä nähili garaýyşlar barka ? Daşary ýurtly şahsyýet meselesini öwrenijiler häzirki jemgyýet üçin “orta raýaty” terbiýelemegi öňe sürýärler. “Adam lokator” – D. Rismen, “guramaçylykly adam” – W.G. Uaýt, “bir ölçegli adam” – G. Markuze, “topar adamy” – R. Gwardini we G. Marsel.

XX asyryň 70-nji ýyllarynda amerikan pedagoglary “Öndürijilikli şahsyýet” taýýarlamak meselesini öňe sürdüler. Bu görnüşli şahsyýetiň hilleri : öz-özüňi sylaýan, özüniň aýrabaşga hillerini bilýän, özüniň jogapkärligini duýýan, ösen, gymmatlyklar ulgamyny bilýän diýip hasap edipdirler.

Belli nemes sosiology Ý. Habermas “indiwidual (aýrabaşga) häsiýet” atly adalgany öňe sürýär we şeýle şahsyýeti terbiýelemegi hödürleýär.

Fransuz pedagogy K. Ýumel “özüni özbaşdak alyp barýan şahsyýeti” terbiýelemegi hödürleýär.

Ýokardaky ady agzalan şahsyýet meselesini çözmäge synanyşýan daşary ýurt alymlarynyň garaýyşlary bu meseläniň ähli adamzady gyzyklandyrýandygy barada habar berýär we bu maglumatlar ylmy dünýägaraýşy terbiýelemäge mümkinçilik berýär.

Geliň şahsyýetiň ösüşini öwrenmek üçin ulanylýan testler bilen tanşalyň. Şahsyýeti hemmetaraplaýyn öwrenmek üçin tejribede bir däl, kompleks testler (toplumlaýyn) ulanylýar. Mysal üçin çeh psihology Ý. Ýyrasekanyň testi bilen tanyşalyň. Bu test 6 ýaşly çagalaryň werbal (sözleýiş) pikirlenişini anyklamak üçin we olaryň mekdebe taýyarlygyny kesgitlemek üçin ulanylýar.

Test (werbal pikirlenme).

1. Haýwanlaryň haýsysy uly atmy ýa-da it ?
   *At = 0; nädogry jogap = -5.*
2. Irden biz ertirlik edýäs, günortan …. ?
   *Günortanlyk=0, agşamlyk, ýatýas we ş.m.=-3.*
3. Gündiz ýagty, gije bolsa ….
   *Garaňky =0, nädogry jogap = -4*
4. Asman gök, ot ….
   *ýaşyl=0, nädogry jogap = -4.*
5. Alma, üzüm, erik bular näme ?
   *miwe=1, nädogry = -1.*
6. Poýezd geçmezden näme üçin ýol ýapylýar ?
   *Hiç kim poýezdiň aşagyna düzmeşligi üçin we ş.m.=0; nädogry jogap = -1.*
7. Sagat näçe ? (Kagyzdan ýasalan sagatda wagty görkezmeli).
   *Dogry jogap=4; bilmeýär=0.*
8. Aşgabat, Türkmenabat, Mary bular nämäniň ady ?
   *şäherler=1; stansiýanyň ady=0; nädogry jogap =-1.*
9. Kiçijik sygyr-gölejik, kiçijik geçi – bu …, kiçijik goýun – bu …
   *owlajyk=1; ikisinden birine jogap=0; nädogry jogap=-1*
10. It pişige köp meňzeşmi ýa-da towuga ?

*pişige (meňzeşligi görkezip)=0;   pişige(meňzeşligini görkezmän)=1;*

*nädogry jogap=-3.*

11.Näme üçin ähli maşynlarda tormozy bar ?

*Iki häsiýeti (saklamak üçin, ýokardan aşak ýörände)=1;*

*bir häsiýet=0;    nädogry jogap=-1.*

12.Çekiç bilen palta biri-birine nähili meňzeşligi bar ?

*Iki meňzeşlik=3;    bir meňzeşlik=-2;  nädogry jogap=0.*

13.Towşan bilen pişik biri-birine nähili meňzeýärler ?

*Iki häsiýetini kesgitlese (4 aýak, guýruk we ş.m.)=3;*

*bir häsiýeti kesgitlese=2;   nädogry jogap=0.*

14.Sen nähili aragatnaşyk serişdelerini bilýäň ?

*3 sanysynyň adyny bilse=4;   aýdandan soň=2;   nädogry jogap=0.*

15. Garry adam ýaş adamdan nähili tapawutlanýar ?

*3 aratapawudy bilse=4;   iki ýa-da birini bilse=2;   nädogry jogap=0.*

16.Adamlar näme üçin sport bilen meşgullanýarlar ?

*iki sebäbini aýtsa=4;   bir sebäbini aýtsa=2;  nädogry jogap=0.*

17.Näme üçin adam işden boýun gaçyrsa, bu ýaman häsiýet ?

*Dogry jogap=2;    nädogry jogap=0.*

18.Näme üçin ululary sylamaly ?

*Dogry jogap=5;     nädogry jogap=0.*

19.Futbol, woleýbol, basketbol, tennis bular …. ?

*Sportuň görnüşleri (bedenterbiýe)=3;     oýun=2;    nädogry jogap=0.*

20.Çüý bilen iňňäniň aratapawudyny bilýäňmi ? Olary nähili aratapawutlandyrmaly ?

*Çüý bir zady kakmak, berkitmek üçin gerek=3;*

*Iňňe tikin tikmek üçin gerek=2;*

*Nädogry jogap=0.*

Testiň netijesi “ + we - ” jemi bilen kesgitlenýär.

| | |
|---|---|
| *Örän ýagşy* | *+24 we ýokary.* |
| *Ýagşy* | *+14-den tä +23 çenli.* |
| *Kanagatlanarly* | *+0-den +13-e çenli.* |
| *Ýaramaz* | *-1-den -10 çenli.* |
| *Örän ýaramaz* | *-11 we ondan ýokary.* |

## Ýetginjekleriň we ýokary synp okuwçylarynyň şahsyýetiniň hillerini diagnostirlemek (anyklamak).

Synalýanlara jogap listi berilýär ýa-da synp tagtasyna çyzylyp görkezilýär, olar hem şondan çyzyp alýarlar.

*Synalýanlara instruksiýa.* Degişli maglumatlary öwrenenden soň, siz islendik işi ýerine ýetirip bilersiňiz diýeliň. Şeýle işi saýlamakda iki mümkinçiliklerden birini saýlap alyň we şonuň tertibiniň we indeksiniň gapdalynda “+” goýuň.

**1a.** Haýwanlary idetmeklik ýa-da, **1b.** Maşynlara, gurallara hyzmat etmek (sazlamak, gözegçilik etmek).

**2a.** Kesellere ýardam etmek, olary bejermek ýa-da, **2b.** Hasaplaýyş maşynlaryna tablisalar, shemalar, maksatnamalar düzmek.

**3a.** Kitaplara, plakatlara, otkrytkalara, disklere gözegçilik etmek, ýa-da **3b.** Ösümlikleriň ýagdaýlaryna, ösüşine gözegçilik etmek.

**4a.** Materiallar bilen (agaç, mata, plastmassa, demir we ş.m.) işlemek, ýa-da **4b.** Önümleri satyjylara eltmek (satmak, reklama).

**5a.** Ylmy-populýar kitaplary, makalalary ara-alyp maslahatlaşmak, ýa-da **5b.** Çeper kitaplary (filmleri, konsertleri) ara alyp maslahatlaşmak.

**6a.** Haýwanlaryň nähilidir görnüşini kiçilerini (ýaşlaryny) ösdürmek, ýa-da **6b.** Ýoldaşlaryňy ýa-da kiçi ýaşlylary nähilidir işlerde (zähmet, sport) türgenleşdirmek.

**7a.** Şekilleri köpeltmek (saz gurallaryny sazlamak), ýa-da **7b.** Nähilidir ýük göterýän maşyny ýük kranyny, traktory, teplowozy dolandyrmak.

**8a.** Adamlara zerur maglumatlary bermek, düşündirmek, ýa-da **8b.** Sergileri, witrinalary çeperçilikli bezemek (ýa-da konsertleri, pýesalary taýýarlamaga gatnaşmak).

**9a.** Zatlary (geýimleri, tehnikany), ýaşaýyş jaýyny remont etmek, ýa-da **9b.** Tekstdäki, tablisalardaky, şekillerdäki ýalňyşlary gözlemek we düzetmek.

**10a.** Haýwanlaryň kesellerini bejermek, ýa-da **10b.** Hasaplamalary ýerine ýetirmek.

**11a.** Ösümlikleriň täze görnüşlerini döretmek, ýa-da **11b.** Senagat önümleriniň (maşynlaryň, geýimleriň, oýun, iýmitleriň) täze görnüşlerini proýektirlemek, konstruirlemek.

**12a.** Jedellerde, tersleşmelerde adamlara araçy bolmak, olara düşündirmek, ynandyrmak, höweslendirmek, temmi bermek, ýa-da **12b.** Çyzgylary, shemalary, tablisalary öwrenmek (barlamak, takyklamak, tertibe getirmek).

**13a.**Çeper höwesjeňler gurnagyna gözegçilik etmek, öwrenmek, ýa-da **13b.** Mikroblaryň ýaşaýşyna syn etmek, öwrenmek.

**14a.** Medisina gurallaryna, apparatlaryna hyzmat etmek, sazlamak, ýa-da **14b.** Adamlar ýaralananda, oda köýende, ýykylanda olara medisina kömegini bermek.

**15a.** Ölçenýän obýektler, syn edilýän wakalar hakynda takyk ýazyp beýan etmeleri, hasabaty düzmek, ýa-da **15b.** Syn edilýän wakalary çeperçilikli beýan etmek ýa-da şekillendirmek.

**16a.** Keselhanada laboratoriýa seljerilişini ýerine ýetirmek, ýa-da **16b.** Keselleri kabul etmek, seretmek, gürrüňleşmek we bejermegi bellemek.

**17a.** Jaýlaryň diwarlarynyň ýa-da zatlaryň üstüni reňklemek, bezemek, ýa-da **17b.** Maşynlary gurallary ýygnamak, jaýlary montažlamak.

**18a.** Deň-duşlary ýa-da kiçi ýaşlylar üçin ekskursiýalar (teatrlara, muzeýlere (mirashanalara)) turistik ýörişler guramak, alyp gitmek, ýa-da **18b.** Sahnada oýnamak, konsertlerde çykyş etmek.

**19a.** Çyzgylary boýunça önümleri (maşynlary, geýimleri) taýýarlamak, jaý gurmak, ýa-da **19b.** Çyzuw bilen meşgullanmak, çyzgylary we kartalary göçürmek.

**20a.** Ösümlikleriň keselleri, agaçlar we baga zyýan berijiler bilen göreşmek, ýa-da **20b.** Klawişaly maşynlarda (ýazuw maşinkasynda, kompýuterlerde, teletaýpda, ýygnaýan maşynda) işlemek.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 1a | 1b | 2a | 2b | 3a |
| 3b | 4a | 4b | 5a | 5b |
| 6a | | 6b | | 7a |
| | 7b | 8a | | 8b |
| | 9a | | 9b | |
| 10a | | | 10b | |
| 11a | 11b | 12a | 12b | 13a |
| 13b | 14a | 14b | 15a | 15b |
| 16a | | 16b | | 17a |
| | 17b | 18a | | 18b |
| | 19a | | 19b | |
| 20a | | | 20b | |
| | | | | |

Netijeleri işlemek : Jogap listindäki sütünler şeýle hünärlere degişlidir – olary okuwçylar iň soňky setirde ýazýarlar : 1-tebigat; 2-tehnika; 3-adamlar; 4-bellik ulgamlary; 5 çeperçilik tipli hünärlerdir. Her bir sütündäki “+” sanalýar we iň soňky boş setirde ýazylýar. Plýuslaryň maksimal sany 8, minimaly – nol (0). Okuwçy haýsy sütünde köp “+” toplan bolsa, şol ugurdaky hünärlere gyzyklanmalary, niýetleri ýokary hasaplanýar.

San netijeler jemlenenden soňra, okuwçylar bilen hil netijeler, kimiň haýsy ugurlary saýlap alanlygy, halaýanlygy ara alnyp maslahatlaşylýar. Hünärleriň her toparyna anyk mysallar getirilýär, olardan halaýanlary anyklanylýar.

Maglumatlar ata-eneler, mugallymlar, mekdep ýolbaşçylary, önümçiligiň ýolbaşçylary bilen ara alyp maslahatlaşylýar, hünäre gönükdirilişi anyklanýar.

## Ösüşiň ýaş we indiwidual aýratynlyklary

Adamyň beden we akyl taýdan ösüşiniň onuň ýaşy bilen berk baglanyşyklydygyny gadymy döwürlerden bäri bilipdirler. Munuň şeýledigini subut etmek gerek bolmandyr: adamyň ýaşy ulaldygyça ol akyllanýar, tejribesi köpelýär, bilimi artýar, bedeni ösýär. Her bir ýaş döwre özüniň beden, psihiki we sosial ösüş derejesi mahsusdyr. Bu birmeňzeşlik bütewilikde we umumylykda alnanda şeýledir. Ýöne bir konkret adamy alsak, onda her bir ýaş döwründe ösüşiň dürli görnüşinde gyşarnyklar ýüze çykmagy mümkin. Adamyň dogry ösüşini dolandyrmak üçin filosoflar we pedagoglar gadymdan ýaş aýratynlyklary toparlara bölmäge synanyşypdyrlar. Mysal üçin, gadymy Gresiýada Platon (427-343) ýaş aýratynlyklary şu döwürlere bölüpdir : 3 ýaşdan 6 ýaşa çenli; 7 ýaşdan 12 ýaşa çenli; 12-16 ýaşa çenli; 16-dan – 18-e çenli; 18-den – 20-ä çenli; 20-den – 30-a çenli, 30-dan – 35-e çenli; 35-den – 50-ä çenli.

Aristotel (384-322) ýaş aýratynlyklar döwürlerini doglandan 7 ýaşa çenli; 7 ýaşdan – 14 ýaşa çenli; 14 ýaşdan – 21 ýaşa çenli. Bu ýaş aýratynlyklar toparlary özünde örän baý maglumatlary toplap adamy durmuşa taýýarlamakda uly orun tutupdyrlar.

XVI-XVII asyrdan soň, ýaş aýratynlyklar periodizasiýasynyň ösüşine Ý.A. Komenskiý, Stras, Býuller; Gorlok; Lewitow; Elkonin, Prşijoda, Wanek, Şwansera häsiýetnama berdiler. Mysal üçin, Ý. A. Komenskiniň ýaş aýratynlyklar ulgamy her 6 ýyly öz içine  alypdyr. Doglandan – 6 ýaşa çenli; 6 ýaşdan – 12 ýaşa çenli; 12-den 18-e çenli; 18-den – 24-e çenli. Ýokardaky ady agzalan filosoflar, pedagoglar, psihologlar adamyň ösüş döwrüni ýaş aýratynlyklary boýunça parhlandyrmaklyga, olaryň hersi özüçe, dürli nukdaýnazardan baha beripdir.

Bu babatda beýik akyldar Magtymgulyny filolog, psiholog hem pedagog hökmünde göz öňüne getirip bolar. Onuň “Nahama geldiň”, “Joşa ýetdiň”, “Ýaşynda”, “Don gerek”, “Jana ýetdiň”, “Düşen günlerim” atly goşgularynda bir, bäş, on ýaşy öz içine alýan döwürler hem aýratynlykda häsiýetlendirilýär. Akyldaryň düşündirişine görä, çaga dünýä inen döwründen mekdep ýaşyna çenli bolan aralykda fiziologik we psihologik taýdan özgerýär, dürli oýunlar arkaly özara ýaryşyp türgenleşýär, bedenlerini berkidýär, ýagşy bilen ýamany parhlandyrmagy öwrenip başlaýar. Üç ýaşynda bolsa iň möhüm zada – söz bilmek ukybyna eýe bolýar. Dört-bäş-alty ýaşlaryndan tä ýedi-sekiz ýaşlaryna çenli aralykda bolan günleriň, her birini “bahar ýaz  ýaly” edip geçirýär. Şeýdibem ösýär hem ulalýar.

Şahyryň aýtmagyna görä, çaganyň ýedi-sekiz ýaşlarynda ösüşiň möhüm döwri başlanýar. Ol mekdebe gatnap ugraýar, bilim alýar, edep öwrenýär. Akyldaryň sözleri bilen aýtsak, onda ol “ýola girýär”.

*Ýedide-mekdep gördüň,*

*Okadyň, ýola girdiň.*

Görşümiz ýaly, çaga bilim bermekde, oňa edep öwretmekde ony belli bir rejä girizmekde mekdebiň aýratyn ähmiýetiniň barlygy nygtalyp bellenilýär.

Magtymgulynyň çaga üç ýaşynda sözlemegi öwrenýär, on alty ýaşlarynda bolsa ýetginjeklik döwrüni başdan geçirýär, ýöne bu ýagdaý hemmelerde birmeňzeş bolmaýar diýen pikiriniň häzirki döwüriň fiziologiýa ylmynyň şu mesele barada hödürleýän ýaş aýratynlyklaryna gabat gelmegi-de üns bererlikdir.

Magtymguly ýetginjeklik döwri baradaky pikirlerini şeýle beýan edýär.

*Gyz bilen bazy gurduň,*
*Tä on dört ýaşa ýetdiň.*

*On bäşä ýetse saly,*
*Galkar köňül hyýaly,*
*Çalar jahyllyk ýeli,*
*Juwan görner gözüne.*

*On ikimden gitdim on üç ýaşyma,*
*On dördümde heser urdy başyma,*
*On bäşimde gyzlar girdi düýşüme,*
*On altymda gaýnap joşan günlerim.*

Akyldar ýetginjeklik döwrüň aýratynlygyny, ozaly bilen her bir ata-enäniň bilmegini, şoňa laýyklykda hereket etmegini işleýär. Nebsimiz agrysa-da, ata-eneleriň bir topary ogullarynyň we gyzlarynyň çagalyk döwri bilen hoşlaşyp, ýetginjeklik ýoluna gadam basyp, özüni alyp barşy, gylyk - häsiýeti boýunça özgerip başlaýandyklaryndan bihabar bolup galýarlar, şeýdip, kähalatlarda terbiýeçilik işinde soňundan düzetmesi örän kyn bolan halatlara ýol berýärler.

Pedagogika ylmy adamyň ösüş döwürlerini kesgitlemek netijesine töwerekleýip çemeleşýär, ýagny onuň psihologik (erk, emosiýa, gylyk-häsiýet, isleg we ş.m.), fiziki (beden, myşsa, muskullary (güýji)) taýdan ösüşini hem-de umumy (psihiki, fiziki, ahlak we beýleki sypatlary taýyndan) ösüşini tutuşlygyna (toplumlaýyn-kompleks) bilelikde göz öňünde tutýar.

Şu güne çenli hödürlenen çaga ýaş aýratynlyklar periodizasiýasy 20-30-dan geçdi we onuň üsti ýene ýetirilip dur. Sebäbi jedelsiz hemmäni kanagatlandyrýan

belli bir ýaş aýratynlyklar periodizasiýasy häli şindi düzülmedi. Häzirki wagt iň ýörgünli hasap edilýän ýaş aýratynlyklar periodizasiýasyny seljereliň.

Ýaş aýratynlyklaryň toparlara bölnüşi periodizasiýasydyr. Belli bir ýaş döwre häsiýetli anatomiki-fiziologiki we psihiki hillere ýaş aýratynlyklary diýilýär. Ýaş aýratynlyklaryň sypaty beden ösüşiniň üsti bilen aýdyň görünýär. Adamyň ösüşi, agramy, dişleriniň ösüşi, jyns ösüşi we başga-da biologiki prosesler belli bir ýaş döwründe ýüze çykýarlar. Biologiki we ruhy ösüş biri-biri bilen berk baglanyşykly bolany üçin, belli bir ýaş döwürde psihiki öşde-de üýtgeşmeler ýüze çykýar. Biologiki we sosial ösüş ýaly tertipde bolmasa-da, ýaşyň ösmegi bilen şahsyýeti ruhy ösüşi-de ýüze çykýar. Bular öz gezeginde adamyň ösüşinde etaplaryň (döwürleriň) bölünmegine we ýaş aýratynlyklar periodizasiýasynyň düzülmegine tebigy esas bolup hyzmat edýär.

Adamyň ösüşiniň doly periodizasiýasy bolan ösüş döwürleri onuň durmuş ýolunyň ähli tapgyrlaryny oňa häsiýetli öz içine alýar. Meselem : türkmen müçenamasy :

1-13 ýaş çagalyk

13-25 ýaş jahyllyk

25-37 ýaş ýigitlik

37-49 ýaş orta ýaş

49-61 ýaş aksakgallyk

61-73 ýaş gartaňlyk

73-85 ýaş garrylyk

83 ý.4 aý – 1000 aý ýaşan adam “şyhy pany” ýaşyny ýaşap, jaýy jennetde bolýarmyş.

Adamyň ösüşiniň doly däl periodizasiýasy durmuş we ösüşiň diňe özüne gerek bolan bölegini, özüni gyzyklandyrýan ösüş döwürlerini kesgitli ýa-da belli bir ylmyň öwrenýän döwrüni öz içine alýar. Mekdep pedagogikasy üçin gyzyklandyrma dörедýän döwür adamyň durmuşynyň we ösüşiniň mekdep döwrüdir.

Häzirki zaman ylmynda çaga ýaş aýratynlyklarynyň şu aşakdaky döwürleri kabul edilen:

***Psihologlaryň çaga ýaşlaryny döwürlere bölşi :***

1. Prenatal döwür (enesiniň göwresindäkä ösüş)
2. Birinji 6 hepde ýaşaýşy (irki bäbeklik döwri)
3. Bäbeklik döwri (1 ýaşa çenli)
4. 1 ýaşdan – 3 ýaşa çenli (irki çagalyk döwri)
5. Mekdebe çenli döwür (3-6 ýaş)
6. Mekdep ýaşy (6-11 ýaş)
7. Pubertat (krizis) döwri (11-15 ýaş)
8. Ýigdeklik döwri (15-20 ýaş)

***Pedagoglaryň çaga ýaşlaryny döwürlere bölşi :***

1. Irki çagalyk döwri (1 ýyl)
2. Çagalyk döwri (1 ýaşdan – 3 ýaşa çenli)
3. Mekdebe çenli döwri (3 ýaşdan – 6 ýasa çenli)
   *a) Mekdebe çenli kiçi ýaş döwri (3-4 ýaş)*
   *b) Mekdebe çenli orta ýaş döwri (4-5 ýaş)*
   *ç) Mekdebe çenli uly ýaş döwri (5-6 ýaş)*
4. Kiçi mekdep ýaşly çagalar (7-9 ýaş)
5. Orta mekdep ýaşly çagalar (10-11 ýaş)
6. Uly mekdep ýaşly çagalar (15-18 ýaş)

Pedagogik ýaş döwürleriniň esasyny beden we psihiki ösüşiň esaslary düzýär. Ýöne başga bir tarapdan terbiýäniň amala aşyrylýan şertleride onuň esasy bolup hyzmat edýärler.

Dogry, pikirlenip gurnalan terbiýäni ýola goýjak bolsak, onda organizmiň biologiki ösüşi, onuň nerw ulgamynyň we düzümleriniň, onuň bilen bagly bolan bilesigelijiligiň ösüşiniň obýektiw, bar bolan taraplaryna daýanmak bolar.

Eger-de adamyň ösüş stadiýalary inkär edilse, hasaba alynmasa bu öz gezeginde çaganyň ösüşinde, terbiýesinde we bilim aslşynda kemçilikler ýüze çykarar.

Käbir pedagoglaryň aýtmagyna görä, ýaş aýratynlyklary göz öňünde tutmak hökman däl, eger-de degişli usullar bolsa çaganyň ýaşyna garamazdan ol islendik durmuş tejribesini, islendik bilimleri, tejribe başarnyklary we endiklerini ele alyp bilerler. Biziň pikirimizçe birinjidenä, alyp bilmez. Ikinidenem, alan ýagdaýynda ýa-da tiz ýadyndan çykarar, durmuşda ulanyp bilmez, nerw ulgamynyň işine we ösüşine şikes ýetirer. Durmuşyň ösüş tizligi, habar beriş çeşmeleriniň elýeterligi, adamyň mümkinçilikleriniňde ösmegine getirýär, ýöne ol çäksiz däldir. Adamyň ýaşy ösüşi saklap, ony öz erkine boýun edýär. Ösüşiň mümkinçiliklerini bu çäklerde hereket edýän kanunalaýyklyklar berk saklaýarlar.

Ilkinji bolup okuw-terbiýeçilik işlerinde çagalaryň ýaş aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak pikirini Ýa. A. Komenskiý öňe sürdi. Ol tebigata uýgunlylyk ýörelgesini öňe sürdi we ony esaslandyrdy. Onuň bu ýörelgesiniň esasy mazmuny, okatmak we terbiýelemek çagalaryň ýaş aýratynlyklaryna gabat gelmelidir. Tebigatda hemme zatlaryň öz wagtynda bolşy ýaly, terbiýelemek-de, okatmakda-da öz wagtynda, yzygiderli amala aşyrylmalydyr. Diňe şonda biz adama gerek bolan, akyl ýetirip biljek ahlak hilleri berip bileris, ylmy maglumatlaryny öwredip bileris. Ýa.A. Komenskiý şeýle ýazýar : “Her bir öwrenilmeli maglumatlar adamyň ýaş aýratynlyklary boýunça böleklere bölünmeli, diňe belli bir ýaşda kabul edilip, özleşdirilip bilinýän maglumatlary hödürlemeli”.

Ýaş aýratynlyklary hasaba almak – bu pedagogikanyň esasy ýörelgesidir. Bu ýörelge esaslanyp mugallymlar özüniň okuw ýüküni, okuwyň gidişinde ulanylýan işleriň görnüşlerini, işleri ýerine ýetirmek üçin gowy mümkinçilikleri döretmegiň, dynç almagyň we zähmetiň rejesini düzýärler. Okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary okadylmaly dersleri, olaryň möçberini, saýlanyşyny, her bir dersiň we onuň okuw maglumatlarynyň gurluşyny dogry çözmegi borçly edýär. Olar şol bir hatarda okuw-terbiýeçilik işlerinde ulanylýan usullaryň we onuň görnüşleriniň saýlanylmagyny kesgitleýärler.

## Akselerasiýa

Ýaş aýratynlyklar periodlarynyň şertliligini we üýtgeýjiligini belläp, ýaş aýratynlyklar bölünişiniň käbir toparlaryny gaýtadan seljermäge alyp baran täze hadysa üns bereliň. Dünýäde giňden ýaýran akselerasiýa barada gürrüň gidýär. **Akselerasiýa** (latyn sözi "akselerasio" - tizlenme) – bu çagalyk we ýetginjeklik döwürlerinde beden we psihiki ösüşiň tizlenmegidir. Biologlar akselerasiýany – organizmiň fiziologik ösüşi bilen, psihologlar – psihiki funksiýalaryň ösüşi bilen, pedagoglar-şahsyýetiň jemgyýetleşmegi we ruhy ösüşi bilen baglanyşdyrýarlar. Pedagoglar akselerasiýany organizmiň fiziologiki ösüşi we şahsyýetiň jemgyýetleşmegi bilen ýakynlaşdyrýarlar. Aşakdaky suratda biz akselerasiýanyň pedagogik düşündirilişine syn edip bileris.



Akselerasiýa ýüze çykýança, XX asyryň 50-60-njy ýyllarynda, çagalaryň we ýetginjekleriň fiziki (beden) we ruhy ösüşi bir deňdi. Suratda biz ony 1-nji egri çyzykda görýäs. Bu çyzyk fiziologiki we sosial ösüşiň normal ýagdaýdadygyny görkezýär.

XX asyryň 70-nji ýyllarynda akselerasiýanyň ýüze çykmagy organizmiň fiziologiki ösüşi (suratda 2 egri çyzyk) akyl, psihiki we sosial ösüşden öňe gidip başlaýar. (suratda 3-nji egri çyzyk). Bu ýerde nätakyklyk ýüze çykýar. Ony şeýle düşündirse bolar : - adamyň bedeni onuň psihiki, intellektual, sosial, ahlak hilleriniň ösüşi bilen deňeşdirilende tiz ösýär. 13-15 ýaşda gyzlaryň, 14-16 ýaşda oglanlaryň organizminiň fiziologiki ösüşi umuman gutarýar, durýar, ol uly adamlaryň ösüş derejesine ýetýär. Ýöne ruhy ösüş bu derejä ýetip bilmeýär. Ösen organizm öz talaplarynyň kanagatlandyrylmagyny isleýär. Jyns ösüş, sosial ösüş yza galyp tiz ösüp barýan fiziologiki ösüş bilen konfliktleşip başlaýarlar. Bu ýagdaýlar, çagada psihologik agramlylygy ýüze çykarýar, çaga ondan azat bolmagyň ýollaryny gözleýär we häli berkemedik aklynyň oňa berýän maglumatlaryny sazlaýar. Şu ýerde akselerasiýanyň esasy gapma-garşylyklary ýüze çykýar. Olar ýetginjekler üçin-de köp kynçylyklar döredýärler. Sebäbi olar özünde ýüze çykýan üýtgeşiklerden baş alyp çykyp bilmeýärler. Bu kynçylyklara ulular-da sezewar bolýarlar – ata-eneler, mugallymlar, terbiýeçiler – olarda ýüze çykan ýagdaýlarda özüni nähili alyp barmalydygyny bilmeýärler. Akselerasiýanyň ýüze çykaran tehniki meseleleri (problemalary) – mekdebe täze okuw enjamlarynyň, partalaryň, mebelleriň, okuwçylaryň egin-eşikleriniň getirilmegi we ornaşdyrylmagy bilen çözülen bolsa, onuň ahlak hilleriniň ösüşini kanagatlandyrmak (jyns ösüşi we irki jyns aragatnaşyk) meselesi öz çözgüdine garaşýar.

Akselerasiýanyň ösüşi tizligi barada şu deňeşdirme maglumatlar habar berýär. Soňky 30 ýylyň içinde 50-nji ýyllaryň ýetginjekleri bilen deňeşdirilende şu günki ýetginjekleriň boýunyň uzynlygy ortaça 13-15 santimetr, agramy 10-12 kilogram artdy.

Akselerasiýanyň ýüze çykmagynyň sebäpleriniň arasynda şulary agzasa bolar : durmuşyň umumy ösüş tempiniň tizlenmegi, material ýagdaýlaryň gowulanmagy, iýmitiň hiliniň we medisina hyzmatynyň hiliniň ýokarlanmagy, çagalara irki ösüş döwründe gowy seredilmegi, çagalarda ýüze çykýan köp

keselleriň ýok edilmegi. Käbir başga sebäplere-de üns berilýär : adamyň ýaşaýyş garbawynyň radioaktiw elementler bilen hapalanmagy, bu öz gezeginde boýuň tiz ösmegine getirýär, wagtynyň geçmegi bilen (ösümliklerde we haýwanlarda goýlan tejribeleriň netijesiniň görkezişi ýaly) adamyň genetiki görnüşiniň üýtgemegine getirer : atmosferada kislorodyň mukdarynyň azalmagy öz gezeginde adamyň döş kapasasynyň giňelmegine, organizmiň ähli agzalarynyň ösmegine getirýär. Akselerasiýanyň ýüze çykmasy toparlaýyn, köp faktorlaryň täsiri astynda bolaýmagy mümkin.

XX asyryň 80-nji ýyllarynda akselerasiýanyň täsiri dünýä boýunça peseldi, fiziologiki ösüşiň tizligi-de azrak peseldi.

## Deňdäl ösüş

Adamyň ösüşi barada alnyp barylýan barlaglaryň netijesi bir näçe kanunalaýyklyklary ýüze çykardy. Olary hasaba alman okuw-terbiýeçilik işini guramak we geçirmek mümkin däl. Tejribe pedagogikasy **fiziki ösüş** kanunalaýyklygyna daýanýar.

1. Ýaş wagtynda adamyň fiziki (beden) ösüşi tiz, intensiw ösýär; adamyň ýaşy ulaldygyça onuň beden ösüşiniň tizligi peselýär.
2. Çaganyň beden ösüşi birdeň gitmeýär : belli bir döwürde tizlenýär, başga bir döwürde peselýär.
3. Adamyň bedeniniň her bir organy öz tizliginde ösýär : umuman adamyň bedeniniň agzalary birdeň we proporsional ösmeýärler.

Beden ösüşi bilen ruhy ösüş berk baglanyşyklydyr. Ýöne ruhy ösüşiň-de käbir gyşarnykly ýerleri bar. Ol hem nerw ulgamynyň we psihiki funksiýalaryň deň ösmezligidir. Barlaglaryň netijesinde adamlaryň biri-birinden aratapawudy olaryň ýerine ýetirýän intellektual işinde, aňynyň gurluşynda, talaplarynda, gyzyklanmalarynda, itergilerinde, ahlak özüni alyp baryşlarynda we sosial ösüş derejesindedigi kesgitlendi. **Ruhy ösüş birnäçe umumy kanunalaýyklyklara boýun bolýar**.

**1**. Adamyň ýaşy bilen onuň ruhy ösüşiniň tizliginiň arasynda ters proporsional garaşlylyk bar : ýaş näçe kiçi bolsa şonça-da ruhy ösüşiň tempi ýokary; ýaş ulaldygyça ruhy ösüşiň tizligi peselýär.

Adamyň ösüşiniň syrly taraplary barada oýlanyp L.N. Tolstoý şeýle ýazýar : “Bäş ýaşar çagadan meniň ýaşyma çenli bary ýogy bir ädim. Täze doglan çaga bilen bäş ýaşyndaky çaganyň arasynda örän uly gorkunç aratapawut bar. Enesiniň göwresindäki çaga bilen – täze doglan çaganyň arasyndaky tapawudy asla hasaba alyp bolmaýar”.

**2**. Adamlaryň ruhy ösüşi deň derejede geçmeýär. Nähili gowy ýagdaý döredilse-de psihiki funksiýa we şahsyýetiň hili ruhy hilleriň esasynda bolup, şol bir deň ösüş derejede bolup bilmeýärler. Belli bir ösüş döwürde ösüşiň aýratyn bir hili üçin amatly şert döreýär, ol şertler wagtlaýyn, geçýän häsiýetli bolýarlar.

**3.** Psihiki işiň we onuň täsirinde ösýän ruhy hilleriň emele gelmeginiň we onuň aýry görnüşleriniň ösüşiniň optimal wagty bardyr. Şol ýa-da başga bir ruhy hiliň ösüşiniň şertleri optimal bolsa bu ýaş aýratynlyk periodyna **senzitiw** diýilýär. (L.S. Wygotskiý, A.N. Leontiýew, W.A. Kruteskiý).

Senzitiwnostyň sebäpleri – beýniniň ösüşiniňwe nerw sistemasynyň deň derejede dälligi we şahsyýetiň käbir häsiýetleriniň diňe eýýäm kämilleşen häsiýetleriň esasynda emele gelýänligindendir. Käbir hilleriň kämilleşmegine adamyň jemgyýetleşmeginde toplan durmuş tejribesiniňde täsiri uludyr.

Näme üçin Maugli ýaly çagalar normal adamlaryň gepleýşini öwrenmediler ? Onuň jogaby düşnükli, çaganyň geplemegine tebigat tarapyndan berlen **senzitiw** döwür eýýäm geçipdir. Eger çaga kesgitlenen belli wagtda (1,5-2,5 ýaşda) geplemäni öwrenmedik bolsa, onda wagtyň geçmegi bilen ýitirilen wagtyň öwezini doldurmak kyn bolýar. Adamyň başga fiziki, psihiki, sosial, ahlak hilleri barasynda-da şeýle diýmek bolar. Hilleriň çylşyrymlylary tä onuň esasy kämilleşmänkä ösüp bilmezler.

Senzitiw döwürler hemmetaraplaýyn öwrenilen. Pedagoglar intellektual, ahlak, sosial hilleriň emele gelýän döwürlerini gözden sypdyrmaly däldirler, berk gözegçilikde saklamalydyrlar. (esasanam kiçi we orta mekdep ýaşly çagalar). Ýakynda amerikan psihologlary şeýle netije geldiler. Olaryň aýtmagyna görä

çagalaryň 6 ýaşdan 12 ýaş aralygy – bu problemalary (meseleleri) çözmek endikleriniň ösüşiniň senzitiw döwrüdir. Egerde bu döwürde biz çagada ady agzalan hili ösdürmäge üns bermesek, onda adama ýokary derejede döredijilikli pikirlenmegiň tärlerini ele almak örän kyn bolar.

**4.** Adamyň psihikasynyň ösüşi bilen onuň ruhy hilleri berkeýär, hemişelik häsiýete eýe bolýarlar, şol bir wagtda özüniň çeýeligini we ösüşini ýitirmeýärler. Şu ýerde adamyň ösüşiniň çylşyrymly dialektikasy ýüze çykýar : bir tarapdan psihiki ösüş psihiki ýagdaýlaryň şahsyýetiň hiline öwrülip başlamagy bolsa, başga bir tarapdan olary islendik wagt gowy tarapa gönükdirip bolar. Onuň üçin amatly şertler döredilmeli we şoňa degişli adekwat hereket etmeli. (I.P. Pawlow).

Adamyň şahsyýet bolmagy üçin zerur bolan sypatlar sosial gatnaşyklaryň täsiri astynda bolup geçýär. Okuwçynyň sosial gatnaşyklary (dünýägaraýşy, ynamy), beýleki adamlara akylly-başly garaýyşlary, öz işine hereketlerine bolan garaýyşlary näderejede emele geldigiçe, onuň şahsyýeti hem şol derejede kemala gelip başlaýar. Sosial gatnaşyklaryň irki döwürde başlanýanlygy üçin çaganyň mekdebe çenli bolan döwrüniň has manyly edilip guralmagy möhümdir. Çagalar üçin düzülýän okuw resminamalary, olar üçin taýýarlanan kitaplar, hünär taýýarlygy kämil bolan, başarjaň terbiýeçi-pedagoglar sazlaşykly ösen şahsyýetiň kemala gelmegine uly goşant goşup bilerler. Kämil adamyň intellektual ösüşiniň ilkinji ädimleri onuň mekdebe çenli döwründe başlanýar. Çaganyň bedeniniň berkleşmegi, pikirleniş işiniň ösmegi üçin mekdebe çenli döwürdäki tebigy mümkinçilikler uly orun tutýar.

Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň fiziki ösüşi deň dowam edýär diýip bolar. Ýöne olaryň ünsüniň ösüşi durnukly bolmaýar. Şonuň üçin mugallym mümkin boldugyça sapagy gyzykly hem täsirli edip geçirmeli. Bu döwürde çagalaryň görüş-obraz ýatkeşligi ösýär, pikirleniş ösüşide takyk bolýar. Ýöne eşidiş ýatkeşligi olara garanda pesräk ösýär. Mugallym bu döwürde dürli görnüşli okuw-görkezme esbaplaryndan peýdalanmaly. Psihologiýa ylmynyň takyklamagyna görä, çagalyk döwründe onuň ösüşinden öňde bolan okuw gowy okuwdyr.

Ýetginjeklik döwrüne gadam basan okuwçylaryň fiziologik, psihologik aýratynlyklary ata-enelerden, mugallymlardan biçak uly eserdeňligi, pedagogik taýdan ugurtapyjylygy talap edýär. Ýetginjeklik döwrüniň käbir häsiýetleri :

- özbaşdaklyga bolan ymtylyş, özlerini ulular bilen deň görkezjek bolmaklyk, göreldä eýermek;
- adaty däl hadysalara, olaryň wajyp diýip hasap edýän işlerine ýykgyn etmekleri;
- akyl-paýhasyň kämilleşip başlamagy, pikirleniş işiniň ösüp, berkişip başlamagy, hadysalaryň, wakalaryň özara baglanyşygyna, sebäplerine, kanunlaryna düşünip başlamagy;
- hünäre, işe bolan garaýyşlarynyň üýtgäp ugramagy, öz söýýän hünäriniň adamlaryna we zähmetine bolan gyzyklanma;
- ýetginjek öz dersini gowy bilýän, lebizli, dogryçyl hem adalatly mugallymy halaýar we oňa meňzejek bolýar.

Uly ýaşly mekdep okuwçylaryna akyl hem fiziki taýdan kämilleşmek, durmuşda öz ornuny tapmaga ymtylmak, ruhubelentlik häsiýetlidir. Olaryň akyl ýetirijilik ukyby täze başgançaga galýar, gözýetimi giňelýär, ýatkeşligi sagdynlaşýar. Olar pikirlerini erkin hem yzygiderli, anyk hem gelşikli edip beýan etmegi halaýarlar. Ylmy bilimleri belli bir sistemada özleşdirmegi abstrakt düşünjelerden peýdalanmagy başarýarlar. Olaryň ahlak, intellektual, gözellik duýgulary ösýär, dostluk, ýoldaşlyk hakyndaky düşünjeleri aýdyňlaşýar, gylyk-häsiýeti durnuklaşýar, medeni derejesi ýokarlanýar. Bu döwürde okuwçylarda etiki problemalara (meselelere) gyzyklanma döreýär. Ilkinji söýgi oglanlaryň we gyzlaryň durmuşyna diňe bir başdan geçirmeler girizmän, eýsem ýüze çykan köp sada soraglara jogap bermegi talap edýär. Köp mugallymlaryň, pedagoglaryň aýtmagyna görä, ýüze çykýan kyn etiki ýagdaýlardan baş alyp çykmak şahsyýetiň moral hiliniň ösüşiniň ugrunyň barlagydyr. Bu döwürde durmuşyň manysy bagt, borç, şahsyýetiň erkinligi bilen bagly meselelere gyzyklanma ösýär. Soňky wagt käbir ýaşlar din bilen gyzyklanyp başladylar.

Uly ýaşly mekdep okuwçylarynda özüni alyp barşyna aňly itergisi (motiwi) güýçlenýär. Şahsyýetiň toparda öz-özüni tapmagy, gürrüňdeşligiň häsiýeti, toparyň agzalarynyň biri-biri bilen gatnaşygy esasy häsiýete eýe bolýar.

Topar şahsyýetiň hilini dogry ýola gönükdirýär. Indiwidual (ýekebara, aýrabaşga) ösüş – munuň özi özboluşly, ýeke-täk bütewi ösüşdir, şahsyýetiň fiziologik, psihologik hem sosial taýdan ösüşiniň jemlenmesidir. Her bir çaganyň özüniň häsiýetli aýratynlygy bolup, şol aýratynlyklar onuň beden taýdan

gurluşynyň, kelle beýnisiniň, nerw ulgamynyň ösüşi bilen baglylykda ýüze çykyp başlaýar. Her bir şahsyýetiň özüne mahsus bolan, ony beýleki adamlardan tapawutlandyrýan haýsydyr bir aýratynlygy bolýar, şol aýratynlyk hem köplenç "indiwiduallyk, ýekebaralyk, aýrabaşgalyk" sözi arkaly aňladylýar, ýöne käbir adamlaryň indiwiduallygy (aýrabaşgalygy, ýekebaralygy) has aýdyň, ýiti ýüze çykyp, käbir adamlaryňky bolsa çala göze ilýär, ol intellektual, emosional, erk sferasynda (taraplarynda) ýüze çykýar, şahsyýetde akylyň aýratynlygy, duýgularyň özboluşlylygy, erkliligiň, hereketleriň hem özüňi alyp barşyň aýratynlygy bolýar.

Şol bir synpda okaýan hemme okuwçylarda akyl ýetiriş başarnyklary meňzeş, deň derejede diýip aýtmak bolmaz. Olaryň biri okuw maglumatlaryny özbaşdak özleşdirip bilýän bolsa, beýleki biri şol maglumatlary özleşdirjek bolanda mugallymyň ýa-da başga biriniň kömegine mätäç bolýar. Bir okuwçy mugallymyň berýän gürrüňini üns berip diňlese, beýleki biriniň bar ünsi başga ýerde bolýar. Biri köpçülik işine işjeň gatnaşsa, biri ondan çetde durýar. Bir okuwçy edepli bolsa, beýlekisi maşgalada, mekdepde, köpçülik ýerlerinde özüni medeniýetli alyp barmagy başarmaýar. Edil şonuň ýaly hem aýry-aýry okuwçylar haýsydyr bir okuw predmetini öwrenmäge ukypsyz bolýar, käbirleri onuň tersine, ýiti tebigy zehinli bolup çykýar. Käbir okuwçylaryň görüşi, eşidişi aýratyn üns berilmegini talap edýär. Ýene biri öz adyna aýdylan tankydy belligi örän ýokuş görýär. Her bir okuwçy özboluşly bir dünýä, indiwiduallyk. Bu tebigy ýagdaýdyr. Okuwçylaryň indiwidual aýratynlyklary doly öwrenmekligi we okuw-terbiýeçilik işinde şondan ugur almagy talap edýär. Fiziologiýa we psihologiýa ylymlarynyň gelen netijelerine görä ir sagat 9-dan 13-e çenli okuwçylaryň işjeňligi ýokarlanýar. Hepdäniň baş gününden başlap, hoş gününe çenli okuwa gyzyklanmasy ýokarlanyp, has ýokary derejä ýetýär. Sogap günden başlap ruh gününe çenli okuwa gyzyklanma ýuwaş-ýuwaşdan peselýär. Muny bilmek we sapaklaryň rejesini dogry düzmek wajyp meseleleriň biridir. Mugallym-pedagog okuwçylaryň şahsyýetiň kemala geliş aýratynlyklaryny öwrenip, olary nazara alyp, okuw-terbiýeçilik işlerini geçirmelidir.

## Şahsyýeti hemmetaraplaýyn ösdürmegiň we terbiýelemegiň maksady we mazmuny

Ilki bilen terbiýäniň ýüze çykyşy baradaky pikirleri seljereliň. Bilim filosofiýanyň berýän maglumatlaryny seljerip terbiýäniň ýüze çykyşy baradaky nazarýetleri şu aşakdaky görnüşinde beýan edýäris.

1. **Jeturno we Espinas** – terbiýäniň ýüze çykmagyny haýwanlaryň durmuşyndan alnan maglumatlar bilen berkitjek bolup şeýle diýýärler : "Terbiýäniň ýüze çykyşy edil haýwanlarda bar bolan, biologiki, öz akymlaýyn tebigy hadysadyr. Bu hadysanyň esasy öz urugyny dowam etmek we tebigy saýlaw kanunydyr".
2. **Amerikan alymy Monro** – terbiýe "bu çagalaryň ululara aňsyz öýkünmesidir" diýip belleýär.
3. Terbiýäniň ýüze çykmagynda esasy orny zähmet tutýar. (Bu pikir XX asyryň 30-njy ýyllaryndan tä 80-nji ýyllar aralygynda sowet pedagoglary tarapyndan öňe sürüldi).
4. **Terbiýe** – bu adamyň jemgyýetiň talabyna boýun bolmagynyň netijesidir. (Z.Freýd)
5. **Biologizatorlar** (biologiki ugur).Adam bu tebigy jandardyr, onuň özüni alyp barşy dogabitdi instinktdir. Olaryň aýtmagyna görä, terbiýäniň ýüze çykmagynyň esasynda instinkt ýatyr.
6. **Sosiologik ugur –** terbiýäniň ýüze çykmagyna daşky gurşaw täsir edipdir diýip belleýärler.
7. **Konserwatiw ugur –** (Dž.Diýu, Rodjers, Kelli) terbiýäniň ýüze çykmagynda aýrabaşga (ýekebara) aýratynlyklar bar. Bu ugur pragmatik-utilitar ugurdyr. Olar terbiýäniň ýüze çykmagynda peýda ýatyr diýip düşundirýärler.
8. **Gumanistik (ynsanperwerlik) ugur** – Platon, Aristotel, Ýum, Kant, Herst, Piters, Uornan, Piaže, Kolberg, Brunner terbiýäniň ýüze çykmagynda ynsanperwerlik esasy bar diýip düşündirýärler.
9. **Irrasional ugur** (Germaniýa) – terbiýäniň ýüze çykmasy bu indiwidual (ýekbara, aýrybaşga) ýagdaýdyr.
10. **Siýentistko – tehnokratik ugur** – terbiýäniň ýüze çykmagy, bu adamyň özüni alyp baryş tehnologiýasydyr.
11. **Bihewiorizm - (Skinner)** terbiýe okatmak prosesinde ýüze çykýan hadysadyr.

Ýokarda ady agzalan pikirler bilen tanşyp, şeýle netije gelip bolar. Birinjiden, olaryň her haýsysynyň terbiýäniň ýüze çykmagynda azda-kem orny bar; Ikinjiden, bu garaýyşlar terbiýäniň örän çylşyrymly, giň manyly hadysadygyny beýan edýärler.

Terbiýäniň maksady – bu terbiýäniň geljegi, gönükdirilenligidir. Islendik terbiýe – iň bir kiçijik meseleden tä döwlet möçberindäki maksatnama çenli – hemişe maksadagönükdirilendir. Maksatsyz, hiç bir gönükdirilmedik terbiýe bolmaýar. Terbiýäniň maksadyna - mazmun, guramaçylyk, görnüşler we terbiýäniň usullary boýun bolýarlar. Şonuň üçin pedagogikada terbiýäniň maksady iň esasy soraglaryň biri bolup durýar. Mekdep, terbiýeçiler özüniň tejribe işinde nämä ymtylmaly, nähili netijeler gazanmaly – diýen soraglar esasy düýp soraglardyr.

Terbiýäniň **umumy** we **indiwidual** (aýrabaşga, ýekebara) maksatlary bellenilýär. Haçanda hemme adamlarda ýüze çykmaly hilleri terbiýelemek barada gürrüň gitse, onda terbiýäniň umumy maksady ýüze çykýar. Haçanda belli bir adamy terbiýelemek barada gürrüň gitse, onda terbiýäniň indiwidual (aýrabaşga, ýekebara) maksady ýüze çykýar. Häzirki zaman öňde baryjy pedagogikasy terbiýäniň umumy we indiwidual maksatlarynyň birligi, umumylygy barada çykyş edýär.

Maksat terbiýäniň umumy maksadagönükdirilenligini aňladýar. Tejribede ýerine ýetirilende, ol konkret meseleler ulgamy hökmünde çykyş edýär. Maksat we meseleler bütewi we bölek, ulgam we onuň düzümleri hökmünde arabaglanyşýarlar. Şonuň üçin hem terbiýäniň maksadyna şeýle kesgitleme bersek bolar : terbiýäniň maksady bu terbiýäniň üsti bilen çözülýän meseleler ulgamydyr.

Terbiýäniň maksady bilen kesgitlenýän umumy we anyk meseleler köpdür. Ýöne aýry alnan bir terbiýäniň ulgamynda onuň maksady birdir. Şol bir wagtyň özünde, şol bir ýerde terbiýe dürli maksatlara gönükdirilen bolup bilmez. Maksat – terbiýe ulgamynyň kesgitleýji häsiýetnamasydyr. Bir ulgamy başga birinden olaryň maksady we serişdeleri aratapawutlandyrýarlar.

Häzirki zaman dünýäsinde örän köp terbiýäniň maksady we olara degişli terbiýe ulgamlary bar. Bu terbiýe ulgamlaryň her haýsy öz maksady bilen häsiýetlendirilýär, her bir maksat özüniň amala aşmagyna kesgitlenen şertleri we serişdeleri talap edýär. Maksatlaryň aratapawudy giň, olar adamyň aýratyn bir

häsiýetini ýa-da şahsyýetini düýbünden üýtgetmäne çenlidir. Maksatlaryň köplügi ýene-de bir gezek terbiýäniň örän çylşyrymlylygyny tassyklaýar.

Terbiýäniň maksatlary nähili ýüze çykýarlar ? Olaryň ýüze çykmagynda köp obýektiw sebäpler bar. Terbiýäniň maksadynyň umumy gönükdirilenligini organizmiň fiziologiki ösüşiniň, adamlaryň psihiki ösüşiniň, filosofiýanyň we pedagogikanyň täzelikleri, jemgyýetiň medeniýetiniň derejesiniň kanunalaýyklyklary kesgitleýärler. Ýöne esasy kesgitleýji faktor hökmünde ideologiýa, döwlet syýasaty çykyş edýär. Şonuň üçin hem terbiýäniň maksady synplylyk häsiýetinde bolýar. Käbir ýagdaýlarda terbiýäniň maksatlary öz esasy mazmunyny, gönükdirilenligini adamlardan dürli ýollar bilen gizläp saklaýarlar. Şu gün terbiýäniň maksadynyň ýurtda hereket edýän jemgyýetçilik aragatnaşyklaryna, dolandyrýan synpyň ideologiýasyna we syýasatyna ters gelýän bir döwlet hem ýokdur.

Pedagogikanyň taryhy – bu terbiýe maksatlarynyň emele gelşi, ýüze çykyşy, amala aşyrylyşy we ýok bolşy, olaryň ýerine ýetiriliş pedagogik ulgamlary baradaky maglumatlaryň uzyn bir zynjyrydyr. Bu aýdylanlardan şeýle netije çykaryp bolar : terbiýäniň maksatlary hemişelik berlen bolup bilmeýärler, ähli döwürler we adamlar üçin niýetlenen formal-abstrakt maksatlarda bolup bilmez. Terbiýäniň maksatlary konkret (anyk) taryhy häsiýetli bolup, olar üýtgeýärler we hereketlenýärler.

Jemgyýetiň taryhy ösüşi terbiýäniň maksatlaryny özbaşdak (proizwolno) öňe sürmek, girizmek bolmaýandygyny tassyklaýar. Terbiýäniň maksadyny saýlanda, kesgitlände, goýanda tebigatyň, jemgyýetiň, adamyň ösüş kanunalaýyklyklaryna daýanmaly.

Terbiýäniň maksadyny kesgitlände onuň birnäçe sebäpleri ýüze çykaryldy. Olary toparlaýyn (kompleksleýin) hasaba almak terbiýäniň maksadynyň kanunalaýyklyklaryny ýüze çykarmaga kömek edýär. Terbiýäniň maksadyny saýlamaga täsir edýän faktorlar haýsylar ? Bize eýýäm belli bolan döwletiň ideologiýasy, syýasat bilen bir hatarda jemgyýetiň talaby-da esasy faktorlaryň biridir. Terbiýäniň maksady jemgyýetiň taryhy talaby bolan jemgyýetiň funksiýalaryny ýerine ýetirýän ýaşlary taýýarlamakdyr. Ýöne jemgyýetiň talabynyň dogrudan-da wajyplygyny, onuň diňe bir çaklama däldigini

kesgitlemeli. Köp terbiýeçilik ulgamlarynyň ýok bolup gitmeginiň sebäpleri, terbiýe bilen adamlaryň durmuşyny üýtgetmek islegleri, olaryň öz wagtyndan öň ýüze çykmagy, öz isleglerini durmuşyň islegi bilen deňeşdirmegidir, durmuşyň real ýagdaýlaryny hasaba almazlygydyr. Obýektiwliligi göz öňünde tutmaýan terbiýe hakykatyň täsiri astynda ýok bolmaga sezewardyr.

Jemgyýetiň talaplary önümçiligiň görnüşleri, önümçilik güýçleriniň ösüşi we önümçilik aragatnaşyklarynyň häsiýeti bilen kesgitlenýärler. Şonuň üçin hem terbiýäniň maksady jemgyýetiň ösüşini, derejesini görkezýär, onuň bilen kesgitlenýär we önümçiligiň görnüşleriniň üýtgemegi bilen üýtgeýär. Bu wajyp aragatnaşygy tassyklamak üçin jemgyýetçilik-ykdysady aragatnaşyklaryň görnüşleri boýunça terbiýäniň maksadynyň üýtgeýşini seljermek ýeterlikdir.

Terbiýäniň maksatlary diňe bir önümçiligiň görnüşleri bilen kesgitlenmeýärler. Olaryň emele gelmegine, ösmegine we kämilleşmegine başga faktorlaryňda täsiri bardyr. Olaryň arasynda ylmy-tehniki we sosial progresiň (ösüşiň) tizligi, jegyýetiň ykdysady mümkinçilikleri, pedagogikanyň nazaryýetiniň we tejribesiniň ösüşi, okuw-terbiýeçilik edaralarynyň, mugallymlaryň, terbiýeçileriň mümkinçilikleri we şuňa meňzeşler bardyr.

## Terbiýäniň maksatlarynyň köpdürliligi

Terbiýäniň köpdürliligi haýran galdyrmaýar. Maksadyň kesgitlenişine esas bolan garaýyşlaryň, pikirleriň, konsepsiýalaryň, çemeleşmekleriň köpdürliligi haýran galdyrýar.

Terbiýäniň maksady baradaky söweş eýýam antik döwürde başlanypdy. Gadymy döwrüň akyldarlary terbiýäniň maksadynyň adamda ahlaklylygy, ynsanperwerligi, terbiýelemekligi bilen ylalaşdylar. Ýöne adamkärçilik näme diýen soraga jogap bermekde olaryň pikirleri dürli-dürli boldy. **Platon** – adamyň aklyny, erkini, duýgusyny terbiýelemäge uly orun berdi. **Aristotel** – mertligi, merdanalygy, ten berkligini, çydamlylygy, adalatlygy, ýokary intellektual we moral arassalygy terbiýelemegi öňe sürdi.

**Ý. A. Komenskiý** terbiýäniň güýjüniň serhetsizligine, bimöçberdigine ynanýardy. Ol özüniň "Eneler mekdebi" diýen kitabynyň epigrafy edip, Siseronyň

“Döwletiň ähli esaslary ösüp gelýän ýaş nesli dogry terbiýelemekdir” diýen sözlerini aldy. Ý. A. Komenskiniň pikirine görä, terbiýe üç maksada ýetmäge gönükdirilmelidir : özüňi we daşky dünýäni öwrenmek (akyl terbiýesi); öz-özüňi dolandyrmak (ahlak terbiýesi); hudaýa ymtylmak (dini terbiýe).

**Iňlis filosofy we pedagogy Džon lokk** terbiýäniň esasy maksady – dželentmeniň “öz işini akylly – paýhasly alyp baryp bilýän” adamy taýýarlamakdyr. Bu dželentmen öz işini dogry alyp barmakdan başga-da akylly, tejribe bilimleri ele alan, işjeň, inisiatiwaly bolmalydyr.

**Fransuz filosofy K. Gelwesiý** terbiýäniň esasyna ýeke maksat goýulmalydyr diýýär. Ol maksat jemgyýetiň gowy ösüşine gönükdirilen bolmalydyr. Ol maksat mümkin boldygyndan köp raýatlaryň bagtly ýaşamagyna, öz isleglerini kanagatlandyrmaga getirmelidir. Terbiýäniň maksady “raýatlaryň ýüregini ynsanperwerlik üçin, olaryň aklyny dogryçyllyk üçin açmak we olardan dogry pikirlenýän, adamlary duýýan, söýýän, aňynda öz şahsy isleglerini ähli halkyň islegleri bilen baýlaşdyrýan raýatlary terbiýeläp ýetişdirmekdir”.

**Ž.Ž. Russo** terbiýäniň maksatlaryny umumy adamzat gymmatlyklaryny terbiýelemäge boýun etmek tarapdary bolup çykyş edýär. Dünýä inende adam ejiz, öz-özüne kömek edip bilmeýär, şonuň üçin adama terbiýe hökman gerek. Terbiýäniň maksady – adamy döretmekdir. “Ýaşamak – şu hünäre men ony (adamy) öwretmegi isleýärin. Meniň elimden çykan terbiýelenen adam belki kazy, esger, dindar bolmaz, ýöne ol ilki bilen adam bolar, adam nähili bolmaly bolsa bolar, durmuşyň ony nirden-nirä geçirmegine garamazdan, ol hemişe öz ornunda bolar”.

**Şweýsar pedagogy I. Pestolossi** terbiýäniň maksady – adama tebigat tarapyndan berlen zehinleri, başarnyklary yzygiderli kämilleşdirip “adamyň güýjüni we başarnyklaryny hemmetaraplaýyn ösdürmekdir”.

**Filosof-pedagog E. Kant** terbiýä uly bil baglap, onuň maksadyny çagany ertirki durmuşa taýýarlamak diýip kesgitledi. “Çagalar häzirki zaman üçin däl, geljek üçin üçin terbiýelenmeli, adamyň nesliniň gowulanmagy üçin terbiýelenmelidir”.

**Nemes pedagogy I. Gerbart** – terbiýäniň esasy wezipesi çaganyň gyzyklanmasyny ähli taraplaýyn ösdürmek we adamy hemmetaraplaýyn kämilleşdirmek diýip belleýär. Terbiýäniň idealy – ynsanperwer adam. Bu maksada ömürlik we üýtgemeýän maksat hökmünde garaýar. Beýle diýmek bilen hereket edýän gatnaşyklary, kabul edilen talaplary sylaýan raýaty terbiýelemegi göz öňünde tutýar.

**Rus pedagogy K.D. Uşinskiý** – terbiýäniň esasy maksady – ahlak sypatlary terbiýelemekdir diýip belleýär.

XX asyryň başynda çap edilen *"Pedagogikanyň, dialektikanyň we usulyň kursy"* kitabynyň awtory A. Tihomirow terbiýäniň maksadyny şeýle kesgitleýär : "Akylly we mylakatly adam – ine jedelsiz terbiýäniň maksady". Oňa hudaýyň sözide, halkyň dogry pikride şeýle düşünýär.

Şu pikir bilen XX asyryň başlarynda ýaşap geçen rus pedagogy M. Demkow hem ylalaşyp şeýle ýazýar : "Adamyň durmuşynda din we ahlak uly orun tutýar". Adamyň özüni ahlakly alyp barmagyny bu medeni faktorlaryň täsirlerine garaşlydyr. Olaryň täsirleriniň berkligi ahlak-dini terbiýäniň esasy meselesidir. XX asyryň başlarynda terbiýe ulgamynyň esasy talaby – halkylyk (halkylygy terbiýelemek) boldy. 1913-nji ýylda çap edilen pedagogika kitabynda ösüp gelýän ýaş nesli jemgyýet üçin terbiýelemeli diýlip bellenen.

## Häzirki zaman mekdeplerinde terbiýäniň maksatlary

Terbiýäniň maksatlarynyň arasynda, terbiýäniň iň ýokary ýerine ýetirmeli işi bar, ol hem : dünýä inen her bir adamy hemmetaraplaýyn we garmoniki ösüş bilen üpjün etmekdir. Bu maksadyň mazmuny özüniň köklerini antik döwrüň filosofiki garaýyşlarynda, Täzeden döreýiş eýýamynyň ynsanperwer filosoflarynyň we pedagoglarynyň garaýyşlaryndan alyp gaýdýar. Dürli döwürde hemmetaraplaýyn garmoniki ösüş düşünjesine dürli-dürli many berdiler.

Täzeden döreýiş eýýamynyň pedagog-gumanistleri F.Rable, M. Monten, W. de Feltre hemmetaraplaýyn ösen şahsyýet diýeni sözüň manysyna ten gözelligini, sungatdan, sazdan, edebiýatdan lezzet almagy goşdular. Bu terbiýe saýlananlar

üçin dälde, adamlar köpçüligine niýetlenen bolmaly. T. Moryň, T. Kompanellanyň, R. Ouneniň, Sen-Simonyň, S. Furýeniň garaýyşlarynda bu pikir başga mana eýe bolýar. Olar hemme taraplaýyn ösen şahsyýeti terbiýelemäge zähmeti goşmagy, terbiýe bilen zähmeti birleşdirmegi teklip etdiler. XVIII asyr fransuz pedagoglary D. Didro, K. Gelwesiý bu pikiri ösdürip oňa hemmetaraplaýyn ösen akyl we ahlak kämilligi goşdular.

Hemmetaraplaýyn we garmoniki ösen şahsyýeti kemala getirmek maksadynyň kynçylygy, ony durmuşa geçirmekde goýberilen ýalňyşlyklary, onuň maksadyny daraltmagy, umumy bilim berýän mekdepleriň wezipelerini gaýtadan gözden geçirip anyklaşdyrmagy talap etdi. Ýöne maksadyň çalyşmagyna getirmedi. Hemmetaraplaýyn we garmoniki terbiýe deň geljek terbiýäniň maksady ýok. Ol şu günem ideal we aktuallygyna galýar. Onuň maksadyna ýetmek üçin şu günki täze mekdeplerimiz, öňki goýberilen ýalňyşlyklary göz öňünde tutup, bar güýjüni aýaman işlärler. Bu ideal uzak wagtlyk däldir. Bu maksada ýetmek üçin dogry, akylly-başly gurnalan we jemgyýetiň ähli agzalarynyň goltgy bermegi gerek.

*Şahsyýetiň akyl, ahlak, emosional we fiziki ösüşini, onuň döredijilik mümkinçiliklerini hemmetaraplaýyn açmak, ynsanperwer aragatnaşyklary kemala getimek, çaganyň ýaş aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, onuň aýrabaşga (indiwidual) häsiýetleriniň ösmegi üçin dürli şertler döretmek şu günki orta mekdepleriň baş maksadydyr.*

## Terbiýäniň wezipeleri

Jemgyýetiň, mekdebiň durmuşynda bolup geçen üýtgeşmeler terbiýäniň maksadyna täzeden garamagy talap etdi bu öz gezeginde terbiýäniň anyk wezipelerini kesgitlemekde birnäçe gapma-garşylyklaryň emele gelmegine getirdi. Şonuň üçin biz öňki mekdeplere mahsus bolan adaty wezipeleri-de, täze mekdepleriň öňünde durýan wezipeleride belläp geçeris.

Terbiýäniň adaty düzüm bölekleri – akyl, beden, zähmet, politehniki, ahlak, estetiki terbiýelerdir. Terbiýäniň bu talaplary öz gözbaşyny terbiýe baradaky gadymy filosofiki ulgamlardan alýarlar.

**Akyl terbiýesi.** Okuwçylary ylymlaryň esasy bilimler ulgamy bilen ýaraglandyrýar. Ylmy bilimleri almak bilen okuwçylarda ylmy dünýägaraýşyň esaslary emele gelýär. **Dünýägaraýyş** – adamyň tebigata, jemgyýete, zähmete, öwrenmäge bolan garaýyşlar ulgamydyr.

Bilimler ulgamynyň aňly özleşdirilmegi çaganyň logiki ösüşine, ýadyna, ünsüne, göz öňüne getirişine, akyl başarnyklaryna, tebigy zehininiň ösmegine ýardam edýär.

***Akyl terbiýesiniň wezipeleri :***

- kesgitlenen bilimler möçberini özleşdirmek;
- ylmy dünýä garaýşy kemala getirmek;
- akyl güýjüni, başarnyklaryny we zehinleri ösdürmek;
- bilesigelijiligi ösdürmek;
- bilesigelijilik aktiwligi kemala getirmek;
- öz bilimleriniň üstüni dolduryp durmak, umumy bilim we ýörite taýýarlyk derejäňi ýokarlandyrmak ösdürmek, talaplaryň ösüşi.

Akyl terbiýesiniň mekdebiň esasy wezipeleriniň biridiginiň gymmatlygy inkär edilmeýär. Ýöne akyl terbiýäniň gönükdirilenligi ata-enelerde, okuwçylarda, giň köpçülikde käbir garşylyklaryň ýüze çykmagyna getirdi. Sebäbi onuň mazmunyny köp babatda şahsyýeti ösdürmäge gönükdirmän, ony bilimler, başarnyklar, endikler bilen ýaraglandyrmaga gönükdirildi Bu ýagdaýda çagada dünýä emosional-gymmatlyklar hökmünde garamak, söhbetdeşlik tejribesi terbiýeden düşürilip galdyryldy. Durmuşyň tiz üýtgeýänini jemgyýetiň we şahsyýetiň talaplarynyň täzelenýänligini göz öňünde tutup, pedagoglaryň köp bölegi bilimiň gönükdirilenliginiň hemişe täzelenip durmagyny talap edýärler.

**Beden terbiýesi** - ähli terbiýe ulgamlarynyň aýrylmaz bölegidir. Esasynda hemmetaraplaýyn ösen önümçiligi bolan häzirki zaman jemgyýeti berk bedenli, zähmet çekip bilýän, kynçylyklary ýeňip geçip bilýän, Watanyny goramaga taýyar ýaşlary talap edýär. Şol bir hatarda beden terbiýesi akyl we zähmet işini ýerine ýetirmek hilleriniň ýüze çykmagyna-da täsir edýär.

Beden terbiýesiniň wezipeleri :

- saglygy berkitmek, bedeniň dogry ösüşini ýola goýmak;

- akyl we fiziki işjeňligi ýokarlandyrmak;
- täze hereketleriň görnüşlerini öwretmek;
- tebigy hereket hillerini ösdürmek we kämilleşdirmek;
- esasy hereket hillerini ösdürmek (güýji, çydamlylygy, çeýeligi);
- gigiýeniki endikleri ösdürmek;
- ahlak hilleri ösdürmek (batyrgaýlyk, tertiplilik, gaýduwsyzlyk, jogapkärçilik, kollektiwizm);
- üznüksiz beden terbiýesi we sport bilen meşgullanmak islegini döretmek;
- hemişe sagdyn, şadyýan bolup, özüňe we daş-töweregiňe şatlyk paýlamaga ymtylmagy ösdürmek.

## Zähmet terbiýesi we politehniki bilim

Şu gün döredijilikli işlemegi başarmaýan, daş-töwerekdäki önümçiligiň ösüşinden, önümçilik aragatnaşyklaryndan, olarda ulanylýan zähmet gurallaryndan habary bolmadyk, başy çykmadyk adamy göz öňüne getirip bolmaz. Asyrlar boýy barlanan zähmet terbiýesi şahsyýetiň hemmetaraplaýyn we garmoniki ösüşiniň esasy prinsipidir.

Zähmet terbiýesi – zähmet aragatnaşyklaryny, hereketlerini, zähmet gurallaryny, olaryň ulanyşyny öwredýän terbiýe prosesini öz içine alýar.

Politehniki bilim – bu okuwçylary önümçiligiň esasy ýörelgeleri bilen tanyşdyrmaga, häzirki zaman önümçiliginiň prosesleri we gatnaşyklary barada bilimleri bermäge gönükdirilendir. Onuň esasy wezipeleri önümçilik prosesine gyzyklanma döretmek, tehniki başarnyklary, täze ykdysady pikirlenmegi, oýlap tapyjylygy ösdürmekdir. Dogry ýola goýlan politehniki bilim zähmetsöýerligi tertipliligi ösdürýär we hünäri dogry we aňly saýlamaga kömek edýär.

Her bir zähmet çagalarda gyzyklanma, höwes döretmeýär. Diňe öndürijilikli zähmetiň netijesinde, maddy gymmatlyklar döredýän zähmet okuwçylara doly we dogry täsir edip bilýär. Öndürijilikli zähmetiň häsiýetleri : 1) maddy netijesi

bolmaly; 2) guramaçylykly; 3) jemgyýetiň zähmet gatnaşyklaryna, ulgamyna goşulmagy; 4) maddy sylaglanmalar.

## Ahlak terbiýesi

Adamyň jemgyýete, zähmete, adamlara bolan garaýyşlaryny kesgitleýän özüni alyp baryş normalaryna – **ahlak** diýilýär. Ahlaklylyk – bu başga adamlar üçin däl-de özüň üçin içki moral, görkezilmeýän moral. Ahlak terbiýesi jemgyýetiň talabyna laýyk ahlak düşünjeleriň, duýgularyň, ynamlaryň, pikirleriň, özüňi alyp barmak endikleriniň we öwrendikleriniň kemal getirmek wezipelerini çözýär.

Dogruçyllyk, adalatlylyk, borçlulyk, jogapkärçilik, ynsanperwerlik, zähmetsöýerlik, ululary sylamak, halkara gatnaşyk, döwleti, onuň organlaryny, döwlet nyşanlaryny, kanunlaryny, konstitusiýasyny sylamak, watana söýgi, raýat borjyna, öz-özüňe talap, sosial aktiwlik, mätäjä kömek – bular ahlak hilleridir.

**Estetiki (gözellik) terbiýe.** Estetiki terbiýe terbiýäniň maksadynyň we terbiýeçilik ulgamynyň esasy bölegi bolup okuwçylaryň estetiki ideallarynyň talaplarynyň, isleginiň umumylaşdyrylýan ösüşidir. Estetiki terbiýäniň wezipelerini iki topara bölüp bolar – nazary maglumatlary ele almak we tejribe endikleri kemala getirmek. Birinji toparyň wezipeleri estetiki gymmatlyklara düşunmek, ýakynlaşmak meselelerini çözýän bolsa, ikinji wezipeler topary – okuwçynyň estetiki işe aktiw goşulmagyny çözýär.

**Estetiki (gözellik) gymmatlyklara düşünmek, ýakynlaşmak meseleleri.**

- estetiki bilimleri kemala getirmek;
- estetiki medeniýeti ösdürmek;
- estetiki we medeni mirasymyzy öwrenmek;
- daş-töwrege estetiki garaýyşy kemala getirmek;
- estetiki duýgulary ösdürmek;
- adamlary durmuşdaky, tebigatdaky gözelliklere ýakynlaşdyrmak;
- gözellik kanunlary esasynda durmuşy we işi guramagy ösdürmek;
- estetiki idealy kemala getirmek;
- daşky görnüşiň, pikiriň, işiň, hereketiň, gözel bolmagyny kemala getirmek.

Estetiki işe aktiw goşulmak wezipeleri – her bir okuwçynyň öz eli bilen gözellikleri döretmäge gatnaşmagyny; saz, žiwopis, horeografiýa bilen tejribede meşgullanmak, döredijilik birleşiklerinde, toparlarynda, studiýalarda işlemekligini gazanmakdyr.

Şu günki mekdeplerde geçirilýän estetiki terbiýesi döwrüň talabyny doly ödemeýär we şahsyýetiň estetiki aňynyň ösmegine doly getirmeýär. Tä aýdym-saz, surat sapaklary öz ornuny mekdepde doly tapmaýança estetiki terbiýesi öz wezipesini doly çözüp bilmez.

## Häzirki zaman daşary ýurt pedagogik konsepsiýalary

Biz eýýam pedagogikanyň usulýet esasynyň filosofiýadygyny bilýäris. Köp sanly pedagogik konsepsiýalaryň we terbiýeçilik ulgamlaryň esasynda filosofik nazarýetiň ýatanlygy belli. Pragmatizm, neopozitiwizm, ekzistensializm, neotomizm, bihewiorizm – bular özüne degişli filosofiki ugurlara daýanýan esasy pedagogiki konsepsiýalardyr.

**Pragmatizm** (grek sözi “pragma” - iş) terbiýe bilen durmuşy ýakynlaşdyrmak, terbiýäniň maksatlaryna tejribe işinde ýetmek pikiriniň goldap çykyş edýän filosofiko – pedagogik ugurdyr. Pragmatiki filosofiýany esaslandyryjylar Ç. Pirs (1839-1914) we U.Džems (1842-1910) täze filosofiýany döretmäge ymtyldylar. Olaryň filosofiýasy idealizmden we materializmden aýry duran bolmalydy. Irki pragmatistleriň pikirini amerikan filosofy we pedagogy Dž. Diýu (1859-1952) ösdürdi. D.Diýu olaryň pikirlerini bir ulgama getirdi we instrumentalizm diýip atlandyrdy.

Bu ulgamyň esasy düzgünleri şulardyr. Mekdep durmuşdan, okatmak terbiýeden üzňe bolmaly däldir.

Okatmakda we terbiýelemekde çaganyň işjeňligine daýanmaly we ony hemmetaraplaýyn ösdürmeli we stimulirlemeli. Okuw işi çagalaryň anyk tejribe işleri ýerine ýetirmegi, dünýäni, bilelikde işlemegi öwretmek, kynçylyklary, näsazlyklary ýeňip geçmegi öwretmek bolmaly. Diňe şeýle okadylýan mekdeplerde çagalar durmuşa gowy uýgunlaşyp bilerler. Okuw-terbiýeçilik işiniň esasynda çaganyň gyzyklanmalary ýatmaly : "biz çaganyň ýerine durup, onuň ýaly bolmaly. Meýilnama däl, çaga okatmagyň hilini we mukdaryny kesgitlemeli".

XX asyryň 60-njy ýyllarynda pragmatizm filosofiýasy we oňa daýanýan pedagogika öz täsirini ýitirdi. D. Diýunyň pikirleri okatmagyň hiliniň pese düşmegine getirdi. Bu öz gezeginde pragmatizmi täzeden gözden geçirip ony täze garaýyşlar bilen baýlaşdyrmagy talap etdi. XX asyryň 70-nji ýyllarynda pragmatizm neopragmatizme öwrüldi.

**Neopragmatizm** konsepsiýasynyň esasy mazmuny şahsyýetiň öz-özüni tassyklamagydyr. Bu konsepsiýanyň tarapdarlary (A. Maslou, A. Kombs, E.Kelli, K.Rodjers. T.Brammeld, S. Huk we başgalar) terbiýäniň aýrabaşga gönükdirilenligini güýçlendirýärler. A. Maslou şeýle diýýär : "Şahsyýetiň ösüş we ynsanperwerlik çeşmeleri diňe onuň özündedir, ol hiç nähili derejede-de jemgyýet tarapyndan döredilmeýär. Jemgyýet diňe ösüşine, ynsanperwerligine kömek edip biler, ýa-da päsgel berip biler. Edil bagban bagda ösýän bägüliň ösüşine kömek edişi, ýa-da päsgel berip bilşi ýaly. Ýöne ol bägüliň deregine dub agajynyň ösmegini kesgitläp bilmez. Başga söz bilen aýdanymyzda neopragmatistler şahsyýetiň özüni alyp barşyna, özüne bahalandyryşyna doly özbaşdaklyk berýärler. Muňa garamazdan şu günler **neopragmatizm** amerikan pedagogikasynyň esasy ugry hökmünde çykyş edýär we günbatar döwletlerinde giň ýaýrandyr.

**Neopozitiwizm** – ylmy tehniki rewolýusiýanyň netijesinde toparlaýyn hadysalaryň ýüze çykyşyny düşündirjek bolýan filosofiki – pedagogiki ugurdyr.

Klassiki pozitiwizmiň içinde Platonyň, Aristoteliň, Ýumyň, Kantyň, estetiki pikirleriniň esasynda dörän, täze akym ýuwaş-ýuwaşdan berkäp Günbatarda ulydan ýaýrady. Häzirki pedagogik neopozitiwizm köplenç "täze gumanizm, täze ynsanperwerlilik" diýlip atlandyrylýar. Onuň käbir ugurlary "siýensizm" (iňlis sözi – ylym) diýlip hem atlandyrylýar. Täze ynsanperwerlik we siýentizmiň görnükli

wekilleri – P. Hers, Dž, Wilson, R. S. Piters, A. Harris, M. Uopnak, L. Kolberg we başgalardyr.

Neopozitiwizm pedagogikasynyň esasy düzgünleri şulardyr. Terbiýe dünýägaraýyş pikirlerinden arassalanmaly, sebäbi ylmy-tehniki progress “rasional pikirlenmä” mätäç, oňa ideologiýa gerek däl. Bu akymyň tarapdarlary terbiýe ulgamyny doly ynsanperwerleşdirmek barada çykyş edýärler. Okuw işinde esasy üns adamyň intellektini ösdürmek, terbiýäniň esasy wezipesi rasional pikirlenýän adamy kemal getirmekdir. Siýentizmiň tarapdarlary duýgyny inkär edip, logika ynanyp, şahsyýetiň ösüşiniň esasy kriteriýalary rasional pikirlenmedir, diňe oňa daýanyp şahsyýet başga adamlar bilen söhbetleşmegi başarýar, öz-özüni ýerleşdirmegi başarar. Adam öz ösüşini özi meýilnamalaşdyrýar, olam öz gezeginde öwrülip onuň sosial tejribesine täsir edýär.

**Neopozitiwizm** pedagogiasynyň täsiri uludyr. Ol özüniň täsirini köp döwletleriň terbiýeçilik ulgamlarynyň ösüşine ýetirdi. Şol hatarda biziň bilim ulgamymyzy ynsanperwerleşdirmek ýörelgesi-de şol akymyň täsiridir.

**Ekzistensializm** (latyn sözi “ehstensia” – bar bolan) şahsyýet dünýäniň iň ýokary gymmatlydygyny boýun alýan uly täsirli filosofiki ugurdyr. Adamyň “Men” diýen barlygynyň bolmagy onuň mazmunyny kesgitleýär we ony döredýär. Her bir şahsyýet gaýtalanmaýan, aýratyn, unikaldyr. Her bir adam özüniň ahlagyny özi göterijidir. Ekzistensialistleriň aýtmagyna göräadam hemişe we hemme ýerde ýeke, durmuşdan üzňe we özüne garşy daşky gurşawda ýaşamaga mejbur. Jemgyýet şahsyýetiň ahlak özbaşdaklygyna zelel ýetirýär, sebäbi ony özüne boýun bolujy edip terbiýelelýär. Terbiýe nazarýeti obýektiw kanunalaýyklyklary bilmeýär, olar ýok. Köke ideologiýa eýermeli däl.Her kim öz ykbalyny özi döredýär diýen pikirini goldap çäklenmeli. Ekzistensializmiň esasy düzgünleri şulardan ybarat. Bu filosofiki ugur Günbatar Ýewropa, Amerika, Ýaponiýa döwletlerinde giňden ýaýrady.

Ekzistensializm pedagogik nazarýete, terbiýäniň maksatlaryna we mümkinçiliklerine ynanmaýar. Adam diňe özi özüni terbiýeleýär, terbiýe oňa hiç hili kömek edip bilmeýär. Esasy ugur aýrybaşgalyk, şahsyýeti daşky täsirelerden goramak. Hiç nähili programmalar gerek däl, hiç hili usullary we tärleri oýlap tapmagyň geregi ýok, gerek bolsa mekdepdenem ýüz döndermeli. Şahsyýete öz

ornuny tapmaga kömek edýän uly güýçler durmuş, tebigat, intuisiýadyr. Olar kollektiwiň (toparyň) şahsyýetiň kämilleşmegine täsirini-de inkär edýärler. Belli fransuz ekzistensialisti G. Marsel şeýle diýýär : “Topary terbiýeläp bolmaz. Diňe indiwid, dogry aýtsak, şahsyýet terbiýä boýun bolýar. Başga edilen işler, türgenleşikdir”. (dressirowka).

Häzirki zaman ekzistensializm pedagogikasynyň görnükli wekilleri Dž. Kneller, K. Gorild, E. Breýrah (ABŞ), U. Barret (Beýik Britaniýa), M. Marsel (Fransiýa), O.F. Bolnow (Germaniýa), T. Morita (Ýaponiýa), A. Falliko (Italiýa) we başgalar terbiýäniň täsir edýän merkezini aňasty diýip düşündirýärler. Adam intuisiýasy, duýgusy, özüni duýuşy, impulsy – bu iň esasylardyr. Aň, intellekt, logika bular ikinji derejede durýarlar.

Pedagogik ekzistensializm mugallyma özboluşly orun berýär. Birinjiden, okuwçylara erkin atmosfera döretmek, olaryň şahsyýetleriniň özboluşlyklarynyň ýüze çykmagyny ýola goýmak, azrak öwüt-ündew etmek, köpräk döstlukly kömek etmek, kime ruhy daýanç gerek bolsa kömek etmek, her bir okuwça öz ýoly bilen gitmäge kömek etmek.

**Neotomizm** – **dini filosofiki ylmy akym**. Onuň adynyň gelip çykyşy katolik dindarynyň Foma (Toma) (1225-1274) Akwinskiniň ady bilen baglanyşdyrylýar. Foma Akwinskiniň aýtmagyna görä, din – bu adamyň durmuşyny we terbiýesini ugrukdyrýan ömürlik baş filosofiýadyr.

Neotomistler real dünýäniň barlygyna ynanýarlar, ýöne bu dünýäniň barlygyny hudaý bilen baglanyşdyrýarlar. Terbiýe meselesinde ylym we din bir-birini goldap, bilelikde hereket etmeli. Ylym ýerde bolup hadysalary öwretmeli, din bolsa hudaýdan gelýän tebigatyň kanunanyna boýun bolmaýan ruhy ideýalary öwretmeli.

Häzirki zaman neotomizminiň pedagogik konsepsiýasyny belli fransuz filosofy, neotomizmiň baştutany Ž. Mariten giňişleýin düşündirýär. Katoliki pedagogikasynyň görnükli wekilleri – U. Kaningam, U. Makgaken (ABŞ). M. Kazotti, M. Stefanini (Italiýa), W. fon lowenih (Germaniýa), R. Liwigston (Angliýa), E. Žilson (Fransiýa).

Neotomizm pedagogikasy umumyadamzat häsiýetleri - haýyrlylygy, ynsanperwerligi, mylakatlylygy, dogryçyllygy, ýakyn adamyňa söýgüni we şuňa meňzeş häsiýetleri terbiýeleýär. Diňe şu häsiýetleri terbiýelesek, onda öz-özüňizi ýok edip barýan siwilizasiýamyzy gorap saklap bileris.

Öz pikirlerini tassyklamak üçin olar dünýäde bolup geçýän ekologiki hadysalary mysal getirýärler. Oňa köp adamlar ynanýarlar. Haýran galaýmaly zat : dünýäde dini mekdepleriňem sany giňelýär. Katoliki mekdepepler şu günler Italiýada Portugaliýada, Irlandiýada, Belgiýada, Fransiýada, Germaniýada, Polşada abraýdan peýdalanýarlar.

Bihewiorizm (iňlis sözi – “*behevior*” – özüňi alyp barmak). Bu tehnokratik terbiýäniň psiholog-pedagogik konsepsiýasydyr. Bu konsepsiýanyň mazmuny – häzirki zaman adam baradaky ösen maglumatlaryna eýerip, şahsyýetiň talaplaryny, başarnyklaryny, onuň özni alyp baryş faktorlaryny barlap terbiýelemekdir. Bihewiorizmiň esasyny goýan görnükli amerikan filosofy we psihology Dž. Uotson, özüňi alyp barmagyň gyjyndyryja bardygy baradaky düzgüni öňe sürdi we ony şu aşakdaky formula görnüşinde hödürledi. $S$ ® $R$ .

Neobihewioristler (B.F. Skinner, K. Hall, E. Tolmen, S. Pressi) onuň pikirini berkitmek düzgüni bilen doldurdylar. Ondan soň zynjyr “stimul reaksiýa - berkitmek” görnüşinde boldy. $S$ ® $R$ ® $B$

Neobihewioristleriň esasy terbiýe bilen bagly ideýasy – adamyň özüni alyp barşy – bu dolandyrylýan prosesdir. B.F. Skinner özi eksperimentçi psiholog haýwanlary türgenleşdirende (dressirowka) öwredende uly üstünlikler gazandy. Eden işini seljerip ol adamlaryda edil şonuň ýaly terbiýeläp bolar diýen netijä geldi. Skinneriň aýtmagyna görä häzirki zaman ýaşlary bilimleri dünýäni özgertmek üçin öwrenmeýärler, olar diňe ýokary wezipe almak üçin okaýarlar diýip düşündirýär. Ýaşlaryň bu ymtylmalaryny berkitmek bilen gerek bolan hereketi terbiýeläp bileris. Bihewioristleriň hödürnamalary esasynda gurlan okuw-terbiýeçilik proses – okuw jaýlarynda akyl işiniň, dolandyrylýan algoritmleriň üsti bilen amala aşyrmak, aýrabaşga işleri stimulirlemek bilen, ýokary netije üçin ýaryşmak bilen “industrial adamy” – işjeň guramaçy, tertipli adamy terbiýelemekdir.

## Daşary ýurt pedagogikasynda terbiýäniň maksady

Daşary ýurt pedagogikasy terbiýäniň maksatlaryny kesgitlände – goýlan maksadyň peýdalylygyny, güýçýeterligini göz öňünde tutýarlar.

Ösen döwletleriň häzirki zaman pedagogikasy nähili maksatlary öňe sürýär ? Nazary filosofiki akymlaryň sanyna görä, olar köp we biri-biri bilen deň gelmeýärler. Her pedagogik konsepsiýa bu mesele boýunça öz çözgüdini hödürleýär.

Pragmatik pedagogikasy durmuşdan alnan maksatlary öňe sürýärler. Amerikanyň mekdepleri D. Diýunyň hödürlän ýoly bilen gidýärler. D. Diýunyň pikirine görä, terbiýe adamy durmuşa taýyarlamagyň serişdesi bolup bilmez. Sebäbi onuň özi durmuş. Geljege çagany terbiýeläp bolmaz, onuň durmuşynyň nähili boljakdygyny öňünden görüp bolmaz. Durmuş örän çylşyrymly we köp taraply, onda gapma-garşylyklar kän. Terbiýe adamlary birleşdirmelidir, ýaşlary parahatçylyk we ylalaşyklyk ruhunda terbiýelemelidir.

D. Diýu adamyň gaýtalanmazlygyny we terbiýäniň esasy maksady – adamy durmuşa taýýarlamak diýip şeýle netije gelýär – terbiýe adamyň tejribe sferasynda ösmegine täsir edýär, onuň tejribesiniň ösüşine, tejribe aklynyň ösüşine täsir etmelidir. “Terbiýe bu ösüş ol hiç hili daşky maksatlara boýun bolmaýar. Onuň özi maksat” diýip D. Diýu belleýär.

Esasy meseleleriň biri adamyň öz durmuş maksatlaryna ýetmäge gönükdirilen içki aktiwligini aýamaly we ösdürmeli. D. Diýunyň bu aýdanlary şahsyýetiň aýrabaşga hilleriniň ösüşi we onuň özüni alyp barşy bilen baglydyr. Terbiýäniň gowy maksady terbiýelenýänleriň, özüniň oňa süren maksadydyr.

D.Diýunyň terbiýäniň maksatlary baradaky öňe süren usulýet talaplaryny häzirki zaman amerikan nazaryýetçi pedagoglary A. Maslou, A. Kombs, E. Kelli, K. Podjers, T. Brammeld goldanýarlar. Olar terbiýäniň gymmatlygy onuň şahsyýeti ösdürişi bilen baglydygy, durmuşyň onuň öňünde goýan soraglara jogap tapmaga kömek edýänligi, bilen ýüze çykan ýagdaýlara uýgunlaşyp, olardan baş alyp çykmaga kömek edýänligi bilen ylalaşýarlar. Amerikan pedagoglaryň pikirlerini jemläp, şeýle netije gelip bolar – pragmatik pedagogikanyň terbiýesiniň esasy maksady şahsyýetiň öz-özüni terbiýelemegidir.

Neopozitiwizm esasynda ösýän täze ynsanperwerlik pedagogikasy terbiýäniň esasy maksadyny – intellektual şahsyýeti kämilleşdirmek diýip hasap edýärler. Bu konsepsiýanyň ýüze çykyşy barada köp işler ýazan belli nemes pedagogy we psihology L. Kolbergdir. D. Diýunyň we Piaženiň pikirleriniň täsiriniň astynda bolup L. Kolberg – terbiýe aňly, guramaçylykly ulgamly ösýän, wajyp moral we sosial meseleleri seljerip, düşündirip we çözgüt tapmaga başarýan şahsyýeti terbiýelemäge gönükdirilen bolmaly diýýär. Neogumanisteleriň (täze ynsanperwerlik) öňe süren terbiýe meseleleriniň arasynda ýaşlaryň zähmet taýyarlygy ýok. Olaryň pikirine görä, zähmet terbiýesi okaýanlaryň wagtyny we güýjüni alyp, onuň intellektiniň (akylyň) ösmegine päsgel berýär.

**Ekzistensializm** pedagogikasy terbiýäniň maksady adamy ýaşamak endikleri bilen ýaraglandyrmakdyr diýip düşündirýär : "Terbiýe – bu kemala gelmegiň, saýlawyň, adamyň kim-de bolsa biri bolmak baradaky göreşiniň görnüşleridir". Terbiýäniň esasy maksady adama özüni şahsyýet edip ýetişdirmegi öwretmekdir.

Ekzistensialistleriň terbiýe konsepsiýasynyň esasy ünsi aýratyn şahsyýeti terbiýelemekdir, onuň içki dünýäsini seljermekdir. Bu konsepsiýanyň esasy merkezi wezipeleriniň biri – adama dogry moral saýlaw etmegi öwretmek we düşündirmek.

XX asyryň 50-60-njy ýyllarynda ýewropa döwletlerinde we ABŞ-da ekzistensializm pedagogikasynyň täze ugurlary ýüze çykdy. Olaryň arasynda nemes filosofy we pedagogy . O.F. Bolnowyň garaýyşlary esasy orun tutýar. Onuň öňe sürýän pikirleriniň ýadrosy hökmünde ahlak terbiýesi konsepsiýasy ýatyr. O.F. Bolnowyň aýtmagyna görä etiki ulgamlar näçe üýtgese-de ahlak normalary üýtgewsiz galýarlar. Şonuň üçinem şu günler biz sada ahlak sypatlary (normalary) terbiýäniň esasy maksadyna öwürmeli. Ynanmak, umyt, minnetdarlyk esasy üç sany berk mylakatlylyk.

**Neotomizm pedagogikasy** biziň eýyam bilşimiz ýaly terbiýäniň esasy maksady edip, hudaýdan gorkýan şahsyýeti kemala getirmegi esasy maksat edip goýdy. Olaryň pikirine görä, adamyň teni we ruhy barada alada etmeli, onda-da esasy onuň ruhydyr. Terbiýäni adamyň ruhundan başlamaly. Diňe diniň üsti bilen biz çagalarda ahlak sypatlary terbiýeläp bileris diýip düşündirýärler. Adama

şahsyýet hökmünde çykyş etmek üçin onuň okuwynyň esasylary ahlak terbiýesi bilen baglanyşykly bolmaly. Ol durmuşda öz ýerini tapyp bilmeli, özbaşdak ahlak saýlawlaryny edip bilmeli, özüni dogry alyp baryp bilmeli, özüniň durmuş pozisiýasy bolmaly.

**Neobihewioristler (täze bihewioristler)** terbiýäniň esasy maksady hökmünde "dolandyrylýan indiwidi" kemala getirmegi öňe sürýärler. **Dolandyrylýan indiwid** – "demokratik jemgyýetiň borçlary we hukuklaryny kabul edýän, öz şäherini, welaýatyny, döwletini, dünýäni söýýän, onuň ulgamyny goldaýan – gowy terbiýelenen raýat. Terbiýelände esasy üns jogapkärçiligi kemala getirmäge gönükdirilen bolmaly. Zähmet çekende tertiplilige we jogapkärçilige esasy üns bermeli.

## Pedagogik işiň gurluşy we kanunalaýyklyklary

**Pedagogik iş** (proses – latyn sözi öňe hereket, üýtgeýiş) diýen many berýär. Mugallym bilen okuwçynyň ösýän aragatnaşygynda öňünden goýlan maksada ýetmäge, terbiýelenýäniň häsiýetini we hilini üýtgetmägä gönükdirilen arabaglanyşyga **pedagogik proses ýa-da pedagog iş** diýilýär. Başga söz bilen aýdylanda pedagogik prosesde sosial tejribe şahsyýetiň hiline öwrülýär. Öňki ýyllaryň pedagogik edebiýatlarynda "okuw-terbiýeçilik işi (prosesi)" diýlen düşünje ulanýardy. P.F.Kapterowyň, A.I. Pinkewiçiň, Ýu.K. Babanskiniň we başga pedagoglaryň barlaglary bu düşünje pedagogik prosesiň bütewilik, umumylyk ýaly wajyp häsiýetlerini gysga we doly däl düşündirýär diýip belleýärler. Okatmagyň, terbiýelemegiň, ösdürmegiň birligini bütewilik esasynda amala aşyrmak pedagogik prosesiň esasy mazmunydyr.

Pedagogik prosesi ulgam hökmünde seljereliň.




Pedagogik prosesiň amala aşyrylýan ulgamlary hökmünde bilim ulgamy, mekdep, synp, sapak we başgalar çykyş edýärler. Bu ulgamlaryň her biri kesgitlenen daşky şertler esasynda hereket edýärler : tebigy-geografiki, jemgyýetçilik, önümçilik, medeni we başga. Her ulgama aýratyn degişli şertleri hem bar. Material-tehniki, sanitar-gigiýeniki, moral-psihologik, estetiki şertler içerki mekdep şertlerine degişli.

**Struktura** (latyn sözi – gurluş – diýen manyny berýär). Ulgamlarda elementleriň ýerleşişine **struktura** diýilýär. Ulgamyň strukturasyny (guluşyny) ýörite kriteriýalar boýunça kesgitlenen düzümler we olaryň arabaglanyşygy düzýär. Ulgamlaryň gurluşyny we olaryň arabaglanyşygyny bilmek onuň gurluşyny, hilini gowulandyrmak, ony dolandyrmak, meselelerini dogry we doly çözmäge kömek edýär.

Pedagogik prosesi ulgam hökmünde seljermek üçin ýörite kriteriýalary (barlagnamalary) düzmeli.

Kriteriýa (barlagnama) hökmünde islendik bir okuw-terbiýeçilik işiniň görkezijisi çykyş edip biler.

**Ulgamyň komponentleri (düzümi).** Pedagoglar, terbiýelenýänler, terbiýäniň şertleri pedagogik prosesiň komponentleridir. Pedagogik proses bolsa pedagoglar bilen terbiýelenýänleriň aragatnaşygynyň maksadyny, wezipesini, mazmunyny, usullaryny, görnüşlerini olaryň netijesini häsiýetlendirýär. Pedagogik prosesiň düzümleri (komponentleri) – maksat, mazmun, iş, netije komponentler görnüşinde bolýar.

**Maksat komponenti (düzümi).** Bu komponent öz içinde pedagogik işiň maksatlaryny we wezipelerini jemleýär. Ol maksatlar hemmetaraplaýyn we garmoniki ösen şahsyýeti, şahsyýetiň aýratyn hillerini terbiýelemek ýollaryny öz içine alýar.

**Mazmun komponenti (düzümi) -** umumy we her bir aýratyn alnan hili terbiýelemegiň mazmuny öz içine alýar.

**Iş komponenti (düzümi)** pedagoglar bilen terbiýelenýänleriň aragatnaşygyny öz içine alýar. Pedagogik çeşmeler bu komponenti ***guramaçylyk*** ýa-da ***guramaçylyk dolandyryş*** diýlip hem alynýar.

**Netije komponenti** – pedagogik prosesiň geçişini, öňde goýan maksadyny amala aşyrylyşyny, onuň effektiwligini şöhlelendirýär.

Pedagogik düzümleriň (komponentleriň) arasyndaky aragatnaşyklary seljermek üçin pedagogik proses tarapyndan şu aşakdaky aragatnaşyklar ýüze çykaryldy. Pedagogik arabaglanyşykda ***habar beriş (informasion), guramaçylyk, kommunikatiw*** aragatnaşyklar esasy orun tutýarlar.

Pedagogik ulgamda amala aşyrylýan pedagogik prosesi göz öňüne getirmek üçin bilim ulgamynyň gurluşyny doly ýüze çykarmaly. Amerikan pedagogy F.G. Kumbişyn “Bilimiň krizisi. Ulgamlaýyn seljerme” (Кризис образования. Системный анализ – M.1970) çap eden kitabyndaky maglumatlar esasy üns bermegi talap edýär. Awtor bilim ulgamynyň esasy komponentleri diýip : *1) ulgamyň işiniň maksadyny we onuň wajyp wezipelerini; 2) okuwçylary okatmak ulgamyň esasy wezipesi hökmünde; 3) ulgamy dolandyrmagy; 4) okuw wagtynyň strukturasyny we wagtyny onuň wezipeleri bilen. 5) bilimiň mazmunyny; 6)*

*mugallymlary; 7) okuw kitaplaryny, synp tagtalaryny, kartalary, kinofilmler, laboratoriýalary; 8) okuw prosesi üçin gerek bolan jaýlary; 9) tehnologiýany okatmakda ulanylýan – usullar, tärler. 10) bilimleri barlamak we bahalandyrmak; 11) ulgamy kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan barlag işler; 12) ulgamyň görkezijileri.*

Professor I.P. Raçenko bilim ulgamynyň şu aşakdaky komponentlerini ýüze çykardy :

1. Ulgamyň maksadyny,wezipelerini, kesgitleýän işler.
2. Okatmagyň we terbiýelemegiň mazmuny.
3. Okatmagyň terbiýelemegiň maksatlaryny durmuşa geçirýän pedagogik kadrlar .
4. Bilim ulgamyny kämilleşdirýän, onuň mazmunyny we usullaryny döwrüň talabyna laýyk edip öwrenýän ylmy kadrlar.
5. Okuwçylar;
6. Mekdebiň material-tehniki bazasy.
7. Ulgamy maliýeleşdirmek.
8. Döredilen şertler.
9. Guramak we dolandyrmak.

Her bir zähmet prosesi (işi) ýaly pedagogik proses hem zähmetdir. Pedagogik prosesiň aýratynlygy – pedagoglaryň we okuwçylaryň zähmetiniň özboluşly aragatnaşyk emele getirip birikmegidir.

Başga zähmet proseslerinde bolşy ýaly pedagogik işiň hem obýekti, serişdesi, önümi bardyr. Ösýän şahsyýet, terbiýelenýänleriň topary – **pedagogik işiň obýektdir.** Pedagogik işiň obýektleriniň aýratynlygy olaryň özbaşdak ösüşidir.

**Pedagogik işiň predmeti.** Pedagogik işiň predmetimugallymdan aratapawutlylykda öz ösüşiniň irki basgançagynda duran adamy döwrebap terbiýelemek.

Pedagogik işiň obýektiniň aýratynlyklarynyň biri-de adamy kemala getirmek-de ol oňa edilýän pedagogik täsirleriň esasynda ösmän, özüniň psihikasyna mahsus

bolan kanunlary kabul etmegiň, pikirlenmegiň, düşünmegiň, erkiň we häsiýetiň emele gelmeginiň netijesinde ösýär.

Pedagogik işiň serişdeleri.Oňa mugallymyň bilim derejesi, tejribesi, terbiýeleýänlere şahsy täsirinden başgada, okuwçylar bilen alyp barýan işleriniň görnüşleri, okuwçylar bilen düşünişmek, pedagogik täsiriň usuly degişlidir. Bular zähmetiň ruhy serişdeleridir.

**Pedagogik işiň önümleri (netijesi).** Giň manyda bu terbiýelenen, durmuşa taýýar edilen, jemgyýetiň adamy.

Wagt – pedagogik işiň iň ýokary häsiýetnamasydyr. Wagt amala aşyrylýan işiň näçe tiz, ýokary hilli geçirilişine doly baha berip bilýär.

## Pedagogik işiň bütewiligi

Pedagog iş terbiýäniň, okatmagyň, ösüşiň ýöne bir mehaniki arabaglanyşygy bolman, özüniň kanunalaýyklyklaryna boýun bolýan täze hilleriň emele gelmegidir. Pedagogik işiň esasy häsiýetleri – bütewilik, birlik, umumylykdyr. Olar öňde goýlan ýeke-täk maksada boýun bolmagyň şertidir. Pedagogik işiň içki aragatnaşygynyň dialektikasynyň çylşyrymlylygy : 1. Onuň düzümleriniň birligi we özbaşdaklygydyr; 2. Onuň düzümine girýän ulgamlaryň bitewiligi we biri-birine boýun bolýanlygydyr; 3. Onuň umumylygy we aýratynlygyny özünde saklaýşydyr.Okatmak prosesiniň (işiniň) esasy funksiýasy (borjy) – okatmak; terbiýäniň funksiýasy (borjy) – terbiýelemek; ösdürmegiň funksiýasy (borjy) – ösdürmek.

Agzalan prosesleriň (işleriň) her haýsy diňe öz funksiýasyny (borjuny) ýerine ýetirmekden başga-da goşmaça borçlary (funksiýalary) ýerine ýetirýär : terbiýe diňe terbiýejilik funksiýasyny ýerine ýetirmän ösdürijilik we bilim berijilik funksiýalaryny ýerine ýetirýär; okatmagy bolsa terbiýelemek we ösdürmek bilen aýra göz öňüne getirip bolmaz.

Bu arabaglanyşyk organiki berk prosesiň maksadyny, wezipesini, mazmunyny, görnüşlerini we usullaryny seljerende olaryň içinden-de esasy häsiýetleri ýüze çykarmagy talap edýär. Mysal üçin okatmagyň mazmunynda ylmy bilimleri bermek, düşünjeleri, kanunlary, ýörelgeleri, nazaryýetleri öwretmäge esasy

orun berilýär. Olar öz gezeginde şahsyýetiň ösüşine we terbiýesine täsir edýärler. Terbiýelemegiň mazmunynda ynançlary, düzgünleri, gymmatlyk garaýyşlary, itergiler (motiw), talaplary kemala getirmäge esasy üns berilýär, ýöne olar öz gezeginde bilimleriň we başarnyklaryň kemala gelmegine getirýär. Pedagogik işiň iki esasy düşünjesi şol bir maksady çözmäge gönükdirilen, ýöne ol maksada ýetmek üçin her haýsy öz serişdesini ulanýar.

Bu prosesleriň aýratynlyklary maksada ýetmek üçin usullaryň we görnüşleriň saýlanmagynda aýdyň ýüze çykýar. Egerde okatmakda esasy orun synp-sapak ulgamyna berilse, terbiýelemekde jemgyýete peýdaly, sport, döredijilik işleri, söhbetdeşlik, zähmet birnäçe erkin formalar ulanylýar. Bu işleri ýerine ýetirmekde, usullardan peýdalanmakda, olary saýlamakda-da aýratynlyklar ýüze çykýarlar. Eger-de okatmakda ulanylýan usullar esasanam çaganyň intellektual sferasyna täsir edýän bolsa, onda terbiýelemek olary inkär etmän, çaganyň saýlaw we emosional – täsir sferalaryna täsir edýän usullardan peýdalanýar. Okatmakda we terbiýelemkde gözegçilik, öz özüňe gözegçilik usullarynyň saýlawynda-da aýratynlyklar ýüze çykýar. Okatmak – dil üsti gözegçilik, ýazuw işleri, hasaplar, synaglardan peýdalanylýar. Terbiýäniň netijelerine gözegçilik etmekde okuwçylaryň işleri ýerine ýetirişine, özüni alyp barşyna syn etmek, jemgyýetçilik pikir, öňde goýlan terbiýeçilik maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi, öz-özüňi terbiýelemek ýaly usullar ulanylýar.

## Pedagogik prosesiň (işiň) kanunalaýyklyklary

Kanunalaýyklyklarda obýektiw, hökmany, esasy, gaýtalanmaýan ara baglanyşyklar şöhlelendirilýär. Ýörite barlag geçirmänem çylşyrymly pedagogik prosesde (işde) dürli görnüşli köp sanly aragatnaşyklaryň we garaşlylyklaryň ýüz çykýanlygyna göz ýetirip bolar..

Belli bir arabaglanyşyklary öwrenmek üçin bu arabaglanyşyklar açyk ýüze çykýan ulgamlar saýlanýarlar. Pedagogik prosesiň (işiň) esasy aragatnaşyklary barada umumy maglumaty integratiw (hemme bölümleri birikdirýän) kriteriýalar ulgamy berýär.

Pedagogik işiň (prosesiň) umumy kanunalaýyklyklary şu aşakdakylar :

1. **Pedagogik işiň dinamiki (ösüşi) kanunalaýyklygy.** Pedagogik iş, pedagog bilen terbiýelenýäniň arasyndaky ösüp barýan ara gatnaşyk bolup “basgançak” häsiýetlidir; aralykdaky ösüşler näçe ýokary bolsa, soňky netijede ýokarydyr. Haýsy okuwçy okuwyň dowamynda doly düşünip okap bilse, onuň bilim derejeside ýokarydyr.
2. **Pedagogik prosesde (işde) şahsyýetiň ösüş kanunalaýyklygy.** Şahsyýetiň ösüpşiniň tizligi we derejesi 1) neslegeçijilige; 2) terbiýelenýän we okaýan daşky gurşawyna; 3) okuw-terbiýeçilik işindäki ornuna; 4) pedagogik täsir etmegiň serişdelerine we ýollaryna baglydyr.
3. **Okuw-terbiýeçilik işini dolandyrmak kanunalaýyklygy.** Pedagogik täsiriň güýji : 1) pedagog bilen okuwçynyň aragatnaşygynyň netijesine; 2) terbiýeleýänlere edilýän täsiriň göwrümine, häsiýetine we esaslandyrmalaryna baglydyr.
4. **Höweslendirmek kanunalaýyklyklary.** Pedagogik işiň (prosesiň) öndürijiligi : 1) okuw-terbiýeçilik işini, içki höweslerine (motiwlerine); 2) höweslendirmegiň wagty-wagtyndalygy, häsiýeti (jemgyýetçilik, pedagogik, moral (ahlak) material) bilen baglydyr.
5. **Pedagogik işide (prosesde) duýgunyň, logikanyň we tejribäniň birlik kanunalaýyklygy :** Okuw-terbiýeçilik işiniň effektiwligi : 1) duýgy bilen kabul edişiň güýjüne; 2) kabul edileni logiki aňlamaga; 3) aňlanan, özleşdirilen maglumatlary durmuşda ulanmaga baglydyr.
6. **Daşky (pedagogik) we içerki (bilesigelijilik) işleriň birlik kanunalaýyklygy.** Pedagogik işiň (prosesiň) effektiwligi : 1) Pedagogik işiň hiline; 2) terbiýelenýänleriň özüniň okuw-terbiýeçilik işiniň hiline baglydyr.
7. **Pedagogik işiň (prosesiň) kanunalaýyklygy.** Okuw-terbiýeçilik işiniň geçişi we netijesi. 1) jemgyýetiň we şahsyýetiň talabyna; 2) jemgyýetiň (material-tehniki, ykdysady we başga) mümkinçiliklerine 3) pedagogik prosesiň geçiş şertlerine (moral-psihologik, sanitar-gigiýeniki, estetiki) baglydyr.

Pedagogik prosesiň (işiň) kanunalaýyklyklary ýokarda agzalanlar bilen gutarmaýar. Bu işiň kanunalaýyklaryny hemmetaraplaýyn öwrenmäge indi girişildi.

## Pedagogik prosesiň etaplary (tapgyrlary)

Pedagogik prosesler (işler) sikl häsiýetlidir. Pedagogik prosesleriň (işleriň) ählisiniň ösüşinde şol bir etaplary (tapgyrlary) ýüze çykaryp bolar. **Tapgyr** – bu işiň (prosesiň) yzygider ösüşidir. Esasy etaplar (tapgyrlar) - taýýarlaýyş, esasy, jemleýji.

**Taýýarlaýyş etapy (tapgyry).** Bu tapgyrda pedagogik prosesiň (işiň) bellene ugur we tizlik boýunça amala aşyrylmagy üçin ýörite şertler döredilýär. Bu tapgyrda şu meseleler çözülýär : maksadagönükdirilenlik, şertleriň anyklanyşy; netijeleriň maglumaty, işiň ösüşiniň meýilnamalaşdyrylyşy.

Maksadyň goýluşy, mazmuny halk magaryf ulgamynyň öňünde duran maksat bilen pedagogik işiň maksadyny bar bolan şertlerde anyk wezipelere öwürmek. Maksadyň goýluşy pedagogik işiň (prosesiň) anyk ulgamlarda amala aşyrylyşyna baglydyr. Olar mekdep, synp, sapak.

Pedagogik işiň (proresiň) maksadyny, wezipesini olary anyklamazdan (diagnostika) dogry goýup bolmaz. Pedagogik diagnostika (grek sözi “dia” – dury, arassa, aýdyň we “gnozis” - bilim) diýen manyny berýär. Barlag işi pedagogik prosesiň haýsy şertlerde, haýsy ýagdaýlarda geçilýänligini anyklaýar. Onuň esasy maksady – geçirilýän işe päsgel berýän we ýardam edýän sebäpleri barada aýdyň maglumat almak. Diagnostika (anyklaýyş geçirilende) pedagoglaryň we okuwçylaryň real mümkinçilikleri barada, olaryň taýýarlygy barada, pedagogik işiň geçiş şertleri barada gerek bolan esasy maglumatlar toplanýar. Diagnozyň (anyklaýyşyň) netijesinde käbir şertler gaýtadan gözden geçirilýär we talaba laýyk edilýärler.

*Anyklaýyşdan soň pedagogik işiň gidişiniň we netijeleriniň çaklamalary* başlanýar. Çaklamanyň mazmuny – pedagogik proses başlamanka, öňünden bar bolan anyk şertlerde onuň boljak netijesini kesgitlemek. Ylmy çaklamany ulanmak bilen biz häli ýok zady öňünden ölçäp, onuň netijesini bileris. Çaklama çylşyrymly usullaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Ýöne oňa sarp edilen wagt we başga serişdeler tiz öwezini doldurýarlar. Sebäbi çaklamanyň netijeleri okuw-terbiýeçilik işine aralaşmaga kömek edýär.

Taýýarlaýyş tapgyry prosesiň amala aşyrmagyny guramak (proýektirlemek) bilen gutarýar. Prosesi amala aşyrmak anyklamakdan we çaklamakdan soň meýilnama öwrülýär. Meýilnama bolsa proses ýaly anyk ulgama bagly.

Pedagogik tejribede : mekdebiň okuw-terbiýeçilik işine ýolbaşçylyk etmek; synpda terbiýeçilik işi, aýry-aýry terbiýeçilik işleri geçirmek, sapaklaryň meýilnamalary ulanylýarlar. Pedagogik prosesiň meýilnamalary belli bir wagt hereket edýärler. Meýilnama – bu kime, haçan näme etmegiň jemleýji resminamasydyr.

**Pedagogik prosesiň amala aşyrylyş etapy (tapgyry) .** Pedagogik prosesi amala aşyryş etapyna (tapgyryna) özünde wajyp berk arabaglanyşykly elementleri jemleýän aýratyn bir özbaşdak ulgam hökmünde garamaly. Onuň ulgamynda : geljekki ýerine ýetiriljek işiň maksatlarynyň we wezipeleriniň goýluşy we düşündirilişi; mugallymlar bilen okuwçylaryň aragatnaşygy, pedagogik prosesde görkezilen, bellenilen, usullaryň, serişdeleriň, görnüşleriň ulanylyşy. Ýörite gowy şertleriň döredilişi; okuwçylaryň işiniň dürli hilli we ölçegli höweslendirilişi; pedagogik prosesiň başga prosesler bilen arabaglanyşygy – öz ornuny tapýar. Pedagogik prosesiň (işiň) netijeliligi şu elementleriň biri-biri bilen arabaglanyşygyna, olaryň biri-biriniň gönükdirlenligine, umumy maksatlarynyň ters bolmazlygyna baglydyr. Mysal üçin, pedagogik aragatnaşyk amala aşyrylanda höweslendiriji rol oýnaýan operatiw gözegçilik ýola goýulýar. Egerde bu gözegçiligiň gönükdirilenligi, göwrümi, maksady öňde goýlan umumy maksada işiň gönükdirlenligine boýun edilmese, onda ol höweslendirýänden päsgel berýäne öwrülýär.

Pedagogik prosesiň (işiň) sikli gazanylýan netijeleri seljermek bilen tamamlanýar. Bu näme üçin gerek ? Pedagogik iş (proses) amala aşyrylandan soň, onuň netijelerini ýene bir gezek gaýtadan seljermek näme üçin wajyp ? Geljekde ýüze çykýan ýalňyşlyklary gaýtalamazlyk üçin. Iş nähili gowy guramaçylykly ýerine ýetirilende bolsa onuň kemçiligi bardyr. Seljerip öwrenýäs. Diňe goýberen ýalňyşlaryny düzedýän, olardan netije çykarýan pedagog ösýän pedagogdyr. Pedagogik ussatlyga ýetmekligiň esasy ýolarynyň biri-de ýerine ýetiren işiňi hemme taraplaýyn seljermek we öz-özüňi seljerip bilmekdir.

Nirde, nähili we näme üçin ýalňyşlyklar ýüze çykandygyny we olaryň sebäplerini bilmek wajypdyr. Mugallymlaryň anyklaýyşy, çaklamany inkär edýänleriniň köp ýalňyşlyklaryň üstünden barýandygyny tejribe görkezýär. Olar sapaklaryny öz ugruna "bulaşyk", düşüniksiz geçýärler. Bu sapaklar okuwçylarda okuwa gyzyklanmany ýitirdýär we olara hiç zat berip bilmez.

## Pedagogik täzelikler (*täzeornaşmalar*)

Soňky wagtlar ylmyň ösmegi netijesinde, käbir ýazarlaryň, žurnalistleriň makalalarynda täze sözler ulanylyp başlandy. Olaryň arasynda **innowasii** (iňlis sözi *innovation* – täze girizilmeler, täzelikler) diýen söz hem bar. Bu söz pedagogik nukdaý nazaryndan seljerilende bilim ulgamynda ýüze çykýan okuw-terbiýeçilik işiniň geçişini, netijesini ýokarlandyrýan täzelikler diýmegi aňladýar. Ýöne täzelikler ulgamyň işini peseldip hem bilerler. Okuw-terbiýeçilik işlerinde täzelikler bolýandygyny görkezmek maksady bilen täze sözleriň ulanylmagyda mümkin.

Hemişe bolşy ýaly başga bir dilden adalgany alyp, onuň doly manysyna düşünjek hem bolmaýarlar. Täzelikleri aňlatmak üçin, könäni täze bilen çalyşmak üçin "*nowation*" diýen iňlis sözi ulanylýar. **Innowasiýa** diýen söz ulgamyň özüniň içki ("*in*"- içki) resurslarynyň hasabyna täzelenmegini aňladýar. Innowasiýalar (täzelikler) pedagogik ulgamy hil taýdan kämilleşdirýän pikirler, işler (prosesler), serişdeler, netijelerdir.

Pedagogik ulgamy täzelemek wajyp, aktual, hemmetaraplaýyn seljermegi talap edýän mesele. Soňky iki ýylyň içinde pedagogik ulgamda köp zatlar üýtgedi. Täze konsepsiýalar, döwlet standarty, bilim ulgamyndaky täzelikler, täze okuw meýilnamalary, täze tipli mekdepler guruldy.

Indi geliň "pedagogik sistema (ulgam)" we "pedagogik ulgamdaky täzelikler" diýen düşünjeleriň manysyny kesgitläliň.

Pedagogik proses (iş) pedagogik sistemada (ulgamda) amalaaşyrylýar. Pedagogik sistema (ulgam) – üýtgeýişler täzelikler ýüze çykanda üýtgemeýän komponentleriň (bölümleriň) birleşigidir. Egerde üýtgetmeler (täzelikler)

gereginden köp bolsa ulgam dargaýar. Onuň ýerine täze häsiýetli täze ulgam döreýär.

Pedagogik ulgam örän durnukly we berk elementleriň birleşigidir. Islendik bir pedagogik ulgamyň strukturasyny (gurluşyny) iň gadymy döwürden orta asyrlara çenli, orta asyrlardan biziň günlerimize çenli alsak, olar biziň şu günlerimizide-de biri-biri bilen berk arabaglanyşykly elementler toparydyr : 1. okuwçylar; 2. terbiýäniň maksatlary (umumy we hususy); 3. terbiýäniň mazmuny; 4. terbiýe prosesi (işi); 5. mugallymlar; 6. Okatmagyň tehniki serişdeleri; 7. terbiýeçilik işiniň guramaçylyk formalary; 8. netije; 9. okuw-terbiýeçilik işini dolandyrmak; 10. tehnologiýa.

Bu ulgamyň her bir komponenti dürli elementlere bölnüp bilerler.

Surata syn edeliň.




Suratda görnüşi ýaly maksatlar netijeler bilen deň gelip, ýapyk sikl emele getirýärler. Pedagogik prosesiň (işiň) effektiwliginiň kriteriýasy hökmünde maksat bilen işiň netijeleriniň deň gelmegi çykyş edýär. Pedagogik ulgamyň ähli düzümlerini birleşdirýän dolandyrmak aýratyn özbaşdak düzümdir, sebäbi onuň özüniň maksatlary we wezipeleri bardyr.

Pedagogik sistemanyň (ulgamyň) ulgam emele getiriş komponenti (düzümi) diýip okuw-terbiýeçilik işiniň tehnologiýasyna aýdylýar. Şu goraýyş esasynda

pedagogik ulgam (sistema) öňde goýlan maksada ýetmäge mümkinçilik berýän berk guramaçylyk-tehnologik kompleksdir. Pedagogik ulgamyň (sistemanyň) hemişe tehnologiýalylygyny belläp goýmaly. Şu nukdaýnazardan pedagogik ulgamy (sistemany) başga ulgamlar toplumyndan aratapawutlandyryp bolar. Tehnologiýalylyk – ulgamyň içki hili bolup, berk gurnalan, dolandyrylýan logika boýun egip, onuň mümkinçiliklerini kesgitleýär.

Tehnologiýa özüniň netije berýänligi, onda "eger" gowy mugallym, gowy mekdep, gowy okaýan okuwçylar bolsa diýen gürrünleriň ýoklugy bilen aratapwutlanýar. Tehnolog-ikirjiňlenmä döredmeýän barlanan, öňden belli, esaslandyrylan faktlara daýanýar.

Ulgamyň iň esasy kriteriýasy netijelikdir. Ulgamdan bir elementi aýyryň. Netije üýtgedimi ? Ýok ? Diýmek bu ulgam däl. Ulgamdaky üýtgetmeler hökmany suratda netijäniň üýtgemegine getirýär.

Pedagogik ulgamy kämilleşdirmegiň esasy iki ýoly bar : **intensiw** we **ekstensiw.** Intensiw ýol pedagogik ulgamyň içki rezerwleriniň hasabyna ösmegidir. Ekstensiw ýol pedagogik ulgamyň täze serişdeleriň, abzallaryň, tehnologiýalaryň, goýumlaryň hasabyna ösmegidir.

Pedagogik ulgamyň intensiw ösüşiniň mümkinçilikleri gutardy – birnäçe müňýyllyklar dowam edip gelýän mekdepde eýýam öz güýjüni ýitirdi diýip hasap edýärler. Ýöne bir zada üns bereliň : mekdep işläp dur, çagalary okadyp durlar, mekdep häli durar, öser. Käbir pedagog nazarýetçiler pedagogikadaky täzelikleri diňe geçmişe daýanmak, ruhy terbiýelemek, akylly başly adamy taýýarlamak bolar diýip belleýärler.

Günbatar mekdepleri ekstensiw ýol bilen ösýärler. Bu ösüş täze habar beriş tehnologiýalaryň, okuw wagtyň dürli işleri ýerine ýetirmäge paýlanmagy, synp işiniň differensirlenmegi we aýrabaşgalygynda amala aşyrylýar. Bu işleriň netijesinde okuw işiniň önümi gowulanýarmy ? Käbir ekspertler baha bermäge şübhelenýärler.

Bu pedagogik ulgamyň ösüş ýollary bolan intensiw we ekstensiw ýollary birleşdirip ýüze çykan ýagdaýdan baş alyp çykmak üçin "integrirlenen täzelikler"

öňe sürülýär. Bu öz gezeginde pedagogik ulgamyň ulanylmadyk rezerwlerini ähli taraplaýyn öwrenmegi talap edýär.

Umumy we hususy täze proýektleriň köp mukdaryny seljerip şu aşakdakylary umumy pedagogik täzelikler diýip aldyk.

1. Pedagogik ylmy we pedagogik tejribäniň ulgamyny öz içine alýan okuw-terbiýeçilik işini optimizasiýalaşdyrmak.
2. Gumanistik (ynsanperwer) pedagogikasyny, onuň nazary düzgünleri we tejribe tehnologiýalary bilen.
3. Pedagogik prosesi (işi) guramak we dolandyrmak boýunça täze pikirler.
4. Täze pikirleri, habar beriş serişdelerini öz içine alýan tehnologiýalar.

Pedagogik ulgamda (sistemada) baş (innowasion) täze üýtgetmeler ugurlary :

- pedagogik ulgam (sietama) umumylykda;
- okuw jaýlar;
- pedagogik nazarýet;
- mugallym;
- okadylýanlar;
- pedagogik tehnologiýa;
- mazmun;
- görnüşler, usullar, serişdeler;
- dolandyrmak;
- maksatlar we netiler.

Häzirki zaman pedagogik prosesiň (işiň) täzelikleriniň seljermesi şu aşakdaky derejeleri aratapawutlandyrmaga mümkinçilik berdi.

1. **Aşak** – käbir atlaryň, kesgitlemeleriň üýtgemegi bilen bagly täzelikler.
2. **Orta** – mazmunyna täsir etmän, onuň formasyny üýtgetmek.
3. **Ýokary** – ulgamy ýa-da onuň esasy düzümlerini doly üýtgetýän.

Diňe ýokary dereje ylmy we tejribe gymmatlygy bar bolan täzelikler. Ol hem umumy bahanyň 100 %-den bary ýogy 3% öz içine alýar. Galan 80% - birinji "aşak" dereje, 17 % orta derejäniň görkezijileridir.

Pedagogik nazarýetiň ösüşinde birinji, täze ugur diýip öň inkär edilen Ýan Amos Komenskiniň tebigata uýgunlylyk nazarýetine gaýdyp gelmegi hasap etse bolar. Ikinji täze ugur bu K. Rodjersiň gumanistik pedagogika ulgamydyr. Bu iki

nazary ugur dünýä pedagogikasy üçin täze däl, ýöne biziň şu günki pedagogikamyz üçin  uly gyzyklanma döredýär. Biziň şu günki pedagogikamyz XX asyryň 20-nji ýyllaryndan başlanyp, köp maglumatlaryny ýok etdi, köp täze maglumatlara eýe boldy we bu gün ýene-de öňki ýerine gaýdyp barmaga mätäç boldy.

Geliň tebigata uýgunlylyk ýörelgesini gözden geçireliň we onuň obýektiw pedagogik nazarýeti gurmaga täsirini bileliň. Ýan Amos Komenskiý bu ýörelgäni şeýle sada düşündirdi : “Otlarda, daragtlarda, haýwanlarda dürli tebigy aýratynlyklary bardyr. Olaryň birine bir hili, başga birine başga bir hili çemeleşmeli. Şol bir maksada ýetmek üçin hemmesine bir hili çemeleşmek bolmaz. Adamlarda-da edil şeýle tebigy aýratynlyklary bardyr. Hemme zada düşunmek olar üçin hiç kynlyk talap etmeýän bagtly adamlarada duşup bolýar. Özüni tapyp bilmän, bir zady öwrenip bilmän ýörän adamlarda bar.

Käbir nazary bilimleri tiz ele alýan, tejribede kynçylyk çekýär. Käbiri saza düşunip we ony öwrenip bilmeýärler, ýöne okuwyň başga görnüşlerinde erjel. Bu ýerde näme etmeli ? Eger adamyň bir ugurdan erjelligi bolmasa ony ol tarapa itekleme. Onuň bilen söweşmek – boş işdir. Egerde okuwçylara hudaý tarapyndan berlen öz gyzyklanýan ugurlaryny ýapyk instinkt bilen alyp gaýtsak, onda ol öser, öz ýerinde peýda getirer, Hudaýa we halka hyzmat eder. Egerde biz oňa bir zady zor bilen öwretjek bolsak, onda öwredilýän maglumatlara ýigrenç dörär, ol hiç zady öwrenip bilmez”.

Džon Lokk bu pikiri tassyklap sýle diýýär : “Her bir adamyň ruhuna hudaý tarapyndan onuň daşky keşbi ýaly, kesgitlenen möhür basylandyr, belki ony azrak üýtgedip bolar, ýöne düýbünden başga bir ters tarapa üýtgedip bolmaz. Çagalar bilen işleýän adamlar şonuň üçin hem olary synaglaryň üsti bilen olaryň haýsy tarapa ýykgyn edýänligi, tebigy berlen mümkinçiliklerini, olary kämilleşdirmegi, olar nämä üçin gerek boljakdygyny doly öwrenmeli”.

I.G. Pestolossi bu temany ösdürip şeýle diýýär : “Islendik bir ylmyň soňky maksady adamyň tebigatyny ýokary derejede kämilleşdirmekdir. Ylmy ösdürmek däl, ylmyň üsti bilen adamyň tebigatyny ösdürmek esasy meseledir. Şonuň üçin ylmyň predmetleri adamyň tebigatyna deňeşdirilmeli, ugrukdyrylmaly, adamyň tebigaty ylmyň predmetine deňeşdirilmeli däl”.

Tebigata uýgunlylyk ýörelgesine gaýdyp barmak bilen nazaryýet nähili ösüş gazanýar ? Birinjiden, okadylýanlaryň mümkinçiliklerine düşünmek, olaryň okuwynyň hiline obýektiw esaslandyrma berilýär. Bu nazaryýetde taslama ýok. Diňe birnäçe müňýyllyklaryň netijesinde tejribede barlanan düzgünler hakykat diýlip alnan. Diňe esaslandyrylan logiki nazaryýet eýýam dolandyrylmasy kyn tejribe ýol görkezip biler.

Ähli çagalary söýmeli, sylamaly we olaryň ösüşi üçin bar aladalary etmeli, gerek bolan şertleri döretmeli. Çaganyň öz mümkinçiliklerini ösdürmegi, özüne gerek bolan hünäri, öz ornuny durmuşda tapmagy, adam bolmagy, öz durmuşyny gowy ýaşap geçmegi mekdebe bagly. Egerde **tebigata uýgunlylyk pedagogikasy** çaganyň tebigatyna ýüzlenmegi tala eden bolsa, **ynsanperwerlik pedagogikasy** mekdep aragatnaşyklarynyň esasynda çagany goýmagy talap edip, onuň ösmegi üçin ähli tagallalary edilmelidigi pikiri öňe sürýär.

Gumanistik (ynsanperwerlik) pedagogikasyny täze diýýärler. Ýöne ol biziň üçin täzedir. Günbatar pedagogikasy öňden bäri ynsanperwerligi saýlap alyp, adamlaryň täze aragatnaşyklaryny gurup başlady.

Ynsanperwer pedagogikasyny täze akym diýip alsa bolar, sebäbi ol pedagogik ulgamyň daşky gurluşyny üýtgetmegi talap etmeýär. Okuw-terbiýeçilik işiniň netijesiniň ýokarlanmagy diňe içki ulgamyň üýtgedilip gurulmagy bilen gazanylýar. Bu pedagogikanyň mazmuny näme, näme üçin ony öwrenijiler dürli-dürli düşündirýärler, awtoritar we totalitar mekdep ulgamlary ony kynçylyk bilen durmuşa ornaşdyrýarlar ?

**Gumanizm** (latyn sözi *humanus* – adamçylykly diýen manyny berýär). Bu adamyň dünýäde iň ýokary gymmatlykdygy baradaky bütewi konsepsiýadyr. Şahsyýetiň abraýyny goraýan, onuň erkinlige, bagtly bolmaga, ösmäge, öz endiklerini görkezmäge hukugynyň barlygyny ykrar edýän we onuň ösmegi üçin gerek bolan ýagdaýlary döretmek (durmuşynda, zähmetde, okuwda) bu konsepsiýanyň baş düzgünidir. Gumanizm (ynsanperwerlik) aýry bir alnan şahsyýetiň we umumy adamzat durmuşyny umuman tassyklaýan pikirler we gymmatlyklardyr, birleşigidir. Gymmatlyklar ulgamy gymmatlyklar gönükdirijisi we onuň talaplaryny berkidiji hökmünde ynsanperwerlik jemgyýetiň idealy hökmünde çykyş edýär.

Ynsanperwerlik pedagogikasy – bu ylmy nazaryýetleriň ulgamy bolup, terbiýelenýäni okuw-terbiýeçilik prosesiniň (işiniň) deňhukukly, aktiw (işjeň), aňly öz mümkinçilikleri boýunça ösýän gatnaşyjysy hökmünde tassyklaýar. Özüniň göz-görnetin täsirligine, netijeliligine garamazdan, ynsanperwer pedagogika pedagogik ulgamynyň (sistemasynyň) fundamenti bolmady ? Jogap belli : totalitar döwlet gurluşygy bar ýurtlar ynsanperwerlik pikirleri ornaşdyrmaga garşy çykyş edýärler. Olar mümkin boldugyndan awtoritar pedagogikasynyň ösmegine goldaw berýärler. Biziň döwletimiz adamy iň ýokary gymmatlyk derejesine göterip, ynsanperwerlige giň ýol açdy. “Adam döwlet üçin däl-de, döwlet adam üçin” diýip Türkmenistanyň Prezidenti G.M. Berdimuhamedowyň öňe süren ideýasy ynsanperwerligiň açary bolup çykyş edýär. Şu günler mekdep terbiýesinde ynsanperwerligiň ösüşi pes depginde barýar. Ýöne, eýýam iş başlandy.

Ynsanperwerlik nukdaýnazaryndan terbiýäniň maksady – her bir terbiýelenen adamy durmuşyň, okamagyň, söhbetleşmegiň deň derejeli subýekti, özbaşdak şahsyýeti edip ýetişdirmekdir. Bu prosesiň (işiň) şahsyýetiň öz-özüni açyp, onda bolan tebigy zadatkalary, onuň erkinlige bolan endiklerini, jogapkärçiligini we döredijiligini ulanyp bilmegi ynsanperwerligiň ölçegidir.

**Ynsanperwer pedagogikasy** – şahsyýete gönükdirilendir. Esasy ünsüň şahsyýetiň psihiki, fiziki, intellektual, ahlak we başga taraplaýyn ösüşlerine berip, belli bilimler we endikleriň toplumyny öwrenmän, ähli ünsi erkin, özbaşdak pikirlenýän we hereket edýän ynsanperwer – raýaty, durmuşyň we okuwyň dürli ýagdaýlarynda esaslandyrylan saýlaw edip bilýän şahsyýeti terbiýelemek üçin gerek bolan guramaçylyk şertleri, okuw-terbiýeçilik işleri täzeden gönükdirmek ynsanperwer pedagogikanyň aýratyn häsiýetdir.

Okuw-terbiýeçilik işini ynsanperwerleşdirmek diýmek şahsyýete gönükdirilen pedagogikadan, şahsyýetiň erkin okamagyny we işlemegini üpjün edýän pedagogika geçmekdir, şahsyýetiň gyzyklanmalaryna üns bermän, onuň mümkinçiliklerini inkär edip mugallym bilen okuwçynyň arasynda talaba laýyk aragatnaşyk döretmeýän awtoritar pedagogikadan saplanmakdyr.

Okuw-terbiýeçilik işini ynsanperwerleşdirmek diýmek, okuwçylaryň okasy gelýän, öz mümkinçiliklerinden pes okamaýan, geçirilýän terbiýeçilik işlerine ýa-da gaýnap duran durmuşa çetden seredip durman, oňa işeňňir gatnaşmak

diýmekdir. Ynsanperwer pedagogikanyň esasy talaby mekdebi okuwçylara ýakynlaşdyrmak, olar üçin mekdepde, “psihologik howpsuzlyk ýagdaýy” döretmek, arkaýyn okap terbiýelener ýaly atmosfera döretmekdir.

Işlemegiň täze görnüşlerini ynsanperwer pedagogikasy, ynsanperwer mekdepleriň tejribesi eýýam we usullaryny işläp düzdüler. Olaryň arasynda :

1. Okuw-terbiýeçilik işini differensirlemek.
2. Terbiýelemek we okatmak işinde aýrybaşga aýratynlyklara üns bermek.
3. Her bir terbiýelenýäniň başarjaňlyklarynyň, gyzyklanýan ugurlarynyň ösmegi üçin zerur bolan şertleri döretmek.
4. Synplara okuwçylary bilim derejesi boýunça toplamak.
5. Okuw-terbiýeçilik işiniň üstünlikli geçirilmegi üçin gerek bolan ýagdaýlary döretmeli.
6. Okuwçylary goramaly, olar üçin “psihologik howpsuzlyk” ýagdaý döretmek.
7. Okuwçynyň güýjüne we mümkinçiliklerine ynanmak.
8. Okuwçyny bolşy ýaly kabul etmek.
9. Okatmakda we terbiýelemekde üstünlikler gazanmak ýagdaýlaryny döretmek.
10. Mekdebiň maksadynyň talabyny üýtgetmek.
11. Her bir okuwçynyň ösüş derejesini esaslandyrmak.
12. Gaýybana (eksternat) “mugallym bilen ruhy aragatnaşygy” inkär edýän okuwlardan ýüz döndermek.
13. Mugallymlaryň içki şahsy taraplaryny okuwça gönükdirmek.
14. Ynsanperwer okuwy güýçlendirmek.

Ynsanperwerligiň mugallymy (bu pikiri öňe süren adam) diýip Karl Rodžers hasap edilýär. Ol 1902-nji ýylda ABŞ-da eneden bolýar. Mekdepde okan ýyllary bilim derejesi pes okuwçy hökmünde mugallymlar tarapyndan kemsidilýär. Ýöne bu ýagdaýlar oňa geljekde mugallymçylyk hünärini saýlamaga päsgel bermeýär. Ol belli pedagog Dž. Diýunyň elinde okaýar. Soň mugallym bolup işleýär. Okadýan okuwçylary bilen gowy aragatnaşykda bolýar. Rodžers hemişe ýagşylygyň ýeňýänligine düşünýärdi. Öz kärdeşlerinde-de ynsanperwer garaýyşlar döretmäge çalyşdy. Soňabara ynsanperwerlik pikirlerini öwredýän, ýradýan gurnak

döretdi. Wagtyň geçmegi bilen bu gurnak uly ylmy barlag merkezine öwrüldi we şu güne çenli işleýär. K. Rodžers 1987-nji ýylda ýogaldy.

## Täze tipli okuw jaýlary (innowasion okuw jaýlary)

Innowasion, täze okuw jaýlary adyny alan mekdepler täzelikleri ýa-da onuň elementleri geçiren mekdeplerdir. Umuman alnanda ähli tipli mekdepleriň ýolbaşçylary täzelikleri girizendiklerini aýdýarlar. Girizilen täzelikleri mazmun taýdan we gönükdirilenligi boýunça öwrenip olaryň esaslandyrmalaryny ýüze çykarmaly.

Mekdebiň innowasion (täzeliginiň) kriteriýasyny kesgitlemek üçin :

- girizilen innowasion (täzelikler) mekdebiň okuw-terbiýeçilik işiniň netijesini ýokarlandyryp hem, peseldiribem bilerler;
- mekdebe täzelik girizdik diýmek gowy netije aldyk diýmegi aňlatmaýar;
- täzelik täzelik üçin girizilmeýär, ol okatmagyň we terbiýelemegiň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin girizilýär.
- Pedagogik ulgamy (sistemany) bir wagtyň içinde birnäçe ugurlar boýunça gowulandyryp bolmaýar. Egerde girizilen täzelik okuw-terbiýeçilik işiniň bir tarapynynyň netijeliligini ýokarlandyryp, başga bir tarapynynyň netijeliligini düşürse – ol gerekmi ?
- adyna däl, diňe öz manysyna dogry gelýän täzelikler, okuw we pedagogik zähmetiň şertlerini gowulandyryp biler.

Okuw jaýyna innowasion (täze) diýip haçan aýdyp bolar. Eger :

1. okuw-terbiýeçilik işi tebigata uýgunlylyk we oňa boýun bolýan klassik pedagogikasynyň ýörelgelerine daýansa, esaslansa;
2. Pedagogik ulgam (sistema) ynsanperwerlik ugurdan gitse;
3. Okuw-terbiýeçilik işiniň guralyşy mugallymlaryň we okuwçylaryň okuw ýüküni artdyrmasa;
4. Okuw-terbiýeçilik işiniň netijesi saýlanan okuwçylaryň we pedagoglaryň hasabyna däl-de, öňden açylmadyk, ulanylmadyk ulgamyň täze mümkinçilikleriniň hasabyna ýokarlansa;

5. Okuw-terbiýeçilik işiniň önümi gymmat bahaly serişdeleriň we multi media ulgamlaryň girizilmegi bilen baglanyşdyrylmasa.

Bu kriteriýanyň talabynyň mazmuny dürli mümkinçilikli mekdepleriň işini deňeşdirmekdir : mekdebiň bazasy, mugallymlar we okuwçylar, serişdeler, enjamlar, maliýeleşdirmek we ş.m. Egerde biz bu garaýşy ulanmasak täze açylan (elit) gimnaziýasy täzelikler girizilen okuw jaýy bolar, oba mekdebi bolsa yzda galýan okuw jaýlarynyň biri hasabynda durar. Ýöne täze gimnaziýanyň okuw-terbiýeçilik işiniň netijeliliginiň ýokarlanmagy saýlanyp alnan mugallymlaryň we okuwçylaryň hasabyna bolsa, oba mekdebiniň önümi içki rezerwleriň hasabyna ýokarlansa, ol innowasiýa – täzelikdir.

Täzelikler konsepsiýasy işlenip düzülenden soň, okuw jaýynyň imidži meselesi ýüze çykýar. Bu öz gezeginde täzeligiň görkezme berkitmesidir.

**Imidž** diýen söz iňlis dilinden terjime edilende "obraz", "şöhlelendirme" diýen manyny berýär. Okuw jaýynyň içki mazmunynyň wezipeleriniň we işiniň aýratynlyklarynyň onuň daşky görnüşinde şekillendirilmegine okuw jaýynyň imidži diýilýär. Elbetde, ata-eneleri, pedagolary, okuwçylary özüne çekýän pozitiw obrazyň orny uludyr. Dünýäniň ähli künjeklerindäki okuw jaýlary özüniň obrazyny hemmetaraplaýyn kämilleşdirýärler, saklaýarlar we goraýarlar.

ABŞ-da okuw jaýynyň obrazy üçin wagtyda, güýjide, serişdeleri-de gysganmaýarlar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde her bir okuw jaýynyň arasynda saklanmak üçin berk konkurensiýa gidýär – bu ýagdaýda özüni saklamak we goramak üçin okuw jaýynyň obrazy uly rol oýnaýar.

Bu gowy guralan reklama. Onuň ugry "firmanyň stilini" ýüze çykarmak. Firma stili öz içine :

- firma belgisini – okuw jaýyny beýlekilerden tapawutlandyrmaga kömek edýän, bellenen tertip boýunça belgä alnan grafiki şekildir.
- logotip okuw jaýynyň doly ýa-da gysgaldyrylyp alnan ady, söz;
- firma reňki;
- firma ýazgylar komplekti (toplumy);
- firma bloklary we ş.m.

Barlaglaryň netijesiniň berýän maglumatlaryna görä ene-atalaryň we okuwçylaryň 70 % göterimi mekdepleri olaryň imidžine (obrazyna) görä saýlapdyrlar.

Elbetde, biziň oba mekdeplerimiz biri-biri bilen öz imidži (obrazy) boýunça ýaryşmazlar. Uly şäherlerde eýýäm mekdepleriň arasynda imidž (obraz) meselesi ýüze çykyp başlady.

Pedagogikada täzelikler prosesleri (işleri) köp meseleleriň ýüze çykmagyna getirýärler. Mekdepleriň köpdürliligi umuman gowy. Ýöne olaryň sanynyň köpelmegi otrisatel netijelere getirmegi mümkin. Mekdebiň atlarynyň dürliliginiň, olaryň aňyrsynda täzeligiň özi ýok wagtlaram az däl. Biziň döwletimizde zehinliler mekdebi, gimnaziýalar, liseýler. Russiýanyň her bir şäherinde diýen ýaly "gimnaziýa", "Akademiki gimnaziýa", "Akademiýa", "Şkola-gimnaziýa", "Şkola s akademiçeskimi klassami", "Kazaçiý kupeçesko-fermerskiý liseý", "Kadetskiý korpus", "Şkola radosti", "Şkola raznourewnewogo i raznonaprawlennogo obuçeniýa" we başgalar. Bu mekdep ýazgylarynyň aňyrsynda näme dur ? Bu ýazgylar çagalaryň gyzyklanmasy we islegleri bilen deň gelýärmi ? – diýen soraglar ýüze çykýar.

Geliň professor W.M. Polonskiniň sözlüginden gimnaziýa we liseý diýen sözleriň düşündirilişine üns bereliň.

**Gimnaziýa** – okuwçylar tarapyndan saýlanan (ynsanperwerlik, tebigy-ylmy, estetiki we ş.m.) dersleri we kurslary okadýan, öz ugry bolan, saýlanan ugurlar boýunça çuň, umumy bilim berýän okuw jaýydyr. Russiýada gimnaziýalar gumanitar, pedagogik, tehniki ugurlara bölünýärler. Onuň düzümi: I-VII synplar progimnaziýa; VIII-XI – gimnaziýa synplary; XII synp (abitura okuwy gutarýan) öz islegi boýunça okalýan synp.

**Liseý** – belli bir hünär boýunça dersleri çuňlandyryp okadýan umumy bilim berýän okuw jaýy. Liseýler öz gezeginde – tehniki-matematiki, biologo-himiki, tehniki bölümlere bölünýärler. Liseýlerde hünärden öňki taýýarlyk berilýär. Okuw 3 ýyllyk bolup biler. Şol bir wagtda mekdebiň dowamy hökmünde onuň 2-nji ýa-da 3-nji basgançagy hem bolup biler.

Mekdebiň agzyndaky ýazgy okuwyň hiliniň, şertleriniň, mümkinçilikleriniň ýokarydygy barada maglumat bermeýär. Köp babatda gowy okuw jaýlarynyň ady sada bolýar. Bu meselede okuw jaýynyň geçirýän okuw-terbiýeçilik işini seljermeli. Iň esasy meselesi gimnaziýalarda we liseýlerde zehinli çagalaryň okamagyny gazanmaly. Näçe zehinli çaga bolsa şolaryň sanyna görä gimnaziýalar, liseýler açylmaly.

## Okuw işiniň ýokary netijeligini gazanmak.

Pedagogik ulgamyna degişli innowasiýalaryň (täzelikleriň) biride okuw terbiýeçilik işini optimizasiýalaşdyrmakdyr. Bu pikiri XX asyryň 70-nji ýyllarynda belli rus alymy akademik Ýu.K. Babanskiý öňe sürdi. Onuň ýolbaşçylygynda bu iş uly gerim aldy we okuw-terbiýeçilik işleriniň kämilleşmegine getirdi. Şol döwürde gazanylan netijeler şu günlerem hem öz täsirini ýitirmän gelýärler.

**Optimizasiýa** (latyn sözi – *optimum* – örän gowy) dürli, gowy mümkin bolan wariantlardan iň gowusyny saýlamak işi. Çylşyrymly, köp meýilnamaly, ösüp gelýän, pedagogik sistemada (ulgamda) okuw-terbiýeçilik işiniň gidişini, guralyşyny üýtgetmek, öňde goýlan maksatlara ýetmek üçin müňler sany mümkinçilikler bar. Diňe şolaryň biri şu günki talaby ödäp iň gowusy bolup çykyş edip biler. Müňlerçesiniň içinden şony tapmak – optimizasiýanyň iň esasy wezipesidir.

Pedagogik sistemanyň (ulgamyň) öz öňünde goýan maksatlara ýetmegine laýyklygyna-da optimizasiýa diýse bolar.

Optimizasiýanyň esasy kriteriýalary :

1. Okuwçylaryň biliminiň, terbiýesiniň we ösüşiniň netijesi mekdebiň real ýagdaýlarynda amala aşyrylmaly;
2. Okuwçylaryň synp işleri, öý işleri üçin goýberilen normatiw talaplaryny doly berjaý etmek.

Pedagogik ulgamy optimizasiýalaşdyrmagyň esasy metodologik talaplary :

1. Pedagogik sistemany optimizasiýa işi bilen bütewi gurşap almak;
2. Optimal warianty saýlap alanda okuw-terbiýeçilik işleriniň kanunalaýyklyklaryna daýanmak;

3. Pedagogik ulgamyň ähli komponentleri (düzümlerini) optimizasiýalaşdyrmagy hasaba almak;
4. Optimizasiýany hemişelik hereket edýän täze (innowasion) iş hökmünde hasap etmek.



Okuw-terbiýeçilik işini optimizasiýalaşdyrmagyň esasy pedagogik hereketlerini gysgaça jemlesek, onda :

- meseleleri toplamak we anyklamak;
- generalizasiýa (esasyny saýlamak);
- dersara we gönükdirilme ara gatnaşygy dogrulamak;
- deňeşdirme bahalar esasynda wariantlary saýlap almak;
- ynsanperwerleşdirmek;
- wajyp bolan şertleri döretmek;
- dolandyrmagy we öz-özüňi dolandyrmagy gatyşdyryp ulanmak;
- işi wagtynda dogrulamak we döretmek;
- işiň netijelerini ýörite düzülen talap boýunça bahalandyrmak;
- çylşyrymly meselelere geçmek;
- innowasion (täze) işiň hemişeligi we haýallygy.

## Häzirki zaman mugallymy

Mekdebiň okuw-terbiýeçilik işini guraýan we amala aşyrýan şahsyýet **mugallymdyr.** Mugallym (pedagog, halypa, ussat) ýörite taýyarlygy bolan, pedagogik iş bilen meşgullanýan adam.

Mugallymyň stolunyň aňrysyna geçen adam, hemme zada jogap berýär we hemme zady bilýär we başarýar. Her bir okuwçynyň, ösüp gelýän ýaşlaryň, jemgyýetiň we döwletiň ykbalyna jogapkär. Biziň durmuşymyzyň, jemgyýetimiziň ertir nähili boljakdygy şu günki mugallymlaryň işiniň netijesine bagly. Her bir adamyň durmuşy bilen, tutuş halkyň ykbaly bilen bagly başga bir hünäri göz öňüne getirmek kyn bolsa gerek.

Adamlaryň ýerine ýetirýän işleriniň arasynda mugallymyň işi iň çylşyrymlysydyr.

Mugallymyň funksiýasy – özüniň hünär bilimlerini we başarnyklaryny ulanmakdyr. Olaryň esasylary okuwçylary okatmak, bilim bermek, terbiýelemek, ösdürmek we kemala getirmekdir. Mugallymyň esasy funksiýasy (ýerine ýetirmeli

işi, mundan beýläk “funksiýa”) **okatmak, terbiýelemek, ösdürmek, kemla getirmek** işlerini dolandyrmakdyr.

Mugallym okatmaýar – okuwy ugrukdyrýar, terbiýelemeýär – terbiýelemek işlerine ýolbaşçylyk edýär. Mugallym öz wezipelerine näçe gowy düşündigiçe şonçada öz okuwçylaryna erkinlilik berýär, olaryň özbaşdaklygyny, inisiatiwasyny ösdürýär. Öz işine ussat mugallym okuwçylaryň erkin ýerine ýetirýän işleriniň daşynda bolup, görünmän diýen ýaly olaryň işine ýolbaşçylyk edýär.

Öz döwründe Sokrat mugallymlary “pikirleriň akuşeri (dogyrmany)” diýip atlandyrdy. Onuň pedagogik ussatlyk barada aýdanlary “maýewtika” diýlip atlandyrylyp terjime edilende “sungaty dogyryş” diýen manyny aňladýar.

Öz işini bilýän pedagog taýyar maglumatlary bermän okuwçynyň kellesinde täze pikirleriň döremegini emele getirmeli. Diýmek, pedagogik işiň merkezi geçirilýän ähli okuw-terbiýeçilik işlerini dolandyryp adamyň kemala gelmegini gazanmak.

Şu günler pedagogik sözlükde “menedžment” (iňlis sözi *dolandyrmak, ýolbaşçylyk etmek*) diýen söz peýda boldy. Bu söz dürli ulgamlarda (sistemalarda) bolup geçýän prosesleri (işleri) dolandyrmagyň umumy sungaty manysyny berýar. Mugallymyň edýän işini daşary ýurtlarda “pedagogik menedžment” - mugallymyň özüni – “menedžer” (terbiýeleýän, okadýan, ösdürýän) diýip atlandyrýarlar. Ýöne onuň adynyň üýtgemegi onuň işiniň mazmunyna hiç hili täsir etmeýär.

Mugallymyň nämä edýändigini, onuň işiniň häsiýetini, özboluşlygyny kesgitlemek üçin alymlar tarapyndan birnäçe modeller ulanylýar. Geliň şolaryň birine, mugallymyň işiniň esasy wezipesi pedagogik dolandyrmakdygyna göz gezdireliň.

Mugallymyň ýerine ýetirýän işinde dolandyrmak funksiýasynyň esasydygyny anyklamak üçin, onuň edýän işlerini soňuna çenli ýerine ýetirmek ýa-da “pedagogik proýekt” diýip alalyň.

Islendik sapak, synp sagady, täze temany ýa-da bölümi öwretmek, oýunlary guramak, mekdep baýramçylygyny ýa-da syýahaty geçirmegi doly amala aşyrmagy “pedagogik proýekt” diýip düşündirse bolar.

Bu işleri ýerine ýetirmek üçin pedagog olary dolandyrmalydyr, näçe pikirlenip dolandyrylsa, şonçada bu işlerde ýalňyş az bolup, olaryň netijesi ýokary bolar.

Proýekt pikirlenip başlanan döwri pedagogyň birinji funksiýasy **maksada daýanmakdyr.**

Pedagogik işiň esasy açary maksatdyr. Ol mugallym bilen okuwçynyň umumy işini olaryň umumy maksadyna gönükdirýär. Dolandyrmagyň esasy mazmuny maksatdan netijä çenli bolýan işi dogry alyp barmakdyr. Okatmak işini dolandyrmak ilkinji hatarda okuwçylary bilmek, tanamak bilen baglydyr. Mugallym olaryň taýyarlyk derejesini, mümkinçiliklerini, terbiýelänligini, ösüş derejesini doly bilmelidir.

Bu maglumatlary mugallym diagnozyň (grek sözi "*diagnosis*" tanamak, = *dia* – aýdyň, + *gnosis* - bilim). Okuwçylaryň fiziki, psihiki ösüşini bilmän, olaryň akyl we ahlak taýdan terbiýelenen derejesini bilmän, olaryň synpda we maşgalada terbiýeleniş şertlerini bilmän dogry maksat-da goýup bolmaýar, gerek bolan serişdeleri-de saýlap bolmaýar. K.D.Uşinskiý şeýle diýipdir : "Eger-de pedagogika adamy hemmetaraplaýyn terbiýelejek bolsa, ol ony hemme taraplaýyn bilmelidir, öwrenmelidir".

Diagnoz bilen bir hatarda prognoz (grek sözi "*prognosis*" – öňünden görmek = *pro* – öňden, + *gnosis* - bilim) çaklama. Çaklama bu mugallymyň öz işiniň netijesini öňünden bilmegidir we şoňa görä öz işi guramalydyr. Öz işiniň netijesini anyklap bilmedik, onuň netijesine çaklamagyň üsti bilen bilmedik mugallym – öz ýoluny ýitirp, ony tapyp bilmedik adam bilen deňeşdirilýär.




Diagnozyň we çaklamanyň maglumatlaryny ele alyp mugallym okuw terbiýeçilik işiniň proýektini taýýarlamaga girişýär.

Proýektiw funksiýa geljekki işiň modeliniň konstruksiýasyny (gurluşyny) gurmaga, gerek bolan serişdeleri we usullary saýlamaga, gerek wagty, gerek maksada ýetmegi, gelnen netijeleri bahalandyrmagyň görnüşlerini we formalary kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Diagnoz (anyklaýyş) prognoz (çaklama), proýekt funksiýalar ýerine ýetirilenden soň, okuw-terbiýeçilik işiniň meýilnamasyny düzmek gezegi gelýär. Hünärmen-mugallym hemmetaraplaýyn taýýarlanan her bir bölumi pikirlenen meýilnamasyz synpa girip bilmez. Meýilnamanyň göwrümide, nähili ýerine ýetirilendigi-de, mugallym ony sapakda elinden goýmaýarmy ýa-da ýatdan

bilýärmi bular hökman  däl. Esasy zat onuň hökman bolmagy, ýeri gelende aýtsak ussat mugallymlar bir däl, birnäçe wariantly meýilnama  düzýärler.

Mugallymyň okuw-terbiýeçilik işine taýýarlanyş döwründe düzýän her bir proýekti (plany) diagnoz (anyklaýyş), prognoz (çaklama), proýekt we meýilnama funksiýalaryň ýerine ýetirilmegi bilen amala aşyrylmalydyr.

Geljekki etapda, tapgyrda mugallym öz pikirini amala aşyrmak üçin *maglumat, guramaçylyk, bahalandyryş, gözegçilik we düzediş (korrektorowka)* funksiýalaryny ýerine ýetirýär. Mugallymyň **guramaçylyk** funksiýasy okuwçylary işe çekmek, öňde goýlan maksada ýetmek üçin olar bilen hyzmatdaşlyk etmek. Mugallymyň **maglumat** funksiýasy – onuň maglumatlardan peýdalanyşy. Okuwçylar üçin ilkinji we wajyp maglumat çeşmesi mugallymyň özi. Ol öz predmetini ony okatmagyň usulyny, pedagogikany, psihologiýany doly bilýär. Mugallymyň *gözegçilik bahalandyryş* we *düzediş* funksiýalary – käbir wagt bir düzüme düzulen mugallyma gerek bolan höweslendiriji täsirler hökmünde ulanylýar. Okuwçylar bilen işlände olara käýýäp, olaryň üstüne gygyryp işi ýerine ýetirip bolmaz. Esasy zat stimul gyzyklandyrmadyr.

Mugallymyň işiniň jemleýji bölüminde – ol *analitiki* (seljeriş) funksiýasyny ýerine ýetirýär. Onuň esasy mazmuny ýerine ýetirilen işiň netijesini seljermek, ýüze çykan kemçilikleri öwrenip, olaryň sebäplerini kesgitläp geljekde bu ýalňyşlyklaryň we kemçilikleriň ýüze çykmagyna ýol bermezlik.

## Mugallymdan edilýän talaplar

Mugallymlaryň hünär we jemgyýetçilik funksiýalarynyň aýratynlyklary okuwçylaryň, ata-eneleriň, jemgyýetiň onuň şahsyýetinden, moral hereketlerinden edýän ýokary talaplarydyr. Mugallymdan edilýän talap – onuň pedagogik işiniň netijeliligini kesgitleýän hünär hilleriniň imperatiw talap edijilik ulgamydyr.

Mugallymdan edilýän ilkinji talaplar onda pedagogik ukyplaryň bolmagydyr. Şu günler pedagogik ukyplar intensiw ösüş ýolunda. *Çagalar bilen işlemäge islegi bolan, olary söýýän, olar bilen söhbetleşip lezzet alyp bilýän şahsyýetiň hillerine – pedagogik ukyplar* diýilýär. Käbir wagt peagogik ukyplar

gysga manyda-da anyk işleri başarmak manysynda-da ulanýarlar. Mysal üçin , owadan sözlemek, aýdym aýtmak, surat çekmek, çagalar bilen işleri gurap bilmek. Pedagogik ukyplar esasy toparlary şu aşakdakylardyr.

**1. Guramaçylyk ukyplary.** Okuwçylary bir topara jemläp bilmek, oýlary bir iş bilen güýmemek, borçlary paýlamak, işi meýilnamalaşdyrmak, edilen işiň jemini jemlemek.

**2. Didaktiki ukyplary.** Okuw maglumatlaryny elýeter, düşnükli, gyzykly, ynandyryjy we yzygiderli düşündirip bilmek, görkezme esbaplary sapakda ulanylmaly materiallary, abzallary saýlap bilmek we taýýarlamak, okuwçylaryň bilesigelijiligini we ruhy talaplaryny höweslendirmek, okuw isleglerini aktiwleşdirmek.

**3. Perseptiw ukyplary.** Okuwçylaryň ruhy dünýäsine aralaşyp bilmek, psihikasynyň aýratynlyklaryny ýüze çykarmak we olaryň emosional ýagdaýyny obýektiw (dogry) bahalandyryp bilmek.

**4. Kommunikatiw ukyplary.** Okuwçylar bilen, kärdeşler bilen, ata-eneler bilen, mekdep ýolbaşçylary bilen dogry pedagogik maksada gönükdirilen aragatnaşyk gurap bilmek.

**5. Suggestiw ukyplary.** Okuwçylara emosional – erkli täsir edip bilmek.

**6. Barlag ukyplary.** Özüniň tejribe işinde ýüze çykan pedagogik situasiýalary we prosesleri öwrenip we obýektiw bahalandyryp bilmek.

**7. Ylmy – öwrenijilik ukyplary.** Öz saýlan hünäri boýunça ylmy bilimleri ele alyp bilmek.

Mugallymyň esasy hünär hiller diýip – *zähmetsöýerlik, işjeňlik, tertiplilik, jogapkärlik, maksat goýup bilmek, oňa ýetmek üçin ýollary saýlap bilmek, guramaçylyk, talapkärlik, öz hünär derejesini ulgamlaýyn we meýilnamalaýyn kämilleşdirmek, öz zähmetiň hilini ýokarlandyrmaga çemeleşmek we ş.m. – hasap etse bolar.*

Bu talaplaryň üsti bilen pedagog işçi hökmünde häsiýetlenýär.

Bazar ykdysadyýeti döwründe, mekdeplerde täze talaplaryň (kontrakt, meýilnama) ýüze çykmagy mugallymda okuw-terbiýeçilik işlerinde gowy aragatnaşyk gurmagy başarýan adamkärçilik hilleriniň wajyplygyny kesgitledi.

Bu häsiýetler şulardyr : adamkärçilik, mylaýymlylyk, mylakatlylyk, çydamlylyk, paýhaslylyk, jogapkärçilik, dogruçyllyk, adalatlylyk, hökmanylyk, obýektiwlik, ýokary ahlaklyk, optimizm, emosional deňagramlylyk, arkaýynlyk, söhbetdeşlige talap, terbiýeleýänleriniň durmuşyna gyzyklanma, öz-özüni tankyt edip bilmeklik, dostluk, özüni elde saklap bilmeklik, watany söýmek, öz-bahasyny bilmek, dini garaýyş, prinsipiallyk, emosinal medeniýet, elinden gelse kömek bermeklik.

Mugallym üçin **esasy hil ynsanperwerlikdir**.

Mugallym bu hemişe aktiw, döredijilikli şahsyýet. Ol okuwçylaryň gündelik durmuşynyň guramaçysy bolup çykyş edýär.

Synpa ýolbaşçylyk etmek mugallymdan – döredijiligi, talap-edijiligi, islendik ýagdaýlardan özbaşdak baş alyp çykarmagy talap edýär.

Çydamlylyk, öz-özüňi ele almak, ruhy duýgurlyk, adalatlylyk, talap edijilik, ýumor duýgusy, hünär takty – mugallymyň hökmany hilleridir.

**Mugallymyň şahsy hilleri** onuň **hünär hilleri bilen berk arabaglanyşyklydyrlar**. Hunär hillerine hünär taýýarlygy döwründe ýörite alan bilimleri, başarnyklary, pikirleniş ukyplary, işiniň usullary degişlidir. Olaryň arasynda : *öz okadýan dersiňi, ony okatmagyň usulyny bilmek, psihologik taýýarlyk, umumy erudisiýa, giň medeni dünýägaraýyş, pedagogik ussatlyk, pedagogik işiň tehnologiýalaryny ulanyp bilmek, guramaçylyk başarnyklar we endikler, pedagogik takt, pedagogik tehnika, söhbetdeşligiň tehnologiýalaryny ulanyp bilmek, oratorlyk ussatlyk* we başga hiller.

Haýsy-da bolsa bir hünäre hödürlenýän hillere hünär häsiýetnamasy diýilýär. (professiogramma).

Ilkinji hünär häsiýetnamasy XX asyryň 20-30-njy ýyllarynda, işi ylmy esasda gurmak pikirini öňe süren alymlar tarapyndan düzüldi. Bu hünär häsiýetnama şol döwrüň sowet mugallymyna niýetlenenipdi. Onda mugallymdan edilýän talaplar şu aşakdakylardy :

1. Beden saglygy.
2. Häsiýetiň deňagramlylygy.
3. Ösen erklik.
4. Inisiatiwlilik, döredijilik.
5. Guramaçylyk ukyplar we endikler.
6. Doly orta bilim we öz dersiňi gowy bilmek.
7. Öz bilim derejäňi täze maglumatlar bilen baýlaşdyryp bilmek we daş-töwerekde bolýan hadysalardan habarly bolmak.
8. Häzirki zaman psihologiýasynyň, pedagogikasynyň we metodikasynyň esasy akymlary bilen tanyş bolmak.
9. Öz okadýan dersiň usuly bilen tanyş bolmak.
10. Öz okadýan okuwçylar toparyňy bilmek.
11. Sosial-ykdysady we syýasy taýýarlyk.
12. Jemgyýetçilik durmuşy bilen gyzyklanmak we oňa işjeň gatnaşmak.
13. Geçirýän işiň maksady we wezipelerini doly we aýdyň aňlamak.
14. Öz hünäriň bilen ýakyn syýasy-köpçülik işleri bilen tanyş bolmak.
15. Okuwçylary söýmek.
16. Mugallym tertipli, arassa, owadan geýinmeli, onda kollektiwizm, öz borjuňy duýmak duýgulary bolmaly. Işiňe söýgi, ak ýürekli bolmalydyr.

XX asyryň 80-nji ýyllarynda mugallymyň hünär häsiýetnamasyny işlän alym W.A. Slastenindir. Onuň hödürleýän hünär häsiýetnamasy (professiogrammasy) dört bölümden ybarat bolup, olar :

1. **Häzirki zaman mugallymyň hili we häsiýetnamasy.** Bu bölüm özünde a) maksada gönükdirilenligi; b) hünär-pedagogik gönükdirilenligi; ç) öwrenijilik gönükdirilenligi jemleýär.
2. **Psihologik we pedagogik taýýarlygyna talaplar.** Olara a) bilim; b) başarnyk; ç) endikler degişlidir.
3. **Ýöite taýýarlygyň göwrümi we düzümi.**
4. **Mugallymyň öz hünäri boýunça usuly taýýarlygy.**

Bu hünär häsiýetnamasy öz işinde : terbiýelemegiň we okatmagyň usullaryny ulanyp bilmegi; pedagogik ussatlygy we umumy ösüşi; okatmagyň we terbiýelemegiň psihologik we pedagogik esaslaryny bilmegi; maksada okgynlylygy; ynamlylygy; tehniki serişdeleri ulanyp bilmegi; çagalary söýmegi; olara düşünmegi, adama ynamy; optimizmi; maksady goýup bilmegi; oňa

ýetmegiň ýollaryny saýlap bilmegi; öz wagtyny dogry paýlap bilmegi; başganyň wagtyny sylamagy; özüniň syýasy-ideýa we ýörite taýýarlyk derejesini ulgamlaýyn we meýilnamalaýyn kämilleşdirmek; öz işiniň önüminiň hilini ýokarlandyrmak; özbaşdak döredijilik; ýokary ahlak hilleri; şahsy mysal we başga hilleri jemleýär. Nämä üçindir saglyk ýagdaýy düşilip galdyrylypdyr. Ýa-da ol gerek dälmikä ? Mugallymyň saglyk ýagdaýy onuň hünär häsiýetnamasynyň özeni bolmalydyr.

Geliň mugallymyň 20 sany esasy, wajyp hilleri bilen tanşalyň.

1. Guramaçylyk.
2. Tertiplilik.
3. Zähmetsöýerlik
4. Ýerine ýetirijilik.
5. Mylakatlylyk.
6. Sadalyk.
7. Mylaýymlyk.
8. Adalatlylyk.
9. Talap edijilik.
10. Öz dersini bilmek.
11. Maglumaty düşündirip bilmek.
12. Işi ýola goýup bilmek.
13. Okatmakda ussatlyk.
14. Duýgurlyk.
15. Hemaýat edijilik.
16. Ahlak arassalygy.
17. Okuwçylara ynam.
18. Özüňi göreldeli alyp barmak.
19. Mugallymyň abraýy.
20. Adalatsyzlygaçydamazlyk

Bu häsiýetleriň, hilleriň haýsysyny birinje ýere, haýsysyny ikinji ýere, haýsysyny üçünji ýere …. goýjak.

Birinji ýyl talyplarynyň 85 % birinji ýere – adalatlylygy goýdylar. Talap edijilik ikinji ýere, öz dersini bilişi üçünji ýere goýuldy. Birinji onlukda ahlak hiller, mylakatlylyk, okuwçylara ynam, sadalyk, ahlak arassalygy öz ornuny tapdylar.

Soňky wagtlar “ideal pedagog” düşünjesi ulanylyp başlady. Özünde ýokary derejede kämilleşen raýatlyk, önümçilik we şahsy funksiýalary jemleýän nusga hünärmene – ideal pedagog diýip bolar. Ideal pedagog - taýýarlamagyň oriýentiri deňeşdirmegiň etalony bolan öwrenmegiň nusgasydyr.

Ideal pedagog

| hünärmen | işgär | adam |
|---|---|---|
| Pedagogik nazarýeti bilýän | Maksady goýup bilýän we oňa ýetýän | Döwlet kanunlaryny sylamak |
| Pedagogik ussatlygy bolan | Wagty dogry paýlap bilýän | Millilik |
| Psihologiýany bilýän | Öz hünärini ulgamlaýyn meýilnama boýunça kämilleşdirýän. | Watana söýgi |
| Okatmagyň we terbiýelemegiň tehnologiýasyny bilýän | Öz işiň önümini ýokarlandyrmak | Watany goramaga taýýarlyk |
| Zähmeti dogry gurap bilýän | Döredijilige ukyp | Berk saglyk sagdyn durmuş |
| Işine söýgi | Hemmetaraplaýyn bilim | Ynsanperwerlik |
| Okuwçylary söýýän | Işlemäge isleg | Dine ynam |
| Pedagogik ukyplar | Işiňe berlenlik | Söhbetdeşlige talap |
| Umumy erudisiýa | Toparda işläp bilmek | |
| Çydamlylyk | Talap edijilik | |
| Optimizm | | |
| Empatiýa (bile başdan geçirmek) | | |
| Özüňi saklap bilmek | | |
| Ugurtapyjylyk | | |
| Hereketiň tizligi we dogrulygy | | |
| Ruhy mylakatlyk | | |
| Emosional deňagramlylyk | | |

Wagt geçip dur. Mugallymdan edilýän talaplar günsaýyn artyp, üýtgäp dur. Ýöne her bir mugallym “ideal mugallym” bolmaga çalyşmalydyr.

**Didaktika – okatmak we bilim bermek nazarýeti**

**hakyndaky ylymdyr.**

Bütewi pedagogik prosesiň (işiň) iki sany prosesiniň biri okatmakdyr (okatmak işidir).

Okatmak örän çylşyrymly proses. Ol terbiýelemegiň we ösmegiň düzüm bölegi bolany üçin şolardan öz çylşyrymlylygy boýunça aşakda durýar. Şonuň üçin bu söze kesgitleme bermek kyndyr. Ol öz düzüminde dürli tertipli we dürli hilli köpsanly we köpdürli aragatnaşyklary we arabaglanyşyklary saklaýar.

Gadymy we orta asyrlar danalary "okatmak", "okatmak prosesi" diýen düşünjeleri okatmak işi diýip düşündiripdirler. XX asyryň başynda bu düşünjäniň manysyna iki hili düşünje goşdular, olar okatmak we okamak. Okatmak – bu mugallymyň bilim bermek boýunça alyp barýan işi, okamak – bu okuwçylaryň olara hödürlenýän maglumatlary, bilimleri ele almak boýunça alyp barýan işi. Wagtyň geçmegi bilen okatmak işi düşünjesine mugallymyň okuwçylara bilim bermek, dolandyrmak boýunça alyp barýan işiniň manysy goşuldy.

*Okatmak – bu ýörite gurnalan, dolandyrylýan, gözegçilik edilýän, mugallym bilen okuwçylaryň bilimleri, başarnyklary we endikleri ele almak boýunça ýerine ýetirýän işidir.*

Okatmak işine şeýle häsiýetler mahsusdyr : 1) ikitaraplaýynlyk; 2) mugallymlar we okuwçylaryň bilelikdäki işi; 3) mugallymyň ýolbaşçylygy; 4) ýörite meýilnama boýunça gurnalan we dolandyrylýan; 5) bütewilik we birlik; 6) okuwçylaryň ýaş aýratynlyklar kanunalaýyklyklaryna deň gelmek; 7) okuwçylaryň ösüşini we terbiýesini dolandyrmak.

Didaktika (grek sözi "*didaktikos*" – okadyjy, öwrediji we we "*didasko*" - öwreniji) diýen many berýär. Didaktika pedagogikanyň okatmak we bilim bermek meselelerini öwrenýän bölegidir. Ilkinji bolup bu söz nemes pedagogy Wolfang Ratke (Ratihiýa) (1571-1635) tarapyndan okatmak sungatyny aňlatmak üçin ulanyldy. Ý. A. Komenskiý "hemmä hemme zady öwretmek, okatmak sungaty" manysynda bu sözi özüniň "Beýik didaktika" eserinde ulandy. XIX asyryň nemes pedagogy I.F. Gerbart didaktikany bütewi we gapma-garşylyksyz terbiýeleýji okuw (okatmak) nazarýeti düşünjesinde

ulandy. Şol wagtdan bäri didaktikanyň esasy wezipeleri, çözýän meseleleri üýtgemän gelýärler, olar näme okatmaly we nähili okatmaly; şu günki pedagogika ylmynyň öwrenýän esasy meseleleri : haçan, nirede, kimi we näme üçin okatmaly diýen ýaly meselelerdir.

Taryhy ösüş döwründe **didaktika** adalgasy üýtgeýärdi. XIX asyryň ahyryna didaktika okatmak nazarýeti diýen mana eýe boldy. Ondan terbiýe bölünüp aýryldy. Bu manyda didaktika sözi ilkinji gezek nemes pedagogy Adolf Disterwegiň (1790-1866) işlerinde berildi. Hususanam, onuň “Nemes mugallymlaryna bilim bermek” diýen işinde didaktika okatmak nazarýeti manysynda ulanyldy.

Şu güne çenli didaktika – okatmak nazarýeti manysynda ulanylyp gelindi. Ýöne käbir pedagogika ylmyny öwrenijiler bu düşündiriş bilen razylaşmaýarlar. Olaryň käbiri – didaktika okatmak nazarýeti däl, bilim bermek nazarýeti diýse (E.I. Perowskiý), başga biri didaktikany – okatmak we bilim bermek nazarýeti hökmünde häsiýetlendirýärler (B.P. Esipow). Didaktika – okatmak we bilim bermek baradaky ylymdyr diýen düşunje, umuman, dogry. Ýöne didaktikany – okatmak we bilim bermek nazarýeti diýip düşündirenilerinde – onuň diňe bir tarapyny beýan edýärler – okatmak we bilim bermek funksiýasyny, ondan okatmagyň terbiýeleýjilik we ösdürijilik funksiýalaryny aýyrýarlar. Biz didaktika diýen düşünjäni pedagogika ylmynyň okatmak nazarýetiniň we tejribesiniň soraglaryny öwrenýän bölümi diýip hasap edýäris.

“Okatmak” sözüne üns berip görüň. Eger bu sözi seljersek, ol “ok we atmak” diýen iki sözden ybaratdygyna göz ýetirýäs. “Okamak” diýen söze üns bersek, bu ýerde-de biz bu düşünjäniň “ok” we “almak” diýen iki sözden ybaratdygyna göz ýetirýäs. Diýmek bu sözleriň gelip çykanyna örän köp wagt bolupdyr. Ilkinji bilim bermek ýaşamagy öwretmek – aw awlamak, özüňi goramak bilen bagly bolandygy belli ahyryn.

Pedagogika ylmynda **okatmak** adalgasy sözüň **dar** we **giň** manysynda garalýar. **Okatmak sözi gysga** manyda mugallymyň işi diýlip düşündirilýär. Her bir mugallymyň öz dersi bar. Ol öz dersini orta mekdepde okadýar. **Okatmak sözi giň** manyda mugallym bilen okuwçynyň arasyndaky ýörite gurnalan, dolandyrylýan, gözegçilik edilýän, bilimleri, başarnyklary ele almaga gönükdirilen işdir.

Okatmagyň birnäçe sosial **funksiýalary** bardyr. Olar : **ilkinji** esasy sosial funksiýasy – **bilim berijilik funskiýasydyr**. Okuwçylary kesgitlenen bilimler, başarnyklar we endikler ulgamy bilen ýaraglandyrmak.

Okatmagyň **ikinji jemgyýetçilik funksiýasy – terbiýeçilik funksiýasydyr**. Okuwçylarda ele alan bilimleriniň netijesinde dogry dünýägaraýyş, ynam, pikirler kemala getirmekdir. Döwrüň talabyny ödeýän şahsyýeti terbiýelemek – Watanyny söýýän, ony goramaga taýýar material we ruhy gymmatlyklary döredip bilýän raýaty terbiýelemekdir. Bilim berijilik we terbiýeleýjilik funksiýalary biri-birinden üzňe ýerine ýetirip bolmaýar. Pedagogyň gündelik işinde olar biri-biri bilen arabaglanyşýarlar we bilelikde hereket edýärler.

**Okatmak** ýene bir wajyp funksiýany ýerine ýetirýär – ol hem**ösdürijilik funksiýasydyr**. Okuwçylaryň bilesigelijiligini, ynamlaryny, olaryň psihiki hillerini, döredijiligini we özbaşdaklygyny, täze bilimleri ele almagyny ösdürijilik funksiýasy ýerine ýetirýär.

Häzirki döwürde ylmyň ösmegi netijesinde adamlara gerek bolan maglumatlaryň möçberi artýar, olaryň hemmesini okatmagyň üsti bilen amala aşyryp bolmaz. Şonuň üçinçagalarda özbaşdak okamak başarnyklaryny ösdürmek wajyp hasap edilýär.

**Didaktika** ylym hökmünde onuň predmetiniň gurşawynda hereket edýän kanunalaýyklyklary öwrenýär, okatmak işiniň netijelerini we gidişini şertlendirýär, arabaglanyşyklary seljerýär, meýilnamalaşdyrylan maksatlaryň we wezipeleriň ýerine ýetirilmegine kömek edýän usullary, guramaçylyk formalary we serişdeleri kesgitleýär. Didaktika iki esasy wezipäni ýerine ýetirýär : 1) nazary (anyklaýyş we çaklaýyş); 2) tejribe (normatiw we instrumental ýerine ýetiriş).

Geliň, indi didaktikanyň çözýän meselelerine üns bereliň.

1. Okatmagyň **maksady** we **wezipesi** baradaky soraglar. Şu soraglara jogap bermän, didaktika başga soraglary çözüp bilmeýär.
2. Okuw işiniň ýerine ýetirilişinde esaslanýan kanunalaýyklyklar we ýörelgeler soragy. Okatmak nazaryýetine pedagogik häsiýetnama bermek, onuň içki we daşky taraplarynyň aýratynlyklaryny, arabaglanyşygyny anyklamak, bilimiň mazmunyny kesgitlemek we onuň guralyşyny ýola goýmak – bu soraglar didaktikanyň çözýän esasy soraglarydyr.
3. Näme öwretmeli ? Okuwçylara nähili bilim bermeli ? Okuwçylara berilýän bilimi olaryň ýaş aýratynlyklary bilen nähili sazlaşdyrmaly ? Bilimiň mazmunyny nädip döwrüň talabyna laýyk getirmeli ?
4. Nähili okatmaly ? Okuwçylar bilimleri, başarnyklary, endikleri ele alar ýaly okatmagyň usullaryndan nähili peýdalanmaly ? Okadan wagtyň bilim berijiligi,

terbiýäni we ösüşi nädip biri-biri bilen baglanyşdyrmaly ? Hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmek üçin nähili okatmaly ?

5. Okuw işini haýsy guramaçylyk formalarynda amala aşyrmaly ? Okuw işiniň formalarynyň (görnüşleriniň) haýsysy amatly ? Olary nähili saýlamaly ? we başga wajyp soraglar didaktikanyň çözýän soraglarydyr.
   Okatmak işiniň mazmuny, wezipesi usullary we görnüşleri üýtgäp durýarlar.

Mekdebiň görnüşine, çagalaryň ýaş aýratynlyklaryna görä, didaktika – **mekdebe çenli didaktika, mekdep didaktikasy, ýokary okuw mekdep didaktikasy, harby didaktika** we başga ulgamlara bölünýär.

Didaktika taryh, filosofiýa, psihologiýa, kibernetika ýaly ylymlar bilen arabaglanyşýar.

Didaktikada ulanylýan ylmy-barlag usullary: syn etmek; eksperiment (didaktiki); mekdep resminamalaryny öwrenmek; söhbetdeşlik; anketa; matematiki, kibernetiki usullar.



*Tehnologiýa*

*Didaktiki, işiň logiki esaslary.*

*Kanunlar, kanunalaýyklyklar, ýörelgeler, düzgünler*

Didaktika okatmak ulgamyny ähli predmetlerini (derslerini) we ähli derejedäki okuw işini öz içine alýar. Öwrenýän hadysalaryň öz içine alyş giňligi boýunça didaktika **umumy** we **hususy** didaktikalara bölünýär. Umumy didaktikanyň **öwrenýän predmeti** – okatmak we okatmak işlerini döredýän faktorlary bilen olaryň geçýän şertleri, olaryň getirýän netijeleridir. **Hususy didaktikalar** (konkret-anyk) diýip, aýratyn bir dersi okatmagyň usullaryna aýdylýar. Olar dürli okuw dersleriniň okuw işiniň geçişiniň kanunalaýyklaryny, mazmunyny, görnüşlerini we usullaryny öwrenýärler. Her bir okuw dersleriniň özüniň usuly bardyr.

## Didaktiki ulgamlar we okatmagyň modelleri

Didaktiki ulgam – sistema (grek sözi sistema – bütewi, birleşik, bölümlerden düzülen) diýip belli kriteriýalar boýunça kesgitlenen bütewi bilimlerdir. Didaktiki sistemalar (okatmak ulgamlary) maksatlaryň, guramaçylyk ýörelgeleriniň, mazmunyň, görnüşleriň we okatmak usullarynyň birligi emele gelen içki gurluşynyň bütewiligi bilen häsiýetlenýärler. Gurluşynyň aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, häzirki zaman ylmy-barlag işlerini alyp barýan alymlar biri-birinden aratapawutlanýan didaktiki ulgamlary öz arasynda üç topara böldüler.

1. I. F. Gerbartyň ulgamy (didaktikasy);

2. J. Diýunyň didaktiki ulgamy;
3. Kämilleşen ulgam.

Nemes filosofy we pedagogy I.F. Gerbart (1776-1841). Ý.A. Komenskiniň synp-sapak ulgamyny doly öwrenip, onuň mazmunyny täzeçe aňlap “**pedagogikanyň ylmy ulgamyny**” döretdi. Onuň bu ulgamy etikanyň we psihologiýanyň nazary derejelerine daýanýar. Gerbartyň aýtmagyna görä, terbiýäniň iň ýokary maksady güýçli moral häsiýetli ahlak şahsyýeti kemala getirmek.

Öz psihologiýasyndan I.F. Gerbart iki esasy düzgüni öňe sürdi. Olar:

- hiç nähili nesilden geçen psihiki ösüş bolup bilmez;
- psihiki durmuş göz öňüne getirmeler esasynda emele gelýär.

I.F. Gerbartyň psihologiýasy we etikasy metafiziki (idealistik) häsiýetli bolup, onuň hödürlän didaktikasy nemes idealistik filosofiýasyndan gelip çykýar. Onuň aýdyşyna görä mekdebiň esasy wezipesi – bu okuwçylaryň intellektual ösüşini gazanmak, terbiýe bolsa maşgalanyň işidir.

I.F. Gerbartyň didaktika goşan esasy täzeligi okatmagyň basgançaklaryny ýüze çykarmagydyr. Onuň shemasy şeýle : **anyklyk – assosiasiýa – ulgam – usul**. Okatmak işi göz öňüne getirmelerden düşünjelere, düşünjelerden nazary häsiýetli başarnyklara ýoly geçýär. Bu shemada tejribe ýok. Bu formal derejeler okatmagyň mazmunyna garaşly däl, olar ähli dersler boýunça geçilýän sapaklaryň gidişini kesgitleýärler.

I.F. Gerbartyň okuwçylary, onuň işini dowam eden W. Reýn, T. Siller, F. Derpbeld onuň nazary pikirlerini birtaraplaýynlykdan we formalizmden azat etmek üçin köp işler etdiler.

I.F. Gerbartyň nazary pikirleri XIX asyryň ortalarynda giňden ýaýrady we Germaniýa imperiýasynyň dargamagy bilen dargady.

Amerikan filosofy, pedagogy we psihology Jon Diýunyň didaktikasynyň esasy maksady jemgyýetiň we mekdebiň progressiw ösüşine garşy duran I.F. Gerbartyň we onuň tarapdarlarynyň awtoritar pedagogikasyna garşy durmak maksady bilen işlenilip düzüldi.

“Adaty” mekdepleriň garşysyna şu aşakdaky günäler ýüklendi.

- tertip-düzgün kadalaryna esaslanan ýüzleý terbiýe;
- durmuşdan üzňe, “kitap” okatmak işi;

- okuwçylara “taýýar” bilimleri bermek, ýatlamaga gönükdirilen “passiw” usullar;
- okuwçylaryň isleglerini, talaplaryny, gyzyklanmalaryny hasaba almazlyk;
- bilimiň mazmunynyň jemgyýetiň talabyndan üzňeligi;
- okuwçylaryň ukyplaryny ösdürmäge ünsüň az berilmegi.

J. Diýu özüniň eksperimentlerini 1895-nji ýylda Çikagonyň mekdeplerinde başlady.

Ol geçiren eksperimentlerinde esasy ünsi okuwçylaryň hususy aktiwligini ösdürmäge berdi. Barlaglar okuwçylaryň islegleri, olaryň durmuş talaplarynyň göz öňünde tutulyp gurnalan okuwlaryň netijesiniň werbal okuwdan (söz, kitap) ýatlamakdan ýokarydygyny görkezdi.

J. Diýunyň okatmak nazaryýetine goşan esasy goşandy onuň “pikirlenme akty” konsepsiýasyny öňe sürenligidir.

J. Diýunyň aýtmagyna görä, adam diňe kynçylyga uçrasa pikirlenip başlaýar, şol kynçylyklary ýeňip geçmek, onuň üçin wajyp bolýar. Her bir “doly pikirlenme aktynda” şu basganςaklar ýüze çykarylýar.

- kynçylygy duýmak;
- ony tapmak we kesgitlemek;
- ony çözmegiň ýoluny öňe sürmek (çaklamany formulirlemek);
- geljekki çözgüdiň netijesini formulirlemek (çaklamanyň logiki barlagy);
- çaklamany kabul etmegä ýa-da inkär etmäge kömek edýän syn etmeler we eksperimentler.

J.Diýunyň pikirine görä dogry gurnalan okuw **problem** (meseleleýin) okuwdyr. Mugallym okuwçylaryň gyzyklanmasynyň ösüşine ünsli gözegçilik edip, olara güýçýeter ýaly, düşüner ýaly we çözüp biler ýaly problemalary hödürlemeli. Okuwçylar öz gezeginde bu meseleleri (problemalary) çözmek bilen özleri üçin täze, peýdaly bilimleri ele alýandygyna göz ýetirmeli.

J.Diýunyň öňe süren pikirleriniň kemçilik taraplary-da bar. Ol hem edil Gerbart ýaly özüniň okatmak başganςaklaryny ähli dersler üçin birmeňzeş edýär. Tejribe ähli derslere uniwersal modelleriň bolmaýandygyny subut edýär. Okatmak “doly meselelelýin” hem “doly werbal” (söz, kitap ýatlamak) hem bolup bilmez. Bu iki akym didaktikanyň ösmegine özüniň uly goşandyny goşdy.

Okatmak nazaryýetiniň täze akymlarynyň içinde belli amerikan psihology we pedagogy Jeron Brunner tarapyndan öňe sürlen “*açyşlaryň üsti bilen okatmak*”

konsepsiýasy esasy ünsi özüne çekýär. Bu konsepsiýanyň esasy mazmuny : ähli bilesigelijilik güýjüni, önümli pikirlenmäni talap edýän özbaşdak açyşlaryň üsti bilen okuwçylar bilim almaly dünýäni öwrenmeli. Okuwçylar olara şu wagta çenli özlerine mälim bolmadyk jemlemeler etmeli we olaryň netijesinde başarnyklar we endikler emele gelip olaryň tejribede ulanylyşyny gazanmaly. Okuwyň bu görnüşi “taýýar maglumatlary kabul etmek”, “kynçylyklary ýeňip geçmek” okuw görnüşlerinden düýbünden tapawutlanýar.

Esasynda pedagogik işiň tejribesiniň ýörelgeleri bolan, häzirki zaman didaktikasyny şu aşakdaky aýratynlyklar häsiýetlendirýär.

1.Onuň metodologik esasy bolup bilim filosofoýasynyň (gnosiologiýanyň) obýektiw kanunalaýyklyklary çykyş edýärler. Okatmagyň häzirki zaman konsepsiýasy okatmak işine düşünmek üçin oňa ulgamly çemeleşmäge esaslanmagy salgy berýär. Onuň esasy manysy bilimleri we başarnyklary ele almak okatmak işiniň bütewi bölegine öwrülmeli.

Soňky ylmy-barlaglar didaktiki ulgamy gurmaga kompleks çemeleşmegi onuň esasy metodologik (usulýet) ýörelgesi diýip hasap etmegi öňe sürdüler. Diňe şu günüň okatmak mehanizmleri baradaky toplanan bilimlere daýanýan ulgama **okatmagyň ideal** ulgamy diýip bileris.

2. Häzirki zaman didaktiki ulgamynda okatmak okuwçylara taýýar bilimleri bermäge, kynçylyklary ýeňip geçmäge okuwçylaryň özbaşdak açyşlaryna daýanýar, ýöne ony olardan aratapawutlandyrýan taraplary bardyr. Ol aýratynlyk okuwçylaryň işjeňligi, özbaşdaklygy, hususy inisiatiwasy bilen pedagogik ýolbaşçylygyň dogry arabaglanyşygydyr. Häzirki zaman didaktikasynyň esasy maksady wagty, güýji, serişdäni az sarp edip okuwçylaryň bilim derejesini götermek.

3. Bilimiň mazmunyny kesgitlemäge-de garaýyş başgaça boldy. Bu günki okuw meýilnamalary, okuw maksatnamalary, öňki resminamalaryň gowy taraplaryny özünde jemläp dünýä derejesine göterildi. Olarda hökümet, regional, milli, dünýewi komponentler öz ornuny tapdy.

Okatmagyň işiniň (prosesiniň) täze häsiýetleri ýüze çykdy : **onuň üznüksiz ösüşi, hereketliligi, dowamlylygy; maksada gönükdirilenligi, maksadalaýyklygy; meseleleýinligi (problemnost); aýdyňlygy; kompleksligi.**

Okatmak işiniň önümini şu aşakdaky modelde görüp bolar.




## Okatmagyň maksatlary

Okatmagyň maksatlary terbiýelemegiň maksatlaryndan gelip çykýarlar we olar bilen bir bütewi bölümi hökmünde çykyş edýärler. Türkmenistanda bilim bermegiň esasy maksady özbaşdak, erkin, medeniýetli, arassa ahlakly, maşgalanyň, jemgyýetiň, döwletiň öňünde öz jogapkärçiligini duýýan, başga raýatlaryň hukugyny erkinligini, Konstitusiýany we kanunlary sylaýan, adamlaryň, dürli halklaryň, milletleriň, dini, sosial toparlaryň arasynda düşünişip işläp bilýän şahsyýeti taýýarlamakdyr.

Umumybilim berýän mekdebiň esasy wezipeleri :

- halkyň milli-medeni talaplaryny kanagatlandyrmak, beden we ahlak taýdan sagdyn nesli terbiýelemek;
- jemgyýetiň we önümçiligiň talabyny kesgitleýän bilimler ulgamyny özleşdirmegi amala aşyrmak;
- ylmy dünýägaraýşy, syýasy, ykdysady, hukuk medeniýeti, ynsanperwer gymmatlyklary we ideallary, döredijilikli pikirlenmegi, özbaşdak bilim almagy kemala getirmek;
- öz eden işine jogapkärçiligi, raýat pozisiýasyny, adamkärçiligi, demokratik dolandyryşyga gatnaşmak islegini ösdürmek.

Okatmagyň federal komponenti (düzümi) öwrenilýän ähli dersleriň we bilimleriň, başarnyklaryň 30-40 % göterimini eýeleýär. Okatmagyň mekdep komponenti (düzümi) regional, milli önümçilik we şahsy faktorlar tarapyndan şertlerinden okuwçylaryň köpdürli talaplaryny we isleglerini kanagatlandyrmak mümkinçiliklerini ýola goýýar.

Şu günki didaktikany öwrenýän alymlaryň çözýän meseleleriniň biri mekdep biliminiň mazmunyny dogry, doly we döwrebap çözmek; okatmagyň täze usullaryny okuw-terbiýeçilik işine ornaşdyrmak. Bu meseläniň üstünde köp döwletleriň alymlary işleýärler. Mysal üçin Russiýa, Polşa, Bolgariýa, Germaniýa, Rumyniýa, Mongoliýa, Slowakiýa we başga döwletler.

Häzirki zaman daşary ýurt didaktiki konsepsiýalary.

## Okatmak işi we onuň esasy düşünjeleri

**Okuw işi** – mugallym tarapyndan guralýan, dolandyrylýan we gönükdirilýän iş bolup onuň özeninde okuwçy şahsyýetiniň kemala gelmegi, onuň işjeň bilim almak işi bolan çylşyrymly bütewilik ýatyr.

. Okuw işiniň gidişinde durmuş tarapyndan goýlan toplumlaýyn meseleler çözülýär. Bu meseleleriň çözülişiniň netijesinde okuwçylaryň öň toplan tejribelerinde täze üýtgeşmeler emele gelýär, bilesigelijilik güýçleri ösýär, akyl işiniň täze endikleri emele gelýär, şahsyýetiň kämilleşmegi we ösüşi bütewi amala aşyrylýar.

Okatmak işi taryhy hadysadyr. Özüniň ösüşinde ol birnäçe döwürleri geçdi. Bu döwürleriň her haýsynda mugallym bilen okuwçynyň aragatnaşygy özboluşly häsiýetde amala aşyryldy. Okuwçy bilen mugallymyň arasyndaky işi dogry paýlamak, olaryň işiniň häsiýeti baradaky sorag didaktikanyň esasy soragy bolup durýar.

Bu meseläniň çözülmegine gymmatly pikirleri K.D. Uşinskiý goşdy. Okatmagyň tejribesini we pedagogik ylmyň ösüşini taryhy nukdaý nazaryndan öwrenip, ol bu hadysanyň esasy ugurlarynyň nazaryetde we tejribede taryhy ösüşine dogry häsiýetnama berdi.

Öz taryhy ösüşinde okatmak işi ilkinji ädimleri köne sholastika mekdeplerinde başlandy. (sholastika XI-XII asyrlarda ýüze çykan dini filosofiýadyr, ol özünde dini we rasional usuly jemleýärdi). Bu mekdeplerde okuw işiniň esasy ýüki okuwçylaryň üstüne ýüklenip, mugallymyň eline taýak berildi. Mugallym bu taýak bilen okuwçylary okatdy. (K.D. Uşinskiý). Mugallym okuwçylara ýerine ýetirmeli işleri kitap boýunça tabşyryp,

olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär, tabşyrylan ýumuşlary barlanda ýerine ýetirenleri öwüp, ýerine ýetirmediklere temmi beripdir. Okuwçylaryň işi okamak, ýatlamak we aýdyp bermekden ybarat bolupdyr.

Köne sholastik mekdepleriniň ýerine täze mekdepler gelip başlaýarlar. Ol mekdeplerde okuw işiniň gurluşy eýýam üýtgeşikdi. Bu mekdeplerde okuw işiniň esasy ýüki mugallymyň üstüne ýüklendi. Mugallym okuwçylary ähli güýjüni aýaman ösdürmelidi. Mugallym okuwçylarda okuwa höwes döretmelidi, okamaga çekmelidi, okalýan we düşündirilýän maglumatlaryň doly özleşdirilmegini gazanmalydy. Okuwçylaryň işi diňe mugallymyň aýdanyny, okap berenini kabul etmekdi. Olar okuw işinde hiç hili işeňňirlik görkezmän mugallym tarapyndan berilýän maglumatlary özleşdirýärdiler.

K. D. Uşinskiý okuw işiniň bu iki ýolunyň – birtaraplaýynlygyny tankytlady. Bu bir taraplaýynlygyň netijesinde mekdep okamagy öwretmeýärdi. K.D. Uşinskiý okuw işini guramagyň talabyny öňe sürdi. Ol talap – okuwçylar mümkin boldugyndan özbaşdak zähmet çekmeli, mugallym bolsa olara gerek bolan maglumatlary berip, okuwçylaryň özbaşdak işine ýolbaşçylyk etmeli. Mugallym okuwçylaryň kellesini maglumatlardan doldurýan bolman, olaryň özbaşdak, döredijilikli işiniň ýolbaşçysy, guramaçysy hökmünde çykyş etmeli.

Okuwçy bir işi diňe edip, ýerine ýetirip öwrenip biler. Okuwçylaryň özbaşdak işi – mugallymyň bu işe ýolbaşçylyk edişi dogry we şu günlerem öz güýjüni ýitirmän gelýän mugallym bilen okuwynyň işiniň paýlanmasyndan edilýän talapdyr.

Okuw **işiniň içki** we **daşky** taraplary bardyr. Mugallymyň sapagyň maglumatlaryny beýan edişi, onuň okuwçylar bilen sapagyň dowamynda söhbetdeşligi, ýumuşlary tabşyryşy, özbaşdak işleriň ýerine ýetirilişine gözegçilik edişi, okuwçylaryň mugallymyň aýdanlaryny diňleýşi, onuň beren soraglaryna jogap berşi, onuň ýumuşlaryny ýerine ýetirişi, bu okuw işiniň **daşky taraplarydyr**. Okuw işiniň daşky taraplaryny synlap bolýar. Okuwçylaryň bilimleri, başarnyklary, endikleri ele alşy we olaryň netijesinde şahsyýetiň kämilleşmegi we ösüşi okuw işiniň **içki** tarapydyr. Okuw işiniň içki tarapy göze görünmeýän, synlap bolmaýan tarapydyr. Elbetde okuw işiniň içki tarapy esasy diýlip hasaplanýar. Ýöne bu diýdigi onuň daşky tarapyny inkär etmegi aňlatmaýar. Okuwçy bilimleri, başarnyklary we endikleri diňe mugallym tarapyndan gurnalan we ugrukdyrylýan işiň hasabyna ele alýandygyny unutmaly däl.

Okuw işiniň içki we daşky taraplary biri-biri bilen berk arabaglanyşyklydyr. Bu iki tarapyň ýokarda görkezilen aratapawudy mugallym üçin uly tejribe ähmiýetli bolup, ondan bilimleri, başarnyklary we endikleri ele almagyň kanunalaýyklaryny öwrenmegini

talap edýär. Bu kanunalaýyklary bilmezlik okuw işini gurmakda we geçirmekde ýalňyşlyklaryň ýüze çykmagyna getirýär.

Okuwçy bolandan soň çaganyň täze hukuklary we borçlary ýüze çykýar. Şol günden başlap, onuň üçin okuw işi ähli ýerine ýetirilýän işler bilen bir hatarda esasy orun tutýar. Okuw işiniň çaganyň durmuşynda esasy orun tutmagy birinjiden, mundan beýläk ol daş-töwerekdäkiler bilen aragatnaşygy diňe okuw işiniň üsti bilen amala aşyrmagy, ikinjiden onuň şahsyýet hökmünde kämilleşmegi we onuň psihiki ösüşiniň güýçlenmegi bilen düşündirilýär.

Okuw işi başga işiň görnüşlerinden aratapawutlanýar. Okuw işi hökmany we jogapkärçilikli iş bolup ol okuwçylardan guramaçylygy talap edýär. Okuw işi maksadagönükdirilendir. Bu iş daşdan gözegçilik edilýän, dogrulanýan, ölçenýän mugallym tarapyndan guralýan, ýolbaşçylyk edilýän işdir.

Okuw işinde okuwçy adamlar tarapyndan öwrenilen, tapylan açylan we toplanan we ylym hökmünde jemlenen bilimleri ele alýar. Elbetde oýun we zähmet işlerinde çagalar bilimleri ele alýarlar, ýöne bu işler ýerine ýetirilende bilimleri ele almak esasy maksat hökmünde ýüze çykmaýar.

Okuwçynyň okuw işi hemişe belli bir netijeleri gazanmaga gönükdirilendir. Bu netijelere ýetmek okuwçylardan pikir etmägi, käbir kynçylyklary ýeňip geçmegi talap edýär. Okuw işi özünde köp mümkinçilikleri jemleýär. Olar okuwçylarda şahsyýetiň şu aşakdaky häsiýetlerini kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär: - akyl işjeňlik, özbaşdaklyk, maksadaokgynlyk, jogapkärçilik; - guramaçylyk, tertiplilik, öz diýenlilik.

**Okuw işi** bu diňe okuwçylara bilimleri başarnyklary we endikleri bermek bilen çaklanýan iş däl-de olary terbiýeleýän we ösdürýän işdir.

Okuw işi çylşyrymly ulgam birleşigidir. D.B. Elkonin öz ylmy barlaglarynyň netijesinde bu çylşyrymly ulgamyň merkezi düzümi **okuw meselesidir** diýen netijä geldi. Biz **okuw meselesini** bilen **tejribe meselesinden** aratapawutlandyryp bilmelidiris. **Okuw meselesi** – täze maglumatlary almakdyr. **Tejribe meselesi** – okuwçynyň özleşdiren maglumatlary esasynda öz gözleýän jogabyny tapmak, ýumuşy ýerine ýetirmekdir. Mysal üçin okuwça iki sany kiçi, üç sany uly baýdagyň suratyny çekmek tabşyryldy. Baýdaklaryň suratyny çekmek bu tejribe ýumuşy; okuw ýumşy bäşlik sanyň ikilik we üçlük sanlardan ybaratdygyny öwretmekdir. Ýa-da okuwçy türkmen dili sapagynda gönükmäni ýerine ýetirýär. Berlen ýumuş “gönükmäni göçüriň we çekimli harplaryň aşagyny çyzyň”. Gönükmäni göçürmek bu tejribe meselesi, çekimlileri tapyp, olaryň aşagyny çyzmak bu okuw meselesidir.

Okuw işiniň esasy elementi hökmünde **okuw hereketleri** çykyş edýärler. Gysga manyda okuw hereketleri **okuw operasiýasyny** (belli bir işi ýerine ýetirmegi) aňladýar. Olaryň üsti bilen okuwçylar belli bir meseläni çözýärler.

Okuw hereketleri öz içine ýerine ýetirilýän işiň dogrylygyna **gözegçilik etmek hereketlerini** goşýarlar.

Okuw hereketleri ýerine ýetirilen ýumuşlaryň özleşdirilenligini **bahalandyrmak** hereketlerini-de öz içinde jemleýärler.

Didaktikanyň esasy kategoriýalary (düşünjeler) : okatmak; okamak; bilim bermek; bilim, başarnyk; endik; maksat, mazmun; guramaçylyk; görnüşleri : daşky görnüş; usullar; serişdeler; netijeler (önümler). Soňky wagt didaktikanyň esasy düşünjelerini didaktiki ulgamlar we okatmak tehnologiýalary diýip hem ulanýarlar.

**Didaktika** bu okatmak we bilim bermek, olaryň maksady, mazmuny, usullary, serişdeleri, guralyşy we netijeleri baradaky ylymdyr.

**Okatmak** – bu mugallymyň okuwçylara maglumatlary bermek, terbiýelemek, aňlatmak we durmuşda ulanmagy maksadyny geçirmek boýunça tertiplenen işdir.

**Okamak** – öwrenilen maglumatlaryň, gönükmeleriň we ele alnan tejribäniň, özüňi alyp barmagyň we işiň üýtgemegi netijesinde olaryň ýerine täzeleriniň ýüze çykmagydyr.

**Bilim bermek** - okatmak işinde ele alnan bilimleriň, başarnyklaryň, endikleriň, pikirleniş ukyplarynyň ulgamydyr.

**Bilim** – adamyň öwrenen predmeti boýunça ele alnan pikirleriniň şöhlelendirilişidir.

**Başarnyk** – bilimleri tejribede ulanyp bilmek ukyplaryny ele almakdyr.

**Endik** – awtomatlaşdyrylan başarnyklar. Başarnyklaryň ýokary derejä ýetirilmegi.

**Maksat** – okatmak işiniň güýjüniň gönükdirilenligi.

**Mazmun** – okatmak işinde okuwçylaryň ele almaly ylmy bilimler ulgamy, tejribe başarnyklary we endikleri, işiniň we pikirlenişiniň usullarydyr.

**Guramaçylyk** – öňde goýlan maksady talaba laýyk ýerine ýetirmek üçin, oňa belli bir görnüş bermek üçin didaktiki işiň ýörite kriteriýalar boýunça tertipleşdirilmegidir.

**Forma** – (latyn sözi *forma* – daşky görnüş, daşy) okuw işiniň usullarynyň ýerleşişi, onuň içki manysynyň logikasynyň, mazmunynyň daşky gaby. **Forma** –

okadylýanlaryň sany bilen, okatmagyň wagty we ýeri bilen, onuň amala aşyrylyş tertibi bilen baglydyr.

**Metod (usul)** – (latyn sözi *metodos* – ýol, usul) okatmagyň maksadyna we wezipesine ýetmek ýoly. (Okatmagyň maksadyny we wezipesini durmuşa ornaşdyrmak ýoly).

**Serişde** – okuw işini goldamak üçin gerek bolan predmetler. Serişdeler – mugallymyň sesi, sözi, giň manyda onuň ussatlygy, okuw kitaplary, synp abzallary we ş.m. Bu düşünje başga manyda-da ulanylýar. Oňa soňrak üns bereris.

**Netijeler** (okatmagyň önümi) – okuw işiniň öňde goýlan maksatlaryny durmuşa geçirmek, okuw işiniň soňky ädimleri.

Okuwçynyň daşky dünýäni öwrenişiniň aýratynlyklary onuň täze bilimleri açman, mugallymyň ýolbaşçylygynda adamzat tarapyndan toplanan we ylymlar ulgamyna jemlenen bilimleri we olary ele almagyň usullaryny özleşdirmegidir. Ýöne okuw işiniň guralyşynyň käbir görnüşlerinde çagalar bilimleri açyşlar hökmünde-de kabul edýärler we özleşdirýärler. ("Açyşlaryň üsti bilen okatmak" Jrem Brunner). Adam tejribede ulanyp görmedik, öz şahsy tejribesi bilen baglanyşmadyk, oňa daýanyp bilmedik bilimleri ele alyp bilmeýär. I.M. Seçenow şeýle diýýär : "Özleşdirmek diýmek – başga bir adamyň tejribesini öz tejribäň görkezijileri bilen garyşdyrmakdyr".

Didaktika bu kanunalaýyklyga daýanyp okuw işini guramakdan şeýle talaby edýär : ***okuwçylaryň daşky dünýäni kabul edişine, olaryň tejribe işiniň şahsy, aýrybaşga öwrenijilik tejribesine daýanmak.***

Taryhy tejribäniň, köp ýyllap syn etmegiň we psihologik barlaglaryň netijesinde **bilimleri, başarnyklary we endikleri ele almagyň umumy psihologiki kanunalaýyklary** anyklanyldy.

Okuwçy bilimleri diňe mugallym tarapyndan gurnalan we gönükdirilýän özüniň özbaşdak işjeň işiniň netijesinde alyp biler. Adamyň hususy işjeň işiniň netijesinde, onuň psihiki ösüşi kämilleşýär. (S.L. Rubinşteýn, A.N. Leontiýew).

Bilimleri ele almak başarnyklary we endikleri ele almak bilen birlikde ýerine ýetirilýär. Bu öz gezeginde okuwçylaryň akyl ösüşine we olaryň akylynyň hiliniň (çeýelik, özbaşdaklyk) ösüşine getirýär. Bu hiller şahsyýetiň häsiýetleri bolup, onuň başga häsiýetleri bilen dünýägaraýyş, ahlak ösüş berk arabaglanyşykdadyr.

*Bilimleri ele almak bu aýrabaşga prosesdir. Her okuwçy özüniň aýrabaşga psihiki aýratynlyklaryna ösüş derejesine we taýyarlygyna görä bilimleri ele alýar.* Bu

kanunalaýyklygy göz öňünde tutup, mugallym okuw işini guranda her bir okuwçynyň akyl ösüşini we şahsyýetiň kämilleşmegini göz öňünde tutup, bilimleri ele alar ýaly şertler döretmelidir.

Okap bilmek ýeterlik däldir. Pikir edip okamagy öwrenmeli. Diňe gürrüň bermek bilen çäklenýän okuwçy tekste düşündi diýip hasap edip bolmaz. Okuwçylar awtoryň nähili maglumat bermek isleýändigi barada pikirlenmeli we awtoryň pikirlerini öz pikirleri bilen deňeşdirip görmeli.

**Bilimleri ele almak** – çylşyrymly psihologik prosesdir. Ol öz içine bilimleri kabul etmegi, özleşdirmegi we ol bilimleri tejribede ulanyp bilmegi alýar.

Real okuw prosesinde bilimleri özleşdirmek we olary ulanmak berk baglanyşyklydyrlar. Okuwçylar täze bilimleri ele alanlarynda olary çuňlaşdyryp özleşdirmek üçin öň özleşdirilen maglumatlar bilen deňeşdirýärler; özleşdiren bilimleri ulanyp, olary pikirlenip berk özleşdirýärler; bilimleri tejribede ulanmak – bilimleri ele aňly almagyň iň gowy serişdesidir we kriteriýasydyr.

**Özleşdirmek** – çylşyrymly psihologiki prosesdir. Özleşdirmek diýmek düşünmek, ýatlamak, berkitmek diýmekdir. Düşünmek we ýatda saklamak biri-biri bilen aragatnaşykda bolýarlar : bu zynjyrda esasy düşünmekdir. **Düşünmek** – aňly özleşdirmekdir. Düşünmek **kabul etmek** we **akyl ýetirmek** (pikir ýöretmek) esasynda amala aşyrylýar. Okuw maglumatlaryna düşünmek üçin olary kabul etmeli. **Kabul etmek** – işjeň proses bolup, özüniň maksada gönükdirilenligi we saýlawlylygy bilen häsiýetlenýär. Kabul ediş prosesinde eýýam ilkinji, umumylaşdyrylan düşünje emele gelýär.

**Akyl ýetirmek** - bu okuwyň mazmunyny böleklere bölüp, onuň her bir bölegini aýratynlykda düşünmek, olaryň arabaglanyşygyny, içki gurluşyny öwrenmek maksady bilen ýörite gurnalan seljeriş sintetiki işdir.

**Akyl ýetirmek** – kabul etmekden aratapawutlylykda bu işjeň, maksada gönükdirilen we meýilnamalaşdyrylan seljerme, sintez, deňeşdirme, jemleme ýaly pikirleniş operasiýalaryny ýerine ýetirmek we akyl aýratynlyklarynyň ýüze çykmagy bilen bagly bolan işdir.

Akyl ýetirmek mugallymlaryň öňünde wajyp pedagogik wezipeleri goýýar. Olar : okuwçylaryň akyl özbaşdaklygyny ösdürmek, syn etmek tärleri bilen özbaşdak işlemek endikleri, kitap bilen işlemek endikleri bilen ýaraglandyrmakdyr.

**Ýatlamak** okuw işinde iki görnüşde ýüze çykýar : yhtyýarsyz we yhtyýarly ýatlamak. Yhtyýarsyz ýatlamak – okuw maglumatlaryny kabul edende ýörite ýatlamaga

gönükdirilmedik ýagdaýynda amala aşyrylýar. Ýatlamagyň bu görnüşiniň kanunalaýyklary bardyr. Olar : yhtyýarsyz ýatlamagyň netijesi haçanda okuwçylar öwrenýän materiallaryny görüp, eline alyp öwrenende ýokary bolýar. Yhtyýarsyz ýatlama başlangyç synplaryň okuw işinde uly orun tutýar.

Yhtyýarly ýatlamagyň netijesi okuwçylaryň akyl işjeňligine we özbaşdaklygyna baglydyr. Öňde goýlan meseleleri çözmekde okuwçylaryň akyl işjeňligi we özbaşdaklygy näçe ýokary bolsa, şonda yhtyýarly ýatlamagyň netijesi ýokary bolar. Aýdylanlardan şeýle netije çykarsa bolar : okuwçylaryň akyl işjeňligini we özbaşdaklygyny ösdürmeli we olara ýatlamagyň rasional tärlerini öwretmeli.

Soňky döwürde okuw işini *akyl işini kämilleşdirmegiň etaplaýyn nazarýeti* esasynda amala aşyrmak öňe sürüldi. Bu nazarýet bilimleri ele almak üçin diňe bir hökmany ýerine ýetirilmeli işleri görkezmek bilen çäklenmän, bu işleriň ýerine ýetirilişiniň mazmunyny we ýoluny görkezýär. Onuň netijesinde akyl işleri ele almak, şol bir hatarda bilimleri-de ele almak dolandyrylýan bolýar.

Aşakdaky suratda häzirki zaman okuw prosesinde bilimleri ele almak derejeleriniň modeli hödürlenendir.



Okatmagyň netijesinde dürli hilli netijeleriň ýüze çykmagy mümkin. Olary kesgitlemek, seljermek we ölçemek üçin dürli kriteriýalar işlenildi. Netijelriň umumy häsiýetlerini okatmagyň derejesi ýa-da özleşdirmegiň netijesi (didaktiki häsiýetnama) we okuwçylaryň bilesigelijiliginiň işjeňliginiň derejesinde (psihologiki häsiýetnama) berip bolar. **Birinjisi** – gazanylan netijeleri, **ikinjisi** – olary gazanmagyň ýollaryny görkezýär. Bu häsiýet biri-biri bilen ýakyn we biri-birini dolduryarlar. Okuwçylaryň bilesigelijiliginiň şu aşakdaky derejeleri bellenilýär – habar beriş (reproduktiw); meseleleýin (problem), ewristiki (açyş), ylmy barlag. Okuwçynyň haýsy bilesigelijilik işjeňligini ösdürýänine görä ol okatmagyň belli derejesine ýetýär.

**I dereje - tanyşlyk**. Okuwçynyň tanamak, aýyl-saýyl edip bilmek, bir obýektiň başga birinden aratapawudyny bilmek endikleri bilen aratapawutlanýar. Tanyşlyk derejesinde özleşdirmeklik obýekt barada umumy düşünje bermek bilen çäklenýär.

**II dereje - reproduksiýa.** Bu derejede maglumatlary özleşdirmek obýekt barada gürrüň bermek bilen bir hatarda ony görmek, seljermek bilen amala aşyrylýar.

**III dereje – doly derejeli bilimler.** Bu derejede okuwçy özleşdiren maglumatlaryny tejribede, belli bir meseläni çözmekde peýdalanyp bilmek endikleri bilen ýaraglandyrylýar we täze maglumatlary kabul edýär.

**IV dereje – transformasiýa** (geçirmek). Okuwçy alan bilimlerini, başarnyklaryny, endiklerini jemlemek esasynda dürli derejeli meseleleri çözüp bilýär.

Ýokarda agzalan derejeler esasynda **bilimler bilen tanyşmak, berk bilimler, bilimleri ulanmak** ýaly görnüşleri saýlanýarlar. Okatmak prosesiniň ösüşi bilimler bilen tanyşmakdan olary ulanmak derejesine ýetmegi aňladýar. Adama ähli derejeli bilimler gerek. Käbir bilimleri ol göz öňüne getirip bilmeli, käbir bilimleri düýpli özleşdirmeli.

## Okatmagyň şertleri.

Didaktiki prosesiň geçişine we netijesine köp sanly dürli görnüşli sebäpler täsir edýärler. Olaryň sany şeýle bir köp, olar biri-biri bilen berk baglanyşan, seplenen, olary

öwrenmek örän kyndyr. Diňe tejribeli, ussat, özüniň işini gowy bilýän pedagogik intuisiýasy gowy ösen mugallymlar özüniň duýgusyna esaslanyp baş sebäpleriň hereketiniň gönükdirilenligini dogry duýup, olary hasaba alyp, olara daýanyp öňde goýan maksadyna ýetip bilýärler. Egerde pedagogik prosesiň gidişi, ösüşi pedagoga näbelli bolan senariý boýunça gitse, onda ol garaşylýan netijäni bermez we köp babatda garaşylmadyk netijelere getirer.

Okuw işine täsir edýän ähli sebäpleri dogry seljerer ýaly ylmy nazaryýet şu güne çenli ýok. Şu günki didaktika okuw işiniň geçişine, onuň netijesine ähli sebäpleriň toplumlaýyn (kompleks) täsiri baradaky nazary akyma daýanýar. Şonuň üçinem pedagoglar okuw prosesini dolandyrjak bolsalar, berlen maglumatlary goýberilen wagtda özleşdirmegi gazanjak bolsalar, onda olar okuwyň netijesi bilen bagly bolan ähli sebäpleri öwrenmelidirler. Başga ýol ýok diýse hem bolar.

Biziň häzirki pedagogik adalgalarymyzda didaktiki prosesiň geçişine we netijelerine täsir edýän sebäpleri faktorlar diýip atlandyrdylar. Her bir sebäp faktor bolup bilermi ? Mysaly seljerip göreliň. Okuwçy algebra sapagyna gyzyklanmasyny ýitirdi, onuň esasynda bu ders boýunça ýetişigi peseldi. Derse bolan gyzyklanmanyň ýitmeginiň esasy sebäpkäri mugallym bolup çykdy. Ol okuwçynyň üstünden gülüp, oňa azar berip, bahasyny peseldip geldi. Okuwyň netijesiniň peselmeginiň sebäbi nämede – gyzyklanmanyň peselmegindemi ýa-da mugallymyň özüni nädogry alyp barşyndamy ? Bularyň haýsysy wajyp ? Nebsimiz agrysa-da, pedagoglar bu soraglaryň üstünde köp pikirlenýärler. Ähli sebäpleriň täsiri birmeňzeş hasap edilip, sebäpleriň häsiýeti we täsirleri hasap edilmän, alnan netijeler logika we esaslandyrylan deliller bilen kesgitlenýärler. Didaktikada sebäpleri saýlamak we ranglara bölmäge örän az üns berilýär. Ý. Korçak şeýle diýipdir : “Hudožnigiň çeken suratyny göz öňüne getiriň – suratdaky ähli şekiller bir ölçegde, adamam, öýde, haýwanlarda. Siz bu hudožnik barada näme diýip bilersiňiz ? Suratdaky şekilleriň ýerleşişiniň sebäplerini bilmedik ýa-da okatmagyň itergisini synp otagyny bezemek bilen birleşdirýän mugallym barada näme diýip biljek”.

Didaktiki faktoryň düşünjesini kesgitlemek ol ýa-da başga bir faktorlaryň wajyplygyny bilmek üçin, ähli sebäpleri deňeşdirmek üçin umumy esas (bazis) gerek. Bazisi okatmagyň esasynda, onuň netijeliliginde, üstünliginde gözlemeli. Gysgaça aýdanymyzda didaktiki prosesiň önümi diýip düşünmeli. Okatmak prosesiniň önümleri bu bilimiň netijesiniň üýtgemegidir. Pedagogik prosesiň önümlerine faktorlary daňmaly. Onda olar önüm emele getiriji, önüm genleri (gen latyn sözi “doguryan”) hökmünde

ýüze çykýarlar. Didaktiki önüm biziň bilşimiz ýaly çylşyrymly ulgam bolup, anyk bilimleri, başarnyklary, endikleri, dünýä düşünmek, erudisiýa, akyl hilleri, hünär gönükdirilenligi öz içine alýar.

Didaktiki prosesiň netijesinde näçe we nähili hilli önümiň “öndürijiligi” anyk ýagdaýlar bilen baglydyr. Kim okadýar we kim okaýar. Nähili faktorlar okuw prosesinde nähili baglanyşýarlar, şolaryň netijesi didaktiki prosesiň önümini berýär.

Didaktiki prosesiň önüm genleri psihologik-pedagogik edebiýatlarynda dürli sözler bilen düşündirilýärler, olar : “täsir”, “hereket”, “sebäp”, “faktor”, “parametr”, “funksional birlik”, “görkeziji”. Biz mundan beýläk halkara didaktiki adalgasy bolan **“didaktiki prosesiň üýtgeýjiligi”** diýen many bilen deň gelýän **önüm genleriniň sebäpleri** adalgany ulanarys.

Önüm genleriniň sebäbi diýip, iň kiçi bölünmeýän, ýöne aýratyn sebäpleri göz öňünde tutýas. Bu önüm genleriniň sebäbini **elementar sebäp** diýip alarys. Didaktiki prosesiň gidişinde önüm genleriniň sebäpleri üýtgäp, başga many alyp bilerler, ýöne olaryň täsiri üýtgewsiz galýar.

“Önüm genleriniň sebäpleri” düşunjesinden başga düşünjelere geçmek aňsatdyr. Eger-de önüm genleriniň sebäplerini ugry uly birleşmeleri gönükdirilen, uzynlygy intensiwliligiň täsiri bilen birleşdirilen aýratyn strelka (wektor) görnüşinde göz öňüne getirsek, onda oňa doly düşünip bileris. (Surata seret). Bir toparyň önüm genleriniň sebäpleriniň iki ýa-da birnäçesinden emele gelen uly sebäbe – faktor diýilýär. Birleşen birnäçe faktorlardan umumy faktorlar emele gelýärler. **Umumy didaktiki faktor** öz içinde birnäçe önüm genleriniň sebäplerini jemleýär we birnäçe didaktiki faktorlary saklap bilýär. Faktorlaryň jemi **kompleks faktorlary** emele getirýär. Faktorlaryň iň esasysy (general) faktorydyr. Ol öz içine umumy, kompleks, birlik faktorlary we olaryň önüm genleriniň sebäplerini alýar. Olardan başga spesifiki (ýörite) faktorlar hem bar. Olary başga faktorlaryň toparyna ýa-da önüm genleriniň sebäplerine goşup bolmaýar. Spesifiki (ýörite) diýmek “gaýtalanmaýan”, “aýratyn” diýen many berýär.

Önüm genleriniň sebäpleriniň, faktorlaryň ýüze çykarylmagy bir wagtyň özünde birnäçe didaktiki meseleleriň effektiw (netijeli) çözülmegine getirýär.

| **№** | **Önüm genleriniň sebäpleri** | **Itergi** | |
|---|---|---|---|
| | | **Položitel** | **Otrisatel** |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1. | Sebäbiň ýüze çykmagy | “Etjek”, “Edip bilýän” | “Etmeli”, “Borjuň” |
| 2. | Maksadyň häsiýetnamalary | Özüne çekiji, položitel | Ýakymsyz, negatiw |
| 3. | Ýüz döndermäge mümkinçilik | Ýok. Az ýüze çykan. Ýuwaş. | Güýçli, berk yzygiderli. |
| 4. | Işi kemeltmek | Gerek däl | Hökman gerek |
| 5. | Temp | Janly, tiz | Ýuwaş, soluk. |
| 6. | Dowamlylyk | Belli, aýratyn | Belli däl. |
| 7. | Işi goýmak | Pes | Güçli |
| 8. | Fantaziýanyň baýlygy | Güýçli | Az |
| 9. | Intellektual maýyşgaklyk | Bir pikir operasiýasyndan başga birine geçmek aňsat. | Hereketsizlik, pikirlenmegiň pesligi. |
| 10. | Bilimleri ele alyşyň guralyşy | Pikirlenen, ölçenen | Mehaniki |
| 11. | Syn edijilik | Ýokary | Aşak |
| 12. | Emosionallyk | Pozitiw, kanagatlylyk | Içigysyklyk |
| 13. | Goşmaça güýçleriň gerekligi | Köp gerek däl | Köp gerek |
| 14. | Pedagogik situasiýanyň tipi | Maksada ugrukdyrylan | Garşylyk görkezmek |

**Didaktiki faktor seljermesi**

Eger-de siziň şeker şugundyrynyň önüminiň mukdarynyň ýokarlanmagy nämä bilen bagly diýen soragyňyza agronom jogap berip bilmese, lukman teniň temperaturasynyň näme üçin ýokarlanýandygyny düşündirip bilmese, köpri gurujy inžener köprüniň berkliginiň nämä baglylygyny aýdyp bilmese, siz olar ýaly hünärmenlere nämä diýip biljek ? Mugallym hem didaktiki önüm genleriniň sebäplerini düşündirip bilmese, onda ony-da ýokardaky hünärmenleriň toparyna goşup bolar.

Didaktiki önüm genlerini bilmek pedagogik taýyarlygyň esasy mertebesi hökmünde çykyş edýär.

Bu sebäpleriň ýüze çykmagyny öwrenmek, olardan didaktiki faktorlar düzmek **faktor seljermesi** adyny göterýär. Häzirki zaman faktor seljermesi – ösen matematiki dersdir. **Faktor seljerişiň** esasy meseleleri : **birinjiden**, didaktikanyň onuň genleriniň sebäplerini saýlamagyň garşylyksyz ýollaryny işlemek; **ikinjiden** olardan faktorlar düzmek; **üçünjiden** faktorlaryň arabaglanyşygyny bellemek, olary obýektiw öwrenmek, olaryň her haýsysynyň soňky önüme goşan goşandyny bilmek. Faktor seljermesiniň netijesinde täze maglumatlar ýüze çykýar we olar çylşyrymly meseleleriň çözgüdini tapmaga kömek edýärler. Didaktikada faktor seljermäniň başda durmagynyň esasy sebäbi didaktiki sebäpler özüniň dürlüligine, üýtgeýjiligine we çylşyrymlylygyna garamazdan saýlanyp, hasaba alnyp, ranglara göterilip, obýektiw usullar bilen barlanyp, aýry-aýry faktorlar toparyna bölünip bilinýänligidir.

Öňde goýlan meseleleriň çözülişi dürli-dürli bolup biler. Mysal üçin önüm genleriniň sebäpleri baradaky çaklamany öňe sürüp ony barlamak üçin giň masştably uzak eksperiment geçirmek bolar. Başga ýol bilen-de hereket etse bolar. Çaklamadan ýüz dönderip, gerek bolan mukdarda sebäpleriň täsiri baradaky maglumatlary toplap , olaryň esasynda faktorlary düzmeli. Bu iki ýol hem ylmy işgärler tarapyndan ulanylýar.

Ahli didaktiki sebäpleriň biri-biri bilen arabaglanyşygynyň barlygy belli. Ýöne aragatnaşyklaryň barlygyny bilmek bize geljekki ýüze çykjak hadysalar barada maglumat bermeýärler. Bize bu arabaglanyşyk sebäpleriň arasyndaky onuň häsiýetnamasy, mukdar häsiýeti barada takyk maglumat gerek. Sebäpleriň arasyndaky arabaglanyşygyň mukdar aňladylyşyna **korreliýasiýanyň koeffisiýenti** diýilýär.

Pedagogikadaky faktor seljermesi matematikanyň degişli bölümine daýanýar. Onda köp dürli sebäplerden faktorlary seçip almak işlenilip düzülendir. Faktor seljermesini esaslandyryjylaryň biri L. Terstoundyr. Onuň aýtmagyna görä faktor seljermesi modelirlemegiň esasy instrumentidir.

Ähli ösen ylymlar faktor seljermesini ulanypdyrlar. Faktor seljermsi diňe mukdar häsiýetli bolman, onuň hil häsiýetide bardyr.

Adaty didaktika hil häsiýetine daýanýar we şu güne çenli ony ulanýar.

Didaktiki prosesiň öndürijiligine ähli sebäpler (faktorlar) täsir edýär diýen fakty delillendirmezden dogry diýeliň. Bu täsir toplumlaýyn häsiýetlidir. Okatmaga täsir edýän

esasy sebäpleriň ulgamyny gadymy grek pelsepeçileri belläpdirler. Şondan bäri alymlar bu garaýyşlary azrak kämilleşdirdiler, täze faktorlar goşdular, täze adalgalar bilen baýlaşdyrdylar, ýöne onuň esasy manysyny az üýtgetdiler. Öňden belli sebäpler şu günlerem üýtgewsiz galýarlar. I. Gerbartyň, A. Disterwegiň, K.D. Uşinskiniň, J. Diýunyň önüm genleriniň faktorlary baradaky düşündirişlerine goşmaça maglumat goşmak kyn. Olar dürli şertlerde, dürli täsirleriň astynda geçirilýän okuwyň akymyny we netijesini jikme-jik düşündirýärler. Okatmak bilen baglanyşykly edebiýatlarda kesgitlenen sebäpleriň täsirleri az möçberde beýan edilýär.

Soňky wagtlar köne sebäpleri täzeçe atlandyrylyp başladylar (mysal üçin, adaty **pedagogik etika – deontologiýa, mekdebi dolandyrmak - menežment**), täze tehnologiýalar ýüze çykyp başladylar. (mysal üçin – kompýuter, multimedio tehnologiýalary).

Häzirki zaman meseleleriň iň esasysy – okatmagy optimizasiýalaşdyrmagyň tejribesi – onuň çözgüdi üstünligiň sebäplerini doly bilmegiň üsti bilen amala aşyrylýar. Doly bilmek diýmek, olary diňe hil taýdan kesgitlemän, mukdar taýdan hem kesgitlemekdir. Mekdep tejribesi bu gün meseleleriň anyk, doly goýulmagyny we çözülmegini talap edýär. Şu güne çenli hiç kim okatmakda hereket edýän sebäpleriň sanyny dogry aýdyp bilmez.

Uzak barlaglaryň netijesinde didaktiki prosesiň önümleriniň toplumlaýyn emele gelşini kesgitleýän **dört sany esasy** (**general**) faktorlar ýüze çykaryldy :

1. okuw maglumatlary (OM);
2. guramaçylyk-pedagogik täsir (GPT)
3. Okuwçylaryň okaýşy (OO)
4. Wagt

Okatmagyň önümleriniň ýokarda görkezilen faktorlaryň täsirinde ýüze çykyşynyň umumy modelini aşakdaky suratda görüp bilersiňiz.




“Okuw maglumatlary” general faktor özünde umumy habar beriş sebäpleriň gelip çykyşyny jemleýär. Okuw informasiýasy (habary) öz gezeginde kognitiw (özünde bilim saklaýan) we dolandyryş habarlaryna bölunýär. Şönuň üçin hem okuw maglumatlary – bu özboluşly habardyr (informasiýa). Onuň başga faktorlardan aratapawudy, bu faktor ýörite didaktiki işlenilmegi talap edýär. Maglumatlaryň didaktiki işlenilmeginiň derejesinden (informasiýanyň), maglumatlaryň okuw prosesine ýarawlygy kesgitlenýär. Onuň elýeterligi, güýçýeterligi, okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna deňligi çözülýär.

Bu general faktoryň düzüminden iki sany toplumlaýyn (kompleks) faktor ýüze çykýar : **obýektiw (arassa) informasiýasy we didaktiki işlenilişi**.

Didaktiki işlenenden soň okuwçylara hödürlenýän informasiýalaryň häsiýetnamasyna : usul, gurluş, düşündirişiň elýeterligi (dil, okuwçylaryň bilim derejesine laýyklygy, informasiýanyň derejesi) degişlidirler. “Okuw maglumatlary” esasy (general) faktory öz düzüminde iki sany toplumlaýyn (kompleks) (obýektiw habar (informasiýa), didaktiki işlenmek); alty sany umumy (mazmun, san, hil, forma, gurluş, düşündirmek usuly) we elliden gowrak umumy häsiýetli sebäpleri jemleýär.

Esasy (general) faktor “Guramaçylyk – pedagogik täsir” öz düzüminde önüm genleriniň sebäpleriniň uly toplumyny jemleýär. Olar mugallymyň işini, okuw işiniň gurluşynyň hil derejesini, okuw we pedagogik zähmetiň şertlerini häsiýetlendirýärler. Olaryň arasyndan iki sany toplumlaýyn (kompleks) faktor saýlanýar : **sapakda guramaçylyk – pedagogik täsir we mekdepden daşary sapaklaryň okuw maksatlary bilen täsiri**.

Okatmagyň umumy faktorlaryna – okatmagyň usullary, guramaçylyk formalary, okuw situasiýalary, mugallymyň işjeňligi, okuwçylaryň işjeňligi, işiň netijesine gözegçilik we netijeleriň barlagy, okuw sapagyň görnüşi we gurluşy, ele alnan bilimleriň, başarnyklaryň

tejribede ulanylyşy, okuw serişdeleriniň ulanylyşy, okuw prosesiniň abzallaşdyrylyşy, okatmagyň şertleri degişlidirler.

Okuwdan daşda hereket edýän okatmak faktorlary : ata-eneler tarapyndan edilýän kömegiň göwrümi we häsiýeti; okuw işiniň rejesi; ulular tarapyndan gözegçilik; habar beriş serişdeleriň okuw maksatlary üçin ulanylyşy; edebi eserleriň okalyşy; özbaşdak okuw işiniň guralyşy; ýaşaýan ýeriň mekdepden uzaklygy; transport serişdeleriniň ulanylyşy; gurnaklara gatnaşmak; goşmaça okuw; ulular bilen bilim barada söhbetdeşlik we  başgalar. Bu faktorda iki sany toplumlaýyn (kompleks) faktordan başga 20 sany umumy we 150 gowrak önüm genler faktorlary jemlenýär.

Üçünji general (esasy) faktor "Okuwçylaryň okap bilijiligi" – bu okuwçylaryň okuwa ukyplary we öňde goýlan maksatlara berlen wagta ýetmeklikdir. Aýrybaşga we toparlaýyn (kollektiw) okadylyş ýollaryny göz öňünde tutmak wajypdyr. Bu faktorda-da iki sany toplumlaýyn (kompleks) faktor ýüze çykýar, olar : **sapakda okamak** we **okuwdan soň okamak işi**.

Sapakda okamaklygy şu sebäpler häsiýetlendirýär : okadylýanlaryň umumy taýýarlyk derejesi; kesgitlenen okuw maglumatlaryny ele almak, bilimleri, başarnyklary, endikleri özleşdirmek; ukyplary; okuw-bilesigelijilik işiniň ukyplary; ünsüň umumy häsiýetnamasy; anyk okuw dersini öwrenende okuwçylaryň pikirleniş aýratynlyklary; okuw maglumatlary özleşdirişiniň tizligi; okuwçylaryň  saglygy; okuwçylaryň ýaşy; olaryň durmuş meýilleri; tertipliligi; jogapkärçiligi; geljekki hünärine ugrukdyrylmasy we başgalar.

Özüni okatmakda (özüni taýýarlamakda) şu sebäpler häsiýetlenýärler : özüňe gözegçilik, erk we durnuklylyk; maksadagönükdirilenlik; okuw başarjaňlygy; reje we guramaçylyk; işjeňlik; gymmatlyklara gönükdirilenlik; höweslendirmek; itergi (motiw); saglyk ýagdaýy; ukyplary; ýatlamagyň we özleşdirmegiň tizligi; pikirlenmegiň derejesi we aýratynlygy; ýaz we aýrabaşga häsiýetler we başgalar.

Sapakda sarp edilen wagta : maglumatlaryň ilkinji kabul ediliş wagty; öwrenilenleri berkitmek; gözegçiligiň, gaýtalamagyň we berkitmegiň periodlary; okatmakdan soňky geçen wagt; gaýtalamaga berlen wagt; gönükmeleri ýerine ýetirmäge berlen wagt; jogap bermäge we taýýarlamaga sarp edilen wagt we başgalar degişli.

Özbaşdak okamaga sarp edilen wagt; öý işini ýerine ýetirmek üçin sarp edilen wagt; goşmaça edebiýatlary okamaga sarp edilen wagt; goşmaça sapaklara we fakultatiwlere gatnaşmak üçin sarp edilen wagt : gurnaklaryň işine gatnaşmak; gyzyklanma sapaklaryna sarp edilen wagt degişlidir.

Bu general (esasy) faktoryň düzüminde 20-den gowrak umumy faktorlar jemlenen.

Faktor seljermesiniň netijesinde sapakda okatmagyň geçişine we netijesine 150-den gowrak umumy faktorlar, 400-450 önüm genleriniň täsiriniň barlygy anyklanyldy.

Didaktiki prosesiň öndürijiligi dört esasy (general) faktorlaryň täsiri astynda kesgitlenýär. Olaryň her haýsysynyň täsiri nähili ? Uzak dowam eden toplumlaýyn usullar ulanylan eksperimentiň netijesinde faktorlaryň dürli agramda täsir edýändigi, olaryň soňky netije täsiriniň deň däldigi kesgitlenildi. Surata üns beriň.




Normal okadylyş şertlerinde faktorlaryň ählisinden täsirlisi guramaçylyk-pedagogik täsir 31%, ondan soň okuwçylaryň okaýşy 28%; okuw maglumatlary 25% we wagt 16%. Okatmak umumy normadan gyşarsa, onda faktorlaryň täsiri-de üýtgeýär.

## Okatmagyň motiwasiýasy.

Okatmagyň itergileri didaktiki prosesiň hereketlendiriji güýjüdir. Pedagogik işiň merkezi şahsyýetiň ösüşine gerek bolan derejesinde gönükdirilmek üçin hereket edýän itergileri öwrenmek we dogry ulanmakdyr.

Motiwasiýa – (latyn sözi bolup, *moveo*-iterýän, itekleýän) diýen manyny berýär. *Okuwçylarda bilimiň mazmunyny işjeň özleşdirmekde, öndürijilikli bilim almak işini döretmekde ulanylýan usullara, serişdelere* **motiw – itergi** diýilýär. Motiwasiýanyň açaryny mugallym bilen okuwçylar bileikde elinde saklaýarlar. Mugallymlaryň elinde **okatmak motiwleri**, okuwçylaryň elinde **okamak motiw**.

**Itergiler** şahsyýetiň ýagdaýyny we gatnaşyklaryny üýtgedýän proses bolup, şahsyýeti hereket etmäge, görelde görkezmäge mejbur edýän anyk isleglere gönükdirýän itergilere esaslanýarlar. Itergini okuwçynyň öz edýän işiniň predmetine, oňa gönükdirilenligine garaýşy diýip kesgitlese-de bolar. Talaplar we gyzyklanmalar, ymtylmalar we emosiýalar, islegler we idealar iterginiň rolunda çykyş edip bilýärler. Şonuň üçin itergiler örän çylşyrymly emele gelmeler bolup, çözgüdi saýlaýan we kabul edýän, özünde seljerme edip baha berýän dinamiki (ösýän) ulgamdyr. Itergileri islegleri düşunmegi kynlaşdyrýan ýagdaýlar : 1. Biz hiç haçan bir itergi bilen iş salyşmaýarys, olar bitewi (kompleks) hökmünde pedagogik prosesde ýüze çykýarlar. 2. Itergiler okuwçylar we mugallymlar tarapyndan wagtal-wagtal aňlanýarlar.

Itergileri öwrenmek didaktikanyň we pedagogik psihologiýasynyň merkezi problemasy (meselesi) bolup çykyş edýär. Bu meseläni çözmekde belli üstünlikler bar, ýöne olar öz doly çözgüdinden daşrakda. Itergileriň üýtgeýjiligini, hereketjeňligini, köpdürliligini belli bir struktura getirmek örän kyn. Olary dolandyrmagyň ýollaryny-da kesgitlemek kyn.

Bilim ulgamynda hereket edýän itergileri toparlara bölmek dürli kriteriýalaryň üsti bilen amala aşyrylýar. **Görnüşleri** boýunça **sosial** we **bilesigelijilik itergiler** toparlaryna bölünýärler**.**

**Derejesi boýunça itergiler :**

**- giň sosial itergiler :** (borç, jogapkärçilik, bilimiň sosial ähmiýetini bilmek). Şahsyýetiň okap, bilim almagynyň üsti bilen jemgyýetde ornuny tapmaga ugrukdyryşy, özüniň şahsy statusyny berkitmegi :

- **gysga sosial (ýa-da pozision) itergiler:** (geljekde belli bir wezipe almaga ymtylmak, daş-töwerekdäkileriň arasynda özüňi oňat tarapdan tanatmak, öz zähmetiňe görä sylag almak).
- **sosial hyzmatdaşlyk itergileri:** (daş-töwerekdäkiler bilen dürli görnüşli aragatnaşyk gurmaga gönükdirilenlik, synpda öz roluňy we pozisiýaňy (ornuňy) berkitmek).
- **giň bilesigelijilik itergileri:** (erudisiýa gönükdirilenlik hökmünde ýüze çykyp, okuwdan we onuň netijesinden kanagatlanma almak hökmünde amala aşyrylyp, adamyň bilesigelijilik işi onuň durmuş ýolunda esasy sfera hökmünde çykyş edýär).
- **okuw-bilesigelijilik itergileri:** (konkret okuw derslerini özleşdirmek, bilimleri ele almagyň ýollaryna gönükdirilenlik).
- **öz-özüňi okatmak itergileri:** (goşmaça bilimleri ele almaga gönükdirilenlik).

Bu itergiler tejribe pedagogikasynda **özüniň gönükdirilenligi we mazmuny** boýunça şu aşakdaky toparlara birleşýärler :

1) sosial (sosial-gymmatlyklar);
2) bilesigelijilik;
3) hünär-gymmatlyklar;
4) estetiki;
5) kommunikatiw (aragatnaşyk);
6) Dereje – orun (statusno-pozisionnyýe);
7) Adaty-taryhy;
8) Utilitar-tejribe (estetiki)

1. Jemgyýetiň ösüşiniň dürli döwürlerinde okuwçylaryň okuw itergileriniň bir ýa-da başga bir topary hereket edýär.

2. Döreýän şertler boýunça itergiler topary biri-biri bilen dinamiki (ösüş) aragatnaşygynda bolýarlar. Itergiler toparlarynyň arabaglanyşygynyň netijesinde **okuwyň hereketlendiriji** güýji ýüze çykýar. Onuň häsiýeti, gönükdirilenligi we göwrümini itergiler toparynyň umumy täsiri bilen kesgitlenýär.

Didaktiki işiň amala aşyrylyşy netijesine dürli itergiler, dürli-güýç bilen täsir edýär. Giň bilesigelijilik itergiler bilimiň giň mazmunyny ele almaga gönükdirilip, okuw-bilesigelijilik itergileri bilen deňeşdirende täsiri pes bolýar. Şulardan ugur alyp okuwçylaryň **motiwlerini oýandyryjy** – maksada gönükdirilen, dürli işiň esasynda ýatýanlar we **many dörediji** – jemgyýetde belli gymmatlyklary şahsy derejä geçirýänler –“meniň üçin”.

XX asyryň 80-nji ýyllaryndaky pedagogik hödürnamalar mugallymlary okuwçylara okamagyň jemgyýetçilik ähmiýetini düşündirmek bilen, mekdep itergisini götermäge ugrukdyrdylar. Elbetde bu gün ol itergileriň güýji peseldi. Ýöne şu günki pedagogika köne gymmatlyklaryň arasyndan täze itergiler gözlemeli bolýar. Itergileri diňe okuwçylaryň şahsy islegini kanagatlandyrmakda gözläp bolar.

Okuw itergileri käbir ýagdaýlarda daşky we içki motiwlere-de bölünýärler. Daşky itergiler pedagoglardan, ene-atalardan, synpdan, umumy jemgyýetden gaýdyp – aýtmak, duýdurmak, talap etmek, görkezmeler, aýdyp bermek görnüşlerinde bolýar. Olar täsir hereket edýärler, ýöne olaryň täsiri şahsyýetiň içki garşylygyna duçar bolýar. Bu ýerde hökmany zat okaýanyň özüniň şol zady ýerine ýetirlişi gelşi we ýerine ýetirişidir. Iterginiň esasy çeşmesi adamyň özünde jemlenendir. Şonuň üçin daşky okuw itergilerden içerki okuw itergilere esasy orun berilýär.

Motiwler **aňlanylan we aňlanylmadyk** bolýarlar. **Aňlanan itergiler** okuwçynyň haýsy başarnyklaryň, haýsy sebäpleriň ony hereket etmäge ugrykdyrýanyny aýdyp bermeginde we ugrukdyrmalaryň täsirlerini olaryň derejeleri boýunça düşündirmeginde ýüze çykýarlar. **Aňlanmadyk itergiler** diňe syzylýarlar aňlanylmadyk, düznüksiz, gözegçilik edilmeýän isleglerde ýüze çykýarlar, ýöne olaram örän güýçli bolup bilýärler.

Itergileriň real, mugallymlar we okuwçylar tarapyndan aňladylýan toparyda bardyr mekdep üstünlikleri obýektiw kesgitlenýän itergileri hem bardyr. Gümany – käbir kesgitlenen ýagdaýlarda hereket edýän itergiler hem bolup bilerler.

Itergileriň bir ýa-da başga toparynyň täsiriniň güýçlüligini okuwçylaryň okuwa **garaýyşlaryndan** kesgitläp bolar. Barlaglaryň netijesi okadylýanlaryň okuwa garaýşyny birnäçe basgançaga bölmäge mümkinçilik berýär : otrisatel, neýtral, parhsyz; položitel-1; položitel-2 (bilesigelijilik, aňlanan), položitel – 3 (şahsy, jogapkärli, işjeň).

Okuwçylaryň okuwa otrisatel garaýyşlaryny häsiýetlendirýän mahsus itergiler özüniň garyplygy we gysgalygy, darlygy, özüniň üstünlige bolan garaýşynyň pesligi, maksat

goýup bilmezligi, kynçylyklary ýeňip geçip bilmezligi, okasy gelmeýänligi, mekdebe we mugallymlara otrisatel garaýşlary bilen häsiýetlenýärler.

Okuwçylaryň parhsyz garaýşyna, şol bir häsiýetler mahsus, ýöne gerek bolan ukyplar we mümkinçilikler bolan ýagdaýynda okuw işinde položitel netije gazanyp bolar. Bu topara girýän okuwçylara : “Ukyply, ýöne ýalta” diýen häsiýetnama berilse dogry bolar.

Okuwa položitel garaýyşly toparlarda itergiler durnuksyzdan çuň aňlanan derejä çenli ýetýärler. Okuwa bolan garaýşyň iň ýokary derejesi bu ösüş maksatlaryny goýup bilmek, okuwyň netijesini bilmek, öňünde goýlan maksada ýetmek üçin dürli kynçylyklary ýeňip geçmekdir.

Okuwçylaryň okuwa garaýyşlaryny mugallymlar **işjeňlik** diýip häsiýetlendirýärler. Işjeňlik (okuw, mazmuny özleşdirmek) okadylýanyň onuň ýerine ýetirýän işiniň predmeti bilen aragatnaşyk derejesini kesgitleýär.

Işjeňligiň gurluşynda şu aşakdaky düzümler bellenilýär. (aratapawutlandyrylýar).

- okuw ýumuşlaryny ýerine ýetirmäge taýyarlyk;
- özbaşdak işe ymtylmak;
- ýumuşlary aňly ýerine ýetirmek;
- okatmagyň ulgamlylygy;
- öz şahsy derejäňi ýokarlandyrmak we başgalar.

Işjeňlik bilen okuwa itergileriň ýene-de bir tarapy – **özbaşdaklykdyr**. **Özbaşdaklyk** – okuwçynyň öz işiniň obýektini kesgitläp, ony ýerine ýetirende ulularyň kömegine mätäç bolman, diňe öz güýjüne daýanmagydyr.

Okuwçylaryň bilesigelijilik işjeňligi we özbaşdaklygy aýrylmaz bölekdir. Işjeň okuwçylar düzgün bolşy ýaly – özbaşdak bolýar; işjeňligi pes okuwçylaryň özbaşdaklygy-da pes bolup, olar başga biriniň kömegine mätäç bolýarlar.

Okuwçylaryň işjeňligine däp boýunça **işjeňleşdirmek** diýýärler. Işjeňleşdirmegiň esasy maksady okadylýanlaryň işjeňligini ösdürmek, okuw-terbiýeçilik işiniň hilini ýokarlandyrmakdyr. Şu günler pedagogik tejribe işjeňleşdirmegiň dürli ýollaryny ulanýar. Olaryň arasynda dürli formalarynyň, usullarynyň, serişdeleriniň şeýle görnüşlerini saýlanyp alynýar, olar ulanylanda hökmany suratda okuwçylarda işjeňlik we özbaşdaklyk itergileri ýüze çykýar.

Sapaklarda okuwçylarda ýokary işjeňleşdirme effektini berýän itergiler :

- öz pikirini goramak;
- çekişmelere, ara alyp maslahatlaşmalara gatnaşmak;
- öz ýoldaşlaryňa mugallymlaryňa sorag goýmak;
- ýoldaşlaryňyň jogaplaryny seljermek;
- ýoldaşlaryňyň jogaplaryny, ýazuw işlerini bahalandyrmak;
- ýetişigi pes okuwçylara kömek etmek;
- ýoldaşlaryňyň düşünmedik ýerlerini düşündirmek;
- özbaşdak güýçýeterli ýumuşlary saýlap almak;
- meseläniň çözgüdiniň birnäçe wariantlaryny tapmak;
- öz bilimiňi barlamak, şahsy bilesigelijilik we tejribe hereketleriňi seljermek;
- bilesigelijilik meseleleri täze belli bolan çözgütleriň bütewiligini ulanyp görmek.

Özbaşdak okuwyň ähli tehnologiýalary okuwçylaryň işjeňligini ýokarlandyrýarlar diýsek bolar : öz güýjüň bilen özbaşdak gazanan bilimleriň uly bilesigelijilik gymmatlyklary bardyr. Okuw prosesine täze interaktiw okuw gollanmalarynyň, ýörite kompýuter maksatnamalarynyň, multimedia okuw ulgamynyň, test gözegçiliginiň ornaşdyrylmagy okadylýanlary goýlan soraglara jogap bermäge boýun edýän işjeňligi ýokarlandyrmaga uly mümkinçilikler döredýär.

Adamyň işine hemişe güýçli täsir edýän esasy itergileriň biri gyzyklanmadyr. Gyzyklanma – (latyn interes sözi bolup – wajyp diýen manyny berýär) adam tarapyndan has wajyp diýip kabul edilen hereketiň real sebäbidir. Gyzyklanmany subýektiň öz işine bolan položitel gymmatlykly garaýşy diýip kesgitlese-de bolar. L.S. Wygotskiý : “Gyzyklanma – çaganyň tebigy dwigatelidir, ol çaganyň işiniň, onuň organiki islegleri bilen deň gelýändiginiň instinktiw gönükdirilenliginiň anyk ýüze çykyşydyr. Şonuň üçinem ähli terbiýe ulgamy çagalaryň gyzyklanmasynyň esasynda gurulmalydyr. Sen çagany bir işi ýerine ýetirmäge çekmezden öň, ony bu iş bilen gyzyklandyr, ony bu işi ýerine ýetirmäge taýyarla, onuň taýyarlygyna, ähli güýjüni jemländigine, özüniň hereket etjekdigine gözüň ýetenden soň, mugallyma diňe çaganyň işine ýolbaşçylyk etmek we gönükdirmek galýar – diýip pedagogik kanun düşündirýär” diýip ýazýar.

Okatmakda köpdürli gyzyklanmalar hereket edýärler. Ähli mesele diňe gyzyklanmanyň öwrenilýän derse bolan gönükdirilenliginde bolup, oňa gapdaldan täsir edýän gerek bolmadyk, gorky, temmi bermek ýaly täsirler bilen bagly bolmazlygydyr. Düzgün hökmünde gyzyklanmanyň dogry, gerek bolşy ýaly gönükdirilenligi çykyş edýär. Okuwçylarda okuwa gyzyklanmany döretmek üçin mekdebiň ähli ulgamyny mümkin boldugyndan durmuşa ýakynlaşdyrmaly, çagalara olary gyzyklandyrýan

maglumatlary öwretmeli, olara tanyş we olaryň gyzyklanmasyny oýarýan maglumatlary düşündirmekden okuw işini başlamaly.

Okuw gyzyklanma döretmegiň **kanunalaýyklyklary**: *okuwçylaryň gyzyklanmasy olaryň biliminiň hiline, derejesine, akyl işini ýerine ýetirip bilşiniň kämilligine baglydyr; okuwçylaryň gyzyklanmasy olaryň mugallymlara garaýyşlaryna baglydyr*. Okuwçylar diňe söýýän, sylaýan mugallymlarynyň derslerini gyzyklanyp okaýarlar.

Ilkinji pedagog, soň onuň dersi – köp adamlaryň ykbalynyň çözgüdi bolan aýrylmaz garaşlylykdyr.

Tejribe tarapyndan işlenilen, çagalaryň durnukly bilesigelijiligini kemala getirýän gyzyklanmalaryň ýollarynyň we serişdeleriniň köpdürlüliginden şu aşakdakylaryny saýlap alalyň. Olar şu aşakdakylardyr :

- gyzykly okadylyş;
- okuw maglumatlarynyň täzeligi;
- taryhylyk;
- bilimleriň, olary açan adamlaryň durmuşy bilen baglylygy;
- alnan bilimleri tejribede ulanmagy görkezmek;
- täze adaty däl okaýşyň görnüşleriniň ulanylyşy;
- okatmagyň görnüşleriniň we usullarynyň arabaglanyşygy;
- meseleleýin (problem) okuw;
- ewristiki okuw;
- kompýuter okuwy;
- multimedio-ulgam ulanmak;
- interaktiw kompýuter ulgamyny ulanmak;
- biri-birini okatmak (jübüt, kiçi toparlar)
- bilimleri, başarnyklary testirlemek;
- okuwçylaryň bilim derejesini görkezmek.
- ýaryş (synpdaşyň we öz-özüň bilen);
- synpda dogry aragatnaşyk guramak;
- okadýanyňa ynam;
- mugallymyň pedagogik ussatlygy;
- mugallymyň öz okadýan dersine we okuwçysyna garaýşy;
- mekdep aragatnaşyklaryny ynsanperwerleşdirmek.

Çagalarda okuwa bolan gyzyklanmany terbiýelemek – didaktikanyň esasy meseleleriniň biridir. Ony durmuşa ornaşdyrmak üçin ýörite kanunalaýyklyklar isleýärler. L. Božowiçiň, A. Dusawiskiniň, N. Morozowanyň, G. Şukinanyň işlerinde okuwçylaryň bilesigelijilik gyzyklanmalary dürli tarapdan öwrenilen.

Gyzyklanma döretmegiň gowy nazarýeti bar, gowy hödürnamalar işlenen. Ýöne tejribede ýüz ýyllyklardan bäri mugallymlary biynjalyk edýän, aljyradýan sorag çözülmän gelýär. Ol sorag nädip çagalarda aňsat bolmadyk bilim almak, bilmek prosesine isleg, durnukly gyzyklanma oýaryp bolar diýen soragdyr.

Gyzyklanmanyň kanunlary belli. Olaryň biriniň hereket edişini şu mysalyň üsti bilen synlap bolar.

Kakasy işden gelip öz işi bilen gümra bolýar. Ejesi naharhanada agşamlyk taýyarlaýar. Nahar iýip bolandan soň, telewizora tomaşa edýärler.

Öýde kitaplaryň dürlisi bolana garamazdan olary okamaýarlar. Hiç kim , hiç zat bilen gyzyklanmaýar. Ähli gyzyklanma iýmek, içmek, bir zat almak …

Çaga mekdepden gelip, boş gezip, telewizor görmek, magnitafon diňlemekden başga iş bilen meşgullanmaýar. Ejesi ondan bir zat bilen meşgullanmagy – surat çekmegi, kitap okamagy talap edýär. “Seret öýde näçe kitap bar, olar seniň üçin alyndy, alyp şolardan oka” diýip kakasy gaharlanýar. Çaga gözi bilen tekjede ýerleşdirilen kitaplara seredýär. Onuň gözüniň öňüne uzyn, düşnüksiz sözlemler gelýär. Olaryň başyndan okap, soňuna ýeteniňde eýyam näme barada ýazylany ýadyňdan çykýar diýen pikir onuň kellesine gelýär. Ýok onuň okasy gelenok, surat çekesi-de gelenok, onuň asla hiç zat edesi gelenok. Onuň içi gysýar.

Ony hemmeden beter adalatsyzlyk biynjalyk edýär. Kakam hiç zat okanok. Ejem hiç zat bilen gyzyklananok. Men bolsa okamaly …

Çagany gyzyklandyryp biljek diňe öz gyzyklanmasy bolan ata-enededir. Ylmy-barlaglaryň netijelerine görä çagalaryň gyzyklanmasy olaryň ata-eneleriniň gyzyklanmasy bilen göni baglanyşyklydyr. Gynansagam çagalaryň gyzyklanmasynyň çeşmesi mekdep bolman – maşgala çykyş edýär. Kakasy ýa-da ejesi bir zat bilen gyzyklanýarmy – diýmek, olaryň çagasynda-da ol işe gyzyklanma hökman dörär. Düzgün boýunça çaga güýçli täsir edýän, oňa ýakyn bolan täsirdir. Mekdepden, mugallymlardan çagalarda okuwa gyzyklanmany döretmegi talap etmek başgaçadyr. Bu ýerde birinji ýere işine berlen mugallym, okuwçylar üçin sylanýan, gyzykly adam çykyş

edýär. Eger maşgalada bir çaga bolanda-da onuň göwnüni tapmak kyn düşýär. Otuza golaý çagany gyzyklandyrmak üçin, yzyňa düşürmek üçin göz öňüňize getiriň, mugallym nähili şahsyýet bolmaly.

Itergiler bilen organiki arabaglanyşykda islegler hereket edýärler. Isleg – bu bir zada mätäç bolmakdyr. Başda isleg arassa energetiki impuls hökmünde güýç toplamagy, gözleg işi görnüşinde ýüze çykýar. Isleýän predmetini tapandan soň, ol itergi statusyny alýar. Şu nukdaý nazaryndan okadylýanyň öwredilýän predmetine gönükdirilen işjeňligi predmetleşdirilen isleg diýilip kesgitlese bolar. Itergiler bilen islegleriň arabaglanyşygy köp görnüşlidir : şol bir isleg birnäçe itergileriň üsti bilen işjeňleşdirilip bilner. Şol itergileriň yzynda birnäçe islegleriň bolmagy mümkin. Amerikan psihology, professor Abraham Maslounyň aýtmagyna görä durmuşyň manysyny, şahsy maksatlaryňy gözlemek kesgitleýji itergileri hökmünde çykyş edýärler.

Her bir adamda aşak we ýokary islegler bar. Oňa biz şu piramidanyň modelinde göz ýetirýäs.



Piramidanyň esasynda **fiziologiki islegler** ýatyr. Olar iýmit, suw, ýylylyk, dynç, hereket, saglyk, jaý, uky islegleridir. Ondan soň howpsyzlyk islegleri durýarlar. Olar adamy zorlukdan, gorkudan (ykdysady, iş goraklylyk) goramak islegleri. Ony **söhbetdeşlik islegler** dowam edýärler – aragatnaşyk, söýgi. Öz-özüňe baha bermek, sylamak islegleri (prestiž, dereje, ýokary göterilmek, özüňi tanatmak, üns, düşünmek). Piramidanyň iň ýokarysyny her kime elýeter bolmadyk islegler eýeleýärler, olar : **özüňi kämilleşdirmek islegleri** (hünäri ele almak, durmuşda ornuňy tapmak, üstünlik) **bilim we düşünmek islegleri** (bilesigelijilik, bilim, daş-töweregi aňlamak), **estetiki islegler** (gözellik, ulgamlylyk, tertiplilik).

Motiwleri öwrenmek olaryň emele gelşi bilen berk arabaglanyşykda amala aşyrylýar. Mugallymyň bu ugurdan alyp barýan tejribe işleri şu aşakdaky **algoritmlere** esaslanyp amala aşyrylýar.

1. Okatmagyň maksadyny kesgitlemek we dogrulamak.
2. Itergileriň ýaş aýratynlyklar mümkinçiliklerini ýüze çykarmak.
3. Itergileriň başlangyç derejesini öwrenmek.
4. Itergileriň güýçlerini, täsirlerini öwrenmek.
5. Itergileriň aýrabaşgalygyny öwrenmek.
6. Itergileriň üýtgeýişiniň sebäplerini seljermek.
7. Gerek bolan itergileri kämilleşdirmek.
8. Netijeleri bahalandyrmak we geljekki hereketleri meýilnamalaşdyrmak.

Okuw itergilerini işjeňleşdirmek we ösdürmek **usullary** – syn etmek, anketa, interwiýu, söhbetdeşlik, ekspert bahasy.

Itergileri öwrenmegiň ýörite tärleri-de bardyr, olar :

a) situasiýa döretmek;
b) özüňe ýoldaş saýlamak;
ç) gutarylmadyk sözlemler täri;

d) suratlar boýunça gürrüň, göz öňüne getirme situasiýasy.

Bilimiň mazmunynyň düzümine dünýä komponentiniň goşulmagy, bazar ykdysady aragatnaşyklaryň ýüze çykmagy bizden daşary ýurt alymlarynyň pikirlerini öwrenmegi, gerek bolan ýerlerini ulanmagy talap edýär. Amerikan pedagoglary itergileriň emele gelşi bilen bagly prosesleri **trening** diýip atlandyrýarlar. Olar (treningler) dört esasy ugra bölünýärler : üstünlik itergileri, sebäp shemalar, şahsy sebäplilik we içki itergiler.

Üstünlikler itergileriniň treningi şu çaklama esaslanýar – deň derejede okadylýan okuwçylaryň arasynda kimiň öz üstünligini ösdürmek duýgusy ösen bolsa, onda şol okuwçylaryň ýetişigi ýokary bolar. Üstünligiň sindromyny ösdürmek :

a) okuwçynyň üstünliklerini beýleki gowy okaýanlar bilen deňeşdirmek;
b) itergileri ösen adama mahsus bolan özüni alyp barşy öwretmek;
ç) öz durmuşyňdaky gündelik anyk mysallary we üstünlik itergileri ösen adamlaryň durmuş mysallaryny öwrenmek.

Amerikan psihology D. Mak Klellandyň aýtmagyna görä üstünlikler sindromynyň (toplum, geçiş) aşakda agzalýan döwürler boýunça geçişi gowy netije berip biler.

1. Okuwçylaryň ünsüni bilimiň mazmunyna çekmek;
2. Pikirlenme tejribesini, özüni alyp baryşyny emosional täsirini gazanmak;
3. Üstünlik itergileriniň ýörite düşünjelerini we adalgalaryny özleşdirmek;
4. Öz real itergileriňi öz idealyň bilen deňeşdirmek;
5. Tejribede alan öwüt-ündewleriňi real durmuşynda ulanmak;
6. Daşdan berilýän kömekden kem-kemden ýüz dönderip, öz güýjüňe daýanmak.

Psihologlaryň barlaglary, adamlaryň öz eden hereketlerine dürli-dürli düşündiriş berýändiklerini anyklady. Bu ýagdaýa “psihologik sebäplilik” diýip at berdiler. Öz eden hereketiňi düşündirmek we özüňi aklamak üçin tipli “shemalar” ýüze çykdy. Okuwçynyň nämä üçin öý işini ýerine ýetirmändigi baradaky soraga jogabyny diňläň, şonda siz näme barada gürrüň gidýändigine aňsat düşünersiň.

**“Sebäp shemalar” treningi** – okuwçynyň itergilerine göni täsir edýär. Onuň täsiri okuwçyda okuwa bolan islegi ýokarlandyrýar ýa-da tersine onda okuwa bolan ters garaýyş döredýär. Okuwçy özüniň eden hereketini düşündirip, onuň esasynda özüniň geljekki hereketlerini çaklaýar. Mysal üçin, okuwçy “ikilik” baha aldy diýeli. Onuň tipli düşündiriş shemasy – bilmedim, okamadym, öý işi kyn ekeni, bagtym çüwmedi. Eger-de okuwçy soňky jogaby saýlasa, onuň yzynyň nämä bilen gutarjakdygyny göz öňüne getirmek kyn däl.

**“Sebäp shemalary” treningi** bilen berk arabaglanyşykda **“şahsy sebäplilik” treningi** hereket edýär. Onuň esasy maksady okuwçylara özüniň kemçiliklerini özlerinde gözlemegi we mümkin boldygyndan başga adamlardan garaşsyz bolmagy öwretmekdir. Adam näçe daşdakylardan garaşsyz bolsa, ol şonçada özbaşdakdyr. Adam başgalaryň oýnunda “peşka” bolman başgalar üçin “çeşme” bolmaly. Okuwçylara kömek etmek üçin, olara :

a) öz öňüňde real maksat goýmagy;
b) öňde goýlan maksady we öz mümkinçilikleriňi ölçemegi;
ç) özüniň güýçli we güýçsüz talaplaryny bilmegi;

d) anyk hereketleri kesgitlemegi;

e) ösüş meýilnamalaryny düzmegi;

ä) ýüze çykýan ýagdaýy dogry bahalandyrmagy;

f) öz şahsy maksatnamasynyň ýerine ýetirilişini hemişe seljermegi öwrediň.

Esasy trening hökmünde içki itergiler treningi çykyş edýär. Onuň esasynda amerikan psihology E. Desiniň açyşy ýatyr. Barlanýanlara sapaga gatnaýany üçin pul töleseler, olaryň öň pulsuz okan wagtyndaky sapaklaryna bolan gyzyklanmasyny tiz ýetýär. Olaryň okuwa bolan gyzyklanmasy hiç zat tölenmeýän okuwçylardan tiz ýitýär. Biz gowy okaýan okuwçylara baýraklar berip, dogry edýäsmi ýa-da ýok ? Pikirlenip görmeli. Okuw işinde **içerki motiwler** iň täsirlisidir. A.K. Markow, T.A. Matis, A.B. Orlow adam özüni alyp barşyndan, öz işinden kanagatlansa, onda bu ýagdaýy **içki motiw** diýip hasap edip bolar diýýärler.

Nebsimiz agrysa-da biziň şu günki tipli mekdeplerimizde-de, tipli mugallymlarymyz-da gözegçilik hökmünde köpräk daşky itergilere orun berýärler. Şonuň üçinem şahsyýet özüniň “menini” ösdürmäge derek, hemişe onuň “meniniň” basylýan ýagdaýlaryna düşýär. Bu ýagdaýyň netijesinde köp okuwçylarda içki itergileri ösmän, okuwa bolan islegi peselýär. Bu ýagdaýlary düzetmek üçin ynsanperwerlik pedagogikasynyň ýörelgelerini okuw-terbiýeçilik edaralarynyň işine ornaşdyrmaly.

Öz-özüňi itermek tärlerini mugallym okuwçylaryna öwretmeli. Mekdebe baranyňyzda şu maslahatlardan peýdalanyň.

Öz-özüňi itergiler strategiýasy :

1. **Strategiýa :** işi uzak ösüş döwrüne meýilnamalaşdyryň;
2. **Işdeşlik :** özüňiz bilen bile okajak adamy gözläň, ol size öwretsin, siz oňa öwrediň;
3. **Guramaçylyk :** işlemegiň, okamagyň belli bir wagtyny belläň;
4. **Ýakynlaşdyrylan maksatnamalaşdyryş :** özüňiziň okuwyňyzyň maksadyny we wezipelerini umumy görnüşde kesgitläň;
5. **Itergi :** alan bilimleriňizi nähili ýollar bilen, nädip öz şu günki, ertirki hünär tejribäňize, hemişelik durmuşyňyza ornaşdyryp bilişiňizi kesgitläň;
6. **Tapgyrlaýynlyk :** okuwyň mazmunyny aňsat özleşdirilýän bölümlere bölüň we onuň orta gürpdäki kynçylyklaryny öwreniň, ondan soň kyn bölümine geçiň, ondan soň aňsadyny öwreniň.
7. **Goşmaça :** öwrenýän maglumatlaryňyzy öz çeken suratlaryňyz, shemalaryňyz, düşündirişleriňiz bilen dolduryň. Başarsaňyz mugallym bilen jedelleşiň.
8. **Sylag :** işi ýerine ýetireniňizden soň, öz-özüňize gowy sözler aýdyň, öwüň.
9. **Giňeltmek :** sizi gyzyklandyrýan temalar boýunça goşmaça maglumatlar okaň, ýoldaşlaryňyz bilen, mugallym bilen ara alyp maslahatlaşyň.
10. **Saklamak, goramak :** öwrenilen maglumatlary berkitmek üçin öwrenen, özleşdiren bilimleriňizi gaýtalaň, olary gönükmeleri çözmek ýoly bilen berkidiň.

**Okuwçylara gürrüň beriň :**

- näçe öz-özüňi sylasaň, şonça-da okuwýn netijesi ýokary bolar;
- okuwda gazanan üstünlikler okuw prosesiniň katalizatorydyr;
- okuwdaky näsazlyklar okamagy goýmaga getirmegi mümkin;
- begenç we gyzyklanma duýgusy okamagy ýeňilleşdirýär;
- dartgynlyk we gorky okamak prosesini kynlaşdyrýar.

Gowy mugallymlar – itergileriň ussasydyr. Okuwçylar bu mugallymlary şeýle häsiýetlendirýär : “Sapaklary gyzykly, dürli görnüşli geçirýärler”, “Men hemişe pikirlenýän”, “Mugallymyň öz dersini gowy bilşi, mende bu derse uly gyzyklanma döretdi”, “Sapaklary örän gowy geçýärler, sebäbi biz diňe diňlemän, işjeň hereket edýäs”.

**Mugallyma maslahat :**

- pedagogik prosese gatnaşýanlaryň arasynda deň derejeli aragatnaşyk saklamaly;
- okuwçylar kynçylyga uçranda, olary goldamaly;
- okatmakda dürli usullardan peýdalanyp, maglumatlary düşündirmeli;

- okuwçylarda okuwa bolan islegleri, zähmeti, güýji, erki, maksada okgunlylygy terbiýelemeli;
- kyn meseleleri ýerine ýetirenleri sylamaly;
- jogapkärçilik, borçlulyk duýgulary ösdürmeli;
- öz-özünden, öz-özüne talap etmegi öwretmeli.




Bu surata daýanyp, öz anyk mümkinçilikleriňizi ulanyp, okuwçylary stimulirläň. (sylaglaň).

## 15-nji tema : Mekdep biliminiň mazmuny we ony kesgitleýän resminamalar

Okuw prosesiniň mazmuny adamzat tarapyndan toplanan ähli bilimler baýlygyndan haýsysyny saýlap almaly, ösüp gelýän ýaş nesle nämäni öwretmeli, diýen soraga jogap berýär.

**Okatmagyň mazmuny** – belli bir kesgitlenen okuw jaýynda öwretmek üçin saýlanan bilimler, başarnyklar we endikler ulgamydyr. Bilimiň mazmunynyň kategoriýasy (häsiýeti) hemişe anyklygy talap edýär. Içerki gurluşdan üzňe, abstrakt ulgamyň mazmuny ýokdur.

Umumy bilimiň mazmuny okuwçylaryň hemmetaraplaýyn ösüşiniň, pikirlenişiniň kemala gelşiniň, bilesigelijilik gyzyklanmalarynyň we olary zähmet işine taýýarlamagyň esasyny düzýär. Okatmagyň maksadyny durmuşa geçirýän serişde bolup mazmun jemgyýetiň şu günki we geljekki talaplaryny we aýratyn alnan adamlaryň isleglerini şöhlelendirmelidir. Mazmuny kämilleşdirmäge ugrukdyrýan olary dürli tipli (görnüşli), derejeli okuw jaýlarynyň maksatnamalaryna goşýan köp babatda talaplardyr. Başga ulgamlardan gelip çykan, gelip çykyşyna täsir eden, özünden ýokary duran ulgamlaryň täsirini saklaýan, garaşly ulgam hökmünde, mazmun çylşyrymly we gapma-garşylykly kemala gelýär. Bilimiň mazmuny şu güne çenli ideologiki söweşiň esasy predmeti bolup geldi we galýar. Ýokary duran güýçleriň mekdebe öz täsirini ýetirmegi we onuň üsti bilen jemgyýete geçirişi bu söweşiň mazmunydyr. Ulgamlaryň arasynda bilimiň mazmunynyň kämilleşmegine täşir edýänleri şulardyr : 1) kabul edilen maksatlar; 2) sosial we ylmy üstünlikler; 3) jemgyýetiň talaby; 4) şahsy talaplar; 5) pedagogik mümkinçilikler we başgalar. Görkezilen ulgamlar esasynda mazmunynyň kemala gelşini şu aşakdaky shemada görüp bileris.




Şu günki täze türkmen mekdebiniň berýän bilimi, täze demokratik ýol bilen ösüp gelýän döwleti, adamlaryň ähli sferalarda edýän işlerini, medeni we ruhy ösüşlerini demokratik

jemgyýeti, bazar aragatnaşyklaryny, milli ylmy we tehnikany dünýäniň iň gowy standartlaryna ýetirmegiň esasy bolmaly. Jemgyýetçilik we şahsy gyzyklanmalaryny birleşdirmek, okuwy hökmany özüne çekiji, bilim bermegi şahsy häsiýetli, jemgyýetiň talabyny ödär ýaly etmek meselelerini çözmek wagty geldi.

Mekdep biliminiň mazmunynyň kemala gelmegine sosial we ylmy ösüşleriň täsiri uludyr.Geçirilen barlaglaryň netijeleriniň berýän maglumatlaryna görä täze açyşlaryň we sosial durmuşdaky täzelikleriň mekdepde öwrenilip başlanmagynyň arasy gysgalýar. Täze açyşlaryň mekdep durmuşynda öwrenilip başlanmagynyň wagty täze okuw kitaplaryň çap edilmegi bilen baglydyr. Morze tarapyndan açylan telegrafy mekdepde öwrenmek üçin 60 ýyl gerek boldy, Darwiniň ewolýusion nazarýeti mekdep maksatnamalarynda 56 ýyldan soň peýda boldy, Popowyň radiosy 40 ýyldan soň; atomyň gurluş nazarýeti (Bor) – 30 ýyldan soň, ýöne tranzistorlary eýýam çagalar 10 ýyldan soň öwrenip başladylar.

Okuw işini dürli serişdeler bilen üpjün etmek, gerek maglumatlary bilimiň mazmunyna goşmak, gerek dälleri aýyrmak, regulýator roluny ýerine ýetirýän mümkinçilikler ulgamydyr. Bu ulgam çagalaryň ýaş aýratynlyklaryny-da öz içine alýar. Dünýä didaktikasynda XX asyryň 70-nji ýyllarynda mekdep meýilnamalaryna çylşyrymly bölümleri goşup, ýokary synplarda öwrenilýän maglumatlary aşak synplarda öwretmek, ýokary okuw jaýynda öwrenilýän maglumatlary ýokary synplara geçirip, bilimiň mazmunyny kämilleşdirjek boldylar Bu iş garaşylýan netijesini bermedi. Sebäbi geçilýän çylşyrymly maglumatlar çaga ýaş aýratynlyklaryna deň gelmedi. Çaga näçä ýaş bolsa, şonçada köp zatlary tiz ýatlap bilýär. Ýöne olary aňlamak, düşünmek, kabul etmek üçin belli bir ösüş derejesi gerekdir.

Orta umumy bilim berýän mekdebiň biliminiň mazmunyny döwlet **bilim ösüş strategiýasynyň talaby** kesgitleýär. Bilimiň mazmunynyň esasy iki aspekty bardyr – milli we umumy adamzat. Ynsanperwerlik, differensiýa, integrasiýa, täze habar beriş tehnologiýalaryň, okatmagyň netijesi bolan kämilleşen döredijilikli şahsyýet mekdep biliminiň mazmunyny kesgitleýän umumy esaslardyr.

Bilimiň mazmunynyň ynsanperwerligi – diňe gumanitar bilimleriň mümkinçilikleri bilen dälde, ähli dersleriň mümkinçiliklerinden düzülen köp ölçegli ugurdyr. Şu günler mekdepde okadylýan gumanitar we tebigy dersleriň deňligini ýola goýmaly we matematika, biologiýa, tehniki dersleriň mazmunyny “adamkärçilik” bilimleri bilen baýlaşdyrmaly. Bilimleri ynsanperwerleşdirmek – ynsanperwer pikirlenmä, dünýä dogry

düşünmek, durmuşda ýüze çykýan meselelere optimistiki garamak, olary aňsat çözmek, adam durmuşynyň manysyna düşünmek, diňe zähmet güýji bolman, özüniň bahasyny saklaýan adamy terbiýelemäge mümkinçilik berýär. Mekdebi ynsanperwerleşdirmekde özüni we dünýäni öwrenmekde, özüni alyp baryş, özüni guraýyş, özüni düzediş endiklerini ösdürmekde esasy orun dil we edebiýat bilimlerine, estetiki (gözellik) terbiýesine berilýär.

Bilimiň mazmunynyň ýörelgeleri meseleside jedelli meseleleriň biri. Oňa garaýyşlaryň ikisine syn edeliň. W.W. Kraýewskiý tarapyndan işlenilen bilimiň mazmunynyň ýörelgeleri, olar :

1. Bilimiň mazmunynyň jemgyýetiň ösüş talaplaryna laýyklylyk ýörelgesi;
2. Bilimiň mazmuny bilen onuň berlişiniň bütewilik ýörelgesi;
3. Bilimiň mazmunynyň gurluşynyň birlik ýörelgesi;
4. Bilimiň mazmunyny ynsanperwerleşdirmek ýörelgesi;
5. Bilimiň mazmunyny berkitmek ýörelgesi;
6. Bilimiň mazmunynyň dersara baglylyk ýörelgesi.

Adaty bilimiň mazmuny kämilleşdirmegiň ýörelgeleri (prinsipleri) 1. Ynsanperwerlik; 2.Ylmylyk; 3. Yzygiderlik; 4. Taryhylyk; 5. Ulgamlylyk; 6. Durmuş bilen baglylyk; 7.Çagalaryň ýaş aýratynlyklaryna dogry gelmeklik. 8. Elýeterlik. Umuman, mazmun taýdan olar köp aratawutlanmaýarlar.

Okuw prosesiniň mazmuny ulgam hökmünde özüniň beýanynyň dürli **strukturasyny (gurluşyny)** edinip biler. Strukturanyň elementleri – bu aýry bilimler we olaryň elementleridir, olar biri-biri bilen dürli görnüşli baglanyşyp bilýärler. Şu günler bilimiň mazmunynyň beýanyny şu strukturalary bir ugurly konsentriki, spiral we gatyşyk görnüşlerigiňden ýaýrandyr.

Maglumatlar birugurly beýan edilende biri-biri bilen yzygider birikdirilen zynjyr emele getirýärler, düzgün bolşy ýaly mekdep okuw döwründe olar bir gezek gaýtalanýarlar. Bilimiň mazmunynyň bu gurluşyny saýlanda yzygiderliligi, taryhylygy, ulgamlylygy, elýeterligi göz öňünde tutmaly. Bu struktura taryh, dil, edebiýat, saz ýaly dersleri beýan edende özüni ödeýär.

Konsentrik struktura özleşdirilen maglumatlara gaýdyp gelmegi aňladýar. Şol bir sorag ýa-da tema birnäçe gezek gaýtalanýar, täze maglumatlar aragatnaşyklar bilen başlaşýar we onuň mazmuny giňelýär. Ilkinji basgançakda berlen maglumatlaryň

göwrümi dar bolup, soňky gaýtalanma tapgyrlarynda olar çuňlaşdyrylýarlar, giňeldilýärler. Bu struktura fizika, himiýa, biologiýa dersleri okadylanda ulanylýar.

Spiral struktura görnüşinde beýan etmegiň mazmuny okuwçylar öwrenýän problemasy bilen bagly bilimleri üznüksiz giňeldýärler we çuňlaşdyrýarlar. Spiral struktura-da üznüksiz, ol konsentrik struktura ýaly gaýtalanmaýar, çyzyklaýyn ýaly bir gezek öwrenilmeýär. Spiral struktura jemgyýetçilik, pedagogik, psihologik ylymlarynyň mazmuny öwrenilende ulanylýar.

Okuw kitaplaryny ýazýanlar şu günler gatyşyk strukturany köp ulanýarlar. Gatyşyk struktura bu çyzyklaýyn, konsentrik we spiral strukturalaryň birleşigidir. Bu struktura öwrenilýän maglumatlaryň mazmunyna görä olary dürli ýollar bilen beýan etmäge, mümkinçilik berýär.

Bilim nähili häsiýetde bolmaly, ol adama näme bermeli ? Bilimiň mazmunynyň emele gelmegine täsir edýän bu soraga dürli jogaplar we garaýyşlar bar. Olaryň içinde iň ýorgünlileri iki nazarýetdir – material we formal bilim nazarýetleridir.

**Material bilim** nazarýetiniň tarapdarlary Ý.A. Komenskiniň pikiri bilen ylalaşýarlar. Olaryň pikirine görä mekdebiň esasy maksady okuwçylara mümkin boldugyndan bilimleriň dürli ugrundan köp bilim bermek. Mekdebi gutaran okuwçy ensiklopediki bilimli adam bolmaly.

XIX asyryň belli pedagoglaryň köpüsi material bilimiň tarapdary bolup çykyş etdiler. Ýewropanyň, Russiýanyň köp okuw jaýlary bu modeli kabul etdiler. Şu günlerem material bilimiň tarapdarlary bar. Täzeden açylýan gimnaziýalarda, liseýlerde, bilimiň mazmunynyň material ugry ulanylýar. Bu nazary akymyň kemçiligi-de bar. Dersleriň biri-biri bilen arabaglanyşygynyň ýoklugy, maglumatlaryň köplügi, olaryň käbiriniň çagalara gerek dälligi, özleşdirmegiň kynlygy material bilim nazarýetiniň kemçiliklerine degişli. Bu ýagdaýda mugallym gyssanyp, maglumatlary ýüzleý düşündirýär, maksatnamalar diňe çyzyklaýyn düzülýärler.

Material ensiklopedizme garşy didaktiki formalizmiň tarapdarlary çykyş edýärler. Olar öz işinde gadymy aforizme daýanýar : köp bilmek akyl öwretmez. Bu garaýyşlar gadymy grek filosoflary Geraklit, gadymy rim goşunbaşysy Siseron, nemes filosofy E. Kant, pedagog A. Disterweg tarapyndan öňe sürüldi. A. Disterweg “okuwçylara pikirlenmegi öwretseňiz boldy, bilimler olara ösüş bilen geler” diýipdir. I. Gerbart, G.Spenser didaktiki formalizmiň tarapdarlary bolup, olaryň işiniň netijeleri şu

günler belli psiholog Z. Piaženiň işlerinde berkidildi. Didaktiki formalizmiň tarapdarlarynyň eden işiniň netijesiniň beýikligi olaryň çagalaryň ukyplaryny bilim gyzyklanmalaryny, ünsüni, ýadyny, pikirlenmesini ösdürmäge üns berendiklerindedir. Olaryň garaýyşlarynyň ejiz ýeri – bu hilleri ösdürmek üçin saýlan dersleri – diller, matematika, fizika. Olar ynsanperwer dersleriň hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti taýýarlamakdaky ornuny dogry kesgitläp bilmanligindedir.

**Didaktiki utilitarizm** (J.Diýu, G.Kerşenşteýner). Bu uguruň tarapdarlary çaganyň aýrabaşgalygyndan we jemgyýetçilik işinden ugur alýarlar. Çaganyň ýerine ýetirýän işleri adamzadyň şu gününe ýetmäge gönükdirilen işler bolmaly diýýärler. Şonuň üçin sapaklarda ýerine ýetirilýän işler konstruktiw (gurmak) häsiýetli bolmalydyr; çagalara nahar taýyarlamagy, tikin tikmegi, el hyzmatlaryny ýerine ýetirmegi öwretmeli. Bu utilitar bilimleriň we endikleriň daşyndaky bilimiň mazmuny umumy häsiýetlidir. Didaktiki utilitarizm amerikan mekdebinde berilýän bilimiň mazmunyna, usullaryna uly täsir etdi.

**Problem – kompleks nazarýeti** (meseleleýin toplum). Bu nazary akym polýak alymy B. Suhodolskiý tarapyndan hödürlendi. Ol dersleri aýratynlykda däl-de toplumlaýyn okatmagy teklip edýär. Okuwçylara öwredýän temalary aýratyn problemalara (meselelere) bölüp dürli derslerden gerek bolan maglumatlary alyp düşündirmeli diýýär. Bu nazarýet pedagogikanyň taryhynda öň ýüze çykan “proýekt usullary” atly akym bilen sazlaşýar.

**Strukturalizm nazarýeti** (polýak alymy K. Sosniskiý). Bilimiň mazmuny uly strukturalardan, özünde esasy ulgam saklaýan komponentlerden ybarat bolan gözeneklerden düzülmeli. Diňe şeýtsek okuwçylary okuw ýüküniň agyrlygyndan azat edip, onuň hiline şikes ýetirmän okuw maglumatlaryny gysgaldyp bileris. Uly synplarda okatmagyň ulgamlylyk, yzygiderlik, taryhylyk ýörelgelerinden boýun gaçyryp, strukturany logiki ýörelge esasynda gurmaly. Bu ýörelge diňe takyk bilimleri öwrenmekde ulanylsa bolar.

Bilimiň mazmunyny şu resminamalar: okuw meýilnamalar, dersler boýunça okuw maksatnamalary, okuw kiatplary, okuw gollanmalary kesgitleýärler. Bilimiň mazmuny wideodisketlerde, wideokassetalarda, kompýuter programmalarda-da saklanylyp bilner.

**Okuw meýilnamasy** – bu döwlet resminamasy bolup :

- okuw ýylynyň, çärýekleriň, dynç alyşlaryň dowamlylygyny;

- şu okuw jaýynda okadylýan dersleriň doly sanyny;
- dersleriň ýyllar boýunça bölunişini;
- her bir derse goýberilen ýyllyk sagat sanyny we her bir synpda bu dersiň okadylyş sagat sanyny;
- her bir dersiň hepde okadylmaly sagat sanyny kesgitleýär;
- sapakdan daşary geçirilýän tejribelikleriň gurluşyny we dowamlylygyny öz içine alýar.

Okuw meýilnamasynda jemgyýet tarapyndan kabul edilen terbiýeçilik ideal, bellenen maksatlar şöhlelendirilýär. Ol okuw-terbiýeçilik işiniň kanunalaýyklary sanitar-gigiýeniki, guramaçylyk talaplary, däp-dessurlar esasynda düzülýär.

Oňa girizilen dersler **ýörite we fakultatiw,** saýlap okamak derslere bölünýärler. Köp döwletlerde okuw meýilnamalary bilim ministrlikleri tarapyndan düzülýärler we tassyklanýarlar. Käbir täze okuw jaýlary üçin (gimnaziýa, türkmen-türk, zehinliler mekdebi, liseýler) tipli okuw meýilnamalary laýyk gelmeýärler. Olar özi üçin aýratyn meýilnamalar düzýärler.

Okuw meýilnamalarynyň döwlet ýa-da federal komponenti (düzüm) bolmaly. Bu komponent okuw meýilnamasynyň mazmunyna umumymedeniýet we umumymilli bilimleri goşýar.

Okuw meýilnamasynyň milli – regional komponenti bolmaly. Bu komponent “Ene dili we edebiýat”, “Türkmenistanyň taryhy” ýaly dersleriň mazmuny bilen berk arabaglanyşyklydyr.

Okuw meýilnamasynyň mekdep komponenti-de bardyr. Bu düzüm her bir mekdepde berilýän bilimiň mazmunynyň dürli bolmagyny gazanýar. Mysal üçin, zehinliler mekdebi, dersleri çuňlaşdyryp öwredýän mekdepler, gimnaziýalar, türkmen-türk mekdepleri.

Okuw meýilnamasynyň gurluşynda inwariant bölüm bolmaly. Ol okuw meýilnamasynyň ýadrosy esasy bolup bilimleri umumymedeni, milli bilimler bilen baýlaşdyrýar. Okuw meýilnamasynyň wariatiw bölümi bolmaly. Ol okuwçylaryň şahsy aýratynlyklaryny, gyzyklanmalaryny, ukyplaryny göz öňünde tutup, okuw prosesini aýrabaşgalaşdyrmaga mümkinçilik döredýär.

Okuw meýilnamasynyň esasynda ähli dersler üçin **okuw maksatnamalary** düzülýär. Okuw maksatnamasy :

- öwrenilýän dersiň maksadyny, mazmunyny, ele almaly bilimleri, başarnyklary, endikleri, okatmagyň görnüşlerini, usullaryny beýan edýän düşündiriş hatyndan ;
- öwrenilýän maglumatyň tematiki mazmunyndan;
- her bir tema berilýän sagat sanyndan;
- esasy dünýägaraýyş meseleleriniň ýazgysyndan;
- dersara aragatnaşyklary guramagyň ýollaryndan;
- ulanylmaly tehniki serişdeleriň we görkezme esbaplaryň ýazgysyndan;
- hödürlenýän edebiýatlardan – ybaratdyr.

Bilimiň mazmunynyň giňelmegi, çuňlaşmagy dürli wariantly okuw maksatnamalarynyň düzülmegine getirdi. Islendik okuw jaýynda şu gün şol bir ders boýunça dürli wariantly okuw maksatnamalaryny düzüp, dersleri çuňlaşdyryp öwredýän synplary açmak meselesini mekdebiň mugallymlar maslahaty çözüp biler.

**Okuw maksatnamalary tipli, işçi** görnüşlerinde bolýarlar.

**Tipli okuw maksatnamalary** döwlet standartynyň talaby boýunça ýerine ýetirilýärler we Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanýarlar.

Tipli okuw maksatnamalarynyň esasynda **işçi maksatnamalar** düzülýärler we mekdebiň mugallymlar maslahatynda tassyklanýarlar. Işçi maksatnamalarda tiplilerden aratapawutlylykda milli regional düzüm ýazylýar, okuwçylaryň bilim derejesi, sapagyň tehniki, usuly, habar beriş serişdeleri bilen üpjünçiligi öz beýanyny tapýar.

Awtorlyk okuw maksatnamalary bar. Olar döwlet standartynyň talabyna laýyk düzülýärler. Olar belli bir awtoryň bu mesele garaýşyny beýan edýärler. Okadylýan dersler boýunça alymlaryň beren resensiýalarynyň esasynda olary tassyklap, ulanyp bolar. Olar esasanam saýlanyp alnan kurslarda, fakultatiwlerde ulanylýarlar.

Bilimiň mazmuny hemmetaraplaýyn okuw edebiýatlarynda beýan edilýär. Olara : okuw kitaplary, okuw gollanmalary, kartalar, sprawoçnikler, gönükmeler we diktantlar, ýygyndylary tipografiýada çap edilen depderler degişlidir. Bilimiň netijesi okuw edebiýatlarynyň hiline baglydyr. Şonuň üçin okuw edebiýatlaryny ýazmaga görnükli belli hünärmenler çekilmeli, gatnaşmaly.

*Okuw maksatnamasynyň esasynda okuw kitaby ýazylýar.* Okuw kitaby mümkin boldugyndan gysga, okuwçylar üçin gyzykly, elýeter, gowy illýustrasiýaly, estetiki taýdan owadan bolup, bilimiň mazmunyndan edilýän ähli talaplara jogap bermeli. Okuw

kitaby şol bir wagtyň özünde **stabil (düýpli)** we **mobil** bolmaly. **Stabil** diýmek okuw kitabynyň berk esaslary bolmaly. **Mobil** diýmek okuw kitabynyň esasyny üýtgetmän täzelik girizip bolmagy aňladýar. Okuw kitabyna bolan talaplaryň köpligi, olaryň gapma-garşylyklylygy dünýäniň ähli künjeginde gowy kitaplaryň ýetmezçilik edýänliginden bellidir. Bilimiň göwrüminiň ulalmagy okuw kitaplarynyň mazmunyndan täze talaplar edýär. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde alternatiw (parallel) okuw kitaplary çap edilýärler. Bu ýagdaý okuwçylara olaryň arasyndan gowusyny saýlamaga mümkinçilik berýär.

Okuw kitaby çagalara okuw prosesinde işjeň, aňly aralaşmaga, okuw maglumatlaryny doly özleşdirmäge mümkinçilik döretmeli.

Bu meseleleri çözmekde okuw kitaby şu aşakdaky funksiýalary ýerine ýetirýär :

1. **Itergiler funksiýasy.** Okuw kitaby okuwçylar üçin stimullar döredip, olarda şol dersi okamaga isleg döredýär, okuw işine gyzyklanma we pozitiw garaýyş emele getirýär.
2. **Habar beriş funksiýasy**. Dürli habarlaryň üsti bilen okuwçylaryň bilimlerini giňeltmäge mümkinçilik berýär.
3. **Gözegçilik-düzediş.** Alnan bilimleri barlamaga, düzetmäge, bahalandyrmaga, goýlan gönükmeleri ýerine ýetirmek üçin gerek bolan başarnyklary we endikleri ösdürmäge ýagdaý döredýär.

Tradision okuw kitaplary bilen bir hatarda kagyzsyz okuw maglumatlary ulanylýarlar. Olar : wideokassetalar, wideodiskler. Olara berilýän didaktiki bahalar bilim ulgamynda geçirilen rewolýusiýadan tä hiç hili peýdasyz derejä çenli düşýärler. Maglumatlary emosional düşündirmeli ýerlerinde wideokuw kitaplary peýdaly bolup bilerler. Ýöne olaryň üsti bilen pikirlenmäni, başarnyklary we endikleri ösdürmek kyn düşýär. Şonuň üçin olary toparlaýyn okuw kitaplary bilen bilelikde ulansa bolar.

Abstrakt pikirlenmäni, logikany öwrediji kompýuter programmalarynyň gowy ösdüriji häsiýeti bar. Kompýuter boýunça berlen maglumatlar, bilimler doly bolmaýar, gysgaldyrlan, kesilen, formal görnüşinde bolýarlar. Şonuň üçin kompýuter okuw maglumatlary logiki gurluşy bolan maglumatlary öwrenende peýdaly bolar.

## Okatmagyň kanunalaýyklyklary

**Pedagogik nukdaý nazaryndan kanunalaýyklyk –** belli bir kesgitlenen şertlerde gaýtalanýan, berk, umumy, hökmany, bar bolan we obýektiw arabaglanyşyklary şöhlelendirýär.

Didaktiki kanunalaýyklyklary we kanunlary öwrenmek boýunça uzak ýyllaryň dowamynda geçirilen ylmy agtaryşlaryň netijesini seljereliň. Bu öz gezeginde bize pedagog-gözleýjileriň geçiren uly ylmy-barlag işine goýan sarpamyz bolar, başga tarapdan – häzirki zaman nazaryýetiniň esasyny düzýän taryhy ylmy fundamentde ýüzlenmegimiz bolar.

Ilkidurmuş jemgyýetinde adamzat ýuwaş-ýuwaşdan ösüp gelýän ýaş nesli okatmagyň tejribe bilimlerini toplap başlady. Megerem, şol wagt eýýam ýaşlary durmuşa taýýarlamagyň meselelerini çözmäge mümkinçilik berýän okatmagyň tejribe düzgünleri işlenip düzülip nesilden nesle geçirilendir. Ol düzgünleriň biri-de öz köküni gadymdan alýan durmuş tejribesiniň üsti bilen, ýaşulularyň tejribesini ulanyp, olara daýanyp okatmakdyr.

Gadymy döwletlerde geçen nesliň umumylaşdyrylan däp-dessurlaryna, adalatlaryna daýanýan, olaryň netijesinde esaslandyrylan tejribäniň mazmuny bilen okatmagyň meseleleri üstünlikli çözülipdir. Antik alymlary Platon, Aristotel we esasanam Kwintilian okatmagyň tejribesini görkezmeler – düzgünler toplumy hökmünde jemlemäge ilkinji synanyşyklary etdiler. Bu düzgünleri olar özleriniň durmuş aklyny jemleýän umumy filosofiki düzgünlerinde beýan etdiler. Antik döwrüň pelsepeçileri ýörite okatmak meseleleri bilen meşgullanmandyr. Olaryň köp babatda dogry filosofiki garaýyşlary didaktiki nazaryýeti ýüze çykmagyna getirmedi. Mysal üçin olaryň filosofiki garaýyşlary logikanyň emele gelmegine getirdi.

Platon bilen Aristotel kanuny tapmak üçin duýgular dünýäsinden çykyp, kanunlar bar bolan hadysalaryň hereket edýän tertipleri bilen tanyşmaga geçmelidigine düşündiler.

Ýöne olar okatmagy ylym däl-de başga ylymlary öwredýän sungat hökmünde, adamlaryň bilim berýän tejribe işini bolsa hünär hökmünde düşünýärler. Sungat bolsa kanunlara boýun bolmaýar. Diňe her bir okuwçynyň okatmakda ýerine ýetirmeli düzgünlerini bilmegi barada gürrüň etmeli bolýar. Antik döwürde emele gelen okatmak düzgünleri häzirki zaman mekdeplerinde hereket edýärler. Mysal üçin, Platonyň düzgüni

– “Kim-de kim bedenterbiýe maşklaryny akyl terbiýesi bilen gezekleşdirse we ony öz ruhuna ýetirse, şol adama biz kämilleşen diýip bileris”. Sokratyň pikiri häzirki okadylyş ruhuna gabat gelýär. Ol : “Mugallymyň wezipesi – okuwçynyň kellesinde pikiriň dogulmagyna kömek etmekdir” – diýip belleýär. Sokrat özüni “pikiriň akuşeri” diýip atlandyrypdyr. M.F. Kwintilian özüniň “Oratory nähili taýýarlamaly” diýen işinde “her kim bilim berip bilmez, diňe hökmany gerek bolan okatmagyň tärleri bilen, çaganyň psihiki durmuşy bilen tanyş adam okadyp biler” diýip belleýär.

Antiki filosoflaryň öňe süren düzgünlerini ylmy kanunalaýyklyklar we kanunlar diýip hasap etmäge synanyşyklar boldy. Bu synanyşyk nädogry diýlip hasap edilýär. Sebäbi ol döwürdäki öňe sürülen düzgünlerde kanunlaryň we kanunalaýyklyklaryň häsiýeti ýok. Olar okatmak hadysalarynyň arasyndaky käbir wajyp arabaglanyşyklaryny görkezýän tejribe jemlemelerdir.

Orta asyrlar pedagogik pikiriň ösüşiniň kyn döwrüni suratlandyrýarlar. Katehezis, monah, ustaw, sholastika, musulman mekdepleri we medreseleri şu sözler bilen pedagogikanyň taryhynyň sahypalary baglanyşyklydyr. Bu döwürde-de okatmagyň düzgünleri hereket edýärler. Ýöne olar antiki döwrüň düzgünleri ýaly adamlaryň tebigy durmuşyndan we işinden gelip çykman, olar dini-mistiki göz öňüne getirmelere, biri-biri bilen söweşýän dini garaýyşlardan gelip çykýarlar.

XVIII asyrda pedagogikany biologiýanyň kanunlaryna boýun bolýan tebigaty öwrenýän ugurdyr diýip düşündirdiler. Ol döwürde pedagogikany doly gaýtadan guran Ý.A. Komenskiý we D.Lokk boldy. Olaryň täsiri astynda pedagogikanyň kanunlary (olar bir wagtyň özünde ýörelge we düzgün hökmünde-de çykyş etdiler) üç aspektde kesgitlenildi : **jemgyýetçilik – taryhy, tebigy-taryhy we psihologik aspektlerde**. Olardan soň Pestolossi, Russo, Disterweg, Uşinskiý, Tolstoý we başga pedagog-ylmy öwrenijiler eýýam umumy ýörelgeler bilen çäklenmän, anyk kanunalaýyklyklary düzmäge, gurmaga synanyşýarlar. Olaryň synanyşygy pedagogikany anyk düzgünler toplumyna öwürmäge getirdi.

Kanunlaryň häzirki zaman düşündiriliş kategoriýalaryna esaslanyp, orta asyrlar pedagogik garaýyşlarynda-da didaktiki hadysalaryň arasyndaky arabaglanyşyklary ýüze çykarmagyň berk synanyşyklaryny tapyp bilmeýäs. Olaryň tejribäni jemlemelerini – okatmagyň düzgünleri diýip hasap etse bolar. Pedagogikanyň düzgünler ulgamyna, tejribe ýolbaşçylygy hökmünde öňe sürlendigine beýik pedagoglaryň özü-de düşünýärdi.

Ý.A. Komenskiý ilkinji bolup pedagogikany tematiki häsiýetleri boýunça toplanan düzgünler ulgamy hökmünde özüniň “Beýik didaktika” diýen kitabynyň XVII babynda “Okatmagyň we okamagyň ýeňilliginiň esasy düzgünleri” XX babynda “Okamagyň we okatmagyň tebigylygynyň esasy düzgünleri” beýan etdi. A. Disterweg düzgünleriň sanyny 33-e ýetirip, olary degişli obýektleri boýunça toparlara böldi. Birinji topar – mugallyma degişli düzgünler : ikinji topar – okadylýan derse degişli düzgünler : üçünji topar – okuwça degişli bolan düzgünler. Şol bir wagtyň özünde A. Disterweg käbir düzgünleri kanun diýip atlandyrýar.

Ý. A. Komenskiniň we A. Disterwegiň didaktikany gysga temalaryň daşynda jemlenen düzgünler kategoriýalary : sapaga nähili taýyarlanmaly; okuwçylara soraglary nähili goýmaly; gönükmeleri nähili geçirmeli; maglumatlary nähili ýatlamaly; ýumuşlary nähili tabşyrmaly görnüşinde beýan etmäge synanyşan pikirdeşleri boldy.

XVIII asyryň pedagoglarynyň arasynda pedagogik kanunlary açandygy barada birnäçesi habar berdi. Olaryň ilkinjisi I.G. Pestalossidi. Ol çaganyň akyl ösüşiniň kanunyny düzdi. Onuň manysy elementar düşünjelerden aýdyň göz öňüne getirmelere we olardan aýdyň düşünjelere. Pestolossiniň aýtmagyna görä öwrenmek prosesinde ägirt uly kanun ýüze çykýar, ol kanun : “Her bir predmet onuň biziň duýgymyza fiziki ýakynlyk ýa-da uzaklyk derejesi  bilen täsir edýär”. Bu kanuna esaslanyp, Pestolossi dogry maglumatlary öwrenmek adamyň öz-özüniň bilişinden gelip çykýar diýen ýörelgesini öňe sürdi.

Pestolossiniň öňe süren pedagogik kanunlary, pikirleri, ýörelgeleri özüniň täsirliligine, peýdalylygyna garamazdan kanunalaýyklaryň arabaglanyşyklaryny özünde jemlemeýärler. Ýöne olar örän wajyp tejribe jemlemeleri hökmünde öz bahasyny ýitirmän gelýärler.

Pedagogikanyň taryhynda iň belli ylmy ýalňyşlyklaryň biri fransuz alymy Selleryeniň pedagogik kanunlary açyşydyr. Özüniň “Ylmy pedagogikanyň oçerkleri. Pedagogikanyň fakty we kanunany” diýen kitabynda (bu Fransiýanyň moral we syýasat ylymlar Akademiýasynyň altyn medalyna  mynasyp bolan) ol iki sany esasy kanuny düzüpdir.

1. Her bir hereket okuwçynyň tebigaty bilen bagly.
2. Ähli okadylýan dersler umumy gurşaw bilen arabaglanyşykly bolup, şol bir wagtyň özünde ýörite gurşaw bilen hem baglanyşykly bolmaly.

Bu ýerde Selleryе ýaýbaňlanan ýalňyşlyklary gaýtalaýar.Ol kanun we ýörelge, kanun we tejribe düzgünini diýen düşünjeleri aratapawutlandyryp bilmeýär. Şonuň üçin onuň

düzen kanunlary umumy düzgünler we dürli düşünjeler hökmünde ýüze çykýarlar. Selleryýe tarapyndan öňe sürlen birinji kanun tebigatyň okuwça täsiriniň arabaglanyşygyny azda-kände belli edýär. Ikinji öňe sürülen kanunda hiç nähili kanunalaýyk arabaglanyşyk beýan edilmeýär.

Dünýä we rus pedagogikasynyň taryhynda K.D. Uşinskiniň pedagogik döredijiliginiň orny uludyr. K.D. Uşinskiniň işleri bilen tanşyp, biz onuň “kanunalaýyklyk”, “kanun” diýen sözleri asla ulanman, olara derek özüniň köp sanly jemlemelerini we netijelerini düzgünler we hödürnamalar hökmünde beýan edendigine göz ýetirýäs. Olaryň biri : “Adamyň aňy näçe köp bilimleri kabul etse we aňynda özleşdirse, ol şonça-da öser we güýçlener”. Ine okatmagyň umumy kanunlarynyň biri K.D. Uşinskiniň işlerinde didaktikanyň esasy umumy kanunalaýyklary öz beýanyny tapypdyr diýip arkaýyn aýdyp bolar.

XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda eksperimental pedagogika pedagogik prosesiň kanunalaýyklaryny açmak üçin esasy ünsi eksperimente, ölçege we statistika berdi. Olar tebigy ylymlaryň usullaryny ulanmak gowy netije berer diýip pikir ýöretdiler.

Eksperimentalistleriň usulýet garaýyşlaryny, pikirlerini adalatly tankytlap, olaryň öňe süren usullarynyň kömegi bilen şol wagt psiholog - didaktiki wajyp, anyk kanunalaýyklarynyň açylandygyny bellemelidiris.

1885-nji ýylda Ebbingauz wagtyň geçmegi bilen okuwçynyň özleşdiren maglumatlarynyň ýatdan çykyp başlaýandygyny, onuň logarifmiň wagty ýaly ösýändigini belläp “ýatdan çykarmanyň” grafigini düzdi. Şol wagtdan bäri didaktikada we psihologiýada okatmak boýunça geçirilýän eksperimentleriň netijeleri grafik görnüşinde şekillendirilýär.

J.Diýunyň, E.Trondaýkyň, E. Meýmanyň, Kilpatrigiň hem didaktikanyň kanunlaryny düzmäge synanyşyk edendikleri barada-da maglmatlar bar. E. Meýman üç kanun düzüpdir.

**Birinji kanun** : indiwidumyň ösüşi irki başdan örän köp ýagdaýlarda tebigy berlen zadatkalar tarapyndan kesgitlenilýär. **Ikinji kanun :** Çaganyň durmuşynda wajyp bolan elementar talaplaryny ödeýän funksiýalar ilkinji hatarda ösýärler. **Üçünji kanun :** çaganyň ruhy we bedeni deň ösmeýär. Olardan başga E. Meýman çaganyň ösüş faktorlary barada ýene iki kanun düzdi: görnüş üýtgeýjilik we gaýtalanma kanunlary. E. Meýmanyň özi bu kanunlary kontekste gelşine görä ýörelge we düzgün diýip atlandyrýar.

Amerikan pedagoglary J.Diýunyň we E. Trondaýkyň düzen kanunlary amerikan we olary kabul eden başga döwletleriň mekdeplerinde okuw prosesiniň ösüşine uly täsir etdiler. Olaryň açan kanunlarynyň dünýä didaktikasynyň ösüşine uly täsir edendigine garamazdan sowet döwründe bu kanunlar biziň mekdeplerimizde ulanylmady, olar barada hiç zat aýdylmady, olar inkär edildi. Geliň ol kanunlary seljereliň.

E. Trondaýk Umumy **assosiasiýa** (birleşik, arabaglanyşyk) kanuny, oňa goşmaça **analogiýa ýa-da assimilýasiýa** (meňzeşlik) kanunlaryny kesgitledi. Bu kanunlaryň mazmuny : çaganyň häzirki wagtky pikirleri, duýgulary we özüni alyp barşy, onuň öň nähili pikirlenenini, duýany, hereketi bilen, onuň akyl ösüşiniň gurluşynyň we ugrynyň häzirki ýagdaýy bilen baglydyr. Mundan başga-da E.Trondaýk **effekt (netije) gazanmak, taýyarlyk, gaýtalamak** ýaly kanunlary kesgitledi.

E.Trondaýkyň kanunlarynda amerikanyň intellegensiýasynyň köp topary terbiýelendi. Bu kanunlar şu gün hem amerikanyň we başga köp döwletleriň okuw-terbiýeçilik prosesiniň gurluşynyň tehnologiýasyny kesgitleýärler. XX asyryň 40-50-nji ýyllarynda professor Lado Trondaýkyň kanunlaryny mekdep mugallymlary düşüner ýaly sadalaşdyrdy. Bu öz gezeginde olaryň gönükdirijilik roluny berkitdi. Amerikanyň mekdepleriniň mugallymlary baş esasy kanunyň talaplaryny berk özleşdirdiler.

1. **Arabaglanyşyk kanuny** : eger-de iki psihiki akt arabaglanyşykda össeler, olaryň biriniň gaýtalanmagy beýlekisiniň ýüze çykmagyna ýa-da berkidilmegine getirýär.
2. **Türgenleşik kanuny :** türgenleşmegiň intensiwligi näçe ýokary bolsa, maglumat şonça-da gowy özleşdirilýär we köp wagtlap ýatda galýar.
3. **Intensiwlik (güýç) kanuny :** jogap näçe intensiw türgenleşdirilse ol gowy özleşdiriler we köp wagtlap ýatda galar.
4. **Assimilýasiýa (birleşik, arabaglanyşyk) kanuny :** her bir täze stimul öň şu stimul bilen bagly bolan reaksiýa ýüze çykaryp bilmäge ukyby bardyr.
5. **Netijelilik kanuny :** gowy ýakymly netijeler bilen amala aşyrylýan reaksiýa berkidilýär; eger-de ol göwne ýakymsyz netije berse, ondan gaça durmaly ýa-da ýatyrmaly.

Kanunlary we kanunalaýyklyklary kesgitlemek işine synanyşyk eden belli pedagogikanyň nazaryýetçileri bar. Mysal üçin,belli pedagog S.T.Şaskiý. Ol şeýle kanunalaýyklyk girizdi : okuwçylar iş prosesinde öz güýçlerini sarp edýärler, olar öz güýjüni näçe köp sarp etse, şonça-da köp güýç gazanýarlar - okuwyň mazmuny-da şonda. Ol okuwçylaryň **intellektiniň (aklynyň) we duýgusynyň** okatmak prosesinde birlik

ylmy kanunalaýyklygyny açmaga ýakynlaşypdyr. Okuwçynyň akly we duýgusy biri-birine ýakyn bolmaly. Intellektual we emosional sferalar biri-birine kömekleşmeli.

XX asyryň 40-50-nji ýyllarynda A. Tarston we K. Hall okatmagyň kanunalaýyklyklaryny matematiki öwrenmäge synanyşyk etdiler. Olar parametrine psihologik didaktiki many berlen “okatmagyň funksiýalaryny” nazarýete goşdular.

Okatmagyň formal nazarýetiniň esasy tarapdary K. Halldy. Ol özüniň “Özüni alyp barmagyň ýörelgeleri (prinsipleri)” diýen işinde eksperimentiň netijesinde alnan faktorlaryň üsti bilen birnäçe düzgünleri öňe sürdi. Olaryň köp bölegi özüniň berk matematiki formadadygyna garamazdan tejribäniň sada jemlemeleri bolup çykyş edýärler. K. Hallyň nazarýeti özüniň bihewioristiki mazmuny üçin birnäçe gezek psiholog-didaktiki işlerde tankytlanyldy.

Biziň öwrenen didaktikamyzda XX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli “kanun” diýen düşünjäni ulanmakdan gaça durdular, “kanunalaýyklyk” bolsa kanunyň hususy ýüze çykyşy hökmünde okatmagyň esasy meseleleri öwrenilende ulanyldy.

Soňky ýyllarda kanunalaýyklyklar boýunça alnyp barlan barlaglar öňki barlaglardan azda-kem aratapawutlanýarlar. Köp pedagoglar didaktiki kanunlar we kanunalaýyklyklar häli doly öwrenilmedi we durmuşa ornaşdyrylmady diýen netije gelip pedagogikany ylym hökmünde hasap etmeýärler.

Köp sanly we köp meýilli okatmagyň kanunalaýyklyklarynyň klassifikasiýasynyň logiki esaslaryny ýüze çykarmak üçin model döretmeli. Onda okatmak düzümleri bütewi prosesiň dürli taraplary (häsiýetleri, aspektleri) bolan ulgam hökmünde hasap edilýär. Surata seret.



1. **Didaktiki komponent (düzüm)** – maksat, mazmun, görnüş, usul, serişde, tär, forma ýaly, didaktiki prosesiň häsiýetlerini jemleýär.
2. **Gnosiologik komponent** (bilesigelijilik düzümi) – mugallymyň ýolbaşçylygynda okuwçylara, durmuşyň obýektiw ýagdaýyny, tebigatyň, jemgyýetiň faktlaryny we kanunlaryny, okuwçylaryň özlerini öwrenmek aspektlerini kesgitleýär.
3. **Psihologik komponent** – okatmak prosesinde – okuwçylaryň içki, psihiki işini kesgitleýär.
4. **Kibernetiki komponent** – okuw prosesinde bar bolan habarlar akymynyň maglumatlary özleşdirmegi, dolandyrmagyň ähli arabaglanyşyklaryny şöhlelendirýär.
5. **Sosiologiki komponent** – okuw prosesine gatnaşýanlaryň aragatnaşygyny öz içine alýar. Bu komponente (düzümde) diňe bir okuwçylar bilen mugalllymyň anyk aragatnaşyklary şöhlelendirilmän, eýsem umumy sosial arabaglanyşyklar – okatmagyň sosial ähmiýeti, gönükdirilenligi-de şöhlelendirilýär.
6. **Guramaçylyk komponenti** – okuw prosesini intellektual zähmet hökmünde şöhlelendirýär. Oňa : mugallymyň we okuw işiniň guralyşy, olaryň maddy – tehniki abzallaşdyrylyşy, höweslendirilişi, öndürijiligi, peýdalylygy degişlidir.

Okuw prosesinde hereket edýän ähli kanunalaýyklyklar öz gezeginde umumy we hususy (anyk) toparlara bölünýärler. Özüniň hereketi bilen ähli ulgamy öz içine alýan kanunalaýyklyklara **umumy kanunalaýyklyklar** diýilýär. Öz hereketi bilen ulgamyň belli bir aspektine, komponentine täsir edýän kanunalaýyklyklara **anyk ýa-da hususy kanunalaýyklyk** diýilýär. Konkret (anyk) kanunalaýyklaryň arasyndan : **hususy didaktiki; gnosiologiki, psihologiki, kibernetiki, sosiologiki, guramaçylyk kanunalaýyklyklary** saýlanýarlar.

Okatmak prosesiniň **umumy kanunalaýyklyklarynyň häsiýetleri :**

- özüniň täsiri bilen okatmagyň önümini ýokarlandyrýan general (esasy) we toplumlaýyn faktorlary ýüze çykarmak;
- olaryň arasyndaky umumy arabaglanyşyklary ýüze çykarmak;
- kesgitlemeleriň takyklygyny we gysgalygyny gazanmak;

Bu talaplara okatmak prosesiniň şu aşakdaky umumy kanunalaýyklyklar laýyk gelýärler :

**1. Okatmagyň maksadynyň kanunalaýyklary :**

Okatmagyň maksady : a) jemgyýetiň ösüşiniň derejesi we tempi bilen baglylyk; b) jemgyýetiň talaplary we mümkinçilikleri bilen baglylygy; ç) pedagogik ylmynyň we tejribesiniň ösüşi we mümkinçilikleri bilen baglylygy.

2. **Bilimiň mazmunynyň kanunalaýyklyklary :**

Bilimiň mazmuny (okatmagyň) : jemgyýetiň talaby we okatmagyň maksatlary bilen baglydyr; b) sosial we ylmy-tehniki progresiň ösüşi bilen baglydyr; ç) okuwçylaryň ýaş mümkinçilikleri bilen baglydyr; d) okatmagyň nazaryetiniň we tejribesiniň ösüş derejesi bilen baglydyr; ý) okuw jaýlarynyň maddy-tehniki we ykdysady mümkinçilikleri bilen baglydyr.

3. **Okatmagyň hiliniň kanunalaýyklyklary.**

Okatmagyň her bir täze etapynyň effektiwligi : a) öňki etaplaryň netijesi bilen baglydyr; b) öwrenilýän maglumatyň häsiýeti we göwrümi bilen baglydyr; ç) okadylýanlara pedagogik-guramaçylyk täsir bilen baglydyr; d) okuwçylaryň okaýjylygy bilen baglydyr; e) okatmagyň wagty bilen baglydyr

4. **Okatmagyň usullarynyň kanunalaýyklyklary.**

Didaktiki usullaryň effektiwligi : a) usullary mazmuny we olary ulanmagyň, bilmegiň endikleri bilen baglydyr; b) okatmagyň maksatlary bilen baglydyr; ç) okatmagyň mazmuny bilen baglydyr; d) okuwçylaryň ýaşy bilen baglydyr; e) okuwçylaryň okuw okaýyş mümkinçilikleri bilen baglydyr; ä) maddy-tehniki üpjünçilik bilen baglydyr; f) okuw prosesiniň gurluşy bilen baglydyr.

5. **Okuwy dolandyrmagyň kanunalaýyklyklary.**

Okatmagyň önümi : a) okatmakda arabaglanyşygyň intensiwligi (güýji) bilen baglydyr; b) düzediş täsirleriň esaslandyrylyşlary bilen baglydyr.

6. **Okatmagy höweslendirmek kanunalaýyklyklary.**

Okatmagyň önümi : a) okatmagyň içki stimullary (itergileri-motiwleri) bilen baglydyr; b) daşky (jemgyýetçilik, ykdysady, pedagogik) stimullar bilen baglydyr.

Okatmagyň hususy (anyk) kanunalaýyklarynyň täsiri okuw prosesiniň aýratyn düzümlerine degişlidir. Häzirki zaman ylmyna anyk kanunalaýyklaryň örän uly sany bellidir. Şolaryň bir bölegine üns bereliň.

**Okatmagyň anyk (konkret) kanunalaýyklyklary.**

1. Didaktiki kanunalaýyklyklar.
2. Gnosiologiki kanunalaýyklyklar.
3. Psihologiki kanunalaýyklyklar.
4. Kibernetiki kanunalaýyklyklar.
5. Sosiologiki kanunalaýyklyklar.

6. Guramaçylyk kanunalaýyklyklar.

**I. Didaktiki kanunalaýyklyklary.**

1. Okatmagyň netijesi (belli predellerde) okatmagyň dowamlylygyna proporsionaldyr.
2. Özleşdirmegiň öndürijiligi hödürlenen bilimleriň, başarnyklaryň möçberine (göwrümine), öwrenilýän maglumatlaryň möçberine ýa-da ýerine ýetirilmeli işleriň göwrümine belli predellerde proporsionaldyr.
3. Özleşdirmegiň öndürijiligi berlen bilimleriň, başarnyklaryň möçberine (göwrümine), öwrenilýän okuw maglumatlaryň kynlygyna, çylşyrymlylygyna, emele gelýän hereketlere (belli predellerde) ters proporsionaldyr.
4. Okatmagyň netijeleri (belli predellerde) okaýanlaryň okatmagyň maksadyny aňlamagy bilen göni proporsional garaşsyzlyk ýagdaýyndadyr.
5. Okatmagyň netijeleri (belli predellerde) okaýanlar üçin olaryň özleşdirýän maglumatlarynyň peýdalylygyna göni proporsionaldyr.
6. Okatmagyň netijeleri okuwçylaryň okuw işine giriş işine baglydyr. (L.W.Zankow).
7. Okatmagyň netijeleri ulanylýan usullara baglydyr.
8. Okatmagyň netijeleri ulanylýan serişdelere baglydyr.
9. Okuwçylara hödürlenen bilimleriň, başarnyklaryň özleşdirilişi mugallym tarapyndan döredilen okuw situasiýalarynyň häsiýetlerine baglydyr.
10. Okatmagyň netijeleri okuw maglumatlarynyň özleşdirmek üçin gerek bolan böleklere bölünişi bilen baglydyr.
11. Okatmagyň netijeleri mugallymynyň pedagogik ussatlygy bilen göni proporsional baglydyr.
12. “Öwretmek” ýoly bilen geçirilen okuw “diňlemek” okuwyndan 6-7 esse öndürijilikdir.

**II. Gnosiologik kanunalaýyklyklar.**

1. Okatmagyň netijeliligi (belli predellerde) okuwçylaryň okap bilijilik başarnyklaryna göni proporsionaldyr.
2. Okatmagyň netijesi (belli predellerde) okuwçylaryň okuw işiniň göwrümine göni proporsionaldyr.
3. Bilimleri, başarnyklary özleşdirmegiň öndürijiligi (belli predellerde) olaryň tejribede ulanylyşynyň göwrümine göni proporsionaldyr.

4. Okuwçylaryň akyl ösüşi (belli predellerde) özara baglanyşykly bilimleriň, başarnyklaryň, döredijilik işiniň tejribesiniň göwrümini özleşdirmek bilen göni proporsionaldyr. (I.Ýa.Lerner)
5. Okatmagyň netijesi okadylýan dersiniň onuň öwrenýän obýektleriniň hili bilen arabaglanyşdyrylmagyna baglydyr.
6. Okatmagyň netijeleri okuwçylaryň öý işlerini ulgamlaýyn, hemişe ýerine ýetirilişine baglydyr.
7. Okuwçylaryň döredijilikli pikirlenişini öndürijiligini uly göwrümdäki maglumatlar berlende gowulandyryp bolar. Bilimleri werbal (söz üsti) ýatlamak az göwrüminde özleşdirilende netijesi ýokary bolar.
8. Özleşdirmegiň öndürijiligi okatmagyň problem (meseleleýin) derejesine, okuwçylaryň güýçýeterligine, olar üçin gerek bolan okuw problemalary (meseleleri) intensiw (tiz) çözmäge girişine baglydyr.

**III. Psihologiki kanunalaýyklyklar.**

1. Okatmagyň öndürijiligi, (belli predellerde) okadylýanlaryň okuw işine bolan gyzyklanmasyna göni proporsionaldyr.
2. Okatmagyň netijesi, (belli predellerde) okuwçylaryň okamak mümkinçiliklerine göni proporsionaldyr.
3. Okatmagyň öndürijiligi (belli predellerde) türgen gönükmeleriniň sanyna göni proporsionaldyr.
4. Okatmagyň öndürijiligi (belli predellerde) türgenleşigiň intensiwligine (güýjüne) göni proporsionaldyr.
5. Okatmagyň öndürijiligi (belli predellerde) okuwçylaryň bili, alyjylyk işjeňliginiň derejesine göni proporsionaldyr.
6. Okatmagyň öndürijiligi (belli predellerde) okuwçylaryň ünsüniň derejesine, berkligine göni proporsionaldyr.
7. Anyk okuw maglumatlaryny özleşdirmegiň netijeleri okadylýanlaryň anyk bilimleri, başarnyklary alyp biliş ukyplaryna, olaryň aýrabaşga ymtylmalaryna baglydyr.
8. Okatmagyň öndürijiligi okadylýanlaryň pikirlenişiniň derejesine, güýjüne, intensiwligine we aýratynlyklaryna baglydyr.
9. Okatmagyň öndürijiligi (belli predellerde) ýadyň ösüş derejesine baglydyr.
10. Bilimlilik bilim alyp bilmeklige göni proporsionaldyr.

11. Okatmagyň öndürijiligi (belli predellerde) okuwçylaryň işjeňligine göni proporsionaldyr.
12. Orta mekdep ýaşly çagalaryň okuwa ýetişigi peselýär : 11-15 ýaşynda olaryň bilim derejesi 6-10 we 16-17 ýaşly çagalaryň bilim derejesinden ortaça 25 % pes bolýar.
13. Ýostuň kanuny. Iki sany deň güýçli arabaglanyşygy (assosiasiýany) alyp, olary gaýtalasak köne assosiasiýanyň (arabaglanyşygyň) netijesi gowy bolar.
14. Ýostuň kanuny. Belli bir deň şertlerde maglumaty bolup öwretmek usuly bilen ýatlatmak konsentrik usul bilen ýatlandan az gaýtalamagy talap edýär.
15. Öwrenilen maglumaty ýatlamagyň berkligi ol maglumatyň düşündirilişi usuly bilen baglydyr.
16. Işiň netijesi endikleriň we başarnyklaryň kämilleşmek derejesine baglydyr.
17. Gaýtalamagyň sany okatmagyň öndürijiligine uly täsir edýär.
18. Ýatlanan maglumatlaryň göterimi bu maglumatlaryň göwrümine garşy proporsionaldyr. (E. Ebbingauz).

## IV. Kibernetiki kanunalaýyklyk .

1. Okatmagyň effektiwligi (belli predellerde) garşylyklaýyn arabaglanyşygyň tiz gaýtalaýanlygyna we göwrümine göni proporsionaldyr.
2. Bilimiň hili gözegçiligiň effektiwligine baglydyr. Gözegçiligiň wagtal-wagtal bolup durmagy okatmagyň dowamlylyk funksiýasydyr.

$$p = \frac{n}{0{,}981 \times s \times a}$$

Bu ýerde *n* – görünýän bahalar sany, *a* – barlanan okuwçylar sany, *s* – barlanan döwürde okuw plany boýunça sapak sany. (G.W. Worobýew)

3. Okatmagyň hili okuw işiniň dolandyrylyş hiline göni proporsionaldyr.
4. Dolandyrmagyň effektiwligi dolandyrýan maglumatlaryň sany we hili, okuwçylaryň dolandyryş täsirleri kabul ediş ýagdaýlary we münkinçilikleri bilen göni proporsional arabaglanyşykda bolýar.
5. Okatmagyň öndürijiligi “hereket maksatnamasy” we onuň netijesi bolan “maksat programmasy” adamyň beýnisindäki hereketden öňde bolan ýagdaýynda ýokarlanýar. (P.K. Anohin)

**V. Sosiologiki kanunalaýyklyklar.**

1. Indiwidiň ösüşi onuň bilen göni we göni däl gürrüňdeşlikde bolan indiwidleriň ösüşi bilen baglydyr.
2. Okatmagyň öndürijiligi bilim berijilik aragatnaşyklaryň (kontaktlaryň) güýjüne (intensiwligiň) we göwrümine baglydyr.
3. Okatmagyň effektiwligi "intellektual gurşawyň", biri-birini okatmagyň güýjüne (intensiwligine) baglydyr.
4. Okatmagyň effektiwligi ýaryş bilen döredilen bilim alyjylygyň şertlerinde ýokarlanýar.
5. Okuwçynyň synpda abraýy : a) onuň tutýan pozisiýasyna; b) ýerine ýetirýän roluna; ç) ýetişigine; d) aýrabaşga hiline baglydyr.
6. Okatmagyň effektiwligi mugallymyň okuwçylar bilen söhbetleşişiniň hiline baglydyr.
7. Didaktogeniýa (mugallymyň okuwçylara garaýşy) tutuş synpyň, her bir okuwçynyň aýratynlykda okuwa ýetişigini peseldýär.

**IV. Guramaçylyk kanunalaýyklar.**

1. Okatmagyň effektiwligi guramaçylyga baglydyr. Okuwçylaryň okuwa bolan talabyny ödeýän, olaryň bilesigelijilik gyzyklanmasyny formirleýän, kanagatlandyrýan, bilesigelijilik işjeňligi stimulirleýän okuw işiniň guralyşy gowudyr.
2. Okatmagyň netijeleri (belli predellerde) okuwçynyň öz borjuna, okuw işine garaýşyna göni proporsionaldyr.
3. Okatmagyň netijeleri (belli predellerde) okuwçylaryň işjeňligine göni proporsionaldyr.
4. Okatmagyň netijesi mugallymyň işjeňligine baglydyr.
5. Akyl argynlygy duýgy organlarynyň durmagyna (tormoženiýe) getirýär : 4 sagat okuw duýgy analizatoryň 2 esse peselmegine getirýär.
6. Okuwçylaryň akyl işjeňligi, olaryň saglygyna, akyl ösüşiniň rejesine, jynsyna, ýaşyna, ýylyň wagtyna, hepdäniň gününe, günüň wagtyna (sutka) baglydyr. (M.W. Antropowa)
7. Okuwçylaryň akyl işjeňligi sapaklaryň rejesine, onda beden terbiýesiniň we zähmet sapaklarynyň orny bilen baglydyr.
8. Okatmagyň öndürijiligi pedagogik işiň guralyşynyň derejesine baglydyr.

## Okatmagyň ýörelgeleri we düzgünleri

Didaktika ilki bilen okatmagyň hadysalary bilen faktorynyň arasyndaky hökmany bar bolan arabaglanyşygy şöhlelendirýän obýektiw kanunlary açmaga ymtylýar. Bu kanunlar mugallymlara didaktiki prosesiň obýektiw ösüşiniň umumy suratlandyrylyşyna düşünmäge mümkinçilik berýärler. Olar tejribe iş üçin ýörite görkezmeler bolman, onuň tehnologiýasyny işläp düzýän, kämilleşdirýän nazary esas hökmünde çykyş edýärler. Okatmagy tejribede amala aşyrmagyň görkezmeleri köp babatda olaryň durmuşa geçiriliş ýörelgelerinde we düzgünlerinde berkidilendir. Olar didaktiki ýörelgeler we düzgünler diýlip atlandyrylýarlar. Olary seljereliň.

**Didaktiki ýörelgeler** – okuw prosesiniň umumy maksatlaryna we kanunalaýyklaryna laýyklykda onuň mazmunynyň, guramaçylyk formalarynyň we usullarynyň esasy düzgünleridir. Okatmagyň ýörelgelerinde, onuň anyk taryhy görnüşinde alnan normatiw esaslar aňladylýar. (M.A. Danilow). Didaktikanyň kategoriýasy (düşünjesi) hökmünde çykyş edip goýlan maksatlara laýyklykda okatmagyň ýörelgeleri kanunlaryň we kanunalaýyklaryň ulanylyş usullaryny häsiýetlendirýärler.

Kesgitlenen şertlerde kesgitlenen maksada ýetmek üçin umumy ýörelgelere esaslanyp ýazylan pedagogik işe **düzgün** diýilýär. Şol ýa-da başga bir okatmagyň ýörelgesiniň aýratyn taraplaryny açyp beýan edýän görkezmelere köp babatda **okatmagyň düzgünleri** diýilýär.

Pedagogik nazarýetiň (iýerarhiýasynda) tabynlylyk ýagdaýynyň iň aşaky basgançagyny okatmagyň düzgünleri eýeleýär. Olar nazarýetden tejribä geçirýän zweno hökmünde çykyş edýärler. (Surata seret).




Okatmagyň düzgünleriniň esasynda didaktiki hadysalaryň ösüşini çaklap bolmaýar. Bu öz gezeginde olaryň tejribä gönükdirilenligini ýene-de bir gezek tassyklaýar. Düzgünlerde hususanam mugallymyň belli bir ýagdaýlarda belli usul hereketi göz öňünde tutulýar. Düşnükliräk aýtsak okatmagyň düzgünleri – belli bir pedagogik ýagdaýda nähili hereket etmek boýunça mugallyma anyk görkezme bolup çykyş edýärler. Käbir pedagoglar we mugallym-tejribeçiler düzgünleri öwrenmegi maksada laýyk hasap etmeýärler. Olaryň pikirine görä okatmagyň düzgünlerini ulanmak mugallymlaryň döredijilik başlangyçlarynyň ösüşine päsgel berýär. Şonuň üçin, okatmagyň nazaryýetini öwrenmäge, endikleri özleşdirmäge we olary tejribede döredijilikli ulanmaga esasy üns bermeli.

XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda köne mekdeplerde, mugallymlara okuw işiniň anyk düzgünlerini öwretmäge uly üns berlen. Şol wagtlar mugallymlar üçin ýörite pedagogikanyň düzgünleri, görkezmeleri jemlenen okuw gollanmalary çap edildi.

Ýöne okatmakda ýüze çykýan täzelikler inkär edilip, okatmagyň usullarynyň pes depginde ösmegine getirdi.

Dogrudanam düzgünleri ulanmak, olary doly ýerine ýetirmek, mugallymyň döredijilik başlangyçlarynyň ösmegine päsgel berer, ýöne olardan düýbünden boýun towlap okuw işine doly erkinlik hereketini galdyrmak bolmaz. Başga işlerde bolşy ýaly, okuw işinde-de mugallymdan ýörite döredijilik talap edilmeýän käbir ýagdaýlarda ol döredijiligine päsgel berýän, belli bir standart ýagdaýlar ýüze çykýar. Bu ýerde eýýäm mugallyma düzgünleri berjaý edip hereket etmek wajyp Ý.A. Komenskiniň we A. Disterwegiň okatmak düzgünleriniň tejribe üçin nähili täsiriniň barlygyny ýatlalyň.

Düzgünler mugallyma şol ýa-da başga bir situasiýada özüňi nähili alyp barmalydygy barada kesgitli hereket etmegi düşündirýärler, olary kesgitli talaplary ýerine ýetirmäge gönükdirýärler, ýöne ol işiň nähili ýerine ýetiriljegi dolulygyna mugallymyň özüne baglydyr. Mysal üçin, okuwçy jaň bolandan soň, sapaga gijä galyp gelýär. Düzgünler mugallymdan bu ýagdaýda terbiýeçilik täsirli  iş geçirmegi talap edýär. Sebäbi her bir tertibi bozujy hereket bilinmän galmaly däl. Ýöne mugallymyň bu ýagdaýda nähili hereket etjekdigi dolulygyna anyk situasiýa, okuwçynyň şahsyýetine, nämä üçin gijä galanyna, aragatnaşyga we başga sebäplere baglydyr.

Düzgünler okatmagyň ýörelgelerinden gelip çykýarlar. Ýörelgeler okatmagyň düzgünleriniň üsti bilen amala aşyrylýarlar, olar ýörelgeleriň amala aşyrylyşynyň serişdeleridir. Düzgünler diňe bir ýörelgelerden gelip çykman, eýsem köp ýyllaryň dowamynda mugallymlaryň toplan tejribesiniň jemlemesidir. Okatmagyň praktiki tejribesi köp babatda ýazylan we ýazylmadyk düzgünlerde berkidilýärler. Bir tarapdan bu praktiki tejribäniň toplanmagyna, okatmagyň gowy däpleriniň tassyklanmagyna getirse, ikinji tarapdan, ol gerek bolmadyk gowy netije bermeýän üýtgetmegi örän kyn bolan tejribäni toplap otrisatel rol oýnaýar.

Umuman näçe düzgün barka ? Bu soraga K.D. Uşinskiniň sözleri bilen jogap bersek dogry bolar. “Bu düzgünleriň serhedi ýokdur, olary bir sahypada-da ýerleşdirip bolar. Olardan birnäçe tom düzse-de bolar. Bu ýagdaý bilen esasy iş düzgünleri öwrenmegi däl-de, bu düzgünleriň gelip çykyşynyň ylmy esaslaryny öwrenmegi talap edýär”. (K.D. Uşinskiý. Saýlanan pedagogik ýygyndylar. 2 tom.- tom1. M., 1953 – s.199)

Düzgünler, umuman, ýatlama - maslahat formasynda bolup, mugallymlara ýörelgeleriň talaplaryny doly ýerine ýetirmek üçin nämä etmelidigini düşündirýärler.

Nähili hereket etmeli diýen soraga, olar doly jogap bermeýärler. Bu öz gezeginde düzgünleri döredijilikli ulanmalydygyny häsiýetlendirýär.

Didaktikanyň taryhy, geçirilýän ylmy barlaglar okatmagyň umumy ýörelgelerini saýlamaga, olary ýerine ýetirip, mugallymyň okuwçylary okatmakda ýokary we berk netijeler gazanyp biljek wajyp talaplaryny düzmegi bilen häsiýetlendirilýärler.

Didaktikanyň nazary esaslarynyň emele gelmegi, kanunalaýyklyklar düşünjeleriniň didaktiki manysyny, ýörelgesini, düzgünini ýüze çykarmak garaýyşlaryň söweşleriniň netijesinde geçdi.

Ýakyn wagta çenli didaktikada kanun, kanunalaýyklyk, ýörelge we düzgün düşünjeleri biri-birinden aratapawutlandyrmady. "Görkezilen düşünjeler pedagogik edebiýatlarda dürli görnüşde düşündirilýär. Bir görseň olar birleşdirilýärler, başga bir ýagdaýda aratapwutlandyrylýarlar, käbir wagt olar hereketsiz, biri-birinden aýrabaşga görnüşde beýan edilýärler, käbir wagt olara syn etmegiň netijesi hökmünde seredýärler". (P.N. Gruzdew).

Ýöne jedelleriň netijesinde, okatmagyň ýörelgeleriniň terbiýäniň maksatlary tarapyndan kesgitlenilip taryhy häsiýetliligi, olaryň käbiriniň öz täsirini ýitirip pedagogik sahnadan gidýändigi (mysal, tebigata uýgunlylyk, aýrabaşgalyk, özbaşdaklyk) anyklanyldy. Okatmagyň ýörelgeleriniň täze şertlerde öz häsiýetini saklap galanlarynyň mazmuny täzelenýär, jemgyýetiň okatmakdan edýän täze talaplaryny şöhlelendirýän täze ýörelgeler ýüze çykýarlar.

Häzirki zaman didaktikasynda okatmagyň ýörelgeleri taryhy, anyk we jemgyýetiň wajyp talaplaryny şöhlelendirýärler diýen düzgün berkidilen. Sosial progressiň, ylmy ösüşleriň, okatmagyň täze kanunalaýyklyklarynyň ýüze çykmagy, mugallymlaryň iş tejribesiniň toplanmagy netijesinde ýörelgeler üýtgeýärler we kämilleşýärler. Häzirki zaman ýörelgeleri okuw prosesiniň ähli komponentleriniň logikasynyň, maksadynyň, wezipesiniň, mazmunynyň emele gelmeginiň, formalaryny we usullaryny, höweslendirmelerini, meýilnamalaşdyrmagy we netijeleri seljermegiň talaplaryny şertlendirýärler.

Okatmagyň ýörelgeleri didaktiki prosesiň konsepsiýasyny emele getirýärler. özi hem onuň komponenti bolup çykyş edýärler.

Bu ulgama ähli ýörelgeler islendik baglanyşykda girip bilermi ? Okatmagyň ýörelgeleriniň içki gapma-garşylyksyz ulgamy nämäniň esasynda gurlup bilner ?

Goýlan soraglara jogap bermek bu ulgamyň logiki gurluş esaslaryny ýüze çykarmakdan başlanýar. Ý.A. Komenskiý okatmagyň tebigata uýgunlylyk ýörelgesini logiki esas diýip, okatmagyň galan ýörelgelerini tebigata uýgunlylyk pikiri bilen ylalaşýan hökmünde çykyş edýärler diýip belleýär. A. Disterweg olary başgarak häsiýetlendirýär. Didaktiki ýörelgeleri anyk açyp görkezmek üçin ol olary : 1. Okatmagyň mazmunyna; 2. Okadýanlara; 3. Okaýanlara talaplar hökmünde beýan etdi.

K. D. Uşunskiý oňat okatmak üçin gerek bolan şertleri şeýleräk kesgitledi : wagtyndalylyk; özarabaglylyk; haýallyk, özleşdirmegiň berkligi, aýdyňlyk, okuwçylaryň höwesjeňligi, çendenaşa ýeňilligiň we çenden aşa kynlygyň bolmazlygy, dogrulyk. Didaktiki ýörelgelere : 1. Okatmagyň aňlylygy we aktiwligi; 2. görkezip okatmagy; 3. yzygiderligi; 4. bilimleriň we endikleriň berkligini goşdy.

Häzirki zaman ylmy gözleýjiler didaktikanyň ýörelgeleriniň ulgamyny işläp düzmek üçin köp synanyşyklar etdiler. Olary seljermek umumy kabul edilenler hökmünde şu ýörelgeleri bellemäge mümkinçilik berýär :

1. Aňlylyk we işjeňlik;
2. Görkezip okatmaklyk;
3. Ulgamlylyk we yzygiderlilik;
4. Berklik;
5. Ylmylyk;
6. Elýeterlik;
7. Nazarýetiň tejribe bilen baglylygy

Bu ýörelgeler didaktiki ýörelgeleriň ulgamyny düzýärler.

## Aňlylyk we işjeňlik ýörelgesi.

Bu ýörelgäniň esasynda ylym tarapyndan berkidilen kanuny düzgünler ýatyr. Olar : adamyň biliminiň esasy mazmunyny çuň we özbaşdak pikirlenilen, akylynyň işjeňligi netijesinde aňly özleşdirilen bilimler düzýär : okuwçylaryň bilimleri aňly özleşdirmegi birnäçe şertlere we faktorlara garaşlydyr : mugallymyň sapakda ulanan serişdelerine we usullaryna, itergilerine, okuwçylaryň bilesigelijilik aktiwligine, okuw-terbiýeçilik işiniň guralyşyna, okuwçylaryň bilesigelijiliginiň dolandyrylyşyna baglydyr : okuwçylaryň

hususy bilim alyjylyk işjeňligi okuw maglumatlarynyň özleşdirilişiniň, tempiniň, çuňlugynyň we berkliginiň wajyp faktorydyr.

Aňlylyk we işjeňlik ýörelgesiniň tejribede ulanylyşy şu aşakdaky okatmagyň düzgünlerini ýerine ýetirmeginiň ýollary bilen amala aşyrylýar.

1. Aňly okatmagyň esasy şerti – ýerine ýetiriljek işiň maksadyna we wezipesine aýdyň düşünmek; olary okuwçylara görkeziň, wajyplygyny, häsiýetini düşündiriň; ösüşini açyp görkeziň.
2. Şeýle okadyň, okuwçy okuw hereketlerini mehaniki ýerine ýetirmesin. Okuwçy näme üçin we nähili etmeliligine düşünsin.
3. Okadýarkaňyz bilesigelijilik işiniň ähli görnüşlerini we formalaryny ulanyň: analiz bilen sintezi, induksiýa bilen deduksiýany, deňeşdirme bilen gapmagarşylygy birleşdiriň : köpräk meňzeşligi ulanyň : çaganyň ýaşy kiçi bolsa, induksiýany ulanyň.
4. Okuwçylaryň her bir sözüň, sözlemiň, düşünjäniň manysyna düşünmegini gazanyň : okuwçylaryň tejribesine, bilimlerine daýanyp, olary açyp görkeziň, obraz deňeşdirmelerini ulanyň. Düşündirmesi kyn düşünjeleri ulanmaň.
5. Okuwçylaryň biri-birini okatmak mümkinçiliklerini peýdalanyň. Goýlan soraglara toparlaýyn dogry jogap tapmak üçin gerek bolan şertlerini dörediň. Mugallymyň düşündireninden dostunyň aýdany okuwçylar tarapyndan ýeňil we aňsat kabul edilýär. Şonuň üçin gowy okuwçynyň öz ýoldaşyna düşündirip biljek maglumatlary siz düşündirjek bolup alada galmaň.
6. Işjeňligi terbiýelemek üçin wagtyňyzy-da, güýjüňizi-de aýamaň. Ýadyňyzda saklaň : şu günki işjeň okuwçy – ertir jemgyýetiň, önümçiligiň işjeň agzasydyr.
7. Okuwçylara belli bolmadyk maglumatlary olara belli bolan maglumatlar bilen logiki baglaşdyryň. Eger-de öwrenilen we öwrenilýän maglumatlaryň arasynda logiki baglylyk bolmasa, ol ýerde aňly okatmak-da ýokdur.
8. Ýadyňyzda saklaň, siziň okadýan dersiňiz esasy däl, siziň kämilleşdirýän şahsyýetiňiz esasy. Şeýle terbiýelän we okadyň, siziň okuwçyňyz okadýan dersiňize goşmaça hökmünde bolman, tersine ony özleşdirýän işjeň subýekt bolsun.
9. Okuwçylary şeýle ýagdaýlara goýuň – olar görýän faktlary bilen bar bilimleriniň arasyndaky aratapawudy tapyp, düşündirip bilsin.
10. Eger-de her bir düzgün ýeterlik aýdyň bolar ýaly köp sanly mysallaryň üsti bilen düşündirilse, onda okuwyň netijesi ýokary bolar.
11. Ilki bilen esasy we esasy däl maglumatlary aýyl-saýyl etmegi, esasyny tapmagy, maglumatyň esasyna düşünmegi, özleşdirmegi öwrediň.

12. Hiç haçan abraýyňa daýanyp öwretmek gerek däl. Ähli zady duýga we aňa esaslanan subut etmeleriň höwesi bilen öwrediň.
13. Okuwçylara okamagy öwrediň. Okuw-terbiýeçilik işiniň wajyp öndürijilik usullaryny ele almaga kömek ediň.
14. Okuwçylaryň ünsüni öwrenýän obýektden sowýan içki (pikirleriň ýaýraňlygy, sapakda başga işler bilen meşgullanmak we başgalar); daşky (giç galmak, tertibi bozmak we başgalar), okuw-terbiýeçilik işine ýaman täsir edýän sebäpleri ýok ediň.
15. Mümkin boldugyndan okuwçylara pikirlenmegi öwretmek üçin "näme üçin" diýen soragy köpräk ulanmaly. Sebäp we netijelilik arabaglanyşyklara düşünmek – ösdüriji okuwyň esasy şertidir.
16. Esaslandyrylyp argumentleriň üsti bilen subut etmek okadylýan ýerde, öwredýän maglumatlara şübhe bolmadyk ýerde üstünlik gelýär.
17. Ýadyňyzda saklaň, aýdyp beren okuwçydan, bilen zadyny tejribede ulanan okuwçy ökdedir, maglumatlary dogrudan-da özleşdirendir.
18. Okuwçylaryňyzyň aýrabaşga gyzyklanmalaryny öwreniň we ulanyň, olaryň gyzyklanmasyny şahsy we jemgyýetçilik taraplary bilen baglanyşar ýaly ösdüriň we gönükdiriň.
19. Okatmakda mümkin boldugyndan tejribe ýagdaýlary ulanyň, okuwçylardan durmuşda görýän faktlary we olaryň ylmy düşündirilişini özbaşdak düşünmegi, aňlamagy talap ediň.
20. Şeýle okadyň, alnan bilimler ynamlara we hereket etmäge ýolgörkeziji bolsun.
21. Okuwçylara özbaşdak pikirlenmegi we hereket etmegi öwrediň.
22. Okwçylaryň döredijilik pikirlenmesini meseleleri hemmetaraplaýyn seljermegiň üsti bilen ösdüriň. Bilim berijilik meseleleri logiki aratapawutlanýan usullar bilen çözüň. Köpräk döredijilikli meseleleri çözmegi ulanyň.
23. Sorag bermek we jogaplary diňlemek ussatlygy – okuwçylaryň işjeňligini goldamagyň we höweslendirmegiň wajyp şertidir. Nähili sorag bolsa şeýle jogap bolar. Mugallym okuwçyny nähili diňlese, okuwçy-da mugallymy şeýle diňleýär.

## Görkezip okatmak ýörelgesi

Gadymy döwürden bäri ulanylyp gelinýän iň bir belli intuitiw düşnükli okatmagyň ýörelgeleriniň biridir. Onuň esasynda şu berk bellenen ylmy kanunalaýyklar ýatyr : adamlaryň duýgy organlarynyň daşky gyjyndyryjylary kabul edişi dürli-dürlidir, köp adamlaryň görüş organlarynyň duýgurlygy güýcli, arabaglanyşyk kanallarynyň

reseptorlardan merkezi nerw ulgamyna geçiriş ukyplary dürli-dürlüdir, optiki aragatnaşyk kanaly – $1,6x10^5$ bit/sek; akustik görüş $0,32x10^5$ bit/sek; taktil – $0,13x10^6$ bit/sek. Bu maglumatlara görä eşidiş we taktil organlaryndan görüş organlary beýnä 5 esse köp maglumat geçirýän ekenler; görüş organlarynyň üsti bilen beýnä geçýän maglumatlar adamyň ýadynda ýeňil, tiz we berk ornaşdyrylýar.

Okatmak tejribesi görkezip okatmak ýörelgesini ulanmagy beýan edýän köp düzgünleri işläp düzdi. Olaryň käbirlerini ýatlalyň.

1. Okatmakda şu faktorlary ulanyň : predmetleriň natural görnüşini (suratlarda ýa-da modellerde) ulanmak, söz, ýazuw, dil üsti bilen berlen maglumatlardan tiz, gowy we aňsat ýatlanylmagyna mümkinçilik berýär.
2. Ýadyňyzda saklaň – çaga formalar, reňkler, sesler umuman duýgular bilen pikirlenýär : şonuň üçin sözleriň üsti bilen düşündirenden çaga tarapyndan gönüden göni konkret kabul edilýän görkezme obrazlaryň üsti bilen düşündirmek wajyp.
3. Okadýanlaryň altyn düzgüni : duýgy organlarynyň üsti bilen kabul edilip bolýan ähli maglumatlary; görülýänleri – görüp kabul etmek, eşidilýänleri – eşidiş, yslary – ys alyş, tagamy – tagam biliş, eliň bilen tutup bolsa – tutuş orgalarynyň üsti bilen kabul etmeli.
4. Görkezme esbap maksat däl, onuň bilen çäklenmän, ol okuwçylaryň pikirlenmesini ösdürýän serişdedir.
5. Okadýarkaňyz, terbiýeleýärkäňiz düşünjeleriň we abstrakt düzgünleriň mazmuny çagalryň aňynda konkret faktlaryň, mysallaryň we obrazlaryň üsti bilen berkidilende aňsat ýetýändigini ýadyňyzdan çykarmaň : olary açyp görkezmek üçin dürli görkezme esbaplaryny ulanyň.
6. Görkezme esbaplary diňe **illýustrasiýa** üçin ulanman, aýratyn bilim beriji çeşme, pedagogik problem situasiýalary döretmek üçin ulanmak gerek. Häzirki zaman görkezme esbaplary okuwçylara gözleg we barlag işlerini geçirmäge mümkinçilik berýär.
7. Okadýarkaňyz we terbiýeleýärkäňiz görkezme esbaplaryň öwrenilýän predmetler we hadysalar barada doly we dogry düşünje berýändigini ýadyňyzda saklaň.
8. Okuwçylaryň syn edişi ulgamlaşdyrylmaly we özüniň tertibine seretmezden sebäplilik we netijelilik gatnaşygynda goýulmaly.
9. Görkezme esbaplary ulananyňyzda ilki bilen olary okuwçylar bilen umumylygyna gözden geçiriň, soň esasylar we esasy däller toparyna bolup gözden geçiriň, ondan soň ýene-de umumylykda gözden geçiriň.

10. Görkezme esbaplaryň dürli görnüşlerinde peýdalanyň, ýöne görkezme esbaplaryny ulananyňyzda olaryň sanyny köpeltmek bilen meşgullanmaň; bu ýagdaý okuwçylaryň ünsüni bölýär we esasy maglumaty kabul etmäge päsgel berýär.
11. Görkezme esbaplary ulanyň, okuwçylaryň duýgy tejribesini işjeňleşdiriň; öň özleşdirilen maglumatlara daýanyň olar öwrenilýän düşünjeleri anyklaşdyrýarlar we täze maglumatlary özleşdirmäge kömek edýärler.
12. Görkezme esbaplary okuwçylar bilen bilelikde taýyarlamaga çalşyň : okuwçylaryň öz eli bilen ýasalan görkezme esbaplary gowudyr.
13. Hiç haçan özüňiziň gowy bilmedik görkezme esbaplaryňyzy görkezmäň; görkezme esbaplary ulanmaga gowy taýyarlanyň.
14. Häzirki zaman görkezme esbaplaryny okuw telewideniýesini; wideoýazgylary, slaýdlary, ekran proýeksiýalaryny ylmy esasda ulanyň; tehniki serişdeleri ulanmagyň usulyny gowy özleşdiriň.
15. Görkezme esbaplary ulananyňyzda okuwçylaryň ünsüni, syn edijiligini, pikirleniş medeniýetini, döredijiligini, okuwa höwesini terbiýeläň.
16. Görkezme esbaplary durmuş bilen baglylyk serişdesi hökmünde ulanyň.
17. Kabinet sistemasynda okatmak şertlerinde görkezme esbaplary ulanmaga mümkinçilikler köp bolýar : bu öz gezeginde görkezme esbaplara bolan dogry garaýşy, olary ulanmagy meýilleşdirmegi, olaryň sanyny dogry ulanmagy talap edýär.
18. Okuwçylaryň ýaşy ulaldygyça görkezme esbaplary ulanmagy kemeltmeli, ondan soň mugallymyň esasy işi okuwçylara maglumatlary söz üsti düşündirmekdir.
19. Görkezme esbaplaryň güýçli serişdedigini ýadyňyzda saklaň. Onuň ünssüz, nädogry ulanylyşy, okuwçylary özleşdirmeli esasy maglumatlardan daşlaşdyrmaga, maksadyň reňkli serişde bilen çalşyrylmagyna alyp barar.
20. Görkezme esbaplaryň çenden aşa köp ulanylmagy bilimleri çuň özleşdirmäge, abstrakt pikirlenmäniň ösmegine, umumy we ähliumumy kanunalaýyklyklaryň mazmunyna düşünmäge päsgel berer.

## Ulgamlylyk we yzygiderlilik ýörelgesi

Bu ýörelge, kanunalaýyklyklaryň roluny oýnaýan esasy ylmy düzgünlere daýanýar. Olar : adam, diňe onuň beýnisinde düşünjeleriň arabaglanyşyk ulgamyny jemleýän daşky dünýäniň anyk suratlary şöhlelendirilende gerek bolan wajyp bilimleri ele alýar; ýörite usul boýunça gurnalan okuw ylmy bilimler ulgamynyň emele gelmeginiň uniwersal serişdesidir we baş usulydyr; ylmy bilimleriň ulgamy we onuň yzygiderliligi

okuw maglumatlarynyň içki logikasy we okuwçylaryň bilim alyp bilijilik mümkinçilikleri bilen döredilýär; okuw işiniň netijesiniň ýokarlanmagy, onuň gidişinde üznüksizligiň bozulmazlygy, dolandyrylmaýan ýagdaýlaryň bolmazlygy bilen baglydyr; eger-de biz endikleri sistematiki türgenleşdirmesek, olar ýitip başlar; eger-de biz okuwçylara logiki pikirlenmegi öwretmesek, onda olar öz pikirleniş işinde kynçylyk çekerler; eger-de okatmakda ulgamlylygy we yzygiderligi ýerine ýetirmesek, onda okuwçylaryň ösüşi haýallaşar.

Tejribe işinde, okatmakda ulgamlylyk we yzygiderlilik ýörelgesi birnäçe düzgünleri ýerine ýetirmek bilen amala aşyrylýar. Olaryň esasylary :

1. Okuwçylaryň bilimler ulgamyny özleşdirmegi üçin shemalary, meýilnamalary ulanyň. Okuw maglumatlarynyň mazmunyny logiki gutarnykly böleklere (ädimlere) bölüň, olary yzygderli durmuşa geçiriň, okuwçylary olara öwrenişdiriň.
2. Doly we hemmetaraplaýyn açyp görkezmejek, seljerilmejek bir soragy-da, bir punkty-da sapakda goýmaň.
3. Ulgamyň mazmunynynda, okatmagyň usullarynynda bozulmagyna ýol bermän, egerde ýol berseňiz, onda goýberilen ýalňyşy düzediň.
4. Okuw dersi – ylmyň kiçeldilen kopiýasydyr. Okuwçylara onuň ulgamyny görkeziň, öz dersiňiziň  ylmyň bir bölegidigini düşündiriň. Dersara baglanyşygy hemişe ulanyň.
5. Nazary bilimleriň emele gelşini barlanan shemadan peýdalanyp: a) obýekt we predmeti belläň (tebigat we ylmy nazaryýet); b) nazarýetiň esasyny beýan ediň; ç) nazarýetiň gurluşyny açyp görkeziň; d) nazarýetiň netijesini düşündiriň; d) onuň ulanylyş serhedini görkeziň.
6. Dersiň bölümi gutarandan soň, jemleýji we ulgamlaşdyryjy sapaklary geçiň.
7. Okuwçylaryň ýazuw işinde, dil üsti jogaplarynda goýberen ýalňyşlyklaryny hemişe düzediň, olara öz ýalňyşlyklaryny seljermegi öwrediň.
8. Okuwçylardan dersiň her bölümini we maksatnama boýunça berlen bilimler, başarnyklar, endikler ulgamyny doly özleşdirmegini talap ediň.
9. Gowy özleşdirilen bilimleriň – ýatdan çykarmaklygyň öňüni alýan esasy, wajyp serişdeligini ýatda saklaň.
10. Ý.A. Komenskiniň ähli maglumatlar üznüksiz yzygiderlikde alnyp barylmaly, şu günki maglumatlar  düýnki maglumatlary berkitmeli we ertirki maglumatlara ýol açmaly diýen maslahatyny  unutmaň.

11. Syn ediji boluň, öz okuwçylaryňyza-da hadysalardaky, predmetlerdäki, adamlaryň aragatnaşygyndaky esasy ýerlerini hemişe we maksadaugrukdyrylan syn etmegi öwrediň.

## Berklik ýörelgesi

Bu ýörelge bilimleri berk özleşdirmek boýunça alymlaryň nazary gözleglerini we köp mugallymlaryň tejribesini jemleýär. Onda empiriki (tejribe) we nazary kanunalaýyklyklar berkidilen : bilimiň mazmunyny özleşdirmek we okuwçylaryň bilesigelijilik güýjüni ösdürmek, okatmak prosesiniň berk arabaglanyşykly iki tarapydyr; okuw maglumatlarynyň özleşdirilmeginiň berkligi diňe bir obýektiw faktorlara bagly däl; ol maglumatlaryň mazmunyna we gurluşyna, okuwçynyň bu maglumatlara subýektiw garaýşyna, okadylyşyna, mugallyma baglydyr; okuwçylaryň alan bilimleriniň berkligi okuwyň guralyşyna, usullaryň dürli görnüşleriniň ulanylyşyna, okatmagyň wagtyna baglydyr; okuwçylaryň ýady saýlama häsiýetlidir; öwrenilýän maglumatlar näçe wajyp we gyzykly bolsa ol şonçada berk özleşdirilýär, okuwçynyň ýadynda köp wagtlap durýar.

Bilimleri berk özleşdirmek prosesi örän çylşyrymlydyr. Soňky wagtky ylmy-barlaglar täze maglumatlary berdi. Käbir barlaglaryň netijesine görä aňlanman ýatlanan maglumatlar, aňlanyp ýatlanandan önümliräk. Adaty düşündirilişine görä okatmak aňly ýatlamaga esaslanmaly, olara daýanyp okatmak düzgünleri düzülmeli, bu ýagdaý okatmak prosesine käbir üýtgeşikler girizýär. Okuw maglumatlaryny berk özleşdirmäge alyp barýan okuw işiniň häzirki zaman ýollary, adaty düzgünlere birnäçe täze okatmagyň düzgünleri goşmaga mümkinçilik berýär.

1. Häzirki zaman okuwynda pikirlenme ýat tutmakdan ýokarda durýar. Okuwçylaryň güýjüni tygşytlamaly, ony gerek bolmadyk bilimleri ýatlamaga sarp etmeli däl.
2. Okuw maglumatynyň berliş logikasyny yzarlaň. Biri-biri bilen logiki baglanyşykly bilimler we ynançlar berk özleşdirilýärler.
3. Maglumatlary berk özleşdirmek üçin maglumatlary aýdyň, emosional düşündiriň, görkezme esbaplary, tehniki serişdeleri, didaktiki oýunlary, okuw diskussiýalaryny, meseleleýin-gözleýiş okuwy ulanyň.
4. Täze öwrenýän maglumatlary öň geçilenler bilen baglaşdyryň, köne maglumatlary täze maglumatlarda gaýtalaň.
5. Gönükmeler ýerine ýetirilende okuwçylaryň güýçýeterligine üns beriň.
6. Okuwçylaryň ýadyny ösdüriň : olara maglumatlary ýatlamagy ýeňilleşdirýän dürli tärleri öwrediň.

## Elýeterlik ýörelgesi

Elýeterlik ýörelgesi bir tarapdan köp asyrlar dowamynda toplanan okatmak tejribesinden; başga bir tarapdan okuwçylaryň ýaş aýratynlyklar kanunalaýyklyklaryndan, okuwçylaryň ösüş derejesine laýyk guralan we amala aşyrylýan didaktiki prosesden gelip çykýar.

Elýeterlik ýörelgesiniň esasynda **tezaurus** kanuny ýatyr : adam üçin elýeter zat diňe onuň **tezaurusyna** laýyk zatlardyr. **Tezaurus** latyn sözi bolup, “baýlyk” diýen manyny berýär. Göçme manyda adamyň toplan bilimleri, başarnyklary, pikirleniş usuly diýen düşünje berýär.

Elýeterlik ýörelgesiniň esasynda ýatýan başga-da kanunalaýyklyklara üns bereliň : okatmagyň elýeterligi okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary bilen kesgitlenýär we olaryň aýrabaşga häsiýetlerine garaşlydyr; okatmagyň elýeteligi okuw prosesiniň guralyşyna, mugallymyň ulanýan usullaryna garaşly bolup okuw prosesiniň geçiş şertleri bilen baglydyr; okatmagyň elýeterligi onuň gelip çykyşy bilen baglydyr; okuwçylaryň akyl ösüş düşünjeleri näçe ýokary bolsa olaryň şonça täze maglumatlary özleşdirmegi ýokary bolar; maglumatlaryň kynlygy we olary ýeňip geçmegi öwretmek okuwçylaryň ösüşine we olaryň moral biliminiň berkemegine kömek eder; maglumatlaryň gerek derejesindäki kynlygy okatmagyň tempine we okatmagyň effektiwligine, biliminiň hiline položitel täsir edýär.

Ý.A. Komenskiý tarapyndan elýeterlik ýörelgesini durmuşa ornaşdyrmak üçin öňe sürülen düzgünler : aňsatdan kyn maglumatlara, belliden näbellä, sadadan çylşyrymla. Häzirki zaman okatmak nazaryýeti we tejribesi okatmagyň elýeterlik ýörelgesiniň düzgünlerini giňeldýärler.

1. Ý. A. Komenskiniň ähli öwrenilmeli zatlar ýaş aýratynlyklar döwürleri boýunça paýlanmaly we diňe öz güýjüne, ýaşyna laýyk kabul edilmeli maglumatlar öwrenilmeli diýen pikirini ýatdan çykarmaň.
2. Çaganyň akly öwrenilmeli maglumatlary özleşdirmäge taýyarlanan bolmaly.
3. Okadanyňyzda okuwçylaryň taýyarlyk derejesinden, ösüşinden ugur alyň. Olaryň mümkinçiliklerine daýanyň.
4. Täze, kyn, çylşyrymly maglumatlary öwrenende güýçli okuwçylary işe çekiň, berkidende – orta we pes bilim derejelileri işe çekiň.
5. Pedagogikanyň we psihologiýanyň täzeliklerini ulanyň : anyk bilimleri, başarnyklary kiçi ädimler bilen düşündiriň, jemlände – uly ädimleri ulanyň.

6. Okatmagyň birinji etapynda maglumatlaryň diňe esasy bölegini öwreniň, okuwçylaryň maglumatlaryň esasy ýerini gowy özleşdirmegini gazanyň, berkiden wagtyňyzda täze mysallary, faktlary ulanyň.

## Ylmylyk ýörelgesi

Ylmylyk ýörelgesi okuwçylar okadylanda olara berilýän bilimleriň ylmy taýdan berkidilen maglumatlar bolmagyny we olar öwredilende ulanylýan usullar öz häsiýeti boýunça öwrenilýän ylmyň usullaryna ýakyn bolmagyny talap edýär. Ylmylyk ýörelgesiniň esasynda  şu kanunalaýyklyklar ýatyr : dünýäni öwrenip bolar, tejribede barlanan adamlaryň bilimleri dünýäniň obýektiw dogry suratlandyrylyşyny berýärler; adamyň durmuşynda ylym esasy rol oýnaýar, şonuň üçin mekdep bilimi okuwçylaryň ylmy bilimleri özleşdirmegine, ösüp gelýän ýaş nesli obýektiw ylmy maglumatlar bilen ýaraglandyrylmaga gönükdirilendir; okatmagyň ylmylyk ýörelgesi mekdep biliminiň mazmunynda amala aşyrylýar; okatmagyň ylmylygy mugallymyň kabul edilen mazmuny durmuşa geçirişine garaşly; okatmagyň ylmylygy, alnan bilimleriň peýdalylygyna okuw meýilnamalarynyň we maksatnamalarynyň sosial we ylmy-tehniki progresiň ösüşine, alnan bilimleriň tejribede berkidilenligine, dersara baglanyşyga garaşlydyr.

Progressiw didaktiki ulgam tejribesi bu ýörelgäni durmuşa geçirmegiň düzgünlerini işläp düzdi :

1. Ylmylyk ýörelgesini ornaşdyranda pedagogikanyň, psihologiýanyň, usulyýetiň, öňde baryjy tejribäniň esasynda okadyň.
2. Okuw dersiniň logikasyny açyň, ol öz gezeginde okuwçylara ylmy maglumatlary özleşdirmäge kömek eder.
3. Okuwçylarda okadylýan derslere, hadysalara didaktiki garaýyş terbiýeläň, olarda ylmy-didaktiki pikirlenmäniň elementlerini kämilleşdiriň.
4. Mümkin boldugyndan täze ylmy adalgalary ulanyň, könelerinden daşlaşyň, öz dersiňiz boýunça iň täze maglumatlardan habarly boluň.
5. Okuwçylara ylmy bilimleriň usullarynyň çylşyrymlylygyny düşündiriň, netijäniň usullara garaşlylygyny görkeziň.
6. Mümkin bolsa okuwçylary belli alymlaryň biografiýalary bilen, olaryň eden açyşlary bilen tanyşdyryň.

## Nazarýetiň tejribe bilen baglylyk ýörelgesi

Seljerilýän ýörelge kanunalaýyklyk roluny oýnaýan köp filosofiki, pedagogiki we psihologiki düzgünnamalara daýanýar : bilimiň effektiwligi we hili tejribede barlanýar, tassyklanýar we gönükdirilýär; tejribe – dogrylygyň kriteriýasy, bilesigelijilik işiniň çeşmesi we bilimleriň netijesiniň ornaşdyrylýan ýeri; okuwçylaryň alýan bilimleri näçe durmuşa ýakyn bolsa, tejribede ulansa şonça okuwa höwes ýokary bolar.

Bu ýörelgäniň tejribe ornaşdyrylmagy özünde nazary netijeleri we gowy mekdep kollektiwleriniň tejribesini jemlän döredijilikli ýerine ýetirilýän düzgünler hatary bilen baglydyr.

1. Okadýarkaňyz, durmuşdan bilimlere ýöräň ýa-da bilimlerden durmuşa : “bilim-durmuş” arabaglanyşygy hökmandyr.
2. Okuwçylara önümçiligiň täze tehnologiýalary barada zähmetiň progressiw usullary barada, täze önümçilik gatnaşyklary barada gürrüň beriň.
3. Bir sapakda okuwçynyň alan biliminiň durmuşdaky ornyny düşündirmän geçmeli däldir.
4. Meseleleýin-gözleg we barlag iş ýumuşlary nazaryýeti tejribe bilen baglaýan gowy serişdedir.
5. Okuwçylarda öz netijelerini ýokarlandyrmaga bolan höwesi terbiýeläň. Olarda ýaryşa bolan dogry garaýşy ösdüriň.
6. Özüňi kämilleşdirmegiň ýoly – özüňi tankyt etmek, özüňe dogry baha bermek, öz hereketleriňi tankydy seljermekdir. Egerde mugallym “Şu gün topar ýaramaz işledi” diýse, onda ol “menem ýaramaz işledim” diýmeli.

## Mugallymyň we okuwçylaryň okatmakda ýerine ýetirýän işleri

Okuwçylaryň mekdepde okadylyşy mugallymlaryň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýar. Mugallymyň işiniň esasy wezipesi okuwçylaryň işjeň we aňly akyl ýetiriş işini dolandyrmakdyr. Mugallym okuwçylaryň öňünde yzygiderli çylşyrymlaşdyrlan meseleleri goýýar we olaryň pikirlerini akyl ýetirmäge gönükdirýär. Okuwyň üstünlikli geçmegi üçin gerek bolan şertleri-de mugallym döredýär : Ol : goýlan maksatlara laýyklykda mazmun saýlaýar; okuwy guramagyň dürli formalaryny pikirlenýär we ulanýar; mazmuny okuwçylara ýetirmek üçin dürli usullary ulanýar. Pedagogik işiň we

pedagogik prosesiň berlen gurluşyna laýyklykda okuw prosesini dolandyrmak birnäçe etapdan geçýär : meýilnamalaşdyrmak, guramak, regulirlemek (stimulirlemek, höweslendirmek) gözegçilik etmek, netijeleri bahalandyrmak we seljermek.

Mugallymyň işini meýilnamalaşdyrmak etapy, nähili meseleleri çözmek göz öňünde tutulanlygyna garaşlylykda kalendar – tematiki ýa-da sapak planlarynyň (meýilnamasynyň) düzülmegi bilen tamamlanýar. Sapakda bolsa strategiki, taktiki we operatiw meseleler çözülýärler. Plan düzmekden öň mugallym köp işleri ýerine ýetirýär. Olar, okuwçylaryň bilim derejesini, taýýarlyk derejesini, okamak mümkinçiliklerini, material bazanyň we metodiki üpjünçiligiň ýagdaýyny, özüniň şahsy hünär mümkinçiliklerini seljermek; synpyň bütewi bir kollektiw hökmünde emele gelmegini we sapagyň didaktiki maksatlaryndan ugur alyp olaryň anyk bilim berijilik, terbiýeleýjilik we ösüdirijilik meselelerini kesgitlemek; sapagy geçmegiň formalaryny we usullaryny, olarda geçirilmeli konkret işleriň görnüşlerini pikirlenmeli.

Okuwçylaryň işini guramak olaryň öňünde okuw meselelerini goýup, onuň ýerine ýetirilişi üçin gowy ýagdaýlaryň döredilmegi öz içine alýar. Şonda instruktaž, funksiýalary paýlamak, algoritmleri öňe sürmek ýaly tärler ulanylýarlar. Häzirki zaman didaktikasy akyl ýetiriş meseleleriniň aşakdaky düzgünlerini hödürleýär. (M.A. Danilow) :

- bilimleriň ulgamyny we ylmyň logikasyny saklamak üçin akyl ýetiriş meselesi predmetiň mazmunyndan gelip çykmalydyr;
- meseleleriň ýerine ýetirilişi üçin, real şertler döretmek üçin okuwçylaryň ösüş derejesini we olaryň taýyarlygyny göz öňünde tutulmalydyr;
- mesele özünde okuwçynyň aklyny, göz öňüne getirişini, döreijilik prosesleri saklamalydyr;
- okuwçylaryň öňünde goýlan işi ýerine ýetirmegi üçin olarda položitel motiw (itergi) döretmeli;
- okuwçylara meseleleri çözmegi öwretmek üçin başda mugallym bilen, ondan soň kollektiwleýin işde gerek bolan usullardan peýdalanyp, ýuwaş-ýuwaşdan olary özbaşdak aýrabaşga hereketleri ýerine ýetirmäge geçirip öwretmeli.

Okatmak, okuw işine üznüksiz akymlaýyn gözegçilik etmegi, ony regulirlemegi we koorrigirlemegi talap edýär. Sada syn etmek formasynda amala aşyrylyp akymlaýyn gözegçiligiň netijesi soramagyň dil we ýazuw üsti, öý we synp işleriniň başga tärler we usullar bilen, şol sapagyň özünde we geljekde mugallym tarapyndan hasaba alynýar. Olar

okuw işiniň gidişiniň tempini peseltmek ýa-da tizleşdirmek, hödürlenýän işleriň göwrümini kemeltmek ýa-da tizleşdirmek, maglumatlaryň beýan ediliş tertibine üýtgeşikler girizmek, ugrukdyryjy soraglary we goşmaça düşündirişler bermek, kynçylyklaryň öňüni almak bolup bilerler. Mugallymyň işiniň bu etapynda esasy orun okuwçylaryň işjeňligini we özbaşdaklygyny höweslendirmek bolup durýar.

Okatmak prosesini (işini) regulirlemek we koorrigirlemek diňe bir höweslendirmek, göwün götermek, öz güýjüne, okuw mümkinçiliklerine, geljekde boljak üstünliklere ymtylmak, temmi bermek ulgamy bilen amala aşyrylmak bilen çäklenmän başlangyç we orta synplarda esasy täsirli bolan baha ulgamyny ulanmak bilen hem amala aşyrylýar.

Okuw çekelşikleriniň-de, konferensiýalarynyň-da, referatlary ara alyp maslahatlaşmagyň-da, jübüt-topar okadylyş ýollarynyň-da, özara barlag ýaly pedagogik işiň usullarynyň-da we formalarynyň-da uly höweslendiriji mümkinçilikleri bardyr.

Pedagogik meseläniň çözgütleriniň netijelerini seljermek pedagogik prosesiň jemleýji etapydyr. Ol bilim berijilik, terbiýeleýjilik, ösdürijilik maksatlara ýetmegiň ýollary we şertleri bilen amala aşyrylýar. Bu ýagdaýda optimallyk ýörelgesini hasaba almaly, gerek bolan maglumat diňe okuwçylaryň we mugallymyň işini köpeltmegiň netijesinde alynýandyr. Netijäni seljermek okatmakda ýüze çykan kemçilikleri, gazanylan üstünlikleri belläp, okatmak işinde pedagogik özara täsiriň ýollaryny bellemäge mümkinçilik berýär.

Mugallym öz işini ýerine ýetirende :

- habar beriji hökmünde çykyş edip bilýär;
- eger-de çaganyň içki dünýäsine aralaşjak bolsa, dost hökmünde çykyş edip biler;
- eger-de çagalaryň aňyna maglumatlary zor bilen siňdirjek bolsa, onda ol diktator hökmünde çykyş edip biler ;
- eger-de çagalara öwüt-ündew berjek bolsa, onda öwüt öwrediji hökmünde çykyş edýär;
- okuwçylary ýalbaryp terbiýeleýän, bilim berýän bolsa, onda haýyş ediji hökmünde çykyş edýär;
- eger-de okuwçylaryň öňünde gyzykly maksatlary goýup, olaryň geljegi barada maglumat berip okatsa, terbiýelese, onda ol mugallym göwün göteriji hökmünde çykyş edýär.

Bu ýagdaýlaryň her haýsy mugallymyň şahsyýetiniň hiline görä položitel we otrisatel netije berip biler. Diňe adalatsyzlyk, okuwçyny satyn almak, çaganyň şahsyýetini sylamazlyk, onuň başlangyçlaryny sylamazlyk, çagany diktatora öwürmek ýaly häsiýetler hemişe otrisatel netije berýärler.

Mugallymdan edilýän şertlendirilen hünär talaplary, onuň pedagogik işe hünär taýyarlygyny kesgitleýärler. Onuň  düzüminden hünäriň esasy hökmünde bir tarapdan – psihologik, psihofiziologik we beden taýarlygyny, ikinji tarapdan – ylmy-nazary we tejribe taýýarlygyny saýlap bolar.

Mugallym bu diňe bir hünär däl, ol bilimleri çagalara ýetirýän adamda adamy tassyklaýan şahsyýeti döredýän ýokary borçdyr. Şonuň üçin pedagogik bilimiň maksady üznüksiz umumy we hünär tarapdan ösýän täze tipli mugallymy taýýarlamakdyr.

Ol mugallymyň şu aşakdaky häsiýetleri bolmalydyr :

- sosial işjenlik we ýokary raýatlyk jogapkärçilik;
- çagany söýmek, olara öz ýüregini berip bilmek;
- beýlekiler bilen işlemäge isleg, başarnyk, ruhy medeniýet, intelligentlik;
- ýokary hünär bilimi, täze ylmy-pedagogik pikirlenmäniň stili, täze gymmatlyklary döretmäge we döredijilikli çözgütleri kabul etmäge taýyarlyk;
- öz-özüňi okatmaga isleg we oňa hemişe taýyar bolmak;
- beden we psihiki saglyk, hünär işjeňlik.

Häzirki zaman mugallymy öz okadýan dersiniň ylmynyň dürli pudaklaryndan başy çykmalydyr, onuň mümkinçiliklerini bilmelidir. Ondan başga-da öz okadýan dersi barada täze ylmy-barlaglardan, açyşlar we çaklamalardan habarly bolmalydyr.

Mugallymyň şahsyýetiň akyl ýetiriş işiniň umumy häsiýetnamasy onuň ylmy-pedagogik pikirlenişiniň medeniýetidir.

**Okuwçylaryň okatmakda ýerine ýetirýän işleri**

Spesifiki iş hökmünde okamagyň gurluşynyň, ösüşiniň we ýerine ýetirýän işiniň kanunalaýyklyklary bardyr. Onuň amala aşyrylyş mümkinçilikleri adamyň öz hereketlerini goýlan maksada laýyklykda regulirläp bilmegi bilen şertlendirilendir.

Okamagyň maksady akyl ýetirmek daşky dünýä boýunça maglumatlary toplamak we gaýtadan işlemekdir. Onuň netijesi ulgamlar gatnaşygynda we umumy ösüşde, bilimlerde, başanyklarda we endiklerde ýüze çykýar.

Okatmagyň esasy düzümi motiwlerdir (itergilerdir). Olar şol ýa-da başga bir okuw işini, ýa-da bütewi okuw işini ýerine ýetirende okuwçylary bu işi ýerine ýetirmäge itergi berýän, olary ugrukdyrýan täsirlerdir. Okuwçyny okamaga bir itergi däl, dürli häsiýetli birnäçe itergiler ugrukdyrýar. Olar biri-biri bilen üzňe bolman, özarabaglanyşykda täsir edýärler.

Okuwçylaryň okuw işiniň köpdürli itergilerini 3 (üç) sany özara baglanyşykly toparlar hökmünde görkezmek bolar.

1. Hökmany-oýaryjy motiwler (itergiler);
2. Perspektiw-oýaryjy motiwler;
3. Intellektual-oýaryjy motiwler; (Motiwler-itergiler barada biz 14-nji mowzugymyzda aýratyn durup geçipdik, şonuň üçin olar barada giňişleýin maglumatlara seret).

Häzirki zaman pedagogik psihologiýasynyň berýän maglumatlaryna görä her bir ýaş aýratynlyklar döwri üçin aýratyn işiň görnüşi bardyr : mekdebe çenli döwür üçin – oýun; kiçi ýaşly okuwçylar üçin – okuw, orta mekdep ýaşly okuwçylar üçin – jemgyýete peýdaly zähmet (okuw, zähmet, sport, çeperçilik). Ýokary synp okuwçylaryna hünärä ugrukdyrylan, özbaşdak pikirler bilen, bahalandyrmalar bilen geçýän okuwyň aýratyn görnüşi hödürlenýär.

Käbir psihologlar söhbetdeşligi-de işiň bir görnüşi hasap edýärler. Şonuň üçin okatmak prosesini beýan edende diňe bir ýerine ýetirilýän işler aspektini saýlaman, eýsem söhbetdeşlik aspektini-de goşmaly.

Akyl ýetiriş we zähmet işlerinde bilimleri ele almak işjeň amala aşyrylýar. Söhbetdeşlik bolsa bilimleri özleşdirmek we işjeňleşdirmek üçin şert döredýär. Akyl ýetirişi, söhbetdeşligi we zähmeti dogry guramak okuw prosesinde goýlan şahsyýeti hemme taraplaýyn ösdürmekde maksadyna üstünlikli ýetmegiň wajyp şertidir.

Okuw-akyl ýetiriş işi okadylýanlaryň okuw maglumatlaryny kabul edişiniň içki psihologiki prosesi bilen baglydyr. Iş bu ýol bilen amala aşyrylanda okuwçylarda bilimler emele gelmän, käbir işleri ýerine ýetirmek endikleri emele gelýär, bilim bolsa onuň kesgitlenen elementi hökmünde çykyş edýär.

Okuwçylaryň okuw işini iki topara bolup bolar. Olaryň biri sapak wagtynda dowam edýär, onda esasy dolandyryjy hökmünde mugallym çykyş edýär. Ikinji topary – okuwçylaryň sapakda ýa-da öý işlerini ýerine ýetirende özbaşdak işleridir.

Okuw işi mugallymyň ýolbaşçylygynda ýerine ýetirilende okuwçylaryň şu aşakdaky okuw hereketlerini belläp bolar :

- mugallym tarapyndan hödürlenen okuw ýumuşlary we hereket meýilnamasyny kabul etmek;
- goýlan ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin, çözmek üçin edilmeli okuw hereketleri we operasiýalary;
- mugallym tarapyndan alnyp barylýan okuw işiniň netijelerini seljermek.

Mugallymsyz, özbaşdak okuw işleri ýerine ýetirilende şu aşakdaky hereketleri saýlap bolar :

- öz okuw işiniň wezipelerini meýilnamalaşdyrmak we anyklamak;
- okuw işiniň formalaryny, usullaryny we serişdelerini meýilnamalaşdyrmak;
- okuw işiňi özbaşdak guramak;
- okuw işiňi ýerine ýetirende öz-özüňe gözegçilik;
- okuwy özbaşdak dolandyrmak;
- okuw işiniň netijelerini özüň seljermek.

Mugallym tarapyndan ýolbaşçylyk edilen ýagdaýynda okuw işi mugallymyň hereketleriniň gurluşy bilen deň gelýärler. Eger-de mugallym ýumuşlary, okuwçylaryň ýerine ýetirmeli işlerini, höweslendirmeleri meýilnamalaşdyrsa, onda okuwçy bu ýumuşlary kabul eder, ýerine ýetirer. Eger-de mugallym okuwçylaryň edýän işine gözegçilik etse we öz bilim beriş hereketlerini regulirlese, onda okuwçylarda mugallymyň täsiri astynda öz hereketlerini düzederler (regulirlärler). Mugallymyň ýolbaşçylygynda ýerine ýetirilen işler bilen özbaşdak, öýde ýerine ýetirilen işleriň amala aşyrylyşynyň berk arabaglanyşygyny gazanmaly.

## Okatmagyň usullary

Nähili okatmaly diýen adaty soraga jogap gözlemek bizi okatmak usullarynyň kategoriýasyna alyp barýar. Usulsyz öňde goýlan maksada ýetip bolmaýar, öňde goýlan mazmuny durmuşa geçirip bolmaýar, okatmagy bilim almak iş bilen dolduryp bolmaýar. **Usul** – okuw işiniň merkezi, öňde goýlan maksat bilen soňky netijäni birleşdirýän zynjyr "Maksat - mazmun – usul- forma – okamagyň serişdeleri" ulgamynda kesgitleýji orny **usul** eýeleýär.

Okatmagyň usulyny kesgitlemek köp babatda biziň eýýam seljeren ylmy barlag usullarymyzy gaýtalaýar. Usul (metod – grek sözi metodos – ýol, bizr zada ýetmäge ýol) diýen manyny berýär. **Okatmagyň usullary** – okatmagyň öňünde goýlan maksada ýetmäge gönükdirilen mugallymlar bilen okuwçylaryň tertipleşdirilen işidir. Okatmagyň usullary (didaktiki usullar) diýip köplenç maksada ýetmegiň, bilim bermek wezipelerini çözmek ýollarynyň, tärleriniň umumylygyna aýdylýar. Pedagogik edebiýatda usul düşünjesini käbir wagtlar mugallymyň işine ýa-da okuwçylaryň işine degişli edýärler. Birinji ýagdaýda **okadylyş usullary** barada gürrüň etmeli. Ilkinji ýagdaýda **okamagyň usullary** barada gürrüň etmeli. Eger gürrüň mugallym bilen okuwçynyň bilelikdäki işi barada gitse bu ýerde eýýam okatmagyň usullary ýüze çykýarlar.

Okatmagyň usullarynyň gurluşyndan **tärler** aýrylyp görkezilýärler. Eger-de usul göwrümi boýunça uly bolmasa gurluşy boýunça-da sada bolsa, onda **tär** – bu usulyň ýerine ýetirilişiniň aýratyn ädimidir, elementidir, onuň düzüminiň bölegidir, bir gezek ýerine ýetirilýän hereketidir.

Okatmagyň usuly – çylşyrymly, köp ölçegli, köphilli häsiýetlidir. Eger-de bize usulyň giňişleýin modelini gurmak başartsady, onda biziň öňümizde uly, özüniň reňklerini üýtgedýän, köp taraply kristal emele gelerdi. Okatmagyň usullarynda okatmagyň obýektiw kanunalaýyklyklary, maksatlary, mazmuny, ýörelgeleri, okatmagyň formalary öz şöhlelenmelerini tapýarlar. Usullaryň didaktikanyň beýleki düşünjeleri (kategoriýalary) bilen aragatnaşygynyň dialektikasy biri-birine ters gaýtalanmadyr. Özleri okatmagyň maksatlaryndan, mazmunyndan, formalaryndan döräp, usullar şol bir wagtyň özünde bu düşünjeleriň (kategoriýalaryň) emele gelşine we ösüşine gaýtarma, örän uly täsir edýärler. Maksatlary-da, mazmuny-da işiň formalary-da, olaryň tejribede durmuşa geçiriliş mümkinçiliklerini hasaba alman ulanyp bolmaz. Olara edil şeýle mümkinçilikleri usullar berýär. Didaktiki ulgamyň ösüşiniň tizligi (depgini), okatmagyň tiz we peýdaly amala aşyrylyşy, ulanylýan usullaryň olara hereket etmäge berýän mümkinçiliklerine bagly.

Okatmagyň usullarynyň gurluşyndan olaryň obýektiw we subýektiw bölümlerini ýüze çykaryp bolar. Usullaryň **obýektiw bölümi** hökmany islendik usulda bölüp dürli

pedagoglar tarapyndan ulanylyşyna garamazdan hemişelik aýrylmaz düzgünler bilen şertlendirilendir. Onda hemme umumy bolan didaktiki düzgünler, kanunlaryň we kanunalaýyklyklaryň, ýörelgeleriň we düzgünleriň, talaplary, maksatlaryň, mazmunyň, okuw işiniň formalarynyň hemişelik düzümleri şöhlelenýärler. **Usullaryň subýektiw bölümi** – mugallymyň şahsyýeti, okuwçylaryň aýratynlyklary we anyk ýagdaýlar bilen şertlendirilendir. Şu güne çenli usulda obýektiw we subýektiw bölümleriň biri-biri bilen aragatnaşygy örän çylşyrymly we doly çözülmedik meseledir. Bu aragatnaşyk barada dürli pikirler bar. Bir topar alymlar usul arassa obýektiw emele gelen diýip düşündirse, beýleki bir topar alymlar bu pikiri inkär edip usul subýektiw, pedagogyň gaýtalanmaýan eseri diýip düşündirýärler.

Usulda hemişelik, hemmeler üçin umumy obýektiw bölümiň bolmagy didaktlara usullaryň nazaryetini işlemäge, tejribä köp babatda örän peýdaly ýollary hödürlemäge, usullary logiki saýlamaga, optimizasiýalaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Usullaryň emele gelmeginde mugallymlaryň şahsy döredijiliginiň aýrybaşga ussatlygynyň hem ýüze çykýandygy dogry. Şonuň üçin hem usullar hemişe ýokary pedagogik sungatyň sferasy bolupdy we şunlugynagalar.

Ilkinji ýazylan didaktiki işlerde usula şeýle kesgitleme berlen : usul bu mugallymyň okuwçylaryň pikirini gerek bolan tarapa gönükdirýän we işi bellenen meýilnama boýunça guraýanyň sungatydyr. Ýöne usulda diňe sungat esasy diýip hasap etsek, onda tejribede bolýan ýagdaýy inkär etdigimiz bolar. Diňe ussat mugallymlar däl, ussat bolmadyk logikler hem gowy okadýarlar. Onuň üçin usulyň kesgitlemesini şeýleräk alsak bolar. *Usul bu öňde goýlan maksada ýetmek üçin algoritimleýin logiki hereketler ulgamydyr*. Usulda – sowuk logika köpmi ýa-da ýyly mugallymyň ýüregi köpmi ?

Bu bir ýöne sorag bolman, onuň dogry çözülmegine usullaryň nazary we tejribe esaslandyrylyşy garaşlydyr. Ýene-de bir gezek göz öňüne getirilen kristaly synlap, ondaky ýazgylary okalyň : mugallym tarapyndan meýilnamalaşdyrylan okuw-terbiýeçilik işleri; pedagog tarapyndan bu maksatlara ýetmek üçin saýlanan ýollar; goýlan wezipelere laýyk aragatnaşygyň usullary; anyk okuw maglumatlary bolan okatmagyň mazmuny; okuw-terbiýeçilik işiniň logikasy (kanunlary, kanunalaýyklyklary, ýörelgeleri); maglumatlar çeşmesi; okuw-terbiýeçilik işine işeňňir gatnaşyjylar; mugallymyň ussatlygy; okatmagyň tärleri we serişdeleri. (surata seret). Ýene-de, usul pedagogik işiň esasy guralydyr. Diňe şonuň kömegi bilen mugallymlar bilen okuwçylaryň aragatnaşygy amala aşyrylýar we okatmagyň önümi öndürilýär.




Şonuň üçin usula belli bir doly kesgitleme bermek kyn.

**Okatmagyň usullarynyň klassifikasiýasy (toparlara bölünişi).**

Emele gelişi köp ölçegli bolany üçin okatmagyň usulynyň köp taraplary bardyr. Olaryň her haýsysyndan usullary ulgamlara toplap bolar. Belli bir ýa-da umumy häsiýetlerine görä birleşmegi netijesinde usullaryň köp toparlara bölünişi ýüze çykýarlar. Toparlaryň haýsy maksadalaýyk diýen sorag ýüze çykýar. Emeli, pikirlenilmän gurlan usullar topary diňe mugallymlar üçin kynçylyklar döredýär, usullaryň nazaryetini bozýarlar. Diňe okatmagyň tejribesi bilen ylalaşýan we onuň peýdalylygyna esas bolup hyzmat edýän toparlara gowy usullar topary diýip bolar.

*Okatmagyň usullarynyň klassifikasiýasy – olaryň belli bir kesgitlenen häsiýetleri boýunça tertipleşdirilen ulgamydyr.* Şu wagtlar okatmagyň usullarynyň klassifikasiýasynyň onlarçasy bellidir. Ýöne häzirki zaman didaktikasy belli bir, ýeke-täk usullar nomenklaturasyny gurmaga ymtylmagyň gerek dälligine doly düşünýär. Okatmak örän hereketjeň, dialektiki ösýän prosesdir. Okatmagyň usullarynyň ulgamy ösýän bolup, hereketjeňligi şöhlelendirip, tejribede usullaryň ulanylyşynda geçýän üýtgeşikleri hasaba almalydyr.

Okatmagyň usullarynyň esaslandyrylan klassifikasiýasynyň aýratynlyklaryny we esaslaryny gözden geçireliň.

1. Okatmagyň usullarynyň **adaty** klassifikasiýasy. Bu klassifikasiýasy häzirki şertlerde ulanmaga dogrulanyp, özüniň başlangyjyny gadymy filosofiki we pedagogiki ulgamlardan alýar. Onda saýlanyp alnan usullaryň umumy häsiýeti hökmünde bilim çeşmesi alynýar. Bu çeşmeler öňdenem belli, olaryň 3 (üç) sany : **tejribe, görkezme esbap, söz** diýen topary bar. Medeniýetiň ösmegi netijesinde olara ýene-de bir çeşme goşuldy, olam – kitapdyr. Soňky on ýylyň dowamynda kagyzsyz habar beriş çeşmesi ýüze çykdy, olam **täze kompýuter ulgamlary bilen bilelikde ulanylýan wideo tehnologiýadyr**. Berlen klassifikasiýada 5 (bäş) usul saýlanýar : **tejribe esbap, söz üsti, kitap bilen işlemek, wideo usul**. Bu umumy usullaryň her haýsysynyň özüniň modifikasiýasy (aňladyş ýollary) bardyr.

| **Tejribe usuly** | **Görkezme esbaplyk usuly** | **Söz üsti usul** | **Kitap bilen işlemek** | **Wideometod** |
|---|---|---|---|---|
| Tejrbe<br>Gönükme<br>Okuw-önümçilik zähmeti | Illýustrasiýa<br>Görkezmek<br>Okuwçylaryň syn etmegi | Düşündirmek<br>Gürrüň<br>söhbetdeşlik<br>instruktaž<br>umumy okuw (leksiýa)<br>çekeleşik (diskussiýa)<br>Disput | Okamak<br>Öwrenmek<br>Referat ýazmak,<br>Gözden geçirmek<br>Saýlap okamak<br>Beýan etmek<br>Meýilnama | Görmek (prosmotr)<br>Okatmak<br>“elektron mugallymyň” gözegçiliginde gönükmeler<br>Gözegçilik |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | düzmek<br>Konspekt ýazmak | |

2. Usullaryň bellenişi boýunça klassifikasiýasy (M.A. Danilow, B.P. Ýesipow). Bu usullaryň umumy häsiýeti hökmünde, sapakda okuw işiniň amala aşyrylşynyň yzygiderli etaplary çykyş edýärler. Şu aşakdaky usullar bellenilýärler :

- bilimleri ele almak;

- başarnyklary we endikleri kämilleşdirmek;

- bilimleri ulanmak;

- döredijilik işi;

- berkitmek;

- bilimleri, başarnyklary, endikleri barlamak.

Bu usullaryň klassifikasiýasy mugallyma okuw-terbiýeçilik işini ýerine ýetirmäge kömek edip, okuw sapaklaryny guramagyň klassyky shemasy bilen ylalaşyp, usullar nomenklaturasyny sadalaşdyrýar.

3. Usullaryň öwreniş işiniň tipi (häsiýeti) boýunça klassifikasiýasy (I. Ý. Lerner, M.N. Skatkin). Öwreniş işiniň häsiýeti – bu mugallymyň hödürlän okamak shemasy boýunça işläp okuwçylaryň ýetýän öwreniş işiniň özbaşdaklyk derejesidir. Bu häsiýetnama okuwçylaryň eýýam bize belli bolan pikirleniş işjeňliginiň derejeleri bilen berk baglanyşyklydyr. Bu klassifikasiýada  şu aşakdaky usullar saýlanylýar :

- düşündiriş-görkeziş (habar beriş – reseptiw (kabul ediş));

- reproduktiw (görkezmek);

- problem beýan etmek (meseleleýin beýan etmek);

- ewristiki, (gözleýiş) açyş;

- barlag usullary (barlag- bölekleýin gözleýiş, agtaryş) usullary;

Eger-de mugallym tarapyndan gurnalan öwreniş işi okuwçylar tarapyndan aňladylmak diňe taýýar bilimleri ýatlamaga we olary ýalňyşsyz aýdyp bermäge mümkinçilik berse, onda bu ýerde pikirleniş işjeňliginiň örän pes derejesi we oňa mahsus reproduktiw usulynyň orny bardyr. Bilimler okuwçylaryň özbaşdak döredijilik – öwreniş zähmetiniň we okuwçylaryň pikirlenişiniň ýokary derejesiniň netijesinde ele alynsa, onda bu ýerde ewrika (açyş) ýa-da ondanda ýokary okatmagyň barlag – gözleýiş usulynyň orny bardyr.

Bu klassifikasiýa goldaw tapdy we ýaýrady. Onda saýlanan usullaryň esasyny gözden geçireliň.

Habar-beriş reseptiw (kabul ediş) usullaryň esasy onuň şu häsiýetlerinde ýüze çykýar :

1) Okuwçylara bilimler "taýýar" görnüşinde hödürlenýärler;
2) Mugallym bu bilimleriň kabul eilmegini dürli ýollar bilen guraýar;
3) Okuwçylar bilimleri kabul edip, aňlap öz ýadynda saklaýarlar;

Kabul edişde (resepsiýa) ähli habar beriş çeşmeleriniň (söz, görkezme esbaplar we başgalar) logiki beýan edilişi induktiw we deduktiw ýollar bilen amala aşyrylýarlar. Mugallymyň dolandyryş işi bilimleri kabul etmegi guramak bilen çäklenýär.

Okatmagyň reproduktiw (görkezmek) usullary şu aşakdaky häsiýetler bilen aňldylýarlar :

1) Bilimler okuwçylara "taýyar" görnüşinde hödürlenýärler;
2) Mugallymlar bilimleri diňe gürrüň bermek bilen çäklenmän, olary düşündirýär hem;
3) Okuwçylar bilimleri aňlap özleşdirýärler, olara düşünýärler we ýadynda saklaýarlar. Özleşdirmegiň kriteriýasy hökmünde bilimleri dogry aýdyp bermek çykyş edýär.
4) Özleşdirmegiň berkligi bilimleri köp gezek gaýtalamak bilen amala aşyrylýar.

Bu usulyň gowy tarapy tygşytlylykdyr. Bu usul gysga wagtyň içinde az güýç sarp edip, bilimleriň, başarnyklaryň uly göwrümini özleşdirmäge mümkinçilik berýär. Bilimleriň berkligi, olaryň köp gezek gaýtalamaga mümkinçiliginiň barlygy bilen düşündirilýärler.

Adamyň işi reproduktiw, ýerine ýetiriji we döredijilik bolup biler. Reproduktiw iş döredijilik işinden öň amala aşyrylýar, şonuň üçin ony okatmakda terk etmeli däl we köp hem ulanmaly däl. Reproduktiw usul beýleki usullar bilen baglanyşdyrylmalydyr.

**Meseleleýin beýan etmek** usuly (problem usuly) ýerine ýetiriliş işinden döredijilik işine geçiş hökmünde ulanylýar. Okatmagyň belli bir etapynda okuwçylar goýlan meseleleýin gönükmeleri, ýumuşlary özbaşdak ýerine ýetirip bilmeýärler, şonuň üçin mugallym goýlan meseläniň çözülişini başdan soňuna çenli düşündirýär, meseläniň barlag ýoluny görkezýär. Bu usul ulanylanda okuwçylar işiň ýerine ýetirilişine gatnaşýan diňe syn edijiler bolsalar-da, olar öwrenmekde ýüze çykýan kynçylyklary çözmegiň gowy sapaklaryny alýarlar.

Okatmagyň bölekleýin **gözleýiş (ewristiki)** – açyş usuly şu aşakdaky häsiýetler bilen aňladylýar :

1) bilimler okuwçylara “taýýar” hökmünde hödürlenmeýärler, olary özbaşdak ele almaly;
2) mugallym bilimleri habar bermegi, beýan etmegi guramaýar-da, dürli serişdeleriň kömegi bilen täze bilimleri gözlemegi guraýar;
3) Okuwçylar mugallymyň ýolbaşçylygynda özbaşdak pikirlenýärler, ýüze çykýan öwrediji meseleleri çözýärler, problem (meseleleýin) ýagdaýlary döredýärler we çözýärler, seljerýärler, deňeşdirýärler, jemleýärler we netije çykarýarlar, olarda aňlanan berk bilimler emele gelýärler.

Usulyň adynyň bölekleýin – gözleýiş diýilmeginiň sebäbi okuwçylaryň çylşyrymly okuw problemasyny başdan soňuna çenli özbaşdak çözüp bilmeýänligi bilen düşündirilýär. Şonuň üçin okuw işi – mugallym – okuwçy – mugallym – okuwçy shemasy boýunça amala aşyrylýar. Bilimleriň belli bir bölegini mugallym habar berse, belli bir bölegini okuwçylar goýlan soraglara jogap bermek ýa-da problem ýumuşlary çözmek bilen özbaşdak tapyp alýarlar.

Bu usulyň (modifikasiýanyň) bir görnüşi hökmünde **ewriki** (açyş) söhbetdeşligi çykyş edýär.

**Okatmagyň bölekleýin gözleýiş usulynyň esasy :**

1) Mugallym okuwçylar bilen bilelikde problemany ýüze çykarýar, ony çözmek üçin okuw wagtynyň belli bir bölegi ulanylýar;

2) Bilimler okuwçylara habar berilmeýär. Okuwçylar olary öňde goýlan problemanyň, alnan jogaplaryň dürli wariantlaryny deňeşdirmek netijesinde ele alýarlar. Netijä ýetmek serişdelerini-de okuwçylaryň özi kesgitleýärler.
3) Mugallymyň işi problem ýumuşlaryň çözüliş işini operatiw (wagtynda) dolandyrmak bolup durýar.
4) Okuw işini özüniň ýokary derejeligi bilen häsiýetlenýär, okuw ýokary gyzyklanma bilen amala aşyrylýar, alnan bilimler özüniň çuňlugy, berkligi, hereketjeňligi we täsirligi bilen aratapawutlanýarlar.

Okatmagyň gözleýiş usuly bilimleri döredijilikli özleşdirmekligi göz öňünde tutýar. Köp wagtyň sarp edilmegi we mugallymlar bilen okuwçylaryň köp güýjüniň sarp edilmegi bu usullaryň kemçilikleri hasap edilýärler. Gözleýiş usulyny ulanmak ýokary pedagogik taýýarlyk derejesini talap edýär.

**4. Didaktiki maksatlar esasynda okatmagyň iki topary bellenilýär :**

1) Okuw maglumatlarynyň başlangyç özleşdirilmegine kömek edýän usullar;

2) Alnan bilimleri berkitmek we kämilleşdirmek usullary (G.I. Şukina, I.T. Ogorodnikow we başgalar);

**Birinji topara :** habar beriş – ösdüriş usullary (mugallymyň dil üsti beýany, söhbetdeşlik, kitap bilen işlemek); ewristiki (gözleýiş - açyş) usullary (ewristiki söhbetdeşlik, disput, laborator işler); gözleýiş-barlaýyş usuly degişlidir.

**Ikinji topara :** gönükme (görkezilişi boýunça, düşündirişli gönükmeler, wariatiw (üýtgeýji) gönükmeler); tejribe işler.

**5) Soňky wagtlar binar (iki häsiýetiň birikmegi) we polinar (birnäçe häsiýetiň birikmeginiň netijesinde) okatmagyň usullaryny klassifikasiýa etmäge birnäçe gezek synanyşdylar.** Mysal üçin M.I. Mahmutowyň okatmagyň usullaryny binar (iki häsiýetiň birikmegi) klassifikasiýasy : 1) okatmagyň usullarynyň we 2) okamagyň usullarynyň birikdirilmegi netijesinde düzüldi.

**Okatmagyň usullary**

| Okatmak usuly | Okamak usuly |
|---|---|
| Informasion – habar beriş | ýerine ýetiriji |

| | |
|---|---|
| Düşündiriş | reproduktiw |
| Instruktiw - tejribe | önümli-tejribe |
| Düşündiriş-oýandyryş | bölümleýin-gözleýiş |
| Oýandyryjy | gözleýji |

Okatmagyň usullarynyň polinar (birnäçe häsiýetiň birikmegi) klassifikasiýasyny W.F. Palamarçyk we W.I. Palamarçyk hödürlediler. Olar bilimleriň çeşmesini, okuwçylaryň bilesigelijiliginiň derejesini we okuw maglumatlaryny özleşdirmegiň logiki ýollaryny birleşdirdiler.

Başga klassifikasiýa-da köp. Nemes didakty L. Klinberg okatmagyň usullaryny okatmak-da hyzmatdaşlyk etmegiň formalary bilen birikdirýär.

| Monolog usullary | Hyzmatdaşlygyň formalary | Dialog usullary |
|---|---|---|
| Leksiýa (umumy okuw)<br>Gürrüň<br>Görkezip okatmak | Aýrybaşga<br>Toparlaýyn<br>Frontal (hemmetaraplaýyn)<br>Kollektiw | Söhbetdeşlik |

Polýak alymy K. Soçniskiý okatmakda iki usul bar, olar : **emeli** (mekdep) we **tebigy** (okkazional), olara öz gezeginde iki usul deň gelýär : düşündiriş we gözleýiş diýen pikiri orta atýar.

**6. Soňky on ýylyň içinde didaktikada akademik Ý. K. Babanskiniň hödürlän okatmak usullarynyň klassifikasiýasy uly orun tutýar. Ol okatmagyň 3 (üç) uly usullar toparyny düzüpdir :**

1) okuw-bilim alyjylyk işini guramagyň we amala aşyrmagyň usullary;

2) okuw-bilim alyjylyk işini höweslendirmek we itergi (motiw) usullary;

3) okuw-bilim alyjylyk işiniň effektiwligine gözegçilik we öz-özüňe gözegçilik usullary.

**Okuw-bilim alyjylyk işini guramagyň we amala aşyrmagyň usullary**

| | | | |
|---|---|---|---|
| Söz üsti<br>Görkezip okatmak<br>Tejribe | Induktiw<br>deduktiw | Reproduktiw we meseleleýin - gözleýiş | Özbaşdak we mugallymyň ýolbaşçylygynda işlemegiň usullary |
| Çeşmeler | Logika | Pikirlenme | Dolandyrmak |

**Okuw-bilim alyjylyk işini höweslendirmek we itergi (motiw) usullary**

| | |
|---|---|
| Okuwa gyzyklanmagyň motiwleri we höweslendirmek usullary | Okatmakda jogapkärçiligi we borjy motiwirlemek we höweslendirmek usullary |

**Okuw-bilim alyjylyk işiniň effektiwligine gözegçilik we**

**öz-özüňe gözegçilik usullary**

| | | |
|---|---|---|
| Dil üsti gözegçilik öz-özüňe gözegçilik usullary | Ýazuw üsti gözegçilik we öz-özüňe gözegçilik usullary | Laborator-tejribe gözegçiligi we öz-özüňe gözegçilik |

Ýokarda gözden geçirilen usullaryň hiç biri-de kemçilikden halas däl. Tejribe, islendik iň bir gowy gurlan we abstrakt shemalardan baý we çylşyrymlydyr. Şol nukdaý nazardan pedagoglara kömek eder ýaly, gapma-garşylykly usullar nazaryýetine aýdyňlyk girizer ýaly, okatmagyň kämilleşdirilen usullaryny gözlemek dowam edilýär.

Soňky (ýöne täze bolmadyk bu ugurdaky) tendensiýalaryň biri usullaryň ýasama toparlara bölmekden ýüz dönderip, olaryň arasyndan diňe özünde täze häsiýetleri saklaýanlary aýryp almak. Usullaryň köp ölçegliligi, öňe sür len usullar toplumlarynyň

ýerine, usullaryň sada sanawyna geçip, olaryň aýratynlyklaryny we dürli şertlerde ulanyşyny açyp görkezmegi talap edýär. Okuw işiniň her bir aktynda bir wagtyň özünde birnäçe usullar ulanylýar. Mugallym bilen okuwçylaryň köp taraplaýyn aragatnaşygyny häsiýetlendirip, usullar biri-biriniň içine girýärler. Eger-de bir sapakda ulanylan bir usulyň ulanyşy barada gürrüň etsek, diýmek şol usul belli bir kesgitlenen etapda agdyklyk edýär. (Ý.K. Babanskiý)

Usullaryň okuw-terbiýeçilik işinde şu aşakdaky funksiýalary ýerine ýetirýändikleri bellenildi : bilim beriji, ösdüriji, terbiýeleýji, itergi beriji (motiw) we gözegçilik-düzediş.

Usullaryň üsti bilen okatmagyň maksadyna ýetilýär, bu onuň **bilim berijilik funksiýasydyr**. Okuwçylaryň ösüşiniň şol ýa-da başga tempine we derejesine ýetilýär (**ösdüriji funksiýa**), terbiýelemegiň netijesi (**terbiýelemek funksiýasy**).

Usul mugallym üçin okuwçylarda okuwa isleg oýarmagyň esasy, käbir wagt bolsa bilim öwrenijilik işini höweslendirmegiň ýeke-täk serişdesi hökmünde çykyş edýär, bu onuň okuwa **isleg oýandyryjy funksiýasydyr**. Ähli usullaryň kömegi bilen mugallym okuw işiniň gidişiniň netijesini anyklaýar, oňa gerek bolan üýtgeşikleri girizýär – bu bolsa gözegçilik-düzediş funksiýasydyr. Okuw işiniň dowamynda dürli usullaryň ýerine ýetirýän hyzmaty hemişelik, üýtgewsiz galmaýar. Olar başlangyç synplarda, orta we ýokary synplarda dürli-dürli bolýarlar. Käbir usullaryň ulanyşy kemelýär, käbirleriniň ulanylyşy ýokarlanýar.

Usullaryň ulgamyny döretmek üçin funksional çemeleşmek esas bolup hyzmat edýär. Usullar öz gezeginde didaktiki maksada ýetmegiň aýratyn otnositel ýollary hökmünde çykyş edýärler. Usul diňe, ony başga usullardan aratapawutlandyrýan esasy häsiýetler bolanda özbaşdak usul hökmünde kesgitlenýär. Taryhy miras esasynda, hereket edýän pedagogik tejribäniň, alymlaryň ylmy-barlaglarynyň netijesinde okatmagyň şu aşakdaky usullary hödürlenýärler.

**Okatmagyň usullary we olaryň funksiýalary**

| Okatmagyň usuly | Funksiýany ýerine ýetirmäge nazary ýarawlyk bahasy | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | bilim beriji | ösdüriji | terbiýeleýji | oýaryjy | gözegçilik-düzediş |
| Gürrüň | + + + + + | + + + + + | + + + + + | + + + + + | + + |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Söhbetdeşlik | + + + + + | + + + + + | + + + + + | + + + + + | + + |
| Umumy okuw (leksiýa) | + + + + + | + + + + + | + + + + + | + + + + + | + |
| Diskussiýa | + + + | + + + + + | + + + + + | + + + + + | + + + + |
| Kitap bilen işlemek | + + + + + | + + + + + | + + + + + | + + + + + | + + + + + |
| Görkezme esbaplar | + + + + + | + + + + + | + + + + + | + + + + + | + + |
| Görkezmek | + + + + + | + + + + + | + + + + + | + + + + + | + + |
| Wideousul | + + + + | + + + + | + + + + + | + + + | + + + + + |
| Gönükme laborator usuly | + + + + + | + + + + + | + + + + | + + + + + | + + + |
| Tejribe usuly | + + + + + | + + + + + | + + + + | + + + + + | + + + |
| Bilim beriji oýun | + + + + + | + + + + + | + + + + | + + + + + | + + + + |
| Programmirlenen okuw usullary | + + + + + | + + + | + + + | + + + + | + + + + + |
| Öwrediji gözegçilik | + + | + + | + + | + + + + + | + + + + + |
| Situatiw usul | + + + + | + + + + + + | + + + + + + | + + + + + + | + + + |

## Okatmagyň usullarynyň manysy we mazmuny

**Gürrüň** – söz üsti beýan etmek usullara degişlidir. Onuň esasy funksiýasy bilim berijilik. Ondan başga-da, bu usulyň köp bolmadyk ösdürijilik, terbiýeleýjilik, oýaryjy we gözegçilik-düzediş funksiýalary-da bar. **Gürrüň –** bu okuw maglumatlaryny monologiki  beýan edip bilimleri yzygiderli, ulgamlaýyn düşünükli we emosional ýetmek üçin ulanylýar. Bu usul köplenç başlangyç synplarda ulanýar, orta we uly synplarda seýrek ulanylýar.

Maksatlary boýunça gürrüň birnäçe görnüşlere bölünýär : gürrüň – çykyş, gürrüň – düşündiriş, gürrüň – netije. Gürrüňiň **birinji görnüşi** – okuwçylary täze maglumatlary

öwrenmäge taýýarlaýar; **ikinjisi** berlen mazmuny beýan etmäge niýetlenen; **üçünjisi** okatmagy jemleýär.

Bu usulyň täsirligi (effektiwligi) ilki bilen mugallymyň gürrüň bermek başarnygyna bagly, ondan soň pedagogyň ulanýan sözleriniň okuwçylara düşnükliligi we olaryň ösüş derejesine deňligine bagly. Şonuň üçingürrüňiň mazmuny okuwçylaryň bar bolan tejribesine daýanyp şol bir wagtyň özünde ony giňeltmeli we täze mazglumatlar bilen baýlaşdyrmaly. Gürrüňiň okuwçylar üçin yzygiderli, logiki ynandyryjy, öz pikirlerini sowatly beýan etmegiň nusgasy bolup çykyş etmeli.

Sapakda gürrüň bermäge taýýarlananda mugallym öz meýilnamasyny düzmeli, gerek bolan maglumatlaryny, bar bolan şertlerde öňde goýlan maksada ýetmäge kömek edýän maksimal metodiki tärleri saýlamaly, tapmaly. **Gürrüň** usuly ulanylanda köpräk ýatlamagy tizleşdirýän we ýeňilleşdirýän, tärler, deňeşdirmegiň logiki tärleri, netije çykarmak tärleri ulanylýarlar. Gürrüň berlen wagty esasy mazmun bellenilýär we düşündirilýär. Gürrüň gysga (10 minuda çenli), maýyşgak bolup, emosional položitel äheňde geçmeli. Gürrüň effektiwligi onuň başga usullar bilen aralaşdyrylmagyna görkezmek (başlangyç synplarda), ara alyp maslahatlaşmak (orta we ýokary synplarda), ondan başga-da mugallym tarapyndan gürrüň bermek üçin saýlanan ýer we wagt şertleri, faktlar, wakalar, adamlar bilen baglydyr.

**Söhbetdeşlik** – bu usul didaktiki işiň köne usullar toparyna degişli. Ony ussatlarça Sokrat ulanypdyr. Bu usulyň esasy funksiýasy – oýaryjy funksiýadyr. Ýöne ol başga funksiýalary-da ýerine ýetirýär. Söhbetdeşlik usuly ýaly giň ýaýran, köptaraplaýyn, hemme tarapdan effektiw usul ýokdur. Bu usulyň esasy manysy dogry, maksada gönükdirilen soraglary goýup, okuwçylarda eýýam olara belli bolan maglumatlary ýatladyp, özbaşdak pikirlenmegiň, netije çykarmagyň we jemlemegiň üsti bilen täze bilimleri ele almagy gazanmakdyr. Söhbetdeşlik okuwçynyň pikirini mugallymyň pikiriniň yzyndan hereket etmäge mejbur edýär, netijede okuwçy täze bilimleri ele almakda ädimme-ädim öňe gidýär. Söhbetdeşlik pikirlenmegi maksimal işjeňleşdirýär, alnan bilimleri, başarnyklary anyklamagyň örän gowy serişdesi hökmünde, okuwçylaryň bilim alyjylyk güýjüniň ösmegine kömek edýär, bilim alyjylyk işini operatiw dolandyrmaga şert döredýär. Söhbetdeşligiň terbiýeleýjilik roluda uludyr.

Käbir didaktiki ulgamlarda söhbetdeşlik okatmagyň iň ýokary derejeli usulyna ýetirildi. Ýöne onuň kömegi bilen hem ähli didaktiki maksatlara ýetip bolmaýar. Eger-de okuwçylarda toplanan kesgitli düşünjeler we göz öňüne getirmeler toplumy bolmasa,

onda söhbetdeşligiň täsiri az bolýar. Bu usul uniwersal usul bolup bilmeýär we beýan etmek, umumy okuw (leksiýa) ýaly bilimler ulgamyny emele getirýän usullar bilen hökman utgaşdyrylmalydyr. Ondan başga-da söhbetdeşlik usuly okuwçylar bilen gönükmeler geçirmäge mümkinçilik bermeýär, bu öz gezeginde olarda gerek bolan tejribe başarnyklaryny we endiklerini emele getirmeýär.

Ýene-de bir bellemeli zat başga usullarda bolşy ýaly söhbetdeşlikde bilim alyjylyk deduktiw we induktiw ýollar bilen ösýär. Deduktiw söhbetdeşlik okuwçylara eýýam belli bolan düzgünlerden, ýörelgelerden, düşünjelerden gurlup, olary seljermek esasynda umumy netijelere gelip, olardan ugur alyp, hususy netije gelýärler. Söhbetdeşligiň induktiw formasynda aýry faktlardan we düşünjelerden ugur alyp olary seljermegiň netijesinde umumy netije gelýärler.

Häzirki zaman ylmy söhbetdeşligiň :

- okuwçylary sapakda işlemäge taýýarlamakda;
- olary täze maglumatlar bilen tanyşdyrmakda;
- bilimleri ulgamlaşdyrmakda we berkitmekde;
- alnan bilimleri anyklanda we olara akymlaýyn gözegçilik edende iň effektiw usuldyr diýen netijä geldiler.

Söhbetdeşligi klassifikasiýa etmegiň birnäçe ýollary hödürlendi.

Gönükdirilenligi boýunça söhbetdeşliginiň şu aşakdaky görnüşleri saýlanýar : 1) giriş ýa-da guramaçylyk; 2) täze bilimleri habar beriş (sokratik, ewristik we başgalar); 3) birleşdiriji ýa-da berkidiji; 4) gözegçilik-düzediş.

Giriş söhbetdeşligi adaty bolşy ýaly okuw işiniň başynda geçirilýär. Onuň maksady – okuwçylaryň ýerine ýetiriljek işlere dogry düşünmegi, şol ýa-da başga bir işi nähili ýerine ýetirmelidigini gowy göz öňüne getirip bilmegi. Syýahat, laborator we tejribe sapaklaryndan, täze maglumatlary öwrenmekden öň geçirilýän giriş söhbetdeşligi gowy netije berýär.

Täze bilimleri habar beriş söhbetdeşligi köp babatda katehiziki häsiýetde bolýar (sorag-jogap, jogaplary ýatlamak, hiç hili garşylyk görkezmezden), sokratiki (ýumşak, okuwçy tarapdan hormatlanýan, ýöne şübhe döretmäge, öz pikiriňi aýtmaga mümkinçilik bermeýän); ewristiki (okuwçynyň öňünde mugallymyň goýan soraglarynyň problema döredip, ondan özbaşdak jogap talap edişi). Islendik söhbetdeşlik bilimlere gyzyklanma döredýär we bilim almaga bolan garaýşy terbiýeleýär. Häzirki mekdeplerde köplenç

ewristiki söhbetdeşlik köp ulanylýar. Mugallym dogry soraglary goýmak bilen, okuwçylary pikirlenmäge mejbur edip dogry jogaby açdyrýar. Şonuň üçin ewriki söhbetdeşliginiň netijesinde okuwçylar öz güýji bilen, pikirlenmek bilen bilimleri ele alýarlar.

*Birleşdiriji, utgaşdyryjy ýa-da berkidiji söhbetdeşlikler* okuwçylarda bar bolan bilimleri jemlemek we ulgamlaşdyrmak üçin ulanýarlar.

**Gözegçilik-düzediş söhbetdeşligi** - anyklaýyş maksatlar üçin, okuwçylarda bar bolan bilimleri täze faktlar ýada düzgünler bilen doldurmak, ösdürmek, bilmek üçin ulanylýarlar.

Söhbetdeşligi netijeli ulanmak üçin mugallymyň oňa hemmetaraplaýyn taýýarlygy gerek. Pedagog geçiriljek söhbetdeşligiň temasyny, maksadyny anyk kesgitlemeli, plan-konspekt düzmeli, görkezme esbaplary saýlamaly, söhbetdeşlikde ýüze çykjak esasy we kömekçi soraglary taýyarlamaly, onuň geçirilişiniň usulyny we guralyşyny pikirlenmeli, haýsy esasy soraglar boýunça jemlemeler we netijeler çykarmalydygyny oýlanmaly.

Soraglary dogry düzüp, olary okuwçylara bermek örän wajyp. Soraglar biri-biri bilen logiki arabaglanyşykda bolmaly, öwrenilýän soragyň manysyny açyp görkezmeli, bilimleri ulgamda özleşdirmäge ýardam etmeli. Mazmuny we formasy boýunça soraglar okuwçylaryň ösüş derejesine gabat gelmeli. Ýeňil soraglar okuwçylaryň bilim alyş işine höwes döretmeýärler, bilim almaga jogapkärçilikli çemeleşmegi oýarmaýarlar. Mundan başga-da taýýar jogaby bolan, jogaby aýdyp berýän soraglary bermek bolmaz.

Sorag-jogap okuwynyň tehnikasynyň amala aşyrylyşy örän wajyp. Her bir sorag tutuş synpa berilýär. Diňe bir azrak soragy pikirlenmäge wagt berlenden soň, jogap bermäge okuwçy tagta çykarylýar. Oturan ýerinden jogaby aýdýan okuwçylary sylaglaman, olara duýduryş bermeli. Bilim derejesi pes okuwçylaryň köpräk sorag etmeli, beýlekilere olaryň ýalňyşyny düzetmäge mümkinçilik bermeli. Çenden aşa uzyn ýa-da iki sözlemden ybarat soraglar goýulmaýar. Eger-de goýlan soraga hiç kim jogap berip bilmese, ony täzeden üýtgetmeli, böleklere bölmeli, ýa-da ugrukdyryjy sorag goýmaly.

Okuwçylara goýlan soraglaryň jogaplarynyň ugrukdyryjy sözlerini, ol sözleriň bogunlaryny ýa-da baş harplaryny aýdyp berip, olary pikirlendirmän, okuwçylardan görkezme özbaşdaklyk gazanmagyň geregi ýok.

Söhbetdeşligiň netijeliligi synp bilen aragatnaşyga bagly. Ähli okuwçylaryň söhbetdeşlige işeňňir gatnaşmagyny, soraglary ünsli diňlemegini, olaryň jogabyny

pikirlenmegi, ýoldaşlarynyň jogaplaryny seljermegini, öz pikirini aýtmaga çemeleşmegini gazanmaly. Her bir jogap ünsli diňlenilmeli. Dogry jogaplar bellenilýär, nädogry ýa-da doly däl jogaplar düşündirilýärler, doldurylýarlar. Soraga nädogry jogap beren okuwçydan özüniň ýalňyşyny tapmak hödürlenýär, eger-de ol öz ýalňyşyny tapyp bilmese, onda kömege onuň ýoldaşlary gelmeli. Mugallymyň rugsat bermegi boýunça okuwçylar biri-birine sorag berip bilýärler. Ýöne berlen soraglarda bilim berijilik häsiýet bolmadyk ýagdaýynda mugallym bu işi bes edýär.

Söhbetdeşligiň okatmagyň çylşyrymly, tygşytsyz usulydygyny pedagog bilmeli. Bu usul güýçleri jemlemegi, gerek bolan şertleri döretmegi we ýokary pedagogik ussatlyk derejesini talap edýär. Söhbetdeşligi saýlanda öz mümkinçilikleriňi, okuwçylaryň mümkinçiliklerini hökmany suratda ölçäp görmeli. Bu öz gezeginde amala aşmajak söhbetdeşligiň düzetmegi kyn boljak netijesiniň öňüni almaga kömek eder.

**Okuwçy soramaly**

Nemes pedagogy G. Gauding (1860-1923). Söhbetdeşlik bu emeli, özboluşly mekdep usulydyr diýýär. Goýlan soraglaryň jogabyny bilýän mugallymyň sorag bermegi dogrymy ? – diýip G. Gauding sorag goýýar. Eýsem tersine bolmaly dälmi : okuwçy sorap mugallym jogap bermeli dälmi ? Bu ýagdaýda okuwçylaryň özbaşdaklygy bökdelmeýärmi ?

Siz bu barada nähili pikir edýäňiz ?

**Leksiýa (umumy okuw) beýleki** söz üsti beýan etmek usullardan : a) gurluşynyň berkligi bilen; b) okuw maglumatlarynyň logiki beýan edilişi bilen; ç) berilýän habarlaryň möçberiniň köplügi bilen; d) bilimleriň ulgamlaýyn şöhlelendirilişi bilen aratapwutlanýar. Mekdep leksiýasynyň (umumy okuwynyň) esasy wezipesi çylşyrymly ulgamlaryň, hadysalaryň, obýektleriň, prosesleriň arasyndaky esasy sebäp – netije häsiýetli arabaglanyşygyny we garaşlylygyny beýan etmekden ybarat. Bu pikir umumy okuwyň (leksiýanyň), okuwçylaryň maglumatlary kabul etmegiň we aňlamagyň talap edilýän derejesine ýetende, diýmek ýokary synplarda ulanmak bolar. Göwrümi boýunça leksiýa (umumy okuw) doly bir sapagy ýa-da jübütlenen sapagy eýeleýär. Umumy okuw (leksiýa) usuly ýuwaş-ýuwaşdan düşündirişden söhbetdeşlikden başlanyp girizilýär.

Mekdep leksiýasynyň (umumy okuwynyň) effektiwliginiň şertleri şu aşakdakylardyr :

- mugallym tarapyndan umumy okuwyň (leksiýanyň) meýilnamasynyň jikme-jik taýýarlanmagy;
- okuwçylara leksiýanyň (umumy okuwyň) meýilnamasyny habar bermek, olary geçiljek tema bilen leksiýanyň maksady we wezipesi bilen tanyşdyrmak;
- meýilnamanyň ähli soraglaryny birýandan we yzygiderli logiki beýan etmek;
- beýan etmegiň emosionallygy we problemalaýynlygy (meseleleýinligi);
- meýilnamanyň her bir soragynyň beýanyndan soň, gysga jemlemek;
- umumy okuwyň (leksiýanyň) bir soragyndan beýleki soragyna geçende logiki baglanyşygy ýitirmezlik;
- janly ses, dil, gerek bolan ýerinde mysallary goşmak, deňeşdirmek, anyk faktlary ulanmak;
- auditoriýa bilen ýakynlaşmak, okuwçylaryň pikirleniş işini maýyşgak dolandyrmak;
- umumy okuwyň (leksiýanyň) wajyp düzgünlerini köptaraplaýyn açyp görkezmek;
- beýan etmekde optimallygy saklap, okuwçylara leksiýanyň (umumy okuwyň) gerek bolan wajyp ýerlerini ýazmaga mümkinçilik döretmek.
- leksiýanyň (umumy okuwyň) ýazdyrmaly ýerini aýryp, aýratyn ýazdyrmaly;
- öwrenilýän düzgünleri ýeňil kabul edip düşüner ýaly görkezme esbaplary ulanmaly (görkezmek, illýustrasiýa, wideo);
- umumy okuwlary (leksiýalary) aýratyn düzgünler, hemmetaraplaýyn seljerilýän amaly we tejribe sapaklar bilen utgaşdyrmaly.

Umumy okuw (leksiýa) okuw wagtyny tygşytlaýan esasy, ýokary effektiw usuldyr. Maglumatlaryň özleşdirilişiniň görkezijiligi boýunça, käbir şertlere garaşlylygyna görä 20-den 50 % çenli ýetýär.

**Okuw çekeleşigi (toparlaýyn jedelli mesele boýunça pikir alyşmak we ony ara alyp maslahatlaşmak)** – beýleki usullaryň arasynda biziň mekdeplerimiziňde tejribesine ýuwaş-ýuwaşdan aralaşýar. Bu usul daşary ýurt mekdeplerinde köpden bäri ulanylyp gelinýär we käbir başga usullaryň netije bermedik ýerinde gowy netijeleri gazanmaga mümkinçilik berýär. Bu usulyň manysy anyk problema (mesele) boýunça pikir alyşmakdyr. Çekeleşmegiň (diskussiýanyň) kömegi bilen okuwçylar täze bilimleri ele alýarlar, öz pikirlerinde berkeýärler we olary goramagy öwrenýärler. Okuw diskussiýanyň esasy funksiýalary – bilim alyjylyk gyzyklanmalaryny höweslendirmek;

bilim berijilik, ösdürijilik, terbiýeleýjilik we gözegçilik – düzediş funksiýalary kömekçi hökmünde ýüze çykýarlar.

Okuw diskussiýasynyň effektiwliginiň esasy, wajyp şerti – okuwçylaryň oňa öňünden, berk mazmun we formal taýdan berk taýyarlanmagydyr. Mazmun taýdan taýyarlygy – geçiriljek dizkussiýanyň temasy boýunça gerek bolan maglumatlary toplamakdan ybarat. Formal taýdan taýýarlyk – bu bilimleri beýan etmegiň formalaryny saýlamakdyr. Bilimsiz diskussiýa manysyz, mazmunsyz, nädogry bolýar. Öz pikiriňi ýüze çykaryp bilmedik, garşydaşyňy (opponentiňi) ynandyryp bilmedik ýagdaýyňda dizkussiýa bulaşyk, düşnüksiz, özüne çekijiligi ýitiren, gapma garşylykly bolýar. Şonuň üçin mugallym okuwçylaryň öz pikirini aýdyň we dogry beýan edip bilmegini, soraglary anyk goýup bilmegi, anyk subut edip bilmegini gazanmaly.

Diskussiýa diňe gumanitar (ynsanperwer) taryh, jemgyýeti öwreniş, edebiýat, aýdym, dil ýaly dersler okadylanda ulanylmaly diýen pikir ýalňyş pikirdir. Bu usul fizika, matematika, himiýa, biologiýa dersleri okadylanda-da ulanylyp, uly netije berýär. Elbetde bu ýagdaýda diskussiýa bilim beriji (ylmy), jedeli dolandyrýan häsiýetli bolýar. Okuwçylara fizika dersinde elementar bölejikleriň klassifikasiýasyna dürli garaýyşlary, biologiýada akselerasiýa hadysasynyň ýüze çykyşyny, geografiýada Ýerde howanyň temperaturasynyň üýtgeýşi baradaky pikirleri deňeşdirmek hödürlenýär. Elbetde okuwçylar ol ýa-da beýleki pikir boýunça düýpli jogap berip bilerler diýip garaşyp bolmaz. Ýöne jedel, goýlan mesele gyzyklanma döredýär, ony düýpli öwrenmek islegini döredýär.

Diskussiýa (çekeleşik) okuwçylarda eýýam bar bolan maglumatlaryň mazmunyny baýlaşdyrýar, ony tertipleşdirmäge we berkitmäge kömek edýär. Diskussiýa, mugallyma, bilimleriň çuňlugy we ulgamy, okuwçylaryň pikirleniş aýratynlyklary barada gerek bolan habarlary we mundan soňky işiň ugruny görkezýär. Terbiýeçilik işleri geçirende-de diskussiýalar örän peýdalydyr. Olaryň kömegi bilen häsiýetleriň aýratynlyklary bolan temperament, ýat, pikir, aňsat anyklanýar. Ondan başga-da okuwçylaryň özüni alyp barşynda we söhbetdeşlikde ýüze çykan kemçilikler (gaharjaňlyk, özüňi elde saklap bilmezlik, söhbetdeşiňi sylamazlyk) düzedilýär.

Diskussiýanyň elementleri eýýam orta synplarda ulanylyp başlanýarlar we ýokary synplarda eýyam doly göwrümde ulanylýarlar. Okuwçylara çekeleşik (diskussiýa) geçirmegiň sungatyny öwredýärler.

**Diskussiýa (çekeleşige) gatnaşýana düzgünnama :**

1. Diskussiýa (çekeleşik) adamlaryň aragatnaşygyny ýüze çykarýan forma däl, ol problemany (meseläni) çözmegiň usulydyr.

2. Çenden aşa köp gepleme, başgalara-da geplemäge mümkinçilik ber.

3. Seniň pikirleriň maksada ýetmegi üçin emosiýalaryňa gözegçilik et, aýtjak sözleriňi ölçäp gör, olary pikirlenip aýt.

4. Öz opponentleriň – garşydaşlaryň pozisiýasyna düşunjek bol, olara sylaşykly gara.

5. Aýdan sözleriňi anyk düşündir, aýdylan sözleriň manysyny üýtgetmän düşündir.

6. Duýdansyz bolar bolmaz ýagdaýda galmazlyk üçin, opponentiň, garşydaşyň aýdanlaryna hiç zat goşma, ony käbir zatlary aýtmady diýip içiňden günäleme, ol senden ýene-de bir maglumaty gizläpdir diýip, güman edip aýyplama.

7. Sözler inersiýasyna başyň bilen gitme.

8. Saňa az tanyş bolan soraglar boýunça öz pikiriňi aýtjak bolma.

9. Diňe diskussiýanyň temasy boýunça çykyş et. Köp okanlygyňy, erudisiýaňy görkezjek bolup azar çekme.

10. Öz çykyşyň bilen biriniň göwnüne degmejek bol we biriniň göwnüni-de aljak bolma.

**Kitap bilen işlemek** usuly okatmak usulynyň iň wajyplarynyň biridir. Bu usulyň esasy gymmatlygy - okuwçylara maglumatlar bilen oňa gerek tempde, özi üçin amatly wagtda köp gezek işlemäge mümkinçilik bermegindedir. Okuw kitaplary : bilim berijilik, osdürijilik, terbiýeleýjilik, oýaryjylyk, gözleg-düzediş funksiýalaryny doly ýerine ýetirýärler. Ýörite taýyarlanan, programmirlenen okuw kitaplaryny ulananda gözegçilik, düzediş, bilimleri we başarnyklary anyklaýyş soraglary effektiw çözülýärler.

Kitap bilen özbaşdak işlemegiň maksady onuň gurluşy bilen tanyşmak ony gözden geçirmek, aýry-aýry baplaryny okamak, ýörite goýlan soraglara jogap gözlemek, kitabyň aýry-aýry bölümlerini ýa-da kitabyň tutuş özüni referirlemek, mysallary we gönükmeleri ýerine ýetirmek, barlag soragnamalaryny (testleri) ýerine ýetirmek, maglumatlary ýatlamak bolup biler.

Kitap bilen işlemek – okuwçylar üçin çylşyrymly we okatmagyň kyn usulydyr. Mekdebi gutaran ýaşlaryň köp bölegi bu usuly doly gerek bolan derejede özleşdirip bilmeýärler : okap bilip, olar okan kitabynyň manysyna gerek bolan derejede düşünmeýärler. Şonuň üçin bu usulyň ulanylyşyny mümkin boldugyndan köpeltmeli. Mekdep okuwçyny kitap bilen özbaşdak işlemäge öwretmelidir. Bu usulyň effektiwligini kesgitleýän faktorlaryň arasynda : erkin okap bilmek we okanyňa düşunmek; öwrenýän maglumatyňdan esasyny aýryp, saýlap bilmek; ýazgylar alyp barmagy başarmak, struktur we logiki shemalary (daýanç konspektleri) düzmek; öwrenilýän sorag boýunça gerek bolan edebiýatlary saýlamagy başarmak. Bu başarnyklaryň ählisi okuwçylar mekdebe gelen ilkinji gününden ýuwaş-ýuwaşdan, maksadagönükdirilenlik bilen emele gelip başlaýarlar.

Kitap bilen işlemegiň iki görnüşi köp ýaýrandyr : mugallymyň ýolbaşçylygynda sapakda we sapakda alnan bilimleri giňeltmek we bekitmek maksady bilen öýde özbaşdak işlemek. Okuwçylary kitap bilen işlemäge taýýarlap, mugallym täze öwrenilýän maglumatlary öň geçilen temalaryň haýsysy bilen deňeşdirip ýa-da birleşdirip bolýanlygyny görkezmeli. Eger-de iş sapakda amala aşyrylýan bolsa, kitap bilen öwrenilýän maglumatlar aýratyn böleklere bölünýärler, olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edilýär. Berlen tekstiň belli bir bölegini okap, okuwçylar mugallymyň görkezmegi boýunça okamagyny bes edip gerek bolan işleri : düşünmek, ýatda saklamak, deňeşdirmek - ýerine ýetirýärler. Okuwçylaryň öýde kitap bilen tekstiň üstünde işlemegi sapakda alan bilimlerini ýada salmaklykdan başlanýar. Sapakda alan okuw maglumatlary, kitapdaky tekst bilen utgaşdyrmak – kitap bilen işlemegi rasionallaşdyrmagyň wajyp şertidir.Kitaby okanda okuwçylarda maglumatlary ýatlamaga ustanowka işlenilmelidir. Şonuň üçin olara hökmany suratda maglumatlaryň beýan ediliş tertibine düşunmek we okan wagtynda maglumatlarynyň hyýaly meýilnamasyny düzmegi öwretmeli. Okan kitabyň esasy ýerlerini struktur-logiki shema (daýanç konspekti) görnüşinde ýazyp meýilnama görnüşinde bellemek örän uly kömek edýär.

**Programmirlenen okuw kitaplary** özüniň effektiwligi bilen aratapawutlanýarlar. Olarda okuw maglumatlaryndan başga-da dolandyryş maglumatlary saklanýar. Olar bilen işlände okuwçylar gerek bolan gorkezmeleri alýarlar, göz öňünde tutulan ýumuşlary ýerine ýetirýärler, iň esasysy hem ýerine ýetirýän işiniň dogrylygyny şol wagt bilýärler.

Häzirki zaman kitaplary maglumatlaryň köplüginden ejir çekýärler, olary düzüjiler okuw maglumatlarynyň toplumyny jemleýji tablisalar, diagrammalara, grafiklere, görkezme modellere, klassifikasiýalara birleşdirjek bolýarlar. Şonuň üçin mugallymlar

preslenen görnüşindäki maglumatlary seljermäge köpräk üns bermeli, okuwçylarda bilimleri “açmak” we “ýapmak” başarnyklaryny ösdürmeli.

Maglumatlary ýatda saklamak üçin mugallym okuwçylary dürli maglumatlary ýatlamagyň düzgünleri bilen tanyşdyrmaga, olaryň ýadynyň ösüşini hemişe gözegçilikde saklamaga, ony kämilleşdirmäge kömek etmäge borçly.

Kitap bilen işlemegi öwretmek okuwçylarda öz-özüne gözegçilik etmegiň endiklerini ösdürmegi talap edýär. Okuwçy maglumaty näçe gezek okanlygy barada gürrüň etmän, okan maglumatlarynyň mazmunyny aňly we düýpli aýdyp bermegi başaryşyny gazanmaly. Şonuň üçin maglumatlary ýatdan aýdyp bermän köp gezek okamak häsiýetleri ösdürmeli.

Bu usulyň kemçilikleri – köp wagtyň we güýjüň sarp edilmegi, onuň az tygşytlylygydyr. Ondan başga-da bu usul çagalaryň ýaş we aýrabaşga aýratynlyklaryny göz öňünde tutmaýar. Kemçilikli düzülen kitaplarynda okuw prosesini dolandyrmaga we oňa özbaşdak gözegçilik etmäge ýeterlik maglumatlary ýok. Şonuň üçin mugallym gowy kitaplary saýlamaly we bu usuly başga usullar bilen utgaşdyryp ulanmaly.

**Demonstrasiýa (görkezmek) usulynyň** mazmuny okuwçylary hadysalar, prosesler, obýektler bilen olaryň natural görkezme – duýgy görnüşinde tanyşdyrmakdyr. Bu usul öwrenilýän hadysalaryň ösüşini (dinamikasyny) açmak üçin we öwrenilýän predmetleriň daşky görnüşi, içki gurluşy ýa-da özi bilen birmeňzeş predmetleriň arasynda ýerleşişi bilen tanyşdyrmak üçin ulanylýar. Natural obýektleri görkezende hemişe daşky görnüşinden (ululygy, formasy, reňki, bölekleri we olaryň aragatnaşygy) başlaýarlar. Soňra ýörite saýlanan we bellenen (gurbaganyň dem alşy, guralyň hereketi ýaly) onuň içki gurluşyna ýa-da aýry häsiýetlerine geçýärler. Çeper eserleriň, döredijiligiň, egin-eşikleriň nusgalarynyň görkezilişi bütewi kabul etmekden başlanýar. Görkezmek köp halatlarda görlen obýektleriň shematiki suratlary bilen alnyp barylýar. Tejribeleriň görkezilişi, tagtada çyzyp görkezmek ýa-da shemalary görkezmek, tejribäniň esasynda ýatan ýörelgelere düşünmegi ýeňilleşdirýär.

Okuwçylaryň özleri predmetleri, prosesleri we hadysalary öwrenende gerek bolan ölçegleri ýerine ýetirende, garaşlylygy bellänlerinde, olaryň netijesinde işjeň bilim alyş proses amala aşyrylýar – zatlar, hadysalar aňlanylýar. Şonda bu usulyň dogrudanam effektiwligi ýüze çykýar.

Demonstrasiýany bilim almagyň aktiw usuly hökmünde sada görkezmeklikden aratapawutlandyrmak gerek. Meseleleýin (problem) we barlag häsiýeti bolan “işjeň görkezmekde” okuwçylaryň ünsi predmetleriň, hadysalaryň, prosesleriň tötänleýin tapylan häsiýetlerinde jemlenmän, eýsem olaryň ünsi gerek bolan maglumatlarda jemlenýär. Netijede olar okadylýanlar tarapyndan tiz, ýeňil we doly aňlanylýarlar. Görkezmekde söz esasy rol oýnamasa-da, ol elmydama syn etmek bilen bolup onuň geçişini we netijesini seljermäge gulluk edýär. Okuwçylaryň özbaşdaklygyny özdürmek üçin olaryň gören zadyny düşündirmegi talap etmeli.

Tebigy şertlerde geçýän real predmetleri, hadysalary ýa-da prosesleri görkezmek uly didaktiki gymmatlyklara eýe bolýar. Köp halatlarda onuň ýaly demonstrasiýa etmäge mümkinçilik bolmaýar ýa-da kynçylyk döreýär. Şonuň ýaly ýagdaýlarda emeli gurşawdaky natural predmetleri (mysal üçin haýwanat baglaryndaky haýwanlary), ýa-da emeli ýasalan obýektleri tebigy gurşawda (mysal üçin kiçeldilen mehanizmleriň kopiýalaryny) görkezmäge ýüz urýarlar.

Natural obýektleriň emeli ýasalanlary, uly modelleri ähli predmetleri öwrenende wajyp rol oýnaýarlar. Olar konstruksiýalar, olaryň hereket ediş ýörelgeleri bilen tanyşmaga mümkinçilik berýärler. (mysal üçin, eliň barmaklarynyň ýa-da gözüň gurluşy bilen, içinden ýandyrylýan dwigatel bilen, geometriki figuralaryň kesmikleri bilen, ýeriň relýefi bilen). Häzirki zaman modelleriniň köpüsi tehniki we tehnologik häsiýetleri kesgitlemäge, dürli ölçegleri geçirmäge mümkinçilik berýärler.

Demonstrasiýa (görkeziş) usulynyň effektiwligine mugallymyň obýektleri dogry saýlaýşy, okuwçylaryň ünsüni görkezilýän hadysalaryň esasy taraplaryna gönükdirmegi, bu usulyň dürli usullar bilen utgaşdyrylyşy täsir edýärler. Demonstrasiýa (görkeziş) prosesi şeýle guralmaly :

- görkezilýän obýekti ähli okuwçylar gowy görmeli;
- görkezilýän obýekti okuwçylar diňe gözi bilen däl, mümkin boldugyndan ähli duýgy organlary bilen kabul edip bilmeli;
- obýektiň esasy öwrenilmeli ýerleri, okuwçylara uly täsir etmeli, olaryň ünsüni özüne çekmeli;
- okuwçylarda öwrenilýän obýektiň hilini özbaşdak ölçemäge mümkinçilik döretmeli.

**Illýustrasiýa (görkezme)** didaktikada özbaşdak usul hökmünde garalýan demonstarsiýa (natural görkezme) usulyna ýakyndyr. **Illýustrasiýa** prosesleri we hadysalary olaryň simwoliki sikl, plakatlar, kartalar, portretler, suratlar, fotosuratlar,

reproduksiýalar, modeller görnüşinde görkezmegi we kabul etmegi göz öňünde tutýar. Soňky görkezme esbaplar tejribesi bir topar täze serişdeler bilen baýlaşdyryldy. Köpreňkli plastika bilen örtülen kartalar, taryhdan albomlar, atlaslar we ş.m.

Demonstrasiýa we illýustrasiýa usullary biri-biri bilen berk arabaglanyşykda ulanylyp, biri-birini dolduryarlar we täsirini güýçlendirýärler. Eger-de prosesi ýa-da hadysany okuwçylar bütewi kabul etmeli bolsa, onda demonstrasiýa usuly ulanylýar. Eger-de hadysanyň manysyny onuň komponentleriniň (düzümleriniň) arasyndaky arabaglanyşyklary bilen aňlamaly bolsa, onda illýustrasiýa usuly ulanylýar.

Köp hadysalaryň we prosesleriň manysy dinamiki we statiki, reňkli we gara-ak tekiz modelleriň kömegi bilen açylyp görkezilýär. Goýlan maksat we didaktiki meseleler hasaba alnyp dogry ulanylan ýagdaýynda bu modeller mugallymlara we okuwçylara köp kömek eder. Olar düşünjeleriň emele gelmegini ýeňilleşdirýärler. Geografiki kartalarsyz, diagrammalarsyz, grafiklersiz, tablisalarsyz we ş.m. ýokary hilli we tiz öwretmäne mümkinçilik bolmaz.

Illýustrasiýanyň aýratyn görnüşi hökmünde edebiýat taryh, dil sapaklarynda ulanylýan “gahrymanlaryň illýustrasiýasy” çykyş edýär. “Böri we owlajyk”, “Söz we sözlem”, ýazyjylaryň, şahyrlaryň, serkerdebaşylaryň, gahrymanlaryň portretleri görüş we duýgy organlary bilen kabul edilip, olaryň eden hereketleri okuwçylaryň aňynda uly yz galdyrýarlar.

Illýustrasiýanyň effektiwligi köp babatda görkezme usulyna garaşlydyr. Görkezme esbaplar we olary görkezmegiň formalary saýlananda olaryň didaktiki gönükdirilenligi, bilim berijilik prosesinde orny we roly barada gowy pikirlenmeli.Mugallymyň öňünde görkeziljek materialyň optimal göwrümini kesgitlemek probelmasy-da dur.

Tejribe, görkezme esbaplaryň köp ulanylyşy öwrenilýän maglumatlaryň esasyny öwrenmekden okuwçylaryň ünsüni sowýandygyny görkezýär. Görlezme esbaplary öňünden taýyarlaýarlar, olary diňe okuw işiniň gidişinde gerek bolan wagtynda görkezýärler. Aýratyn ýagdaýlarda okuwçylara paýlanýan maglumatlary ulanmak maksada laýykdyr. (foto suratlar, diagrammalar, tablisalar we ş.m.) Häzirki zaman mekdeplerinde ýokary hilli illýustrasiýa üçin ekranly tehniki serişdeleri giňden ulanylýarlar.

**Wideometod** (wideo usul). Okuw jaýlarynyň tejribesine ekranly görkeziş serişdeleriniň täze çeşmeleriniň intensiw girizilmegi **wideousuly** beýleki usullardan

aýryp, oňa okatmagyň aýratyn usuly hökmünde garamagy talap edýär : (kodoskop, proýektorlar, kinoapparatlar, okuw telewideniýesi, wideomagnitafonlar, wideomerkezler, habary displeý bilen şöhlelendirýän kompýuterler). **Wideousul** diňe bir bilimleri bermän, olara gözegçilik etmek, olary berkidýän gaýtalamaga, jemlemäge, uýgunlaşdyrmaga mümkinçilik berip, didaktiki funksiýalaryň ählisini ýerine ýetirýär. Usul maglumatlary görkezmek üsti bilen kabul etmäge gönükdirilendir. Bu usul bilimleri özleşdirmegiň induktiw we deduktiw ýollaryny, okuwçylaryň dürli derejedäki özbaşdaklygyny we okuwçylaryň bilesigelijilik işjeňligini, bilesigelijilik prosesi dolandyrmagyň dürli ýollaryny öz içine alýar. Bu ýerde gürrüň usul barada gitmän eýsem toplumlaýyn didaktiki tehnologiýa barada gidýär.

Bu usulyň bilim berijilik we terbiýeleýjilik funksiýalary görkezme obrazlaryň ýokary effektiw täsiri bilen şertlendirilýär. Görkezme esbap formasynda hödürlenen maglumat kabul etmek üçin elýeter, aňsat we tiz özleşdirilýär. Görkezme esbap formasynda berlen maglumatlaryň ösdürijilik täsiri ony kabul etmek, ýatlamak üçin barlag gönükmeleri we soragnamalar (testler) berilmedik ýagdaýynda netijesi pes bolýar. Kinoekran we telewizor döredijilikli we özbaşdak abstrakt pikirlenmegiň ösüşine pes täsir edýär. Kino we tele-ekranyň meseleleýin çeşme hökmünde we özbaşdak barlaglaryň höweslendirijisi hökmünde çykyş etmegi üçin okatmak işini ýörite guramak gerek.

Okuw prosesinde wideo usuly ulanmak : a) okuwçylara öwrenilýän hadysalar we prosesler barada doly, dogry we anyk maglumatlary bermäge; b) okuw prosesinde görkezip okatmagyň roluny ösdürmäge; ç) okuwçylaryň islegini, talaplaryny we gyzyklanmasyny kanagatlandyrmaga; d) mugallymy okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny, depderlerini barlamak bilen baglanyşykly gözegçilik we düzediş ýaly tehniki işlerden boşatmaga; e) gaýdyp gelmek aragatnaşygyny effektiw gurnamaga; ä) ýetişigi obýektiw hasaba almaga, doly we ulgamly gözegçiligi guramaga mümkinçilik berýär.

Wideo usulyň kömegi bilen köp didaktiki we terbiýeçilik meseleler effektiw çözülýärler. Ol :

1) täze maglumatlary beýan etmekde : gözüň bilen görüp bolmaýan örän ýuwaş geçýän proseslerde (ösümligiň ösüşi, suwuklyklaryň diffuziýa hadysasy), tiz geçýän proseslerde syn edip, hadysanyň manysyny açyp bolmadyk ýagdaýynda (urgy, zatlaryň kristallaşmagy we ş.m.)

2) çylşyrymly mehanizmleriň we maşinleriň hereketiniň prinsiplerini ösüşde düşündirmekde;
3) dürli işleri ýerine ýetirmekde algoritmleri öwretmekde;
4) daşary ýurt dilleri sapaklarynda ýörite dil gurşawyny döretmekde;
5) okatmagy durmuş bilen baglanyşdyrmakda, taryh, jemgyýeti öwreniş, edebiýat, sapaklarynda wideo resminamalary ulanmaga;
6) soragnamalaryň (testleriň) üsti bilenokuwçylaryň bilimlerini barlamaga;
7) gerek bolan ölçegleri geçirmäge, prosesleri modelirlemäge, türgenleşmek üçin işleri, gönükmeleri ýerine ýetirmäge;
8) okuw-türgenleşik we barlag işleri geçirmek üçin gerek bolan maglumatlar bazasyny (bankyny) döretmäge;
9) okatmagy guramaga differensirlenen garaýyş döretmek, synpyň her bir okuwçysynyň ýetişigini kompýuterde hasaba almaga;
10) pedagogik dolandyrmagyň hilini ýokarlandyryp, okuw prosesini rasionalizasiýalaşdyrmaga, onuň netijesini ýokarlandyrmaga, berilýän maglumatlaryň optimal göwrümini saýlamaga we ylmy maglumatlary özleşdirmäge peýdalydyr.

Häzirki zaman wideo maglumatlar serişdeleri öwrenilýän temanyň esasy ýerlerini saýlamaga, görkezmäge kömek edip, diňe bir wideo habary özleşdirmek üçin gowy şertleri döretmekden başga-da kyn temalaryň manysyny görkezme – obraz görnüşinde açmaga, onuň gurluşyny görkezmäge esasanam, multiplikasiýanyň baý mümkinçilikleri bardyr.

Bu usulyň effektiwligi mugallymyň şahsy ussatlygyna az garaşly bolup, ol wideo serişdeleriň we ulanylýan tehniki serişdeleriň hili bilen göni baglydyr. Wideo usul okatmak prosesinden onuň gurluşynyň anyk, pikirlenen, maksadalaýyk bolmagyny talap edýär.

Wideousul, mugallymdan okuwçylary öwrenilýän meseleler toplumyna girizmek üçin, olaryň işini gönükdirmek üçin, umumy jemlemeleri etmek üçin, özbaşdak işi ýerine ýetirende olara aýrabaşga kömek etmek üçin ösen başarnyklar talap edýär.

**Gönükmeler** tejribe usullaryň arasynda özüniň ýokary effektiwligi bilen aratapawutlanýarlar. Bu usulyň wajyp didaktiki funksiýalaryna we aýratynlyklaryna üns bereliň. Hereketleri ele almak ýa-da olaryň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen meýilnamalaşdyrylyp gurnalan gaýtadan ýerine ýetirmeklige – **gönükme usuly** diýilýär. Dogry gurnalan gönükmelersiz okuw we tejribe başarnyklary, endikleri ele alyp bolmaýar. Gyssanman we ulgamlaýyn ýerine ýetirilýän gönükmeleriň netijesi –

berkidilen endiklerdir. Olaram öz gezeginde üstünlikli we öndürijilikli zähmetiň ynamly serişdesidir. Bu usulyň wajyplylygy onuň başarnyklary we endikleri effektiw (netijeli) emele getirmegidir, kemçiligi bolsa oýandyryjy funksiýany doly ýerine ýetirmeýänligidir.

Gönükmeleriň **ýörite, kommentirlenen** (düşündirilýän) we **emele gelen** görnüşleri bardyr. Okuw, zähmet başarnyklaryny we endiklerini kämilleşdirmäge gönükdirilen we birnäçe gezek gaýtalanýan gönükmelere **ýörite gönükmeler** diýilýär. Eger-de ýörite gönükmelere öň ulanylan gönükmeler girizilse olara **proizwodnyý** diýilýär. **Proizwodnyý gönükmeler** öň emele gelen endikleri gaýtalamaga we berkitmäge kömek edýärler. Proizwodnyý gönükmesiz endik ýatdan çykýar. **Kommentirlenen** gönükmeler okuw prosesini işjeňleşdirmäge okuw tabşyryklaryny aňly ýerine ýetirmek üçin hyzmat edýärler. Onuň esasy manysy – mugallym we okuwçy ýerine ýetirýän hereketlerini düşündirýärler (kommentirleýärler), onuň netijesinde maglumatlar gowy aňlanylýarlar we özleşdirilýärler. Başda bu işe güýçli okuwçylar çekilýärler, ondan soň synpyň ähli okuwçylary maglumatlary düşündirmäge gatnaşýarlar. Kommentirlenen (düşündirilýän) gönükmeler usuly sapagyň ýokary tempini (depginini) üpjün edýär, synpyň ähli okuwçylary tarapyndan maglumatlary aňly, berk özleşdirmäge mümkinçilik döredýär.

Okatmak işinde (prosesinde) **dil üsti gönükmeler** giňden ulanylýarlar. Olar sözleýşiň medeniýeti, logiki pikirlenmek we okuwçylaryň akyl ýetiriş mümkinçiliklerini ösdürmek bilen baglanyşyklydyrlar. **Dil üsti** gönükmeleriň niýetlenenligi dürli-dürlüdir : okatmagyň medeniýetini we tehnikasyny, dil üsti bilen gürrüň etmegi, bilimleri logiki beýan etmegi ele almakdyr. Dil üsti gönükmeler esasanam diller öwrenilende, esasanam daşary ýurt dilleri öwrenilende uly rol oýnaýarlar. Okuwçynyň ýaşy we ösüş derejesi bilen baglylykda dil üsti gönükmeler ýuwaş-ýuwaşdan çylşyrymlaşdyrylýarlar. Okatmagyň wajyp komponentlerini **ýazuw gönükmeleri** düzýärler. Olar stilistiki, grammatiki, orfografiki diktantlar, düzmeler, konspektler, meseleler çözmek, tejribeleri ýazga geçirmek we ş.m. Olar wajyp başarnyklary we endikleri emele getirmäge, özdürmäge we berkitmäge niýetlenendirler. Mugallym olaryň dürlüligi we köplügi barada alada etmelidir. Ýazuw gönükmelerine matematika, fizika, çyzuw, geografiýa, surat we önümçilik okuwynda ulanylýan **grafiki gönükmelerde** goşulýarlar. Laborator serişdeleri bilen zähmet gurallaryny ulanyp bilmek endiklerini ele almaga **laborator-tejribe gönükmeleri** mümkinçilik berýärler. Ýörite döredilen (işlenilip düzülen) okuw ýa-da önümçilik häsiýetli dürli görnüşli zähmet hereketleriniň ulgamyny **önümçilik – zähmet gönükmeleri** düzýärler. Olar sada we çylşyrymly bolýarlar : birinjisi, sada gönükmeler aýratyn zähmet tärlerini ýerine ýetirmäge, ikinjisi, çylşyrymly gönükmeler

önümçilik-zähmet işlerini bütewi ýa-da olaryň belli bir bölümini (stanogy işe taýýarlamak, obrazyň bir bölegini ýasamak we ş.m.) ýerine ýetirmäge niýetlenendirler.

Gönükmeler netijeli bolmagy üçin käbir talaplary ödemelidirler. Olara :

- işiň hiliniň ýokarlanmasyna okuwçynyň, aňly gönükdirilmegi;
- hereketleri ýerine ýetirmegiň düzgünlerini bilmek;
- hereketiň ýerine ýetiriliş şertlerini aňly hasaba almak we gözegçilik etmek;
- netijeleri hasaba almak;
- gaýtalamagy wagt boýunça paýlamak.

**Laborator usuly** fizika, himiýa, biologiýa dersleri okadylanda ulanylýarlar we okuwçylaryň özbaşdak eksperimentleri, barlaglary geçirmegine esaslanandyr. Tejribeler aýrabaşga we toparlaýyn geçirilýärler. Bu usul okuwçylardan passiw ýerine ýetiriji, barlaglary ýerine ýetiriji we gatnaşyjy hökmünde bolman, işjeňligi we özbaşdaklygy talap edýär. **Laborator usuly** abzallar bilen işlemegiň başarnyklaryny we endiklerini ele almaga mümkinçilik berýär, wajyp tejribe başarnyklaryň : ölçemek we sanyny çykarmak, netijeleri işlemek we olary öň bar bolanlary bilen deňeşdirmek, özbaşdak barlaglaryň belli bolan we täze ýollaryny kämilleşdirmek üçin örän gowy şertler döredýär.

**Laborator meseleleýin problemalaýyn (barlag) usuly** aýratyn effektiwligi bilen aratapawutlanýar. Barlagyň çaklamasyny, onuň amala aşyrylyş ýoluny, gerek bolan materiallary we enjamlary okuwçylaryň özleriniň saýlamaklygy bu usulyň beýleki usullardan aratapawudydyr. Ýüze çykýan kynçylyklar özbaşdak işlemegi talap edýärler, bu işiň mugallymyň ýolbaşçylygynda ýerine ýetirilýän işden aratapawudy, okuwçylar meseläni rasional ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýän özbaşdak maksada ýetmek ýoluny gözleýärler, meseläniň doly manysyna düşünjek bolýarlar.

Problem (meseleleýin) çemeleşmek okuwçylary işjeň, gözleýjiniň ýerine goýýar, köp kiçi we uly meseleleri özbaşdak çözmegi talap edýär; esasy we kömekçi maglumatlary toplamak we bahalandyrmak; çaklamalary saýlamak, ýetmeýän maglumatlary esaslandyryp toplamagyň ýollaryny saýlamak.

Problemalary (meseleleri) çözmek öndürijilikli pikirlenmäni işjeňleşdirýär, akyl ýetirilen predmetleriň we hadysalaryň sanynyň köpelmegine getirýär, esasanam okatmaga täze çemeleşme, okuwçy çemeleşmesi däl-de döredijilik çemeleşmesini döredýär.

Laborator usuly çylşyrymly, ýörite we gymmat bahaly enjamlaryň bolmagyny, mugallymyň we okuwçynyň gowy taýýarlygyny talap edýär. Ony ulanmak köp güýjüň we wagtyň sarp edilmegi bilen baglydyr. Şonuň üçin, mugallym laborator usulyny meýilleşdirende, özbaşdak barlag-gözleg işleriniň, sada, tygşytly ýollar bilen amala aşyrylýan işlerden netijesiniň ýokary boljakdygyna göz ýetirmelidir.

**Tejribe usulynyň laborator** usulyndan aratapawudy okuwçylaryň alnan bilimlerini ýerine ýetirýän işlerinde, tejribede, ýumuşlary ýerine ýetirmekde ulanyşydyr. Oňa tejribede alnan bilimleri durmuşda ulanmak sürülýär. Bu usul bilimleri, başarnyklary çuňlaşdyrmak, gözegçilik we düzediş meselelerini çözmek we akyl ýetiriş işini höweslendirmek funksiýalaryny ýerine ýetirýär.

Tejribe sapaklarda okuwçylaryň akyl ýetiriş işiniň içinden geçýän 5 (bäş) etapy saýlanylýar.

1. Mugallymyň düşündirişi. Işiň nazary aňlanyş etapy.
2. Görkezmek. Instruktaž etapy.
3. Barlap görmek. Bu etapda iki-üç okuwçy işi ýerine ýetirýärler, galan okuwçylar bilen mugallym işiň ýerine ýetirilişine syn edýärler, eger-de işiň gidişinde ýalňyşlyk goýberilse, işi ýerine ýetirýänlere duýduryş berilýär.
4. Işiň ýerine ýetirilişi. Bu etapda her bir okuwçy ýumuşy özbaşdak ýerine ýetirýär. Bu iş ýerine ýetirilende mugallym, esasanam işi ýaman ýerine ýetirýän okuwçylara üns berýär.
5. Kontrol (gözegçilik). Bu etapda okuwçylaryň işleri kabul edilýärler we bahalandyrylýar. Ýumuşyň, hili, wagtyň tygşytly peýdalanyşy, materiallar, tizlik we dogry ýerine ýetirilişi hasaba alynýar. (E.Ý.Golant)

Tejribe usuly beýleki usullar bilen deňeşdirilende okuwçylary tabşyryklary göwnejaý ýerine ýetirmegi öwretmäge kömek edýär, olarda hojalykçylyk, tygşytlylyk hilleriň emele gelmegine täsir edýär. Okuwçylarda zähmet prosesini gowy gurnamagyň häsiýetini emele getirýär (ediljek işiň maksadyny aňlamak, onuň çözülişiniň wezipelerini we şertlerini seljermek, işiň ýerine ýetiriliş meýilnamasyny we grafigini düzmek, materiallary we enjamlary taýýarlamak, işiň hiline gözegçilik etmek, netijeleri seljermek).

**Bilim beriji (didaktiki) oýunlar** – bu ýörite döredilen modelleşdirlen real ýagdaý bolup, okuwçylara ondan çykalga tapmak hödürlenýär. Bu usulyň esasy niýeti – akyl

ýetiriş prosesi höweslendirmekdir. Höweslendirmeleri okuwçylar özleriniň esasy işjeň çykyş edýän oýunlarynyň üsti bilen alýarlar.

Bilim beriji oýunlar usulynyň taryhy uzyndyr. Ol eýýam gadymy didaktiki ulgamlarda ulanylypdyr. XX asyryň 80-nji ýyllarynda mekdeplere elektron hasaplaýyş maşynlary (EHM) ornaşdyrylyp, çylşyrymly ýagdaýlary modelirlemäge mümkinçilik ýüze çykanda bu usula ýene-de gyzyklanma döredi. Tehniki serişdelere bilen bütewilikde bilim beriji oýunlar okuwa bolan höwesi goldaýarlar we oýaryjy problemalary effektiw ýerine ýetirýärler, okuwçylar maşin bilen ýaryşyp, öz güýjüniň hasabyna bilimleri ele alýarlar. Okatmagyň hilini düzetmäge, oňa operatiw gözegçilik etmäge mümkinçilik berýärler.

Bu oýunlaryň arasynda dürli matematiki, lingwistiki oýunlar, oýun-syýahatlar, elektron wiktorina görnüşli oýunlar, “Konstruktor”, “Başarjaň”, “Ýaş himik” ýaly tematiki oýunlar bar.

Soňky on ýylyň içinde **simulýasion oýunlar** (belli bir hili görkezmäge kömek edýän oýunlar) we oýunlaryň ideýalaryny **insenizasiýa** we **generasiýa** etmek oýunlar usuly ýüze çykdy we ýaýrady. **Simulýasion** oýunlaryň üsti bilen okuwçylar öň hakyky bolan, hasap edilen meseleleri (problemalary) hemmetaraplaýyn seljermäge girişýärler, synanyşýarlar. Mysal üçin taryh sapagynda öz hereketleriňi we netijeleriňi deputatyň hereketleri bilen deňeşdirip parlamentiň maslahatynyň geçişini görkezmek. Bu oýun okuwçylara şol ýa-da başga kanunlaryň kabul edilmeginiň sebäplerini tapmaga we düşünmäge kömek edýär.

**Insenizasiýa** usuly öň dogrudanam bolup geçen wakalary belli bir tema boýunça öňünden taýýarlanan dialog, diskussiýa (çekeleşik) formasynda, teatrlanan görnüşde görkezmek formalarynda amala aşyrylýar. Bu usulyň gurluşy şeýleräk bolup biler.

| Etaplar | Mugallymyň maksatlary | Okuwçylaryň maksatlary |
|---|---|---|
| 1. Taýýarlyk<br>2. Başlanmak<br>3. Guramak<br>4. Insenirowka<br>5. Seljermek | Meýilnama we mazmun<br>Temany we maksady kesgitlemek<br>Rollary paýlamak | Düşünmek<br>Itergi (motiw)<br>Rollary kabul etmek<br>Gatnaşmak |

| | | |
|---|---|---|
| | Syn etmek, ýolbaşçýlyk etmek<br><br>Jemini jemlemek | Düşünmek |

**Ideýalary generasiýa etmek usuly** ýokary derejeli hünärmenleri we döredijilikli işleýän işgärleri taýýarlamak usullar toplumyndan alnan. Ol "beýnä hüjüm" usulyny ýatladýar. Bu usulyň amala aşyrylyşynda kyn problemany çözmäge gatnaşyjylaryň ählisi ýapyşyp, onuň çözgüdi barada öz pikirlerini aýdypdyrlar. (generasiýa).

**Okatmagyň programmirlenen usullary** okuw prosesini dolandyrmagyň effektiwligini ýokarlandyrmaga gönükdirilip, ýörite serişdeleriň kömegi bilen gözegçilik edilip we aýrabaşga tizlikde ýerine ýetirilip, onda okuwçylaryň özbaşdak işiniň ornyny belli bir derejede ýokarlandyrmagy göz öňünde tutýarlar.

Okatmagyň programmirlenen usullary täze we adaty ideýalar bilen bäsleşýärler. Ulanylýan programmirlenen okuw usullaryny şu aşakdaky toparlara bölüp bolar :

- maglumatlary hödürlemek usullary;
- programmirlenen ýumuşlary ýerine ýetirmek usullary;
- gözegçilik we düzediş usullary.

Maglumatlary hödürlemek (taýýarlap bermek) programmirlenen okuw usuly maşinli we maşinsiz gurnalyp bilner. **Maşinli usul** bilen maglumatlary beýan etmek – bu displeýleriň kömegi bilen olara ekranda görkezmekdir. **Maşinsiz usul** – okuw maglumatlary ýörite programmirlenen okuw kitaplarynyň üsti bilen beýan etmekdir. Okuw maglumatlarynyň programmirlemegiň 3 (üç) esasy ulgamy bardyr : liniýaly (çyzyklaýyn), şahalandyrylan we gatyşyk (kombinirlenen). Liniýaly (çyzykly) programmada maglumatlar kiçi böleklere (dozalara) bölünýärler, we yzygiderli (çyzykly) öwrenilmäge hödürlenýärler. **Şahalandyrylan** programma okuwçylar ýalňyşanda ýa-da jogap berende kynçylyk çekseler, şahalandyrylan programma goşmaça düşündirişler girizilýär.




Gatyşyk programma çyzyklaýyn we şahalandyrylan programmalarynyň birleşiginde emele gelýär.

**Ýumuşlary we gönükmeleri ýerine** ýetirende programmirlenen okuw özboluşly guralýar. Bu ýumuşlar üç maksat yzarlap her bir okuw maglumatlarynyň her bir bölegi özleşdirilende göz öňünde tutulýarlar : trenaž, gaýtadan arabaglanyşyk we gözegçilik. Olaryň dogry ýerine ýetirilişini okuwçynyň okuwda öňe gidişi kesgitleýär. Maşynsyz we maşynly ýumuşlary we gönükmeleri guramak usullaryda ulanylýarlar.

Maşynsyz ýumuşlary we gönükmeleri ýerine ýetirmek ýörite taýýarlanan okuw kitaplarynyň üsti bilen ýerine ýetirilýärler. Maşynly usul bilen türgen ýumuşlary, gönükmeleri displeýiň ekranynda ýerine ýetirilýärler. Programmirlenen okuwyň iň esasy aýratynlyklarynyň biri okuwçylaryň öz jogaplarynyň dogrulygyny, oturan ýerinde şol wagt bilmegidir.

Programmirlenen okuw ýumuşlarynyň ýerine ýetirilişiniň netijeleri boýunça gözegçilik maşynsyz we maşynly bolup biler. Ýumuşlaryň ýerine ýetirilişine maşynsyz gözegçilik edilende perfokartalar, planşetlar ulanylýarlar. Maşynly gözegçilikde elektron hasaplaýyş maşynlary we başga tehniki serişdeler ulanylýarlar.

**Situatiw usul.** Bu kombinirlenen usul bolup, anyk şertlerde öňde goýlan maksatlara tiz we effektiw ýetmek üçin ähli belli bolan izolirlenen usullar netije bermedik ýagdaýynda, pedagog tarapyndan ulanylýar. Bu usuly şonuň üçin döredijilik, adaty däl diýlip hem atlandyrylýar we käbir pedagoglar tarapyndan goldanylmaýar. Bu usuly saýlamakda esasy roly situasiýa (ýagdaý) oýnaýar. Bu usul öňde goýlan maksada

ýetmek üçin adaty däl çözgütleri, adaty däl ýollary, ulanmaga mümkinçilik berýär. Pedagog bu çözgütlerden gelip çykýan netijeleri öňünden görmegi başarmaly. Situatiw usulynda dürli adaty we täze ýollar, öňki we täze ideýalar , düzgün bolşy ýaly biri-biri bilen baglanyşýarlar we çatyşýarlar. Diňe situatiw (ýüze çykan ýagdaý) usul bilen Şatalow, iIin, Guzik, Wolkow ýaly täzelikçi-pedagoglar uly üstünlikler gazandylar.

Bu usulyň gurluşy we mazmuny barada kesgitli bir zat aýdyp bolmaýar : ol bir situasiýadan (ýagdaýdan) başga bir situasiýa (ýagdaýa) geçende üýtgeýär. Bu usul pedagogyň öz şahsy garaýşyna we pedagogik prosese düşünişine daýanyp, özüniň özbaşdak döreden eseridir.

## Okatmagyň usullaryny saýlamak

Okatmagyň usullaryny saýlamak proizwod bolup bilmez. Mugallym usullary haýsysy gerek bolsa özüne saýlap alýar diýen pikir diňe bir bada, onda-da hünärmen bolmadyk adamda ýüze çykýar. Maksada ýetmek üçin ýollary kesgitlemek aňsat iş däl. Bar bolan mümkinçilikler, obýektiw we subýektiw sebäpler, tötänlikler usul saýlamak diapozonyny gysgaldýarlar we mugallyma effektiw işlemek üçin sanagly ýollary galdyrýarlar. Şol ýa-da başga bir usuly saýlanda, her gezek mugallyma köp garaşlyklary hasaba almak gerek bolýar. Ilkinji hatarda sapakda çözüljek esasy maksat we anyk wezipeler kesgitlenmeli. Olar öz gezeginde öňde goýlan wezipelere ýetmegiň usullary saýlamaga kömek edýärler. Ondan soň, akyl ýetiriş prosesini gowy ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýän maksada gönükdirilen optimal ýollar saýlanýar.

Psihologik pedagogik edebiýatlarda usullaryny saýlamaga täsir edýän birnäçe sebäpler saýlanypdyr. Şu tablisada olar yzygider ulgama salnan.

### Usullary saýlamaga täsir edýän faktorlar yzygiderligi

| Faktor | Faktoryň täsiri | Orny |
|---|---|---|
| Okatmagyň maksady. Okatmakda hökmany ýetmeli dereje …… | 0,90 | 1 |
| Okatmagyň itergisiniň (motiwiniň) derejesi ……….. | 0,86 | 2 |
| Okatmagyň ýörelgeleriniň, kanunalaýyklarynyň ulanylyşy …… | 0,84 | 3 |
| Hökmany ulanylmaly talaplaryň we mazmunyň göwrümi …… | 0,80 | 4 |

| | | |
|---|---|---|
| Okuw maglumatlarynyň möçberi we çylşyrymlylygy ……….. | 0,78 | 5 |
| Okuwçylaryň taýýarlyk derejesi ……………………………. | 0,70 | 6 |
| Okuwçylaryň işjeňligi we gyzyklanmasy …………………….. | 0,65 | 7 |
| Okuwçylaryň ýaşy, başarjaňlygy ……………………………… | 0,62 | 8 |
| Okuw endikleriniň emele gelşi. Okuw türgenleşigi we çydamlylygy ……………………………………………….. | 0,60 | 9 |
| Okadylýan wagty …………………………………………… | 0,55 | 10 |
| Okatmagyň guramaçylyk we material tehniki şertleri ……….. | 0,50 | 11 |
| Öňki sapaklarda usullaryň ulanylyşy …………………………. | 0,40 | 12 |
| Sapagyň tipi (görnüşi) we strukturasy (gurluşy) ……………… | 0,38 | 13 |
| Okuw işiniň netijesinde emele gelen mugallym bilen okuwçylaryň aragatnaşygy (özara gatnaşyk ýa-da awtoritar) …. | 0,37 | 14 |
| Synpda okuwçylaryň sany ……………………………………. | 0,36 | 15 |
| Mugallymyň taýyarlyk derejesi ………………………………. | 0,35 | 16 |

Okatmagyň usullaryny saýlamagyň 6 (alty) sany şertini aýryp bolar :

1. Olardan gelip çykýan okatmagyň kanunalaýyklyklary we ýörelgeleri.
2. Kesgitlenen ylmyň umuman mazmuny we usuly, hususanam onuň predmeti we temasy.
3. Okatmagyň maksatlary we wezipeleri :
4. Okuwçylaryň okuw mümkinçilikleri (ýaş, taýyarlyk derejesi, synp toparynyň aýratynlyklary).
5. Daşky şertleri (geografiki, önümçilik gurşawy).
6. Mugallymlaryň mümkinçilikleri (tejribesi, taýýarlyk derejesi, okuw prosesiniň tipli häsiýetlerini bilşi).

   Okatmagyň optimal (gerek bolan, wajyp) usullaryny nähili saýlaýarlar ?

Formal taýdan olary saýlamak onça bir çylşyrymly däl. Nazary köplük garaýşa daýanyp şeýle pikir edýäris. Okatmagyň käbir köpdürli usullarynyň ulanylýan şertleriniň-de köpdürliligi bar. Real pedagogik prosesde köpdürli usullardan we şertlerden başga-da göwrümini, täsiriniň ugruny öňünden göz öňüne getirip bolmajak hereket edýän näbelli, tötänleýin sebäpler bar. Bir zady ýatda saklamaly : garaşylmadyk, gözegçilik edilmedik

sebäpleriň ýüze çykmagy bilen anyk netijeleriň ynamly bolmagy şertlendirilýär. Usullary optimizasiýalaşdyrmak birtaraplaýyn formirlenýär : bar bolan şertlerden, usullaryň köplüginden okatmagyň derejesini ýokarlandyrmaga kömek edýänlerini saýlamak wajyp.

Şu gün okatmagyň optimal usullaryny saýlamakda mugallyma ynamly kömekçi hökmünde elektron hasaplaýjy maşyn (EHM) çykyş edýär. EHM – usullary, okatmagyň anyk şertleriniň eleginden geçirip mugallymyň öňünden şertlendirilen kriteriýalaryny kanagatlandyrýan ýollarda öz saýlawyny saklamaga maslahat berýär.

## Okatmagyň formalary we guralyşy

Kesgitlenen tertipde we rejede amala aşyrylýan mugallym bilen okuwçylaryň dogry gurnalan işiniň daşky keşbine **okatmagy gurnamagyň görnüşleri** (guramaçylyk formalary) diýilýär. Olar sosial taýdan şertlendirilip, didaktiki ulgamlaryň ösüşi bilen ýüze çykýarlar we kämilleşýärler. Okatmagyň guramaçylyk formalary dürli kriteriýalar boýunça toparlara bölünýärler; okuwçylaryň sany; okaýan ýeri;okuw sapaklarynyň dowamlylygy bilen we ş.m. **Okuwçylaryň sany** boýunça olar : uly toparlaýyn, kiçi toparlaýyn, we ýekebara okatmak formalaryna bölünýärler. **Okaýan ýeri** boýunça mekdep we mekdepden daşary formalara bölünýärler. **Mekdebe** – mekdep sapaklary, okuw ussahanalarynda iş, mekdebiň tejribe uçastogynda, laboratoriýalarda we ş.m. degişlidir. **Mekdepden daşary** okuw formalaryna – özbaşdak ýerine ýetirilýän öý işi, syýahat, önümçilik edaralarynda sapaklar degişlidir. **Okuw sapaklary** dowamlylygy boýunça 45 minutlyk sapaklar, 90 minutlyk goşalandyrylan sapaklar gysgaldylan 70 minutlyk sapaklar we özbaşdak iş “jaňsyz sapaklara” bölünýärler.

Mekdep öz taryhy ösüşinde ol ýa-da başga bir okatmagyň guramaçylyk formalaryna agdyklyk berlen ulgamlarynyň birnäçe görnüşini bilýär : aýrybaşga – toparlaýyn (orta asyrlar mekdeplerinde); biri-birini okatmak (Angliýanyň bell-lankaster ulgamy); okuwçylaryň ukybyna görä toparlara bölüp okatmak (mangeým ulgamy), brigadalaýyn okatmak (XX asyryň 20-nji ýyllary); Amerikanyň “Tramp plan” ulgamy, onuň esasy mazmuny okuwçylar wagtyň 40% uly toparlarda (100-150 adam) geçirmeli, wagtynyň 20 % kiçi toparlarda (10-15 adam) geçirmeli we wagtynyň 40 % özbaşdak işi ýerine ýetirmäge ulanmaly.

XX asyryň 50-nji ýyllarynyň ahyrynda sapagyň gurluşynda we geçirilişinde trafaret we şablon ýagdaýlar ýüze çykyp  başlady. Ähli sapaklar diýlen ýaly belli bir gurluşly boldular, olar : guramaçylyk döwründen öý işini soramakdan, täze maglumatlary düşündirmekden, berkitmekden, bilimleri bahalandyrmakdan we öý işini bermekden ybarat boldular. Sapakda esasy hereket ediji mugallym boldy. Okuwçylaryň işi diňlemek boldy. Sapagyň gidişinde okuwçylaryň özbaşdak işine üns berilmedi. Ol ýa-ha hiç ulanylmady, ýa-da diňe täze maglumatlary berkitmekde ulanyldy.

XVII asyrda ýüze çykyp 300 ýyldan bäri ösüp gelýän synp-sapak ulgamy biziň ýurdumyzda-da daşary ýurtlarda-da köp ýaýran ulgamdyr. Onuň nazary ýollaryny işlän nemes pedagogy I. Şturmdyr. Bu ulgamyň nazary esaslaryny işläp tejribe tehnologiýasyna ornaşdyran Ý.A. Komenskidir.

Synp-sapak okuw formasynyň guralyşynyň şu aşakdaky aýratynlyklary bar :

- belli bir ýaşly, deň derejeli taýyarlanan, hemişelik okuwçylar sany;
- her synp öz ýyllyk okuw meýilnamasy esasynda işleýär;
- okatmagy meýilnamalaşdyrmak;
- okuw işi biri-biriniň yzyndan gelýän bölümlerden (sapaklardan) aýry arabaglanyşyklar hökmünde amala aşyrylýarlar;
- her bir sapak aýratyn bir derse bagyşlanýar (monizm);
- sapaklaryň hemişeliki yzygiderligi (reje);
- mugallymyň ýolbaşçylyk roly (pedagogik dolandyryş);
- okuwçylaryň akyl ýetiriş işleriniň dürli görnüşleri we formalary ulanylýar (işiň wariantlygy).

Synp sapak ulgamy okatmagyň beýleki görnüşleri bilen deňeşdirilende olardan üstün çykýan ýerleri köp. Mysal üçin, aýrabaşga okatmaklykdan içki gurluşynyň berkligi bilen, tygşytlylygy, bir mugallym bir wagtyň işinde okuwçylaryň uly topary bilen işlemegi, biri-birini okatmaklygy, toparlaýyn (kollektiwleýin) işleri ýerine ýetirmekligi, ýaryşmagy, okuwçylary terbiýelemägi we ösdürmägi  bilen aratapawutlanýar. Şol bir hatarda bu ulgamyň effektiwligini peseldýän kemçilikler hem bar. Olaryň  esasylarynyň biri  bilim derejesi “orta” okuwça daýanmak, okuwçylar bilen aýrabaşga okuw-terbiýeçilik işini geçirmeklige mümkinçiligiň ýoklugydyr.

Okuw işini guramagyň synp-sapak formasy okatmagyň esasy görnüşidir. Häzirki zaman mekdeplerinde  mundan başga-da okuw işiniň kömekçi, synpdan daşary, öý işi, özbaşdak iş ýaly formalary ulanylýarlar. Olara : kömekçi okuwlar, goşmaça sapaklar,

instruktažlar, konferensiýalar, gurnaklar we fakultatiw sapaklar, klub işleri, synpdan daşary kitaplary okamak, okuwçylaryň özbaşdak öý işleri degişlidir.

Käbir halatlarda okatmagyň synpdan daşary işleriniň formalaryna, okuw ekskursiýalaryny, mekdebiň tejribe uçastoklarynda işlemegi, ussahanalarda işlemegi, öz ýurduňa gezelençleri, stadionlarda we sport meýdançalarynda geçirilýän bedenterbiýe işlerini goşýarlar. Bu ýagdaýda adalgalaryň gatyşygy emele gelýär : hemişelik sanly okuwçyly synp sapak geçilýän synp otagy bilen birmeňzeş bolup çykýar, “jaňly sapaklar” jansyz sapaklara garşy goýulýarlar.

Aýdylandan ugur alyp, okuwy gurmagyň sapakdan daşary kömekçi formalary diýlip diňe özbaşdak öý işlerini we islegler boýunça gurnak sapaklaryny hasap etse bolar.

Okatmagyň synp-sapak ulgamyny guramagyň esasy komponenti (düzümi) hökmünde **sapak** ýüze çykýar. **Sapak** – bu many, wagt we guramaçylyk taýdan gutarnykly okuw prosesidir (etap, zweno, element). Özüniň wagtynyň azlygyna garamazdan sapak okuw prosesiniň (işiniň) çylşyrymly we jogapkärli etapydyr. Mekdep taýýarlygynyň hiliniň soňky netijesi aýry sapaklaryň hiline baglydyr. Şonuň üçin häzirki zaman pedagog nazarýetçileriniň we tejribeçileriniň esasy güýji gysga wagtyň içinde berlen okuwçylar topary bilen okatmagyň wezipelerini effektiw we gysga wagtyň içinde çözýän sapak tehnologiýalaryny döretmäge we ornaşdyrmaga gönükdirilendir. Gowy (ýokary hilli) sapak geçmek tejribeli mugallym üçin-de aňsat iş däl. Köp zat mugallymyň sapakdan edilýän talaplaryna düşünmegine we olary ýerine ýetirişine bagly bolup durýar. Olar jemgyýetiň talaby bilen, okuwçylaryň şahsy talaplary bilen, okatmagyň maksatlary we wezipeleri bilen, okatmak prosesiniň (işiniň) kanunalaýyklyklary we ýörelgeleri bilen kesgitlenýärler.

Häzirki zaman sapagynyň hillerinden edilýän umumy talaplaryň arasyndan şu aşakdakylary saýlanylýarlar :

1. Sapagy guramakda okuw-terbiýeçilik işiniň kanunalaýyklyklarynyň esaslaryny öňdebaryjy pedagogik tejribäni, ylmyň gazanan täzeliklerini ulanmak.
2. Sapagyň gidişinde ähli didaktiki ýörelgeleriň we düzgünleriň optimal aragatnaşygyny üpjün etmek.
3. Okuwçylaryň gyzyklanmalaryny, isleglerini we talaplaryny hasaba alyp, olaryň akyl ýetiriş işiniň öndürijiligini ösdürmegiň ähli şertlerini üpjün etmek.
4. Okuwçylar tarapyndan düşüner ýaly dersaragatnaşyk gurnamak,

5. Okuwçylaryň ösen derejesine daýanmak we öň öwrenilen bilimleri we başarnyklary arabaglanyşdyrmak.
6. Şahsyýetiň ähli sferalarynyň itergilerini (motiwlerini) we işjeňligini ösdürmek.
7. Okuw-terbiýeçilik işiniň etaplarynyň logiki we emosionallygyny gazanmak.
8. Pedagogik serişdeleriň ulanylyşynyň effektiwligini gazanmak.
9. Durmuş bilen, önümçiligiň işi bilen, okuwçylaryň şahsy tejribesiniň baglylygy gazanmak.
10. Tejribede hökmany gerek bolan bilimler, başarnyklar we endikler bilen, pikirlenmegiň we işlemegiň rasional tärlerini emele getirmek.
11. Okamak başarnyklaryny, öz bilimleriniň göwrümini hemişe doldurmak talaplaryny emele getirmek.
12. Her bir sapagy hemmetaraplaýyn, örän gowy anyklamak, çaklamak, proýektirlemek we meýilnamalaşdyrmak.

Her bir sapak üç maksada ýetmäge gönükdirilendir : okatmak, terbiýelemek, ösdürmek. Bu umumy talaplary hasaba alyp, sapakdan edilýän didaktiki, terbiýeçilik we ösdürijilik talaplar anyklanylýarlar. **Sapakdan edilýän didaktiki (ýa-da bilim berijilik) talaplara** şu aşakdakylar degişlidirler :

- her bir sapagyň bilim berijilik wezipesini anyk kesgitlemeli;
- Sosial (jemgyýet) we şahsy talaplary hasaba alyp, sapagy maglumatlardan doldurmaly we onuň mazmunyny optimizasiýalaşdyrmaly;
- akyl ýetiriş işiniň täze tehnologiýalaryny ornaşdyrmaly;
- işleriň dürli görnüşlerini, formalaryny we usullaryny rasional ulanmaly;
- sapagyň gurluşyny kämilleşdirmäge döredijilikli çemeleşmeli;
- okuwçylaryň özbaşdak işlerini kollektiw işleriň dürli görnüşleri bilen aralaşdyrmaly;
- täsirli gözegçiligi we dolandyrmagy, gaýtadan aragatnaşygyny tiz wagtda üpjün etmeli;
- sapagyň geçişinde ussatlyk we ylmy hasap.

**Sapakdan edilýän terbiýeçilik talaplar :**

- sapagyň okuw maglumatlarynyň terbiýeleýjilik mümkinçiliklerini, sapakda işi, sapakdaýerine ýetirip boljak real terbiýeçilik maksatlary düzmegi we goýmagy kesgitlemek;
- diňe okuw işiniň mazmunyndan we maksatlaryndan organiki gelip çykýan terbiýeçilik wezipeleri goýmak;
- okuwçylary umumyadamzat gymmatlyklary esasynda terbiýelemek durmuşda gerek boljak hökmany wajyp hilleri: tertipliligi, işjeňliligi, jogapkärligi, ýerine ýetirijiligi, ünsliligi, dogruçyllygy, kollektiwizmi terbiýelemek;
- okuwçylara ünsli we adamkärçilikli garaýyş, pedagogik taktyň talaplaryny ýerine ýetirmek, olar bilen hyzmatdaşlyk etmek we olaryň üstünlikleri bilen gyzyklanmak.

**Sapakdan edilýän ösdürijilik talaplar :**

- Okuwçylarda okuw-terbiýeçilik işine bolan položitel itergileri, gyzyklanmalary, döredijilik başlangyçlary we işjeňligi emele getirmek we ösdürmek;
- Okuwçylaryň psihologiki aýratynlyklaryny, olaryň ýakyn ösüş zonasyny (proýektirlemegi) gurmagy öwrenmek we hasaba almak;
- Ösüşde ýüze çykan täze hilli üýtgeşmeleri stimulirlemek (höweslendirmek), okuw sapaklaryny öňdebarýan, öňürtileýän derejede geçirmek;
- Okuwçylaryň intellektual, emosional, sosial ösüşleriniň tizligini anyklamak we ýüze çykýan üýtgeşikler netijesinde okuw sapaklaryny täzeden gurmak.

Sapakdan edilýän talaplaryň ýokarda sanalyp geçilenlerinden başga-da talaplar saýlanýarlar : **guramaçylyk, psihologik, dolandyryjylyk, mugallymyň okuwçylar bilen söhbetdeşliginiň optimal talaplary, hyzmatdaşlyk talaplary, sanitar-gigiýeniki (arassaçylyk), estetiki we başgalar.**

1. Häzirki zaman şertlerinde jemgyýetiň we ylmy-tehniki progressiň, pedagogik ylmyň ösüşi we tejribäniň täsiri astynda synp-sapak ulgamy kämilleşýär we **synp-kabinet, okuw-polimorf** formalaryna öwrülýär. Synp kabinet ulgamyny okadylýanlaryň aragatnaşyklarynyň ýörite dersler boýunça abzallaşdyrylan kabinetlerde (otaglara) geçýänligi bilen häsiýetlenýär. Kabinet (otag) ulgamy okuw prosesini häzirki zaman tehniki serişdeleri bilen ujün etmäge mümkinçilik döredýär. Okuwçylaryň bir otagdan başga bir otaga geçmegi olaryň aňynda täze intellektual zähmete geçmeginiň ýolynyň psihologiki taýdan tiz gaýtadan gurluşyny gazanmagyna getirýär.

Okuw-polimorf ulgamy synp-sapak we synp-kabinet (otag) ulgamlaryna esaslanýar, ýöne olaryň ösüş formalarynyň görnüşinde çykyş edip okatmagyň dürli formalaryny ulanmaklyga gönükdirilýär, olar leksiýalar (umumy okuw), seminarlar (amaly okuw) tejribe sapaklar, syýahatlar, gurnaklardyr. Sapak-polimorf ulgamynda sapak okatmagyň ýeke-täk formasyndan nazarýetiň, bölümiň, temanyň mazmunyny bütewi özleşdirmäge mümkinçilik berýän biri-biri bilen baglanyşykly okatmak ulgamynyň aýrylmaz esasyna öwrülýär. Munuň özi-de ulgamy polimorf ýa-da köpformaly, dürli görnüşli we dürlişekilli edýär.

Soňky wagtlar okuw işini, formalaryny kämilleşdirmegiň guramaçylyk işleri (ilkinji hatarda sapagyň) daşary ýurtlarda köp  alnyp barylýar.

Belli nemes pedagogy E. Drefenstedt çaganyň terbiýelenişini, bilim alyşyny optimal üpjün edýän okuw prosesiniň modeli gurupdyr. Onuň hödürleýän modeli (ony “rasional sapagyň modeli” diýip atlandyrýar) – mugallym bilen okuwçylaryň okuw maglumatlarynyň we okatmagyň ähli serişdeleriniň diňe sapakda däl-de, sapaga çenli, oňa mugallym taýýarlanýarka, sapakdan soň mugallym onuň netijelerini jemleýärkä, okuwçylar bolsa sapakda başlanan hereketlerini dowam etdirýärkäler arabaglanyşykda bolýanlygy bilen aratapawutlanýar.

Okuw prosesinde her bir sapak öz funksiýasyny ýerine ýetirýär. Sapagyň funksiýasyny kesgitlemek her bir sapagyň anyk maksadyny goýmaga mümkinçilik berýär.

Sapagyň maksadyny goýmak bilen berk arabaglanyşykda, sapagyň gurluşy we onuň aýry etaplary bardyr.

Polşanyň didaktlary okuw işiniň gurluşyny kämilleşdirmäge, okuwçylaryň okuw işini problem (meseleleýin) okuwyň üsti bilen işjeňleşdirmek ýoly bilen çemeleşýärler.

Polýak didaktlary okatmagyň bu görnüşini amala aşyranda toparlaýyn görnüşlerine köp üns berýärler.

R. Weankowskiý toparlaýyn işiň 3 (üç) formasyny öňe sürýär, olar **frontal** – okuwçylaryň birnäçe toparynyň gatnaşmagynda bir nazary ýa-da tejribe meseläni (problemany) çözüp, onuň netijesini ulgamlaşdyrmak maksady bilen ähli okuwçylar bilen bilelikde seljermek; **aýratynlykda** – bir pedagogik maksada boýun edilen, dürli meseleleri bir wagtyň içinde birnäçe toparyň çözmegi; **brigadalaýyn** – bu forma anyk tejribe ýumuşlary ýerine ýetirmekde ulanylýar.

Okuw prosesiniň (işiniň) strukturasyny kämilleşdirmegi wenger pedagoglary-da öwrenýärler. Olar differensirlenen sapak nazarýetini öňe sürýärler. Olar okuw prosesi umumy synp, toparlaýyn we aýrabaşga formalarda amala aşyrylýandygyny belleýärler.

ABŞ-nyň, Skandinaw döwletleriniň pedagoglary okatmagyň adaty däl formalary gözleýärler we synp-sapak ulgamyndan ýüz dönderýärler. Synp-sapak ulgamyndan ýüz döndermegiň nazary esaslary – aýrabaşga okuwyň giňden ýaýranlygydyr.

XX asyryň ahyrynda XXI asyryň başlarynda okatmagyň interaktiw formalary öňe sürüldi. “Interaktiw” iňlis sözi bolup “inter” – özara, “akt” – hereket etmek diýmekdir. Umuman interaktiw diýmek, özara işjeň gatnaşyk, birek-birege goldaw bermek diýmekligi aňladýar. Interaktiw okuwa häzirki zaman okuwy hökmünde hem seretmek mümkin.

**Sapak okuw işini guramagyň esasy görnüşi hökmünde.**

**Onuň görnüşleri we olara häsiýetnama.**

Sapaklaryň görnüşlerini öwrenmek üçin olary klassifikasiýalara bölmek hökmandyr. Okuw sapaklarynyň her birinde öz maksady we wezipesi bolsa, dürli maglumatlar öwrenilse, dürli tehnologiýalar we usullar ulanylsa, onda haýsy alamatlar boýunça olary toparlara bölüp bolar ? Özüniň örän çylşyrymlylygy bilen dünýä didaktikasynda doly çözülmänden soň, sapaklaryň toparlara bölünişine dürli-dürli garaýyşlar bar. Sapagyň haýsy tarapy esas diýlip alynsa, şoňa baglylykda okuw sapaklarynyň dürli tipleri (görnüşleri) saýlanýarlar. Şu güne çenli belli bolan sapaklaryň sany onlarça.

Ilkinjiler hatarynda sapaklaryň görnüşleriniň esaslandyrylan klassifikasiýasyny düzen didakt I.N. Kazansewdir. Ol sapaklary iki kriteriýa boýunça toparlara bölmegi hödürläpdir : 1) mazmun boýunça we 2) geçiliş usuly boýunça. Birinji kriteriýa boýunça, mysal üçin, matematika sapaklary mazmuny boýunça arifmetika, algebra, geometriýa we trigonometriýa bölünýärler. Geçiriliş usullary boýunça sapaklar syýahat sapagy, kino sapagy, özbaşdak iş sapaklary we ş.m. bölünýärler.

Ýerine ýetirilýän işiň logiki mazmunyny we akyl ýetiriş işiniň häsiýeti boýunça sapaklar şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler : 1) giriş sapagy, 2)

maglumatlar bilen ilkinji tanyşlyk sapagy; 3) täze bilimleri özleşdirmek sapaklary; 4) özleşdiren maglumatlary tejribede ulanmak sapaklary; 5) endikler sapaklary; 6) berkitmek, gaýtalamak we jemlemek sapaklary; 7) barlag işi sapaklary; 8) gatyşyk ýa-da kombinirlenen sapaklar.

Sapaklaryň umumy ulgamyndaky ýeri we didaktiki maksatlary boýunça, iki topara bölünen sapaklar nazaryetçiler we tejribeçiler tarapyndan uly goldaw tapdy. Olar : 1) kombinirlenen ýa-da gatyşyk sapaklar; 2) okuwçylary täze maglumatlar bilen tanyşdyrmak sapaklary; 3) bilimleri berkitmek sapaklary; 4) esasy maksady özleşdirilen maglumatlary jemlemek we ulgamlaşdyrmak sapaklary; 5) esasy maksady, başarnyklary we endikleri ýüze çykarmak we berkitmek sapaklary; 6) esasy maksady bilimleri barlamak sapaklary. Esasy sapak tipleriniň görnüşleri :

1) kombinirlenen (gatyşyk sapaklar);
2) täze bilimleri öwrenmek sapaklary;
3) täze başarnyklary emele getirmek sapaklary;
4) öwrenilen maglumatlary jemlemek we ulgamlaşdyrmak sapaklary;
5) bilimlere we başarnyklara gözegçilik etmek we düzetmek sapaklary;
6) bilimleri we başarnyklary tejribede ulanmak sapaklary (G.I. Şukina, W.A.Onişuk, N.A. Sorokin, M.I. Mahmutow we başgalar)

Geliň, struktura (gurluş) diýen düşünje girizeliň. Bu düşünje sapagyň içki gurluşyny, onuň aýratynlyklarynyň yzygiderligini aňladýar. Sapagyň görnüşi onuň gurluş bölümleriniň barlygy we yzygiderligi bilen kesgitlenýär.

Sapagyň görnüşi şu gün özüniň etaplarynyň birleşigi we yzygiderligi bilen kesgitlenmän, eýsem, akyl ýetiriş işiniň effektiwligi, maksadyň goýluşy we oňa ýetilişi bilen kesgitlenýär. Mugallym şu gün sapagyň gurluşyny saýlamakdan azat, diňe ol okatmagyň we terbiýelemegiň ýokary netijesini üpjün etse boldy. Bu täzeligi diňe öňki berk talap edilýän hökmany ýerine ýetirilmali sapagyň gurluşyny häzirki okuw sapaklarynyň erkin gurluşy bilen deňeşdirenimizde göz ýetirip bileris. Ýöne "strukturasyz" (içki gurluşyksyz) sapaklara nazaryetçileriň we tejribeçileriň garaýşy dürli-dürli : mugallymy azat etmek, gepsiz, öňe uly ädim, akyl ýetiriş işiniň kanunalaýyklarynyň bozulmak , düzgünininiň bozulmak şertlerinde ýüze çykýan sapagyň etaplarynyň esaslandyrylman birleşdirilmegi, ýöne uly kemçilik.

Häzirki zaman wajyp talaplarynyň biri, sapaklaryň görnüşleriniň maksadalaýyklygy, sapaklaryň gurluşynyň kämilligi we käbir sapaklaryň gutarnyklylygy

bilen bahalandyrylman, okuw-terbiýeçilik prosesiniň effektiwliligi bilen (soňky netijesi) bilen bahalandyrylýandygyndandyr.

Okatmagyň formal basgançaklaryna daýanýan, dört zwenoly klassyky sapagyň strukturasy öz başlangyçlaryny Ý.A. Komenskiden we I.F. Gerbartdan alyp gaýdýar.

Onuň gurluşy : täze bilimleri özleşdirmäge taýyarlyk; täze bilimleri we başarnyklary özleşdirmek; olaryň ulgamlaşdyrylyşy we berkidilişi; tejribede ulanmak. Sapagyň bu tipi (görnüşi) kombinirlenen (gatyşyk) diýlip atlandyrylýar. Wagt böleglerine bölünen kombinirlenen sapagyň etaplary şeýleräk ýerine ýetirilýär.

| Işi guramak | Geçilenleri gaýtalamak (bilimleri aktuallaşdyrmak) | Täze bilimleri öwrenmek, täze başarnyklaryň emele gelmegi | Berkitmek, uýgunlaşdyrmak, ulanmak | Öýe iş tabşyrmak |
|---|---|---|---|---|
| etaplar | 1 | 2 | 3 | 4 |

Bu sapagyň tipiniň adynyň kombinirlenendigine düşünmek kyn däl. Sebäbi mugallym bu sapakda birnäçe maksada ýetip bilýär. Sapagyň elementleriniň (etaplarynyň) islendik yzygiderlikde goýlup bilnişi, sapagy maýyşgak edýär we okuw-terbiýeçilik işiniň örän uly möçberini çözmäge mümkinçilik berýär. Şonuň bilen bu sapagyň köp ýaýranlygyny, ulanylýanlygyny düşündirse bolar. Kombinirlenen sapak, käbir maglumatlara görä okatmagyň tejribesinde, ähli geçilýän sapaklaryň umumy sanynyň şu gün 75-80 % tutýar.

Kombinirlenen sapagyň köp ýaýramagyny, köp ulanylýanlygyny onuň pedagoglara anyk şertlere ýakynlaşmaga mümkinçilik berýänligi, akyl işini ösdürişi, okuw-terbiýeçilik prosesiniň kanunalaýyklary bilen beýleki sapaklara garanda gowy ylalaşýandygy kesgitledi. Sapagyň 45 minudyň dowamynda geçilişi, bizden öň ýaşap geçen nesilbaşylarymyz tarapyndan intuitiw goýlan bolsa, bu gün onuň geçilýän wagtynyň dogry kesgitlenendigini psihofiziologiki barlaglar hem tassyklaýarlar. Eger-de sapaklaryň wagty gysgalsa, onda onuň öndürijilikli işi gysgalýar, maglumatlary düşündirmegi we berkitmegi tizleşdirmeli bolýarys. Eger-de sapagyň wagtyny uzaltsak okuwçylaryň erkli ünsüni dogrulamaly bolýarys.

Sapagyň dowamynda birnäçe maksada ýetip bilýänligine garamazdan kombinirlenen sapagyň kemçilikleri-de bardyr. Olar täze maglumatlary özleşdirmäge we akyl ýetiriş işleriniň başga görnüşlerini doly özleşdirmäge wagtyň ýetmeýändigidir. Kombinirlenen sapak hödürlenen wagtdan bäri köp düýpli üýtgeşikler bolup geçdi : sapakda öwrenilýän maglumatlaryň göwrümi köpeldi, akyl ýetiriş prosesini dolandyrmaga päsgel berýän ýagdaý-synplarda okuwçylaryň sany köpeldi, okuwçylaryň okuwa garaýşy peseldi – bu ýagdaýlar öz gezeginde sapagyň ähli etaplarynyň öndürijiligini peseltdi. Okuw sapaklarynyň effektiwligini ýokarlandyrmak maksady bilen başga sapak tipleri döredi we ulanylýarlar. Ol sapaklarda okuwçylar haýsy hem bolsa işiň bir görnüşi bilen meşgullanýarlar. Olar täze maglumatlary özleşdirmek sapaklarydyr : täze başarnyklary emele getirmek; bilimleri, başarnyklary jemlemek we ulgamlaşdyrmak; bilimlere, başarnyklara gözegçilik etmek we düzetmek, bilimleri, başarnyklary tejribede ulanmak. Ýokarda agzalan sapaklaryň görnüşlerini "gysgaldylan" kombinirlenen sapak diýse hem bolar. Sebäbi olar kombinirlenen sapagyň her bir etapydyr. Saýlanan sapaklaryň tipleriniň strukturasy (gurluşy) 3 (üç) bölümden ybaratdyr : 1) işi guramak (1-3 minut) 2) esasy bölümi (emele getirmek, özleşdirmek, gaýtalamak, berkitmek, gözegçilik, ulanmak) (35-40 minut), 3) netijäni jemlemek we öýe iş bermek (2-3 minut).

## Adaty däl (standart däl) sapaklar

80-nji ýyllaryň ortasyndan başlap mekdeplerde okuwçylaryň sapaklara, okuwa bolan gyzyklanmasynyň peselmek tendensiýasy ýüze çykdy. Okuwçylaryň akyl ýetiriş işinden boýun gaçyryşyny pedagoglar dürli ýollar, usullar bilen saklajak boldular. Okuwçylarda okuwa bolan gyzyklanmany saklamak üçin uly tejribeçiler toplumy adaty däl (standart däl) sapaklary öňe sürdüler. Bu sapaklaryň esasy maksady okuwçylarda okuw zähmetine gyzyklanmany oýarmak we saklamak boldy. Adaty däl (standart däl) sapak garaşylmadyk, duýdansyz okuw sapaklary bolup, olaryň gurluşy adaty däldir. Pedagoglaryň adaty däl sapaklar baradaky pikirleri dürli-dürlüdir. Käbirleri bu sapaklary pedagogik pikiriň ösüşiniň, mekdebi demokratizasiýalaşdyrmagyň uly ädimi diýip düşündirse, başga bir topary – bu sapaklary pedagogik ýörelgeleriň howply bozulyşy, işläsi gelmeýän, işläp bilmeýän, ýalta okuwçylaryň täsirine pedagoglaryň boýun bolmagy diýip düşündirýärler.

Pedagogik edebiýatlary seljermek adaty däl sapaklaryň onlarça tiplerini saýlamaga mümkinçilik berdi. Olaryň ady, bu sapaklaryň maksady, wezipesi geçiliş usullary barada

käbir düşündirişler berýärler. Adaty däl (standart däl) sapaklaryň görnüşleriniň köp ýaýranlarynyň tiplerini sanap geçeliň.

1. Işçi oýunlar sapaklary;
2. Maslahat sapaklary;
3. Ýaryş sapaklary;
4. KBH sapaklary;
5. Çuňlandyrylan sapaklary;
6. Teatrlanan sapaklar;
7. Kömekçi okuw sapaklary (konsultasiýa);
8. Kompýuterlenen sapaklar;
9. Kiçi toparlar bilen geçilýän sapaklar;
10. Okuwçylaryň biri-birini okadýan sapaklary;
11. Döredijilik sapaklary;
12. Leksion  sapaklary;
13. Okuwçylaryň geçýän sapaklary;
14. Hasap sapaklary;
15. Şübhe sapaklary;
16. Döredijilik hasabat sapaklary;
17. Formula sapaklary;
18. Konkurs sapaklary;
19. Binar sapaklary;
20. Jemleýji sapaklar;
21. Fantaziýa sapaklary;
22. Oýun sapaklary;
23. “Sud”  (“Kazyýet”) sapaklary;
24. Gözleýiş sapaklary;
25. “Paradoks” sapaklary;
26. Konsert sapaklary;
27. Dialog sapaklary;
28. “Barlagy bilgirjiler alyp barýar” sapaklary;
29. Rolly oýunlar sapagy;
30. Amaly sapaklar;
31. Integral sapaklary;
32. Türgenleşik sapaklary;
33. Dersara sapaklar;
34. Syýahat sapaklary;
35. “Täsinlikler meýdançasy” oýny sapaklary

Ýokarda ady agzalan adaty däl sapaklar tipleriniň toparyna öňki klassifikasiýalarda (bölümlerde) okuw işini guramagyň formalary bolan kömekçi, klasdan daşary we sapakdan daşary görnüşleriniňde düşendigine göz ýetirmek bolar.

Elbetde, belli bir reje boýunça,  berk gurluşly hemişe geçilýän sapaklardan, maksady boýunça, gurluşy, geçiriliş usuly boýunça adaty däl sapaklary okuwçylar halaýarlar. Şonuň ýaly sapaklary ähli mugallymlar ulanmalydyrlar. Ýöne adaty däl (standart däl) sapaklary işiň esasy görnüşine öwrüp, olary ulgama girizmek maksadalaýyk däl. Onuň

sebäbi olaryň netijesiniň pesligi, akyl ýetiriş işiniň pesligi we köp wagtyň ýitmegi bilen düşündirilýär.

**Ýaryş sapaklary.**

Sapagyň maksady - dürli meseleleri çözmek başarnyklaryny berkitmek. Öňünden komandalar we emin agzalary (žýuri) düzülýär. Emin agzalalary meseleleri saýlaýar, tema boýunça gysga habar bermek üçin maglumat taýyarlaýar, eksperimentde meseleleri geçirmek üçin abzallary taýýarlaýar.

Sapak emin agzalarynyň biriniň habaryndan başlanýar : ondan soň komandalaryň meseleleri çözüşi; tejribe görkezilýär - ony düşündirmek talap edilýär; ondan soň – komandalaryň kapitanlarynyň konkursy (eksperimental meseleleriň çözülişi); şol wagt ýene-de bir hekaýa diňlenilýär. Ondan soň komandalaryň konkursy : belli bir wagtda, özbaşdak öňde goýlan meseleleri çözmek. Netijeler jemlenip ýeňiji komanda bellenip sapak gutarýar.

**KWN tipli sapaklar.**

Sapagyň bu formasy synpdan daşary sapaklardan gelip çykyp giňden ulanylyp başlandy. Olar köplenç temalary we bölümleri gaýtalamakda ulanylýarlar. Sapak ýaryş görnüşinde geçirilýär. Ýaryş birnäçe konkurs – etapdan ybarat bolýar. Mysal üçin 5 konkurs etaply KWN sapagyna üns bereliň.

I etap – türgenleşik.Ýumuş : geçilen sapak boýunça hekaýa düzmeli : bir okuwçy hekaýany başlaýar, ikinji okuwçy ony dowam edýär we ş.m.

II etap – “Öý işini barlamak” konkursy. Temanyň mazmunyny beýan edýän sahna oýnuny oýnamaly.

III etap – jogaby saýlamak meselelerini çözmek.

IV etap – “Bil” konkursy. Bir okuwçy synpdan çykyp gidýär. Beýlekiler geçilen mowzuk boýunça bir sözi belleýärler. Synpdan çykyp giden okuwça gelenden soň, oňa dürli hereketler bilen, mysallar bilen haýsy sözüň bellenendigini aýtdyrjak bolýarlar.

V etap – “artistler” we “hudožnikler” konkursy. “Hudožnikler” komandasy synpdan daşary çykýarlar. “Artistler” komandasy sapagyň temasyndan bir bölegi gürrüň berilýär. “Hudožnikler” komandasy içeri girenden soň “Artistler” komandasy aýdylan

zatlary hereketleri bilen görkezýärler, “hudožnikler” bolsa onuň jogabyny suratyň üsti bilen beýan etmeli.

Netije etapy – sapagyň jemini jemlemek.

## Sapagy taýýarlamak

Sapagyň effektiwlik formulasy iki esasy bölümi öz içine alýar : gowy taýyarlyk we geçiriliş ussatlygy. Ýaramaz meýilleşdirilen doly pikirlenilmedik, gyssanmaç, okuwçylaryň mümkinçiliklerini göz öňünde tutman, gurnalan sapagyň hili pes bolar. Bar bolan anyk şertlerde iň ýokary soňky netije berýän okuw-terbiýeçilik işini gurnamagy saýlap almak, dürli toparlaýyn işleri düzmek – sapaga taýyarlanmagyň mazmunydyr.

Mugallymyň sapaga taýyarlygy 3 (üç) etapdan durýar : anyklamak, çaklamak, meýilnamalaşdyrmak. Mugallym öwredýän maglumatlaryny gowy bilýär, öz dersiniň ähli meselelerinden gowy baş çykarýar diýip düşüneliň. Mugallym ýörite hususy tematiki papkalary, ýa-da işçi kitaplary ýöredip, olara öz dersi boýunça ýüze çykýan täze maglumatlary, problem meseleleri we ýumuşlary, test maglumatlaryny we ş.m. ýazýar. Sapaga gowy taýyarlanmak sapakda özüni erkin alyp barmak üçin mugallymda tema boýunça fakt maglumatlary ýeterlik bolmaly.

Taýýarlyk işi, ýokary effekt berer ýaly, toparlaýyn hyzmatdaşlyk gurmak we akyl ýetiriş işine baha berer ýaly shemany saýlamak, okuw maglumatlaryny synpyň mümkinçilikleri bilen uýgunlaşdyrmaga gönükdirilendir. Sapagy geçirmegiň optimal shemasyny saýlamak üçin, okuw sapagyny bölümlere bölmek gerek. Onuň esasynda geljekki sapagyň effektiwligine garaşly bolan sapaga taýyarlanmagyň algoritmi yzygiderli ýerine ýetirilende ähli wajyp faktorlary we ýagdaýlary hasaba almaga garantiýa berýän ädimler ýatyr.

Algoritmi durmuşa geçirmek wajyp şertleri anyklaşdyrmakdan başlanýar. **Anyklaýyş** (terbiýeçilik işini gurmak boýunça geçilen temada biz eýýam ol barada gürrüň beripdik) sapagyň geçilişiniň ähli ýagdaýlaryny; okuwçylaryň mümkinçiliklerini, olaryň işiniň we özüni alyp barşynyň itergilerini, talaplaryny we isleglerini, gyzyklanmalaryny we ukyplaryny, okuw maglumatlarynyň häsiýetlerini, onuň aýratynlyklary we tejribede ornuny, sapagyň gurluşyny aýdyňlaşdyrmakdan ybarat. Ondan başga-da okuw işinde gaýtalamaga, täze maglumatlary özleşdirmäge, berkitmäge we ulgamlaşdyrmaga, bilimlere, başarnyklara gözegçilik etmäge we düzetmäge ähli sarp

edilen wagty seljermäge gönükdirilendir. Bu etap sapagyň effektiwligini kesgitleýän esasy hereketleri görkezýän sapagyň anyklaýyş kartasyny düzmek bilen gutarýar. Faktorlar optimal şertler zonasynda ýerleşende sapagyň ýokary hilli netijelerini alyp bolar.

Çaklamak sapagyň dürli görnüşlerini bahalandyrmaga we olaryň içinden iň optimalyny (gerek bolany, wajybyny) saýlap aýlamaga gönükdirilendir. Çaklamagyň häzirki zaman tehnologiýasy sapagyň hiliniň san görkezijisini kesgitleýän usuly ulanmaga mümkinçilik berýär.

Sapagyň maksady boýunça emele gelmeli bilimleriň, başarnyklaryň göwrümi 100% diýip alýas. Sapagyň netijesiniň ideal görkezijisinden ýerine ýetirilmedik işler aýrylýar we mugallymyň gurnan shemasy boýunça sapagyň real effektiw görkezijisi kesgitlenýär. Eger-de netije mugallymy kanagatlandyrýan bolsa, onda ol sapagyň soňky etapyny (meýilnamalaşdyrmaga) taýyarlamaga geçýär, eger-de netije mugallymy kanagatlandyrmasa, onda ol sapagyň täze kämil shemasyny gurmaga girişýär.

**Taslamalaşdyrmak (proýektirlemek)** bu sapaga taýyarlygyň jemleýji etapy bolup, okuwçylaryň akyl ýetiriş işini dolandyrýan maksatnama düzmek bilen tamamlanýar. Dolandyrmak programmasy (maksatnamasy) – bu mugallym tarapyndan okuw prosesini dolandyrmagyň wajyp ýagdaýlaryny belleýän, erkin düzülen gysga we anyk resminamadyr. Onda, kimden we haçan soramaly, problemany haçan girizmeli, sapagyň indiki etapyna haçan geçmeli, öňünden göz öňünde tutulan kemçilikler ýüze çykanda okuw işini nähili gaýtadan gurap bolýandygy beýan edilýär. Dolandyrmak maksatnamasy adaty sapak meýilnamasyndan (planyndan) dolandyrylyş täsirleriniň anyk kesgitlenenligi bilen aratapawutlanýar.

Täze işe başlan mugallymlara sapagyň plan-konspektini doly, ähli elementleri bilen ýazmak gerek. Bu talap tejribeden gelip çykýar : häli hiç kime geçiljek sapagyň gurluşyny ähli taraplaýyn, ähli detallaryny pikirlenmän, ussat bolmak başartmady. Diňe sapagyň gurluşynyň elementleri gowy özleşdirenden soň, ýuwaş-ýuwaşdan gysgaldyran ýazgylara geçmek, plan-konspektiň göwrümini azaltmak, ony anyk hereket etmek maksatnamasyna öwürmek bolar.

Täze işe başlaýan mugallymyň plan-konspektinde şu aşakdaky bölümler şöhlelenmelidirler :

- sapagyň geçilýän wagty we tematiki plan boýunça onuň nomeri;

- sapagyň temasynyň ady we onuň geçilýän synpy;
- bilim bermegiň terbiýelemegiň we ösdürmegiň maksady we wezipeleri;
- sapagyň gurluşy we olaryň etaplarynyň geçiriliş yzygiderligi we olara berlen mysaly wagt;
- okuw maglumatynyň mazmuny;
- sapagyň dürli bölümlerinde mugallymyň ulanýan usullary we tärleri;
- sapagy geçirmek üçin zerur bolan okuw abzallary;
- öýe iş.

## Okatmagyň kömekçi formalary

Okatmagy guramagyň kömekçi formalary – okuwçylaryň synp-sapak işini ösdürýän we ony doldurýan dürli görnüşli sapaklardyr. Olara : gurnaklar, praktikumlar, amaly sapaklar, konferensiýalar (maslahatlar), fakultatiw sapaklary, okuw ekskursiýalary, okuwçylaryň özbaşdak öý işleri degişlidir. Ýokarda ady agzalan okatmagyň kömekçi formalarynyň toparlanylyşy şertlidir. Sebäbi olaryň käbiri bu gün eýýam adaty däl (standart däl) sapaklar toplumyna girdi we okatmagyň esasy formasy bolmaga hereket edýärler. Okuw jaýlarynyň köpdürliligi, okuw işiniň guralyşynyň köpgörnüşliligi, olaryň käbirleriniň, mysal üçin amaly sapaklaryň, özbaşdak öý işleriniň, fakultatiw sapaklarynyň, syýahatlaryň belli bir wagt okuw işini guramagyň esasy formalary bolup bilmegine getirýär.

Mekdepden daşary sapaklaryň esasy we stabil okatmak prosesiniň sostaw bölegi hökmünde garalýan görnüşleriniň biri **okuwçylaryň özbaşdak öý işleridir**. Okuwçylaryň ukyplaryny we zehinini, aýrybaşga gyzyklanmalaryny, sapakda alnan bilimlerini, başarnyklaryny giňeltmek we çuňlaşdyrmak, olaryň ýatdan çykmazlygynyň öňüni almak – özbaşdak öý işleriň esasy maksadydyr. Özbaşdak öý işler okuw maksatnamalarynyň talaplaryny, okuwçylaryň gyzyklanmalaryny we talaplaryny, olaryň ösüş derejesini hasaba alyp guralýarlar. Sapakdan daşary okuw işi çagalaryň özbaşdaklygyna, aňlylygyna, işjeňligine we başlangyçlaryna daýanýar. Dogry gurnalan sapakdan daşary işiň  okuwçylary ösdürmek täsiri synpda geçirilen işjeň işden az däldir.

Okuwçylaryň ýerine ýetirýän özbaşdak öý işleri kesgitlenen didaktiki funksiýany ýerine ýetirýärler. Olaryň arasynda esasylary şulardyr :

- sapakda alnan bilimleri, başarnyklary berkitmek;
- synpda öwrenilen okuw maglumatlary giňeltmek we çuňlaşdyrmak;
- gönükmeleri özbaşdak ýerine ýetirmek başarnyklaryny we endiklerini kemala getirmek;
- maksatnamada berlen maglumatlardan daşa çykýan, ýöne okuwçylaryň mümkinçiliklerine göwrümi boýunça laýyk gelýän aýrabaşga ýumuşlary ýerine ýetirmegiň ýollary bilen özbaşdak pikirlenmegi ösdürmek;
- sapaklarda täze temalary öwrenmek üçin aýrabaşga syn etmek, tejribeler geçirmek; gerbariýler, otkrytkalar, görkezmek üçin ulanylýan şekiller, gazet we žurnal makalalaryny, statiki maglumatlary ýerine ýetirmek.

Soňky on ýylyň içinde okatmagyň tejribesiniň ösüşi özbaşdak öý işiniň roluny we funksiýalaryny gaýtadan gözden geçirmegi talap etdi. Käbirleri öý işsiz işlemek pikirini öňe sürdüler. Bu pikir okuw işini we didaktiki gatnaşyklary täzeden gurmakda uly ädim diýip hasaplandy. Ýöne öý işleriniň peýdasyzlygyny ynandyrýan, tassyklaýan maglumatlar ýok. Tersine, öýde sapakda alnan bilimler gaýtalanmasa olaryň tiz ýatdan çykýanlygyny tassyklaýan köp asyrlar dowamynda hereket edip gelýän tejribe we pedagogik kanunlar bar. Öý işden ýüz döndermek okuwyň hilini peseltmäge getirýär. Mugallymyň borjy ondan ýüz döndermek däl-de bu işe dogry ýolbaşçylyk etmek we ony optimallaşdyrmakdyr. Okuwçylaryň öý işini maksaimal okuw ýüküniň normatiwlerini göz öňünde tutup, dogry anyklamaly, çaklamaly we meýilnamalaşdyrmaly.

**Maksimal okuw ýüküniň normatiwleri**

| **Okatmagyň formalary** | **Synplar boýunça sagat sany** | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | I | II | III | IV | V | VI | VII | VIII | IX | X |
| Mekdepde okatmak | 3-4 | 4 | 4-5 | 5-6 | 5-6 | 5-6 | 5-6 | 5-6 | 5-6 | 6 |
| Öý işi | 1 | 1,5 | 1,5-2 | 1,5-2 | 2 | 2 | 2,5-3 | 3-4 | 3-4 | 4 |

Tejribede ýaýran kemçilikleriň biri, mugallymlaryň sapakda okuwçylaryň öý işlerini doly ýerine ýetirmäge gönükdirmeýänligi, olaryň ýerine ýetirilişini synpda

barlamaga gerek bolan derejede üns bermeýänligi, öý işini gowy ýerine ýetiren okuwçylary höweslendirmeýänligidir. Käbir ýagdaýlarda öý işini bermäge wagtam galmaýar, olar gyssanmaç tabşyrylýarlar. Pedagoglar okuwçylaryň öý işleri ýerine ýetirende duşýan kynçylyklaryny nädip çözmelidigini ýollaryny düşündirmeýärler. Olaryň netijesinde öý işleriniň netijeleriniň effektiwligi azalýar, olar dolandyrylmaýan bolup galýarlar. Öý işleriň göwrümini, häsiýetini kesgitlände, okuwçylaryň mümkinçiliklerine daýanmaly, differensirlenen we aýrybaşga ýollary giň ulanmaly. Soňky wagtlar okuwçylaryň öý işiniň göwrümini we onuň optimal ýüküni kesgitlemek üçin EHM ulanylyp başlanyldy.

**Ders gurnaklary.** Mekdep tarapyndan hödürlenýän ders gurnaklary özüniň gönükdirilenligi boýunça, mazmun, iş usullary, okatmagyň wagty boýunça, köpdürliligi bilen aratapawutlanýarlar. Olaryň okuwçylaryň gyzyklanmalaryny we isleglerini ösdürmekde täsirli rol oýnaýandyklaryny tejribe tassyklaýar. Gurnaklar okuwa bolan položitel garaýyşyň ösmegine mümkinçilik berýärler. Gurnaga gatnaşýan okuwçylar gowy okaýarlar we tabşyrylan ýumuşlary doly ýerine ýetirýärler. Gurnaklar okatmagy durmuş bilen baglanyşdyrmaga, dersara baglanyşygyň ösmegine, hususanam umumy bilim berýän we ýörite dersleriň arabaglanyşygynyň berk bolmagyna mümkinçilik döredýärler. Okuwçylaryň ders gurnaklarynda işlemegi okuw prosesini işjeňleşdirýär, okatmagyň hilini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Adaty bolşy ýaly okuw işiniň kömekçi iş formalaryna ony biz şu gün adaty däl sapaklaryň toparynda görenimize garamazdan degişlidir. Syýahat – bu okuw işiniň iň gadymy formasydyr. Şonuň üçin syýahatdan edilýän talaplar gowy işlenendir. Syýahatyň taýýarlanyşynyň we geçirilişiniň umumy shemasy aşakda berlendir.



Syýahaty geçirmek üçin mugallym hemmetaraplaýyn taýyarlanmaly : öňden barylmaly ýer bilen, oňa nähili barmalydygy bilen, tanyşmaly ähli taraplary hasaba alýan meýilnama düzmek, okuwçylary ýerine ýetirilmeli meseleleri çözmäge taýyarlamaly. Syýahatyň meýilnamasynda onuň temasy we maksady, syýahat edilmeli ýer, onuň bilen tanyşmagyň tertibi (usuly), okuwçylaryň akyl ýetiriş işiniň gurluşy, ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin, syýahatyň netijesini jemlemek üçin hökmany gerek bolan abzallar görkezilýär. Syýahaty geçirmegiň usuly, onuň temasyna, didaktiki (bilim berijilik) maksadyna okuwçylaryň ýaşyna, olaryň ösüşine we onuň geçirilýän ýerine garaşlydyr. Her bir geçirilýän syýahat düşündirmek, söhbetdeşlik, görkezmek, meýilnama boýunça özbaşdak iş – syn etmek, degişli shemalary düzmek, surat çekmek, görkezmek üçin materiallary toplamak ýaly okuwçylary syýahat edilýän ýer bilen tanyşdyrmagyň usullaryny öz içine alýar.

Syýahat frontal, toparlaýyn we kiçi toparlaýyn (brigadalaýyn) bolup biler. Onuň guramaçylyk formalarynyň saýlanylyşy öňde goýlan maksat bilen, syýahat edilýän ýer bilen, okuwçylaryň akyl ýetiriş işini dolandyrmagyň effektiwligi bilen, çagalaryň howpsuzlygy we saglygyny goramak bilen şertlendirilýär. Okuw syýahatlary aýry dersler boýunça-da, birnäçe dersleriň temalaryny öz içine alýan toparlaýynda bolup bilerler.

Syýahatyň netijeleri jemlemek we toplanan maglumatlary gaýtadan işlemek etapy wajyp häsiýetlidir. Okuwçylar toplanan maglumatlary seljerýärler we ulgamlaşdyrýarlar, dokladlar, referatlar taýyarlaýarlar, kolleksiýalary düzýärler, tablisalar taýýarlaýarlar, sergiler guraýarlar. Syýahatyň temasy boýunça jemleýji söhbetdeşlik geçirilýär. Onda, mugallym netijäni jemläp, syýahat geçen wagty okuwçylaryň özleşdiren bilimlerini bahalandyryp, jemleýji netijeleri edip, okuwçylar syýahatda goýlan sorag bilen giňişleýin tanşar ýaly goşmaça edebiýatlary okamagy maslahat berýär. Syýahatyň maglumatlary (esasanam hem uzak ýerlere we önümçilige) syýahat gurnalan önümçiligiň ýa-da başga obýektleriň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilýän umumy mekdep konferensiýalarynda ara alnyp maslahatlaşylýar.

Mekdebiň okuw planynda **fakultatiw sapaklaryň** we gyzyklanma **sapaklarynyň** geçirilişi-de göz öňünde tutulýar. Olar okuwçylaryň we ene-atalaryň islegleri boýunça guralýarlar. Tejribe elektro we radiotehnika, elektrotehnika, himiýa, astrofizika, psihologiýa, etika, taryh, botanika, daşary ýurt dili, etnografiýa, matematika, surat, saz ýaly fakultatiwleriň maksadalaýykdygyny tassyklaýar. Fakultatiw we gyzyklanma sapaklaryny kesgitlänlerinde diňe bir okuwçylaryň şahsy isleglerine daýanman, eýsem jemgyýetiň talabyny we mekdebiň mümkinçiliklerini göz öňünde tutýarlar. Ýerli şertlere

laýyklykda okuwçylary tejribe işine taýýarlamagyň anyk şertleri we wezipeleri hasaba alynýarlar. Fakultatiw we gyzyklanma sapaklary umumy bilim berýän dersler bilen berk arabaglanyşykda alnyp barylýar.

**Konsultasiýa (kömekçi okuw, okuw söhbetdeşligi).** Okuwyň bu görnüşinde esasy sorag berijiler okuwçylardyr. Okuwçylar hasaba, synaga taýýarlananda ýa-da bir kesgitlenen okuw maglumatlarynyň üstünde işlände ýa-da ýumuşy ýerine ýetirende kömekçi okuw gerekdir. Dogry gurnalan konsultasiýa okuw maglumatlaryny özleşdirende ýüze çykýan kynçylyklary ýeňip geçmäge kömek edýär. Kömekçi okuw geçilende, mugallym okuwçylaryň işini – şol ýa-da başga soragyň mazmunyna okuwçylar özbaşdak dogry düşüner ýaly, olar üçin çylşyrymly ýumşa dogry düşüner ýaly, öwrenilýän bilimleriň esasyna açyp bilmegi öwrener ýaly gönükdirýär. Kömekçi okuwlar mugallyma okuwçylaryň bilimlerindäki kemçilikleri tapmaga, olaryň ünsüni öwrenmegi talap edýän esasy soraglara gönükdirmäge kömek edýär. Dogry gurnalan kömekçi okuw okuwçylarda öz-özüne gözegçiligi, öz bilimlerine tankydy garaýyşlary, öz bilim derejesine dogry baha bermegi terbiýeleýär. Kömekçi okuwda mugallym okuwçylaryň soraglaryna bada-bat jogap bermeli däl. Mugallymlar soraglar bilen okuwçynyň nämä düşünmeýändigini, näme üçin kynçylyk çekýändigini kesgitlemeli, ondan soň oňa kömek etmeli. Berlen soraga, başga okuwçylaryň beren jogaplaryny-da diňläp görse bolar. Kömekçi okuwy (kömekçi tematiki okuwy) geçilýän dersiň esasy meselesini ara alyp maslahatlaşmak bilen bilelikde geçirmek maksada laýyk hasap edilýär. Bu okuwçylara alan bilimlerinde ýüze çykan kemçilikleri tapmaga we düzetmäge kömek edýär.

## Okuw işini optimizasiýalaşdyrmak

Pedagogikanyň umumy esaslary bölüminiň 9-njy temasy "Pedagogik täzelikler (innowasiýalar)" diýlip atlandyrylýar. Şol temanyň mazmunynyň beýanynda biz okuw-terbiýeçilik işini optimizasiýalaşdyrmagyň umumy esaslary barada maglumat beripdik. Indi biz aýratyn okuw işini optimizasiýalaşdyrmak meselesini beýan edeliň.

"Optimal" diýen adalga (latyn sözi bolup – iň gowy diýen many berýär) kesgitlenen şertlerde goýlan meseleleri çözmek üçin iň bir gowy ýollar diýmegi aňladýar.

Optimizasiýanyň nazaryýeti we usuly pedagogik işi ylmy taýdan guramak nazaryýetiniň bir elementidir. Pedagogik işi ylmy taýdan guramak bu işi ylmy taýdan esaslandyryp meýilnamalaşdyrmagy we belli bir ölçeglere bölmegi, her kimiň ýerine ýetirmeli işini anyk böleklere bölmegi, olary koordinirlemegi, gerek bolan şertleri döretmegi, işiň optimal wariantyny saýlamagy, ony höweslendirmegi, düzetmegi, gözegçilik etmegi we ösdürmegi göz öňünde tutýar. Optimal warianty saýlaman okatmagy ylmy esasda gurnamak başa barmaýar.

Optimallyk ýörelgesi, pedagogik işi ylmy taýdan guramagyň ýörelgeleriniň biri bolup, okuw işi diňe bir gowy netije gazanmak, eýsem hereket edýän wagtynda iň ýokary derejä gazanmagy talap edýär. Bu ýörelge käbir usullaryň, tärleriň, serişdeleriň okatmagyň formalarynyň hasaba alynmaýanlygyna, okatmakda şablon we trafarete (birmeňzeşlige), okuwçylara we mugallymlara okuw ýüküniň köp ýüklenmegine, okuw maglumatlarynyň çenden aşa tiz öwrenilmegine garşy çykyş edýär. Optimallyk ýörelgesi okuw prosesiniň elementlerini ulanmagyň peýdalylygyny, dogrulygyny, dogry ölçeg duýgusynyň bolmagyny talap edýär. Ol az wagt sarp edip köp netijeler gazanmaga çagyrýar. Onuň uly ynsanperwerlik häsiýeti şundadyr.

Dogry pedagogik çözgütleri optimal saýlamagyň metodologik esasy bolup ulgamlylyk garaýyş çykyş edýär. Diňe karar kabul edilende, ulgamlaryň düzümleriniň (komponentleriniň) arasyndaky kanunalaýyk arabaglanyşyklar hasaba alnanda, okatmagyň optimal wariantyny saýlap bileris.

Okatmagy optimizasiýalaşdyrmak üçin dogrulygyň anyk didaktiki – materialistik düzgüni metodologik esas bolup çykyş edýär. Bu düzgün, ähli ýagdaýlar üçin uniwersal görnüş ýa-da usul bolup bilmez, ulanylmaly şertleri we çäkleri görkezilmedik usuly hödürnamalaryň ulanyp bolmazlygyny aňladýar.

Optimizasiýa ýerine ýetirilýän işde baş zwenonyny saýlamagyň wajyplygy baradaky metodologik düzgüne daýanýar. Okuw işinde baş zwenosyna daýanman optimal wariant tapyp bolmaz.

Okuw-terbiýeçilik işini optimizasiýalaşdyrmagyň nazaryýeti pedagogikanyň ösüşinde logiki etap boldy. Ol pedagogikanyň öňki gazananlaryna daýanýar. A.S. Makarenko terbiýelemegiň dürli tärlerini ulanmagyň wajyplygyny, olaryň birini güýçli diýip saýlamaga garşy çykdy.

I.T. Ogorodnikow we L.W. Zankow bu ugurdan köp işleri bitiren didaktlardyr. Olar okatmagyň usullaryň deňeşdirme effektiwligini öwrenip, olaryň haýsy we haýsy şertlerde uly netije berip biljekdigini görkezdiler. Optimizasiýa pikirini ornaşdyrmaga pedagogik işi ylmy esasda guramak boýunça işler kömek etdi. (I.P. Raçenko, A.G. Molibog, S.Ý. Batyşew we başgalar).

Öz wagtynda belli pedagog F.F. Korolew : “Geljekde ähli işleriň görnüşlerinde esasy häsiýetli dolandyrmak optimizasiýa ideýasy bolar … Şol bir wagtda pedagogikada-da” diýip belläpdi. Häzirki zaman okatmak nazarýetiniň we tejribesiniň seljermesi, bu ugurdan häli köp iş edilmelidigine garamazdan optimizasiýa ideýalarynyň giňden peýdalanylýanlygy belli boldy.

Optimizasiýa ideýasynyň ösmegine optimal karar kabul etmegiň psihologik esaslarynyň işlenilmegi täsir etdi. Psihologik nukdaý nazaryndan optimizasiýa kesgitlenen okuw-terbiýeçilik meselesini çözmegi rasional amala aşyrmagy, intellektual – erkli akty kabul etmegi aňladýar.

Çözgütden öň pedagogik meseläni kabul etmeli : (mysal üçin, berlen synp üçin sapagyň meýilnamasynyň iň gowusyny saýlamak); goýlan meseläniň çözgüdiniň birnäçe mümkin bolan wariantynyň bolmagy; şolaryň içinden berlen şertler üçin optimalyny saýlap almak; berlen meseleleri çözmegiň mümkin bolan wariantlarynyň deňeşdirme effektiwliginiň netijeleri bilen tanyşmak; ähli mümkin bolan wariantlary gysgaldyp, olaryň arasyndan iki sany esasy wajyplaryny saýlamak; olaryň effektiwligini, olara harç bolan wagty deňeşdirmeli; olaryň içinden optimizasiýa kriteriýasyna deň gelýänini saýlap almaly.

Optimal wariant pedagogik pikirlenmäniň problem-gözleýiş stilini talap edýär. Reproduktiw çemeleşmede mugallym okatmak meselesini çözmegiň bir wariantyny göçürip alýar. Gözleýiş döredijilik pikirlenmede ol birnäçe mümkin bolan ýollardan häzirki ýagdaýlara deň gelýän ýoly saýlaýar.

Karar kabul etjek wagty pedagog dartgynly ýagdaýda bolýar. Onuň özbaşdak pikirlenmesi näçe pes bolsa, onuň dartgynlygy şonça-da ýokary bolýar. Pedagogik karara gelenden soňam pedagog şübheli ýagdaýda bolýar, sebäbi saýlanan ýoluň amala aşmagy okuwçylaryň işe garaýyşlaryna-da bagly bolýar. Bu ýerde pedagogik proses gidip durka oňa üýtgeşikler girizmäge, okuwçylaryň işini dogry ýola gönükdirmäge mümkinçilik berýän pikirlenmäniň mobilligi talap edilýär.

Okuw işini optimizasiýalaşdyrmagy karar kabul etmegiň algoritmini ýatlamak bilen öwrenip bolmaz. Ol pedagogy öz metodiki üstünliklerine begenýän, şahsy, psihologik meýilnamalary üýtgetmegi, pedagogik işde standartlardan we şablondan saplanmagy, işe özbaşdaklygy we döredijilik garaýşy ösdürmegi talap edýär.

Optimal diýmek häzirki wagt üçin iň oňat ýöne kesgitlenen kriteriýalar nukdaýnazaryndan. Okuw işini optimizasiýalaşdyrmagyň ýörite nazarýeti işlenenden soň, ol okuw işini guramagyň optimal usullaryny, bütewi we logiki arabaglanyşykly kriteriýalar ulgamyny formirlenmäge mümkinçilik berýär.

Okatmagyň optimizasiýasy okuwçylaryň real okuw mümkinçiliklerini hökmany öwrenmegi göz öňünde tutýar. Ol synpda ýetişmeýänleriň ýoklugy bilen kanagatlanman, ähli okuwçylary mümkin bolan üstünliklere çagyrýar. Mugallyma okuwçynyň şu günki real okuw mümkinçiliklerini bilmek bilen çaklenmän onuň ýakyn ösüş zonasyny bilmek wajypdyr. (L.S. Wygotskiý)

Optimizasiýa belli bir kesgitlenen döwürde, mysal üçin, çärýegiň soňunda, ýarym ýylda, ýylyň soňunda okuwçynyň ýetişiginiň maksimal mümkin bolan derejesini proýektilemegi talap edýär. Okuwçylary öwrenmegi bütewi we şol bir wagtda ähli mugallymlara elýeter maksatnama boýunça geçirmeli. Mysal üçin, orta synp okuwçylaryň real okuw mümkinçiliklerini öwrenmek üçin : saglyk ýagdaýyny, jemgyýetçilik we zähmet işjeňligini, özüni alyp baryş düzgünlerini ýerine ýetirişini, okuwa garaýşyny, okuw we okuwdan daşary esasy gyzyklanmalaryny, okuw zähmetiniň endikleriniň emele gelşini, (meýilnamalaşdyrmak, esasyny saýlamak, okamagyň we ýazmagyň tempi, öz-özüne gözegçiligi) okamaga höwesini, köp okanlygyny, maşgalanyň we deň-duşlaryň täsirini, okanda haýsy derslerden kynçylyk çekýändigini, esasy dersler boýunça ýakyn geljekde garaşylýan okuw üstünliklerini, okuwda ýa-da özüni alyp barşynda ýüze çykan kemçilikleriniň (eger bar bolsa), esasy sebäplerini bilmeli. Bu maksatnamany ulanyp, okuwçylaryň real okuw mümkinçiliklerini öwrenip, okuw işinde gazanan optimal netijeleri bahalandyryp bolar.

*Okatmagyň optimallygynyň ilkinji kriteriýasy her bir okuwçynyň ýakyn ösüş zonasynda real okuw mümkinçiliklerinde ýetişigini, terbiýelenligini we ösüşini gazanmak.*

Bu dereje kanagatlanarlydan pes bolmaly däldir, sebäbi okuw maksatnamalary ähli sagdyn okuwçylara elýeter düzülendir. Bu garaýyş ýetişigi pes okuwçylar bilen olaryň

kemçilikleriniň öňuni almak üçin, ýetişigi gowy okuwçylaryň ukyplaryny we zehinini hemmetaraplaýyn ösdürmek üçin ýörite işleri geçirmegi talap edýär.

Häzirki zaman didaktikasy okuw prosesini optimal diýip hasap etmek üçin bir kriteriýa azdyr diýip hasap edýär. Okuwçylaryň we mugallymlaryň okuw ýüküniň köp bolmazlygynyň öňüni almak, okuw işiniň tygşytly geçişini üpjün edýän ikinji kriteriýa gerekdigi wajypdyr.

*Okatmagyň optimallygynyň ikinji kriteriýasy okuwçylar bilen mugallymlaryň okuw işi we öý işi üçin berlen, gigiýeniki berkidilen wagt ölçeglerini ýerine ýetirmekdir*. Belli bolşy ýaly, her synp okuwçylaryna okuw işini we öý işini ýerine ýetirmek üçin wagt ölçegi ylmy taýdan esaslandyrylandyr, olar öz gezeginde okuwçylaryň güýjüni tygşytlamakda-da bildirýärler. Okuwçylar öý işini ýerine ýetirende I synp – 1 sagat, II synp – 1,5 sagat, III-IV synp - 2 sagat, V-VI synp – 2,5 sagat, VII synp – 3 sagat, VIII-X synp – 4 sagat wagt sarp etmeli. Okuwçylaryň synpdan daşary işlere sarp etmeli wagtlaryda bellenilen. Başlangyç synp mugallymlary sapaklara taýyarlanmak üçin günde 2 sagat, ýokary synp mugallymlara 3 sagat wagt sarp etmeli.

Netijelilik we wagt kriteriýalarynyň bütewilikde ulanylmagy optimizasiýany (oaktamakda sada işjeňlik) okatmakda mugallymlaryň we okuwçylaryň wagty hasaba alynmaýan sada işjeňlikden aratapawutlandyrýar.

Optimizasiýa mugallyma okuw-terbiýeçilik işinde ýokary netijeler gazanmagyň gysga, ýeňil ýollaryny görkezýär.

Ýokarda beýan edilen optimallygyň iki kriteriýasyndan başga-da kriteriýalar bardyr : az güýç, serişdeler ulanmak kriteriýalary.

Okatmagyň optimallygyny bahalandyrmak birnäçe etapdan amala aşyrylýar. Başda käbir kesgitlenen häsiýetler boýunça okuwçylaryň ýetirşiginiň, terbiýelenliginiň we ösüşiniň başlangyç derejesi bahalandyrylýar. Ondan soň, olaryň belli bir wagtdan soň mysaly ösüş derejesi meýilnamalaşdyrylýar. (bu okuwçy nähili ýetişip bilýär we ýetişmeli, özüni nähili alyp barmaly). Ondan soň okuw-terbiýeçilik täsirler ulgamy ulanylýar we okuwçylarda ýüze çykan üýtgeşikler bahalandyrylýar. Netijede, ýetilen netije optimal mümkin bolan netije bilen deňeşdirilip çözülýär, öý işine we synpdan daşary işe sarp edilen wagt berlen normatiwler, wagt bilen deňeşdirilip görlüp ýerine ýetirilen işler ulgamynyň optimallyk derejesi barada netije çykarylýar. Okatmak işini guramagyň dürli wariantlaryny deňeşdirmegiň we olaryň arasyndan optimal peýdasyny

saýlamagy başda bir kriteriýa boýunça amala aşyrmaly, ikinjisini üýtgewsiz saklamaly. Onda biz okatmak prosesiniň haýsy kriteriýa boýunça optimaldygyny belleýäris. Okatmak işiniň iki kriteriýalar boýunça optimal bolmagyny gazanmaga çalyşmaly.

Optimallyk nazaryýeti didaktika täze düşünje okatmagy optimizasiýalaşdyrmagyň usullar ulgamy düşunjesini girizýär. Bu düşünje anyk häsiýetli bolup, okatmagyň kanunalaýyklaryndan we ýörelgelerinden gelip çykýar.

Okatmagy optimizasiýalaşdyrmagyň usuly – bu okuwçylaryň we mugallymlaryň ýüküni köpeltmän, bellenilen gigiýeniki normatiw wagty ulanmak we berlen ýagdaýda okuw işiniň effektiwliginiň maksimal derejesine ýetmekde mugallym bilen okuwçylaryň berk arabaglanyşykly işidir.

Üns beriň, käbir wagt okuw işini optimizasiýalaşdyrmagyň usullary, käbir wagt okuw prosesini optimizirlemek başarnyklary barada gürrüň edýäris. Bu ýerde başarnyk mugallymyň okuw işini optimizirlemegiň kesgitlenen usullaryny ele almagy diýlip düşündirilýär.

Pedagogik zähmeti ylmy esasda guramagyň nazarýetinde mugallymyň işinde 4 (dört) esasy dereje saýlanylýar : ýeterlikli däl; tankydy (kritiçeskiý), ýeterlikli we optimal. (I.P. Raçenko).

Okatmagyň optimal derejesi okatmak elementlerine nähili täzelik girizýär, olar näme bilen häsiýetlenýärler, ony optimizirlemegiň esasy usullary nähili ?

Ilki bilen okatmagyň wezipelerini meýilnamalaşdyrmakdan başlanýan taýyarlyk etapynda duralyň. Optimal meýilnamalaşdyrmak okatmagyň wezipelerini meýilnamalaşdyrmaga toparlaýyn çemeleşmegi talap edýär we birtaraplaýynlyga ýol bermeýär. Şol bir sapakda mugallym bilim berijilik, terbiýeçilik we ösdürijilik wezipeleri çözjekdir. Bu çemeleşme okuw-terbiýeçilik wezipeleriň toplumynyň ählisini çözmek üçin goşmaça wagt talap etmän okatmagyň effektiwligini ýokarlandyrýar.

Temanyň mazmunyndan esasyny saýlamak, ders aragatnaşygy koordinirlemek we okuw maglumatynyň rasional (peýdaly gerek bolan) gurluşyny gurmak ýoly bilen okatmagyň mazmunynyň optimal wariantyny bilim bermegiň, terbiýelemegiň we ösdürmegiň meselelerini okuwçylaryň okuw ýüküni artdyrman, üstünlikli çözmäge kömek edýänini saýlamak okatmagy optimizasiýalaşdyrmagyň usullarynyň wajyp topary hökmünde ýüze çykýar.

Okatmagyň mazmunyny optimizasiýalaşdyrmak maksady bilen mugallym her bir sapagynda gönükmeleriň az sany bilen maksimal mümkin bolan effekti gazanmaly.

Mugallym mazmuny saýlandan soň, okatmagyň usullaryny we serişdelerini saýlaýar. *Berlen wagtyň içinde goýlan meseleleri üstünlikli çözmäge mümkinçilik berýän okatmagyň usullaryny we serişdelerini saýlamak okatmagy optimizirlemegiň ýene-de bir usulydyr.* Onuň ýaly saýlaw, bu tema boýunça usuly hödürnamalaryň mümkin bolan wariantlary bilen tanyşmak ýoly bilen amala aşyrylýar. Pedagog bu ýagdaýda wezipeleriň häsiýetini, maglumatlaryň mazmunyny, okuwçylaryň we öz hususy güýçli usuly taraplarynyň mümkinçiliklerini hasaba alýar.

Okuwçylary okuwa iterýän (motiw) we höweslendirýän usullary optimal saýlamagyň wajyplygyny bellemek gerek. Häzirki wagt okuwçylaryň okuwa položitel garaýyşlaryny höweslendirýän ýörite usullar topary esaslandyrylan. Olar, bilim beriji oýunlar, okuw çekeleşikleri, akyl ýetiriş täzelikleri dörediş ýagdaýlar, emosional başdan geçirmek we ş.m.

Okatmagyň usullaryny saýlamak bilen bir wagtyň özünde mugallym sapagyň berlen etapynda wagt tarapyndan tygşytly we rasional ulanylyp boljak okatmagyň serişdelerini (tehniki, görkezme esbaplar, laborator abzallary we ş.m.) kesgitleýär. Bu wezipe biziň şu günlerimizde – interaktiw okuw we miltimedia tehnologiýalar ulanylyp başlanda aktualdyr.

Okatmagy optimizasiýalaşdyrmagyň indiki usuly – berlen wagtyň içinde okuwçylaryň okamaga taýyarlygynyň logikasyna deň goýlan wezipeleri üstünlikli çözmäge ýagdaý döredýän guramaçylyk formalary saýlamakdyr. Optimizasiýanyň bu usuly diňe umumy synp bolmadyk, ýetişigi pes, gowy taýýarlygy bolan okuwçylara differensirlenen we aýrabaşga çemeleşmegi göz öňünde tutýar.

Okatmagy differensirlemekde esasy ünsi ýetişigi pes okuwçylara berlen ýumuşlary kemeltmäge köp üns bermän, ähli okuwçylar üçin niýetlenen maglumatlar ýerine ýetirilende olara berlen kömegi differensirlemeli.

*Okatmak prosesini optimizirlemek berlen wagtyň içinde goýlan wezipeleri üstünlikli çözmäge optimal şert döredýän ýagdaýlarsyz mümkin däl. Okuw-material, mekdep-gigiýeniki, moral-psihologiki, estetiki, käbir wagt (gerek bolan wagtyň bolmagy) şertleri saýlanylýar.* Bu şertler *birinjiden*, okuw meýilnamalary, maksatnamalary, okuw kitaplary, okuw gollanmalary, usuly hödürnamalary, mekdep jaýlaryny we otaglaryny

abzallaşdyrýan gurluşyk proýektleri, mekdep-gigiýeniki, her bir synp okuwçylarynyň synp we öý işiniň normatiwleri düzýän ylmy usuly edaralar tarapyndan üpjün edilýär. *Ikinjiden* gerek bolan şertleri döretmek bilen bilim dolandyryjy edaralar meşgullanýarlar. Olar täze mekdep jaýlaryny gurmak, olary gerek bolan abzallar, edebiýatlar bilen üpjün etmek bilen meşgullanýarlar. *Üçünjiden* gerek bolan şertleri döretmäge mekdep ýolbaşçylary we mugallymlary gatnaşýarlar. Olar kabinetleri (otaglary) abzallaşdyrýarlar, okuw maglumatlaryny taýýarlaýarlar, goşmaça görkezme esbaplary we laborator enjamlary, tehniki serişdeleri ulanylmaga taýýarlaýarlar, synplaryň, kabinetleriň içiniň howasynyň temperaturasyny, ýagtylygynyň rejesiniň talaba laýyk bolmagyny üpjün edýärler.

Ýokarda berlen okatmagy optimizasiýalaşdyrmagyň usullary mugallymyň işiniň taýýarlyk etapyna degişlidir. Geljekki etapda goýlan wezipeler, okatmagy guramagyň formalarynyň we serişdeleriniň, usullarynyň, saýlanan mazmunyň wariantynyň kömegi bilen amala aşyrylýar.

Okuw işini amala aşyrmak etapynda optimizasiýanyň esasy iki usuly ulanylýar : okuwçylaryň okuw işini dolandyrmagy we öz-özüňi dolandyrmagy rasional ulanmak (okuwy optimizirlemek) we okuw prosesiniň gidişini operatiw (wagtynda) dogrulamak (regulirowaniýe) we düzetmek (koorrigirowaniýe).

Mugallymlaryň we okuwçylaryň işiniň strukturasy bu ýagdaýda şeýle bolýar:

| **Mugallymyň işi** | **Okuwçynyň işi** |
|---|---|
| 1. Işiň wezipesiniň goýluşy. | Işiň wezipelerini kabul etmek we olary ýerine ýetirmäge işjeň hereket etmek. |
| 2. Işi höweslendirmek. | Işiň itergilerine (motiwlerine) düşünmek |
| 3. Saýlanan mazmun, usullar we okuwy gurnamagyň formalary esasynda terbiýelenilýänlere pedagogiki täsir etmek we olaryň işini guramak, esasyny saýlamaga ymtylmak. | Işi işjeň ýerine ýetirmek, okuw ýumuşlaryny ýerine ýetirmegiň rasional wariantlaryny tapmaga ymtylmak, esasyny saklamak, mümkin bolan maksimal netiejeleri gazanmak. |

| | |
|---|---|
| 4. Isiň gidişine gözegçilik etmek. | Işiň gidişine özüň (özbaşdak) gözegçilik etmek. |
| 5. Saýlan hereket ediş meýilnamaňyzda belli bir optimal däl ýagdaý dörese oňa operatiw düzediş girizmek. | Goýlan wezipeleri üstünlikli çözmek maksady bilen öz mümkinçilikleriňi hasaba alyp, öz hereketleriňi özüň dogrulamak we düzetmek (mugallymyň ýa-da başlangyçlaryň esasynda) |

Okuw prosesini tiz operatiw dogrulamak (regulirowaniýe) we düzetmek (korrigirowaniýe), okatmak usullarynda tiz üýtgeşikler girizip, okuwçylarda sapakda ýüze çykýan kemçilikleri düzetmek üçin gerekdir. Mugallymda ýüze çykýan kemçilikleri düzetmek üçin mobil başarnyklaryň bolmagy, onuň okatmak işini optimizasiýalaşdyrmagyň usulyny ele alandygynyň alamatydyr.

Optimizasiýanyň jemleýji usuly – *optimallyk kriteriýalar esasynda okatmagyň netijelerini we ulanylan wagty seljermekdir.*

*Optimallygyny seljermek aşakdaky hereketlerden ybaratdyr.*

| **Mugallymlaryň işi** | **Okuwçylaryň işi** |
|---|---|
| 1. Alnan netijeleri göz öňünde tutulan maksimal mümkin bolan wezipelere deňligini seljermek | Işiň netijelerini öz real mümkinçilikleriňe deňligini özüň seljermek. |
| 2. Hereket edýän normatiwler boýunça mugallymlaryň we okuwçylaryň optimal sarp eden wagtyna baha bermek. | Optimal sarp edilen wagty özbaşdak bahalandyrmak. |
| 3. Optimal mümkin bolan netijeleriň we wagtyň üýtgemeginiň sebäplerini bilmek | Optimal mümkin bolan netijeleriň we wagtyň üýtgemeginiň sebäplerini özüň seljermek. |

| | |
|---|---|
| 4. Okatmagyň täze öwrüminde bu sebäpleriň ýüze çykmagynyň öňüni almagy meýilnamalaşdyrmak | Okuwçynyň özüne bagly bolan sebäplerden saplanmagyň ýollaryny amala aşyrmak. |

Pedagoglaryň we terbiýelenilýänleriň okuw prosesini optimizasiýalaşdyrmakda ýerine ýetirýän bütewi usullar ulgamy şeýleräk.

Optimizasiýa usullaryny gysgaça, şu *esasy pedagogik hereketleriň üsti bilen beýan edip bolar: toplumlaýynlygy we anyklygy, esasysy, saýlamak, dersarabaglanyşyk, deňeşdirme bahalandyrmak esasynda onuň wariantlaryny saýlamak, okatmagy differensirlemek we aýrabaşgalaşdyrmak, gerek bolan şertleri döretmek, dolandyrmagy we öz-özüňi dolandyrmagy rasional baglaşdyrmak, prosesi operatiw (tiz) regulirlemek (dogrulamak) we korrigilirlemek (düzetmek), onuň netijelerini netije we sarp edilen wagt kriteriýalary boýunça bahalandyrmak*.

## Bilimleri barlamak we bahalandyrmak.

Tejribe pedagogik işiň sostaw bölümi we prosesi hökmünde, anyklanyşy we umumy çemeleşme hökmünde anyklamany ara tapawutlandyralyň. Didaktiki prosesiň geçişiniň, ähli taraplaryny öwrenmäge, onuň netijesini dogry kesgitlemäge – anyklaýyş diýilýär. Anyklaýyşsyz didaktiki prosesi effektiw dolandyryp, bar bolan şertler bilen optimal netije gazanyp bolmaz.

Didaktiki anyklaýyşyň maksady – okuw işiniň geçişini, onuň öndürijiligi esasynda wagtynda ýüze çykarmak, seljermek we bahalandyrmakdyr.

Görşümiz ýaly adaty bilimleri, başarnyklary bahalandyrmakdan anyklaýyş giň we çuň mana eýe. Bilimleri barlamak diňe netijä üns berip, onuň gelip çykyşyny düşündirmeýär. Anyklaýyş gözegçiligi, barlagy, bahalandyrmagy, statistiki maglumatlaryň toplanmagyny, olaryň seljerilmegini, tizligini, ösüşini, onuň mundan beýläk ösüşini çaklamagy ýüze çykarýar.

Gözegçilik, okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny bahalandyrmak anyklaýşa wajyp sostaw bölüm hökmünde goşulýarlar. Olar pedagogik tehnologiýanyň gadymy

düzümidir. Adamzadyň ösüş ýolunyň ilkinji günlerinde ýüze çykan gözegçilik we bahalandyrmak mekdebiň üznüksiz esasy bolup, onuň ösüşi bilen bilelikde hereket edýärler. Ýüzlerçe ýyl mundan öň bolşy ýaly pedagoglar şu gün hem baha nämäni görkezmeli (aňlatmaly) diýen soragyň üstünde jedelleşýärler. Bir topar pedagoglar baha – okuwçynyň ýetişiginiň kesgitlemesi bolmaly diýse, başga bir topary tersine, bahalandyrmak şol ýada başga okatmak usulynyň (ulgamynyň) kemçiligini ýa-da üstünliginiň görkezijisi bolmalydyr diýýärler. Mekdepde bilimleri bahalandyrmagyň gapma-garşylykly häsiýetdedigini Ý. A. Komenskiý-de belläp, pedagoglara ýüzlenip, bilimleri bahalandyranda öz hukuklaryndan peýdalanyp aňly we ölçegli çemeleşmäge çagyrdy. Okuwçylaryň bilimlerine obýektiw gözegçiligi, ynsanperwer garaýyşlar bilen baglaşdyrmagy talap etmek ähli didaktiki ulgamlaryň içinden geçýär.

K.D. Uşinskiý öz döwründäki gözegçiligiň formalaryny berk tankytlaýar. Ol ilki bilen onuň kemçiliklerini belläp, bu gözegçiligiň ýollary we usullary okuwçylaryň akyl işiniň ösüşine päsgel berýärler. Däp bolşy ýaly mugallym bir ýa-da birnäçe okuwçydan öý işini soranda, beýlekiler özlerini işden azat hasap edýärler. Ol wagtyny boş geçirip, öz güýjüni biderek ýoklap, tolgunyp garaşyp oturýarlar. Bu ýagdaýda, elbetde, okuwçy özüniň bilesigelijiligini we başlangyçlaryny ýüze çykaryp bilmeýär, diýip belleýär.

Häzirki zaman mekdeplerinde formal gözegçilige ýol berilmeli däldir. Didaktiki gözegçilik okatmagyň özboluşly usuly bolup aýdyň ýüze çykan bilim beriji, ösdüriji gönükdirilen bolup, öz-özüňe gözegçilik bilen birleşip, ilki bilen okuwçynyň özüne hökmany we peýdaly bolmaly.

Öň mekdep gözegçiligini üýtgetmäge bolan synanyşyklar hiç bir netije bermediler, sebäbi ähli teklipler we täzegirizmeler şol bir mekdepde bilimleri bahalandyrmalymy ýa-da bahasyz oňmalymy diýen soragyň daşynda toplandylar. 1918-nji ýylyň maý aýynda Halk komissariaty “Bahalary aýyrmak barada” karar kabul etdi. Onuň esasynda mekdeplerde bahalar bilen bilelikde synaglaram aýryldy. Olara derek okuwçylaryň ýetişigine gözegçilik etmek we olary hasaba almagyň sada formalary girizildi. Ol maksatlar üçin, ýörite hasaba alyş depderler ýöredilip gowy okuwçylaryň familiýasy “gyzyl” sahypada, bilim derejesi pesleriň familiýasy “gara” sahypada ýazylyp, “ýaryş” girizildi. Ýöne bahasyz okamak (gözegçiliksiz) netije bermedi we berip bilmezdi.

“Bilimleri höwes bilen ele almak”, “tebigy taýdan berlen bilimlere ymtylmalar” (P.N. Blonskiý) okuwçylaryň okuw işiniň esasy täsir ediji höwesleri bolmanlygy düşnükli boldy.

Häzirki mekdep gözegçilikden we bilimleri, başarnyklary bahalandyrmakdan ýüz döndermegi talap etmeýär. Ol okuwçylary okatmak maksady bilen bahalary nädogry goýmak ýollaryndan ýüz döndermägi talap edýär. Okatmakda we terbiýelemekde güýç toplaýan okuwçylaryň okuw işini höweslendirmegiň täze usullaryny gözlemek ýollary, şahsy peýda ýörelgesi, başga garaýyşlary kesgitleýärler. Anyklaýyş ulgamynda baha höweslendiriji serişde hökmünde täze hillere eýe bolýar. Bahalandyryş ulanylýan, şahsyýetiň öz-özüni kesgitläp bilýän we ony okamaga iterýän faktor hökmünde anyklaýşyň netijesi ulanylyp bilner. Okatmagyň öz isleglilik ýörelgesi bilen doldurylyp, öň okuwçylar tarapyndan gowy görülmedik, zor bilen okatmaga iterýän serişde hökmünde çykyş edýän baha – ösen jemgyýetde adamyň bahasyny (agramyny) görkezýän, onuň şahsy reýtingini kesgitleýän rasional (peýdaly) ýola öwrülýär.

Käbir daşary döwletlerde mugallym bilen okuwçynyň arasynda kontrakt baglanyşylýar. Ol kontraktda “Siz gözegçilikli okajakmy ýa-da gözegçiliksiz ?”, “Siz baha almak isleýäňizmi ýa-da bilimleri bahasyz ele aljakmy ?” diýen soraglar goýulýar.

Egerde okuwçy bahasyz, gözegçiliksiz okajak bolsa, onda okuwyň bahasy 3-4 gezek az bolýar. Gözegçilikli we bahalandyrylyp okajak okuwçylaryň tölegi ýokary bolýar.

Näme üçin ? Siz muny nähili düşündirersiňiz ?

Pedagogikanyň häzirki nazaryýetinde “baha”, “gözegçilik”, “barlag”, “hasaba almak” we olar bilen baglanyşykly düşünjeleri kesgitleýän durnukly garaýyşlar ýok. Käbir wagt, olar garyşdyrylýarlar, biri-biri bilen ýerini çalyşýarlar, bir görseň bir manyda, bir görseň başga bir manyda ulanylýarlar.

Esasy düşünje hökmünde “**gozegçilik**” çykyş edýär. Ol okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny kesgitlemegi, ölçemegi we bahalandyrmagy aňladýar. Kesgitlemegi we ölçemegi barlag diýip atlandyrýarlar. Şonuň üçin **barlag** – bilimlerde kemçilikleri we ýalňyşlyklary wagtynda ýüze çykarmak, pedagog tarapyndan okuw maglumatlarynyň özleşdirilenligi barada obýektiw habar almak, okuwçylar bilen mugallymyň arasyndaky gaýdyp gelme arabaglanyşygynyň esasy didaktiki funksiýasy, gözegçiligiň esasy düzümidir. **Barlagyň** maksady diňe okuwçylaryň bilimleriniň derejesini we hilini kesgitlemek bolman, eýsem, okuwçynyň okuw işiniň göwrümini-de kesgitleýär. Barlagdan başga gözegçilik özünde **bahalandyrmagy** (proses hökmünde) we bahany barlagyň (netije hökmünde) özünde saklaýar. Ýetişik tabellerinde, synp žurnallarynda,

gündelliklerde bahalar sanlar görnüşinde bellenilýär (şertli belgiler, kod signallary we ş.m.)

Okuwçylaryň ýetişigini bahalandyrmagyň esasy hökmünde gözegçiligiň netijeleri (jemleri) çykyş edýärler. Bu ýerde okuwçylaryň işiniň hil we mukdar görkezijileri hasaba alynýarlar. Mukdar görkezijiler köplenç ball ýa-da göterim görnüşinde, hil görkezijiler "gowy", "kanagatlanarly" diýen sözler bilen bahalandyrma görnüşinde bellenilýärler. Her bir bahalandyrma, kesgitlenen, öňünden maslahatlaşylan (bellenilen) ball, görkeziji goýulýar. (mysal üçin söz bilen aýdylan "bäşlik" baha – 5 ball) goýulýar. Bu ýerde iň wajyp düşünmeli zatlaryň biri-de, baha bu ölçegleriň we hasaplamalaryň netijesinde goýulýan san däl-de, ýörite düzülen baha kriteriýalary boýunça kesgitlenen bahadyr. Bahalary sanlar hökmünde goýmakdan gaçyp, dünýäniň döwletleri harp bahalandyrmaga geçdiler, mysal üçin A,B,Ç we ş.m.

Baha okuwçylaryň alan bilimleriniň, başarnyklarynyň umumy göwrüminiň gatnaşygy hökmünde düşünilen ýagdaýynda bilimiň derejesiniň mukdar manysy alynýar. Özleşdirilenligiň görkezijisi (okatmagyň önümi) şu aşakdaky gatnaşykda gelip çykýar :

$$B = F / B_{d.g.} Ч 100\%$$

Bu ýerde $B$ - ýetişigiň bahasy (bilimler, okuwyň önümi), $F$ – özleşdirilen bilimleriň, başarnyklaryň faktiki göwrümi, $B_{d.g.}$ - özleşdirmek üçin hödürlenen bilimleriň başarnyklaryň doly göwrümi.

Bu kriteriýa boýunça bahany kesgitlemek üçin özleşdirilen we özleşdirmäge hödürlenen maglumatlaryň göwrümini ölçemegi öwrenmeli.

Bahanyň funksiýasy, belli bolşy ýaly, bilimiň derejesini görkezmek bilen çäklenmeýär, baha bu mugallymyň elindäki okuwy höweslendirýän, oňa položitel (motiw) döredýän şahsyýete täsir edýän serişdedir. Diňe bilimler obýektiw bahalandyrylanda okuwçylarda öz bilimini bahalandyrmak, öz üstünliklerine tankydy garaýyş döreýär. Şonuň üçin okuwçylaryň bilimlerini bahalandyrmagyň funksiýalarynyň dürli taraplaryny, olaryň okuw işiniň ähli tarapyny şöhlelendirýän görkezijileri tapmak talap edilýär.Häzirki döwürde ulanylýan bilimleri, başarnyklary bahalandyrmak

ulgamyny täzeden gözden geçmek, onuň anyklaýyş täsirini we obýektiwligini maksada laýyk etmek talap edilýär.

Okuwçylaryň bilimlerini anyklamagyň we gözegçilik etmegiň wajyp ýörelgeleri obýektiwlik, ulgamlylyk, görkezmeklik (aýanlyk).

**Obýektiwlilik** – anyklaýyş testleriň (ýumuşlaryň, soraglaryň) anyklamak işleriniň ylmy taýdan esaslandyrylmagynda, mugallymyň ähli okuwçylara deň, dostlukly gatnaşygynda, bilimleriň, başarnyklaryň işlenip düzülen kriteriýalar esasynda bahalandyrylmagynda jemlenýär.

**Ulgamlylyk ýörelgesiniň** talaplary – anyklaýyş gözegçiligini didaktiki prosesiň ähli etaplarynda ikinji kabul etmekden tä bilimleriň tejribede ulanylyşyna çenli geçirmekdir. Bu ulgam mekdepde okaýan ähli okuwçylary okuwyň birinji gününden tä soňky gününe çenli hemişe anyklaýyş göz astynda bolmagy talap edýär. Onuň üçin mekdep gözegçiligini wagty wagtynda geçirip okuwçylaryň bilimleri we ýerine ýetirmeli maglumatlaryny barlamaly. Ulgamlylyk ýörelgesi, anyklamagy, bir maksada boýun bolýan gözegçiligiň, barlagyň, bahalandyrmagyň dürli formalaryny, usullaryny we serişdelerini berk arabaglanyşykda we bütewilikde toplumlaýyn geçirmegi talap edýär. Bu çemeleşme aýry-aýry usullary we anyklaýyş serişdeleriniň uniwersal ulanylyşyna ýol bermeýär.

**Görkezmeklik (aýanlyk) ýörelgesi** – ähli okuwçylaryň bilimlerini barlamagy aç-açan we şol bir kriteriýalar boýunça geçirilmegini talap edýär. Anyklamak prosesinde ýüze çykarylan her bir okuwçynyň bilim derejesi açyk, deňeşdirme häsiýetde bolýar. Bu ýörelge bahalaryň aç-açan aýdylmagyny talap edýär. Baha – bu okuwçylaryň olardan edilýän talaplary, mugallymyň obýektiwligini bilmekleriniň oriýentidir. Bu ýörelgäniň wajyp şertleriniň biri her, bir anyklaýyş netijeleriň jemlerini jemläp, ony aýtmagy, olary gyzyklanýan adamlaryň gatnaşmagynda maslahatlaşmagy we seljermegi ýüze çykarylan kemçilikleri düzetmegiň perspektiw (ösüş) meýilnamalarynyň düzülmegidir.

Okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny anyklamagy, gözegçilik etmegi, barlamagy we bahalandyrmagy olaryň öwreniliş logiki yzygiderliginde amala aşyrmaly.

Okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny barlamagyň esasy usullary *dil üsti soramak, ýazuw, grafiki we tejribe işleri barlamak.*

*Dil üsti bilen soramak frontal we aýrabaşga* görnüşinde bolup biler.

*Frontal soramak* mugallymyň beren soragyna synpyň köp okuwçylary jogap berýärler, düzgün bolşy ýaly oturan ýerinden, *aýrabaşga soramak* – mugallymyň soragyna bir okuwçy, düzgün bolşy ýaly tagtanyň ýanynda jogap berýär.

*Ýazuw işleri barlamak usuly.* Bu usul mugallyma we ähli okuwçylaryň maglumatlary özleşdirişiniň netijelerini bilmäge kömek edýär. Bu usulyň özbaşdak ýerine ýetirilýän işler görnüşi-de bardyr.

Okuwçylaryň bilimlerini we başarnyklaryny **grafiki we tejribe** işleriň ýerine ýetirilişiniň üsti bilen-de barlap bolar. Olar okuwçylara tabşyrylan işleriň mazmuny bilen kesgitlenýärler.

Barlag ulgamynyň **ilkinji zwenosy** okuwçylaryň bilimleriniň derejesini öňünden barlamakdyr. Bu barlag, düzgün bolşy ýaly okuwyň başynda, okuwçylaryň geçen okuw ýylynda bu ders boýunça onuň esasy bölümleri, meseleleri boýunça bilim derejesini kesgitlemekden ybarat. Bu barlagyň netijesinde bilimlerde we başarnyklarda ýüze çykarylan kemçilikler düzedilmeli. Barlagyň bu görnüşi diňe okuw ýylynyň başynda bolman ýylyň ortasynda ýa-da dersiň täze bölümi öwrenilip başlanda ulanylýar.

Bilimleri barlamagyň **ikinji zwenosy** her bir temanyň mazmunynyň özleşdirilenligini ýüze çykarýan **akymlaýyn barlagdyr**. Her bir sapakda geçirilýänligine garamazdan barlagyň bu görnüşi okuw maksatnamasynyň belli bir elementiniň özleşdirilenligini anyklamaga mümkinçilik berýär. **Akymlaýyn barlagyň** esasy funksiýasy – bilim berijilikdir. Bu barlagyň usullary we formalary okuw maglumatlarynyň mazmunyna, onuň kynlygyna, okuwçylaryň ýaşyna we taýýarlygyna, okatmagyň derejesine we maksadyna, anyk şertlerine garaşlydyr.

Bilimleri, başarnyklary barlamagyň **üçünji zwenosy** – **gaýtadan barlamakdyr.** Ol hem akymlaýyn barlag ýaly her bir öwrenilýän temanyň özleşdirilenligini ýüze çykarmaga kömek edýär. Okuwçylar täze öwrenilýän tema bilen bilelikde öňki geçilen temany gaýtalaýarlar. Gaýtadan barlamak bilimleri berkitmäge täsir edýär, ýöne okuw işiniň gidişiniň tizligini, häsiýetlendirmäge, bilimleri özleşdirmegiň berkligini anyklamaga mümkinçilik bermeýär. Bu barlag diňe anyklamagyň başga görnüşleri we usullary bilen bilelikde ulanylanda gerek bolan netije berer.

Ulgamyň **dördünji zwenosy** – bilimleriň, başarnyklaryň **döwürleýin (periodiki) barlagydyr.** Bu barlag dersiň belli bir bölüminiň ýa-da birnäçe temasynyň özleşdirilenliginiň netijesini bilmäge kömek edýär. **Döwürleýin barlagyň maksady** –

öwrenilýän dersiň dürli bölümlerinde maglumatlaryň gurluş elementleriniň arabaglanyşygynyň özleşdirilenliginiň hilini anyklamaga kömek edýär. Döwürleýin barlagyň esasy funksiýalary – ulgamlaşdyrmak we jemlemekdir.

Barlagy guramagyň **bäşinji zwenosy** didaktiki prosesiň ähli etaplarynda okuwçylaryň ele alnan bilimleriniň, başarnyklarynyň jemleýji barlagy we hasaba alnyşydyr. Ýetişigiň jemleýji hasaba almak her çärýegiň we okuw ýylynyň soňunda geçirilýär. Onuň işi çärýegiň ýa-da ýylyň dowamynda alnan bahalary jemläp, orta arifmetiki baha çykarmakdyr. Bu öňde goýlan maksada laýyklykda alnan bilimleriň faktiki hilini anyklamakdyr.

Barlagyň ýörite görnüşi hökmünde **toplumlaýyn barlag** çykyş edýär. Onuň kömegi bilen okuwçylaryň dürli dersler boýunça alan bilimlerini, başarnyklaryny tejribede ýüze çykan meseleleri çözmekde ulanyp bilýänligini anyklamakdyr. Mysal üçin kärende ýerde ekilen pagtadan geljek önümiň netijesini kesgitlemek üçin matematikadan, biologiýadan, botanikadan, himiýadan, geografiýadan alnan bilimleri ulanmagy talap edýär. Barlagyň bu görnüşi az ulanylýar. Ýöne integratiw okuw dersleri okadylyp başlanandan soň, onuň ähmiýeti öser. **Toplumlaýyn barlagyň** esasy funksiýasy hökmünde dersara baglanyşyk hillerini anyklamak, okuwçylaryň okan ähli dersleri boýunça alan bilimlerine daýanyp hadysalary, prosesleri, wakalary düşündirmegi başarmagy çykyş edýär.

Pedagog, baha goýanda, her gezek logika we kriteriýalara daýanyp, ony esaslandyrmalydyr. Tejribeli mugallymlar şeýle esaslandyrmalary ulanyp okuwçylar bilen ýüze çykýan konfliktleriň öňüni alýarlar.

Mugallymlaryň okuwçylaryň bilimlerini bahalandyranda subýektiwizminiň sebäpleri dürli-dürlidir. Bir geçirilen eksperimental barlagda mugallymlara okuwçylaryň “şahsy jilti” berildi we bahalandyrmak talap edildi. Okuwçynyň akyl ösüşiniň derejesini, onuň ata-enesiniň mekdebe garaýşyny okuwçynyň geljegi barada maglumat bermeklerini haýyş etdiler. Bu barlagyň gizlinligi – ähli barlaga gatnaşýan mugallymlara şol bir okuwçynyň “şahsy jiltiň” berilmegindedi. Ýöne oňa dürli suratlar ýapyşdyrylypdy. Birine özüne çekiji, beýlekisine ýakymsyzrak suratlar berkidilipdi. Barlagyň netijeleri şeýle maglumat berdi. Özüne çekiji suratlar ýapyşdyrylan “şahsy jiltlere” pedagoglar ýokary intellektual dereje, öz synpdaşlarynyň arasynda esasy orun, ýokary bahalar berdiler. Ýakymsyzrak suratlara bolsa, berlen bahalar tersine pes boldy.

Gyzyklanma döredýän faktlaryň biri-de mugallymlaryň birinji partalarda oturan okuwçylara köp ýüzlenişi we olara ýokary bahalar goýşudyr. Ýene-de käbir faktlar, gowy poçerkli mugallymlar gowy, owadan ýazýan okuwçylara köp üns berişini, gowy geplemegi, sözleri dogry aýtmagy halaýan mugallymlar dilinde kemçiligi bolan çagalara adalatsyz temmi berýänligini bellemeli.

Ýüze çykan pedagogik subýektiwizm esasy sebäbi şu günki okuwçylaryň mugallymyň gatnaşygy az bolan, bilimleriniň bahalandyrmaga test we kompýuter görnüşlerine ýüzlenmegindedir.

Mugallym okuwçylaryň ýerine ýetiren işlerine obýektiw we real bahalandyrmaga aňly ymtylmalydyr. Ondan başga-da mugallym her gezek okuwça nähili baha, näme üçin we nähili goýulýandygyny düşündirmelidir.

## Bahalandyrmagyň daşary ýurt tejribesi

Daşary ýurt mekdeplerinde anyklaýyş testleriň ulanylyşynyň öz taryhy bardyr. E. Trondaýk (1874-1949) test barlagyny işläp düzen we ony amerikan mekdepleriň tejribesine girizmegiň 3 (üç) etapyny belleýär.

1. Gözleg döwri (1900-1915) Bu etapda fransuz psihology A. Binäniň hödürlän ýady; ünsi, kabul edişi barlaýan testleriň aňlanylyşy we ilkinji ornaşdyrylyşy başlanýar.

2. Ondan soňky 15 ýyl O. Stounyň arifmetikadan, B. Zekingemiň arassa ýazuwy barlamak, E. Trondaýkyň mekdep derslerini öwrenmek testlerini islemegi we ornaşdyrmagydyr. T. Kelli algebra sapaklaryny okanda okuwçylaryň gyzyklanmasyny ölçemegi, Ç. Spirmen testleri standartizasiýalaşdyrmak üçin korrelýasion seljermäni ulanmagyň esaslaryny hödürledi.

3. 1931-nji ýyldan mekdep testiniň ösüşiniň täze etapy başlanýar. Testleri işläp düzýän alymlar olaryň obýektiwligini, üznüksizligini, bir ideýa we umumy ýörelgelere boýun bolmagyny, testleriň netijelerini işlemegiň täze, kämilleşen ýollaryny gözläp başladylar.

Ýada düşürmeli maglumatlaryň biri-de biziň mekdeplerimizde mekdebiň obýektiw bahalandyryş gözegçiliginiň esasy edip test barlagyny aldylar. 1936-njy ýylda kabul

edilen “Halk magaryf komissarlygynyň ulgamynda pedagogik näsazlyklar” diýen karar ähli intellektual we ýetişik testlerini ýok etdi. XX asyryň 70-nji ýyllarynda testleri ulanmagy dikeltmäge synanyşyk netije bermedi. Bu ugurda biziň mekdeplerimiz daşary ýurt mekdeplerinden yzda barýar.

Ösen döwletleriň mekdeplerinde testleri ornaşdyrmak we kämilleşdirmek işleri ýokary templerde amala aşyrylýar.

## Terbiýe- döwrebap şahsyýeti taýýarlamagyň serişdesi hökmünde

Bitewi pedagogik işde terbiýe (terbiýeçilik işi) wajyp orny eýeleýär. Terbiýe pedagogik prosessiň esasy elementidir. Onuň umumy, sosial funksiýasy- ýaşy uly nesliň toplan bilimler, başarnyklar, möçberler we nusgalar tejribesini öwrenmekdir. Terbiýäniň konkret (anyk) sosial funksiýasy taryhy ösüş netijesinde üýtgeýär we jemgyýetçilik aragatnaşyklarynyň häsiýeti, medeniýeti gymmatlyklary, ugrukdyrmagyň şertleri bilen kesgitlenýär.

Terbiýe diňe bir şahsyýeti emele getirmegi göz öňünde tutman, eýsem onuň aýrabaşga ösüşi üçin hem şertler döredýär. Adamy terbiýelemegiň baş wezipeleriniň biri, iki sany wajyp şertleriň durmuşa geçirilmegine garaşly bolan onuň öz-özüni jemgyýetçilikli kesgitläp bilmegidir.

Birinji şerti- ýaşlary jemgyýetçilik aragatnaşyklaryna goşmakdyr. Olarda, özünde obýektiw we subýektiw düzüjileri bolan işe şahsy garaýşy döretmek. Obýektiw düzüm - şahsyýetiň öz işi. Subýektiw düzüm – şahsyýetiň bu işe garaýşy.

Ikinji şerti – çagalaryň jemgyýetçilik aragatnaşyklarynda öz ornuny tapyp bilmegidir. Bu şert çaganyň öňde goýlan iş maksadynyň we wezipeleriniň öz şahsy ösüşi üçin wajypdygyny her bir çaganyň özüniň, **“meniniň’** aňlaýşyny hasaba almagyny, onuň goşulan işiniň anyk we aýdyň ösüş ýollary (Ýakyn we uzak perspektiwalar. A.S.Makarenko) bolmagy çaga daş-töwerekdäkiler bilen aragatnaşykda bolanda özüni doly açyp görkezmäge mümkinçilik berýär.

Terbiýe deň dolandyrylanda, gözegçilik edilende, goýlan meseleleri çözmek üçin ýörite pikirlenilip düzülen meýilnama esasynda geçirilende ýüze çykýar. Terbiýe – şahsyýeti kämilleşdirmek üçin ýerine ýetirilýän maksada gönükdirilen işdir. Bu jemgyýete gerek we peýdaly şahsyýeti terbiýelemek, taýýarlamak maksady bilen geçirilýän ýörite gurnalan dolandyrylýan we gözegçilik edilýän terbiýeçiler bilen terbiýelenýänleriň bilelikdäki ýerine ýetirýän işidir.

Terbiýe kesgitlenen jemgyýetçilik-pedagogik ideallara deň gelýän ýörite gurnalan täsirleriň kömegi bilen şahsyýeti terbiýeleýän maksada gönükdirilen işdir.

Terbiýe pedagogik işiň wajyp elementi hökmünde özünde dört sany häsiýeti jemleýär:

1. Täsiriň maksadagönükdirilenligi.
2. Bu täsiriň nusga, sosial-medeni oriýentiri, idealy görnüşinde onuň jemgyýete gönükdirilenligi, terbiýeçilik işiniň adamzadyň taryhy ösüşinde ýeten sepgitlerine we sosial-medeni gymmatlyklaryna gabat gelmegi.
3. Gurnalan terbiýeçilik täsirleriň we hereketleriň kesgitlenen ulgamynyň bolmagy
4. Adam tarapyndan sosial tejribäniň özleşdirilmegi.

Terbiýeçilik işiniň esasy aýratynlyklary nämede jemlenýär? Olaryň hil aýratynlyklary nähili? Ilki bilen terbiýeçilik işiniň köp faktorlylygyny göz öňünde tutmaly. Ol diňe maşgalada däl, mekdepde-de, mekdepden daşary edaralarynda-da amala aşyrylýar we pedagoglaryň terbiýeçilik işleriniň üsti dürli guramalaryň, dürli-dürli terbiýeçilik işleri bilen doldurylýar.

Okuwçylaryň aňynyň, özüni alyp barşynyň, duýgusynyň ösüşine edebiýat we sungat, radio we telewideniýe, kino we teatr ýaly uly täsir edýän terbiýeçilik akymlaryň göwrümi giňelýär. Terbiýeçilik işi köp meýilnamaly, köp faktorly bolup başlady. Ony diňe mekdebiň çägi bilen, sapagyň çägi bilen kesgitläp bolmaz. Terbiýäniň üstünligi bir çeşme däl, birnäçe faktorlara we täsirlere garaşlydyr. Terbiýeçisiniň köp faktorlygy, onuň täsir ediş sferalarynyň giňligi, şahsyýeti ösdürmek üçin dürli goşmaçalardan we mümkinçiliklerden peýdalanmaga ýagdaý döredýär. Şol bir wagt terbiýeçilik işiniň geçişini kynlaşdyrýan köp dürli we köp görnüşli täsirler edilip, terbiýelenilýänlere položitel täsirler bilen bir hatarda otrisatel täsirler-de edilýär. Terbiýeçilik işiniň çylşyrymlylygyny görkezýän obýektiw we subýektiw faktorlar bardyr. Şahsyýetiň içki isleglerini, talaplaryny kesgitleýän subýektiw faktorlar şahsyýetiň ýaşaýan we kämilleşýän obýektiw faktorlar bilen deň gelen ýagdaýynda terbiýelemek meseleleri ýokary derejede çözülýär.

Terbiýeçilik işini alyp barýan mugallymyň işiniň netijesi diňe obýektiw kanunalaýyklyklar bilen kesgitlenilmeýär. Bu ýerde terbiýeçiniň şahsyýeti, onuň ýekebara häsiýeti, onuň terbiýeleýän çagalaryna bolan garaýşy-da uly orun tutýar.

Terbiýäniň ýene bir aýratynlygy <u>onuň köp dowamlylygydyr, köp wagt talap edýänligidir.</u> Ol çagalar mekdebe gelmänkä başlanyp, mekdepden soň hem adamyň iň soňky gününe çenli dowam edýär. K.A.Gelwesiý şeýle diýýär: “*Men okamagymy dowam edýän, meniň terbiýäm heniz gutarmady. Ol haçan gutararka? Ol menden soň gutarar. Umuman aýdanymyzda meniň bütin ömrüm uzap giden bir terbiýe.*”

Adm uly ýaşda-da terbiýelenýär we gaýtadan terbiýelenýär. Ol özüniň zähmet, moral tejribesini toplamagy we kämilleşdirmegi dowam edýär, bilimlerini giňeldýär we

çuňlaşdyrýar, estetiki gymmatlyklary ele alýar. Elbetde mekdep ýyllary çaganyň şahsyýetiniň, häsiýetiniň, özüni alyp barşynyň intensiw (tiz) ösýän mahalydyr. Mekdepde berlen terbiýe adamyň aňynda çuň yz galdyrýar. Sebäbi ýaş wagtyňda nerw ulgamy çeýe, tiz kabul ediji bolýar. Belli bolşy ýaly çaganyň bu döwürde merkezi nerw ulgamy özüniň ýokary maýyşgaklygy we kabul edijiligi bilen aratapawutlanýar. Onuň esasynda şahsyýetiň üstünlik ösüşi üçin dürli şertler döredilýär. Şonuň üçin çagalar ýaş wagty olar bilen ýörite gurnalan terbiýeçilik işleri amala aşyrylýar.

Terbiýeçilik işiniň köp dowamlylygyna onuň netijesine tiz ýetip bolmaýanlygy-da şaýatlyk edýär. Okuwçy gysga wagtyň içinde arifmetikanyň düzgünini özleşdirýär, taryhy faktorlary hadysalary , ýyllary ýatlap biler. Ýöne ony gysga wagtyň içinde gowy ýoldaş, duýgur we mylakatly adam, toparda ýaşap bilýän adam edip terbiýeläp bolmaz. Onuň üçin köp wagt talap edilýär. Tiz hereket edýän usullaryň kömegi bilen okuwçylar toparyny gurup we berkidip, onda sagdyn durmuş pikirini döredip bolmaz, ol bolmasa hemmetaraplaýyn terbiýe berip bolmaz. Terbiýäniň netijesini kesgitlände terbiýeçilik işiniň bu häsiýetini hasaba almaly. Terbiýemek işiniň her bir ýagdaýynda gysga wagtyň içinde üstünlige garaşmak bolmaz, esasan hem şahsyýeti gaýtadan terbiýelemekde. Terbiýeçilik işiniň çylşyrymlylygy, kynlygy onuň hereketjeň üýtgäp durýanlygydyr.

Terbiýeçilik işiniň ýene bir aýratynlygy onuň basgançakly häsiýetidir. Bu iş basgançak görnüşinde amala aşyrylýar. Birinji basgançakda çagalar maşgalada, mekdepde özüni alyp barmagyň düzgünleriniň ilkinji maglumatlaryny özleşdirýärler. Olarda ilkinji duýgy elementleri oýanýar we özüni alyp barmagyň sada başarnyklary ýüze çykyp başlaýar. Ikinji basgançakda, çagalarda özüni alyp barmak normalarynyň esasynda etiki düşünjeler emele gelýärler, şol ýa-da başga bir ýagdaýda özüňi dogry alyp barmak, kabul edilen özüni köpçülikde alyp barmak düzgünlerini ýerine ýetirmek başarnyklary ýüze çykýarlar. Şonuň bilen bir hatarda položitel duýgular ösüp, otrisatel duýgular ýok bolup başlaýar. Üçünji basgançak, ynançlaryň ýüze çykmagy özüňi dogry alyp barmagyň berkişen häsiýetleriniň ýüze çykmagy, duýgularyň baýlaşmagy we mundan beýläk ösmegi bilen häsiýetlenýär. Bu basgançakda, okuwçylarda ahlak ýörelgeleri bilen kesgitlenýän iş motiwleri (itergileri) has hem anyk ýüze çykýarlar. Bu basgançaklaryň arasynda serhet bolman, olar biri-bir bilen berk arabaglanyşyklydyrlar.

Terbiýeçilik işiniň basgançaklary okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna hemişe deň gelmeýärler. Çagalaryň biri tiz ösýär, başga biriniň ösüşi haýal. Munuň bilen ösüşiň derejesini ýaş bilen, okatmagyň basgançaklary deň gelmeýändigini düşündirip bolar. Käbir ýokary synp okuwçylary orta synp okuwçylary bilen deňeşdirilende kähalatda olar ösüşi boýunça aşak basgançakda durýandyklaryna göz ýetirse bolar.

Terbiýeçilik işiniň aýratynlyklarynyň biri-de onuň belli bir maksada gönükdirilenligidir. Onuň ilkinji ädimi maksatdyr. Käbir çeşmelerde “maksat” bilen “netijäni” birleşdirjek bolýarlar. Netije- bu ulgamyň soňky ýagdaýy, maksat- belli bir täsirleriň, işleriň üsti bilen onda üýtgeşmeleriň emele gelmegi

Terbiýeçilik işiniň maksady belli bir alnan çaganyň terbiýelenenlik netijesiniň maglumatlary esasynda kesgitlenýär. Bu ýerde şu aşakdaky işler ýerine ýetirilýär.

1. Terbiýeçilik işiniň maksadyny, netijesini anyk we dogry goýmak.
2. Ýörite diagnostik usullar arkaly terbiýelemegiň ýagdaýy bilen terbiýeçilik işiniň netijesini deňeşdirip görmek.
3. Olaryň arasyndaky aratapawudy kesgitlemek.
4. Belli bir wagtyň içinde ýüze çykmaly üýtgeşikleri kesgitlemek.

Terbiýeçilik işiniň maksadyna bolan talaplar:
- terbiýelenýände anyk üýtgeşmeleriň ýüze çykmagy;
- onuň pedagogik häsiýetli bolmagy;
- terbiýeçilik işleriniň şertlerini däl-de, çaganyň aýrabaşga häsiýetlerini üýtgetmäge gönükdirilen bolmaly;
- onda şahsyýetiň häsiýetlerini üýtgediji maglumatlaryň bolmagy;
- maksadyň pozitiw bolmagy(negatiw häsiýetleri mysal getirmezlik);
- maksadyň reallygy.

Terbiýeçilik işiniň aýratynlygy –onuň üznüksizligidir. Mekdeplerde geçirilýän terbiýeçilik işi bu terbiýeçi bilen terbiýelenýäniň üznüksiz ulgamlaýyn aragatnaşygydyr. Köp terbiýeçiler geçirilen bir gowy çäre okuwçynyň özüni alyp barşyny üýtgedýär diýip hasap edýärler. Bu ýalňyş netijedir. Diňe maksada gönükdirilen ulgamlaýyn geçirilýän terbiýeçilik işler gowy netije berip biler. Eger-de geçirilýän terbiýeçilik işleri üznüksiz bolup, ol wagtal-wagtal geçirilen ýagdaýynda okuwçynyň aňynda yz galdyrmaýar. Terbiýeçi şol bir zady ýene täzeden gaýtalamaly bolýar.

Terbiýeçilik işi bitewi (kompleks) işdir. Terbiýeçilik işiniň maksatlary, meseleleri, mazmuny ,görnüşi we usullary diňe kämil şahsyýeti taýýarlamaga gönükdirilendir. Bu ýerde mekdebiň, maşgalanyň, jemgyýetçiligiň terbiýeçilik işlerini guramakda maksadynyň birligi göz öňünde tutulýar.

Terbiýeçilik işiniň birmeňzeşdällik (wariatiw) we netijeleriniň näbellilik häsiýeti hem bar. Bu ýerde terbiýelenýänleriň ýekebara (indiwidual) häsiýeti, durmuş tejribesi, terbiýä bolan garaýşy uly orun tutýar. Onuň gidişine we netijesine terbiýeçileriň hünär taýýarlygy, olaryň ussatlygy, bu işi dolandyryp bilşi hem uly täsir edýär.

Terbiýeçilik işi iki taraplaýyn häsiýetlidir. Ol iki ugurdan hereket edýär:
terbiýeçiden terbiýelenilýäne (göni aragatnaşyk) we terbiýelenilýänden terbiýeçä (ters aragatnaşyk). Terbiýeçilik işiniň dolandyrylyşy ters aragatnaşygyň netijesinde, ýa-da terbiýelenilýänden gelýän habar boýunça guralýar.
Terbiýeçilik işi hemişe hereketde, ösüşde we üýtgäp durýan işdir.
Terbiýeçilik işiniň ösüşi onuň gapma-garşylyklarynyň esasynda ýüze çykýar. Ol garşylyklar içerki we daşarky görnüşde bolýarlar. Bu işiň üznüksizliginiň güýjini gapma

–garşylyklar döredýärler. Esasy içki gapma-garşylyklaryň biri şahsyýetiň ösüşinde ýüze çykýan täze talaplary we olary onda kanagatlandyrmagyň mümkinçilikleridir. Terbiýäniň esasy – şahsyýeti kämilleşdirmegi dogry ýola goýmakdyr. Onuň üçin terbiýeçi terbiýelenilýäniň hereketlendiriji güýçleriň motiwlerini, talaplaryny durmuş meýillerini, gymmatlyklara garaýşyny çuňňur bilmelidir.

Daşky gapma-gaşylyklar hem edil içerkiler ýaly terbiýäniň gönükdirilenligine we netijesine uly täsir edýärler. Mysal üçin, mekdep bilen maşgalanyň arasyndaky garşylyklar käbir ýagdaýlarda maşgala pedagoglaryň talabyna garşy çykýarlar. Soňky wagtlarda berilýän maglumat, telewideniýelerdäki (taryhy, edebi, syýasy) habarlaryň ýaşlaryň berkemedik aňyna nädogry täsiri. Aýdylan söz bilen edilen hereketiň deň gelmezligi terbiýeçilik işini kynlaşdyrýar. Terbiýeçilik işinde söz üsti usullaryň köp ulanylmagy, olaryň şahsyýetiň özüni alyp barşyndan üzňeligi-de bu işiň netijesini peseldýär. Terbiýeçiler esasan hem terbiýelenilýänleriň täsir bilen içki ymtylmalarynyň arasyndaky gapma-garşylyklara köp üns bermeli. Çaganyň içki dünýäsine aralaşman oňa täsir etmek hiç netije bermez.

Soňky wagtyň içinde terbiýeçileriň içinde talap etmek bilen terbiýelenilýänleriň taýýarlygynň netijesiniň deň gelmeýänlik gapma- garşylygy ýüze çykyp başlady.
Egerde çaganyň taýýarlyk derejesi edilýän talaplardan köp pes bolan ýagdaýynda talap kabul edilmeýär.

Terbiýeçilik işinde subýektiw faktorlarynyň arasynda iň esasysy terbiýeçiniň şahsyýetidir. Terbiýeçilik işinde ýüze çykýan adamlaryň ruhy gatnaşygyny, inçe şahsyýetara gatnaşyklary, müňlerçe kiçi we uly arabaglanyşyklary kitap dili bilen düşündirmek kyn bolýar. Şu gün ylym şeýle netije geldi – eger-de terbiýeçiniň şahsyýeti terbiýäniň effektiwliginiň esasy kesgitleýjisi bolmasa, onda ol onuň wajyp şertidir. Bu netijäni tejribe her ädimde tassyklaýar. Häzirki wagt terbiýeçilik işiniň netijeliligi pedagogyň döredijilik erkinligi, guramaçylyk we gönükdirijilik güýji bilen berk baglanşyklydyr. Terbiýeçi diňe geçirýän terbiýeçilik işiniň şertlerini,ýagdaýlaryny hasaba alyp ,onuň netijelerini ünsli seljerip, ondan dogry netije çykaran ýagdaýynda uly üstüliklr gazanyp biler.

Mekdepde geçirilýän terbiýeçilik işleriniň kemçilikleri barada köp aýdylýar. Onda diňe okuwçylar, ene-atalar we ters täsir edýän şertler günäkär bolman, eýsem, mugallymlaryň-da bu kemçilikleriň ýüze çykmagynda belli bir derejede günäsi bar.

Awtoritar pedagogikanyň ýüze çykmagy, mugallymyň hünär –pedagogik taýdan taýýarlanyşynyň pesligi bu kemçilikleriň ýüze çykmagynyň esasy sebäbi boldy.

Okuwçy bilen mugallymyň aragatnaşygyny dogry guramak üçin mekdepde demokratik we ynsanperwer pikir ýöretmeli- çagalar barada alada etmeli, olary söýmeli. Terbiýeçiniň iň esasy meselesi çagany özüne çekip bilmek, çaga düşünmek we ony dost edinmek.

Terbiýeçilik işi – çylşyrymly, ösýän ulgamdyr. Onuň her bir komponenti öz gezeginde aýratyn ulgam hökmünde çykyş edýär. Terbiýeçilik işi geçirilmezden onuň her bir elementini jikme-jik seljermeli. Terbiýeçilik işi seljerilende onuň taýýarlaýyş, geçiriliş

we netije etaplary hasaba alynmaly. Öňde goýlan maksat, terbiýeçilik işiniň geçişiniň esasy tapgyrlary aşakda görkezilendir




Özüňi alyp barmak barada bilimleriň we düzgünleriň terbiýelenilýänler tarapyndan aňlanylmagy - terbiýeçilik işiniň wajyp etabydyr. Olary düşündirmezden şahsyýetiň özüni dogry alyp barşyny terbiýeläp bolmaz.

Bilimleriň ynançlary döretmegi, ynançlara geçmegi – durmuşda ýol görkeziji bolup hyzmat edýär. Eger terbiýeçi çagada aýdýan zatlaryna ynanç döredip bilmese terbiýeçilik çäresi haýal geçer, onuň täsiri az bolar we gerek bolan netijäni bermez. Bir mysala ýüzleneliň. Çagalar eýýäm mekdebe baran gününden mugallymlar bilen salamlaşmalydygyny bilýärler. Ýöne näme üçin ony hemmesi ýerine ýetirmeýärler? Çagalar salam bermeli diýen düzgüni (1-nji tapgyr) özleşdiripdirler, ýöne bu talaba olarda ynam terbiýelenmändir. (2-nji tapgyr)

Terbiýeçilik işiniň iň wajyp düzüm bölegi – duýgulary emele getirmek.

Diňe geçirilen terbiýeçilik işiniň mazmuny çagalaryň duýgularyna täsir edende onuň netijesi ýokary bolar.

Terbiýeçilik işiniň mazmuny bu öňde goýlan maksatlar we wezipeler esasynda okuwçylary döwrebap terbiýelemek baradaky bilimleriň, ynançlaryň endikleriň, şahsyýetiň hilleriniň we häsiýetleriniň ulgamydyr. Hemmetaraplaýyn kämil we ösen şahsyýeti terbiýelemek bu terbiýäniň esasy maksadydyr. Bu maksada ýetmäge bitewi pedagogik ulgama birleşen akyl, beden, zähmet we politehniki, ahlak,gözellik, etiki, ykdysady, ekologik terbiýeleri mümkinçilik berýär. Häzirki zaman terbiýesiniň esasynda şu ideýalar ýatyr:

1. Terbiýäniň maksatlarynyň reallygy. Şu günki terbiýäniň real maksady adamyň başarnyklaryna we bilim derejesine daýanyp ony hemmetaraplaýyn kämilleşdirmek.

Bu maksada ýetmegiň serişdesi – adamyň medeniýetiň esaslaryny özleşdirmegi çykyş edýär.

2. Ululary̆ň we çagalaryň bilelikdäki işi. Çagalar bilen bilelikde ahlak sypatlary, ruhy medeniýetiň nusgalaryny, olaryň esasynda özüňde şol gymmatlyklary terbiýelemek terbiýeçiniň işiniň mazmunyny düzýär.
3. Özüňi topardan saýlap bilmek. Ösdüriji terbiýe bitewi şahsyýeti kämilleşdirýär. Ol şahsyýet berk ynançly demokratik garaýyşly, berk durmuş endikleri terbiýelenen bolmaly.
4. Terbiýäniň şahsyýete gönükdirilenligi. Terbiýäniň merkezinde maksatnamada, çäre, görnüş, usul bolman- çaganyň özi bolmaly. Terbiýeçi çaganyň ýekebara gyzyklanmalaryny,höwesini,gylyk-häsiýetini ösdürmeli.
5. Terbiýäniň topara gönükdirilenligi. Terbiýeçilik işiniň mazmunynda topara, onuň terbiýeçilik häsiýetine, onuň şahsyýetiň ruhy-ahlak ösüşine täsirini göz öňünde tutmaly.
6. Terbiýäniň isleg meýletinligi. Eger çaga islemese, ony hiç hili terbiýeçilik çäre bilen, täsir bilen terbiýeläp bolmaz. Tersine bu çagalarda ýigrenç, garşylyk döreder.

Bu gün çagalara sen akylly, bilimli, sowatly, owadan, arassa, ahlakly bolmaly diýmeklik ýeterlik däl. Onda bu näme üçin gerek? Bu maňa näme berýär? –diýen soraglar ýüze çykýar. Daşary ýurt pedagogikasynda, terbiýeçilik işinde bu işiň tejribe tarapyny 1-nji ýerde goýulýar. Ol hem öz gezeginde gerek bolan häsiýetleri terbiýelemegiň esasy itergisi bolup çykyş edýär.

Terbiýeçilik işiniň geçirilişi üç tapgyrdan ybaratdyr.

1. ***Refleksiýa (pikir ediş).*** Bu tapgyr durmuşda ýüze çykýan ýagdaýlar barada oýlanmalary, pikirleri, gynançlary, olar barada pikir alyşmalary, olaryň manysyny we ähmiýetini öz içine alýar. Bu tapgyryň esasy maksady terbiýelenilýände öz durmuşy, işi barada pikirlenmegini özüne düşünmegini, özüniň daşky dünýä garaýşyny, özüniň “menine” düşünişini dogry terbiýeleýär. Bu tapgyryň esasy meseleleri:

- terbiýelenilýäniň özüni bilmegini, öz güýçli taraplaryny, özüni kämilleşdirişini gyzyklandyrmak;
- ony dürli pikirleniş işlerine, aragatnaşyklara çelmek;
- özi barada maglumaty almaga gyzyklandyrmak;
- pikirleniş we seljeriş başarnyklaryny ele almaga çekmek;

Birinji tapgyrda terbiýelenilýäne onuň özüniň onuň özüniň şahsy durmuşynyň dörediji̇si onuň özüdigini düşündirmek esasy hasap edilýär.

Şonuň üçin bu tapgyrda esasy ulanylýan usullar: ýörite ýumuşlar, durmuş hadysalaryny seljermek, fantastiki proýektler işlemek, ertekiler düzmek.

2.***Aňlamak.*** Terbiýelenilýäniň hadysalary aňlamagy, olara düşünmegi olaryň ýekebara gymmatlyklaryny ulgamlaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Onuň netijesinde çaganyň durmuşa garaýşy kesgitlenýär. Bu döwürde çaganyň bilesigelijilik işjeňligini

ösdürmeli bu tapgyrda geçirilýän çäreler jedelli, dialog görnüşinde bolup terbiýelenilýäniň şahsy garaýyşlaryny ýüze çykarýar.

3. ***Taslama endikleri(proýektiw).*** Çaganyň özüniň dogry aragatnaşyklary gurap bilmegi we onuň jemgyýete peýdaly bolmagy. Bu tapgyrda özüňi erkin alyp barmagy, hereket etmegi terbiýelemegiň esasy hasaplanýar.

Terbiýelenýän çaga bir ýagdaýdan başga bir ýagdaýa geçende **krizis** (*krizis*-çözgüt, netije diýen manyny berýän grek sözi) ýagdaýyna düşýär. Adamyň durmuşynda ýüze çykýan kynçylyklar, kyn ýagdaýlar, bir ýagdaýdan başga bir ýagdaýa geçmegiň kynlygy, (mysal üçin, "ruhy krizis") terbiýeçilik işlerinde bu kynçylyklary ýeňip geçmegi öwretmeli. Terbiýäniň amala aşyrylyşynda kynçylyklary ýeňip geçmek pedagogyň işiniň kömekçi görnüşinde ýüze çykmagyna getirýär. Bu kömek üç görnüşde ýüze çykýar.

1. Dürli pedagogik şertleriň döredilişi we ösüşi. Bu ýerde kömekçi okuw, başlangyç kömek usullary ulanylýar.
2. Pedagogik goldaw. Terbiýelenilýäniň gyzyklanmalarynyň,başarnyklarynyň bilelikde kesgitlenişi.
3. Pedagogik ýolbaşçylyk etmek. Pedagogyň terbiýelenilýäniň ösüşi, işini guraýşy baradaky meseleleri öz jogapkärçiligine almaly.

Gowy gurnalan terbiýe adamy durmuşda ýerine ýetirjek 3 esasy rola taýýarlamaly – raýat, hünärmen maşgalabaşy.

**Ol raýat hökmünde:**

- watanyň, jemgyýetiň, ata-enäniň öňündäki borçlary ýerine ýetirmeli;
- öz halkyna, milletine bolan watançylyk duýgusy bolmaly;
- Döwlet Konstitutsiýasyna, Hormatly Prezidentine, döwlet nyşanlaryna hormat goýmaly;
- döwletiň ykbaly üçin jogapkärçilik;
- jemgyýetde ýaşamagyň tertip düzgünini, medeniýetini ýerine ýetirmek;
- halkyň milli baýlyklaryna diline, medeniýetine däp-dessurlaryna aýawly garaýyş;
- işjeňlik;
- tebigaty goramak;
- başga adamlaryň hukuklaryny we azatlygyny sylamak;
- dogruçyllyk, ynsanperwerlik, mylaýymlyk;
- öz eden işiňe we hereketleriňe jogap bermek;
- başga döwletleriň halkyny sylamak ýaly häsiýetleri bolmaly.

**Ol hünärmen hökmünde**:

- tertiplilik we jogapkärçilik, işi ýerine ýetirijilik we guramaçylyk;
- umumy ,ýörite, ykdysady bilimleri bolmaly;
- syýasy bilimler;
- zähmete döredijilikli garaýyş;
- tabşyrylan ýumşy tiz we ýokary hilli ýerine ýetirmek;

- öz hünär ussatlygyňa bolan sylag we begenç;
- aňlylyk,mylakatlylyk,tertiplilik;
- iş tejribäniň bolmagy;
- emosional önümçilik medeniýet;
- durmuşa , zähmete, işe gözellik garaýyş;
- toparda işlemek;
- özbaşdaklyk;
- watan, halk, jemgyýet üçin köp we netijeli işlemäge taýýarlyk;
- öz işiň netijesine jogapkärlik;
- zähmetkeş halky, hünär ussatlary sylamak ýaly häsiýetleri bolmaly.

**Maşgalabaşy hökmünde:**

- zähmetsöýerlik,jogapkärçilik;
- söhbetdeşligiň medeniýeti, edeplilik, mylakatlylyk;
- köpçülikde özüňi dogry alyp barmak;
- arassalyk, gowy geýinmek, gigiýeniki talaplary ýerine ýetirmek;
- saglyk, sagdyn durmuş endiklerini ýerine ýetirmek;
- dynç alyşy guramagy başarmak we geçirmek;
- hemmetaraplaýyn sowatlylyk;
- kanunlary bilmek;
- psihologiýany bilmek, etikanyň esaslaryny bilmek;
- çagalary terbiýeläp bilmek;
- öýlenmäge,durmuşa çykmaga borçlaryny ýerine ýetirmäge taýýarlyk;
- öz ata-eneňi, garrylary sylamak- ýaly hiller bolmaly.

**Terbiýelemegiň häzirki zaman konsepsiýalary.**

**1.** Çaganyň şahsyýetiniň kämilleşmeginde ulgamlaýyn rol nazaryýeti
(N. M.Talançuk). Bu konsepsiýanyň esasynda şahsyýeti kämilleşdirmek sosial durmuşdaky rollary ýerine ýetirmek bilen baglydyr diýlen pikir ýatyr.

2. Çaganyň ösüşinde oňa pedagogik goldaw bermek konsepsiýasy. (O.S.Gazman). Onuň esasyny çagalaryň saglygy okuw işi,ykdysady ýagdaýy, şahsy durmuşy bilen bagly bolan aýrabaşga meseleler ýüze çykanda pedagog tarapyndan operatiw goldaw berilmelidigi baradaky düzgün durýar.
3. Materializm –idealizm konsepsiýasy. Öňki filosofiki taglymat pelsepeçileri iki topara bölýärdi. **Materialistler we idealistler.** **Materialistler-** ilki materiýa dörän, ondan soň aň döräpdir diýen pikiriň taraplarydyr. **Idealistler –** materiýadan öň aň döräpdir

diýip düşündiripdirler. Bu iki pelsepewi alymyň pikirlerinden dogry ugur alyp terbiýelemek wajyp meseledir.

4. Ylym – filosofiýa. Ylymlaryň metadologik esaslaryny filsofiýasynyň esaslary düzýär.
5. Ylym- din konsepsiýasy. Soňky wagtlar ylmy we dini taglymatlaryň arasyndaky gapma-garşylyklar ýitip başlady. Ylmy işler ýerine ýetirilende terbiýeçilik işleri geçirilmelidir. Dini maglumatlardan dogry peýdalanmaklygyň wajyplygy bu konsepsiýada öz beýanyny tapýar.
6. Innowasiýalar. (täzelikler). konsepsiýasy. Terbiýelemekde ulanylýan islendik täzelikler medeniýete uýgunlylyk ýörelgesine eýerip halkyň däp-dessurlaryny, ahlak taglymatlaryny öz içine almalydyr.

### *Terbiýäniň kanunalaýyklyklary*

Terbiýeçilik işiniň netijeli bolmagy üçin ol kanuny häsiýetde bolmaly. Ol pedagogik işde ýüze çykýan belli bir kanunlaryň we kanunalaýyklyklaryň esasynda ýerine ýetirilmelidir. Şol ýa-da başga kanun esasynda hereket edýän kanunalaýyklyk pedagogik hadysalaryň arasynda mydama arabaglaýjy bolup durýar. Kanunalaýyk arabaglanyşyk pedagogik işiň, pedagogik hadysanyň wajyp, esasy häsiýetlerini ýüze çykarýar. Ol obýektiwlilik, sebäp agtaryş, umumylyk, gaýtalanmak ýaly häsiýetlere eýedir.

Terbiýeçilik işi bilen bagly bolan kanunlar we olaryň esasynda hereket edýän kanunalaýyklyklar dürli derejede hereket edýärler we ýüze çykýarlar.

1. Uniwersal kanunlar – bu dialektikanyň kanunlarydyr.
2. Käbir aýry-aýry hadysalar toparyna degişli bolan umumy kanunlar. Olar diňe terbiýä degişli bolman, psihologiki hadysalara-da degişli bolup bilýärler.
3. Diňe terbiýe hadysalaryna degişli kanunlar.

**1.** Terbiýe jemgyýetiň hadysasy hökmünde çykyş edip, ösüp gelýän ýaş nesliň uly ýaşly adamlaryň jemgyýetçilik tejribesini hökmany özleşdirmeginden ybaratdyr. Bu pedagogik prosesiň esasy kanunydyr.

**2.** Adamyň ösüşiniň bitewilik kanuny. Adama edilen islendik tötänleýin ýa-da maksada gönükdirilen täsir diňe onuň şahsy gurluşyny üýtgetmän, eýsem onuň aýrabaşga häsiýetlerinde-de üýtgeşiklik öwredýär. Adamy belli bir ugur boýunça terbiýeläp bolmaz, adamy akyl terbiýäni ahlakdan, zähmet terbiýäni gözellikden aýryp terbiýeläp bolmaz. Adamy terbiýelemekde oňa bitewi terbiýeçilik täsirini ýetirmeli. Terbiýeçilik işinde çaganyň ähli kabul ediş organlaryny ulanmaly (görüş, eşidiş, duýuş).

**3.** Adamyň şahsyýetiniň aýrabaşgalygyny oňa täsir edýän medeni işlere çekmek bilen terbiýelemek kanuny. Eger-de terbiýelenýän täsirli, medeni işlere

çekilmese onda hiç hili üýtgeýiş ýüze çykmaz. Belli bir çäräniň, işiň üsti bilen terbiýelemek pedagogdan çagalaryň ýerine ýetirýän işleri maksada ýeter ýaly, anyk terbiýeçilik meseleleri çözer ýaly ugrukdyrmaly. Olaryň mazmunyny medeni maglumatlar bilen baýlaşdyrmaly, çagalaryň gyzyklanmalaryny, talaplaryny, başarnyklaryny we mümkinçiliklerini hasaba almaly.

Çagalaryň ýerine ýetiren işiniň maddy netijesi bolmazlygy mümkin (goşgy ýazmak, gül ekmek, spektakl oýnamak, düzme ýazmak, surat çekmek, otagy arassa ýuwmak). Geçirilen işiň netijesine syn hem edip bolmaz (ýaman gylyk-häsiýetden ýüz öwürmek, şol ýa-da başga bir hadysalar barada pikiriňi üýtgetmek, käbir adamlara bolan garaýşyňy üýtgetmek). Bu ýagdaýda ruhy täsir barada gürrüň edilýär.

Maddy netijeli täsirler hem gerek ýöne, ruhy täsiriň netijeleri maddy netijeli täsirlerden wajypdyr.

**4.** Gapma-garşylyklary ýeňip geçmek kanuny. Adamyň krizise düşen wagty oňa edilýän täsir. Krizise düşen adam şol bir wagtyň özünde saýlamagyň we hereket etmegiň öňünde durýar.

Bu ýagdaýda oňa diňe daşky gapma-garşylyklar päsgel bermän, eýsem içki gapma-garşylyklary hem ýeňip geçmek gerek bolýar: adam bir meseläniň çözgüdinden gaça durjak bolýar, ony ýerine ýetirmejek bolýar; bu işi ýerine ýetirmäge biliminiň ýoklugy ýa-da ýeterlik dälligi; netijäniň näbelliligi; öňünde gorky; başga adamlar tarapyndan ýazgarylmagy ýa-da „olar ýaly“ bolup bilmezlik.

Bu kanun pedagogdan terbiýelenilýäniň ösüşine pedagogik kömek etmegi optimal derejesini we formasyny kesgitlemegi talap edýär.

Terbiýelenilýän krizis ýagdaýa düşende oňa pedagogyň kömegi hökmany gerek bolýar. Ol çagany nähili işjeň hereket edip bu ýagdaýdan çykyp bolmajakdygyny birnäçe ýollaryny maslahat berýär. Egerde ýagdaý çylşyrymly bolsa, onda pedagog oňa nähili hereket etmelidiginiň modelini hödürläp biler.

**5.** Pedagogyň we terbiýelenilýäniň biri-birini üýtgediş kanuny. Terbiýeçiniň terbiýelenilýäne täsiri biri-birini üýtgetmek bilen baglanyşyklydyr. Mugallymyň hünär taýarlygy bilen okuwçynyň ösüşiniň arasynda berk arabagalanyşyk bardyr. Pedagogyň akyl derejesiniň, emosional we medeni tarapynyň ýokary bolmagy, terbiýelemek üçin gerek bolan şertleri döredip bilmegi terbiýeçilik işiniň ýokary netijeliligine alyp barýar. Bu öz gezeginde terbiýeçiden öz hünär, şahsy, ruhy taraplaryny kämilleşdirmegi talap edýär we okuw-terbiýeçilik işiniň netijeliligini ýokarlandyrýar.

**6.** Adamyň garşylyk görkeziş kanuny. A. S. Makarenko. Bu kanun terbiýelenilýäniň terbiýeçilik işiniň deňhukukly, işjeň agzasy hökmünde bolmagyny aňladýar. Çaga näçe aç-açan, käbir ýagdaýlarda gödek täsir edilmegi çaganyň bu täsire garşylygyny güýçlendirýär. Käbir ýagdaýlarda bu garşylyk daşdan bildirmeýär, göze görünmeýär. Onuň netjesinde pedagogyň täsiri netijesiz bolýar.

Çagany nädogry ýol bilen edep adatly talaplaryna garşy çykmaga mejbur edýär. Çaga özüni terbiýeçilik işiniň deň derejeli subýekti hökmünde duýmaly.

Terbiýeçilik täsirleri çagalar dürli-dürli kabul edýärler. Bir çaga bir gezek aýtmak ýeterlik. Başga birine birnäçe gezek aýtmaly, duýdurmaly. Olaryň pedagogyň edýän talaplaryna garşylygy-da dürli-dürli. Haýsy çaganyň nähili garşylyk görkezýänligi dürli usullaryň üsti bilen kesgitläp bilmek, olaryň esasynda täsir edip, dürli terbiýeçilik işleri gurap geçirip bilmek – bu pedagogyň terbiýeçiniň hünär derejesiniň ýokarylygynyň ynsanperwerliginiň görkezijisidir.

**7.** Adamyň daş-töwerekdäkilere düşünmek, olary kabul edip bilmek talabynyň kanuny. Terbiýeçilik işinde adamyň daş-töwerekdäkilere düşünişi, olary aňlap bilişi, olara baha berişi, olar bilen bilelik-de gynanyp bilmegi we bilelik-de döredip bilmegi (M.Haýdegger) adamyň aýrabaşga gymmatlyk, hökmünde ýüze çykmagynyň, onuň medeniýetiniň özüni we daşky dünýäni özgerdip bilijiliginiň häsiýetidir. Terbiýelemekde başga birine düşünmegi, kabul edip bilmegi emele getirmek, şol bir wagtyň özünde adamyň öz-özüni , öz içki dünýäsini baýlaşdyrmaga getirýär. Başga bir adama bolan dogry garaýyş adamyň ruhy dünýäsine, onuň ösüşine baglydyr.

Adamyň başga adamlara bolan gyzyklanmasynyň ýoklugy onuň özüne, öz içki dünýäsine bolan gyzyklanmasynyň ýoklugyny aňladýar. Çaganyň öz meseleleri bilen gümra bolşy, başgalara üns bermän „ýapyk“ bolup ýörişi onuň şahsy ýekebara ösüşinde kemçilgiň barlygyna görkezýär. Terbiýeçi ýörite söhbetdeşlik duşuşyklar gurap çagalaryň ýaş- aýratynlyklaryny göz öňünde tutup terbiýelenilende daşky dünýä, daş-töwerege, daş-töwerekdäki adamlara, öz-özüne gyzyklanmasyny ösdürmeli. Bu esasy kanunlar bilen pedagogik kanunalaýyklyklar berk baglanyşyklydyrlar. Terbiýäniň jemyýetçilik ulgamlary bilen baglanyşygyna <u>kanunalaýyklyk</u> diýilýär. Pedagogik hadysalaryň we işleriň arasyndaky obýektiw bar bolan arabaglanyşyklara terbiýäniň <u>kanunalaýyklyklary</u> diýilýär. Terbiýäniň esasy kanulaýyklyklary terbiýeçilik işiniň mazmuny, görnüşleri we usullary jemgyýetiň önümçilik güýçleriniň, önümçilik aragatnaşyklarynyň ösüş derejesi bilen esaslandyrylýar; - terbiýäniň derejesi diňe önümçilik talaby bilen kesgitlenmän, jemgyýetde hökümlik edýän gyzyklanmalar bilen hem kesgitlenýär; terbiýeçilik işiniň netijeliligi onuň geçirilýän şertlerine-de baglydyr: maddy, gigiýeniki, moral-psihologiki şertler köp babatda döwletiň sosial – ykdysady ýagdaýy we bilim dolandyryjy edralaryň ýolbaşçylaryna-da baglydyr; - terbiýeçilik işiniň netijesi çagalaryň daşky dünýä bilen arabaglanyşygyna-da baglydyr; - terbiýäniň netijesi çaganyň haýsy ösüş etapynda terbiýelenip başlanandygyna–da baglydyr; geçirilýän terbiýeçilik işleriniň mazmuny, görnüşleri, usullary çagalaryň ýaş-aýratynlyklaryna we mümkinçiligine deň gelmegi – geçirilýän anyk terbiýeçilik işiniň mazmunynyň saýlan meselelere baglylyk kanunalaýyklygy; - terbiýeçilik işi geçirilende ulanylýan usullar we serişdeler geçirilýän anyk işiň öňünde goýlan meseleleriň mazmuny bilen baglylyk kanulaýyklygy; - geçirilýän terbiýeçilik işleriniň guramaçylyk görnüşleri onuň mazmuny bilen kesgitlemek

kanunalaýyklygy; - adamlaryň durmuşynda esasy wajyp sfera hökmünde bolan terbiýe jemgyýetiň ösüşine garaşlydyr; - şahsyýetiň ösüşi bilen terbiýäniň birlik we arabaglanyşyk kanunalaýyklygy; - terbiýelenilýänleriň jemgyýete peýdaly işi, olaryň söhbetdeşligi näçe maksada laýyk guralsa, terbiýeçilik işiniň netijesi-de şonça ýokary bolar;- terbiýeçilik täsiriň,özara täsiriň we terbiýelenilýänleriň işjeňliginiň arasynda berk kanunalaýyklyk arabaglanyşygy bardyr; - terbiýäniň okatmak, bilim bermek we ösüş arabaglanyşyk kanunalaýyklygy; - öňde goýlan maksat bilen hereketiň birlik kanunalaýyklygy; - durmuşda bolup geçýän zatlar bilen aýdylan sözüň birlik kanunalaýyklygy; - terbiýäniň we öz-özüňi terbiýelemegiň birlik kanunalaýyklygy; - çaganyň içki dünýäsine täsir edip bilmek kanunalaýyklygy; - okuwçylara emosional täsir edip bilmek kanunalaýyklygy. Şahsyýeti terbiýelemek ony belli bir işleriň üsti bilen amala aşyrylýar. Terbiýe bu şahsyýetiň gurnalan işi ýerine ýetirende işjeňligi stimulirlemek bilen ony
kämilleşdirmek; bilm bermek bilen terbiýelemegiň üznüksiz birligi;
terbiýelemekde okuwçylaryň öňünde olaryň ösüş perspektiwalaryny açyp
görkezip, olaryň üstünlige begenmegini gazanmaly; terbiýelemekde okuwçylaryň gowy hilini tapmak we olara daýanmak; terbiýelemekde okuwçylaryň ýaş we indiwidual aýratymlyklaryny göz öňünde tutmak; terbiýelemekde okuwçylarda öz-özüni terbiýelemek işjeňligini döretmeli; terbiýäniň kanunalaýyklary – pedagogik, psihologik, sosiologik, bilim berijilik,guramaçylyk, kibernetiki ýaly toparlara-da bölünýärler.

Terbiýeçilik işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin onuň hiline uly täsir edýän durum böleklerini kanunalaýyklyk gatnaşyklary bilen baglanyşdyrmaly.

Terbiýäniň netijeliligi şu aşakdaky baglanyşyklar esasynda ösýär:

1. Terbiýäniň effektiwligi emele gelen terbiýeçilik aragatnaşyklaryna baglydyr: Şahsyýete täsir onuň daş töweregine gatnaşygynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Terbiýeçilik işiniň gidişinde çagalarda garaýyş, durmuş pozisiýasy, özüni alyp baryş motiwleri emele gelýär. Eger-de terbiýelenilýände geçirilýän işiň mazmunyna nädogry garaýyş bolsa, ilki bilen onda dogry garaýyş terbiýeläp, oňa daýanyp, maksada ýetmeli. Terbiýeçiniň talaplaryny kabul eden çaga, olary öwrenýär we hiç bir şübhesiz ýerine ýetirýär. Ýöne nädogry garaýşy ýa-da öz garaýşy bolan terbiýelenilýände bu işe bolan garaýyş başgaça kabul edilýär. Eger-de gowy terbiýelejek bolsaňyz onda çagany özüňize ýakynlaşdyryp, özüňize ynandyryň.
2. Terbiýäniň netijesi öňde goýlan maksada ýetmek üçin gurnalan hereketlere baglydyr. „ Guramak “ diýen öz täsirleriň, gatnaşyklaryň, şertleriň, görnüşleriň we usullaryň ählisini öz içine alýar. Terbiýeçilik işinde ýörite täsirler-de guralýar. Olar ýüze çykan okuwçylarda negatiw hereketleriň öňüni almak üçin guralýarlar. Egerde guramaçylyk işi maksada deň gelmese, terbiýeçilik işi öz maksadyna ýetmeýär. Tersine, guramaçylyk işleri näçe maksada laýyk guralsa, geçirilýän işiň görnüşleri, serişdeleri we usullary goýlan meselelere deň gelse, terbiýeçilik işiniň netijesi ýokary bolar.

3. Terbiýäniň effektiwligi jemgyýetiň tejribisiniň terbiýelenilýänlere edilýän terbiýeçilik täsiriň häsiýetiniň biri-birine deň gelmegi bilen ýokarlanýar.
   Adam pikirlenýär we hereket edýär, bilim alýar we tejribe toplaýar, özüni dogry alyp barmak normalaryny we düzgünlerini öwrenýär we olary şu ýerde tejribede barlaýar-şu görnüşde terbiýeçilik işi amala aşyrylýar. Çagalar alan bilimleriniň aýdylan sözleriň we ýerine ýetirilen işleriň durmuşda ornunyň ýoklugyny bileninde olaryň durmuşa bolan ynamy gaçýar. Eger-de terbiýeçi ýagdaýy gowy tarapa düzetjek bolsa, onda gyssanman hereket etmeli. Maksada tiz ýetjek bolup gerek netijäni gazanyp bolmaz.
4. Terbiýeçilik işiniň netijesi subýektiw we obýektiw faktorlaryň bilelikdäki hereketine baglydyr. Subýektiw faktorlara terbiýeçiler, terbiýelenilýänler we olaryň arasyndaky baglanyşyk, aragatnaşyk, psihologik klimat degişlidir. Obýektiw faktorlar terbiýäniň şertleriniň üsti bilen ýüze çykýarlar. (maddy-tehniki, sosial, sanitar-gigiýeniki we başgalar). Her bir aýry ýagdaýda ýokarda görkezilen faktorlaryň biri-biri bilen çylşyrymly arabaglanyşmagy terbiýe özüniň gaýtalanmajak häsiýetini berýär. Terbiýäniň netijeli bolmagy üçin gerek bolan şertleri döretmeli.
5. Terbiýäniň netijesi terbiýelemek bilen öz-özüňi terbiýelemegiň intensiwligine baglydyr. Öz-özüňi terbiýelemek bu adamyň özüniň şahsyýetini kämilleşdirmäge gönükdiren işidir. Öz-özüni terbiýelände adam terbiýäniň subýekti hökmünde çykyş edýär. Çaganyň öz-özüni terbiýelemegi onuň durmuşynyň mazmunyna, gyzyklanmalaryna, garaýyşlaryna, şol ýa-da başga ýaş aýratynlygynyň häsiýetine görä baglydyr. Öz-özüňi terbiýelemegi terbiýelemek bilen bilelikde amala aşyrylýar we şol bir wagtyň özünde oňa baha berip bilmeli, özünde bar bolan gowy häsiýetleri ösdürmeli we kemçilikleri düzetmeli durmuş meýilnamalaryny ýerine ýetirmekde ýüze çykan kynçylyklary ýeňip geçmeli. Okuwçy öz-özüni kämilleşdirmäge näçe köp üns berse şonça-da terbiýäniň netijesi ýokary bolar.
6. Terbiýäniň effektiwligi oňa gatnaşýanlaryň pedagogik özara baglanyşygynyň işjeňligine baglydyr. Her bir gatnaşygynyň ýerine ýetirýän işi geçirilýän çäre bir bitewi arabaglanyşyga öwrülmeli.
7. Terbiýäniň effektiwligi onuň bir deň gidýän okatmak we ösüş bilen baglydyr. Şahsyýetiň ösüşi onuň işiniň hiliniň psihologiki üýtgeýşi, onda ýüze çykýan täze hiller we häsiýetler bilen aňladylýar. (N.I.Boldrew). Dolandyrmak nazarýetinden belli bolşy ýaly iki proses berk arabaglanyşykly ýerine ýetirilende, olaryň biriniň täsiriniň peselmegi ýa-da ýokarlanmagy ikinjisinde bildirýär. Terbiýe ösüşe itergi berýär, ösüş terbiýäni üstünlikli amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Bu arabaglanyşyk bozulan ýagdaýynda düýpli kynçylyklar ýüze çykýar. Olar öz gezeginde ösüşiň, okatmagyň, terbiýelemegiň netijesiniň ýokarlanmagyna päsgel berer.
8. Geçirilýän işiň netijesi terbiýeçilik täsiriniň hiline baglydyr. Terbiýeçileriň terbiýelenilýänlere pedagogik täsiri olaryň işini maksada gönükdirilen edip

guramagy, söhbetdeşligi, öňde goýlan maksat esasynda çaganyň emosional we erk sferalaryny ulgamlaýyn we meýilnamalaýyn ösdürmegi göz öňünde tutýar. Terbiýeçilik işine gatnaşýanlaryň ýerine ýetirýän işleri, rollary deň derejede bolmasa-da, terbiýelenilýän terbiýeçi bilen aňly gatnaşyk edýär. Bu öz gezeginde terbiýeçilik aragatnaşygyna subýekt-obýekt häsiýetini berýär.

9. Terbiýäniň netijesi çaganyň „içki dünýäsine“ täsiriň intensiwligine baglydyr. (G.I.Şukina). „Içki dünýä“ diýen düşünje şahsyýetiň motiwleriniň, emosialarynyň, talaplarynyň, aklynyň ulgamyny aňladyp, bir bitewi emele geliş hökmünde garalýar. Daşky täsir tejribäniň üstünden, şahsyýetiň öz talaplarynyň üstünden seljerilip kabul edilýär. Terbiýeçilik işinde daşky täsirler okuwçylaryň içki kabul etmeklerine geçýärler. Egerde täsir güýçli bolsa, çagalaryň talabyny ödeýän bolsa, olar okuwçylarda işjeňlik döredýän bolsa, onda şahsyýetiň maksatlarynyň motiwe geçmegi aňsat we tiz amala aşyrylýar.
10. Terbiýäniň netijesi çagalara edilýän pedagogik täsiriň we olaryň werbal we sensomotor prosesleriniň ösüş derejesiniň arabaglanyşygyna baglydyr. (G.I.Şukina). terbiýeçilik işine ösüşiň deňdällik kanuny täsir edýär. Tejribäniň berýän maglumatlaryna görä terbiýelenilýäniň intellektual ösüşi onuň werbal sözleýiş ýa-da hereket ediş sensomotor ösüşi bilen deň gelmeýär. Onuň netijesinde biz nazary maglumatlary tiz özleşdirýän, olary seljerip bilýän ýöne elementar tejribe ýumuşlaryny ýerine ýetirip bilmeýän, sada zähmet işlerini, fiziki maşklary başarmaýan, dünýä gözelligine düşünmeýän okuwçylara duşýarys.
11. Terbiýäniň netijesi terbiýelenilýänleriň öz aragatnaşygynyň intensiwligine we hiline baglydyr. Bir-biriňi terbiýelemek şahsyýetiň ösmegine täsir edýär. Sebäbi deň-duşlar we dostlar hem terbiýeleýärler. Bu ýagdaýda terbiýäniň maksady we mazmuny diňe gowy düşünilmän, eýsem tiz kabul edilýärler. „Gawun gawundan reňk alar“ – diýlen atalar sözi bu kanunalaýyklygy tassyklaýar.

## Terbiỳelemek işini hereketlendiriji güỳçler. Terbiỳelemek, öz-özüñi terbiỳelemek, gaỳtadan terbiỳelemek

Terbiỳelemek işiniñ hereketlendiriji güỳçleri psihologlar we pedagoglar tarapyndan öwrenilip gelinỳän meseleleriñ biridir (N.L,Boldyrew., M.A.Danilow, F.F.Korolew, G.S.Kostỳuk, G.I.Şukina., B.T.Lihaçew we başgalar). Pedagogik nazaryỳetde terbiỳelemek işini hereketlendiriji güỳçleri oña mahsus bolan gapma-garşylyklardyr.

Pedagogik nazaryỳetiñ täzelikleri, mekdepleriñ we mugallymlaryñ önde baryjy tejribeleri, pedagogik prosesi baỳlaşdyrỳarlar. Ỳöne bu täzelikleri tejribä ornaşdyrmak köne düzgünlerden saplanyp täzäni kabul etmegi talap edỳär. Şu ỳerde täze bilen könäniñ arasynda gapma-garşylyk ỳüze çykỳar.

Pedagogik proses, onuñ hereketlendiriji güỳçlerini hasaba ỳüze çykan kemçilikleri ỳok etmek, täze, peỳdaly ỳollary durmuşa ornaşdyrmak.almak bilen guralỳar.

Terbiỳeçilik **işinde mekdep bilen maşgalanyñ arasynda çaga terbiỳeçilik: täsir etmekde garşylyk ỳüze çykỳar.** Maşgala mekdebiñ edỳän talaplaryna garşy çykỳar. Okuwçylaryñ gün-günden köpelỳän maglumatlary kabul etmeginde kynçylyk döreỳär. **Okuw wagtynyñ kesgitliligi**, maglumatlaryñ köpelmegi, olary doly we dogry kabul edip bolmaỳanlygy, çagalaryñ nerw ulgamynyñ ösüşine ters täsir edỳär.

Mekdep durmuşynda okuw işine üns berlip, okuwçylaryñ emosiỳalaryny we erkini ösdürmäge üns az berilỳär ỳa-da düỳbünden berilmeỳärem. Onuñ netijesinde nazary alnan bilimler howaỳy maglumata öwrülỳärler. Okuwçy tertipsiz, emosional we erk taỳdan ösmedik bolup ỳetişỳär. Aỳdylan **söz bilen edilen işiñ arasyndaky gapma-garşylyk**. Söz üsti usullaryna terbiỳeçilik işinde köp üns berilỳär, bu bolsa şahsyỳeti tejribeden daşlaşdyrỳar.

Şahsyỳetiñ ösüş tapgyrlarynda esasy içki gapma-garşylyklaryñ biri-de okuwçylarda **ỳüze çykỳan täze talaplar, islegler we olary kanagatlandyrmak mümkinçilikleri.** Mekdep we maşgala taparyndan bu talaplar, islegler kanagatlandyrylmasa, onda çaga olary özi kanagatlandyrmak üçin hereket edip başlaỳar.

Okuwçynyñ şahsyỳetiniñ ösüşi bilen **onuñ durmuş ỳaşaỳyş ỳagdaỳynyñ arasynda gapma-garşylyk ỳüze çykỳar.**

Okuwçy ösüp gelỳän şahsyỳet bolandan soñ ol elmydama täze jemgyỳete peỳdaly işleriñ görnüşini ỳerine ỳetirmäge ymtylỳar. Terbiỳe diñe çagalaryñ ymtylmalaryny, isleglerini, gyzyklanmalaryny, talaplaryny durmuşa geçirmäge kömek edip bilen ỳagdaỳynda ösüşi öz yzy bilen alyp gidip biler.

Psihologik, pedagogik edebiỳatlarda okuwçylaryñ talaplarynyñ şu aşakdaky toparlara bölỳärler: maddy talaplar, sosial talaplar, ruhy talaplar.

Öz borçlaryny ỳerine ỳetirmezden adamyñ talaplaryny kanagatlandyrmak, onuñ hukuklaryny durmuşa geçirmek bolmaz.

Adamyñ özüniñ hukuklaryny añlamagy bilen olardan gelip çykỳan borçlar bilen garaỳşynyñ arasynda-da gapma–garşylyk bar. Hukular bilen borçlaryñ arasyndaky dialektiki bitewilik jemgyỳetiñ we her bir adamyñ bitewi ösüşini esaslandyrỳar. hukular bilen borçlaryñ arasyndaky dialektiki arabaglanyşyk hukularyñ borçlara geçmegini, borçlaryñ bolsa hukuklary durmuşa geçirmegiñ şerti hökmünde ỳüze çykmagyndadyr.

Terbiỳeçilik işinde ỳüze çykỳan gapma-garşylyklary okuwçylaryñ durmuş ỳagdaỳlarynyñ ähli sferalaryny kämilleşdirmegiñ üsti bilen (okuw, zähmet, syỳasy-

jemgyỳetçilik, çeper-döredijilik, sport we başga şleri) we olaryñ söhbetdeşlik sferasyna bolan garaỳşyny kämilleşdirmegiñ üsti bilen ỳeñp geçip bolar.

Terbiỳe we öz-özüñi terbiỳelemek şahsyỳeti kämilleşdirmegiñ iki tarapynyñ bitewi işidir. Öz-özüñi terbiỳelemek añly, añly, maksada gönükdirilen, özbaşdak iş bolup şahsyỳetiň ösüşine we kämilleşisine täsir edỳär.

Pedagog-psihologlaryñ belleỳşi ỳaly borçlary esasynda şahsyỳet diñe daşky dünỳäni işjeñ özgerdỳän güỳç bolman, ol eỳsem özüniñ kämilleşmeginde-de esasy rol oỳnaỳar (A.A.Aref., A.G.Korolew., A.I.Koçetow., L.I.Ruwinskiỳ we başgalar). Terbiỳeçilik işiniñ maksady terbiỳelenilỳän tarapyndan ulgamlaỳyn maksada gönükdirilen täsiriñ netijesinde añlanylỳar we kabul edilỳär.

Okuwçy öz-özüni terbiỳelemek prosesinde terbiỳeçilik işiniñ subỳekti hökmünde çykyş edỳär. Öz-özüñi terbiỳelemek okuwçylaryñ şol bir ỳa-da başga ỳaş aỳratynlyklaryna, durmuşa ỳagdaỳyna, olaryñ gyzyklanmalaryna, garaỳyşlaryna baglydyr. Barlaglaryñ netijelerine görä öz-özüni terbiỳelemek eỳỳam başlangyç synp okuwçylarynda ỳüze çykyp başlanỳar we pedagogik işde üstünlikli ulanylyp bilner. Ỳörite ylmy-barlagyñ (eksperimentiñ) netijesinde çagalryñ ỳaş aỳratynlyklary boỳunça we ỳekebara ösüşi boỳunça öz-özüñi kämilleşdirmek ululara, dostlara, deñ-duşlara deñleşmek, öỳkünmek, goşulmak ỳaly görnüşde ỳüze çykỳar.

Öz-özüñ terbiỳelemäge bolan talap şahsyỳetiñ ösüşiniñ ỳokary formasydyr. Bu talap bir deñ ỳaşly okuwçylarda bir wagtyñ özünde ỳüze cykmaỳar. Eger-de şahsyỳet oña edilỳän talaplary kabul edip bilmese, onda öz-özüni terbiỳelemek ỳüze çykmaỳar. öz-özüñi terbiỳelemek ỳetginjeñlik döwründe güỳçli depginde ỳüze çykyp başlaỳar.

Öz-özüñi terbiỳelemegiñ maksadagönükdirilenligi, añlanylmagy we berkligi okuwçylaryñ ỳerine ỳetirỳän işleriniñ jemgyỳete gönükdirilenligine, ideallara, şahsyỳetiñ erkin, hiline, öz deñ-duşlarynyñ ỳerine ỳetirỳän işleriniñ häsiỳetine garaşlydyr. Öz-özüñi terbiỳelemegiñ emele gelmeginiň ösüşiniñ wajyp ỳagdaỳlarynyñ biri-de okuwçylarda öz-özüni añlamagy ỳüze çykmagydyr. Uly synp okuwçylarynyňda öz eden hereketlerini we olaryñ hillerini real bahalandyrmak başarnyklarynyñ ỳüze çykmagy öz-özüñi terbiỳelemegiñ zerur şertidir.

Her bir okuwçy, bolsa-da uly synp okuwçysynyñ ahlak kämilliginiñ ỳokary derejesine ỳetmäge mümkinçiligi bar. Ỳöne onuñ üçin pedagogik işi (prosesi) terbiỳeçilik işleriñ ähli ulgamy okuwçylarda aragatnaşygyñ položitel tejribesini toplamaga, özüñi dogry alyp barmagy terbiỳelemägä gönükdirilen bolmaly.

Irki ỳetgenjeñlik döwründe öz-özüñi terbiỳelemek hemmetaraplaỳyn häsiỳete eỳe bolỳar.

Öz-özüñi terbiỳelemek mazmunynyñ wajyp düzümi erk we ahlak hilleri terbiỳelemek, kemala getirmekdir. Öz-özüñi terbiỳelemgi guramak bilen oña degişli hilleriñ özüñ bahalandyrmagyñ arasynda berk arabaglanyşyk bar. Onuñ görkezijileri hökmünde: jemgyỳetçilik pikiriñ güỳji, tankyt etmegiñ we öz-özüñ tankyt etmegiñ hereket etmegi toparda ynsanperwer aragatnaşyk, mugallyma öz-özüñi terbiỳelemegiñ tärlerini we şerişdelerini saỳlap almaga kömekçisi bolup çykyş edỳär.

Okuwçylarda öz-özüñi terbiỳelemegiñ ỳüze çykmagynda topar iki esasy funksiỳany ỳerine ỳetirỳär: öz-özüñi özbaşdak we berk terbiỳelemek üçin şertler döredỳär we bu işi guraỳar. **Birinji funksiỳa:** topar okuwçylarda jemgyỳete peỳdaly işlere dogry garaỳşyny, toparlaỳyn işlere işjeñ gatnaşmaga höwes we ymtylyş döredỳär, özbaşdaklygy jemgyỳetçilik borjy, inisiatiwany stimulirleỳär. **Ikinji funksiỳa** öz-özüñi terbiỳelemegi guramagy añladỳar. ol okuwçylarda öz-özüniñ añlamagy, öz üstünde işlemegiñ položitel motiwlerini, olara eden işini meỳilnamalaşdyrmagy, onuñ netijesini bahalandyrmagy öz içine alỳar.

Okuwçylaryñ özüne özbaşdak terbiỳäniñ üsti bilen ỳekebara ösmegi topara položitel täsir edỳär. Okuwçylaryñ dürli-dürli gyzyklanmalary, dünỳägaraỳşynyñ giñligi, umumy medeniỳetiniñ derejesiniñ ỳokarylygy toparyñ agzalarynyñ dürli gyzyklanmalarynyñ we mümkinçilikleriniñ barlygyny kesgitlemäge şert döredỳär, olaram öz gezeginde toparda aragatnaşyklary baỳlaşdyrỳar, toparyñ ösüşine we kämilleşmegine bitewi täsir edỳär.

Okuwçylaryñ öz-özüni terbiỳelemgiñ giñ ỳaỳran tärleri öz-özüne borç almak, öz-özüñe hasabat bermek, öz-özüñi seljermek, öz-özüne gözegçilik etmek we öz-özüñi bahalandyrmak. Öz-özüñi terbiỳelemegi dolandyrmagyñ dialektikasy okuwçylara ediỳän daşky pedagogik talaplaryñ, olaryñ özüne edỳän talaplaryna geçmegidir.

**Gaỳtadan terbiỳelemek**. Terbiỳelemek we gaỳtadan terbiỳelemek biri-biri bilen arabaglanyşyklydyr. Gaỳtadan terbiỳelemek şahsyỳeti kämilleşdirmäge päsgel berỳän okuwçylarda ỳüze çykan nädogry garaỳyşlary, pikirleri, baha bermekligi, özüni nädogry alyp barmaklygy düzetmekdir.

Gaỳtadan terbiỳelemek – okuwçylaryñ ahlak ösüşinde ỳüze çykỳan gyşarmalaryñ sebäplerini tapmak; ỳüze çykan kemçilikleri düzetmegiñ ỳollaryny we serişdelerini kesgitlemek; okuwçylary jemgyỳete peỳdaly toparlaỳyn okuw hyzmat ediş işlere işjen çekmek; talap etmegiñ, gözegçilik etmegiñ, sylamagyñ we stimulirlemegiñ ulgamyny işläp düzmekdir.

Şahsyỳetiñ ahlak ösüşinde ỳüze çykỳan gyşarmalaryny düzetmegiñ wajyp şerti ahlak terbiỳäniñ we öz-özüñi terbiỳelemegiñ arabaglanyşygydyr. Terbiỳelemekde otrisatel täsirleri ỳeñip geçmek meselesi pedagoglar we psihologlar tarapyndan

öwrenilýär (M.A.Alemaksin., A.S.Belkin., A.B.Bedenow., I.A.Newskiý. I.P.Prokopýew., L.I.Ruwinskiý).

**Terbiýeçilik işiniñ netijeliligini ýokarlandyrmagyñ ýollary.** Bu iş dürli ýollary bilen amala aşyrylýar: - terbiýeçilik meseleleriñ ulgamyny proýektirlemek (taslamak); - terbiýeçilik işiniñ mazmunyny kämilleşdirmek; - terbiýelemegiñ formalaryny (görnüşleri) we usullaryny maksadlaýyk saýlamak we ulanmak.

Terbiýeçilik prosesiniñ optimizirlene ýagdaýynda ýokary netije berýär. Gerek bolan wagt sarp edilip, terbiýeçiler bilen terbiýelenilýänleriñ güýji birikdirilip terbiýeçilik prosesiniñ netijesinde maksimal netije gazanylanda oña optimal terbiýeçilik proses diýse bolar.

Terbiýäni optimizirlemegiñ **wajyp serişdesi terbiýeçilik prosesi guramaga bitewi çemeleşmekdir.**

Terbiýeçilik işini optimizirlemegiñ şerti hökmünde **geçirilýän terbiýeçilik täsirleri anyklamak çykyş edýär.**

Optimizirlemegiñ esasy şerti şahsyýetiñ formirlenmegine maksada gönükdirilen täsir edýän ähli sosial institutlaryñ güýjüini koordinirlemekdir. Olara mekdep, maşgala, mekdepden daşary terbiýeçilik edaralary, ýaşlar we çaga bag guramalary degişlidir.

Terbiýeçilik **işini optimizirlemek, ony amala aşyrmak üçin amatly okuw-maddy, gigiýeniki we moral psihologik şertler döredýär.**

Terbiýeçilik prosesini optimizirlemek terbiýeçilik täsirini meýilnamalaşdyrmak, guramak, gözegçilik etmek we seljermekligi göz öñünde tutýar.

***Terbiýäniň ýörelgeleri.***

Tebiýäniň ýörelgeleri bu terbiýeçilik işiniň mazmunyna, usullaryna, gurluşyna bolan talaplary aňladylan umumy ugur alyş düzgünleridir. Olar terbiýeçilik işiniň mazmunyny ýüze çykaryp, pedagogik prosesiň umumy ýörelgelerinden aratapawutlylykda pedagoglaryň terbiýeçilik meselelerini çözmekde ýolbaşçylyk edýän umumy düzgünlerdir. Ýörelgelerden edilýän talaplary häsiýetlendireli.

1. Hökmanylyk. Terbiýäniň ýörelgeleri – bu maslahat däl, gönükdirmeleri däl, olar hökmany we doly tejribä ornaşdyrylmagyny talap edýär. Terbiýäniň ýörelgelerini ulgamlaýyn bozmak, olaryň talaplaryny inkär etmek diňe bir terbiýeçilik işiniň netijeliligini peseltmän, eýsem onuň esaslaryny dargadýar. Ýörelgeleriň talabyny bozýan terbiýeçiler bu işi ýerine ýetirmekden boşadylýarlar, ynsanperwelik, şahsyýeti sylamak ýaly ýörelgeleri ýerine ýetirmedik terbiýeçileriň kazyýete çekilmeklikleri-de mümkin.

2. Bütewilik. Ýörelgeler özünde bütewilik talaby jemleýärler. Bu talap olaryň ähliSini terbiýeçilik işinden aýrabaşga däl-de yzygiderli bir wagtyň içinde ulanmagy göz öňünde tutýar. Ýörelgeleri zynjyr görnüşinde ulanman, bir wagtyň özünde frontal ulanmaly.
3. Deňderejelilik. Terbiýäniň ýörelgeleriniň ähliSi deň derejelidirler. Olaryň arasynda öň ulanmalysy, soň ulanmalysy ýokdur. Olara deň derejede üns bermek terbiýeçilik işinde ýüze çykjak kemçilikleriň öňüni almaga kömek edýär. Şol bir wagtyň özünde olar peýdalanylyp ýokary netije gazanylyp boljak taýýar resept däl, uniwersal düzgün hem däl. Olar terbiýeçiniň ýörite bilimini, tejribesini, ussatlygyny çalyşmaýarlar. Ýörelgeleriň talaplary hemmä birdeňdir, ýöne olaryň tejribede durmuşa ornaşdyrylyşy şahsy esaslandyrylandyr.

Terbiýeçilik işiniň daýanýan ýörelgeleri ulgam döredýärler. Terbiýäniň köp ulgamy bardy we häzirem bar. Şonuň üçin ýörelgeleriň aýratyn talaplary, häsiýetleri, käbir wagt olaryň özleri-de terbiýäniň ulgamlarynda üýtgemän galyp bilmeýärler. Häzirki zaman terbiýe ulgamy şu aşakdaky ýörelgelerden ugur alýar:

- Ynsanperwerlik;
- Terbiýäniň jemgyýete gönükdirilenligi;
- Terbiýäniň durmuş we zähmet bilen baglylygy;
- Terbiýelemekde gowy häsiýetlere daýanmak;
- Şahsy çemeleşmek;
- Terbiýeçilik täsiriň birligi;
- Indiwidual terbiýelemek ýörelgesi;
- Terbiýeleýji gurşaw döretmek ýörelgesi;
- Okatmagyň terbiýeçilik ýörelgesi;
- Maksada gönükdirilenlik ýörelgesi;
- Terbiýä bütewi çemeleşmek ýörerlgesi;
- Aňlamak bilen özüňi alyp barmagyň birlik ýörelgesi;
- Zähmetde terbiýelemek ýörelgesi;
- Terbiýäniň görelde eýermek ýörelgesi;
- Toparda terbiýelemek ýörelgesi;
- Talap etmek bilen sylamagyň birlik ýörelgesi;
- Göni we parallel täsir etmek ýörelgesi;
- Maşgalanyň, mekdebiň, jemgyýetçiligiň terbiýelemekde maksadynyň birlik ýörelgesi;
- Zähmetde terbiýelemek ýörelgesi;
- Öz garaýyşlaryňy ulanyp bilmek ýörelgesi;
- Refleksiwlilik ýörelgesi;

- Interaktiwlilik ýörelgesi;

### *Terbiýelemegi ynsanperwerleşdirmek ýörelgesi.*

Bu ýörelge: 1. Terbiýelenilýäniň şahsyýetine ynsanperwer garamak. 2. Onuň hukuklaryny we erkinligini sylamak. 3. Terbiýelenilýäniň öňünde pikirlenilen, güýçýeter talaplary goýmak. 4. Okuwçy seniň talaplaryňy ýerine ýetirmäge garşy bolan ýagdaýynda-da onuň garaýyşyny sylamak. 5. Adamyň özi bolmak hukugyny sylamak. 6. Terbiýelenilýäniň aňyna onuň terbiýelenilmeginiň anyk maksadyny ýetirmek. 7. Terbiýelejek hilli güýç bilen ýerine ýetirmeli däl. 8. Temmi bermegiň ähli görnüşlerinden ýüz döndermek. 9. Eger-de terbiýelenilýän onda emele geljek hilleriň käbirinden özüniň ynamy, garaýyşlary (dini, ynsanperwer) boýunça doly ýüz dönderse ony dogry kabul etmeli.

### *Şahsy çemeleşmek ýörelgesi.*

Pedagogik-psihologik barlaglaryň netijesi terbiýelemekde çaganyň şahsy häsiýetlerini we mümkinçiliklerini hasaba almak esasy orunlaryň birini eýeleýär diýen maglumat berýär. Şahsy çemeleşme adamyň şahsy hillerine daýanmak diýlip düşündirilýär. Çaganyň şahsy hilleri onuň gönükdirilenliligini, onuň gymmatlyklara garaýşyny, durmuş meýillerini, özüni alyp baryşyny we işiniň esasy motiwlerini aňladýar. Çaganyň ýaş aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak, onuň indiwidual aýratynlyklaryny (häsiýeti, temperamenti, erki) ýokarda agzalan esasy hillerden aýratyn garamak terbiýeçilik işini doly ýerine ýetirmäge mümkinçilik bermeýär. Gymmatlyklar oriýentiri, durmuş meýilleri, şahyýetiň göükdirilenligi, çaganyň ýaş we indiwidual aýratynlyklary bilen baglanyşykly ýöne diňe esasy şahsy häsiýetleri öňde goýmak bu häsiýetleri dogry hasaba almaga mümkinçilik berýär.

Şahsy çekeleşme ýörelgesi terbiýeçiden: 1. Öz okuwçylarynyň temperamentiniň, häsiýetleriniň, garaýyşlarynyň, islegleriniň, gylyk häsiýetleriniň indiwidual aýratynlyklaryny hemişe öwrenmeli we gowy bilmeli. 2. Okuwçylaryň pikirlenişini, motiwlerini, gyzyklanmalaryny, şahsyýetiniň gönükdirilenligi, durmuşa zähmete garaýşyny, gymmatlyklar oriýentasiýasyny, durmuş meýillerini öwrenip bilmeli we olaryň real derejesini bilmeli. 3. Her bir terbiýelenilýäni onuň güýji ýeter ýaly we çylşyrymlaşýan, onuň şahsyýetini ösdürýän işe çekmeli. 4. Maksada ýetmäge päsgel berýän sebäpleri tapmaly we ýoldan wagtynda aýyrmaly, eger-de olary wagtynda aýryp bolmasa geçirilýän terbiýeçilik işiniň ýollaryny, usullaryny üýtgetmeli. 5. Şahsyýet öz işjeňligine doly daýanmaly. 6. Terbiýäni öz-özüni terbiýelemek bilen bilelikde alyp barmaly, öz-özüňi terbiýelemegiň maksatlaryny, usullaryny, görnüşlerini saýlamaga kömek etmeli. 7. Terbiýelenilýänleriň özbaşdaklygyny, başarjaňlygyny, inisiatiwasyny ösdürmeli, işe ýolbaşçylyk etmeli däl-de, ony gurap üstünlik gazanar ýaly gönükdirmeli.

Bu talaplaryň ulanylmagy terbiýeçini geçirilýän işleriň ýüzleý däl-de, çuň ösdürmegini, gatnaşyklaryň sebäp-netije kanunalaýyklyklaryna daýanmagyny talap edýär.

Şahsy çemeleşmekde ýaş we aýrabaşga aýratynlyklar täze gönükdirilmelere eýe bolýarlar. Ýakyn perspektiwalar, potensial mümkinçilikler diagnostirlenilýärler. Kiçi ýaşly mekdep döwründe ahlak we sosial hilleri terbiýelemäge uly mümkinçilikler bardygyny bir eýýäm bilýäs. Çaganyň ýaşy näçe kiçi bolsa onuň kabul edişi erkin bolýar, ol şonça-da öz terbiýeçisine ynanýar, onuň abraýyna boýun bolýar. Şonuň üçin çagada kiçi mekdep ýaşynda we irki ýetginjeklik döwründe dogry endikleri terbiýelemek, tertiplilik, özüni köpçülikde alyp barmagy terbiýelemek aňsat bolýar. Uly ýetginjeklik ýaşynda okuwçylar durmuşa peýdaly işiň göni, açyk goýulsa düşünýärler, olar işjeň we inisiatiwaly bolýarlar. Ýöne bu işjeňlik, özbaşdaklyk pedagoglar tarapyndan gowy gurnalan bolmaly. Uly ýaşly okuwçylar özbaşdaklyga ymtylyşy bilen aratapawutlanýarlar. Olaryň bu aýratynlygyna daýanyp olarda beýik ahlak ideallary, jogapkärçilik duýguny ösdürýärler. Geljekki terbiýeçilik işleriň netijelerini taslanylanda (proýktirlenende) okuwçylarda käbir hilleri terbiýelemek ýuwaş-ýuwaşdan peselýär. Onuň sebäbi ýaşynyň ulaldygyça okuwçylaryň nerw ulgamynyň çeýeligi peselýär, daşky täsire psihologik garşylyk ýokarlanýar. Çagany terbiýelände onuň indiwidual häsiýetlerinden kabul etmäge, pikirlenmäge, ýa-da söze, häsiýete, temperamente, erke beýlekilerden köp üns bermeli. Toparlaýyn terbiýede bu we başga aýratynlyklary öwrenmek kyn düşýär.    Eger-de terbiýeçi üstünlik gazanjak bolsa onda ol goşmaça wagt, energiýa, serişde sarp edip olary öwrenmeli.

Häzirki zaman okuwçylarynyň bilim derejesiniň ýokarydygyny, olaryň gyzyklanmalarynyň dürlüligini göz öňünde tutup mugallymyň özide hemmetaraplaýyn ösmeli: ol diňe öz hünäri boýunça ösmän, syýasatyň, umumy medeniýetiň, sungatyň häzirki zaman ösüşinden habarly bolup, özüniň okuwçylaryna ahlak sypatlarynyň ýokary nusgasyny görkezmeli.

Çagalyk we ýetginjeklik döwründe şahsy hilleriň ýokary tempde emele gelýänligini göz öňünde tutup, okuwçylarda ýaman gylyk häsiýetler berkemänkä, terbiýelemegiň usullary, mazmuny, gurluşy we görnüşleri terbiýelenilýäniň ösüş derejesi bilen gapma-garşylyga ýetmänkä pedagogik tiz hereket etmeli. Ýöne talaby ýokarlandyryp ony kime niýetlenýän bolsaňyz onuň güýji ýeter ýaly meselä goýuň. Eger-de çaga öňde goýlan talaby ýerine ýeririp bilmese onda onuň öz güýjüne, özüne ynamy ýitýär.

Daşky hereketleriň üsti bilen şahsyýetiň düýpli häsiýetlerini bilmek örän kyn we hemişe ony bilip hem bolmaýar. Bu ýerde terbiýelenilýäniň özüniň terbiýeçä kömek etmegi gerek. Siz ony özüňiziň dostuňyz, kömekçiňiz ediň. Bu ýol bilen siz çaganyň çyn hillerini öwrenmäge gysga ýol taparsyňyz.

***Terbiýäniň jemgyýete gönükdirilenligi.***

Dürli wagtlarda bu ýörelgäniň mazmuny üýtgäp geldi. Bir wagt ol jemgyýetçilik, bir wagt döwlet, bir wagt şahsy gönükdirilenlik görnüşinde boldy.

Bu ýörelgä daýanyp çagalarda döwlet gurluşyny, onuň syýasatyny, onuň organlaryny goldamak, döwletde kabul edilen we hereket edýän konstitusianyň kanunlarynyň üsti bilen olarda raýat we sosial hilleri terbiýelemek bolar.

Bu ýörelgä daýananda terbiýeçi terbiýelenilýänler bilen tejribe-motiw aragatnaşygyny gazanmaly. Okuwçylaryň ýerine ýetirýän işleri durmuşa peýdaly işler bolmaly. Dürli durmuşa peýdaly işler ýerine ýetirilende çagalaryň aňyna şöz bilen hem täsir etmek ulanylmaly. Peýdaly işler hökmany öz täsiri bilen berkidilmeli.

Mekdebiň esasy wezipesi- öz döwletini, Watanyny söýýän, onuň syýasatyny goldaýan, onuň kanunlaryny sylaýan raýatlary terbiýelemekdir. Bu işi ýola goýmagyň effektiw serişdesi mekdeplerde ýörite dersleri geçmeli we beýleki derslere degişli maglumatlar bilen ýaraglandyrmaly. Mysal üçin, „Döwletaragatnaşyklar“, „Kanun we jemgyýet“ ýaly 2 hepdelik, 1 aýlyk ýörite dersler geçmeli. Okuwçylar üçin „Kanun we şäher“, „Ýer eýesi we kärendeçi“, „Jenaýat we adalatly kazyýet“ ýaly tematiki gollanmalary çap etmeli.

Jemgyýetçilik proseslerine her bir adam irki çagalyk döwründen girişýär. Şonuň üçinem onuň raýat terbiýesi şol wagtdan başlanýar. Jemgyýetçilik jogapkärçilik duýgusy mekdebiň ilkinji basgançagynda emele gelip başlaýar. Jemgyýetçilik häsiýetiniň emele geliş tapgyrlarynyň ählisinde çagalara hödürlenýän bilimleriň olaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyk gelmegini gazanmaly. Eýýäm başlangyç synplarda çagalar „döwlet“, „hökümet“, „konstitutsiýa“, „Prezident“, „kanun“, „jogapkärçilik“ ýaly düşünjeleri anyk mysallaryň üsti bilen özleşdirse, tejribede goldaw tapsa we birikdirilse olar aňsat özleşdirilýärler. Mekdebiň orta we ýokary synplarynda terbiýelenilýänleri real durmuş proseslerine çekmek bilen olarda wajyp düşünjeler berkidilýär, ösdürilýär, ynam terbiýelenilýär, raýat hilleri emele getirilýär.

Gadymy rim mekdeplerinde „Mekdep üçin däl-durmuş üçin“-diýen çagyryş okuwçylary garşylaýar eken. Eýýäm, antik döwrüň pedagoglary durmuşdan, tejribeden üzňe terbiýäniň ýoklugyna, peýdasyzlygyna düşünipdirler. Adamyň şahsyýetiniň formirlenmegi, onuň ýerine ýetirýän işine, jemgyýetiň we zähmetiň aragatnaşyklaryna şahsy gatnaşygynda emele gelýär. Güýçýeter işi deň hukukly agza hökmünde ýerine ýetirip, çagalar özüni alyp barmagyň ahlak tejribesini toplaýarlar, ruhy we beden taýdan ösýärler, moral hillerini kämilleşdirýärler we berkidýärler.

Durmuş mekdebi terbiýäniň iň gowy mekdebidir. Şonuň üçin terbiýäni durmuş bilen baglanyşdyrmak ýörelgesi terbiýelemegiň köp ulgamynyň esasy bolup çykyş edýär. Ol terbiýeçilerden iki esasy ugurdan işjeň hereket etmegi talap edýär. 1. Terbiýelenilýänleri

adamlaryň, jemgyýetiň we zähmet durmuşy bilen, olarda ýüze çykýan üýtgeşmeler bilen giňişleýin we tizara tanyşdyrmak;

2. Terbiýelenilýänleri jemgyýete peýdaly işleriň dürli görnüşlerine, durmuş gatnaşyklarynyň real ýagdaýlaryna çekmek.

Çaganyň gowy häsiýetlerine daýanmak. Eger-de siz öz terbiýeleýän çagaňyzyň bir kiçijik gowy häsiýetini tapsaňyz onda siz onuň ruhy gapysyna açar taparsyňyz we öz işiňizde gowy netijeler gazanarsyňyz. Paýhasly pedagoglar terbiýesi pes çagalarda-da gowy häsiýet gözläp tapyp olara daýanyp gerek bolan hilleri terbiýeläpdirler. Bu ýörelgä bolan talaplar: pedagog adamda gowy häsiýetleri tapmaly, gowy häsiýetlere daýanmaly we doly emele gelmedik ýa-da otrisatel ösýän hilleri gerek bolan derejä çenli düzetmeli.

Tutuşlaýyn „otrisatel“ (ýaman)  ýa-da ýüz göterim „položitel“ (gowy) terbiýelenen adam bolmaýar. Şonuň üçin adamda „položitel “ (gowy) tarapynyň köp bolmagyny „otrisatel“ (ýaman) tarapynyň az bolmagyny gazanmak terbiýäniň esasy wezipesidir.

Terbiýeçiniň işiniň üstünlikli bolmagy üçin onuň garaşýan netijeleriniň tiz ýerine ýetmegi üçin ol okuwçylar bilen dogry aragatnaşyk gurmaly, çydamly bolmaly, olaryň durmuşynda bolýan üýtgeşiklere begenmeli. Diňe çagalaryň goýberýän ýalňyşlyklaryna, kemçiliklerine üns bermeli däl-de, tersine olaryň gowy taraplaryny tapyp goldamaly. Elbet-de kemçilikleri, ýalňyşlyklary seljermeli, düzetmeli. Ýöne esasy edilmeli iş bu gowy taraplary tapmak we ösdürmekdir.

Hemişe okuwçynyň gyzyklanýan zatlaryna daýanyp (bilesigelijilik, gözellik, tebigata söýgi, haýwanat dünýäsine garaýyş we.ş.m.) olaryň kömegi bilen zähmet, ahlak, gözellik terbiýesiniň köp meselelerini çözüp bolar. Gowy häsiýetine daýanmak ýörelgesi terbiýeçilik işiniň esasy bölegini saýlap almak bilen baglanyşyklydyr. Her bir anyk ýagdaýda bu esasy bölegi saýlap tapmak mugallymyň wezipesidir.

Täsirli terbiýeçilik ýagdaý döretmek hem gowy häsiýetlere daýanmagyň bir aspektidir. Bu terbiýeçilik aragatnaşyklaryň stiline, okuw-terbiýeçilik edaralarynyň “ruhy“ degişlidir. Her kim öz işi bilen meşgul, işjeň, asuda ýagdaý, hiç kim hiç kime päsgel bermeýän, arassa jaý, biri-birini sylaýan adamlar topary örän güýçli terbiýeçilik täsir edýär. Onuň ýaly mekdeplere „diwaryda terbiýeleýär“ diýýärler.

Okuwça onuň kemçiligi barada köp ýatlatsaň, onuň özüne, öz güýjüne, mümkinçiliklerine bolan ynamy gaçýar. Tejribeli terbiýeçiler okuwçyny öwrenmegi gysganman, oňa gowy, ýakymly sözleri aýdyp, olarda geljekki gowy taraplary terbiýeleýärler. Olar okuwçylara ynanýarlar, ýalňyşan wagty goldaýarlar, ýokary netije gazanyp biljegi barada olarda ynam döredýärler.

***Terbiýeçilik täsirleriň hilleri.***

Bu ýörelgäniň esasy mazmuny mekdebiň, maşgalanyň jemgyýetçiligiň ösüp gelýän ýaş nesli terbiýelemekde olara edýän täsiriniň ylalaşykly bolmagyny, bilelelikde hereket etmegini, bir talap etmegini, biri-birine kömek etmegini, biri-biriniň täsirini doldurmagyny, maslahatlaşyp, habarlaşyp hereket etmegini talap edýär.

Eger-de olaryň arasynda bu gatnaşyk emele gelmese onda edilen işiň netijesi bolmaz. Bu ýagdaýda terbiýelenilýän uly psihiki täsire uçraýar. Ol kime ynanjagyny, kimiň yzyndan gitmelidigini, kimi özüne daýanç edip almalydygyny bilmän kyn güne galýar.

**<u>Bu ýörelgäni ulanmagyň düzgünleri:</u>**

1. Çaganyň şahsyýeti maşgalanyň, dostlaryň, ony gurşaýan ýaşy uly adamlaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň, okuwçylar toparynyň täsirinde formirlenýär. Bu täsirleriň toplumynda esasy orun synp toparyna we terbiýeçiniň şahsyýetine degişlidir. Ýöne terbiýeçi beýleki täsir edýän faktorlary-da ýadyndan çykarmaly däldir.
2. Şahsyýetiň formirlenmeginde uly roly maşgala oýnaýar. Ata-enäniň çagalara gaýtalap bolmajak täsiri olaryň öz çagalarynyň aýratynlyklaryny bilşini we olara edýän täsirini hiç nähili pedagogik täsir bilen çalşyp bolmaz. Şonuň üçin terbiýeçilik işinde maşgala bilen aragatnaşygy dogry ýola goýmak gowy netije gazanmaga mümkinçilik berer.
3. Terbiýeçiniň özi terbiýelenen bolmaly. Mugallymlarda we ene-atalarda okuwçylarda terbiýelenmeli hilleriň özünde bolmagy wajyp.
4. Terbiýeçilik işiniň tejribesinde mugallym bilen ene-atalaryň arasynda konflikt ýüze çykýan ýagdaýlar bolýar. Mekdebiň talabyna maşgala, maşgalanyň talabyna mekdep garşy çykýan ýagdaýlar bolýar. Onuň ýaly ýüze çykýan garşylyklary mekdep bilen maşgalany terbiýeçilik işinde birikdirýän güýçleriň üsti bilen çözmeli.
5. Käbir ýüze çykýan ýagdaýlarda terbiýeçi toparyň, kärdeşiniň, jemgyýetçilik guramasynyň pikiri bilen ylalaşmaýar, olary tankyt edýär. Bu zatlar şahsyýetiň garaýyşlarynyň we ynamlarynyň ösmegine päsgel berýär. Şonuň üçin terbiýeçiler biri-birini goldamaly, biri-biriniň abraýyny goramaly.
6. Bu ýörelge okuw we okuwdan soňky geçirilýän terbiýeçilik işleriniň bir ulgamda geçirilmelidigini talap edýär. Terbiýeçilik işinde ulgamlylyk şahsy hilleriň emele gelmeginiň yzygiderligini, arabaglanyşygyny ýola goýýar. Terbiýeçilik işinde öň çagalaryň özüni alyp barşynda toplan gowy häsiýetlerine daýanmak gerek. Ýuwaş-ýuwaşdan pedagogik talabyň normalary, serişdeleri çylşyrymlaşdyrylmaly.
7. Terbiýeçilik işine gatnaşýan her bir adamyň, edaranyň täsiriniň güýjüni koordinirlemeli.

Terbiýäniň her bir ýörelgesiniň öz orny bardyr. Şol bir wagtyň özünde olar biri-biri bilen berk arabaglanyşyklydyrlar.

## Terbiýäniň umumy usullary.

Pedagogik işiň logikasy zynjyr görnüşinde bolup, ol maksat-serişde-proses-netije hökmünde amala aşyrylýar. „ Pedegogik serişde” bu integratiw düşünje bolup özünde birnäçe düşünjeleri jemleýär.

Serişde bu adamyň maksada ýetmek üçin aňly ulanylýan zatlary. Tär, hereketiň görnüşi ýatda gural serişde bolup biler.

„Serişde” diýen düşünje umuman durmuşyň maddy we maddy däl elementleri bolup, terbiýeçilik işinde aňly ulanylýan guraldyr. Hadysalar, adamlar, prosesler adamyň elinde terbiýäniň serişdeleri hökmünde terbiýäniň maksadyna ýetmäge öz mazmunyna laýyklykda täsir edip bilýärler.

Serişde hökmünde çykyş etjek zadyň esasy alamaty onuň aňly we howpsyz terbiýäniň maksadyna ýetmäge täsiridir. Serişdeler – psihologik- pedagogik bolup, terbiýeçiler onuň şinden geregini saýlap alýarlar.

Terbiýäniň serişdelerini şeýle toparlara bölüp bolar:

- terbiýelenilýän işiň gönükdiriji we görkeziji funksiýalary ýerine ýetirýänler: mysal, nusga, ideal, mukdar:
- terbiýelenýänleriň işjeňligini dörediji we peseldiji: talap, gözegçilik, temmi bermek:
- özüni dogry alyp barmak modellerini berkidiji we ösdüriji: sylaglamak, öwmek.

Terbiýeçiniň öz işinde ulanyp biljek serişdeleriniň sany örän köp. durmuşyň her bir hadysasy, predmeti, fakty prosesi özünde terbiýeçilik täsir saklaýar. Ony diňe durmuşa laýyk döredip ulanmak gerek. Terbiýeçi näçe köp serişde ulanyp bilse, onuň işiniň netijesi şonçada ýokary bolar. Ýöne pedagogic serişdeleriň aýratynlyklaryny ýatda saklamaly. Islendik bir serişde garaşylýan netije bermän, oňa ters bolmagy mümkin. Ol haýsy pedagogic ýagdaýda, haýsy ulgamlaryň aragatnaşygynda ulanylýanlygyna garaşlydyr.

Terbiýeçiler bilen terbiýelenýänleriň arabaglanyşykly işine terbiýelenişiň usuly diýilýär. Bu iş terbiýe meselesini çözmäge gönükdirilendir.

Çylşyrymly, tiz hereket edýän terbiýeçilik prosesinde mugallyma örän köp tipli orginal meseleleri çözmek gerek bolýar. Bu meseleler köp näbelliler bilen, çylşyymly we dürli wariantly, dürli çözgütlidirler. Ýüze çykan meseläni çözmek üçin, gerek bolan netijäni saklamak üçin, ylmy taýdan esaslandyrlan çözgüt tapmak üçin,pedagog terbiýelemegiň usullaryny doly ulanyp bilmelidir.

Terbiýäniň ikitaraplaýyn häsiýetini şöhlelendirip, usullar, terbiýeçiler we terbiýelenýänleriň arabaglanyşygyny ýola goýujy mehanizm bolup hyzmat edýärelr. Bu aragatnaşyk mugallymyň alyp baryjy we gönükdiriji ýolbaşçylygy esasynda alnyp barylýar. Mugallym bu ýerde okuwçylaryň durmuşuny we işini pedagogic taýdan maksada laýyk guraýjysy we ýolbaşçysy hökmünde çykyş edýär.

Terbiýelemegiň usullary pedagogic prosesi düzýan elementlere bölünýärler. Olary tärler diýip atlandyrýarlar. Usullara garaşly bolan tärler hususy boýun bolujy häsiýetdedirler. Usullar we tärler biri-biri bilen berk arabaglamyşykly bolup anyk pedagogic ýagdaýlarda biri-birine geçip hem bilýärler, biri-biriniň ornuny çalşyp hem bilýärler. Bir ýagdaýda usul pedagogic meseläni özbaşdak çözüp ýol hökmünde çykyş edip bilýär, başga bir ýagdaýda tär hökmünde hususy işi ýerine ýetiryär. Mysal üçin, söhbetdeşlik garaýyşlary we ynamlary terbiýeleýän esasy usullaryň biridir. Şol bir wagtyň özünde ol usullaryň täri hökmünde öwretmek usulynyň dürli etaplarynda ulanylýar.

Terbiýäniň usullaryny terbiýäniň serişdelerinden aratapawutlandyryp bilmeli. Olar biri-biri bilen berk arabaglanyşykly we bilelikde ulanylýar. Terbiýäniň serişdelerine bir tarapdan işiň dürli görnüşleri(oýun, okuw, zähmet we ş. m) degişli bolsa, başga bir tarapdan pedagogik işi ýerine ýetirmek üçin ulanylýan maddy we ruhy predmetler (görkezme esbaplar, syýasy, edebi we ylmy- populýar edebiýat, surat, habar beriş serişdeleri we ş.m)

Şu güne çenli terbiýelemek usullarynyň mazmunyny we ýerine ýetirýän wezipelerini, kanunalaýyklaryny beýan edýän ylmy maglumatyň uly göwrümi toplandy.

Terbiýelemek usullarynyň toparlara bölünişi olarda bar bolan hususy we umumy, esasy we tötänleýin karary we tejribe häsiýetlerini kesgitlemäge we olary maksa laýyk, netijeli ulanmaga mümkinçilik berýär. Her usulyň ýerine ýetirýän işi, häsiýeti ulanylşy we beýleki usullar bilen arabaglanyşygy düşnükli bolýar. Mugallymyň ylmy pikirlenişi giňelýär, pedagogik döredijiligi üçin şertler döreýär.

Terbiýäniň hadysalary örän çylşyrymly we gapma-garşylykly, şonuň üçin pedagogik täsir eder ýaly ýeketäk logiki esas tapmak kyn. Usullary toparlara bölmek üçin esas hökmünde hödürleýän ýol terbiýe prosesiniň bir ýa-da birnäçe toparyny öz içine alýar. Bir topar alymlar (N.I.Boldyrew, N.K.Gonçarow, F.F.Korolew) usullary :ynandyrma, gönükme, sylamak we temmi bermek ýaly toparlara bölýärler. Usullary toparlara bölmegiň bu görnüşinden T.A.Ilinonyň we I.T.Ogorodnikowyň hödürleýän usullary aratapawutlanýarlar. Olar ynandyrma, okuwçylaryň işini guramak, olaryň özüni alyp barşyny stimulirlemek ýaly usullary hödürleýärler. I. S. Marýenko terbiýäniň usullaryny düşündiriş- reproduksiýa, meseleleýin- situatsiýa, öwrediji we gönükme stimulirlemek, saklamak, öz-özüňi terbiýelemäge ýolbaşçylyk ýaly toparlara bölýär.

G.I.Şukinanyň terbiýäniň usullaryny toparlara bölüşi birnäçe nazary düzgünlere daýanýar. Çylşyryrmly tiz ösýän okuwçynyň kämilleşýän şahsyýeti özüniň içki bütewiligi we birligi bilen häsiýetlenýär. Şahsyýetiň köp görnüşli hilleri biri-biri bilen berk baglanyşykly bolup diňe onuň dürli taraplaryny şöhlelendirýärler.

Terbiýe şahsyýetde ony kesgitlenen, özüni alyp barmak häsiýetlerini ýerine ýetirmäge ugrukdyrýan onda täze pikirlerini, duýgularyny, talaplary emele getirip bilsi ony üýtgedip biler. Bu aýdylandan şeýle netije çykaryp bolar: - çagalary terbiýelände olaryň aňyny, kämilleşdirmeli, gerek bolan emopsional ýagdaýy döretmeli, tejribe

başarnyklaryny, endiklerini we öwrendiklerini emele getirmeli. Şahsyýetiň her bir tarapyny kämilleşdirmek üçin aýratyn pedagogik täsirler ulanmaly.

Ýokarda aýdylanlara eýerip terbiýelemegiň usullaryny 3(üç) esasy topara bölmek bolar. Birinji topar öz içine çaplarda ynsanperwer garaýyşlar we erkine dürlitaraplaýyn täsir edýän usullary alýar. Bu uaullar toparynyň wajyplygy aňyň we işiň birlik ýörelgesinden gelip çykýanlygyndadyr. Adam, diňe daşky, predmet, tejribe ýaly işleri esasynda şahsyýetleşmän, eýsem aňyň içki psihiki, aňlaýyş işlerin-de göz öňünde tutmaly. Ýokarda aýdylyşyna görä çaganyň şahsyýetiniň kämilleşmeginde esasy orun onuň gündelik durmuşunda deň-duşlary bilen aragatnaşygy netijesinde topla tejribe oýnaýar. Ýöne terbiýe diňe we dolulygyna terbiýelenilýäniň şahsy tejribesine daýanyp bilmez. Onuň öz deň-duşlary bilen dündelik durmuşunda aragatnaşyk saklap toplan tejribesini nähili Kabul edilýänligi, bahalandyrylýanlygy, aňlanylýanlygy wajyp. Tejribäniň üsti bilen adamzadyň taryhy ösüş döwründe toplan ruhy gymmatlyklaryny, jemgiýetçilik aragatnaşyklaryny özleşdirmek başartmaýar. Mysal üçin, adamzadyň taryhy ösüş döwründe toplan ahlak sypatlaryny şahsyýete öz tejribesiniň üsti bilen özleşdirmek üçin birnäçe ömür ýaşamak garak bolardy, ýöne şonda-da ony özleşdirip bilmezdi. Şonuň üçin terbiýäni indiwitde durmuş tejribesini dörediji hökmünde kesgitleýärler. Terbiýelenilýänleri durmuş gummatlyklaryny özleşdirmäge çekmek olarda düşünjeleriň, seljermäniň, bahalandyrmagyň emelegelmegine getirýär. Şahsyýetiň aňyny formirleýän usullara söhbetdeşlik, umumy okuw, çekeleşik, gönükme degişliler. Terbiýelemegiň usullarynyň ikinji topary işi guramak we durmuşda özüni alyp barmak tejribesini formirlemek usullarydyr. Adamyň şahsyýeti diňe gerek bolan durmuş we iş üçin şertler döredilende kämilleşýär. Iş adamyň diňe içki dünýäsini aňlatmak, eýsem onuň öz-özüni hereketlendirmegiň we şahsyýeti ösdürmegiň kesgitleýji factory hökmünde çykyş edýär. terbiäelemegiň usullarynyň bu toparyna pedagogik talap, jemgiýetçilik piker döwretmek, gönükme, tabşyryk, terbiýeleýji situasiýalary döretmek ýaly usullar degişlidir.

Terbiýelemegiň usullarynyň üçinji topary ny terbiýelenýänleriň özüni alyp barşyny we işini dolandyrmak, düzetmek we stimulirlemek usullary düzýär. Okuwçylaryň özüni alyp barşy, olaryň her bir hereketi, bahalandyrylmalydyr. Ol baha bu hereketleri berkitmeli ýa-da tersine, olary dargatmaly. Bu topary ýaryş, sylaglamak we temmi bermek usullary durýarlar.

Real pedagogic prosesde terbiýäniň usullary çylşyrymly we gapma-garşylykly birlikde çykyş edýärler. elbetde terbiýelemegiň käbir belli bir tapgyrynda şol ýa-da başga bir usul belli derejede aýratyn ulanylyp bilner. Ýöne beýlekii usullar bilen berkidilmedik ýagdaýynda, olarbilen bilelikde hereket etmedik ýagdaýynda ol usul öz güýjüni ýitirýär,. terbiýeçilik işiniň öňde goýan maksadyna ýetmek üçin hereketini peseldýär.

## Şahsyýetiň aňyny formirleýän usullar.

Şahsyýetiň ruhy durmuşunda we onuň işinde hemişe ylmy aň bilen adaty aňyň arasynda söweş bolýar. Ýerine ýetirýän işiniň, söhbetdeşligi, peselmegi, durmuşda täze-täze hadysalar bilen çahnyşmak, özüniň içki dünýäsine üns bermegi okuwçylarda çuň pikirlenmäge, problemalar, ýüze çykýan kynçylyklardan özüniň baş alyp çykyp gelmegi ýaly ýagdaýlary döredýär. Ýüze çykýan soraglara  jogap gözläp ol özüniň toplan tejribesiniň çylşyrymly durmuş aragatnaşyklaryny hemmetaraplaýyn saljermegi ýeterlik däldigine göz ýetirýär. Bu ýerde okuwçynyň kömekçisi hökmünde mugallym orta çykýar we durmuşyň şahsyýetden edýän talaplarynyň çägini, ýörelgelerini, düzgünlerini onuň aňyna ýetirýär. Şahsyýetiň aňynyň formirlenmegi köpräk oňa söz üsti täsir bilen amala aşyrylýar.

Söhbetde, bu usulyň esasy wezipesi okuwçylaryň özüni edilen hereketlere, durmuş hadysalaryna, wakalara baha bermäge çekmek we olarda daşky gurşaewa, özüniň raýatlyk  syýasy we ahlak borçlaryna dogry garaýyş terbiýelemek. Egerde  söhbetdeşlik döwründe ara alnyp maslahatlaşylýan mesele çaganyň şahsy tejribesinde, onuň işlerinde, hereketlerinde we eden işlerinde daýanç tapsa  onuň ynandyryjy güýji ýokary bolar,

Jemgyýetçilik durmuşynda social  ahlak ýa-da gözellik mazmunly temalaryny söhbetdeşligiň esasy fakty edip almaly. Bu faktlaryň ýerine aýratyn alnan şahsdyýeriň otrisatel ýa-da položitel häsiýeti jemlenen edebi obraz çykyş edip biler.

Terbiýeçilik işinde söhbetdeşlik easasy orun tutýar. Bu ýagdaý ýaş mugallymlarda söhbetdeşligi geçirmek aňsat ýörite taýýarlyk gerek däl guramaçylyk işi ýok diýen pikir döretmegi mümkin, sözsüz hiç hili terbiýe ýokdur. Ýöne söz bilen täsir etmek peýda-da getirip biler

Söhbetdeşlik düzgün bolşy ýaly, temany esaslandyrmakdan başlanýar. Esasy tapgyrda mugallym ara alyp maslahatlaşmaga maglumat berýär.Ondan soňokuwçylar erkin öz pikirini aýdar ýaly, özbaşdak netije çykarar ýaly,jemlär ýaly soraglar goýylýar.Mugallym çaga az geplese şonçada çagalar dünýäsine aralaşyp biler,olar bilen geň galyp biler,begenip biler we söhbetdeşlik üstünlikli geçer.Onuň wezipesi çagalary gönükdirmek we düzetmek.Mugallym özüniň jemleýji sözünde ähli aýdylan pikirleri toplaýar,olaryňnetijesinde dogry pikiri öňe sürýär we ony berkitmek üçin ýörite maksatnama düzýär.

Ýaş mugallymlar üçin indiwidual söhbetdeşlik kynçylyk döredýär.Şonuň üçin söhbetdeşlik, tertip-düzgün bozulanda, konflikt ýüze çykanda geçirilýär.

Umumy okuw. Okuwçylaryň aňynyň formirlenmegi olarda jemgyýet durmuşy barada, zähmet barada, ylym we tehnika, etika we estetika barada sada düşünjeleri we maglumatlary düşüňdirmekden başlanýar. Haýsy teme barada mugallym gürrüň

geçirsede,goý ol bag ekmek görlen kino filmleri seljermek, garrylara kömek etmek barada bolsun. Mugallym bu gürrüňiň wajyplygyny bilmeli we onuň çagalarda ylçagalarda ynam, ahalk düşünje, kömege taýýarlyk ýaly häsiýet döretýänligine ynanmaly.

Düşündirmek we gürrüň çylşyrymly usul bolan umumy okuwa geçmäge taýýarlaýar. Bu bolsa elýeter, gurnalan jemgyýetçilik syýasy ahlak, ideýa- estetiki mazmunly şol ýa-da başga bir meseläniň ulgamlaýyn beýanydyr. Umumy okuwyň logiki merkezi bolup ulmy aňyň sferasyna degişli ýokary jemleme çykyş edýär. Umumy okuwyň ideýa we emosional täsirligi mugallymyň sözi, faktlaryň we argumentiň ynamlalagy, esaslsndyrylanlygy, dogrulygyndadyr.

Uly synp okuwçylary mugallymyň özbaşdak pikirleniş stilini, onuň gürrüň berilýän maglumat boýunça öz pikiri aýdyp bilmekligine, garaşylmadyk orginal çözgüt tapyşyna görä seslenýärler. Habar beriş serişdeleriniň ösüşi çagalaryň häzirki zaman dünýäsindäki habarlary tiz özleşdirmegine getirdi. Ýöne käbir okuwwçylary bu habara nädogry düşünýärler, ýa-da doly düşünmän gelýärler. Şol ýagdaýlarda okuwçylara ol maglumatlara doly we dogry düşünmäge kömek etmeli.

Alnan pikirler diňe real durmuşy işleriniň netijesinde barlanyp kbul edilse onda olar akyly passiw ýüki bolman, hereket etmegiň ýörelgesi bolup şahsy mana eýe bolýarlar.

Disput (çekeleşik). Bu ara alyp maslahatlaşmagyň, bahalandyrmagyň, ynamlaryň emele gelmek usuly – çekeleşmede dürli pikirleriň, garaýyşlaryň çaknyşmagynda alnan bilimler hemişe özüniň ýokary çeýeligi, berkligi, jemleýjiligi bilen aratapawutlanýar diýen kanunalaýyklyga esaslanylýar. Çekeleşik uly ýaşly okuwçylar bilen geçirilmeli usuldyr. Sebäbi olar durmuş barada köp pikirlenip başlaýarlar, köp zatlara ynanmaýarlar, bir zadyň dogrylygyny bilmek üçin faktorlary deňeşdirmegi gowy görýärler. Çekeleşik kesgitlenen ýa-da gutarnykly çözgüdi talap etmeýär. Ol okuwçylara beýleki adamlary ynandyrar ýaly, düşünjeleri, pikirleri seljermäge, öz pikirlerini goramaga mümkinçilik berýär.

Çekeleşik hemmetaraplaýyn taýýarlygy talap edýär. Mugallym hem, okuwçylar hem ykjam taýýarlanmaly. Ara alnyp maslahatlaşmaly soraglar öňünden taýýarlanýarlar. Ol soraglary düzmäge okuwçylaryň özüni hem çekse peýdaly bolar. Mugallym okuwçylaryň ýalňyş pikirlerine garşy çykmaga gyssanman, onuň çekeleşmede özüniň ýalňyş pikirini düzetmegine kömek etmeli. Mugallymyň özüni alyp barşy hiç kimiň göwnüne degmeli däl, hiç kimi peseltmeli däl, okuwçylara öz garaýyşlaryny açyk aýtmaga, çekeleşige gatnaşmaga islegini ýatyrmaly däl.

Gönükme usuly. Okuwçynyň formirlenýän aňy olaryň kabul edýän ideýalary barada real hereket edýän, diri, anyk obrazlarda daýanç gözleýärler. Bu gözlege gönükme usulyna psihologik esas hökmünde öýkünmek hadysasy işjeň kömek edýär. Öýkinmek bu köre-körlik gaýtalama bolman, ol çagalarda hereketiň täze tiplerini emele getirýär. Öýkinmegiň netijesinde çagalarda ahsy özüni alyp barmagyň social-ahlak maksady formirlenýär. Okuwçylaryň ýaynyň ulalmagy bilen, we olaryň durum tejribeleriniň giňelmegi bilen, onuň ahlak we akyl ösüiniň netijesinde öýkünmegiň häsiýeti üýtgeýär. Kiçi ýaly mekdep okuwçysy öýkünmek üçin oňa daky kebi bilen täsir edýän obýekti, özüne taýýar obrazlary saýlaýar. Orta synp okuwçylarynyň öýkünmegi özüniň özbaşdak pikiri esasynda saýlama häsiýetde bolýar. Uly ýaşly okuwçylaryň öýkünmegi düýbinden üýtgeýär. Ol aňlanan we tankytlanan bolup kabul edilen obrazlaryň işjeň içden işlenen bolýar.

Öýkünmek 3 (üç) tapgyrda amala aşyrylýar.
- Birinji tapgyrda, okuwçyda başga bir adamyň anyk hereketini kabul etmek netijesinde şeýle hereket etmeli diýen isleg döreýär.
- Ikijnji tapgyrda öýkünmek bilen soňky edilen hereketiň arasynda arabaglanşyk emele gelýär.
- Üçünji tapgyrynda öýkünmegiň we özbaşdak hereketleriň birleşmegi emele gelýär. Oňa durmuş we ýörite döredilen terbiýeçilik situasiýalar täsir edýärler. Bu usuly D.K.Uşynskiý öňe sürüpdir. Onuň aýtmagyna görä terbiýeçilik güýç adam şahsyýetiň diri çemeleşmesinden alynýar, şahsyýeti diňe şahsyýetiň täsiri bilen terbiýeläp bolar.

Öýkünmek üçin mysallar çagany öýde, mekdepde gurşap alýar. Mysal hökmünde uly erkek we aýal doganlar, ata we ene, baba we mama çykyş edip bilerler. Bile okaýan göreldeli okuwçylarda mysal hökmünde çykyş edip bilerler.

Çagalara edebi eserleriň gahrymanlaryda uly terbiýeçilik häsiýetlitäsir edip bilýärler.

Okuwçylar diňe abraýly, olar tarapyndan sylanýanadam tarapyndan amala aşyrylan işe öýkinip bilerler. Bu mugallyma – da degişli. Mugallym okuwçylar üçin özüniň her bir hereketi we eden işi, adamkärçiligi, ahlak arassalygy, medeniýeti we dünýägaraýşynyň giňligi bilen mysal bolmaly.

## ***Işi guramak we durmuşda özüni alyp barmak tejribesini formirlemek usullary.***

Pedagogik talap. Mekdep birinji günden başlap okuwçylaryň özünde berk talap goýmaly. Ol jemgyýetiň ondan edýän talaplaryny bilmeli, özüni alyp barmak normalaryny özleşdirmeli, name etmeli? Name etmeli däl? Name etseň gowy? Name etseň temmi alarsyň? Diýen talaplary bilmeli.

Pedagogik talap şahsyýetiň ösüşinden öňde bolmaly we terbiýelenilýäniň öz-özüne talap goýmagyny öwretmeli. Talap okuwçynyň öňünde onuň bir işi ýerine ýetirmeli anyk, real mesele hökmünde çykyş etmeli. Talap terbiýeçilik işiniň netijesinde çaganyň içki gapma-garşylygyny ýüze çykarmaga kömek edýär. Talap mekdepde tertip-düzgüni ýola goýmaga, okuwçylarda guramaçylyk ruhuny götermäge, özüni dogry alyp barmaga kömek edýär.

Özüniň görnüşleri boýunça talaplar göni we göni däl bolup bilerler. Göni talaplar buýruk, görkezme ýaly bolýarlar. Esasanam göni talaplar mekdebiň ilkinji günlerinden başlansa täsirli bolýarlar. Göni däl talaplar haýyş, maslahat, duýduryş görnüşinde bolýarlar.

Okuwçylardan talap edilende mugallymyň, onuň çägini bilmegi wajyp. Başda çagalaryň 2-3 talaba boýun bolmagyny gazanyň. Egerde başda talap köp edilse onda ol olaryň käbirini ýerine ýetirmegi mümkin.

Jemgyýetçilik pikir. Terbiýeçi hemişe onuň talabynyň toparyň öz talabyna öwrülmegine ymtylýar. Toparyň talabynyň şöhlesi hökmünde jemgyýetçilik talap çykyş edýär. Özünde toparyň bahasyny, seljermesini, erkini birleşdirip jemgyýetçilik pikir, başarjaň pedagogyň elinde usulyň funksiýasyny ýerine ýetirip, işjeň we täsirli güýç hökmünde çykyş edýär.

Öwretmek. Bu çagalaryň kesgitlenen hereketleri öz durmuşynda guramaçylykly, meýilnamalaýyn, regulýar ýerine ýetirýän işidir. Kesgitlenen şertlerde öwretmek şahsyýetiň berk hili hem bolup biler. Öwretmek çagalary terbiýelemegiň, ösdürmegiň irki ýaşlyk döwründe ýokary netije berip biler. Bu usuly ulanmak käbir pedagogik şertleri ýerine ýetirmegi talap edýär. Anyk öwrenilmeli zat belli bolmasa öwretmek başartmaz. Okuwçylara bir hereketi etmegi talap edip ony gysga anyk düzgünde beýan etmeli. Ýerine ýetirilmeli hereket bir näçe böleklere bölünip, olaryň ýerine ýetirilişine belli bir wagt berilmeli. Tejribeli pedagoglar terbiýelemeli häsiýeti görkezmäge uly ähmiýet berýärler we oňa bolan dogry garaýşy terbiýeleýärler. Öwrendigiň emele gelmegi üçin wagt gerek, gyssanmaçlyk bu ýerde netije bermeýär. Başda ýerine ýetirmeli işi dogry ýerine ýetirmegi öwretmeli, ondan soň ony tiz ýerine ýetirmegi talap etmeli. Öwretmek usuly ýerine ýetirilýän hereketlere gözegçilik etmegi talap edýär. Okuwçylaryň özüne özüniň gözegçilicini guramagy ýola goýmak hem wajyp.

Öwretmek usuly terbiýelenilýäniň ýaşyna, durmuş şertlerine we terbiýelenilmegine görä ulanylýar. Öwretmegi, terbiýelemegiň barlanan serişdesi hökmünde okuwçylaryň durmuş rejesini ýerine ýetirişi çykyş edýär.

Gönükme. Eger öwretmegiň esasynda çaga tarapyndan bir işi ýerine ýetirmek çykyş edýän bolsa gönükme ony şahsy talaba öwürýär.

Gönükmäniň usul görnüşinde esasy ýerine ýetirýän funksiýasy çagalarda gerek bolan ahlak hilleri terbiýelemek üçin olara toparda aragatnaşyk guramagyň tejribesini almaga kömek etmek. Öwretmäge daýanyp gönükme jemgyýetde özüňi alyp barmagyň berk esaslaryny birnäçe gezek gaýtalap, berkidip olary kämilleşdirýär.

Gönükme usuly tabşyryklary ýerine ýetirmek bilen amala aşyrylýar. Tabşyryklar okuwçylary toparyň kanunlary esasynda ýaşamagy, işlemegi we özlerini jemgyýetiň işlerine gatnaşmagy öwredýärler. Käbir okuwçylar tabşyrylan ýumuşy ýerine ýetirmäge ýapyşýarlar, ýöne ony ýerine ýetirmeýärler. Ýa-da bir ýumşy ýerine ýetirip başga birine sowuk – sala seredýärler. Onuň esasy sebäbi okuwçylaryň jemgyýetde özüni alyp barmagyň normalaryny we ýörelgelerini bilip, ýerine ýetirmegi az ulanmagydyr.

### ***Terbiýeleýji situasiýalary döretmek***

Okuwçylar toparynda real durmuşda we işinde ýüze çykýan käbir ýagdaýlar onda emele gelen terbiýeçilik gatnaşyklaryň berkligini synagdan geçirmäge mümkinçilik berýär. Onuň ýaly ýagdaýy açmak, ony ýüze çykarýan gapma – garşylyklary tapmak kyn däl. Mugallymyň özüne okuwçylarda gerek bolan psihiki ýagdaý, garaýyş, duýgy, motiw, döredýän daşky ýagdaýy emele getirmek gerek. Munuň ýaly ýörite gurnalan pedagogik şertlere terbiýeleýji situasiýalar diýilýär. Okuwçy kesgitlenen çözgütleriň birnäçe mümkin bolan wariantlaryndan birini saýlamaly bolýar. Mugallym döreden situasiýasyndan okuwçy çykalga tapmak üçin özüni alyp barşyny seljerýär, üýtgetýär, olary täze talaplara laýyk edýär.

### ***Terbiýelenilýänleriň özüni alyp barşyny we işini dolandyrmak, düzetmek we stimulirlemek.***

Stimulirlemek – oýarmak, hereket etmäge itergi, pikirlenmäge, duýmaga impuls bermek diýmekdir. Okuwçynyň şahsyýetine bir ýa-da başga faktorlaryň täsirlerini berkitmek we güýçlendirmek üçin stimulirlemegiň dürli usullary ulanylýar. Olaryň arasynda köpräk ulanylýany ýaryş, sylaglamak we temmi bermekdir.

Ýaryş. Çagalara, ýetginjeklere ilkinji bolmak, ýaryşmak, ýeňiji bolmak, özüňi berkitmek ýaly häsiýetler mahsus. Olary zähmetde, jemgyýetçilik peýdaly işlerde ýokary netije gazanar ýaly göreşe, ýaryşa çekmek çagalarda döredijilik işjeňligini stimulirleýär. Yzda galanlary öňki hatarlara getirmäge kömek edýär. Käbir pikirlere görä ýaryş usulu öňki döwriň usuly, onuň indi geregi ýok diýjek bolýarlar. Ýöne gowy mekdepleriň tejribesiniň görkezijisi boýunça okuw işinde ýaryş usuluny ulanmak peýda getirýär. Mysal üçin kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň ýaryş serişdelerine şeýle borçnamalar girizilýär: öý işlerini hemişe ýerine ýetirmek, arassa, tertipli işlemek, sapakda mugallymdan duýduryş almazlyk, depderleri aýawly saklamak, mekdep we öý rejesini berk ýerine ýetirmek, goşmaça edebiýatlary okamak.

Ýaryş toparlaýyn (kollektiwleýin) we ýekebara (indiwidual) bolýar. Toparlaýyn (kollektiwleýin) ýaryşa toparyň birinji ýerde bolmagy, ýekebara (indiwidual) – gyzykly

hekaýa ýazmak. Özüniň geçirliş wagty boýunça ýaryş uzak wagtlaýyn we epizodiki bolýar.
Ýaryş gurnalanda we geçirilende: aýanlyk, anyklylyk, netijeleri deňeşdirmek, öňdebaryjy tejribäni öwrenmek we ulanmak ýaly ýörelgelere doýanmaly.

Sylaglamak. Bu okuwçynyň ýa-da toparyň jemgyýete, özüni alyp barşyna we işine položytel baha bermekdir. Ýerine ýetiren işi üçin sylaglanan okuwçynyň göwni göterilýär, öz güýjine ynam döreýär, öňe gitmäge ymtylyş ýüze çykýar.

Ýöne sylaglamak hemişe we hemme ýerde peýdaly diýmek bolmaz. Sylaglamagyň terbiýeçilik ähmiýeti ol özünde diňe edilen işiň netijesini jemlemän eýsem onuň motiwlerini we ýerine ýetiriliş ýollaryny hasaba alsa öser. Çagalara alnan sylag möçberini bahalandyrman eýsem sylanmagyň özüne baha bermegi öwretmeli. Ýuwaş, özüne ynamy bolmadyk çagalar sylaglanmaga mätäç. Okuwçy her bir eden ujypsyzja işi, üstünligi üçin sylaga garaşsa bolmaz. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylary bilen işlände köpräk sylaglamak usulyny ulanmaly. Olar öz eden işlerine, özüni alyp barşyna berlen baha begenýärler. Mümkin bolsa sylaglamak toparlaýyn bolsa peýdaly. Mugallym okuwçylaryň arasynda çenden aşa öwülýänleriň we gözden düşürilýänleriň emele gelmeginden habardar bolmaly. Sylaglamagyň terbiýeçilik ähmiýeti onuň obýektiwligine we toparyň jemgyýetçilik pikirinde goldaw tapanyna baglydyr.

Temmi bermek. Temmi bermek meselesine garaýyş pedagogikada gapma – garşylykly we dürli – dürlidir. Erkin terbiýe nazaryýeti esasynda mekdeplerde temmi bermek ýatyrylypdy. A.S.Makarenko: “Pikirlenip ulanylýan temmi ulgamy hökman gerekdir. Ol adamyň häsiýetini berkitmäge, jogapkärçilik duýgysyny terbiýelemäge, erkini türgenleşdirmäge kömek edýär.” diýip belleýär.

Temmi bermek – bu okuwçynyň özüni alyp barşynda, durmuş çäklerine ters gelýän hereketleri edenligi üçin oňa edilýän täsirdir. Temmi bermek okuwçynyň eden ýalňyşyna düşünmäge, onuň sebäbini bilmäge mümkinçilik berýär we onda uýat, özünden kanagatlanarsyzlyk duýgusyny döredýär. Bu ýagdaý özüni alyp barşyny düzetmäge mümkinçilik berýär.

Temmi bermegiň usulynyň serişdesi hökmünde mugallymyň duýduryşy, partanyň ýanynda durmak, pedagogik maslahata çagyrmak, mekdep boýunça buýruk bilen “Käýinç” bermek, başga parallel synpa geçirmek, başga mekdebe geçirmek, synp topary we synp ýolbaşçysy tarapyndan okuwça bolan garaýşy üýtgetmek bolup biler.

Temmi bermegi dogry ulanmak mugallymdan pedagogik takty we ussatlygy talap edýär.

Islendik bir berlen temminiň näme üçin berlendigi, sebäpleri we şertleri seljerilmelidir. Eger okuwçy bir özüni alyp barmakda tötänleýin ýalňyşlyk göýberse onda onuň bilen diňe söhbetdeşlik etmek bilen çäklense bolar. Temmi toparyň agzalary bilen maslahatlaşyp berilse onuň netijesi ýokary bolar. Mümkin boldugyndan toparlaýyn temmi bermekden daş durmaly. Bu ýagdaý okuwçylar toparynyň birleşmegine we mugallyma garşy çykmagyna getirip biler.

B.T.Lihaçew terbiýelemegiň şu aşakdakyusullar toparyny hödürleýär:

I. topar: Çagalaryň terbiýeçilik toparyny guramagyň we özara gatnaşygyny guramagyň usuly;Bu topara toparlaýyn ösüş, toparlaýyn oýun, toparlaýyn ýaryş, toparlaýyn öz-özüňe hyzmat etmek degişlidir.

II. topar: Gündelik söhbetdeşlik, işjeň, dostlukly, ynamly, birek-birege täsir we özara täsir;Bu topara sylamak, biri-biriňi sylamak, pedagogik talap, ynandyrma, ara alyp maslahatlaşmak, diňlemek, işe çekmek, gynanç, goramak, tankyt, konflikt ýagdaý döretmek usullary degişlidir.

III. topar: Çagalaryň özbaşdaklyk usullaryna – öz-özüňi seljermek, öz-özüňi tankyt etmek, öz-özüňi ruhy-ahlak taýdan kämilleşdirmek, öz-özüňi terbiýelemek, öz-özüňe bilim bermek, öz-özüňi ele almak, öz-özüňi çäklendirmek, öz-özüňe gödekçilik etmek, öz-özüňe temmi bermek, öz-özüňi saklamak.

IV.topar. Çagalaryň öz-özüňi düzetmk, öz-özüňi stimulirlemek, öz-özüňi terbiýelemekde maksady bilen olaryň aňyny, özüni alyp baryny, işini stimulirlemek we saklamak üçin pedagogik täsir usullary;

Bu usul topary 3-e bölünýär:

a) aňyna, üregine we öz-özüňiň aňyna we ýüregine täsir usullar
b) duýgyňa we öz-öziň duýgyňa ýüzlenmek usullar
c) erkiňe we özüňi alyp barşyňa ýüzlenmek usullar

## Topar. Şahsyýeti toparda terbiýelemek.

Mekdepde okuwçylar topary bilen geçirilýän iş kollektiw işi diýlip atlandyryldy. Kollektiwde (mundan beýläk topar) terbiýelemek meselesini A.S.Makarenko, H.K.Krupskaýa, W.A Suhamlinskiý we başga görnükli alymlar öz işlerinde beýan etdiler.

Kollektiw diýen söz “kollektineus” diýen latyn sözünden bolup toplum,topar,umumy ýygnak,birleşik diýlip terjime edilýär. Kollektiwiň adamlar toparydygy belli. Ýöne her bir topar kollektiw bolup bilermi? Häzirki zaman edebiýatynda “kollektiw” diýen düşünje iki manyda ulanylýar. Birinjisi, kollektiw bu gurnalan islendik adam topary (mysal üçin edaranyň kollektiwi); Ikinjiden, kollektiw diýip ýokary derejede gurnalan topara aýdylýar. Pedagogik edebiýatda kollektiw manysynda okuwçylar birleşigine aýdylýar. Kollektiwiň onuň topardan aratapawutlandyrýan wajyp häsiýetleri bar. Olar:

1. Umumy maksat.her bir toparda-da maksat bar. Goý ol awtobusda barýan ýolagçylar bolsun, goý tertip düzgüni bozýan topar bolsun. Esasy zat nähili maksat goýlanda we onuň gönükdirilendiginde. Toparyň maksady hökmany suratda jemgyýetiň maksady bilen deň bolmaly, jemgyýet we döwlet tarapyndan goldanylmaly, döwlet konstitusiýasyna we kanunlaryna garşy bolmaly däl.

2. Goýlan maksada ýetmek üçin umumy bilelikdäki iş we bu işiň umumy gurnalyşy. Adamlar toparlara öňde goýlan kesgitlenen maksada umumy güýçleri bilen tizräk ýetmek

üçin birikdirilýärler. Onuň üçin toparyň (kollektiwiň) her bir agzasy işe işjeň gatnaşmaly, bu işiň umumy guramaçylygy bolmaly. Kollektiwiň agzalarynyň bilelikde ýerine ýetirlýän işiň netijesi üçin ýokary şahsy jogapkärçiligi bolmaly.

3. Biri-birine jogapkärçilikli gatnaşyk. Kollektiwiň agzalarynyň arasyndaky aragatnaşyk diňe olaryň ýerine ýetirýän işiniň maksady (işi ýerine ýetirmek) bolman, eýsem ol işiň ýerine ýetirilişinde ýüze çykýan kynçylyklara gynanmak, baha bermekde birleşmek (moral birleşik).

4. Umumy saýlaw bilen bellenýän organ. Kollektiwde demokratik aragatnaşyk ýola goýulýar. Onuň içinden abraýlylary saýlawyň üsti bilen ýolbaşçy bellenýär.

Bulardan başga-da kollektiw içki kollektiw aragatnaşygy, atmosferasy, psihologik klimat, topar agzalarynyň biri-biri bilen aragatnaşygy bilen aratapawutlanýar. Bu häsiýetleriň biri agzybirlik, biri-birine düşünmeklik, goraglylyk, goldaw. Gowy gurnalan toparlarda birek-birege kömek, jogapkärlik, duýgudaşlyk, tankyt etmek öz-özüňi tankyt etmek, ýaryş ýüze çykýar. Topar bu häsiýetler bolmadyk ýagdaýynda öz güýjini ýitirýär.

Mekdep kollektiwiniň berk zwenolarynyň biri synp kollektiwidir – onuň üsti bilen okuwçylaryň esasy okuw işi amala aşyrylýar. Synp kollektiwinde okuwçylaryň arasynda şahsy aragatnaşyklaryň dürli görnüşleri emele gelýär.

**Okuwçylar kollektiwi** – bu bir işi ýerine ýetirmek, ony guramak maksady bilen birigen, umumy saylaw organy bolan agzybir,umumy jogapkärçiligi ,ähli agzalaryň hukuklarynyň we borçlarynyň birligi bolan okuwçylar toparydyr.

Kollektiwiň nazary meselelerini işlän görnükli pedagog A.Ş.Makarenkodyr.Onuň ýazan pedogogik we edebi eserlerinde topary döretmek , toparda terbiýelemegiň uysullary doly öz beýanyny tapypdyr. Onuň işleri topary tapgyrlaýyn formirlemegiň tehnologiýasyny düşündirýärler. Ol toparyň durmuş kanunyny düzdi: hereket- toparyň ýaşaýyş formasy , düzmek- onuň ölmek formasydyr: toparyň ösüş prinsiplerini(ýörelgelerini) kesgitledi: aýanlyk, birek-birege baglylyk ,perspektiw çyzyklar, parallel täsir etmek; toparyň ösüş tapgyrlaryny ()
kesgitledi.

Kollektiw bolmak üçin topar hil ütgeşikleriň kyn ýollaryny geçmeli bolýar. A.Ş. Makarenko toparyň kollektiwe öwrülmeküçin onuň geçmeli ýollaryny aşakdaky tapgyrlara(stadiýalara)bölýär.

**Birinji stadiýa (tapgyr )** - ilkinji birleşmek stadiýasy.Bu wagt toparyň işine pedagogyň diňe özi ýolbaşcylyk edär we okuwçylar toparyny kollektiwe öwürmek üçin hereket edýär. Kollektiwi guraýjy-pedagog,ähli talaplar ondan gaýdýar. Toparda işjeň topar döredilip, ol işläp başlanda, terbiýelenilýänler bir umumy maksada ýetmek üçin umumy iş we umumy guramaçylyk esasynda birleşende birinji tapgyryň funksiýasy tamamlanýar.

**Ikinji stadiýada (tapgyrda)** – işjeň toparyň täsiri güýçlenýär. Bu tapgyrda işjeň topar diňe pedagogyň talabyny goldaman, eýsäm toparyň agzalaryna öz talaplaryny edip başlaýar. Talap eden wagty olar öz düşünişlerine görä haýsy edilýän iş gowy peýda

getirýänligini, haýsy işiň päsgel berip, zyýan getirýänini, göz öňünde tutýarlar. Eger-de işjeň topar kollektiwiň talaplaryna gowy düşünseler onda olar pedagogyň daýanýan kömekçileri bolýarlar. Işjeň toparyň işine pedagog bu tapgyrda esasy üns bermeli. Bu tapgyrda toparyň gurluşy berkäp başlaýar. Eýýäm ol bütewi ulgam hökmünde özi – öz işini gurnaýan we ýerine ýetirýän mehanizm hökmünde çykyş edýär. Ol eýýäm öz agzalaryndan käbir kesgitlenen özüni alyp barmak boýunça talaplary edip başlaýar. Kem – kemden bu talaplar giňelip başlaýar. Bu tapgyrda pedagogyň esasy maksady – toparyň mümkinçiliklerini, onuň öňünde goýlan meseleleri çözmek üçin ulanmakdyr.

Bu tapgyrda toparyň ösüşinde gapma – garşylyklar ýüze çykýarlar. Olar, topar bilen aýry – aýry okuwçylaryň arasynda, olar öz ösüşinde ýa – ha toparyň talabyndan ödňe gidýärler , ýa – ha ol talaplardan yzda galýarlar; Umumy we aýrabaşga (indiwidual) ösüşiň arasynda; toparda özüni alyp barmak normalarynyň (çäkleriniň) we synpda öz akymlaýyn ýüze çykýan özüni alyp baryş çäkleriň arasynda: gymmatlyklara dürli garaýyş bolan aýratyn okuwçylaryň toparlarynyň arasynda. Şonuň üçin toparyň ösüşinde tiz ösüş, ösüşiň durmagy, dürli tarapa ösüş ýüze çykýar.

**<u>Üçünji stadiýa (tapgyr)</u>** – ösüşiniň bu tapgyrynda her bir toparyň agzasy biri-birinden talap edip başlaýar: özünden edilýän talaby ýoldaşlaryndan edenden ýokary bolýar. Eger topar şu ösüş derejesine ýetse onda bütewi, ahlak taýdan arassa şahsyýeti terbiýeläp biler. Topar näçe ýokary derejede össe-de ol öz ösüşini saklamaly däl.

**<u>Toparyň dördünji ösüş stadiýasy</u>** – her bir toparyň agzasy toparda toplanan tejribe esasynda özi-özüne talap edýär, ahlak normallaryny ýerine ýetirmek onuň üçin içki talaba öwrülýär, terbiýe prosesi, öz- özüňi terbiýelemek, prosesine geçýär.

Toparyň her bir ösüş tapgyrynda ony bekidýän we birleşdirýän uly we kiçi däp-dessurlar ýüze çykýar. Däp-dessur bu topar durmuşynyň berk formalary bolup, özünde terbiýelenilýänleriň däplerini, isleglerini emosional birleşdirýärler.

Däp-dessurlary uly we kiçi toparlara bölýärler. Uly däp-dessurlara geçirilýän uly dabaraly çäreler degişli. Olaryň taýýarlanyşy we geçirilişi terbiýelenilýänlerde öz toparyna bolan beýik duýgyny, onuň güýjüne ynamyny, jemgyýetçilik pikirlerini sylamagy terbiýeleýär. Kiçi däp-dessurlar uly taýýarlygy talap etmeýärler. Bu däp-dessurlar meýletin kabul edilen ylalaşygy gündelik tertip-düzgüni, talaplary ýerine ýetirmegi öz içine alýar. Däp-dessurlar üýtgeýärler we çalyşýarlar. Toparyň öňünde ýüze çykýan täze wezipeler olary çözmek üçin ulanylýan täze ussullar wagtyň geçmegi bilen täze däp-dessurlaryň ýüze çykyp köneleriň ýok bolmagyna getirýar.

A.S.Makarenko iň wajyp meseleleriň biri maksadyň saýlanylyşy diýip belläpdir. Terbiýelenilýänleri özüne çekip olary birikdirip bilýän maksady ol ösüş (perspektiwa ) diýip alypdyr. A.S.Makarenko adam durmuşynyň iň möhüm stimuly ertirki günüň begenji diýen düzgünden ugur alýar. Toparyň her bir agzasyna düşnükli bolan, aňlanan we kabul edilen maksat ýüze çykýan kynçylyklary, gapma-garşylyklary ýeňip geçmek üçin birleşdiriji güýje öwrülýär.

A.S.Makarenko terbiýeçilik işiniň tejribesinde 3 ösüş ýoluny aratapawutlandyrypdyr: ýakyn, orta we uzak.

Ýakyn ösüş ýoly toparyň islendik ösüş stadiýasynda öňe sürlip bilner. Ýakyn ösüş ýoly bolup bilelikde geçirilýän gezelençler, kino, teatra, sirke barmak, gyzykly oýunlar – ýaryşlar. Ýakyn ösüş ýolundan edilýän esasy talaplar: Ol terbiýelenýänleriň şahsy gyzyklanmasyna daýanmaly; her çaga ony özüniň şahsy ertirki begenji hökmünde kabul etmeli, ony amala aşyrmaga ymtylmaly. Ýakyn ösişiň iň ýokary derejesi bu toparlaýyn zähmetiň begenjiniň ösişidir. Diňe bilelikde ýerine ýetirilmeli işiň obrazy çagalary ýakynda boljak gyzykly täsirli ösüş hökmünde özüne çekmeli.

**Orta ösiş ýoly:** A.S. Makarenkanyň aýtmagyna görä bu toparyň durmuşynda ýerine ýetiriljek ýöne arasynda bir azrak wagt bilen çäklenen iş bolmaly. Bu ösişe ýetmek üçin birazrak güýç sarp etmek gerek bolýar. Häzirki zaman mekdepleriň tejribesinde ýaýran mysallara üns bereliň: sport bäsleşigini, mekdep baýramçylygyny, edebi agşamy geçirmek üçin taýýarlyk we olaryň geçirlişi. Orta ösiş ýolyny toparda okuwçylara täsir edip biljek olary öz yzy bilen alyp baryp bilýän işjeň topar ýüze çykandan soň ulansa bolar. Bu ösiş ýolyny toparyň ösiş stadiýalaryna laýyklykda wagta we çylşyrymlylygyna görä ulanmaly.

**Uzak ösiş ýoly:** Bu wagta görä uzakrak wajyp ýerine ýetirmek üçin köp güýç sarp etmegi talap edýän maksatdyr. Bu ösiş ýolunda soňky we jemgyýetçilik islegler arabaglanyşýarlar. Uzak ösiş ýoluna mysallar: mekdebi üstünlikli tamamlamak; hünär saýlamak. Bu ösiş ýoly topar umumy işi ýerine ýetirende, öňde saýlan maksada ýetmek üçin toparyň ähli agzasynyň gatnaşmagy gerek bolanda, toparyň ýerine ýetirýän işinde zähmet esasy orun tutanda gowy netije berer.

Ösiş ýoluny saýlanda onuň real netije bilen gutarmagyny gazanmaly. Okuwçylaryň öňünde wezipeleri goýmazdan ozal olaryň talaplaryny, isleglerini, ösiş derejesini, iş tejribesini göz öňünde tutmaly. Ösiş ýollaryny çalşyp, täzeläp durmak we olary kynlaşdyrmak- toparyň hökmany şertidir. Käbir sebäplere görä pedagogyň okuwca göniden täsiriniň netijesiniň pesligi öňden belli. Okuwça onuň daş- töweregindäki synpdaşlarynyň, dostlarynyň üsti bilen täsir etmek gowy netije berýär. A.S. Makarenko paralel täsir etmek ýörelgesini öňe sürende ony göz öňüne alýar. Onuň arasynda okuwça göniden-göni täsir etmän oňa toparyň üsti bilen täsir etmek goýlan. Toparyň her bir agzasy keminden 3-güýjüň paralel täsiri astynda bolýar olar: terbiýeçi, işjeň topar we ähli topar agzalary. Bu ýörelgäniň mazmuny shematiki şeýleräk bolar.

—




Terbiýeçi tarapyndan şahsyýete täsir ( paralel 1 ) işjeň toparyň we toparyň täsiri ( paralel 2 we 2 ). Toparyň berkemegi bilen terbiýeçiniň her bir okuwça täsiri kemelýär, toparyň täsiri güýçlenýär. Paralel täsir etmek ýörelgesi toparyň ösişiniň ilkinji tapgyryndan ulanylyp başlansa bolar.

A.S. Makarenko içerki topar gatnaşyklarnyň stiline uly üns beripdir. Berk kollektiw toparynyň häsiýetleri diýip. 1) terbiýelenilýänleriň herekete, işe taýarlygy, hemişe ruhunyň belentligi; 2) öz güýjiňe, toparyňa ynam; 3) agzalaryň dostluk aragatnaşygy; 4) toparyň her bir agzasynyň goraklylygy; 5) işjeňlik, işi ýerine ýetirmäge taýýarlyk; 6) aýdýan sözleriňi, özüňi alyp barşyňy düzetmek, özüňi saklap bilmek.

A.S. Makarenkonyň abraýy birnäçe ýyllardan bäri ýokarydy. Ýöne soňky ýyllar terbiýelemek işini demokratizasiýalaşdyrmak we ynsanperwerleşdirmek pikirleriň öňe sürülmegi pedogoklardan öňki pikirleri gaýtadan seljermegi talap etdi. A.S. Makarenkonyň terbiýeçilik ulgamyna alternatiw garaýyşlar ýüze çykdy. Pedagogik ylymlaryň dokdary, professor Ý.P. Azarow şolaryň ilkinjilerini biri. Onuň aýtmagyna görä topar bilen meşgullanyp bir aýratyn bir şahsyýeti ýatdan çykarýas ol barada pikir etmeýäs.

Topar bilen şahsyýetiň aragatnaşygy şu günki esasy soraglaryň biri. Birnäçe ýylyň dowamynda okuwçynyň şahsyýetini toparda terbiýelemek meselesi pedagogik edebiýatda seredilmedi. Şahsyýet topara boýun bolmalydyr diýlip düşündirildi. Adam baradaky filosofik konsepsiýalara we dünýä pedagogik tejribesine daýanyp bu meseläniň täze çözgütlerini tapmak gerek.

Çagany topar aragatnaşyklar ulgamyna goşmak kyn, bu gapma garşylykly mesele. Ilki bilen onuň çuň indiwiduallygyny bellemek gerek. Okuwçular toparyň geljekki agzasy, biri-birinden saglygy bilen, daşky keşbi bilen, häsiýetleri bilen, bilimleri, başarnyklary bilen aratapawutlanýarlar. Şonuň üçin olaryň her haýsy topar aragatnaşyk

ulgamyna dürli-dürli aralaşýarlar. Topara ters täsir edýärler, ýoldaşlary tarapyndan dürli garaýyşlara duçar bolýarlar.

Şahsyýetiň topar aragatnaşyk ulgamynda öz ornuny tapysy onuň toplan durmuş tejribesine baglydyr. Şahsyýetiň özüni alyp barşyny, pikirlenşini gymmatlylyklar ulgamynda özüni alyp barşyny onuň tejribesi kesgitleýär. Onuň garaýyşlary toparda emele gelen garaýyşlara deň bolmazlygy mümkin. Şahsyýetiň we toparda emele gelen gymmatlyklaryň we däpleriň biri-birine deň gelmegi şahsyýetiň toparyň düzümine aralaşmagyny ýeňilleşdirýär. Eger şahsyýetiň tejribesi toparyň tejribesinden az bolsa ýada köp bolsa şol ýagdaýda oňa toparyň agzalary bilen aragatnaşyk gurmak kyn bolýar.

Toparda şahsyýetiň aragatnaşygynyň nähili ýola goýuljakdygy diňe oňa bagly bolman, toparlarada degişlidir. Tejribäniň görkezijisine görä haýsy topar däplere daýanyp, öz pikiri bolup, öz-özini dolandyrýan bolsa öz ösüşini ýokary derejä ýeten bolsa, şol ýerde aragatnaşyklar talaba laýyk ýola goýulýar. Bu topara düşen islendik täze agza normal aragatnaşyk gurap biler.

Her bir adam elinden geldiginden toparda öz ornuny berkitjek bolýar, özi üçin oňaýly ýeri eýelejek bolýar. Ýöne käbir subýektiw we obýektiw sebäpler ähli agza ony ýerne ýetirmäge mümkinçilik bermeýär. Esasanam öz-özini aňlaýşy, öz-özini bahalandyrşy pes bolan kiçi ýaşly mekdep okuwçylaryna toparda öz ornuny tapmak, toparyň ýoldaşlarnyň oňa bolan garaýşyny bahalandyryp bilmezligi, toparda öz ornuny tapmagyny kynlaşdyrýar.

Ylmy barlaglaryň netijesinde şahsyýet bilen toparyň arasyndaky aragatnaşygyň 3(üç) esasy ýaýran modeli kesgitlendi. 1 Şahsyýet topara boýun bolýar. ( konformizm); 2 Şahsyýet we topar optimal aragatnaşykda bolýar. ( Garmoniýa ); 3 Şahsyýet topary özine boýun edýär (nonkorformizm). Bu umumy modellerden birnäçe hili aragatnaşyk çyzyklary ýüze çykýar, mysal üçin: topar şahsyýeti kabul etmeýär; şahsyýet topary kabul etmeýär; biri biriniň işine gatyşmazlyk ýörelgesi boýunça ýaşamak we ş.m.



| Zor bilen kabul edýär, garşylyk görkezýär | Gymmatlyklaryň iki ulgamy | Formal däl liderçilik |
|---|---|---|

Birinji modele görä şahsyýet kollektiwiň talabyna tebigy we öz erkli boýun bolýar, kollektiwe uly daşky täsir edýän güýç hököminde-de boýun bolýar ýöne kollektiwe daşky heraketleri bilen formal boýun bolan bolup öziniň garaşsyzlygyny we indiwiduallygyny saklamaga synanyşýar. Egerde şahsyýetde kollektiwiň düzümine girmek ymtylmasy bolsa, şahsyýet kollektiwiň gymatlyklaryny kabul edýär. Ondan soň kollektiw şahsyýeti öz düzümine girizýär, öz talaplaryna, gymmatlyklarna, däplerne, çäklerne boýun edýär.

Ikinji modele görä hadysalaryň dürli ösişiniň dürli ýollary ýüze çykmagy mümkin: 1) Şahsyýet içki garaşsyzlygyny saklap, kollektiwiň talaplaryna daşky heraketleri bilen boýun bolýar; 2) şahsyýet açyk garşylyk görkezýär; şahsyýetiň topara ýakynlaşmagynyň motiwleri dürli-dürli: Biziň mekdeplermizde şu gün köp duş gelýän motiw bolar bolmaz garşylykdan gapmagarşylyklardan daş durmak häsiýetnamany bozmazlyk. Bu ýagdaýda okuwçy diňe daşky herketleri bilen kollektiwiň talaplaryny kabul edýär ,özini alyp barşynda, geplände, öz pikirini aýdanda edil kollektiwde kabul edilen ýaly ýerine ýetirýär. Ýöne kollektiwden daşda ol eýýäm öziniň öňki durmuş tejribesine daýanyp öz pikirini başgaça beýan edýär. Bu ýagdaý wagtlaýyn geçýänem bolup biler. Şol bir wagtda hemişelik hem galyp biler. Bu ýagdaýyň hemişelik galmagyna şahsyýetlerde bar bolan öňki durmuş tejribesiniň kollektiwiňkä garşy bolmagyna we onuň başga daşky toparlardan (maşgala, daş-töwerek, deň-duşlar, köçe we ş.m täsiriniň güýçliligi bolup biler.

Kollektiwe açyk garşylyk görkezmek ýaly ýagdaýlar biziň mekdeplerde seýrek duş gelýär. Öz-özini goramak duýgusy hereket edýär. Şahsyýeti özine zor bilen boýun eden kollektiw Žandarymyň (ezijiniň) rolyny ýerine ýetirýär. Bu ýagdaý terbiýa ynsanperwer garaýşa ters gelýär. Şahsyýet bilen kollektiwiň aragatnaşygyny kämilleşdirmegiň täze ýollarny gözleýän pedagoklar pikirlenmäge mesele bar.

Şahsyýetiň kollektiwiň işine doly-girşe aragatnaşygyň ideal görnişidir. Käbir barlaglaryň netijesinde kollektiwde özüniň durmuş şertlerni oňaýly saýan okuwçylar (sorag edilen çagalaryň bary ýogy 5%). Bu çagalary içgin öwrenip olara kollektiwlik hiller tebigy berlendigi şonuň üçin hem olar islendik kollektiwde ýaşap isläp bilýändikleri, olarryň adamlar bilen ýaşamagyň položitel tejribesini ele alandyklary beli boldy. Bu ýagdaýda şahsyýet bilen kollektiwiň arasynda hiç hili gapma-garşylyk

bolmaýar. Kollektiwiň her bir agzasy dostlukly uzak wagtlyk birleşigiň bolmagy üçin alada edýär.

Aragatnaşygyň ýene-de bi görnişi-bolmaklyk şahsyýet we kollektiw bar. Ýöne aragatnaşyk formal. Şonda-da bu topar kollektiw adyny göterýär. Bu kollektiwlerde iki gymmatlyklar ulgamy emele gelýär.Mugallymyň ýolbaşçylygynda okuwçylaryň arasynda guralýan işler položitel netije berýär, ýörite gurnalmadyk aragtnaşykda onuň netijesi pes bolýar.(otrisatel) Sebäbi çagalar kollektiwde özüniň indiwiduallygyny görkezip bilmeýärler we mugallym tarapyndan zor bilen berlen ýumuşlary ýerine ýetirmeli bolýarlar. Haýsy kollektiwde okuwçylaryň ýerine ýetirýän işleriniň sanyny giňeldip bolsa şol ýerde çagalary kollektiw aragatnaşyklaryna goşmak aňsat bolýar.

Şahsyýet bilen kollektiwiň aragatnaşygynyň modeli şahsyýet kollektiwi özine boýun edýär. Bu ýagdaýlara seýrek duşmak bolar. Kollektiwde ýüze çykýan formal däl lideri, onda ýüze çykýan iki, käbir wagt üç gymmatlyk ulgamyny göz öňünde tutup biz bu modeli ýok diýip bilmeris. Kollektiwde ýüze çykan indiwidual durmuş tejribesi baý lider çagalary özine çekip biler. Lideriň özüne çekijiligi onuň şahsy hilleri bilen özüni alyp barşynyň we pikirlenşiniň aýratynlygy bilen kesgitlenilýär. Bu ýagdýda kollektiwiň sosial durmuş tejribesi üýtgeýär. Bu ýagdaý iki häsiýetli bolup biler kollektiwiň durmuş tejribesini baýlaşdyrjy ýa-da tersine onuň işine ters täsir ediji, egerde formal däl liderler çagalary kollektiwdäki bar bolan sosial gymmatlyklaryndan pes derjede özine çekse.

Kollektiwlerde islendik buýurlan işi ýerine ýetirjek bolup ylgap ýörän okuwçylar köp. Olar köpçiligiň öňinde özini görkezmek maksady bilen, käbir ýagdaýlarda başga biriniň hasabyna abraý gazanjak bolýarlar. Olary kollektiwiň işiniň ýagdaýy gyzyklandyrmaýar tersine kollektiwde ýüze çykan kemçilikler, näsazlyklar olary begendirýär, sebäbi bu ýagdaýlar olara özini görkezmäge mümkinçilik berýär.

Elbetde, ýokarda agzalan modeller bilen şahsyýetiň we kollektiwiň aragatnaşygy gutarmaýar. Her bir anyk ýagdaýda bu meselä aýratyn üns bermeli.

Sosiadinamiki kanun. Bir adam özüne çekiji daş töwrek bilen aragatnaşygy gowy başga biri tersine oňuşyksyz. Belli amerkan pedagogy D.Morenonyň aýtmagyna görä adamyň şahsy aragatnaşyk ulgamy edil jemgyýetde baýlyk paýlanylyşy ýaly hemişelik beýiklikdir we ol sosiodinamika kanuna boýun bolýandyr. Onuň esasy mazmuny her bir adam özüniň dogabitdi häsiýetine görä “tele” ol ýeke, başga adamlary özüne çekýär, ýaha orundan itekleýär gowy maşgalada doglup, önüp ösen çaga güýçli “tele” eýe bolýar hemişe adamlary özüne çekýär. Tertipsiz maşgalalarda önüp ösen ýaşlar özüniň ýaramaz terbiýesi bilen adamlary özünden itekleýär. Pikirleniň? Siz bu sosiodinamiki kanun barada näme diýip bilersiňiz?

Kollektiwe pedagogik ýolbaşçylyk. Kollektiw üznüksiz üýtgeýär, sebäbi onuň düzümindäki adamlar üýtgeýär.Kollektiwiň şahsyýete täsir edýän häsiýetide üýtgeýär. Mekdep kollektiwlerinde prosesler şeýle bir tiz ösýärler ony öwrenýän hünärmenlerde onuň yzyndan ýetip bilmeýär. Ýöne ünüsli seretseň kollektiwiň ösişi öz akymlaýyn bolman pedagogik taýdan dolandyrylýandygyna göz ýetirýäň. Kollektiwe ýolbaşçylyk

etmegiň netijeliligi onuň ösüş kanunalaýyklyklary nähili derejede ösenligi, terbiýeçiniň pedagogik täsirleri saýlaýşynyň, anyklaýşynyň dolylygyna baglydyr.

Okuwçylar toparyny dolandyrmak diýmek kollektiwiň ösüş derejesini kesgitläp ony okuwçylary terbiýeleýji serişde hökmünde ulanmak diýmekdir. Kollektiwi dolandyrmagyň netijeliligi özüniň aýratynlyklary we öz-özüni dolandyrmak mümkinçilikleri doly hasaba alynsa şonça ýokary bolar. Okuwçylar kollektiwini dolandyrmak iki sany biri-biri bilen berk baglanyşykly proses hökmünde amala aşyrylýar:

1)Okuwçylar kollektiwi we onuň düzümine girýän çagalar barada maglumatlary toplamak:

2) kollektiwi kämilleşdirmek we onuň her bir aýratyn agzasynyň şahsyýetine täsiri güýçlendirmek maksady bilen täsir etmek.

Kollektiwi pedagogik dolandyrmak üçin şu wajyp düzgünleri ýerne ýetirmeli.

1) Pedagogik ýolbaşçylygy okuwçylaryň özbaşdaklygy, garaşsyzlygy özüniň güýjini görkezmäge ymtylşy bilen arabaglanyşdyrlmaly. Çagalaryň işjeňligini ýatyrmaly däl, dogry gönikdirmeli, buýruk bermeli däl bilelikde işlemeli.

2) Kollektiw ösýän ulgam, ol elmydama ösýär, üýtgeýär, berkeýär. Şonuň üçin hem oňa pedagogik ýolbaşçylyk etmek hem üýtgemän durup bilmez.

3) Synp ýolbaşçy kollektiwiň ösişiniň ýokary netijesini diňe şu synpda işleýän mugallymlar toparyna daýanyp kollektiwi umumy mekdep işine goşup beýleki synp kollektiwleri bilen aragatnaşyk gurap, ata-eneler bilen hemişe berk aragatnaşyk saklap gazanyp biler.

4) Gözboýakçylyk (formolizm) terbiýäniň iň gazaply ýaman duşmany. Öňde goýlan maksatlaryň, geçiren çäreleriň mazmuny şahsy gönikdirilen bolmaly bu ýerde köp zat mugallymyň şahsyýetinede baglylygyny ýatdan çykarmaly däl. Ol öz okuwçylarynda nähili hilleri emele getirjek bolsa, olarda şol hillerde terbiýelenilýär.

5) Dogry ýolbaşçylygyň görkezijisi kollektiwde onuň durmuşy bilen bagly bolan wajyp soraglar boýunça umumy pikiriň bolmagydyr. Kollektiw şahsyýetde emele gelmeli häsiýetleri tizleşdirýär we güýçlendirýär: her bir terbiýelenilýän oňa edilýän talaplary kabul edip bilmeýär. Şonuň üçin dostlarynyň tejribesi, toparyň pikiri ony özüne dogry alyp barmak ýoluna düşmäge kömek etmeli.

6) Terbiýelemek işini demokratizasiýalaşdyrmak diýmek, kollektiwiň agzalarynyň ýerine ýetirýän işine gözegçiligi aýyrmak diýmek däldir. Gözegçilik ýola goýlanda kollektiwiň tutuş ösüşine we aýratyn onuň her bir agzasynyň ösüşine üns bermeli. Bu ýerde gözegçilik we öz-özüňe gözegçilik ýola goýulmaly.

7) Psihologik barlaglaryň netijesi toparda şahsyýetara gatnaşyklar köpderejeli strukturalygyny kesgitledi. Şahsy aragatnaşygyň birinji derejesi biri-birine bagly bolmak. Çagalaryň biri-birine bolan gowy garaýyşy, garşylygy, aragtnaşyk gurmagyň aňsatlygy ýa-da kynlygy islegleri birmeňzeşligi ýa-da aýrylygy şahsy aragatnaşygyň ikinji derejesi. Onda umumy işi ýerine ýetirmek umumy kollektiw gymmatlyklary hökmünde ýüze

çykýar. Aragatnaşygyň bu derejesinde kollektiwiň agzalarynyň arasynda bir işi ýerine ýetirmek okuwda, sportda, zähmetde, dynç almakda, dostlukly aragatnaşykda bolmak wajyp. Şahsyýetara gatnaşygyň üçinji derejesinde ähli işler, olary ýerine ýetirmek, kollektiw maksatlar heme agzalar üçin bütewi arabaglanyşyk ulgamyny emele getirýär.

8) Okuwçynyň kollektiwde özüni alyp barşynda ýüze çykýan kemçilikleriň biri oňa tabşyrylýan ýumuşlaryň özüniň mümkinçiliklerine deň gelmeýändir. Tabşyrylan ýumuşlar çagalaryň gyzyklanmalaryna, mümkinçiliklerne deň gelmese onda bu işler formal ýerine ýetiriler ýa-da umuman ýerine ýetirilmez. Şonuň üçin tabşyryklar, ýumuşlar berlende kollektiwiň talaplarna üns bermeli, ýöne şol bir wagtyň özünde çagalaryň isleglerini gyzyklanmalarny göz öňünde tutmaly.

9) Barlaglaryň netijesinde çaganyň toparda haýsy derejede gowumy ýa-da ýaman derejede bolmagy eýýäm ikinji günlerden belli bolýar we bu ýaddaý topryň köp agzalary üçin bolmaly ýagdaý hökmünde kabul edilýär. Terbiýeçi bu ýerde okuwçynyň aýratynlyklarny, onuň ahlak sypatlarny, beden sazlygy öwrenmeli. Ondan soň okuwçyny topardaky ornuny keskitlemeli.

10) Synp kollektiw aragatnaşygynda kabul edilen düzgünler çäkler okuwçynyň tutýan ornuna täsir edýär. Bir okuwça bu düzgünler kollektiwde özüni erkin duýmaga kömek etse, beýleki okuwçy üçin olary kabul etmek kynçylyk döredýär. Şonuň üçin kollektiwde wagtlaýyn kollektiwler döretmeli we kynçylyk çekýän okuwçylary ýokary derejede öňde durýan ýaly topara geçirmeli.

11) Kollektiwde ýerine ýetirilýän işleriň üýtgemegide okuwçynyň ol ýerde özüni duýşuna uly täsir edýär. Bu ýaşda täze liderler peýda bolýarlar, olar esasy ýerleri eýeleýärler. Synp ýolbaşçysy kollektiwiň işini häsiýetini üýtgetjek bolsa ol ilki bilen okuwçylary täze aragatnaşyga girmäge taýarlamaly. Çagalar toparlary bilen bir hatarda mekdepde, jemgyýetde birnäçe özbaşdak “formal” däl birleşmeler hereket edýärler olaryň esasy maksady ýaşlar gyzyklanmalarny kanagatlandyrmak bolup durýar. Olaryň düzümine akylly, parasatly, ruhy baý, gözleýji, dörediji ýaşlar girýärler.

Ol birleşmelere özbaşdak, öz-özüni dolandyrýan birleşmeler diýse hem bolar. Bu toparlaryň ýüze çykmagynyň başga sebäpleride bolup biler çagalaryň boş wagtynyň köpligi, medenýetiniň ösmegi pedagogik-psihologik gapma-garşylyk, işleriň formal ýerine ýetirlişi.

Pedagogika formal däl toparlaryň işini, durmuşyny öwrenip onuň terbiýeçilik gönükdirenligini işiniň usullarynyň görnüşleriniň aragatnaşygyny gymatlyklaryny ulanmaly. Bu toparlara jübit dostluk, kiçi topar dostlugy ýaly aragatnaşyklar gyzyklanma boýunça işleri ýerine ýetirmek üçin birleşýärler.

Soňky ýyllar kollektiwi berkitmek olaryň işini guramagyň netijeleligi ýokarlandyrmak meseleleri T.E. Konikowa, L.I. Nowikowa, M.D. Winogradowa, A.W. Mudrik, O. S. Bagdanowa, L. B. Perwin we başgalar, kollektiwiň işini stimulirlemegi ýörelgelerni we usullaryny öwrenmäge L.Ý. Gordin, M.P. Şuls we başgalar, kollektiwiň terbiýeçilik funksiýasyny we öz-özüni dolandyrmak meselesini W.M. Karatow; kollektiwiň ösişiniň

pedagogik esaslarny E.S. Kuznessowa, N.E. Şurkowa daglar öwrendiler. Şu günler kollektiwiň aşaky ösüş derejesine topar-konglomerand ösüşiniň ikinji derejesine topar asosiasia, toparyň ösüş derejesiniň üçünji toparna topar-kooperasia, ösüşiniň dördinji derejesine topar-awtonomiýa, ösüşiň bäşinji derejesine korporasia; ösişiň soňky etabyna topar kollektiw diýilýär.

Toparda şahsyýeti terbiýelemek meselesi öwrenilýän wajyp meseleleriň biri hökmünde pedagogika ylmynda öz ornuny tapyp gelýär.

Okuwçylar topary ýaş nesli terbiýelemekligiň güýçli serişdeleriniň biridir. Şoňa görä-de pedagogika ylmynda-da mekdepleriň iş tejribesinde-de okuwçylar toparyny terbiýelemeklige uly ähmiýet berilýär. Bu iş synp ýolbaşçysynyň terbiýeçilik işiniň esasy özeni bolup çykyş edýär. Pedagogika kursunda toparyň emele gelşi we şahsyýeti toparda terbiýelemegiň nazaryýeti doly beýan edilen.

Çagalary toparda terbiýelemek terbiýe ulgamynyň esasy meseleleriniň biri bolup durýar, sebäbi hut toparda şahsyýet öz ukyplyklaryny we isleglerini kanagatlandyrmaga mümkinçilik alýar. Topar öz agzalarynyň dogry terbiýe almagy üçin olaryň öz şahsy bähbitlerini toparyň bähbitleri bilen utgaşdyrmagy, sazlaşykly ösmekleri üçin zerur şertleri üpjün edýär. Topar öz agzalarynyň indiwidual ukyplarynyň, başarnyklarynyň ösmegine we şonuň bilen bir wagtyň özünde hem topar ruhynda terbiýelemäge mümkinçilik döredýär.

Rus pedagogy A.S.Makarenko özüniň iş tejribesinde çagalary toparda topar arkaly terbiýelemekligiň artykmaçlyklaryny ýüze çykardy we subut etdi.

Toparyň nazaryýetine daýanyp onuň kemala gelişiniň usuly işlenildi. Onuň umumy esasylary şulardan ybarat: talap etmek, işjeňligi terbiýelemek, okuw zähmet, syýasy-jemgyýetçilik we medeni köpçülik işleriň esaslaryny guramak.

Synp toparyny kemala getirmek üçin mugallym onuň ösüş döwrüni kesgitlemeli, okuwçylaryň aragatnaşygyny öwrenmeli.

Toparyň ösüşi 3 ýa-da 4 bölümde geçýär. Başda mugallymyň ýolbaşçylygynda synpda arassaçylyk, tertip ýola goýulýar. Ikinji bölümde synp ýolbaşçy işjeň toparyň kömegi bilen okuwçylara täsir edýär. Toparyň ösüşiniň 3-nji bölüminde “Bir adam hemmeler üçin, hemmeler bir adam üçin” – diýen düşünjeden ugur alynýar. Toparda öz-özüňi dolandyrmak ulgamy ýüze çykýar. Topar esasy sosial-psihologik ösüşe eýe bolýar. Bir basgançakdan, başga birine geçmek kyn, köp işi talap edýär. Ýöne muňa garamazdan topary kemala getirmek gyzykly iş. Bu synp ýolbaşçynyň esasy işi. Terbiýeçilik işiniň netijeliligi onuň bilen baglanyşykly. Eger okuwçylar topary düzulmese, okuwçy mekdepden arkaýyn gider, hat-da soň mekdep-de okan ýyllaryny ýadyna-da salmaz. Eger okuwçy tejribeli synp ýolbaşçynyň elinde terbiýelense, ol oňat adam bolup çykýar. Onuň dostlary köp bolup, baran işinde ýa-da okuw jaýynda-da okamak, işlemek oňa aňsat düşýär.

Toparyň ösüş derejesini kesgitlemek aňsat. Onuň üçin belli bir ösen topar bilen deňeşdirip görmeli (belli maksady barmy, maksada gönükdirilen iş bilen

meşgullanýarmy, öz-özüni dolandyryşy, edýan, ýerine ýetirýän işinde jogapkärçilik barmy). Toparda biri düzgüni bozsa onda oňa toparyň beýleki agzalarynyň garaýyşyndan-da ösüş derejesi barada maglumat alsa bolar. Eger topar ösüşiň birinji derejesinde bolsa ýalňyş hereket eden okuwçyny ýazgarjak az bolar. Eger topar ösüşiň ikinji derejesinde bolsa, işläp duran synp mugallym bilen bile tertip bozan agza düzelmegi talap ederler. Toparyň ösüşiniň häsiýetnamalarynyň biri-de okuwçylaryň umumy bir işi ýerine ýetirişi – jemgyýete peýdaly zähmet, agşam geçirmek we ş.m. Synp ýolbaşçy synpyň okuwçylarynyň hemmesiniň gylyk-häsiýetini, maksadyny, içki dünýäsini bilmeli. Eger olaryň maksatlary toparyň öňunde goýan maksady bilen baglanyşykly bolsa, onda topar ösüşiň 2-nji bölüminden doly geçendir.

Synp ýolbaşçy okuwçylaryň, toparyň ösüş derejesini kesgitlemek üçin diňe synpdan daşary terbiýeçilik işine bolan gatnaşygyna doly daýanmaly däl. Okuwçylaryň esasy işi okuw işi. Synp ýolbaşçynyň işi çagalar toparyny kemala getirmekde ilki bilen toparyň agzalarynyň okuwa, bilim almaga gatnaşygyny, sapakda özüni alyp barşyny, öý-işleri ýerine ýetirişini öwrenmeli.

Mekdebiň VII$^{A}$ synp okuwçylarynyň arasynda öý-işlerini biri-birine göçürtmek toparda dostluk agzybirlik diýip düşünipdirler. Okuwçylaryň arasynda "Öý-işleri göçürtmäge nähili garaýaňyz" diýilip anketa ýaýradylanda, diňe bir okuwçy oňa garşy jogap beripdir. Synp ýolbaşçy bu synpyň okuwçylary bilen işlemek kyn diýip düşünipdir. Toparda gowy okaýan okuwçylar köp, ýöne sapagyna ýetişmeýänler-de bar. Synpdan daşary terbiýeçilik işleri (agşamlar, duşuşyklar, syýahatlar) köp geçirilýär. Ýöne olaryň çagalaryň esasy işi – okuw işi bilen arabaglanyşygy ýok.

Toparyň agzalarynda: "Okuw işi – her okuwçynyň şahsy öz işi" diýen pikir ýüze çykýar. Bu ýagdaý toparyň ösüşiniň pes derejededigini görkezýär.

Synp ýolbaşçy kä halatlarda işläp başlan okuwçylar toparynda her hili çylşyrymly ýagdaýlara düşüp biler. Okuwçylaryň arasynda toparyň düzüminiň ýoklygy ýüze çykyp bilner. Bu ýagdaýlar täze toplanan synp okuwçylarynda, täze mekdeplerde, nebsimiz agyrsada bile okap ýören okuwçylar toparynda-da bolup biler. Onuň esasy sebäbi başlangyç synplarda olar bilen ertirlikler geçirilmändir.

Täze synp bilen işläp başlan synp ýolbaşçy işe başlanda hemme zady täzeden başlamaly diýip pikir etmeli däl. Sebäbi I–III synplarda olar bilen tejribeli mugallym işlän bolsa, gowy kemala gelen synp toparyny-da düzüp biler. Synp toparynyň ösüş döwürlerini öwrenip onuň bilen geçirmeli işleriniň degişli ussullaryny ulanýar.

Toparyň ösüş derejesini kesgitlemegiň ýollarynyň biri-de okuwçylaryň okuw işinde, sapakdan soň, mekdepde-de mekdepden daşarda özlerini alyp baryşyna syn etmeli. Ýörite barlag usullary ulansa bolar. Meselem, anketa, pedagogik meseleler çözmek. Synp ýolbaşçy okuwçylar toparyny öwrenmek maksady bilen ulanan usullaryny pikirlenipräk ulanmaly. Sebäbi her bir okuwçyny öwrenmäge gönükdirilen usul şol bir wagtyň özünde terbiýe usulydyr. Mysal üçin ulanan anketa usulynyň netijesini tutuş toparda derňew edip okuwçylaryň arasynda nägilelik ýüze çykaryp bolar.

Pedagogiki ýagdaýlary döredip mugallym toparyň güýçli we güýçsiz taraplaryny kesgitläp biler. Toparyň arasynda okuwçynyň kemçiligini aýdyp onuň göwnüni çökdürmeli däl. Ýagdaý boldygyndan okuwçylaryň, toparynyň oňat taraplaryny kesgitläp şol tarapyny ösdürmeli.

Toparyň ösüş derejesini kesgitländen soň, synp ýolbaşçy terbiýe usullarynyň gereklilerini ulanýar. Çagalaryň ýaş aýratynlyklaryny hasaba almagyň hökmanylygyny ýatda saklamaly. Topary kemala getirmegiň ilkinji günlerinde synp ýolbaşçynyň özüniň şahsy işine köp orun berilýär.

Öňde goýlan meseleleri çözmekden işi başlamaly. Toparyň haýsy ösüş derejesindedigine garamazdan onuň öňünde goýlan maksady ýakyn, orta we uzak bolmaly. Başda mugallym ýakyn maksady öňe sürýär. Olar gyzykly topar oýunlary, işler bolup, şol bir wagtyň özünde oňa taýýarlanmagy talap etmeli. Çagalar bu işden göwni hoş bolmaly. Bu işler syýahatlar, medeni gezelençler, oýunlar bolup biler. Mugallymyň kömegi bilen geçirilen bu iş okuwçylaryň arasynda guramaçylyk ukyby bolan çagalary saýlap alyp olary işjeň toparyna goşmaga mümkinçilik berýär.

Perespektiwalar öňe sürlende (ýakyn, orta, uzak) olar okuwçylaryň durmuşynyň hemme tarapyny öz içine almaly: okuw, ideýa – syýasy, zähmet, medeni köpçülik işleri. Eger mugallym şeýle etse onda ol diňe "oýun" bilen baglanyşykly perespektiwalary öňe sürmekden azat bolýar.

Okuw işinde okuwçylaryň özara gürrüňdeşligini guramak elbetde, kynrak bolýar. Köp mugallymlar oňa ýolam bermeýärler. Şony göz öňünde tutup synp ýolbaşçy okuwçylaryň biri-birine öý-işlerini ýerine ýetirmegi kömek etmegi tabşyryp, gurnaklara gatnadyp, gyzyklanýan dersleri boýunça iş tabşyryp olaryň okuw işinde gürrüňdeşligini ýola goýüp biler. Okuwçylaryň biri-birine kömek etmegini ýola goýmak synp toparyny kemala getirmegiň görnüşleriniň biri bolup hyzmat edýär.

Okuwyň başynda $8^{A}$ synpyň synp ýolbaşçysy A.A. gowy okuwçylardan matematika sapagyna ýetişmeýänlere kömek etmegi tabşyrýar. Ýöne okuwçylaryň köpüsi bu işden boýun gaçyryp: "Okasy gelmese okamasyn", "Her kim özü üçin okaýar", "Okasy gelmese oňa hiç kim kömek edip bilmez" diýen ýalta bahana tapdylar. Diňe iki okuwçy "Kömek etmeli bolsa ederis" – diýip bu işi ýerine ýetirjekdiklerini aýtdylar. Synp ýolbaşy näme etjegini bilmän okuwçylaryň aýdanlary bilen ylalaşdy. Näme üçin synp ýolbaşçy okuwçylar bilen ylalaşdy? Sebäbi okuwçylaryň biri-birine kömekleşmegini ýokary synpda gurap bolmaýar. Ikinjiden çagalara biri-birine kömegi tabşyryk boýunça ýerine ýetirdip bolmaýar. Bu ýerde okuwçylaryň psihologik ýagdaýyny (içki aragatnaşygyny-da) göz öňünde tutmaly.

Ýokary synplarda (9-njy synplarda 71 okuwçy okaýar) anketa ýaýradyldy. Oňa şeýle sorag goýuldy: "Siz öz ýoldaşlaryňyzyň üstünliklerine begenýärsiňizmi?" 71 okuwçydan 45 okuwçy şeýleräk jogap berdi: "Hemmesiniň üstünligine däl", "Käbiriniň üstünligine", "Diňe ýakyn dostlarymyň üstünligine". Eger şu synplarda birek-birege kömek etmegi guramaly bolsa kyn bolardy. Ýöne synp ýolbaşçy ýokary synp

okuwçylarynyň arasynda birek-birege kömegi ýola goýjak bolsa ol bu işi ýerine ýetirip biler.

Birinjiden – synpda okadýan mugallymlar bilen gepleşip sapagy sadarak hemme düşüner ýaly edip geçmegi;

Ikinjiden – öý işi berlende ýönekeý, köp bolmaz ýaly, güýçýeter bermegi we onuň ýerine ýetirilişini düşündirmegi;

Üçünjiden – gowşak okaýan okuwçylara köpräk üns berip, gerek bolsa olary sapagyň soňunda alyp galmagy;

Dördünjiden – gowy okaýan okuwçylary gowşak okaýanlara kömek etmegi haýyş etse bu iş ýerine düşer.

Nebsimiz agyrsada sapakda diňe gowy okaýan okuwçylar bilen işleýän, ýetişmeýänlere üns bermeýän, öý-işlerini ýerine ýetirmegiň ýollaryny düşündirmeýän mugallymlar duş gelýärler. Mugallym sapakda gowy okaýanlar bilen işläp, gowşaklary gözden düşürýär. Bu bolsa, öz wagtynda synpda tertip-düzgün bozulmagyna getirýär. Mugallym okuwçylaryň göwnüne degýär. “Synpda şu samsyklar bolmadyk bolsa biz sapagy gowy geçerdik” – diýip gaharlanýar. Ikinji bir tarapdan bu ýagdaý gowy okaýan okuwçylarda-da okuwa höwesi peseldýär. “Olar-a keýp edip soraga taýýarlanman oýnap ýörmeli, diňe biz okamaly” – diýip bular-da okamagy goýýar. Şeýle ýagdaýlaryň ýüze çykmazlygy üçin toparda birek-birege kömek etmegi ýola goýmak hökmandyr. Bu işde synp ýolbaşçynyň mugallymyň şahsy mysaly uly orun tutýar. Olar özüniň işine garaýşy bilen, alyp barýan işi bilen okuwçylarda okuwa, zähmete söýgi döredip bilerler. Ýokary synplarda topar berk, agzybir bolanda mugallym toparyň öňünde uzak, jogapkärli perespektiwalar goýup bilýär. Bu işler okuw-terbiýeçilik işi bilen baglanyşykly mekdepde geçirilýän tematiki maslahatlar, agşamlar, okuw dersleri boýunça geçirilýän hepdeliklerdir. Bu işleri geçirmeklige diňe berk toparyň her bir agzasy işjeň gatnaşýar. Olar eýýäm beýleki toparlara görelde bolýar.

Synp ýolbaşçynyň geçirýän işleri diňe bir synpyň işi bilen baglanyşykly bolman, eýsem mekdep, etrap, şäher, welaýat möçberine çykmaly. Mysal üçin: köçelere agaç ekip, köçeleri arassalap, abadanlaşdyryş işlerine gatnaşyp okuwçylar özüniň etrap, şäher, welaýatyň ösüşine goşant goşandygyny görüp begenmeli. Öz ösdüren bagyny gören okuwçylar oňa buýsanmaly. Okuwy gutaryp gidenden soň öz çagalaryna mysal edip görkezer ýaly işleri ýerine ýetirmeli. Meselem, mekdebiň bagy, etrabyň köçelerine ekilen baglar we ş.m. Nebsimiz agyrsada edýän işi synpdan daşary çykmaýan synp ýolbaşçylarymyz, mugallymlarymyz aramyzda bar.

Toparyň kemala gelmeginde ýaryşyň ornyda uly. Çagalaryň ýaş aýratynlyklaryny göz öňünde tutup şahsy, toparlaýyn, topar ýaryş görnüşleri saýlanyp ulanylsa bolar. Ýaryş bir synpyň okuwçylarynyň arasynda-da geçirilip bilner, synp topary mekdep boýunça geçirilýän ýaryşa-da gatnaşyp biler. Geçirilýän ýaryşlar ýetip gelýän dabaraly baýramlara bagyşlanyp geçirilýär. Mysal üçin: “Ýurdumyzyň Garaşsyzlyk baýramyny üstünlikli garşylalyň”, “Altyn Asyra – okuwda we işde uly üstünlikler bilen”, we ş.m.

temalar boýunça ýaryşlar guralsa bolar. Ýaryşlara öňünden taýýarlanyp, taýýarlyk işleri hepdelere bölünmeli. Her bir toparyň agzasynyň özüne tabşyrylan berk işi bolmaly. Okuwçylar öz işini synp ýolbaşçysynyň kömegi bilen dogry alyp barmaly. Eger bir ýerde ýalňyş goýberiläýse, soň günäkär gözläp edilen işiň puja çykmagyda mümkin.

Synpyň okuwçylary mugallym, ata-eneler, mekdepde öz bagyny döretmek barada işi başladylar. Ýer alyp, ata-eneler eker ýaly agaçlar tapdylar, synp ýolbaşçy okuwçylar bilen bag ekmek işini ýola goýdy. Her bir okuwçy özüniň eken bagyna öz ady ýazylan tagtajyk asdy. Olar 10–15 ýyldan soň bu bagyň nähili boljagyny göz öňüne getirdiler. Ýöne bir-iki hepdeden soň ekilen baglardan habar alan adam bolmady. Baglaryň köpüsi gurady, köpüsi kimdir biri tarapyndan goparyldy, döwüldi. Nahallara gözegçilik eder ýaly okuwçylary belleselerde olar işine gözegçilik etmedi. Şeýdip gowy maksatlar bilen başlanan gowy işler amala aşman galýar.

Topary terbiýelemäge esasy täsir edýän güýç bolup öz-özüňi dolandyrmak hyzmat edýär. Toparyň ösüş derejesini göz öňünde tutup, özi-özüniň 3-nji derejesinde doly öz-özüni dolandyrmaga geçýär. Bu toparda çagalarda erki, öz-özüni terbiýelemegiň usullaryny öwredip ony ulanmagy öwretmekden ybaratdyr. Topar pikiriň, topar talabyň ýüze çykmagy onuň jebisleşýändiginiň alamaty bolup hyzmat edýär. Toparyň ösüş derejesiniň her bir bölüminde mugallym jemgyýetçilik pikiriň ýüze çykmagyny terbiýelemelidir.

Topary terbiýelemekde işe aýratynlykda çemeleşmeden köpçülige geçmeli. Sebäbi käbir okuwçylar bilen aýratynlykda işlemek hökmany, ol mekdepde okan ýyllarynyň dowamynda bolup biler.

Synp ýolbaşçy okuwçysynyň häsiýetini, onuň özüni alyp barşynyň sebäbini doly öwrenmeli. Bu işi ýola goýanda esasy mesele çaganyň onuň öz ýoldaşlaryna garaýşyny kesgitlemek, onuň ahlak esaslaryny bilmek wajypdyr. Synp ýolbaşy okuwçylaryň häsiýetini öwrenmek maksady bilen olaryň öý-işlerini ýerine ýetirişine gözegçilik edip her bir okuwçynyň aýratyn häsiýetini öwrenip biler. Kim synpda güýçli, kim gowşak, kimiň diýeni edilýär, kimiňki esasan edilmeýär bir okuwçy 4–5-lik bahalara okaýar. Sapakda ünsli diňlemeýär. Sarakda başga bir zatlar bilen meşgullanýar. Synpda ony onçakly gowy görmeýärler, birazrak gorkýarlaram. Ol özüni alyp barşyny batyrlyk diýip hasap edýär. Beýleki bir okuwçy aýyň dowamynda bir gezek-de öý-işini ýerine ýetirmändir. Göçürip alan zatlaryny-da “Özüm ýerine ýetirdim” diýip dogry aýdyp dur. Okuwa garaýşy gowşak. Synpda onuň dosty ýok. Ýöne okuwdan soň ol özüniň guramaçylyk häsiýetini görkezip başlaýar. Ýaşaýan ýerinde futbol oýnamagy guramak, toplanyp bir işi ýerine ýetirmek, onuň her bir buýrugyny oglanlar ýerine ýetirýärler. Ata-enesini hormatlaýar. Olaryň diýeni bilen mekdebe barýar. Öýde kömekleşýär. Ýöne “Men öý işlerimi mekdepde ýerine ýetirdim” – diýip olary aldaýar. Sapakda-da göçürýär, aýdyp bererler diýip pikir edýär alajy bolsa mugallymy aldaýar.

Bu kemçilikleriň ýüze çykmagy synpda topar aragatnaşygynyň ýoklugy, dostlugyň, agzybirligiň terbiýelenmänligidir. Her bir okuwça aýratyn çemeleşmek

elbetde kyn, ýöne şony dogry ýerine ýetirmek gerek. Eger synp ýolbaşçysynyň tarapynda esasy synp topary bolsa bu işi ýerine ýetirmek aňsat düşer. Ýokardaky mysallardan biz synp ýolbaşçynyň işiniň nädogry alyp barşynyň netijesini gördük. Näme üçin okuwçy sapakda özüni nädogry alyp barýar? Näme üçin öý-işlerini ýerine ýetirmeýär? Näme üçin göçürýär? Näme üçin synp topary okuwçylaryň nädogry hereketine garşy çykmaýar? Näme üçin sapakdan soň galmaýar? Sebäbi ol sapakdan soň galanda-da ýeke. Onuň bilen hiç kimiň işi ýok. Oňa kömek etjek adam-da ýok.

Synp ýolbaşçy synpda okaýan gowy okuwçylara daýanyp bu ýalňyşlyklary düzeder ýaly perspektiwalar ulanmaly. Synp topary 4 adamdan bolup toparlara paýlanmaly. Her bir toparyň özüniň ýerine ýetirmeli işi bolmaly. Edilen işe baha berilýär. Bu işde iň bir gowşakda öz güýjüni synap bilýär. Ondan başgada kiçi toparlar tabşyryklary öýlerinde-de bile ýerine ýetirmeli bolýarlar. Bu iş olary ýakynlaşdyrýar. Käbir ýagdaýlarda bu iş kömek etmese, gapma-garşylyk döretmek gerek bolýar. Onuň mazmuny synp toparyny bir okuwça garşy goýmak. Ýöne onuň mekdepden daşarda tirkeşýän ýoldaşlary bolsa bu işiň kömegi degmez. Ol mekdepden daşlaşar. Ýene-de bir usul – ol hem okuwçynyň ene-atasynyň bilen täsir etmek.

Ýokarda getirilen mysallar terbiýeçilik işinde ýekebara çemeleşmek ýörelgesini ulanmakyr. Öz maksadyňa diňe mugallym, synp topary, ata-eneler bilelikde ýapyşsa ýetip bolar.

Ýekebara çemeleşmekde esasy maksat okuwçyny toparyň arasyna goşmak, toparyň ony kabul etmegidir. Tejribeli mugallymlar, synp ýolbaşçylar öz okuwçylarynyň oňat tarapyny tapyp şol taraplarynada daýanýarlar. Käbir mugallym: “Bu okuwçy hiç zady başarmaýar diýip oňa ünüsem bermeýär”.

Tejribelik geçýän talyp – mekdepde terbiýeçilik işini geçirjek bolýar. Mugallym synpda B.A., diýen okuwçy hiç bir işi ýerine ýetrimeýändigini we oňa – hiç-hili ýumuş buýurmazlygy aýdýar. Muňa garamazdan talyp oňa goşgy ýatlap, çykyş etmegi tabşyrýar. Çykyş etmeli wagty gelende ol okuwçy dümewläp öýünde galýar. Mugallym özüniň mamladygyna begenýär. Bir-iki günden soň ol mekdebe gelýär. Onuň kesel bolandygynyň çyndygyny görüp synpyň okuwçylary oňa garaýşyny üýtgedýärler. Ol synpyň işjeň okuwçylarynyň hataryna goşulýar. Topary jebislendirmek işi şol bir wagtyň özünde aýratyn okuwçylaryň ösüşine täsir edýär.

Okuwçylar toparynyň ösüş derejesi onuň her bir agzasynyň oňat, erkin hereket edýänliginden, birek-biregiň bähbidini we isleglerini hormatlaýanlygyndan ybaratdyr. Topar her bir okuwçynyň şahsy ösüşi üçin giň mümkinçilikler döretmelidir.

Şu hili topar öz agzalarynyň uly hormatyndan peýdalanýar. Ol öz agzalaryna guramaçylyk, jemgyýetçilik pikir arkaly täsir edýär. Toparyň öz agzalaryna täsir edişiniň görnüşleri dürli-dürli bolup biler.

*1. Gös – göni täsir etmek.* Topar öz agzasynyň eden nädogry hereketini ara alyp maslahatlaşýar, tankyt edýär we onuň hereketi boýunça degişli karara gelinýär.

*2. Gyýtaklaýyn täsir etmek.* Okuwçy köpçülik işinden gaçýar. Gelmeýär. Onuň bu hereketi “Gülküli” diwar gazetinde (“Kirpi”, “Ary” ýazgarylýar).

*3. Okuwça täsir etmekden wagtlaýyn saklanmak.* Bu nädogry hereket eden okuwça öz hereketini görmek, günäsine göz ýetirmek we ony boýun almak üçin wagt berilýär. Eger okuwçy belli bir wagtyň dowamynda günäsini boýun almasa, topar ol barada belli karara gelýär we degişli çäre görýär.

*4. Okuwçynyň topardan çetde galmak perespektiwasy.* Okuwça ähli çäreler netijesiz bolanda we okuwçy toparyň pikirini äsgermezlik edende ulanylýar.

## Terbiýelemek işiniň gurluşy we amala aşyrylyşy.

Terbiýe tejribede nazarýet tehnologiýalaryň kömegi bilen amala aşyrylýar. “Tehnologiýa” diýen söz latyn dilinden bolup “tehne”-sungat, ussatlyk, hünär we “logos” ylym diýen manyny berýär. Önümçilikde tehnologiýa ylym tarapyndan hödürlenen algoritmler, ýollar, serişdeler bolup, ulanylan ýagdaýynda öňünden çaklanan netijeleri, gerek bolan mukdarda, hilde önümi almaga mümkinçilik berýär. Ähli häzirki zaman önümçilikler tehnologiýa esaslanýarlar. Islendik bir iş ýa-da tehnologiýa, ýa-da sungatdyr. Sungat intuisiýa esaslanýar. Tehnologiýa-ylma. Sungatdan ähli zat başlanýar, tehnologiýada gutarýar.

Tehnologiýa döredilmänkä, ýekebara ussatlyk höküm sürýär. Ýöne iru-giç ol öz ýerini tehnologiýa bermeli bolýar. ýekebara ussatlyga esaslanan iş bilen tehnologiýa esaslanan işi deňeşdireli.

| № | Ýekebara ussatlyk (indiwidual) | № | Umumy tehnologiýa |
|---|---|---|---|
| 1. | Iş hünärmen tarapyndan başdan soňuna çenli ýerine ýetirilýär. | 1. | Iş böleklere bölünýär, her bir hünärmen öz işini ýerine ýetirýär. |
| 2. | Işi ýerine ýetirmegiň ähli ulgamyny ilik-düwme bilmeli. | 2. | Diňe özüňe degişli ýeriňi bilmek ýeterlik. |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 3. | Ähli zady özüň etmeli. | 3. | Täze taýýar tehnologiýalar girizilýär we ähli zady özüň etmekden işgär boşaýar. |
| 4. | Iş uzak dowam edýär. | 4. | Iş tiz ýerine ýetirilýär. |
| 5. | Önümiň hili ýokary. | 5. | Önümiň hili pesräk. |
| 6. | Işiň esasynda intuisiýa, duýgy, tejribe. | 6. | Işiň esasynda ylmy hasap, bilim. |
| 7. | Önüm önümçiligiň mümkinçilikleri bilen çäklendirilýär. | 7. | Önüm çäklendirilmeýär, köp öndürilmek ýola düşýär. |

Soňky wagtlara çenli "intelekteal önümçilik", şolaryň arasynda adamy terbiýelemek hem bar, tehnologiýa diýen düşünjesiz oňuşýardy. Häzirki zaman pedagogik nazarýeti terbiýelemekde tehnologiki çemeleşme gerekligini, onuň peýdalydygynya göz ýetirdi. Ýöne önümçilik tehnologiýasyny göniden-göni mekdebe geçirmek bilen ylalaşmady .

Terbiýeçilik işini biz önümçilik bilen deňeşdirip başladyk. Dogrudanam, mekdep terbiýesiniň logikasy önümçiligiň logikasyndan onça bir uzak hem däl. Mekdebe önümçilige ýaly jemgyýet sosial zakaz berýär. Önümçilikdäki ýaly onuň öňünde duran meseleleri çözmek üçin belli bir möçberde maddy baza gerek. Bu meseleleri çözmäge terbiýe prosesi gönükdirilendir. Onuň esasy-pedagoglaryň işi bolup, ol meýilnamalaşdyrmak, onuň netijeleri, oňa ýetmegiň ýollary, ol ýollary modelleşdirmek, düzülen meýilnamalary we modelleri ýerine ýetirmek we bu meýilnamalary durmuşa ornaşdyrýan işi we adamlaryň özüni alyp barşyny dolandyrmakdyr. Pedagoglaryň dolandyryş işleri onuň ulgamynyň ýagdaýyny, netijeliligini önümçilikdäki ýaly, habar beriş akymlaryň esasynda amala aşyrýar.

Mekdepde edil önümçilikde ýaly terbiýeçilik işini dogry ýola goýmak üçin pedagoglar tarapyndan ulanylýan uly höweslendiriji ulgam bar. Mekdepde edil önümçilikde ýaly çagalar barada, olara edilýän täsirleriň netijeliligi barada pedagoglar habar alar ýaly kommunikatiw tär bar. Onuň esasynda pedagoglar terbiýeçilik işini dolandyrmak üçin gerek bolan kararlary kabul edýärler.

Terbiýeçilik işiniň netijeliligi (önümçilikdäki ýaly) daşky gurşaw bilen bagly bolýar: maşgala, çagalar bagy, mekdepden daşary terbiýeçilik edaralary. Olar mekdebiň okuwçylara terbiýeçilik täsiriniň üstüni doldurýarlar mekdebiň işiniň netijeliligi, önümçilikdäki ýaly, onuň öndürýän önüminiň hiline bagly. Mekdepde bu okuwçylaryň biliminiň, başarnyklarynyň we endikleriniň derejesi, olaryň özbaşdak durmuşa, zähmete, bilimini dowam etdirmäge, maşgala durmuşyna, taýýarlygy, boş wagtyny akylly başly geçirmegi.

Pedagogik adalgalaryň arasyna aralaşyp tehnologiýa düşinjesi pedagogik nazaryýetde we tejribede täze ugurlar döredip başlady. Mysal üçin günbatar terbiýe nazaryýetleri, takyk pedagogika konsepsiýasyny öňe sürdi. Ýöne oňa daýanyp her bir pedagog ähli talaplary ödeýän ideal şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirip biler ýaly tehnologiýany işläp düzmek üçin oňa häli köp wagt gerek. Şu gün biz diňe terbiýelemek işiniň netijeliligini ýokarlandyrmakda ulanylýan terbiýe tehnologiýasynyň elementleri barada gürrüň edip bilýäris. Önümçilikde işiň ýerine ýetirilişi sada we aýan. Ýöne mekdepde tehnologiýa şeýle çylşyrymly we garaşylmadyk häsiýetlere eýe bolýar.

1. Önümçilikden aratapawutlylykda terbiýe prosesi bitewi häsiýete eýedir, ony böleklere bölmek we pedagogik täsiri kiçi ädimler ýa-da aýratyn hilleri yzygiderli emele getirip amala aşyrmak kyn. Trebiýeçilik täsir yzygiderli parallel ýol bilen däl-de bitewi ýerine ýetirilýär.
2. Ýokarda aýdylanlary hasaba alyp terbiýeçilik işini ýerine ýetirmek üçin adamlary saýlap almaga üns bermeli. Şahsyýet bölekler boýunça emele gelmeýär. Diňe şahsyýet şahsyýeti döredýär. Şonuň üçin terbiýeçi öz işini başdan soňuna çenli alyp barmaly. Biz bu ýerde indiwidual ussatlyk barada gürrüň etmeli.
3. Terbiýeçilik işiniň meselelerini tehnologiki taýdan çözende her bir terbiýeçi öňünden kesgitlenen “bagly nokatlaryň” netijelerine gözegçilik edip, olary düzedip, maksada goýlan ýoluny geçmeli.

Bu nokatlaryň arasynda her kim özüniň anyk şertlerine we mümkinçiliklerine görä döredijilikli hereket edýär.

Shematiki bu şeýle bolýar:

Işiň etaplary:




Görüşimiz ýaly tehnologiýanyň esasy saklanyp, ýörite terbiýeçilik häsiýete eýe bolýar.

Häzirki zaman terbiýe tejribesi geçiş döwründe terbiýeçiler häli gowy ýola goýlan ylmy tehnologiýa boýunça işlemeýärler, ýöne eýýäm indiwiduallyga baglanan terbiýeçilik meseleleriniň intuitiw çözgüdinden ýüz öwrüp başladylar. Barlanan, peýda berýän tehnologik täzelikleri tejribä ornaşdyrmakda, talaplary standartlaşdyrmaga ädimler ädilip başlady.

Tehnologiýa düşünjesiniň pedagogika ylmyna aralaşyp, belli bir derejede peýda berýänine garamazdan, terbiýeçilik işini tehnologiýalaşdyrmak meselesine şübhe bar. Bu garaýşyň tarapdarlary we garşydaşlary kesgitlenildi. Dürli soraglar ýüze çykýarlar: tehnologizasiýa pedagogik döredijiligi ýok etmezmi? Terbiýeden şahsyýeti ruhy aýyrmaýarmy? Umuman terbiýelenen adamlary "önüm hökmünde" taýýarlap bolarmy? Bu dogrymy? onuň etiki tarapy nähili? Tehnologizasiýanyň tarapdarlary bu soraglara şeýle jogap berýärler. Döredijilik nesilden-nesle geçmeýär. Onda öňki mugallymlardan häzirki mugallymlara näme geçýärkä? Ýene-de argument. Birnäçe ýüz ýyllyklardan bäri özüniň terbiýeçilik täsiri bilen jemgyýeti ösdürip gelen halk pedagogikasy biziň gözümiziň öňünde ýitip barýar. Bu ulgamyň aýratynlyklaryny tehnologiýa düşünjesini ulanman nähili düşündirip bolar. Siz bu goýlan soraglara nähili jogap berip biljek ?

Toplumlaýyn çemeleşmek .

Terbiýeçilik işiniň bitewiligi terbiýeçilik täsiriň we özara hereketiň maksatlarynyň, meseleleriniň, mazmunynyň, usullarynyň we formalarynyň birligini

aňladýar. Bu çemeleşme  yuz tutmak terbiýe nazarýetinde we mekdep terbiýeçilik işiniň tejribesinde soňky ýyllar terbiýe şahsy meseleler toplumy hökmünde garaldy. Terbiýäniň her bir bölegini özbaşdak ýaly gurap we kämilleşdirip bolar diýlip düşindirildi. Şahsyýeti bitewi däl-de onuň aýratyn hillerini terbiýelemäge üns berildi. Şahsyýeti ösdürmegiň hemmetaraplaýyn we garmoniki ýörelgesi bozuldy.

Häzirki zaman terbiýe tehnologiýasy hökmany talaplary ýerine ýetirip, toplumlaýyn çemeleşmegi  amala aşyrýar:

1. Terbiýelenilýänlere üç taraplaýyn täsir edýärler olaryň aňyna, duýgysyna we özüni alyp barşyna.
2. Terbiýäniň öz-özüňi terbiýelemegiň (daşky pedagogik täsiriň) birliginde položitel netije gazanyp bolar.
3. Toplumlaýyn çemeleşmekligiň esasy şerti - terbiýeçilik işine degişli ähli sosial institutlaryň,  birleşmeleriň, ilki bilen habar beriş serişdeleriň, edebiýatyň, sungatyň, maşgalanyň, mekdebiň, tertip-düzgün goraýjy organlaryň, kollektiwleriň we toparlaryň güýjüniň birligi we koordinirlenmegi.
4. Şahsiýetiň gerek bolan hilleri anyk terbiýeçilik işleriniň ulgamynyň üstü bilen terbiýelenilýär. Bu işler berk bellenen toplumlaýyn häsiýetde bolmaly. Olar şol bir wagtyň özünde akyl, beden, ahlak, gözellik we zähmet terbiýesini bitewi birleşen görnüşinde amala aşyrmagy talap edýär. Terbiýäniň iň esasy kemçiligi-de onuň görnüşleriniň aýratynlykda terbiýelenilmäge synanyşygydyr. Terbiýe nazarýeti bir-birinden üzňe terbiýeçilik meselelerden düzülip, toplumlaýyn çemeleşmekden daşda bolup, tejribäni sada ýola ugrukdyrýardy.
5. Toplumlaýyn çemeleşmek terbiýeçilik işine we ony dolandyrmaga ulgamlaýyn çemeleşmegi talap edýär. Dolandyrmak diňe terbiýe täsir edýän daşky we içki faktorlar we olaryň arabaglanyşygy hasaba alnanda doly amala aşyrylýar. Onuň üçin ol faktorlar we olaryň täsiri barada anyk düşünje gerek. Surata üns beriň .




Esasy faktorlaýň sanyna: a) okuwçynyň ýaşaýyş obrazy-ol berlen hilleri ösdürmäge ýa-da belli bir kesgitlenen şertlerde tersine ösürýär, b) belli bir kesgitlenen durmuş obrazynyň emele gelmegine täsir edýän ýaşaýan regionyň, (däpleri, ahlak sypatlar, mekdep däp-dessurlary, milli aýratynlyklar, tebigatyň ýagdaýy), durmuş şertleri, ç) habar beriş serişdeleri, d) Okuwça göni täsir edýän kollektiwiň ösüş we ýaşaýyş şertleri (terbiýe ulgamy, onda öz ornuny tapan jemgyýetçilik pikir, gymmatlyklara garaýyşlar, ahlak normalar, psihologik klimat), ý) kollektiwde emele gelen özaragatnaşyk normalary, okuwçynyň kollektiw aragatnaşyk uglamynda orny, terbiýelenilýäniň indiwidual we şahsy aýratynlyklary.

Bitewi şahsyýeti taýýarlamaga hemmetaraplaýyn çemeleşmekde bu şertleriň ählisi hasaba alynmalydyr. Terbiýelemekde ýüze çykýan üstünlikler diňe şahsyýetiň şol ýa-da başga psihiki sferasyna göni täsir edip goranylmaýar. Terbiýelemekde ýaramaz gylyk häsiýetleriň öňüni almak üçin döredilýän daşky şertleriň üýtgemegide üstünlik gazanmaga mümkinçilik berýär.

Hemmetaraplaýyn çemeleşmeleriň esasy şertleriniň biri-de terbiýelemegiň, maksatlarynyň, mazmunynyň formalarynyň we usullarynyň birligidir.

Geçirilýän çäreleriň sany, olaryň ady wajyp däl. Olaryň pedagogiki maksada gönükdirilenligi, täsiri wajyp. Diňe gowy pikirlenip, birek-birek bilen berk arabaglanyşdyrylyp, gowy düzülen pedagogiki täsir terbiýeçilik netije berip biler.

Soňky wagtlar terbiýäniň ulgamlylygyny, bitewiligini, yzygiderligini, üznüksizligini "Terbiýeçilik işler" diýen düşünje berýär. Terbiýeçilik iş bu terbiýelenilýänleriň anyk

ýerine ýetirýän işiniň görnüşi, guralyşy we ýerine ýetirilişi. Onuň esasy häsiýetleri hökmanylyk, peýdalylyk, ýerine ýetirijilik. Terbiýeçilik proses üznüksiz terbiýeçilik işleriniä zynjyryndan ybarat.

Terbiýeçilik işler kollektiwleýin we döredijilikli häsiýetde bolýarlar we kollektiwleýin terbiýeçilik işler (KTI) ýa-da kollektiw döredijilik işler (KDI) diýip atlandyrylýarlar.

Her bir işde şu aşakdaky etaplar saýlanýarlar:

1)Maksat (ýagdaýy seljermek, esasy we goşmaça terbiýeçilik işleri saýlamak) 2) meýilnamalaşdyrmak, 3) guramak we taýýarlamak, 4) Işiň ýerine ýetirilişi, 5) alnan netijeleri seljermek

| |
|---|
| 1) Ýagdaýy seljermek we maksady formirlemek |
| 2) Işi meýilnamalaşdyrmak |
| 3) Işi guramak |
| 4) Işi ýerine ýetirmek |
| 5) netijeleri jemlemek |

Maksatlary we ugry boýunça terbiýeçilik işleriň köp görnüşleri bar, olar: etiki, sosial-gönükdirilen gözellik, bilim berijilik sport-bedenterbiýe, ekologik, zämet we başgalar. Her bir terbiýeçilik iş bitewilik häsiýetdedir. Sosial-gönükdirilen terbiýeçilik işiň, esasy maksady okuwçylarda sosial gatnaşyklaryň ulgamyny emele getirmek.

Şahsyýetiň esasy jemgyýetçilik hilleriniň mazmuny nähili? Olardan esasylaryň biri raýatlylykdyr. Ol şahsyýetiň, jemgyýetde, ýurtda we dünýäde nämä bolýanlygyna dogry gatnaşygydyr. Onuň bilen berk baglanyşykly şahsyýetiä hili tertiplilikdir.

Çagalaryň durmuşynyň we işiniň kesgitlenen terbiýe beriji diýilýär. Rejäni ýerine ýetirmek terbiýelemegiň netijeliliginiň esasy şertidir. Gerek bolan ýagdaýynda reje üýtgeýär. Ol 1 çaganyň ýaşaýyş şertlerine, mümkinçiliklerine we başarnyklaryna deň gelmeli; 2. Takyk bolup onda bellenilen ähli işiň görnüşleri öz wagtynda ýerine ýetirilmeli; 3. anyk bolmaly; 4. ýerine ýetirip bolar ýaly bolmaly.

Etiki terbiýeçilik işler. Onuň esasy maksady: 1) ahlak aň emele getirmek; 2) ahlak duýgyny terbiýelemek we ösdürmek; 3) ahlak özüňi alyp barmak başarnyklary we öwrendikleri terbiýelemek.

Estetiki we bedenterbiýe terbiýeçilik işleri: Onuň esasy maksady: 1) durmuşa estetiki garaýyşy emele getirmek: 2) zähmete, jemgyýetçilik işine, tebigata, medeniýete, öňüni alyp barmaga estetiki dogry garaýşy terbiýelemek, onuň esasynda estetiki düşünjeler, bahalar, ideal, düşündirişler, talaplar, başarnyklar emele gelýärler.

Ekologik we zähmet terbiýeçilik işler. Ekologik heläkçilikleriň köpelmegi, tebigaty goramaklyk işlerini düýbünden täzelemegi talap edýär. Mundan beýläk aýry bir ekologik terbiýeçilik işleri bilen çäklenmän olary üznüksiz tebigaty goramak işleri bilen birleşdirmeli. Onuň esasy maksady: 1) ekologik bilim bermek; 2) ekologik ynam döretmek;3) okuwçylary zähmet psihologik we tejribe taýdan taýýarlamak.

Terbiýeçilik işlerini toparlaýyn terbiýeçilik işleri, toparlaýyn döredijilik işleri diýip olary bitewilik ýörelgesi esasynda geçirsek onuň netijesi ýokary bolar.

## Ahlak, akyl, gözellik we etiki terbiýeler.

Şahsyýetiň ösüşinde, kämilleşmeginde ahlak terbiýesine uly orun berilýär. Watanyna wepaly, Watanyny söýýän, göreldeli zähmet çekýän, oňat okaýan, hususy we jemgyýetçilik işine işjeň gatnaşýan bütewi şahsyýeti terbiýelemek ahlak terbiýesiniň esasy wezipesi.

Bilim bu adamyň ylmy dunýägaraýşynyň jemidir.

Ynsanperwerlik – adamkärçiligiň, ýoldaşlygyň, dostlugyň doganlygyň hormatyň jemidir.

Has anyk aýdanda, ahlak terbiýesi aşakdaky anyk wezipeleri çözmeklige gönükdirilendir.

1. Ahlak duýgyny terbiýelemek. Adamyň öz hereketlerine, edýän işlerine, görýän, duýýan zatlaryna bolan garaýyşlary. Adamyň başyna agyr gün düşende oňa gynanmak, biri begense oňa begenmek. Ýöne, begenmekligiň-de ahlaksyzlyk alamaty bolup biler. Adam başga biriniň başyna düşen külpete begenýän bolsa bu ahlaksyzlygyň alamatydyr.
2. Ahlak aňyny terbiýelemek. Özüniň jemgyýetde tutýan ornuny bilmek, ahlak kadalaryny özleşdirmek.
3. Ahlak pikirlenmegi terbiýelemek. Ahlak kadalarynyň ýerine ýetirilişini, derňäp oňa dogry baha bermek.
4. Ahlak erki terbiýelemek. Öz-özüňi ele elmak, içki azatlygyny duýmak, ahlak kadalarynyň esasynda hereket etmek.
5. Öz-özüňi ahlak taýdan terbiýelemek, öz-özüňiň ahlak keşbiňi kämilleşdirmek. Şahsyýetiň öz-özüne täsir edip maksada laýyk hereket etmegi. Öz-özüňi durnukly ýagdaýlara gönükdirip goýmak, erkiňi, tertipliligi, çydamlylygy terbiýelemek.
6. Ahlak düşünjelerini we ynançlaryny kemala getirmek. Çagalara dogry näme; gowy näme; erbet näme diýen meseleler baradaky düşünjeleri bermeli. Adamyň ynançlary onuň hereketlerinde ýüze çykýar.

Ahlakly hereket etmekligi terbiýelemek. Jemgyýete peýdaly zähmetde, köpçülik işleri ýerine ýetirilende, duşuşyklar, agşamlar geçirilende okuwçylaryň dogry hereket etmegini gazanmak. **Ahlak terbiýesiniň wezipesi örňäp-ösüp barýan nesilde ahlak kadalary, düzgünleri baradaky duýgy-düşünjeleri, özüňi alyp barmak endiklerini emele getirmekdir, şol ölçegler,düzgünler esasynda hereket etmegi öwretmekdir.**

### Ahlak terbiýesiniň mazmuny:

1. Ahlak terbiýesiniň mazmunynda ata watana, ene topraga, onuň halkyna, diline,taryhyna,maddy, medeni we ruhygymmatlyklaryna çyn söýgi döretmek esasy orun tutýar.Bu öran giň we çuň düşünjedir.Ýagny raýatlyk duýgulary bilen watanyň hatyrasyna zahmet çekmeklige söýgi wepalylyk duýgularyny emele getirmeklik göz öňünde tutulýar.

2. Halklaryň dostlugy,öz islegleri, garaýyşlary we ynançlary birmeňzeş adamlaryň birek-biregi hormatlamak, goldamak, birek-birege düşünmek, kömek bermek, dostluk adamyň iň ýokary duýgularydyr.
3. Ynsanperwerlik-ahlak terbiýesiniň özenidir. Adama belent sarpa goýmak ata-babalarymyzdan miras bolup geçen ahlak sypatydyr. Görogly şadessandaky Jygalybegiň öwüt-ündewleriniň üsti bilen beýik Magtymgulynyň eserlerinde ynsanyň gadyr-gymmatynyň nähili belentde bolmalydygy baradaky pikirleri aýdylýar.
4. Zahmetsöýüjilik. Zähmete, onuň miwesine, zähmet adamsyna bolan garaýyş şahsyýetiň ahlaklylyk adamkärçilik sypatlarynyň biridir.
Ahlak terbiýesi aşakdaky anyk wezipeleri çözmeklige gönükdirlendir:

- Ahlak duýgyny terbiýelemek; ahlak aňyny terbiýelemek.
- Ahlak pikirlenmegi terbiýelemek; ahlak erki terbiýelemek;
- Öz-özüňi ahlak taýdan terbiýelemek; öz-özüňiň ahlak keşbini kämilleşdirmek;
- Ahlak düşünjelerini we ynançlaryny kemala getirmek;
- Ahlakly hereket etmegi terbiýelemek;

Başlangyç synp okuwçylarynda terbiýelemeli ahlak sypatlar Bitarap Garaşsyz Demokratiki ýurtda ýaşaýandygyny bilmek, olar barada Watan, hormatly Prezidentimiz hemişe alada edýändigini bilmek, kasamy bilmek, gimni bilmek; özleri barada alada etmek; irki maşyklary etmek, öz zatlaryny, oýnawaçlaryny arassa saklamak, güllere öý haýwanlaryna garaşyk etmek; ata-eneňi, doganlaryňy, babaňy-mamaňy, dostlaryňy, tebigaty we janly jandarlary söýmek; deň-duşlar bilen dostlaşmak, bile oýnamak, ataňa, eneňe, doganlaryňa dost bolmak; öý işlerine kömek etmek, zähmet sapaklarynda, synpda we mekdepde öz-özüňe hyzmat etmek; tertipsizlige, hapaçylga, ýalançylyga, gaharjaňlyga, gysgançlyga garşy göreşmek; nany, suwy, elektrik toguny, gazy tygşytlamak, ataňa-eneňe özüňden ululara, ýoldaşlaryňa zähmetde we okuwda kömek etmek; surat çekmek, aýdym aýtmak, goşgy düzmek, täze oýnawaçlar, oýunlar döretmek.

***Dünýägaraýyş.***

Biziň daş-töweregimizi gurşap alan dünýäniň dörediliși, onuň taryhy taýdan kemala gelişi, tebigatda, jemgyýetde bolup geçýän hadysalaryň kanunalaýyklyklaryny ylmy esasda öwrenmek netijesinde durnukly kemala gelen düşünjedir.

**Maglumatlar üç topara bölünýär:** 1. Durmuşy. 2. Idialistik . 3.Materialistik düşünjeler bolupdyr.

Adamzat jemgyýetiniň kämilleşmegi bilen ylym ösýär. Jemgyýetçilik gatnaşyklary kämilleşýär. Ylym we tehniki öňegidişlik adamzadyň aň taýdan kämilleşenligini subut edýär.

**Okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryny nazarda tutup şu aşakdaky tertipde bilim berilýär:**

**1.** Başlangyç döwri - 1-4-nji ýyllarda. Okuwçylar tebigatyň, jemgyýetiň ösüş kanunlarynyň başlangyçlaryny ele almak bilen, okamany, ýazmany, dört amaly, edebi dili, döwlet mukaddesliklerini, tebigatyň ýönekeýje gatnaşyklaryny ele alýarlar.

**2.**Ýetginjeklik döwri- Şahsyýetiň ýokar depginde kemala gelýän döwri bolmak bilen ylymlaryň esaslaIVny ele almakdan, özbaşdak pikir ýöretmegi, netije çykarmagy, umumylaşdyrmagy,özüni ykrar etdirmek meseleleri bilen baglydyr.

**3.**Yaşlyk döwri- adamyň beden we ruhy taýdan kämillige gadam basan döwri bolmak bilen, berk ynam, özüňi alyp barmagyň kadalaryny özleşdirmek, öz işiňi meýilleşdirmek, öz-özüňi derňemek,ahlak-psihologik kämülik meselesi çözülýär.

**Şahsyýetiň kemala getirilişi we ösüşi.**

Şahsyýetiň kemala getirilişi we ösüşi. Şahsyýeti kemala getirmek bu durgun häsiýetli hadysa däl-de, üznüksiz, işjeň tutum-dowamatdyr. Şonuň üçin sözüňjemleýji anysynda şahsyýeti kemala getirmek bu onuň barha ýokarlanýan üstünlige ymtylyş derejesi bilen oha ýetmäge zerur bolan mümkünçilikleriň arasynda dialektiki gapma-garşylygy döretmekdir. Üstünlige ymtylyşyh we onuh serişde üpjünçiliginih bir-birine laýyklygy ilki-ilkiler daşky gurşaw arkaly guralýan we dolandyrylýan häsiýetde bolýan bolsa, kämilligih ýolunda bu tutumyh guralyş dolandyrylyşy şahsyýetih öz erkine tabynlykda amala aşyrylýar. Kemala geliş bir-birini üznüksiz çalşyrýan şahsyýetiň obýektiw gurşaw şertlere ugrukdyrylmagy bilen bu şertleri özgertmegi, öz maksadyna laýyklamagy ýaly düzüjilerih özara täsirinde geçýär.

Ösýän şahsyýetih kemala gelişnde ýüze çykýan psihologiýay döwürler bilen tanyşmak gyzyklydyr. Adamyh şahsyýet hökmündäki ruhy ösüşini döwürleşdirmegih gihişleýin nusgasy E.Eriksona degişlidir.

1. Ynanç-ynanmazlyk krizisi (bir ýaşy dowamynda)

2.Şubhelenmekiige we utanja garşy durýan awtonomiýa-özbaşdaklyk (2-3 ýaş aralygynda)

3.Günäkärçilik duýgusyna garşy durýan ugur tapyjylygyň döremegi (3-6 ýaşlar aralygynda)

4.Özüni kembaha duýmaklyga garşy durýan zähmetsöýerlik (6-12 ýaşlar aralygynda).

5.Rollaryň garysmaklygyna garşy durýan öz meniňi ykrar etmeklik (12-19 ýaşlar aralygynda).

6.Psihologiýay ýekelige garşy durýan içgin-pinhan aragatnaşyk guramaklyk (2Q-25 ýaşlar aralygy).

7.Durgunlyga garşy durýan öndürijilik (26-64 ýaşlar aralagynda).

8. Yaşalan ömre ahmyr etmeklige garşy durýan ' 'menleriň birleşmesi esasynda ýaşalan durmuşdan kanagatlanmaklyk (64 ýaşdan ýokary).

Bu döwürleriň adamyň ösüş terjimehalyndaky yzygiderliginiň häsiýetii we gutulgysyzlygy çekeleşikli mesele bolsa-da, olaryň hakykata laýyklygy teklip edilen nusga üns bermeklikligiň artykmaç däldigini görkezýär.

**Edeplilik-ahlaklylykdyr.**

Edeplilik ynsanyň gowy gylyk-häsiýetlerini, adamkärçiligini,jemgyýetçilik gatnaşyklaryndaky medeniýetliligini, gaýry ahlaklylyk sypatlaryny özünde jemleýär. Ol ata-babadan miras galan ahlak-düzgünleriniň giden bir,sistemasydyr, ýagny halk pedagogikasynyň süňňine ornaşyp giden, onuň içinde hemişelik hereket edýän ahlak hormatlarydyr.

Ynsan edebiniň çygry çuň hem giňdir. Ol salamlaşmakdan başlap, garaşsyz diýarymyzyň gözel tebigatyna, ýer-asty we ýer- üsti baýlygyna parasatly adamlaryny, alymlardyr-akyldarlaryna guwanç hem buýsanç duýgularyny emele getirmeklige çenli bolan edeplilik düzgünlerini öz içine alýar. Adamyň dostluga belent sarpa goýmagynyň, özüňi edepli alyp barmagyň zerurlygyna gadymy ýazuw ýadygärliklerinde hem gabat gelinýär.Ahmet Ýugnaky özüniň tälim üçin döreden«Hakykat sowgatlary» diýen kitabynda«Ata bir, ene bir dogandyr bu halk» diýip öwreden bolsa, Nowaýy, «Adamynyň bir-birinden parhyýa» diýip ynsan aslynyň birdigini, deň hukuklydygyny, aýry-aýry ukyplydygyny, olaryň hemmesine-de deň derejede sarpa goýmalydygyny ündäpdir.Şol bir wagtyň özünde-de ynsan balasynyň iliň gözünden düşmezligi, beg işlere baş goşmazlygy dürli ýollar, usullar bilen wesýet edilipdir.«Kowusnama» şerap içmezligi ahlaklylygyň gowy tarapy diýip ündän bolsa,«Hakykat sowgatlary».

Kim içgilik içse, ýaramaz adam,
Içigsi ters ýola goýandyr gadam.

-diýip akyl berýär.

Magtymguly akyldarymyz bolsa «Akly bolan şerap içmez» diýip kesgitli netije çykarýar. Meşhur « Kasasyl enbiýa» eserinden hem gadymdan gelýän ahlak kadalary adamlaryň aňyna ussatlyk bilen ýetirilipdir.

Adamyň akyl-paýhasy, ynamy,hyjuwy,dünýägaraýşy ony hereketlendirýän güýçdür. Şol güýçleriň dogry terbiýelenmegi adamyň lebzi bilen edýän hereketiniň bir-birine kybap bolmagyny üpjün edýär,onuň ahlaklylygyny pugtalandyrýar.Soňky onýyllyklaryň dowamynda adamlaryň özlerini alyp baryşlarynda: gep-sözünde, ygrarlygynda, borjuna düşünmeginde, adamkärçiliginde, mahlasy, ynsançylyk gatnaşyklarynyň normalaryny berjaý etmeklerinde il-gün tarapyndan oňlanylmaýan hüý-häsiýetler peýda bolup başlady, biparhlyk güýjedi, diňe öz bähbidini aramak möwjedi, haram gazanja, parahorluga ýüz uruldy, türkmeniň milli buýsanjy mejalsyz boldy, edim-gylymlary, däp-dessurlary äsgerilmeden galdy.

Edepliligem, ahlaklylygam gadymdan gelýän edim-gylymlardan, däp-dessurlardan üzňe zat däl. Olar halk tarapyndan döredilen, ykrar edilen ýaşaýyş-durmuşyň hormatlaryndan, düzgünlerinden ybarat, özlerem adamlar üçin esasy ýörelge bolup galypdyr.Şeýle bolansoň her kesiň edep-ekramyň onuň ahlaklylyk sypatlaryny kesgitleýän esasy zatlar bolup durýar.

Umumybilim berýän dünýewi hem-de hünärment mekdeplerinde, ýörite orta we ýokary okuw jaýlarynda öwrenilip başlan «Edep» kursunyň esasy maksady hem tälim-terbiýe bermekde örän güýçli serişde bolup hyzmat eden, emma soňky döwürde ünsden düşürilen edep-ekramlylygy täzeden dikeltmekdir, örňäp-ösüp gelýän nesliň ahlaklylyk sypatlaryny, medeni derejesini ýokary götermekdir.

Kämahallar ynsan edebi onuň ahlaklylygyndan parhlanybam durmaýar, olar bir-birleriniň üstüni ýetirip, bir-birlerini şertlendirip durýan ynsanýetçilik hereketiniň oňlanylýan taraplarydyr. Ata-enä, dogan-garyndaşlara, ýaşuly adamlara, mugallymlara, halypalara hormat goýmak, kiçi ýaşlaryň sarpasyny saklamak, gerek ýerinde, olara hemaýat etmek, goňşular, beýleki halklaryň wekilleri bilen hoşniýetli gatnaşykda bolmak, zähmet adamsyna sarpa goýmak ýaly asylly işler, hereketler sogap işdir. Şular ýaly hüý-häsiýet adamyň ahlak sypatlary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ahlak taýdan kämil bolmadyk adam edepli hereket etmegi başarmaz. Edeplilik bilen ahlaklylyk jemgyýetçilik durmuşynyň hemme pursatlaryna bilelikde, ugurdaşlykda hereket edýän düzgünlerdir.

## Ahlak terbiýesini bermegiň şertleri we ýollary.

Okuwçylaryň ahlak sypatlaryny emele getirmegiň şertleri-de, ýollary-da az däl. Ine olaryň käbiri.

1. Okuw-terbiýeçilik işiniň ýokary derejede ýola goýulmagy örňäp-ösüp barýan nesle ahlak terbiýesini bermegiň esasy şertleriniň biri. Çünki mugallym okuwçynyň mekdep ýyllarynyň bütin dowamynda onuň gözüniň öňünde bolýar. Şeýle bolansoň oňa, pedagogyň öz kärine bolan yhlasyna, ahlaklylyk sypatlaryna hemme tarapdan hakyky, çyn häsiýetnama berip bilýän adam okuwçydyr. Ine, hiç mahal ähmiýetini ýitirmejek şu ýagdaý mugallymda iň gowy ahlak sypatlarynyň jemlenmegini talap edýär. Okuwçylara ahlak terbiýesini bermegiň esasy serişdeleri okuw işi, oýunişi, jemgyýete peýdaly zähmet, synpdan we mekdepden daşary terbiýeçilik işleri. Okuwdan daşary terbiýeçilik işleri geçirlende mekdepden daşary terbiýeçilik edaralara uly rol degişlidir. Olar, çagalar we ýaşlar guramalary, maşgala, mekldepden daşary terbiýeçilik edaralary. Öň hem belläp geçişimiz ýaly, mugallymyň nähilli adamlygyny, kärine bolan garaýşyny, näderejede taýýarlyklydygyny, dogruçyldygyny, lebzine ygrarlydygyny, iş-pişesine yhlaslydygyny, hoşniýetlidigini we ş. m. okuwçy örän gowy bilýär.
2. Pedagogik hem okuwçylar kollektiwleriniň özara düşünişip sazlaşykly hereket etmegi ahlak terbiýesiniň göwnejaý edilip ýola goýulmagy üçin amatly şert döredýär. Mugallym bilen okuwçynyň özara ynamynda bolup, terbiýeçilik çäresi planlaşdyrylanda-da oňa taýýarlyk görlende-de, geçirilende-de okuwçylara sala salynmagy, olary şol işiň şärikdeşi ýa-da guraýjysy hökmünde okuwçylary ahlak taýdan terbiýelenen derejesini öwretmekden bu işde üstünlik gazanmak mümkin däldir. Ony öwrenmek üçin syn etmek okuwçylaryň işleriniň netijesini (gündeligini, çeken suratyny, ýazan zatlaryny, toplan gerbarini we ş.m.) öwrenmek, soraglara ýazuw üsti bilen jogap almak, anketa, olaryň özi bilen indiwidual we toparlaýyn görnüşlerde gürrüňdeş bolmak, ene-atalar bilen gürrüňdeş bolmak we olaryň pikirlerini nazara almak ýaly beýleki usullar ulanylýar. Kärine yhlasly türkmen pedagoglarynyň iş tejribeleri muňa güwä geçýär. Baryp otuzynjy ýylda belli pedagog A.S. Makarenko 10 sany juda ökde, emma hersi özbaşyna, agzala bolup aýry-

aýrylykda işleýän pedagogdan, 10 sany gowşagrak, emma agzybirlikde özara ylalaşykly zähmet çekýän pedagog has gowudyr diýen pikiri öňe sürende ol mamlady. Bu pedagogik pikir biziň günlerimizde-de gymmatyny ýitirenok.

3. Her bir terbiýeçilik çäresiniň pugta oýlanyşylyp, maksada gönükdirilip planlaşdyrylmagy, şeýle hem okuwçylaryň höwesine, islegine laýyk edilip guralmagy ahlak terbiýesini bermegiň ýene bir şertidir.

4. Ahlak terbiýesiniň ýokary netijeli bolmagy üçin oňaýly emosional ýagdaýy döretmek-ýürekdeşlik, şähdaçyklyk, işjeňlik, özara düşünişmek ýagdaýlaryny emele getirmek möhüm bolup durýar.

5. Umumy ýörelgäni berjaý etmek, okuwçylaryň durmuşyny döwrüň talaplaryna kybap edip guramak üçin maksatlaryň bitewiligi taraplaryň ýalňyzlygy, maşgalanyň-mekdebiň-jemgyýetçilik guramalarynyň-önümçilik wekilleriniň özara ylala'ygy, umumy«dil tapmagy» gerek.

Ahlak terbiýesini ýokary hilli edip guramagyň şertleri başga-da az däl. Bu ugurda alnyp barylýan terbiýeçilik işleri garaşsyz diýarymyzyň ýöredýän syýasaty bilen utgaşdyrylyp ýola goýlan mahalynda, bikär gezip ýörmäge hiç kimiň ynsaby çatmasa gerek, serhoşluk, ogurlyk, parahorluk ýaly hereketler, göriplik, harsydünýälik kimin sypatlar kemeler, soňundan bolsa ýok bolup gider, ýene-de gapylar gulpsuz bolar, nesilleriň aňyna türkmen ruhy, türkmen psihologiýasy mäkäm ornaşar.

Indi ahlak sypatlaryny emele getirmegiň ýollary barada. Okuw jaýynda ahlak terbiýesi esasan iki ugur boýunça amal edilýär. Birinjisi-okuw prosesinde, ikinjisi-synpdan we mekdepden daşary terbiýeçilik işleri geçirilende.

Mekdep bilimniň mazmunynda örňäp-ösüp barýan nesli ahlaklylyk ruhynda terbiýelemegiň mümkinçilikleri az däl. Her bir okuw predmetiniň ahlak terbiýesini bermekde roly bar, ýöne olaryň käbiri tutuşlygyna diýen ýaly ahlak meseleleri. Meselem; türkmen taryhy, edebiýat, geografiýa predmetleri ahlak düzgünlerine ýugrulan.

2. Synpdan we mekdepden daşary geçirilýän terbiýeçilik çäreleriniň her biri ahlak terbiýesinden üzňe däldir. Dürli guralýan gurnaklardyr, ekskursiýalar, duşuşyklar, söhbetdeşlikler, dürli guralýan medeni çäreler arkaly ahlak terbiýesini ýaş nesli terbiýelemekde ähmiýeti örän uludyr.

## Akyl terbiýesi.

Akyl terbiýes i- bu köptaraply giň düşünje bolup, her bir ynsanyň akylly-başly, sowatly, düşbi, ugurtapyjy bolup ýetişmegine göz öňünde tutýar. Türkmen halky geçmişde-de ýaş nesliň ylymly-bilimli bolup ýetişmegine aýratyn ähmiýet beripdir, tebigat dünýäsiniň, jemgyýetçilik durmuşynyň dürli taraplary hakyndaky düşünjeleri onuň aňyna siňdirip gelipdir, çünki türkmenler bilimli, sowatly kitaphon adamyň birek-birege, goňşulara beýleki adamlara hemişe hoşniýetli, mährem bolýanlygyna, kesekiniň malyna göz gyzdyrman, halal zähmet bilen ýaşaýanlygyna, halklaryň arasyndaky dostluga biparh garamaýanlygyna kalbynyň päk, ýüreginiň arassa bolýanlygynyň örän gowy düşünipdirler. Ata- babalarymyz „ Bilegi zor birini ýykar, bilimi zor müňini“ diýmekleri

bilen halkymyzyň taryhy beýikligini saklamak üçin, döwrüne laýyk ösüşini gazanmakda kemala gelýän nesilleri akyl taýdan terbiýelemiň zerurlygyny göz öňüne tutýar.

Häzirki wagtda akyl terbiýesi bilim ulgamy bilen goşalaýyn ýagdaýda amala aşyrylyp, sapaklaryň üsti bilen dialektiki dünýägaraýşy çuňlaşdyrmak, ýönekeý hasaplamalaryň üsti bilen, meseleler çözmek arkaly logiki pikirlenmegi kämilleşdirmek-ýagny, akyl terbiýesiniň kemala gelmegini üpjün edilmegi göz öňünde tutulýar. Şonda mekdep okuwçylarynda aşakdaky düşünjeleriň , dünýägarýyşy häsiýetlendirýän ymtylyşlaryň, endikleriň ýüze çykmagyna getirýär.

Bu terbiýäniň dowamy mekdebiň predmet gurnaklaryň, mekdepden daşary çagalar edarlarynyň, ýörite mekdepleriň, zähmet kollektiwleriniň, metbugatyň, radio-telewidenýäniň, ylymyň hem-de tehnikanyň üsti bilen amal aşyrylýar, ýöne onuň mazmunyna öz –özüňi terbiýelemek hem hökmandyr.

Akyl terbiýesi okuwçylary ylymlaryň esasy bilimler ulgamy bilen ýaraglandyrýar. Ylmy bilimleri almak bilen okuwçylarda ylmy dünýagaraýşyny esaslary emele gelýär. Bilimler ulgamynyň aňly özleşdirmegi çaganyň logiki ösüşine, ýadyna, ünsüne, göz öňüne getirişine, akyl başarnyklaryna, tebigy zehininiň ösmegine ýardam edýär.

Akyl terbiýesiniň wezipeleri:

- kesgitlenen bilimleriniň möçberini özleşdirmek;
- ylmy dünýä garaýşy kemala getirmek;
- akyl güýjüni, başarnyklaryny we zehinleri ösdürmek;
- bilesigelijiligi ösdürmek;
- bilesigelijilik işjeňligini kemala getirmek;
- öz bilimleriniň üstüni dolduryp durmak, umumy bilim we ýörite taýýarlyk derejäni ýokarlandyrmak, ösdürmek, talaplaryň ösüşi.

Akyl terbiýesiniň mekdebiň esasy wezipeleriniň birdiginiň gymmatlygy inkär edilmeýär. Ýöne akyl terbiýäniň gönükdirilenligi ata-enelerde, okuwçylarda, giň köpçülikde käbir garşylyklaryň ýüze çykmagyna getirdi. Sebäbi onuň mazmunyny köp babatda şahsyýeti ösdürmäge gönükdirmän, ony bilimler, başarnyklar, endikler bilen ýaraglandyrmaga gönükdirildi. Bu ýagdaýda çagada dünýä emosional – gymmatlyklar hökmünde garamak, söhbetdeşlik tejribesi terbiýeden düşürilip galdyryldy. Durmuşyň tiz üýtgeýänini jemgyýetiň we şahsyýetiň talaplarynyň täzeleýänligini göz öňünde tutup, pedagoglaryň köp bölegi bilimiň gönükdirilenliginiň hemişe täzelenip durmagyny talap edýärler.

Ýaş nesli terbiýelemekde mugallym, terbiýeçi ene-ata çaganyň içki dünýäsine aralaşmaly. Onuň içki ruhy güýçleriniň aýratynlygyny, islegini, höwesini, pikirlenmesini, ünsüni, ýadyny, arzuwyny öwrenmeli. Şeýle hem çaganyň döredijilikli özbaşdak işlemäge bolan ukybyny, güýjüni, garaýşyny, ýaş aýratynlygyny nazarda tutmaly.

Mugallym çagada okamaga, bilimleriň esaslary bilen ýaraglanmaga, işlemäge, öwrenmäge höwesi näçe güýçli terbiýeläp bilse, halal zähmet esasynda ýaşamaga, isleg

arzuwy şonça-da ýokary derejede terbiýelenýär. Şeýle ýagdaýda terbiýelenen çaga alan bäşliginden, çeken suratyndan, ýasan şekilinden, ýazan düzmesinden lezzet alýar

Mugallym okuwçynyň alan biliminiň esasynda isleglerini terbiýeläp, bilse, onuň ruhy taýdan kämilligine zähmetini ylmy esasda guramagyna täsir eden ilkinji ädimleri bolar.

Islendik görnüşdäki işi, ussatlarça ýerine ýetirýän adamlary ilki bilen mekdepde çuňňur, hemmetaraplaýyn alan biliminiň esasynda kemala gelýändigini bilýäris. Çaga heniz ýaş wagtynda okamagyň bagtly, eşretli durmuşa alyp barýandygyna, dogruçyl salyhatly adam boljakdygyna akyl ýetirip bilmeýär.

Mugallym başlangyç synpdan başlap çagalaryň ýaş indiwidual aýratynlyklaryny nazarda tutup, okamaga bilim almaga höwesini artdyrmak bilen çäklenmän, bilesigelijilik isleg-arzuwlaryny, höwesini oýarmaly. Geljekde olaryň lukman, inžener, mugallym we beýleki dürli kärleriň eýeleri bolup, ruhybelent nesil bolup ýetişjekdigini berk ýadynda saklamaly. Olarda saýlap alan hünärine bolan höwesi ýaşlykda terbiýelemeli. Mugallym we ata-ene çaganyň ruhy belent, şadyýan il-halkyny, Watanyny söýýän adam bolup ýetişmegine şert döredýär.

Ruhy taýdan baý bolmak – bu akyl ukyplaryň ösmeginde logiki pikirlenmäniň kämilleşmeginde, hakykata akyl ýetirmegi, döwletiň syýasy ykdysady, medeni ösüşlerine aralaşmagyň şatlygyny her gün başdan geçirýän wagtda döreýär.

Okuwçyda ruhy belentligi terbiýelemek üçin mugallym sapakda, synpdan daşary işlerde pikirlenmäni ösdürmeli we kämilleşdirmeli. Çaga ylmy-bilimleri çuň özleşdirmegiň netijesinde durmuşa taýarlanýar. Kä halatda okuwçylaryň mekdep praktikasynda käbiri bäşlik baha alyp okamagyna garamazdan, “gödek”, “öz bähbidini ilkinji ýerde goýýanlaryna” duş gelýäris. Şeýle çaga, ýetginjek, kämil adam bolup ýetişende-de diňe “men” ähli eşretler meniň üçin diýlen pikirden ugur alýar. Şonuň üçin çagalarda ýaşlykdan ahlak sypatlaryny dogry terbiýelemeli. Hakyky adamy terbiýelemek üçin ylmy-bilimleri, terbiýäni dogry talap edip, terbiýeçilik işlerini oňat ýola goýulsa, ol özüniň gowy miwesini berer.

Şu günki günde çaganyň hemmetaraplaýyn ösmegi üçin Bitarap, Garaşsyz diýarymyzda doly mümkinçilikler döredildi. Mekdepler, kitaphanalar, medeni, aň bilim edaralary, çagalar birleşmeleri, ýaşlar guramalary örän uly işleri ýerine ýetirýärler. Çagalar kino-teatrlardan başga-da telewideniýäniň gepleşiklerini birnäçe kanallardan görýärler. Bu zatlar çaganyň ösmegi üçin zerur emma, režim esasynda özüne degişli gepleşikleri görmekligi öwrenmelidir we endik etmeli.

Çaga üçin iň ýakyn dost kitap bolmaly. Ýaş nesil näçe köp kitap okasa, şonça-da geçmişimize, geljegimize akyl ýetirer. Mugallym her bir okuwçysynyň kitap söýmegini, ony yzygider okamagyny gazanmalydyr. Çaganyň edebi eserleri yzygider okamagy olaryň dil baýlygyny ösdürer, pikirlenmesini kemala getirer, ruhy taýdan baý bolmagyna täsir eder. Çaga kitaplardaky gahrymanlaryň oňat we erbet taraplaryny görýär. Adamlaryň gysganç – sahy, görüp – rehimdar, salyhatly, adalatly taraplaryna baha berýärler. Ýaltalary, iş

ýakmazlary tankytlaýar. Hakyky halal zähmetiň esasynda ýaşaýan, işleýän adamlaryň hataryna goşulmaga ymtylýarlar.

Çaga näçe köp okasa, onda ahlak sypatlar kämilleşýär. Ol öz obasynyň, köçesiniň ýaşuly adamlaryna, mugallymlaryna sarpa goýmagy başarýar. Sebäbi çaga durmuşa degişli onlarça kitaplary okap, ýaşuly nesliň wekilleriniň nähili ýollar geçendigini bilýär. Özüniň ýaşaýan bagtly döwri bilen ata-babalarymyzyň ýaşaýyş – durmuşyny deňeşdirip görýär. Kitaplaryň üsti bilen öz aslyna göz ýetirýär. Ýamana, ýagşa nähili baha bermelidigini öwrenýär.

Eger-de çaga kitap okaman, diňe mekdebe gelip üçlik baha alyp gidýän bolsa, şeýle çagada pikirlenme aňyrda dursun, ol özüniň wagty nähili geçirmegini bilmän, ýüregi gysyp zordan mekdebe gelip gidýär. Beýle çaga ulyny-kiçini bilmez. Ata-babalarymyz “Ulalanda iş hoş ýakmaz ýaşlykdan köýmän ýigide” diýlen nakyly ýöne döretmändir.

Şü günki günde Bitarap Garaşsyz Türkmenistan döwletimiz XXI Altyn Asyra gadam basdy. Hormatly Prezidentimiz Ruhy taýdan baý nesli terbiýelemek üçin ýörite her bir çykyşynda ýaş nesliň terbiýesini belleýär. Mekdepleriň işini täzeçe guramaklyga halkyň ruhy baýlyklaryny, çaganyň aňyna ýetirmäge aýratyn üns bermegi nygtaýar.

Biz şu günki günde terbiýelenýän ýaşlarymyzda onuň durmuşa nähili taýýardygyna, olaryň ruhy taýdan ösüşiniň nirä gönükdirilendigine, nämäni özleriniň idealy hasap edýändiklerine üns bermelidiris.

Okuwçynyň bilim almaga bolan gyzyklanmasy mugallymyň ussatlygyna baglydyr. Çaga islendik ýagdaýda, dürli kynçylyklara duş gelende ilki bilen mugallyma ýüzlenýär. Şonuň üçin hem mugallym çaga, ula hormat goýmaly, ony mähir bilen gurşamaly. Şonuň netijesinde onuň özbaşdak pikirlenmesini ösdürmeli, kynçylykdan baş alyp çykmagy öwretmeli, okuwçynyň her bir kemçiligine ýa-da üstünligine baha bermeli. Bu ýagdaý okuwçyda çüň intelektual duýgyny döredýär. Ol akyl işinden kanagatlanýar. Okuwçy mysal ýa-da mesele, gönükme ýa-da ýumuş ýerine ýetirende özünde bar bolan bilimlere esaslanýar. Täze alan bilimi bilen öňki biliminiň üstüni dolduryp, barha kämilleşýär. Netijede, onuň täze, çylşyrymly ýumuşlary çözmek mümkinçiligi ösýär.

Eger-de okuwçy yzygider bilim almasa, islendik meseläni, mysaly, gönükmäni işläp bilmän, kynçylyk çekýär. Onuň aňynda gapma-garşylyk emele gelýär. Şony ýeňip geçmek üçin okuwynyň ähli derslere yzygider taýýarlanmagyny gazanmaly. Şeýle-de mugallym olara igenmän, täsir etmegiň dürli ýollaryny gözlemeli. Çaga näçe gowy okasa-da ýalňyşyp biler. Onuň mysal, meseläni nädogry işlemegi mümkin, şeýle hem, gönükmäni ýerine ýetirende orfografik ýalňyşlary goýbermegi mümkin. Şonda mugallym çagada ýalňyşlyk goýbermekden, nädogry jogapdan gorkmazlygy terbiýelemeli. Gorkmaklyk akyl işini pikirlenmäni bökdeýär, psihikany bozýär. Netijede çaga gaharlanýar, öz-özüne göwni ýetmeýär. Mugallym bolsa özüni sypaýy, mähirli alyp baryp, çaga täsir etmeli. Onuň öz ýalňyşlaryny tapmagyna, ony düzetmegine, ýalňyşmagyň nähili sebäbiniň bolandygyny öwretmeli. Sebäbi olaryň her biri ertirki işgärler, wezipeli adamlar bolup ýurduň ösüşine öz goşandyny goşmaly. Ýaşlykda çaga berlen terbiýe olaryň oňat adamlar bolup ýetişmegine täsir eder.

Mugallym çagalara ýaşlykdan öz-özünden talap etmek, kemçiligini düzetmäge çalyşmak, edýän işleriň barada öz-özüne hasabat bermegi terbiýelemeli. Öz-özüňden talap ediji bolmak adamyň pikirlenmesi bilen baglanyşyklydyr. Çaganyň pikirlenmesi mekdebe çenli döwürde oýnawaçlary söküp-düzüp, täze zatlary ýasamak bilen ösýär.

Başlangyç synpda çagada obrazly pikirlenmek ösüp başlaýar. Çaga görnüp duran zatlar bilen işlemän, olaryň obrazlary bilen işleýär. Çaga bilimleriň esasyny bermekde pikirlenmäniň dürli görnüşlerini ösdürmek mugallymyň esasy wezipesidir. Mugallym çagany okadýan döwründe bir synpdaky okuwçylaryň hem şol bir wagt aralygynda olaryň özleşdirýän bilimleriniň çuňlugynyň dürlüçedigini görýär. Bilimleri pes derejedäki çagalar bilen goşmaça sapaklary yzygider guraýar. Netijede olaryň hem bilimlerini ýuwaş-ýuwaşdan ösdürýärler. Bu ýagdaý olaryň psihikasynyň durnukly hilleriniň esasynda bolup geçýär. Synpdan synpa geçmek bilen okuw materiallary çylşyrymlaşýar we beýle çagalaryň arasyndaky tapawut hem ulalýar.

Çagalara bilimleriň esaslaryny bermekde olaryň biri-birinden düýpli tapawutlarynyň bardygyny mugallymlar ýatda saklamalydyr. Çagalaryň birnäçesiniň ýady, ünsi pikirlenmesi güýçli bolýar. Okuwçylaryň alan bilimleriniň esasynda logiki pikirlenmesi ösýär. Aglaba köp okuwçylar ylmy-bilimleriň esaslaryny çuňňur we ýeňillik bilen özleşdirýär. Käbirlerinde bolsa ahlak hiller tiz ösýär. Ýagny bilimleri özleşdirmäge intellektual duýgusy, borç duýgusy, ahlak keşbi boýunça tapawutlanýar. Olar intellektual işe ukyplylygyny, durnukly, sabyrly, çydamlylygy bilen tapawutlanyp bilýän adamlar bolup ýetişýär. Bu hilleriň ählisi takyk çagada özara utgaşyp şahsyýetiň intelektiniň indiwidual hillerini düzýär. Çaganyň bilimini çuňlaşdyrmak üçin olaryň güýçlüsini-de, gowşagyny-da aýratynlykda hasaba almaly. Olar bilen işlemegiň dürli ýoluny gözlemeli. Okuwçynyň psihiki aýratynlyklaryny hasaba alyp, ony okatmaly, terbiýelemeli we ösdürmeli.

Bilim bermeklik okatmaklyk okuwy ylmy esasda guramakda okuwyň mazmunyny kämilleşdirmek yzygider bolmaly, erjelligi, öz kärini söýmegi talap edýär. Eger mugallym işi şeýle guramasa, onda okuwçy ýeňil materialy özleşdirip, ýokary baha alýar. Onuň akyl taýdan ösüşi peselýär. Material kynlaşdygyça ýetişmän başlaýar. Netijede, akyl ukyplyklaryň ösüşi gowşaman, eýsem ahlak sypatlary hem peselip başlaýar, öz şowsuzlygynyda çaga beýlekileri aýyplaýar, müňkirlik, ynamsyzlyk döreýär.

Bilimleri gowşak özleşdirýän çagalaryň akyl ukyplylygy pes bolup, durnuksyz, akyl ýetirmek haýal depginde bolýar. Olar synpdan-synpa geçdigiçe yza galýarlar. Onuň öňüni almak üçin şeýle pedagogiki usullardan peýdalanmak bolar. Mugallym çaga yzygider sistematik bilim bermeli. Öwredilýän materiallary ýönekeýden çylşyrymlaşdyrmaly. Görkezme esbaplara daýanmak, ýönekeý mysal, meseleleri işletmek, soňra öwredilýän ýumuşlary çylşyrymlaşdyrmak, geçilenleri gaýtalamak, okamak bilim almak endiklerini ösdürmäge üns bermeli. Şeýle-de dogry baha bermegi, öz güýjüne ynanmagy öwretmeli. Beýle çagalaryň daşky tankydy belliklere örän duýgurdygyny hasaba alyp, olar bilen örän mylaýym aragatnaşykda bolmagy zerur. Sebäbi kä halatda okuwça özüniň ýoldaşy mugallymdan oňat täsir edip bilýär. Şeýlelikde çagadaky indiwidual psihologiki hilleriň üç

görnüşide täsir edýär, okatmaklyk, intellektual işe ukyplylyk we intellektual ökdelik. Olaryň iň oňat utgaşmasy ylmy bilimleriň esasyny almakdyr, işe ukyplylygy ýokarlandyrmakdyr.

Mugallym öz üstünde yzygider işläp, hemişe gözlegde bolup, öz bilimini, tejribesini artdyryp duranda okuw we terbiýeçilik işinde oňat netije gazanyp biler. Garaşsyz ýurdymyzyň gülläp ösmegine öz mynasyp goşandyny goşar.

Biziň terbiýelän ylymly-bilimli ýaşlarymyz ruhubelent, Watany, il-halkyny, Prezidentini söýýän adamlar bolmaly. Muny bolsa bizden Garaşsyz Diýar, hormatly Prezidentimiz talap edýär.

## Çagalaryň ýaş aýratynlyklaryny göz öňünde tutup ahlak sypatlary terbiýelemek

### Başlangyç synp okuwçylary:

(I – IV synp)

**Ösüp gelýän ýaş nesliň 1-nji synpdan başlap Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan döwletiniň raýatydygyny, Hormatly Prezidentimiziň ýaş nesil barada hemişe alada edýändigini öwretmek, döwlet senasyny, mukaddes kasama bolan wepalylygy terbiýelemek.**

Arassaçylygy, ertirki gimnastikany ýerine ýetirmek endik ukyplaryny, wagtynda dogry iýmitlenmegi, öz şahsy zatlaryny arassa saklamaklygy öwretmek.

Öz ýakynlaryna, dostlaryna hormat goýmaklygy, tebigaty söýmekligi öwretmek.

Sapaklarda döredijilikli işlemekligi, surat çekmek, aýdym aýtmak endik ukyplary kemala getirmek, zähmet terbiýesini bermek.

### Orta synp okuwçylary:

(V – VII synplar)

- **öz Watanyň raýatlaryny, Konstitutsiýasyny, Kasamy, Döwlet senasyny bilmek;**
- Watany söýmek, öz sözünde durmak, zähmet adamyny sylamak;
- öz mertlik, erk, berk häsiýet maksada gönükdirmeklik, talapkärçilik terbiýelemek; çilim çekmäge, arakhorluga, narkotik maddalary çekmäge garşy çykyş etmek;
- Watanyňy söýmek, öz sözüňde berk durmak, arassa zähmet bilen ýaşaýanlary sylamak;
- Milletine garamazdan deň-duşlary bilen dostlaşmak, hakyky, dostlary bilen çyn ýürekden gatnaşmak;
- Jemgyýete peýdaly işe, mekdebiň bakjasynda tertipli jogapkärçilikli, açyk göwünli işlemek;
- özünde we dostlarynda ýüze çykan kemçiliklere garşy göreşmek;
- adamkärçiligi saklamak; halkyň emlägini, medeni ýadygärlikleri goramak;
- kyn güne düşenlere kömek etmek;
- okuwda, işde çeperçilikde dörediji bolmaly;

**Ýokary synp okuwçylary:**

(VIII – X synplar)

- **halk bilen bir hatarda özüniň Watanyň öňündäki borjuny ýerine ýetirmekligini, parahatçylyk, jemgyýetiň baýlygyny köpeltmek üçin işlemekligini bilmeli;**
- özüni ele alyp bilmeli, hünär almaly, özüňe we dostlaryňa talap ediji bolmaly, Watany goramaly;
- öz halkyňy, ruhy medeniýetiňi, beýleki halklaryň medeniýetini söýmeli;
- milletine garamazdan dostlaşmaly, dostuňa wepaly bolmaly;
- okuw-önümçilikde, daýhan birleşiklerde, zähmet çekmeli; kompýuter tehnologiýasy we täze tehnikany öwrenmeli, özleşdirmeli;
- arakhorlyga, çilim çekmeklige, narkotiki jisimleri çekmeklige, tertip-düzgün bozanlara garşy göreşmeli;
- halkyň emlägini, zähmet gurallary aýawly saklamaly;
- öz dostlaryňa okuwda, işde, durmuşda, sportda üstünlik gazanmaga kömekleşmeli;
- zähmetde, sungatda, aragatnaşykda gözellik döretmeli.

Okuwçylara ahlak terbiýesini bermegiň esasy serişdeleri okuw, oýunlar, synpdan we mekdepden daşary terbiýeçilik işleri, çagalar we ýaşlar guramasynyň işi, maşgala, okuwçylaryň ýaşaýan ýerlerinde geçirilýän terbiýeçilik işleri.

Okuw. Ahlak sypatlary kemala getirmekde öwrenilýän ähli dersleriň orny ulydyr. Şonuň bilen birlikde edebiýat, taryh dersleri ahlak terbiýesini bermekde aýratyn orun tutýarlar.

## DÖWLETMÄMMET AZADYNYŇ “WAGZY–AZAT” ESERINIŇ, MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ GOŞGULARYNYŇ TERBIÝEÇILIK ÄHMIÝETI.

Pedagogikanyň taryhy kursunda Döwletmämmet Azadynyň, Magtymguly Pyragynyň we beýleki beýik türkmen akyldar – klassikleriniň döredijiliginiň çuňňur öwrenilýändigini göz öňünde tutup, biz olaryň döredijiliginiň terbiýeçilik ähmiýeti we ulanylyşy barada gysgaça durup geçeris.

XVIII asyryň görnükli alymy şahyry Döwletmämmet Azady tarapyndan ýazylan “Wagzy – Azat” eserinde ahlak terbiýesine degişli örän uly gymmatly pikirler öňe sürülýär.

Şahyr “Wagzy-Azat” kitabynda taýpalary birleşdirip bir bitewi döwlet gurmak, XVIII asyrdaky sosial gatnaşyklary belli bir derejede ýagşylandyrmak, maşgalany oňat terbiýelemek, halky bilimli etmek ýaly şol döwre zerur bolan esasy meseleleri öňe sürýär. Şu pikirler Magtymguly tarapyndan we ondan soňky şahyrlar Seýdi, Kemine, Zelili, Mollanepes, Mätäji ýaly söz ussatlarmyz tarapyndan XIX asyryň şertlerinde dowam etdirilýär.

Hazirki zaman türkmen edebiýatynda-da K.Gurbannepesow, B.Hudaýnazarow we beýleki şahyrlar öz goşgularynda, poeziýalarynda ahlak terbiýesine aýratyn üns berýärler.

Döwletmämmet Azadynyň “Wagzy-Azat” kitaby türkmen durmuşynyň köp tarapyny öz içine alanlygy sebäpli, onda adama akyl beriji, ahlaky-didaktiki wagyzlar uly orun tutýar. Adamlaryň arasynda dowam edýän gybatkeşlik, ýalançylyk, töhmetatmak ýaly ýaramaz häsiýetler kitapda berk ýazgarylýar. Zulum edijini “Ol dünýäniň” azaplary bilen gorkuzyp,

durmuşda gabat gelýän işleriň ulanmazlygynyň tarapynda durýar we “Gör koluňdan gelse, kylgyn eýgilik” diýyär. Ol ejize ýagşylyk etmegiň zerurdygyny nygtaýar.

Şahyr adamlaryň biri-birini ynjytmazlygyny, özara oňşukly ýaşamagyny, her kimiň öz zähmeti bilen güzeranyny dolandyrmagyny isleýär. “Wagzy-Azat” kitabynda maşgalanyň özara gatnaşygyny, ata-enäniň çagalaryny oňat terbiýelemelidigi we çagalaryň ata-enäni sylamalydygy barada aýdylýar. Bu ýerde maşgala agzalaryny mäkäm agzybirlige,birek-biregi hormatlamaklyga çagyryp, eseriň ideýasy tertipleşdirilen usulda umumy ýüze çykarylýar. Azady eseriň dowamynda pikirini ösdürip, umumylykdan anyklyga geçýär, perzendiň ata-enäniň öňündäki borjuny ýeke-ýekeden aýtmaga başlaýar we olar kyrk sanydyr diýip hasaplaýar. Bu borçlary hem dört topara bölüp, olaryň onusy ten bilen (zähmet çekmek). Onusy dil bilen, beýleki onusy köňül bilen, soňky onusy-da mal (harajat) bilendir-diýyär.

Soňra şol toparlary-da birnäçe böleklere bölüp, has aýdyňlaşdyrýar. Bu ýerde ata-enä edilmeli hyzmatlaryň şeýle ownuk toparlara bölünmegi, ilkinji nobatda, perzendiň olary razy etmegi bilen baglanyşyklydyr. Ikinji tarapdan hem şu hyzmatlaryň ýerine ýetirilişi bilen baglanyşykly olaryň öz çagalaryny nähili terbiýeländikleri görünýär.

Azady ene-ataňa ten bilen hyzmat etmeli diýeninde zähmeti nazarda tutýar. Perzent ýaşlygyndan başlap bildiginden hojalyklaryna ata-enesine hyzmat etmeli. Ol halanmaýan, gadagan edilen zatdan daşda bolmaly özüne aýdylan zerur işi ýerine ýetirmeli. Her bir zady özi etjek bolanynda olary hormatlan enesiniň we atasynyň razydygyna göz ýetirmeli, olaryň islemedik ýerine gitmeli däl. Ozal bir ýere gidip, perzendiň öýde wagty ene-ata gaýdyp gelse, olary garşylamak zerur ýa-da ilki gidenlerinde, ýoldaşa mätäç bolsalar, ýanlaryndan galmaly däl. Çagyran wagty ýanlaryna tiz baryp, olaryň möhum işi üçin hiç bir güýjüni, zähmetiňi gaýgyrmaly däl.

Bu ýerde Azady durmuşda bitirip bolaýjak ýumuşlary perzendiň borjy hasap edýär. Ol wezipeler bolsa adamlaryň özara gatnaşyklaryna, ýaşaýyşlaryna syn edilip çykarylan progressiw netijelerdir, wagyzlardyr.

Şahyr dil bilen ene-atanyň göwnüni tapmak barada aýdan-da, geplemekligiň edep normalaryndan söz açýar. Hemme ýerde tertipli bolmagy halaýan Azadynyň düşündirişine görä, perzent gepleşende ata-enesiniň owazyndan öz sesini pes edip sözlemeli. Olaryň ýanynda edepsiz, bihaýa sözleri aýtmaly däl. Hoşluk, ýumşaklyk bilen gürrüňleşen wagtynda-da olaryň ýüzüne dogry bakyp durmaklyk gelşiksiz. Eneň-ataň adyny tutup, gaharly, kineli, batly söz aýtma we bir zady “et, etme” diýip ýumuş buýurma. Dil bilen berjaý edilmeli edeplilige perzentleriň ene-atasynyň ýanynda tüýkürmezligi, biderek gülmesligi we pyňkyrmazlygy hem goşýar. Şahyr bu ýerde adama başaraýjak nesihaty ýöredýär.

“Wagzy-Azat” kitabynda ene-atany köňül bilen (ýürekden) gowy görmek meselesiniň goýluşy ýöne ýerden däl. Ýürekden söýülmedik zat adamynyň ýanynda hiç-hili hormata mynasyp bolup bilmez. Şonuň üçin olara edilýän hyzmatyň, aýdylýan hoş sözüň ýürek bilen bagly bolmagy zerurdyr. Şeýle ýagdaýda ene-atanyň hormatyna bagyşlanan hyzmatyň hakykydygy, çuňdygy ýüze çykýar. Perzent olary nähili söýmeli. Öz ýüregini, keýpini ene-

atasynyňkydan aýry saýman, şatlansalar begenmeli, gaýgylansalar tukatlanmaly, umuman şolar bilen bir howadan dem almaly. Durmuşda käwagt olaryň perzentlerine käýinmekleri-de mümkin, şonda dargursaklyk edip kine saklamaly däl. Tabşyrylan iş kyn bolsa-da gaharlanman, ýerine ýetirmän onuň tersine gitmeklik gelşiksiz. Şu esasy zatlaryň biri-de şahyryň düşündirişi ýaly, olaryň saglygy barada aladalanmaklykdyr. Perzent ene-atasynyň näsaglan wagty olaryň derdine derman agtarmaly.

Azady bu ýerde hem maşgala agzalarynyň hemmesiniň mäkäm agzybirlikde ýaşamaklarynyň zerurlygy barada aýdyp, olaryň arasynda biri-birine sap söýginiň hakyky hormatyň zerurdygyny nygtaýar.

Döwletmämmet Azady ene-atanyň “Mala we waberste bolgaý haklary” diýip örän ýerlikli aýdýar. Ata-ene wagtynda zähmet çekmek özleriniň çagalaryny ekleseler-de, ýaşlarynyň köneleşmegi bilen güýçden gaçyp kyn işleriň hötdesinden gelip bilmeýärler. Şundan soň olar köplenç maşgalanyň kömegine mätäç bolýar. Şeýle ýagdaýda perzent özüni sowukdan, yssydan gorap atasyny, göwsünden süýt beren, kemala getiren enesini, mahlasy özüni adam sanyna goşanlary eliniň aýasynda saklamaly. Şahyryň pikiriçe olary özünden ileri tutmaly, zähmetiň bilen gazanýan zadyňyda keýpi kök harçlamaly.

Durmuşda dürli zatlaryň gerek bolmagy mümkin, şonda olary öňünden bitýän zada zar etmejek bolup aladalan, tapýan harçlaryňy hem gysganman, eliňi açyk tut. Eneň-ataň ýanyna işli aladaly ýa-da keýpine gürrüňleşmäge doganlary, dostlary gelse, olary myhman al, hormatla, hyzmatlaryňy artyk görme. Şahyr kitabynda görkezen şu öwütleriniň birini-de kemini goýman ýerine ýetirmegini okyjysyndan, diňleýjisinden haýyş edýär.

Azadynyň adamkärçiligiň ündeýän şeýle wagyzlary maşgala aragatnaşygynyň çuňňur öwrenilmegi netijesinde ýüze çykýar. Döwletmämmet Azady adamlaryň ylalaşygy, terbiýesi barada söz açanda diňe maşgala agzalarynyň arasyndaky abzybirlik barada aýdyp çäklenmeýär. Dogry ol maşgalada özara edepliligiň, sylaşygyň zerurdygyny nygtanyňda, pikirini has anyklap, ýeke-ýekeden düşündirmäge başlaýar. Okyjynyň ýadynda galar ýaly uşajyk bölekleri hem ýatlaýar. Adamlaryň köpçülikleýin agzybirligini isleýän şahyr pikrini soňra has giňeldýär, durmuşyň köp tarapyny görkezmäge çalyşýar. Ynsanyň köpçülik bilen edýän aragatnaşygyndaky edepliligi beýan etmäge başlaýar. Bu ýagdaý adamynyň köp zat bilen baglanyşyklydygyndan, durmuşyň dürli tarapyny öwrenmelidiginden gelip çykýar. Şahyr kemala gelip, öýlenen ýigidiň öz gaýyn atasy bilen oňat gatnaşykda bolmalydygy barada birnäçe akylly pikirler aýdýar. Giýew gaýnynyň gaharyny getirmeli däl, ynjytmaly däl, onuň göwnünden turmaly, hormatyny saklamaly diýip belleýär. Bu hili sylaşykly bolmagyň iki taraplaýyn oňat netijesi bar, ýagny birinjiden, gudalaryň arasy saz bolar, ikinjiden, ýigit bilen gelniň durmuşy ylalaşykly bolar.

Azady adamlaryň bilimli bolmagyny isleýär. Ylym öwrenenleriň bolsa, ussadyny, mugallymyny belent hormatlamalydygyny aýdýar.

Gürrüňleşilip durlan wagty, ussadynyň sözüni bölmeli däl. Mugallymy öz janyň ýaly eziz görmeli, onuň sarpasyny ataň-eneňki we gaýyn ataňky ýaly tutmagy şahyr belleýär. Azady goňşular, garyndaşlar bilen ylalaşykly bolmaklyga-da uly üns berýär. Olara rehimli

bolmagy halaýan şahyr agzybirlige ündäp her bir adamynyň töweregini hormatlamalydygyny aýdýar. Azady agzybir adamlaryň ömürleri uzak bolar, yrsgallary arassa bolar diýip düşünýär we okyjyny goňşylary bilen asuda ýaşamaga çagyrýar.

Döwletmämmet Azady adamynyň mertebesini hemme ýerde belent tutmagy eseriň üsti bilen köpçülige ündäp, mydama birek-biregiň halyny sorap durmagy, durmuşda mätäje kömek bermegi wagyz edýär. Onuň nesihatlaryny berjaý edýän adam öz güýjüni zähmetini köpçülikden gaýgyrmaly däl, durmuşda bagtsyzlyga, derde uçran biçäräni unutmaly däl. Näsagyň göwni göteriler ýaly, yzasy azalar ýaly ýygy-ýygydan ony sorap durmaly. Şahyryň berýän bu maslahatlary halkyň durmuşy bilen berk baglanyşyklydyr, sebäbi köpçülikden arasy üzülen wagty, adama ýaşamak mümkin däl, ol ýaşaýyş serişdelerinden mahrum bolýar.

Şonuň üçin şahyr hiç kimiň heläk bolmagyny islemän, köpçüligiň güzeranlaryny özara arkalaşykly dolandyrmalydygyny aýdýar. Azadynyň şular ýaly akyl beriji öwütleriniň ençemesi şu günler hem öz ähmiýetini ýitirmän gelýär.

Azadynyň iň eziz görýän zady adam. Adamyny kemsitmeklik, ulumsy bolmaklyk, şahyryň pikiriçe iň uly aýyp. Şonuň üçin ol köpçülige kiçi göwünliligi ýönekeý bolmagy nygtaýar. Azady agzybirligiň mäkäm güýçlüdigine, halk üçin bagtdygyna düşünýär, adamzat üçin asuda ýaşaýşy hem şundan agtarýar. Onuň pikiriçe hemme kişi biri-birini sylasa, özgä zorluk, ýamanlyk etmese, hiç hili erbetlik bolmaly däl. Agzybirlik iň belent bagt, hemme eşret şonda, şol bagty bolsa adamynyň gazanmaga gurbaty ýeter diýýär. Azady XVIII asyryň garaňkylygynda, ýaşasa-da, çaga terbiýelemekde erkegiň we aýalyň arasynda parh goýmaýar. Azadynyň ynsanperwerligi hem şu ýerde belli bolýar.

Döwletmämmet Azadynyň çagalaryň ene-atasynyň öňündäki borçlarynyň her haýsyny bir tema edip, şonuň bilen bagly terbiýeçilik çäreler geçirip bolar.

Mysal üçin: Ata-enäniň öňündäki on sany ten bilen (zähmet çekmek) ýerine ýetirmeli borjunyň terbiýeçilik, ähmiýeti, “Ata-enäniň öňündäki onsany dil bilen ýerine ýetirmeli borçlar we olaryň bilim berijilik we terbiýeçilik ähmiýeti”, “Ata-enä köňül bilen hyzmat etmegiň on borjy we olaryň terbiýeçilik häsiýeti”, “Mal (harajat) bilen ata-enäniň köňlüni almak” we başga temalar boýunça çekişmeler, ata-eneler ýygnaklaryny, seminar, leksiýalar geçirip bolar.

Talyplara kurs işler, referatlar, dokladlar ýazdyrmak üçin şu aşakdaky temalary ulansa bolar: “Döwletmämmet Azady beýik akyldar”, “Döwletmämmet Azadynýn döredijiligi we häzirki zaman terbiýe meselesi”, “Döwletmämmet Azady ata-enä hyzmat etmek barada” we şuňa meňzeşler.

Döwletmämmet Azadynyň çagalary terbiýelemek, adalatlylyk, agzybirlik adama hormat goýmaklyga degişli pikirleri beýik şahyr Magtymguly tarapyndan dowam etdirildi.

Magtymgulynyň keşbi mertligi, batyrlygy, watany wasp eden hyjuwly şahyr şekilinde, başarjaň terbiýeçi, wagyz nesihatçy hökmünde belent dikelip durýar. Munuň özi beýik şahyryň türkmen halkynyň öňünde bitiren işiniň çäksizdigini görkezýär.

Şahyryň döredijilik tematikasy örän giň. Onuň paýhasa baý poeziýasynyň ähli bölegini gumanistik äheňler berk maşgala durmuşyny gurmak, terbiýe tutýar. Magtymguly öz goşgularynda arassa ahlaklylygy, ýaramaz gylyk-häsiýetleri masgaralap ýazgarmak bilen, şol döwrüň syýasatyny berk tankyt edýär.

Şahyryň durmuşa synçylygy, ýitiligi, ahlak-didaktiki äheňe ýugrulan eserlerinde has aýdyň ýüze çykýar. Şonuň üçin Magtymgulynyň didaktikasy gowşak öwüt-ündew bolmakdan daşda bolup, ol şahyryň liriki gahrymanynyň döwrüň sosial nogsanlaryna garşy aktiw göreşiň iň özboluşly bir ugry durmuş tejribesinden syzylyp çykan hakykaty esaslanýandygyny gizlemeýär. Ol:

“Sözüm nesihatdyr, bir gulak salyň,
Bendesi men sözi hyrydar guluň”

diýýän setirlerinde şahyryň çekýän ruhy hasratyny duýmak kyn däl.

Hat-da ol: “Her sözüm bir dürdür gadryn bilene”

diýmek bilen gönümel parasatly öňden görüjilige baryp ýetýär. Şahyr adamlaryň dünýä gelenden soňra manyly durmuşda ýaşamaklygyny wasp edip, şeýle ýazýar:

“Häşgi adam bu dünýäge gelmese,
Gelenden soň, ömur sürse, ölmese,
Goldan gelen ýagşy işiň bolmasa,
Köňül içre ýagşy niýet ýagşydyr”.

Adamlaryň oňat ýaşamaklary üçin bolsa şahyr päliň-niýetiň düzüw bolmagy, şeýle-de “Myradym – nesihat etmekdir halka” diýip, sözüni dowam etdirip, döwürdeşleriniň ahlak gatnaşyklarynyň manyly ömre gulluk etmegi üçin aladalanýar. Şahyryň bütin didaktiki ündewi özüniň ökdeligi bilen zamanasynyň ahlak päkligi, zamandaşlarynyň päliniň-niýetiniň hakyky adamkärçilik kadalaryna laýyk gelmegi ugrundaky göreşe syrygýar. Beýik ussat öz çeper sözüniň düýp mańzyňa sarpa goýulmagyny, oňa durmuş kitaby hökmünde garalmagyny yzygiderli terkarlamak bilen-de diňe şol göreş maksadyňdan ugur alýar.

Nep almagan kişi sözden öwütden
Enaýdygy bolmaz gury söwütden,
Deň-duş bilmez, many aňmaz ýigitden,
Agylynda yssy beren it ýagşy.

Öz öwüt-ündewine parhsyz garaýanlary şahyr gury söwütden enaýy görenok. Ol öz nesihatlaryny döwürdeşleri üçin uly döredijilik ähmiýetiniň bardygyna göz ýetirýär. Sebäbi Magtymguly belent ahlak sypatlaryň ündewçisi hökmünde orta çykýar.

Şahyr “Dostdan syryň gizleme” diýip, dostuňa wepalylygy wasp edýär. Özüniň ýaşan gapma-garşylykly döwrüniň kemçiliklerini ýüze çykaryp:

Gapyp gapdym, ýaranlar öz-özümden reştim ýok,
Hakdan gaýra hiç ýerde penahym ýok, puştym ýok,
Pikir bahryna girdim, ýelkenim ýok, keştim ýok,
Magtymguly, men mundan çykar ýaly deňetim ýok,
Elim bersem, tutan ýok, düşdüm düýpsiz ummana.

diýmek bilen, şol döwrüň garşylyklaryndan çykalga görkezýär.

Magtymgulynyň gylyk-häsiýet ahlaky eserleri sanardan köp bolup namys-ar, söz manysyny bilmek, ýagşy niýetlik, öwüt-nesihat goşgulary her bir maşgalada, mekdepde, okuw jaýlaryndaky ähli terbiýeçileriň stolunyň üstündäki gymmat maslahat beriji gollanma bolsa has-da ähmiýetli bolar.

Magtymguly Pyragynyň goşgularyny okan adam olaryň mazmunynda özüniň oý-pikirlerini, hal-ýagdaýlaryny, durmuşyny aýnadaky ýaly görüp bilýär.

Talyplar hem mekdep okuwçylary bilen terbiýeçilik işleri geçirilende Magtymguly Pyragynyň goşgularyna ýüz tutulsa kem bolmaz. Sebäbi haýsy terbiýeçilik temasyny alsaňda onuň mazmunyna degişli goşgy bardyr. Talyplar bilen ylmy işler, dokladlar, referatlar ýerine ýetirilende: “Magtymguly Pyragy – filosof”, “Magtymguly Pyragy – pedagog”, “Magtymguly Pyragy – ahlak terbiýesi barasynda”, “Magtymguly Pyragy – psiholog-fiziolog”, “Magtymguly Pyragy – ýaş döwürler we olaryň aýratynlyklary barada” we ş.m. başga temalar boýunça ýerine ýetirilse gowy bolar.

Mekdepde geçiriljek agşamlar, duşuşyklar, poeziýa günleri Magtymgulynyň döredijiligine bagly bolsa kem bolmaz.

Edebiýat sapaklarynda çeper eserler geçilende, şahyrlaryň döredijiligi öwrenilende mugallym olaryň işlerinde gahrymanlaryň häsiýetleri, özlerini alyp baryşlaryna baha berip olarda ahlaklyk barada düşünje özüni alyp barmaga terbiýeleýär.

Mysal üçin: Magtymguly-Pyragynyň döredijiliginde adamynyň asylly sypatlaryna – dogry sözli bolmaklyga, mylakatly aragatnaşyga, myhmanparazlyga uly üns berilýär. Şahyryň goşgularyny okap göreniňde onuň öwüt beriji, hemmeler tarapyndan hormatlanýan dana nesihatçydygyny derrew ykrar edýärsiň. Beýik akyldar hemişe öz okyýjysyny adamkärçilik häsiýetler, durnukly, edepli sypatlar bilen bezemäge çalyşýar.

Magtymguly özüniň eserlerinde adamyny we onuň adamkärçilik mertebesini birinji orunda goýýar. Ol birnäçe goşgy setirlerinde adamynyň dünýäde iň esasy orun tutýandygyny açyk aýdýar. Hakyky eşret bu real dünýäde diýip düşünilýär. Şonuň üçinde şahyr şu hakyky real dünýäde süýjülikli, oňat ömür sürmegi nesihat edýär.

Mollalar ahyret sözüni sözlärler;
“Münkür olma, geljek işdir”, eýlärler,
Kim biler ki, ahyretde neýlärler,
Iyip, içip, münüp, guçup öt ýagşy.

Magtymguly sabyrly, hoş sözli bolmaklygy ündäpdir.

Öňüň gara, ardyň gözle,
Hoş sözün diý, gahryň gizle,
Sözläbilseň ýagşy sözle,
Halk ýamanyň bizarydyr.

Magtymgulynyň döredijiliginde aýal-gyzlaryň edep-ekramy, ar-namysy görnükli orun tutýar.

Türkmen gyzynda edepliligiň, haýa-şerimiň – bütin gözelligiň nusgasy jemlenen. Bu barada şahyr “Durasyň geler” goşgusynda şeýle diýýär.

Gözel bardyr gözellerden zyýada,
Anyň hyzmatynda durasyň geler.
Edepli-ekramly mylaýmzada,
Tä ölünçäň bile bolasyň geler.

(Magtymguly saýlanan eserler. Tom 2, Aşgabat., 1959, 57 sah.)

Şol goşgusynda şahyr edepsiz, ula gulak gabartmaýan gyzlaryň bardygyny terkarlaýar.

Bardyr gözel sirke basar saçyny,
Artmaz-ýuwmaz tabagyny, daşyny,
Sylamaz atasyn ene ýaşyny
Anyň hyzmatyndan gaçasyň geler.

Magtymguly ýene birnäçe goşgulary maşgala, kowum-gardaş, çagalar, eşretli durmuşda ýaşamaklyk, är-aýallylyk meselelere degişlidir. Onuň köpüsi ata-enä hormat goýmaklygy öwredýär, öwüt-nesihat berýär.

Ýagşy oguldan rahmet arygy akar,
Lagnetkerde ogul boldy, bolmady –

diýen ýaly setirlerde bolsa, ol diňe bir ene-ata däl, eýsem il-ýurduna kömegi ýetmeýän ogluň dogulany bilen dogulmadygynyň arasynda kän bir tapawut goýmaýar.

Mylakatly maşgala gurmak meselesi Magtymgulynyň döredijiliginde iň köp üns sarp edilen meseleleriň biridir.

Dünýä sözi meňzär duzsyz tagama,
Söz içinde gelin-gyz hem bolmasa –

**diýen ýaly durnukly söz düzumlerine öwrülip giden setirler Magtymgulynyň aýal-gyzlaryň mertebesini belent tutandygyna, olara hormat goýmalydygyny wagyz edendigine şaýatlyk edýär. Onuň eserlerinde söýgi, sulhuň alyşma esasynda durmuş gurmaklyk, agzybir ýaşamaklyk ýaly ideýalar öňe sürülýär. Eger är-aýal biri-birine mynasyp bolmasa, ondan ýaman işiň ýokdugyny, eger ýigit öz söýgülisini alyp bilmese “Mydam aglap ýüreginde ot galjakdygyny” akyldar Magtymguly nygtapdyr.**

Hak her kime bir ýagşy ýar bermändir,
Sözi ahdyr, içi doly armandyr,
Ýüz ýaşasa, bäş gün ömür sürmändir,
Her kimiň mynasyp ýary bolmasa ...
Ýene bir ýagşy ýigide,
Ýaman hatyn duş bolmasyn ...

Halk nakyllarynda “Ýigidiň orta ýaşda aýaly ölmesin” diýlişi ýaly, şu pikiri nesihatçy şahyr Magtymguly-da görkezip geçýär. Aýaly aýal edýän erkek adam diýlip düşünilýän

bolsa, şu meselede şahyr aýal maşgalanyň-da roluny pese düşürmeýär. Ol “Ata meňzär” goşgusynda şeýle diýýär:

Pis äriň ýagşy hatyny
Dürri – bigymmata meňzär.
(Magtymguly saýlanan eserler.Tom 1, A.: 1959. 213, 159, 218 sah.)

Erkek kişiniň abraýyny ýokary galdyrmakda, onuň iliň içinde ýüzüni gyzartmazlykda aýal maşgalanyň rolynyň bolşy ýaly, ýigidiň-de öz aýalyna bolan gatnaşygynyň bu meselede möhüm ähmiýete eýedigini şahyr pugta nygtap geçýär.

Şeýlelikde, şahyryň eserlerinde maşgalanyň iki tarapynyň hem biri-birine mynasyp bolmaklygy esasynda guralan wagtda hakyky manysynda çözüldigi bolýar – diýen pikir bu meseledäki ähli pikirleriň merkezinde durýar.

Beýik şahyryň terbiýeçilik goşgularynda bet ahlagy dogry ýola gönükdirmeklige köp üns berilýär. Erbet gylyk-häsiýetleri berk tankytlamak bilen Magtymguly şeýle häsiýete endik edinen adamlary dogry ýola çagyrýar. Mysal üçin, ol:

Ömrüň ýele berme, azma ýoluňdan,
Agyrtmagyl iliň-günüň, gybatkeş –

diýmek bilen gybatkeşi ýaňadandan terbiýelemek isleýär. Çunki gybatkeşlik iň bir ýaman häsiýetleriň biridir, ol ýary – ýardan, dosty – dostdan aýyrýar.

Aklyň bolsa, abraýly kişiniň,
Ýamanyň örtübsi ýaýyň ýagşysyn.

Mälim bolşy ýaly, şahyryň ýaşan döwründe höküm süren açlyk, çydamsyz horluk halkyň dürli gatlaklaryna dürlüçe täsir edipdir. Ruhy tarapdan ejizler göwnüçökgünlige ýüz urupdyrlar. Az wagtlyk bolsa-da, jebir-sütemden dynmak üçinem beňe-neşä ulaşan ýigitler tapylypdyr. Bu ýagdaýlar şahyry uly alada goýupdyr. Halkyň kem-kemden bu käre uýgunlaşmasy şahyrda tükeniksiz gaýgy döredipdir. Bu ýagdaýa döz gelip bilmän, şahyr aşakdaky ýaly setirlerini ýazypdyr.

Şeýle duşmandyr ki taňla –
başyňyzy aýlaýyr.
Wagty ýetmän solduryp,
bu jismiňiz läş eýleýir.
Gaýgy hesret ýok ekenler,
çeşmiňiz ýaş eýleýir.
Her zaman düýt ýurtduryp,
öýkeniňiz daş eýleýir.
Bary gapyl olmaňyzlar,
şeýle betkärdir çilim.

Magtymgulynyň goşgularynda edep-terbiýe, ahlaky pikirleri ündemekde esasy serişde öwüt-ündew etmek.

Halk arasynda “Edep salamdan başlanýar,” diýlen gürrüň bar. Bu babatda şahyr:

Öňde, yzda görseň, her kes gulamyn,
Ondan aýamagyl taňry salamyn – diýip nesihat edipdir.
(Magtymguly. Saýlanan eserler. T 1, A.: 1959. 365, 367, 77 sah.)

**Salamlaşmak özboluşly ajaýyp sungat bolup, onuň gadymdan gelýän we sünnälenip, bizin döwrümize ýetirilen mahsus ýörelgeleri bar, olary berjaý etmeýän, salama biperwaý seredýän her bir adamyň köpçülikde utanja galmagy mümkindir.**

"Myhman ataňdan uly" diýen ajaýyp nakyly döreden pederlerimiz Aziýa ýurtlarynyň arasynda özüniň myhmansöýerligi bilen tanalýar. Ata-babalarymyz "Myhman geler işikden, rysky geler deşikden" diýip örän jaýdar belläpdirler. Şahyrda bu babatda şeýle setirler bar:

Ganly bolsa geç ganyňdan,
Bir garyp myhman ýigide.

Magtymguly "Şahylar şat bolar, myhman görende" diýip belleýär. Märekede özüňi alyp barmagyň ýazylmadyk kanunlary bar. Il ýaşlaryň köpçülikdäki hereketi we özüňi alyp barşyna syn edip, olara örän dogry baha kesmegi başarypdyr. Beýik Magtymguly:

Her ýigidiň aslyn bileý diýseňiz,
Märekede oturyp-turuşyn görüň –

diýýär. Şahyr dünýewi şygyrlarynda hem terbiýeçilik meselesini unutmaýar. Şahyr bu dünýäniň bäş günlükdigini nygtamak bilen, şu az wagtyň içinde ömrüňi bihuda geçirmezligi, zähmet çekmekligi maslahat berýär. Şahyr şeýle diýmek bilen adalatly ýaşamagy, öz hakyna kaýyl, oňşukly güzeran görmegi öňe sürüpdir. Şahyryň pikirine görä, çar tarapdan bolup geçýän haku – nähak işlerden adalatly baş çykaryp bilmeklik, onuň peýdalysyny we zyýanyny saýlap bilmek ak ýürekli adamyň esasy borjydyr. "Zamanydyr" goşgusynda şahyr şeýle diýýär:

Aýdyň ar-namyssyz ýigide,
Bu gün onuň zamanydyr.
Ýygyp Karun kibi maly
Hazyna boş döwranydyr.

Edepliligiň başy ar-namys. Magtymgulynyň goşgularynda hem her setirinde namysjaň, ýangynly setirlerini görmek bolýar. Şahyr "Läşler aglar halymga" goşgusynda şeýle diýýär.

Laçynsyz çöl ýerde galan maslyk men,
Meni görüp, läşler aglar halymga,
Dünýäde gadryn bilmez nadan mahluk men,
Akly gidip başlan aglar halymga.
Kuwwatsyz çalyp men, neçüýn janmaz men,
Haýrana men bent astyna daşmaz men,
Nar üstüne düşdüm, ýanyp bilmez men,
Kebap bolup çişler aglar halymga.

(Magtymguly. Saýlanan eserler. A.: 1959. 48, 176, 177 sah.)

Rehimdarlygyň bir görnüşi saňa mätäç bolan garyp-gasarlara, ýetim-ýesirlere, maýyp-müjüriplere maddy we “ruhy kömek etmekdir”.

Tebigy taýdan kemçiligi bolan adamynyň göwni kem bolýar. Olaryň şol kemçiligi bilen baglanyşykly kel, kör, agsak-çolak ýaly lakamlaryny agzyna almak, degşibem bolsa, olaryň üstünden gülmek bolmaýar.

Magtymguly hem:

Ýoluksa gözüňe gün-ü sagyrlar,
Olaryň halyna gülüji bolma –

diýýär.

Köpçüligi özüne garadyp bilýän guýmagursak dilewarlyk, suhanwerlik her kese ýetirmeýär. Ýöne weli süýji dilli bolmak, her bir adam bilen mylakatly gepleşmek ählimiziň borjumyzdyr. Çünki ýagşy söz ýylany hinden çykaryp bilýän bolsa, ýaman söz gylyjy gyndan çykaryp bilýändir. Magtymguly bu babatda:

Ýaman dil ýol ýitirer,
Ýagşy rahmet getirer –diýýär.

Hemmetaraplaýyn ösen şahsyýet bolmak üçin, ýaşlykdan kitaby söýmek, köp okamak gerek. Çünki her bir okalan kitap adamyň göz ýetimini giňeldýär, akyl paýhasyny artdyrýar, ýagşy-ýamany seljermegi öwredýär.

Sowatly kitaphon adamlaryň köplenç kalby, niýeti päk, ýüregi arassa bolýar. Bu barada Magtymguly şahyr şeýle diýýär:

Kitap gören gullar maşydyr, dokdur,
Anlaryň kalbynda şeýtan bolarmy?

Häzirki ýaşlaryň arasynda tire-taýpa bölünişikleriniň gabahat mysallaryna köp duşulýar.
Magtymguly tireparazlygyň halk üçin agyr zarba boljakdygyny belläpdir.

Adam ogly tire-tire,
Bir-birine bolar hyra,
Mürit hyzmat etmez pire,
Zamana ahyr bolanda

ýa-da

Agzy ala bolan iliň,
Döwleti göçen ýalydyr.

Beýik şahyr “Türkmeniň” diýen goşgusynda:

Tireler, gardaşlar urug ýarydyr,
Ykballar ilere gelmez hakyň nurydyr.

**diýip, ähli tireleriň bir dogandygyny belleýär.**

Magtymgulynyň pelekden zeýrenip, bagryny gam edip ýazan goşgularyny okanyňda onuň ýürek awysyna düşünmek kyn däl. Adam başyna dürli kysmatlar duş gelýär. Nähak örtenmeler, görüpligiň görgüsi, şyltak agzasy ýaly zatlary Pyragy-da gerdeninde çekendir.

Ol döwrüniň bihal adamlaryny görüp, olara janyny ýakypdyr. Şeýle tipli adamlaryň binamyslyklaryna jany ýanypdyr. Çäresi bolmandan soň, bu zatlar üçin Pelege zeýrenipdir:

Garyp könlümiň binasyn,
Gör, pelek weýran eýledi.
Aldyryp goldan namysyn,
Kalbymda arman eýledi.

Mert ýigit bolsun gardaşyň,
Bolmasa hiç galmaz başyň,
Aýyp tapyp bu syrdaşyň,
Illere aýan eýledi.

Magtymguly akly çaşan,
Gözläp gidermi gardaşyň,
Daň säher paly aralaşan,
Peleňler seýran eýledi.

**Umuman, şahyryň edep-terbiýe ideýasynda ýazan goşgulary çuň filosofik goşgular bilen utgaşyp gidýär.**

Akyldar şahyr ulyny sylamak, olara hormat goýmak ýaly häsiýetlere hem adamkärçiligiň iň gowy taraplarynyň biri hökmünde garaýar. Şahyryň pikiriçe, ýaşlar ata-enelerini hormatlap, özünden ulyny sylamalydyr. Uly adamlar özünden kiçä bir ýumuş buýursa, ony ýerine ýetirmeli. Uly adam her bir ýerde duş gelse, oňa kiçiler öňürti salam bermeli. Adamlaryň köp ýerinde özüňden ula hormat goýup, olar gelýänçä garaşmaly. Uly adam gürläp otyrka, onuň sözüni kesip arasyna düşmeli däl … diýen ideýalary özüniň goşgularynda nygtap gelipdir. Magtymguly ulyny sylamak barada özüniň “Ile ýaramaz” diýen öwdünde:

Edebiň ýagşysy ulyny syla,
Ulyny aglatmak kiçä ýaraşmaz –

diýip özüňden ulynyň göwnüne degmeli däldigini berk nygtap geçýär. Şahyryň bu pikirleri biziň döwrümiz üçin-de bütinleý kabul ederlikdir. Mundan hem başga, Magtymguly sözüň doly manysyna dogry düşünmeklige, onuň manyly bolmaklygyna, akyllylygyň bir tarapy hökmünde örän dogry baha berýär. Ol:

Parasat kyl, bakyp akla,
Goç ýigidiň sözün hakla,
Magtymguly, tiliň sakla,
Habar soralmagan ýerde –

diýmek bilen diýjek sözüňi bilip, sözlemelidigini, bir zat soramasalar, ümsüm otyrmaklygy adamyň gowy gylyklarynyň biri diýip belleýär.

Ýene-de:

Magtymguly, indi özüňni gözle,
Ýagşyny taryplap ýamany düzle,
Az iýip, az uklap, ýene az sözle,
Köp söz ahyr il içinde har eýlär...

Biz şahyryň şu hili goşgularyny okan wagtymyzda, onuň içki dünýäsine, estetikasyna göz ýetirýäris. Şahyryň söz baradaky goşgulary tüýs hakykata ýugrulandyr.

Görşümiz ýaly, şahyr gowy häsiýetleri, asylly sypatlary öz goşgularynda jemläpdir. Olary okan adam, şol hili asylly sypatlardan ylham alýar.

Magtymgulynyň döredijiligi bilen içgin tanşanmyzda, biz onuň öz döwründäki terbiýä we durmuşyň her bir tarapyna göz ýetiren, olary öwrenen beýik akyldardygyna anyk göz ýetirip bilýaris.

Magtymgulynyň öňe süren pikirleri, ideýalary öz döwründe-de we häzirki wagtda-da türkmen halkyny terbiýelemekde uly orun tutýar.

Taryh sapaklarynda uruşlarda görkezilen gahrymanlaryň üsti bilen Watanyňa, halkyňa söýgi, ýurduň üçin janyňy aýamazlyk, tutanýerlilik, ar-namyslylyk ýaly asylly ahlak sypatlaryny terbiýeleýär. Okuwçylary biziň ýurdymyzyň ykdysadyýetiniň, medeniýetiniň, halkyň maddy ýagdaýynyň ösüşi bilen tanyşdyryp Watana, ene ýurduna bolan guwanjy berkidýär. Sapakda mugallymyň ýolbaşçylygynda ýaşlara ahlak häsiýetleri bermek Watanymyzyň ösmegi ugrunda ak ýürek bilen zähmet çekmäge ruhlandyrmagy terbiýeleýär.

Oýunlar. Çagalar öz ýaşlaryna laýyklykda dürli oýunlar oýnaýarlar. Olar öz oýunlarynda köplenç uly ýaşlylaryň zähmetini beýan edýärler. Meselem: çagalar bagy, keselhana we ş.m. Mundan başga-da, çagalar her hili hereketli oýunlary oýnaýarlar: “Pişik – syçan”, “Aýterek – günterek”, “Gündiz we gije”, we başgalar. Bu oýunlar toparlaýyn oýnalýan oýunlar bolup, okuwçylary beden taýdan berkitmäge, olary düzgüne boýun bolmaga, çydamlylyk, toparyň abraýy ugrunda göreşmek, jogapkärçilik ýaly sypatlary terbiýeleýärler. Çagalaryň arasynda sport oýunlaryda uly orun tutýar. Olar woleýbol, basketbol, futbol ýaly oýunlara diňe sapaklarda oýnaman, ýörite seksiýalara gatnaşýarlar. Sportuň ýeňil atletika, gimnastika we beýleki görnüşlerinide söýýärler we olar bilen meşgul bolýarlar. Sport oýunlary guramaçylyk, ýolbaşçylyk ukyplaryny, agzybirligi, dostlugy we ýoldaşlygy, tutanýerliligi, çydamlylygy, maksadyna ýetmek ugrunda ýadawsyz göreşmek, umumy düzgünleri hormatlamak we olary berjaý etmek endiklerini terbiýelemek üçin ähmiýetlidir.

Çagalaryň sýužetli ýa-da rollar boýunça oýnalýan oýunlary hem oýlap tapýarlar we oýnaýarlar. Bu oýunlarda olar kinofimlerde ýa-da telewizorda gören, çeper eserlerde okan epizodlaryny peýdalanýarlar.

Çaga oýunlary real durmuşa ýakyn bolany üçin, olaryň tejribesini baýlaşdyrmakda, oýlap tapyjylygyny we göz öňüne getirmek ukybyny ösdürmekde, gowy ahlak sypatlaryny kemala getirmekde ähmiýetlidir.

Jemgyýete peýdaly zähmet. Zähmet adamyň garaýyşlarynyň, ahlak aň-düşünjesiniň we tejribesiniň ösmeginde uly orun tutýar. Zähmete gatnaşdyrmak okuwçylarda kollektiwizm, dostluk, birek-birege kömek bermek, ýaryşyp işlemek, işi doly we gowy ýerine ýetirmek, zähmet adamlaryny hormatlamak, ýaltalary, işýakmazlary ýazgarmak ýaly ahlak duýgularyny terbiýelemek üçin ähmiýetlidir.

Synpdan we mekdepden daşary terbiýeçilik işleri. Okuwçylar bilen geçirilýän edebi agşamlar, gezelençler, ülkäni öwrenmek boýunça ýörişler, ylym, sungat, zähmetkeşler toparlarynyň wekilleri bilen duşuşyklar, kino we teatrlara toparlaryna tomaşa etmek, milli baýramlary we seneleri dabaraly geçirmek, taryh, geografiýa we beýleki dersler boýunça geçirilýän gurnaklar giňden peýdalanylýar. Okuwçylar bilen mekdepden daşary terbiýeçilik işleri geçirilende mekdepden daşary terbiýeçilik edaralara uly rol degişlidir.

Çagalar we ýaşlar guramalary. Okuwçylar bu guramalaryň işine gatnaşmak bilen ynanylan işe jogapkärçilik we ak ýürek bilen ýapyşmak duýgusyny terbiýelemäge, jemgyýetçilik aňy kemala getirmäge we jemgyýetçilik işeňňirligi emele getirmäge oňaýly hyzmat edýär. Okuwçylar ýolbaşçylyk, guramaçylyk boýunça tejribe toplaýarlar, bellenilen düzgünleri, talaplary hormatlamagy we gyşarnyksyz berjaý etmegi öwrenýärler.

Maşgala. Ata-eneleriň şahsy göreldesi, zähmeti bilimi, derejesi, jemgyýetçilik işlerini guramaklyk giň gerime eýe boldy. Bu çäre mekdebiň hemişe üns merkezinde bolmalydyr. Okuwçylaryň öz ýaşaýan ýerlerinde jemgyýetçilik peýdaly zähmete gatnaşmagy, (köçeleri abadanlaşdyrmak, güllere we ösümliklere gözegçilik etmek, oýnalýan we sport oýunlary guralýan meýdançalary döretmek) köpçülik işleri bilen meşgullanýarlar, gezelençler we ýörişler gurýarlar.

Okuwçylary ahlak taýdan terbiýelemek derejesini öwrenmezden bu işde üstünlik gazanmak mümkin däldir. Ahlak taýdan terbiýelemek derejesini öwrenmekde syn etmek, okuwçylaryň işleriniň netijesini (ýazuw işlerini, gündeligini, çeken suratyny, ýasan zatlaryny, toplan gerbariýlerini we ş.m.) öwrenmek, soraglara ýazuw üsti bilen jogap almak, anketa, olaryň özi bilen indiwidual we toparlaýyn görnüşlerde gürrüňdeş bolmak, ene-atalary bilen gürrüňdeş bolmak, mugallymlar bilen gürrüňdeş bolup, olaryň pikirini nazara almak we beýleki usullar ulanylýar.

Syn etmek usuly ulanyp, mugallym okuwçylaryň sapakda, jemgyýete peýdaly zähmetiň, jemgyýetçilik ýumuşlary ýerine ýetirmegiň netijesinde, synpdan daşary işlerde birek-birege we başgalar bilen aragatnaşyklarda we başga ýerlerde özüni alyp barşyny, hereketlerini synlaýar. Syn etmek mugallyma okuwçy hakynda giňişleýin maglumatlar toplamaga, onuň kyn hereketleriniň sebäplerini anyklamaga mümkinçilik berýär, Bu maglumatlary mugallym okuwçylar bilen indiwidual işlemekde, synp bilen gürrüňler geçirmekde, ene-atalar ýygnaklarynda peýdalanmagy zerurdyr. Bu maglumatlary mugallym okuwçylar bilen indiwidual işlemekde, synp bilen gürrüňler geçirmekde, ene-atalar ýygnaklarynda

peýdalanýar, olar synp ýolbaşçynyň okuwçylara pedagogik taýdan dogry çemeleşmegi ýeňilleşdirýär. Syn etmek netijesinde dogry maglumatlary almak üçin, okuwçyny dowamly wagt içinde synlamak gerek. Bu usul bilen alnan maglumatlaryň dogrylygy beýleki usullaryň kömegi bilen anyklamalydyr.

Berlen tema boýunça okuwçylara ýazuw işini (beýannama, düzme) ýazdyryp almak usulyny ulanyp, olaryň gyzyklanýan zatlaryny, isleglerini, professional höweslerini öwrenip bolar. Okuwçylara tabşyrylan ýumuşlar olaryň ýaşyna laýyk bolmaly, dogry we doly jogap ýazmak üçin ýeterlik wagt berilmeli. Meselem: "Meniň gyzyklanýan zatlarym", "Meniň dostum", "Meniň adamlarda halaýan häsiýetlerim", "Meniň gowy görýän hünärim", "Meniň söýýän eserlerim" we ş.m.

## GÖZELLIK TERBIÝESINIŇ USULY.

Ruhnama kitabynda gözellik terbiýesine esasy orun berlipdir. Ruhnamada berlen edep-kadalarda: "… Arassa hem ykjam geýinmek (daşky biçim). "Geýim adamy bezeýär, göze mährem görkezýär. Özüňize gelişýän eşikleri geýiniň" diýip, Nuh pygamber tabşyrýardy … .

Öýüň bezegi, ýerli-ýerindeligi, göze gelimliligi, arassalygy. "Öýüň her bir zady göwnüňi götermelidir, keýpiňi çag etmelidir, ýaşaýşa söýgi döretmelidir" diýip, Nuh pygamber tekrarlaýardy. "Öýüň hapa bolsa, özüň üflis, hapa-hasy bolarsyň" diýýärdi … .

Gyz-gelin bezegi. "Gyz-gelinleriňize zümmeret daşlaryny gysganmaň. Nirede bar bolsa, tapyp getirip beriň. … Şonda olar has owadan görner, näzik bolar, göwnüňizi açar, ruh berer" diýip, Nuh pygamber wesýet edýärdi." – diýilýär. Bu bolsa gözellik terbiýesiniň esasy bolup hyzmat edýär.

Gözellik terbiýe – munuň özi durmuşda we sungatda gözelligi, tragediýany, komiki ýagdaýlary, nägözel zatlary kabul edýän, duýýan, bahalandyrýan, "gözellik kanuny" esasynda ýaşaýan, ony döredýän işjeň şahsyýeti kemala getirmäge gönükdirlen işdir.

**Mekdepde okalýan ähli dersler okuwçylara bilim bermekden başga-da gözellik terbiýäniňde meselelerini çözýärler. Bu işde edebiýat, geografiýa, aýdym-saz, matematika, taryh, surat, biologiýa, zähmet we beýleki dersleriň orny uludyr. Okuw dersleriniň esasy wezipesi okuwçylara diňe sungatda däl-de, durmuşda, zähmetde, adamlaryň özara gatnaşygynyň we durmuşyň gözelligini duýmagy öwretmekdir.**

Edebiýat sapagynda okuwçylar edebi eserleri, goşgulary okap özüniň dünýägaraýşyny giňeldýär we şol bir wagtyň özünde edebi materialy gözellik özleşdirmäge ymtylýarlar. Dogry derňew etmegi, göz öňüne getirmegi, duýgy, pikirlenmegi we sözleýiş medeniýeti öwrenýärler. Edebiýat sapagynda görnükli alym,

edebiýatçy, şahyrlarymyzyň ömri we döredijiligi bilen tanyşyp olarda gözellik duýgular oýanýar.

Aýdym-saz sapaklarynda okuwçylar aýdym aýtmagy, diňlemegi we ony derňemegi, nota öwrenmek, sada saz gurallaryny çalmagy öwrenmek bilen meşgullanýar. Şol bir wagtyň özünde aýdym sazyň okuwçylaryň ahlak, gözellik we akyl ösüşine täsir edýändigini ýatdan çykarmaly däl. Öwrenilýän aýdymlaryň sazyň klassiki we halkylyk esasy bolup, ol okuwçylary durmuşyň talabyna laýyk terbiýelemelidir. Öwretmek üçin aýdym saz saýlananda onuň manysy halkylyk çeperçiligi, žanrlarynyň köpdürlüligi, özüne çekijiligi, olardaky pikirleriň we duýgularyň okuwçylara güýçýeterligi göz öňünde tutulmalydyr. Aýdym sapagynda millilige üns berenimizde türkmen aýdym-sazynyň asyrlar dowamynda özüniň milliligini, özboluşlylygyny ýitirmän, nesilden-nesile geçmek bilen, biziň häzirki döwrümize gelip ýetendigini nygtamak hökmandyr. Halk arasynda ady belli bolan, uly hormata eýe bolan türkmen bagşylary – Ata bagşy, Şükür bagşy, biziň döwrümizde belli bolan Oraz Sallyr, Hally bagşy, Magtymguly Garly, Patma bagşy, Mylly Täçmyradow we başga birnäçe halypalaryň döredijiligini öwrenmek bilen okuwçylarda bir wagtyň özünde Watana, halkymyza, saz sungatyň ösmegine goşant goşan beýik adamlara bolan söýgi kemala getirip, olarda aýdym saza bolan gözellik duýgularyny oýarmakdyr. Aýdym saz sapaklarynda milli saz gurallar barada dutar, onuň gelip çykyşy barada durup geçmek hökmandyr. Halk arasynda dutar hakyndaky rowaýatlaryň birinde VII asyrda ýaşan Alynyň at bakary Babagammar baradadyr. Ol Düldüli bakyp ýören ýerinde özüne bir güýmenje gözläpdir. Ýöne, güýmenere zat tapman üstünde oturan töňňesini köwläp başlapdyr. Töňňäni goparyp içini köwüpdir. Taýak hili oňa birikdiripdir, ondan bir gural ýasapdyr. Babagammar täze ýasan guralynda saz çalypdyr welin Düldül jadylanyp, iýmekden-içmekden galyp, saza aňk bolup gözýaş döküp duranmyş. Dutar we saz barada başga rowaýatlary okuwçylara aýdyp berip olarda saz gurallaryna bolan dogry garaýyşlary terbiýelemek hem gözellik terbiýesiniň bir görnüşidir.

Zähmet sapagynda okuwçylary senetçilik – bezeg sungaty, keramikanyň işi, halyçylyk sungatyň eserleri bilen tanyşdyrmak, olarda ýaşlykdan bu işleriň sada elementlerini ýerine ýetirtmegi öwretmek olarda bu eserlere dogry garaýşy, düşünjeligi ösdürýär. Zähmet sapaklarynda sungatyň, çeperçiligiň ady agzalan görnüşlerini okuwçylara çuňňur öwretmek netijesinde olarda gözellige bolan dogry garaýyş terbiýelenýär.

Biologiýa sapaklarynda çagalara tebigatymyzyň gözelligi, gazylma baýlyklarymyz barada gürrüň berende okuwçylara gözellik terbiýe bermek bilen bir hatarda olary goramak barada maglumat bermeli. Bu öz gezeginde terbiýäniň biri-biri bilen berk arabaglanyşykdadygyny görkezýär.

## SYNPDAN DAŞARY IŞLERDE GÖZELLIK TERBIÝESINI BERMEK.

**Eger okuw işi çagalarda gözellik barada düşünjäniň esasyny goýsa, durmuşa gözellik garaýşy kemala getirse, synpdan we mekdepden daşary işler okuwçylaryň bilimlerini praktikada berkitmäge ugrukdyrylmalydyr. Çeper höwesjeňleriň işi, ýaş hudožnikler gurnagy, çeper edebiýatlary okamakda, çagalar öz güýçleri bilen täze ýyl baýramçylyklaryny, ýörite çykyşlary, sungat sergilerini gurap özüniň işjeňligini we gözellige garaýşyny artdyrýarlar.**

Çagalary gurşap alan ähli zatlar gözel bolmalydyr. Ilki bilen maşgalada, mekdepde arassaçylyk bolmalydyr. Öý-içerler, howly, synplar we ähli ýerler arassa gözel bolmalydyr. Emma käbir mekdeplerde dürli reňkdäki suratlar, synplaryň hapalygyna duş gelinýär. Gözellik terbiýe bermekde mugallymlaryň, ata-eneleriň göreldesi bahasyna ýetip bolmajak rol oýnaýar. Çagalar bilen gözellik barada gürrüň geçirilende anyk mysallaryň üsti bilen, sada, täsirli düşündirmegi başarmaly.

Synpdan we mekdepden daşary terbiýeçilik işiniň netijesinde: “Çagalar kitaplarynyň, teatrynyň, kinosynyň, sazynyň hepdelikleri”, “Aýdym baýramçylyklary”, “Çagalar suratlarynyň sergisi” guralsa bu iş ýerlikli bolar.

Gözellik terbiýäni bermekde mekdepden daşary terbiýeçilik edaralarynyň hem roly ulydyr. Welaýat, şäher we etrap çagalar ýetginjekler öýleriniň geçirýän işleri özüniň mazmuny boýunça okuwçylarda gözellik duýgy aň, pikir kemala getirmäge gönükdirilendir. Olarda işleýän tansçylar, aýdym-saz, sport, tebigaty goraýjylar, ýaş naturalistler, taryhçylar, ülkäni öwreniş, halyçylyk tikinçilik, oba-hojalyk gurnaklary çagalarda gözellige düşünmäge we ony döretmäge gönükdirilendir.

### Egin-eşigiň estetikasy.

**Çagalaryň arassa owadan geýinmekligi, mugallymlaryň arassa, pasyllara görä geýinmegi, kiçi mekdep ýaşly çagalaryň öz ýaşyna görä geýimleri geýmegi çaga täsir edýär. Gözellik terbiýe bermegi kämilleşdirmek üçin şu zatlara üns bermeli:**

- Gözellik terbiýe bermek üçin mekdeplerde mugallymlar, synp ýolbaşçylar bilen seminarlar geçmek;
- Mekdepde mugallymlar we okuwçylar üçin çeper höwesjeňler gurnaklaryny döretmek we olaryň işine sungat işgärlerini çagyrmak we olardan maslahatlar almak;
- Ýokary okuw jaýynyň mugallymlary gözellik terbiýäni edep bilen baglanyşykly bermek üçin mugallymlara we okuwçylara şu temada gürrüňler geçirmek we leksiýalary guramak;
- Bilim jemgyýetiniň üsti bilen edebiýata, sungata disputlar guramak. Ýaşuly nesliň wekilleri bilen duşuşyklar guramak.

Şu agzalanlar ýerine ýetirilse, okuwçylaryň gözellik taýdan terbiýe almagyna ýardam eder.

Munuň üçin talyplaryň okaýan döwründe saz, şekillendiriş sungaty, edebiýat eserleri bilen doly tanyş bolmagy hökmandyr. Muny bolsa diňe bir dersleriň üsti bilen däl, eýsem dürli gurnaklar arkaly özleşdirmek gerek.

Talyplaryň gözellik terbiýä has giň düşünmekleri üçin başlangyç synpda işleýän mugallymlaryň okuwçylar bilen gözellik terbiýäni bermeklik-de edýän işleriniň bir mysaly temasyny bermekligi makul gördük.

Mugallym öz okuwçylaryny sungat bilen tanyşdyrmak üçin sapaklaryň birinde türkmen hudožnigi Izzet Gylyjowyň "Bagt" syn edip oturan wagtlary olara şol suratyň näme bilen ýarandygyny ýazmagyny teklip edýär, soňra bolsa hudožnigiň başga suratlarynyň şekilini olara görkezip, olary deňeşdirmegi teklip edýär. Çagalar şekilleri synlap, "Bagt" we "Läle" diýen suratlary hil taýdan ýokary durýar. Bu suratlarda hudožnigiň gyzyl reňki köp ulanandygyny ýazypdyrlar.

Mugallymyň öýe beren tabşyrygy: çagalara öýlerinde nähili sungat predmeti bar, kim tarapyndan döredilen, nähili ýagdaýda, okuwçyny näme gyzyklandyrýandygyny ýazmaklaryny talap edýär.

Indiki sapaga çenli okuwçylar synpa albom, suratlaryň nusgalaryny, agaçdan ýasalan uly bolmadyk şekilleri getirýärler. Forfor we ýene-de köp zatlar getiripdirler. Mugallyma bu zatlara gözü düşende bulary ýasan adamlaryň köpüsiniň hiç ýerde okamandyklaryny, ýöne sungatda uly goşantlarynyň bardygyny aýdýar.

Köp döredijiliklere gözümiz öwrenişen bolansoň biz olary duýmaýarys. Şu gün getiren zatlaryňyzyň köpüsi şeýle hudožnikler tarapyndan döredilen. Her öýde halylar, ajaýyp keşdeler gelin-gyzlaryň şaý-sepleri, keçeler, palaslar bar, ýöne biz olary ýada salmadyk.

Siziň getiren zatlaryňyz we meniň ýaňky aýdyp geçen zatlarym sungatyň ussatlary tarapyndan döredilen. Bu sungat asyrlar boýy ýyldan-ýyla geçip gelýär. Jaýyny we eşigini bezemeklik adam bilen deň döräpdir, sungat atadan ogla, eneden gyza geçip gelipdir. Mysal üçin türkmen halylary özleriniň gölleri, reňki, hili bilen bütin dünýä bellidir.

- A, siz weli ony günde öýüňizde görseňizem, olaryň sungat döredijiligini bilmeýärsiňiz.
- Ol nähili sungat döredijiligi bolýar, eger ony enem bilen mamam dokan bolsa diýip, Rejep geň galyp soraýar. Ol haly fabriginde edilende döredijilik bolýandyr.

- A, mundan 200-300 ýyl ozal haly fabrikleri bolupdyrmy? – diýip mugallyma sorady.
- Meniň mamam bolsa öň haly dokap bilmeýän gyz ýokdy diýýär. Her gyz özüniň toý halysyna täze nagyş girizmeli ekeni. Şolar ýalam bolup bilermi? – diýip Maýa geň galýar.

Seniň mamaň hakykaty aýdypdyr. Öňler şeýle däp bolupdyr. Şol sebäpli şeýle üýtgeşik nagyşlar döräpdir, sebäbi her gyz özüniň halysyna göwnüniň bir bölegini salýar. Biri täze nagyş döretse, beýlekisi oňa reňk saýlaýar. Gyzlaryň ussatlygynyň çägi ýok.

- Indi bolsa türkmen gelin-gyzlarynyň köýneklerini bezeýän ýakalaryna seredeliň, olaryň hersi biri-birinden tapawutlanýar. Bu bolsa siziň mamaňyzyň, eneleriňiziň ussatlygyny ýüze çykarýar. Siz hem ulalanyňyzdan soň hakyky ussat bolup ýetişersiňiz. Belki siz hem öň ýok nagyş döredersiňiz.

Soňra bolsa mugallyma öýdäki sungat zatlary barada gürrüň edýär. Olar: çaga krowatlary, şekillendirilen agaçdan ýasalan zatlar, horjunlar we şuňa meňzeş ownuk zatlar. Biz bu zatlaryň köpüsine gözümiz öwrenişen soň, olara kän bir üns hem bermeýäris.

Olaryň her biri sungat, predmeti ahyry. Olary bize ýakyn bolan adamlar ýasadylar. Ynha, Rejep ejesiniň ýa-da mamasynyň elinden çykan zatlaryň sungat däldigine berk ynanýar. Bu uly ýalňyş. Her bir adamda döredijilige ukyplylyk bar, ýöne ony ösdürmekligi öwretmeli.

- Siziň owadan surat çekip biljegiňize, palçykdan zat ýasap biljegiňize we ýene köp zat başarjakdygyňyza men ynanýaryn.

Bir ýylyň dowamynda mugallyma okuwçylary birgiden hudožnikleriň işleri bilen tanyşdyrdy. Sungatyň dürli hilleri bilen çagalar gaty gyzyklandy. Okuwçylar sapakda gurjaklara milli eşikleri tikmegi ýüregine düwüpdirler. Ýuwaş-ýuwaşdan çagalar ýönekeý zatlaryň gözelligine düşünip başladylar we olar höwes bilen baýlaşdylar.

- Men bu işi örän möhüm hasap edýärin – diýip mugallyma aýdýar.

Biz owadan zatlary synlanymyz bilen goýmaýarys, biz her hili materialdan şoňa meňzeş zat ýasamaga çalyşýarys.

Biraz işleri ýerine ýetirenlerinden soň welin öz ýasan küýzejiginden başga ýasan zatlary şatlyk getirýär.

Terbiýäniň bu görnüşinde esasy rol ene-atalara degişlidir. Şeýle biryagdaýy göz öňüne getireliň: çaga öýüne özüniň ilkinji ýasan zadyny getirýär. Ol örän köp zähmet çekdi. Ol öz ýasan zadyna guwanýar. Ony stolyň üstünde goýup, özünden ulularyň ýasan zadyny görüp geň galmagyna we öwülmegine garaşýar. Ýöne ejesi üýtgeşik zada gözi ilende gabahatlanýar: “Bu näme sen hemişe şeýle hapa zatlary öýe daşaýaň!” Çaganyň göwnünde gopgunlyk, gorky, onuň döredijiligindäki “meni” kemsidilen we depelenen,

kim tarapyndan? Iň ýakyn mähriban eneň tarapyndan. Bu gorkudan soň siz öz çagalaryňyzyň döredijiligini görüp bilmersiňiz, sebäbi siz oňa düşünmediňiz. Siz ýakymsyzlyk bilen, onuň döredijiligini barmagyňyzyň ujy bilen tutup hapa bedrä taşladyňyz. Şonuň bilen birlikde siz eýýäm çagaňyzyň size goýýan hormatyny, söýgüsini hem gaçyrdyňyz.

Belki-de, siz çaganyň talantyny ösdürseňiz, başga öýde şeýle ýönekeýje ýasalan zat hemme üçin guwançly ýaly zat bolýar. Ony stolyň üstünde goýup daşyna aýlanyp oturýarlar, kiçijik duýdyryş ýagny indiki gezekde ýasalan zadyň diwarlarynyň tekiz we inçe bolmagyny gazanmalydygyny düşündirýär. Birinji gezek üçin sen örän gowy zähmet çekipsiň. Ýönekeýje ýasalan küýzejik ýa-da gapjagaz maşgalanyň iň kiçi çleniniň netijesi hökmünde arzyly ýerde goýulýar. Wagtyň geçmegi bilen çaganyň ussatlygy artýar we günleriň bir güni ilkinji ýasalan şekil başga bir has gowy ýasalan şekil bilen ornuny çalyşýar. Muny özüniň işine täzeden baha beren çaga ýerine ýetirýär. Şol wagtda ulular muny duýmalydyrlar we çaganyň ilkinji ýasan şekilini saklamalydyrlar diýip mugallyma aýdýar.

Meniň ýadyma bir tanşymyň gürrüňi düşýär. Ol dünýäden öten enesiniň sandygyny açanda onuň düýbünde bir düwünçegi tapypdyr. Ol ony çözlände onuň ilkinji tiken keşdesi we gören zatlary çykypdyr. Ol keşdä gowy seredende öz adyny okapdyr. Ol geň galypdyr. Ol öz agtyklarynyň işlerine üns bermänligine ökünipdir, onuň yzynda agtyklarynyň şular ýaly düwünçegi tapyp bilmejegine gynanypdyr. Çagalar bilen işleýän mugallymlaryň köpüsi öz dogduk mekany, onuň däp-dessury, medeniýeti barada örän az bilýändiklerini belläp geçýärler. Olar Magtymgulyny bilýärler, ýöne dördünji synp okuwçysy onuň goşgusynyň mazmunyny, nirede ýaşady näme üçin göreşenini bilmeli.

Çagalar öň Türkmenistanda žiwopisiň bolmandygyny bilmeýärler. Sebäbi Kurhan adamlaryň, haýwanlaryň suratyny çekmegi gadagan edýär. Şonuň üçin halk hemme duýgularyny, gaýgy-hasratyny, arzuwlaryny, durmuş hem-de tebigat hakyndaky pikirlerini hala, keşdä, şaý-seplerine siňdiripdir

Gynansak-da ilkinji Türkmenistanyň hudožniginiň Nazar Ýomudskini hat-da mugallymlaryňam sanlyjasy bilýän bolsa gerek, onuň bary-ýogy birnäçe şekillerini görüpdirler. Öz dogduk mekany hakda çagalar üçin edebiýatlar az. Çykarylýan kitaplaryňam bezelişi oňat däl, pes hili ýagdaýdadadygyna duş gelýäris. Haçanda çagalar öz dogduk mekany, onuň taryny, medeniýeti, sungaty hakda oňat bilseler, sungatyň serişdeleri bolan edebiýat, žiwopis, poeziýa, saz şahsyýetiniň açylmagyna has uly mümkinçilikler döredýärler.

Şeýlelikde sungatyň serişdeleri, bizi gurşap alan zatlary arkaly, sungata bolan höwes döredýär. Şol kitaplardan täze ylym alýar, esasan hem ussatlyga şolary döreden adamlara bolan hormat döredýär. Haçanda mugallym haly nagşyny çekmekligi

tabşyranda çagalar öýlerindäki halylardan peýdalanýarlar, olaryň aýratynlyklaryny dürli bölümlere birleşdirýärler.

Mekdepde okuwçylar ýoldaşlarynyň suratlaryny synlaýarlar, iň oňatlarynyň öwgüsini ýetirýärler, "haçan-da synpda suratlaryň sergisi guralanda, köp çagalar özleriniň işleriniň gaýdyp bermeklerini soradylar, sebäbi olar işleri oňat ýerine ýetirilmändi, olary täzeden işläp düzmegi isleýärdiler" diýip mugallyma aýdýar.

Çagalaryň işleri howul-hara, höwessiz ýerine ýetirilmegi, umumy gözden geçirilişiniň esasy bolanlygy gynandyrdy we olar has gowy gyzykly edip çekmek islediler. Bu çagalaryň öz döredijiligine bolan tankydy garaýyşlarydy. "Gülýaka", "Köýnek ýa-da tahýa üçin nagyş" suratlaryň sergisi üstünlikli geçdi. Çagalar öz oýlap tapyjylygyny, fantaziýasyny görkezdiler we mugallymy diňe bir gowy görmek bilen däl-de, eýsem özbaşdak pikirlenip bilýandikleri bilen hem begendirdiler. Şeýlelikde, Myrat gülýaka üçin fony doýgun gök reňk saýlady. Haçan-da mugallym ondan näme üçin adaty däl reňklemegi saýlap alanyny soranda, ol erligi hökmünde emaly ulanyp bolýandygyny aýtdy sebäbi emal açyk gyzyl köýnekde örän gowy görünýär.

Synp sergisi üçin okuwçylar toparlaýyn işleri hem ýerine ýetirýärler, şeýlelikde, olar pola 4 bölek watman kagyzyny berkidýärler we şolaryň ýüzüne halynyň suratyny ýa-da tebigaty, mähriban mekdebini, çöli we gören beýleki suratlary çekýärler.

Işe 8 – 10 adam gatnaşýar. Bu döredijilik topary mugallym bilen öz pikirlerini paýlaşýarlar hem onuň bilen işi näme edende has gowy ýerine ýetirip boljakdygyny maslahatlaşýarlar. Käwagt "haly" diňe bir çekilmän, eýsem onuň käbir bölümleri ýelmemek ýoly bilen ýerine ýetirilýär, ýa-da applikasiýa tehnikasy ulanylýar. Şeýle toparlaýyn iş çaganyň şahsy ukybyny ösdürmeklige kömek edýär, maslahatlaşmaga, ýoldaşlarynyň pikirini diňlemeklige, öz işini başgalar tarapyndan ýerine ýetirilen bölümler bilen deňeşdirmeklige mejbur edýär. Bu meňzeş pikirleriň topary döredýär, biri-biriňi eşitmek, gürleşmek we bilelikde meseleleri çözmek ukyby ösýär.

Şeýlelikde döredijilik prosesi çagalaryň oý-pikirlerini ösdürýär. Çagalara şatlyk deňagramlylyk we kanagatlanma getirýär.

Mugallymlar çagalar bilen işlänlerinde, olaryň surat çekenlerinde, ýygy-ýygydan aýdym aýdýandyklaryny belläp geçýärler, çagalaryň aýdýan aýdymy ýa-da hiňlenýän heňi olaryň suratlandyrýan wakalaryny aňladýar. Aýdym aýtmagy endik edinmedik çagalar öz işini saz bilen urukdyrýarlar. 3-nji synp okuwçylarynyň parad wagty goşunlaryň ölçegli ädiminiň sesini, tanklaryň we awtomobilleriň sesini şeýle şekillendirdi: "tah, tah: t-r-r, trrr, tr" we ş.m. başga biri surat çekmegi ýöne bir sözler bilen düşündirdi.

Saz we şekillendiriş özara baglanyşykly gitmegine mugallymlar, ene-atalar üns bermeli, sebäbi olar biri-birini dolduryarlar.

Sona we Maral 3-nji synp okuwçylary, olar surat çekmegi oňat görýärler, surat sapagynda bolsa olar gepleşýärler ýa-da aýdym aýdýarlar. Olar çagalykdan jora bolup gelýärler, olaryň garaýyşlary, pikirleri bir.

Sona surat çekende, aýdyma hiňlenip, maşgalanyň stol başynda ýygnanyp, çaý içip oturan ýagdaýyny çekýär.

Maral welin boýdaşynyň pikirini dowam edýär. Ol stolyň üstünde gök-önümi, ejesiniň özüne erik uzadyp duranyny çekýär.

Maral Sonalarda oturanda Sonanyň ejesi gelýär. Ol "Bizde myhman bar eken-ä, men bolsa kim aýdym aýdýarka? – diýyän. Wiý siz diňe aýdym aýtman suratam çekýän ekeniňizä."

Bu sözler diňe öwgi bolsada muňa gyzlar utandylar. Olar reňkleri ýygnaşdyryp başladylar. Bu sözler olaryň döredijilik işlerine päsgelçilik berdi. Köplenç ene-atalar şol döwürde şekillendiriş sungatynyň ösüşinde yza gaýdyşlygyň ýüze çykýandygyny arz edýärler.

Bu bolsa çagalaryň durmuş baradaky pikirleriniň giňelmegi we çylşyrymlaşmagy zerarly bolup geçýär. Çaga indi oýlap tapyp bilmeýär, onuň öz suratyny has kämilleşen görnüşde göresi gelýär, ýöne onuň bilimi we ukyby azlyk edýär. Şeýle ýagdaýda mugallym oňa kömek etmelidir: aýdyp bermeli, kömekleşmeli, ugrukdyrmaly.

Eger-de şol döwürde çagany çeperçilik mekdebine, şekillendiriş studiýasyna, mekdepdäki surat gurnagyna bermäge mümkinçilik bar bolsa, onda onuň ukybyny ösdürmäge we kämilleşdirmäge, diňe bir surat çekmäge däl-de şekillendiriş sungatyň ähli görnüşlerine ýiti höwes döretmeklige kömek edilse gowy bolardy.

Eger çaga geljekde surat çekmäge bolan höwesini ýitirse-de ol surata ünssiz seredip bilmejek adamlaryň biri bolup galýar. Ol işjeň döredijileriň biri bolýar. Sungatyň haýsy bolsa bir eseri çaganyň diňe bir owadanlygy we ussatlygy bilen tolgundyrmaýar. Ol hudožnigiň durmuşy hakda oýlandyrmaga, onuň pikirini, duýgularyny bilmäge çalyşýar.

Adamyň durmuşyna çagaka giren sungat kömek edýär.

"Sazda köp mümkinçilikler jemlenen, çaga oňa irki çagalykdan ymtylýar. Ýöne biz gynansak-da hemişe bu işde kömek edemizok."

Saz mugallymy her gezek saz sapagyna başlanda dünýäniň dürli seslerden doludygyny gürrüň bermekden başlaýar, hem-de çagalara olary gurşap alan seslere diň

salmaklygy maslahat berýär. Bir iki minut geçendenem çagalar öz eşiden seslerini sanap başlaýar.

- Guşlar saýraýarlar.
- Ýapraklar ygşyldaşýarlar.
- Nirededir bir ýerde çagalaryň sesi eşidilýär.
- It üýrýär....
- Stul takyrdaýar....
- Maşyn signal berýär.
- Nirededir uzakda saz çalynýar.
- Ary wyzlaýar.
- “Indi bolsa gulaklaryňyzy eliňiz bilen ýapyp, sesleri deňeşdiriň haýsy size has ýakýar: dürli sazlardan doly dünýämi ýa-da gum-gukluk?” diýip, maslahat berýär.
- “Elbet-de sesler, mukamlar” diýilip çagalar gygyryşýarlar.
- Sesler bilen gyzykly.
- Siz eşiden sesleriňizi owaz bilen ýa-da pionino bilen berip biljekmidiňiz?

Çagalar gezekli-gezegine guşlaryň owazyny, itiň üýrmegini, arynyň wyzzyldysyny sesler bilen meňzetmäge çalyşýarlar. Birnäçe okuwçy bu işi edil şol sesleriň özleri ýaly edip çykarýarlar. Ýöne mugallym hemmelere sag bolsun aýdýar.

- Ýöne, indi sizlere täze ýumuş şol sesleri saz gurallarynda çalyp görkezmeli.
- Kim başlaýar?

Guralyň ýanyna ynamsyzlyk bilen barýar, ýöne eýýäm beýik nota ýaňlanýar.

- Bu guşjagaz, bu ýaprajyklaryň, sesi – diýip düşündirýär. Gyzjagaz klawişy basýar.
- Berekella, Mähri, diýip mugallym ony goldaýar.
- Indi bolsa, men sesleri emele getirerin, siz bolsa ünsli diňläň hem-de olaryň size nämäni ýatladandygyny aýdyň ... .
- Ýagyş ýagýar – diýip Mähri begençli gygyrdy: “Eşitýäňizmi köp, köp, köp ... ”.
- Maňa bolsa göwnüme owlajyk köprüniň üstünden ylganda toýnagynyň sesleri eşidildi – diýip, utanjaň Miwe aýtdy.
- Ýok bu oglanjyk baraban çalýar.
- Ýok, barabany däl-de, haýadyň tagtalaryny urup barýar: tuk, tuk, … . Çagalaryň pikiri bölündi we mugallym olary her kim özüçe dogry pikir edýär diýip köşeşdirdi, sebäbi çagalaryň hersi çykýan sesi ýadyna düşürip obrazy bilen baglanyşdyrdy.

Ýene-de saz bölegi ýaňlanýar, ýöne bu gezek çagalaryň bary bir pikirli: Ene towuk jüýjelerini çagyrýar.

- Çagalar, eger-de ähli sesleri birikdirse näme emele gelýärkä?
- Goh bolýar – diýip gygyrýarlar. Yzy bilen: “Köp ses bolup ses bolar öýdýän” diýip düzedýär.

Mugallym:

- Geliň, diňläliň-diýdi we D.Öwezowyň “Dostluk” saz bölegini çaldy.

Çagalar geň galyjylyk bilen sazda eşiden tanyş seslerini aýtdylar. Mugallym şeýle netije çykardy: “Eger sesleri birikdirseň, tutuş saz emele gelýär”. Ýene-de çagalaryň durmuşyndan bölekler ýaňlandy. Çagalar bolsa sazyň seslerinde şemalyň we ýagşyň sesini, garda ýöräniňde aýagyň sesini, guşlaryň saýraýşyny aýdýarlar.

Şeýlelik-de, sesleriň kabul etmekligiň döreýşiniň saz eşidiş ukybynyň döreýşiniň syry tamamlanýar we çagalar daş-töweregi eşitmäge başlaýarlar. Sazly dünýäniň jadyly açylyşy bolup geçýär. Saza düşünmeýän çaga ýok diýlende ulaldylyp aýdylmasa gerek. Olaryň ählisi aýdym aýdyp bilmese-de, sazy söýýärler. Çagalaryň telewizorda görkezilýän “Ertekide myhmançylykda”, “Çagalar sagady”, “Gijäňiz rahat bolsun körpeler!” gepleşiklerde çalynýan sazlary eşidende nähili şatlyk bilen telewizora garşy gyssanýandygyny ýatlaň. Bu bolsa ösüşe mätäç saza bolan söýgüniň we yhlasyň ýüze çykmagydyr. Çagalar köplenç aýdym aýtmaýarlar, onuň sebäbi bolsa olara has ýakyn adamlaryndan biriniň: “Uwlanyň bolandyr, ne sesiň bar, ne-de owazyň, bolduň bir aýdymçy” ýa-da “Seniň näme gulagyňy aýy basdymy” diýen bolmagy mümkin.

Duýgulary ses we saz arkaly şekillendirmeli bolsa çagalara häsiýetli ýagdaýdyr. Eger siz ünsli bolsaňyz çagalaryň tebigata gezelenje çykanlarynda birhili oýanan ýaly bolandyklaryny synlasaňyz olar ylgaýarlar, bökjeleýärler, gygyrýarlar we hökmany suratda aýdym aýdýarlar.

Ol aýdymlar diňe bir çaganyň öýde ýa-da mekdepde öwrenen aýdymy däl-de, eýsem, çaganyň keýpine, giňişligi duýýanyny, begenjini, şatlygyny görkezýän aýdymlar bolup biler. Esasan hem bu ýagdaý haçan-da çaga özüni hiç kim görýän däldir diýip, hasap edende ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýda ol erkin çemeleşmän, gorkusyz hereket edip biler.

Bir gyzjagaz bahar aýlary ata-enesi bilen çöle gezelenje geldi. Ol ululardan saýlanyp, bir beýik depäniň üstüne çykdy-da hiňlendi “Heýjan – elek, biz çöle geldik, bärde şeýle oňat gyzyp duran gün, hem-de ýuwaşja şemal öwüsýar. Men çöli söýýän heýjan- elek!”

Onuň ýüzleri gyzardy, gözleri şatlykly uçganaklady, ol ýeňil hem enaýy ylgady. Ol diňe özüne belli bolan şatlygyň hem azatlygyň tansyny edýärdi. Ata-enesi gyzjagaza haýran galyp seredýärdiler. Olar gyzjagazyň keýpini bozjak bolmadylar, gygyryp derrew çagyrjak bolmadylar, öňden olara mälim bolmadyk gyzjagazyň häsiýetlerine şadyýan garaýyş bilen garaýardylar. Düşelen saçagyň üstünde taýýarlanan iýmit termos bilen çaý durdy, ýuwaşjadan priýomnigiň sesi eşidilýärdi, sebäbi atasy ony futbol oýnuna düzmegi ýatdan çykarypdy, biz bolsa gyzjagaza seredýärdik, şadyýan we bagtly çagaň aýdymyny diňleýärdik

- “Men hiç haçan ol aýdym aýdyp bilýändir diýip oýlanmaýardym – diýip ejesi haýran galyp seretdi hat-da çagalar bagynda horda-da aýdym aýdyp tans edenokdy”.
- “Biz onuň hemişe kölege ýaly bolup ýöränine öwrenişen, bize hemişe oňa wagt ýok, şonuň üçinem azar bermese şat, mamasynyň aýdyşy ýaly “Üstünde geýim, aýagynda aýak gap, garny dok bolsa” boldy. Görýän weli oňa bu zatlar azlyk edýär “ – diýip kakasy gürrüňe goşuldy.
- “Biz çalt-çaltdan ony begendirer ýaly begenjini bildirer ýaly tebigata çykaryp durmaly. „ýde şeýle bir darlyk, iç gysgynç işler, çaga serederede wagt ýok “-diýip ejesi aýtdy.

Gyzjagaz ýuwaşjadan biziň ýanymyza geldi, emaýlyk bilen çägäniň üstünde oturdy.

- “Nähili bu ýerleri üýtgeşik oňat. … Näme üçin biz öň bu ýerlere gelmeýärdik? – diýip ol ene-atasyna ýüzlendi – Maňa bu ýerler şeýle bir ýaraýar. Ol çalt naharlandy-da, ýene-de çalt ylgady, onuň näzijek sesi edil jaňjagazlar ýaly gum depeleriniň üstünden ýaňlanýardy.

Biz gyzjagazyň ene-atasyna şeýle sorag bilen ýüzlendik: “Siziň gyzyňyz öň öýde saz diňleýärmidi we nähili saz oňa täsir edýärdi? Haýsy eserler oňa ýaraýar?”, Biz haýran galdyryjy jogap aldyk. Eşidip otursak olaryň öýlerinde saz gurallary bar ekeni, diňe haçanda agşamlaryna ata-enesiniň diňleýän sazlaryny diňleýan ekeni.

**Biz olara saza, mukama şeýle gatnaşyk, çaganyň ösüşinde mümkin däldigini düşündirjek bolduk. Goý, çagajyk özüniň halaýan sazyny eşitsin.**

**Olar bu ýaşda hiç zadam halap bilmezler – diýip ejesi aýtdy. Goý, saza öwrenişsin gurallary bolsa şonuň üçin aýap otyrys. Ulalan soň ulanar. Häzir bolsa saz bilen gyzyklanardan ir. Biz bu aýalyň “gymmat zat” diýip aýap, (oturan) gorap, ösýän şahsyýete sazyň edýän täsirinden, öňden görüp bilmezlik garaýşyna haýran galdyk.**

Soň biz gyzjagazyň özi bilen gürrüňdeş bolduk. Şonda ol özüniň sazy oňat görýandigini we biri aýdymy ýalňyş aýtsa, derrew bilýändigini aýtdy. Ol ýuwaş, haýal sazlary halaýandygyny, onuň saz diňleýän wagtynda özüniň hemişe oýlanýandygyny, arzuw edýandigini aýtdy. Ol öýde hemmeleriň sazy söýmekligini isleýärdi. “Şeýtseler hiç kim gatyrganmazdy, hemmeler biri-biri bilen mylaýym edepli gepleşerdi” diýip aýtdy. Sebäbi saz onuň pikiriçe adamlary ýuwaş-ýuwaşdan gadyrly edýär.

Sazçylyk mekdebiniň okuwçylary bilen bolan gürrüňlerden biz olaryň köpüsiniň saza garaýşynyň ykjamdygyny bildik.

Begenç I., 13 ýaşly, haçan-da men saz öwrenmäge başlanymda, men hemme derslerden hem oňat düşünip, oňat okap başladym. Haçanda meniň işim oňuna bolsa, men mukamy duýýaryn, eger-de ýalňyş bolaýsa birhili bozulan, düşnüksiz saz eşidýärin. Göwnüme bolmasa men özümem üýtgeşen ýaly. Maýda-çüýde zatlara ünsem beremok,

ýokmaz sözleri eşidesimem gelenok. Şol sözleri özümem ýakyn wagtda aýdardym, öň men sazy oňat görýärdim, ýöne düşünmeýärdim. Indi häzir bolsa men öz durmuşymy sazsyz göz öňüne getirip bilemok.

Medine 12 ýaşly. Men hemişe aýdym aýtmany oňat görýärdim, deprek çalmaga çalyşýardym. Haçanda sazçylyk mekdebine girenimde sazy diňlemäni öwrendim. Men şonuň bolmandygyna gynanýardym. Şu wagta çenli näçe saz diňlärdim. Meniň enem-atam meniň bilen saz diňlemäni gowy görýärler, men bolsam olara diňlän sazym hakda şol sazda nämeler duýýandygymy gürrüň bermegi halaýardym.

Oraz Ş. 12 ýaşly. Biziň öýmüzde ejem hemişe aýdym aýdardy … . Meniň kalbymda-da hemişe saz ýaňlanýar, ýöne ol saz meniň eşidýän sazym däl. Ol düýbünden täze, meniň sazym. Men oýlaýan, haçanda okuwy gutaranymdan soň şol sazy beýleki adamlara ýetirmegi başararyn.

Jeren F. 13 ýaşly. Meniň göwnüme saz birnäçe müň ýyl öň ilkidurmuş adamlarynyň arasynda dörän ýaly. Ol özünde dünýädäki ähli mukamlary jemläpdir: guşlaryň owazyny, dag çeşmesiniň sesini, palta sesini we şol döwürden bäri saz adamy hiç wagt taşlamandyr. Bu adamlary biri-birine ýakynlaşdyrýan sungat. Saz bize dürli ýurtlarda, dürli wagtda bolmaga durmuşyň görküni hem-de adamlary görmäge kömek edýär.

Seredeniňde, pikiri dogry. Jereniň pikiriçe dogry sungata, saza ýüz tutan adam hemişe öňküsinden gowy, açyk göwün, arassa bolýar. adamyň durmuşynda iň kyn minutlary saz kömege gelýär.

Saz munuň özi ägirt uly güýç. Bir ýandan ol adamlara tebigatyň sazlaşygyny adam kalbynyň baýlygyny, söýginiň syrlaryny açýan bolsa, beýleki tarapdan göreşe çagyrýar. Ýöne şeýledigine garamazdan saz hemişe adamlara päk ýürekliligi öwredýär, ahlak taýdan arassa bolýar.

Belli pedagog W.A.Suhomlinski şeýle ýazypdy: “Ýaş kalba, ýürege täsir etmeginiň müňlerçe ýollarynyň içinde esasy orun saza degişlidir. Saz hem-de ahlaklylyk mundan buýana-da çuňňur öwrenmegini hem-de çözülmegini talap edýän çözgütdir. Saz sungaty ahlak sungatynyň iň bir esasy şertleriniň biridigine men ynanýaryn”.

Eger-de ene-atalar, mugallymlar, terbiýeçiler çagalara sazy söýmegi öwretseler, onda biz wepaly, durmuşy ýagtylandyrjak, kyn wagtynda kömege geljek dost tapynarys. Bu örän uly zähmeti talap eder, ýöne maksat serişdäni aklar. Geliň, onda sizem asyrlaryň uzak hem-de kyn akyly hemmä görki bolan sungatyň ýolunda ilkinji ädimiňizi ediň. Her bir çaganyň kalbynda kiçijik owadanlyga bolan ugurjyk bar. Siziň wezipäňiz şol uçgunjygy öçürmezlik, tersine öňküsinden-de güýçlendirmeklik, şol ýakyn durmuşy ýagtylandyrar, hem-de ösüp barýan adamyň durmuşyny ýylyndyrar.

# Beden terbiýesi, zähmet terbiýesi we okuwçylary hünäre ugrukdyrmak işi. Ekologik, ykdysady terbiýeler

## Zähmet adamyň we adamzat jemgyýetiniň iň zerur ýaşaýyş şertidir.

Adamyň mertebesiniň ýokary galmagy, şatlygy, guwanç duýgularynyň ählisi zähmetiň netijesidir.

Zähmet ähli baýlyklaryň esasy bolmak bilen birlikde, adamzadyň durmuşynyň mazmunydyr. Adamy belent mertebä göterýän we adamçylyk häsiýetlerini ýüze çykarýan zähmetdir.

F.Engelsiň “adamy-adam eden zähmetdir” diýen sözi hem şuňa aýdyň subutnamadyr.

Zähmet – ykdysady, medeni, jemgyýetçilik durmuşyň esasy özenidir. Adamzat jemgyýetiniň dörän döwründen başlap, zähmet serişdelerini öwretmek ondan peýdalanmak ulularyň ýolbaşçylygynda öwredilip başlandy.

Zähmet esasynda jemgyýet ösdi we öňe gitdi. Jemgyýetiň ösmeginde we adamzadyň ýaşaýyş derejesiniň öňe gitmeginde zähmete uly orun degişlidir.

Gadymy grek filosoflary Sokrat, Pluton, Aristotel, Demokrit çagany zähmet esasynda durmuşa taýýarlamak esasy wezipeleriň biri diýip bellediler. Gündogaryň beýik danalary Al-Horezmi, Abu Nasyr Faraby, Abu Reýhan Al-Beruni, Ibn-Sina we beýlekiler çagalary zähmetiň esasynda terbiýelemäge aýratyn üns beripdirler.

Pedagogikanyň taryhynda Tommaza Kompanella, A. Komenskiý, I.G. Pestalosi, R. Ouen çagalary zähmetiň üsti bilen terbiýelemekde nazary we amaly işleri ýerine ýetirdiler.

Türkmenistanda çagalary ýaşlykdan zähmet esasynda terbiýelemek her bir maşgalanyň esasy işleriniň biri boldy. Türkmen halky çagalara zähmeti söýmekligi, nakyllaryň, atalar sözüniň, ertekileriň, aýdymlaryň üsti bilen irki döwürlerden bäri ündäp gelýär. Olaryň ýaşlykdan zähmete bişişmelidigini ilat dana pikirli halk tarapyndan düzülip, asyrdan-asyra geçip gelýän eserlerden görýäris.

Görnükli şahyrlarymyz Magtymguly Pyragy, Zelili, Seýdi we beýlekiler öz goşgularynda zähmeti söýmekligi, zähmet esasynda ýaşamaklygy, zähmetiň bagt miwesidigini çeper sözleriň üsti bilen has aýdyň halk köpçüligine ýetiripdirler.

Häzirki döwürde-de zähmeti wasp edip ýazan şahyr ýazyjylarymyz sanardan köp. Kerim Gurbannepesow, Kaýum Taňrygulyýew, Kasym Nurbatow we beýleki şahyrlarymyz eserlerinde zähmeti wasp edýär. Çagalaryň, ýaşlaryň, ýetginjekleriň zähmetini wasp etmek bilen birlikde ýaltalary tankyt hem edýärler.

Ilki bilen her maşgala zähmeti berjaý etmekde çaga görelde bolmagy zerurdyr.

Kiçi mekdep ýaşly döwründen başlap çaga öz-özüne hyzmat etmek endiklerini ele almalydyr. Onuň özbaşdak zähmet çekmek, zähmetiniň hojalyga peýda berýändigine, ene-atasyny zähmeti bilen guwandyrýandygyna düşünmekligi zerurdyr.

Başlangyç synpdan başlap okuwçy mekdepde synp otaglaryny, ähli zähmete degişli gurallary aýawly ulanmagy başarmalydyr.

Mugallym çagany durmuşa taýýarlamakda ilki bilen onuň zähmete bolan ukybyny ösdürmäge çalyşmalydyr.

Mekdepde ýörite zähmet sapagyny geçer ýaly synplar bolsa-da, ýörite materiallar bilen üpjün edilmelidir.

Zähmet terbiýesini bermekde aýratyn-da oba ýerlerinde çagany ýadatmazlyk, güýçýeterlik aýratynlyklaryny nazarda tutmaklyk ähmiýetlidir.

Çagada zähmete höwesi terbiýelemeklige girişmekde olaryň psihologik aýratynlyklaryny nazarda tutup çemeleşilse h

s amatly bolar.

## Zähmet terbiýesiniň wezipeleri.

Zähmet terbiýesiniň wezipeleri köp taraply bolup, ol okuwçylaryň zähmet ukybyna, ahlak terbiýesine, zähmetiň dürli görnüşlerini ýerine ýetirip bilmekligine, zähmetde göreldeli bolmagy başarmaklygyna baglydyr. Okuwçylarda zähmet başarjaňlygy terbiýelemek üçin aşakdaky talaplara üns bermeli.

1. Çaganyň zähmete psihologik we amaly taýýarlygyna üns bermeli.
2. Toparlaýyn zähmete gatnaşmak endiklerini ösdürmek, okuwçylarda ylmyň dürli pudaklaryna gyzyklanmany terbiýelemekligi gazanmaly.
3. Çagalarda zähmet medeniýetiniň endiklerini öwretmek.
4. Zähmetiň sosial ähmiýetli mazmunyny kemala getirmek.
5. Okuwçylarda ylma, medeniýete, tehnika söýgi döretmek, olaryň ukyplaryny ýüze çykarmak we ösdürmek.
6. Okuwçylarda jemgyýetçilik emläge aýawly garaýşy, tygşytlylygy terbiýelemek.
7. Okuwçylara hünäri aňly-düşünjeli seçip almaga taýýarlamak, olary hünäre ugrukdyrmak.

Çagalary zähmete taýýarlamakda ýaş aýratynlyklaryny nazarda tutup, olaryň ýerine ýetirýän işlerine çyn ýürekden gatnaşmaklary, özi we jemgyýet üçin peýdaly iş edýändiklerini duýmaklary zerurdyr. Çaganyň zähmete içgin gatnaşmagynda ahlak hilleri-de ýüze çykýar.

Okuwçylar sapakda we sapakdan daşary geçirilýän işleriň üsti bilen zähmete gatnaşýarlar. Zähmet temasyndaky gepleşikler, leksiýalar, zähmet weteranlary we

göreldeli adamlar bilen duşuşyklar, mekdepde geçirilýän hasyl baýramy, Nowruz baýramy we beýleki baýramçylyklar degişlidir.

Zähmet terbiýesi dogry ýola goýlan mekdeplerde okuwçylar mekdebe gelen günlerinden başlap, öz güýçlerine görä zähmete gatnaşyp başlaýarlar. Oňa öz-özüňe hyzmat etmek, synp otaglaryny, okuw esbaplaryny sapaga taýýarlamak, kitaplar we beýleki gurallary bejermäge kömek etmek we ş.m. işler degişlidir.

Zähmete psihologik taýýarlanmakda, çaganyň zähmet söýüjiligi zähmet netijesinde tertip-düzgünliligi, ahlak sypatlary terbiýelenýär.

Zähmet terbiýäniň jebisleşmeginde toparlaýyn zähmetiň roly uludyr. Toparlaýyn zähmetiň netijesinde dostluk, ýoldaşlyk, özara biri-birine kömek etmek, zähmetiň netijesine guwanmak, kemçilikleri düzetmeklik terbiýelenýär.

Zähmetiň medeniýeti diýlende, zähmetiň hil taýdan oňat bolmagy, wagtdan tygşytly peýdalanmagy başarmak, iş ýerini arassa saklamagy, başarmak, başlan işiňi soňuna çenli ýerine ýetirmek degişlidir.

Zähmetiň medeniýetiniň ýene bir görnüşi zähmet okuwçynyň göreldeli, özbaşdak işi ýerine ýetirmegi zähmet bilen baglanyşykly dynç almany-da başarmagy girýär. Çagada şu sypatlar okuw-terbiýeçilik işiniň netijesinde ýerine ýetýär.

Zähmet terbiýesiniň wezipeleri. Zähmet-adamyň akyl, ukyp, başarnyk taýdan kämilleşmeginiň esasy bolup durýar. Taryhy taýdan alanda zähmet adamyň kemala gelmeginiň esasydyr. Adamzat jemgyýetiniň ösmegi we zähmetiň wezipeleri:

- Zähmet endiklerini kämilleşdirmek;
- Zähmete söýgi döretmek;
- Tabşyrylan işe jogapkärli çemeleşme;
- Jemgyýetiň öňündäki borja düşünmek;
- Tertip-düzgüni, endikleri zähmetiň üsti bilen kämilleşdirmek;
- Toparda öz ornuňy tapmakdyr.

**Maşgala bilen mekdebiň zähmet terbiýesi hakynda alyp barýan işleri**:

l. Zähmete bolan söýgini terbiýelemek;

2. Zähmet adamsyna hormat goýmak;

3. Zatlara aýawly we tygşytly çemeleşmek;

4.Yerine ýetirilen işe bolan buýsanç;

5.Tabşyrylan işe jogapkärli çemeleşmek;

6. Okuwa bolan jogapkärçilik;

7. Öz-özüňe hyzmat etmek meselesi.

8. Öý işlerine ýakyndan ýardam bermek;

9. Önümçilige gatnaşmak;

10.Yaşuly nesillere kömek bermek;

11.Çagalaryň işine ýolbaşçylyk etmek;

12. Maşgalada zähmeti paýlamak (oglanlar, gyzlar);

13. Zähmetde çagalaryň ýaş, psihologik, özboluşly aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak;

14. Hünär saýlap almak;

15.Yerine ýetirilen işi töwerekleýin bahalandyrmak.

Zähmet terbiýesiniň usullary: zähmet ýumuşlary, baýramçylyk gurnaklar, ýaryşlar, soraglar, jogaplar, oýunlar.

**Zähmet terbiýesiniň mazmuny we görnüşleri.**

**Zähmet terbiýesini bermek işi maşgalada, mekdepde, okuw-terbiýeçilik işleriniň esasynda özüniň beýanyny tapýar.**

Çagalaryň okuw zähmeti, synpdan we mekdepden daşary geçirilýän işlere işeňňir gatnaşmaklary, mekdepde öz-özüne hyzmat etmeginiň giň ýola goýulmagy zähmetden önümli peýdalanmagy amala aşyrmakda ýardam berýär.

Zähmet terbiýesiniň mazmuny-döwletimiziň öňünde duran syýasy we hojalyk wezipelerinden, mekdebiň içki köpçülik işlerinden gelip çykýar.

Okuwçylary zähmetiň üsti bilen terbiýelemekligiň mazmunynda okuwçylar toparlaýyn tejribesi, häsiýetleri, gyzyklanmasy hasaba alynýar.

Sapakda we sapakdan, synpdan daşary geçirilýän işlerde zähmete höwes we ylym, tehnika, energetika, himiýa beýleki hünärlere söýgi terbiýelenýär.

**Okuw zähmeti** – okuwçylaryň iň esasy zähmetidir. Zähmetiň bu görnüşi kanuna laýyk taýýarlygy we jogapkärçilik talap edýär. Sapakda mugallym okuwçynyň pikirlenmesini yzygider ösdürýär. Käbir okuwçylara akyl zähmeti agyr duýulýar. Olaryň tiz içi gysýar, okamak özbaşdak pikirlenmek islemeýär, sapaklara gowşak taýýarlanýar.

Şeýle ýagdaýy gören mugallym okuwça kömek etmekligiň ýollaryny gözlemeli, olaryň pikirlenip işlemek ukyplaryny ösdürer ýaly ýumuşlar taýýarlap indiwidual işlemeklige girişmelidir. Şeýlede, ene dili, okuw surat, zähmet sapaklarynda-da okuwçy edil matematika sapagyna taýýarlanyşy ýaly taýýarlanmalydyr.

**Zähmet sapagynda** – ýerine ýetiren işleriniň netijesini çagalaryň özleri görýär we oňa belli bir derejede höweslenýär.

Mugallym okuw materiallary, karton, kagyz bilen işlemekden başga-da milli keşdeler gaýamak, halyçylyk sungatyna höwesi başlangyç synpda zähmet sapagynda başlasa – onda oglan-gyzlarda öz boluşly zähmet endikleri terbiýelenýär. Oglanlar byçgy we beýleki esbaplaryň üsti bilen dürli oýnawaçlar ýasaýarlar, uly ýaşly okuwçylaryň hatarynda ýuwaş-ýuwaşdan ussaçylyk hünärine höwes terbiýelenýär. Gyzlar jorap örmek, keşde gaýamak, gurjaklara bolar ýaly köýnekleri tikmek we ýakasyny bejermek ýaly işler bilen meşgullansalar, geljekde tikinçi, halyçy, keşdeçi bolarlar we öz zähmetleriniň netijesinden lezzet alarlar.

Synpdan we mekdepden daşary geçirilýän işleriň üsti bilen zähmet terbiýäniň berlişi – başlangyç synplarda zähmet terbiýesi «Çeperler», «Ekologiýa» drama we beýleki gurnaklaryň üsti bilen öz beýanyny tapýar.

Ýuwaş-ýuwaşdan orta we ýokary synplarda şu gurnaklaryň sany artyp, döredijilikli işlemeklige ýagdaý döredýär.

Zähmet terbiýesiniň ýene-de bir görnüşi öz-özüňe hyzmat etmekdir.

Çagalaryň öz-özüne hyzmat etmekligi maşgalada, çagalar bagynda çagalara öwredilýär. Özüniň düşegini ýygnamak, egin-eşiklerini arassa saklamak, öýde we mekdepde arassaçylygy berjaý etmek, gündelik durmuş üçin gerekli zatlary taýýarlamaklyga gatnaşmak, öýleri, howlulary arassa saklamak we ş.m. Okuwçynyň zähmet endiklerini ösdürýär we özbaşdaklygy terbiýelenýär.

**Jemgyýete peýdaly zähmet** – zähmetiň şu görnüşiniň üsti bilen okuwçylarda il-günüňe, ata-eneňe hyzmat etmäge mümkinçilikler terbiýelenýär, zähmete oňat garaýyş ýüze çykýar.

Mekdepde jemgyýete peýdaly zähmetiň görnüşleri dürli-dürlüdir. Ol sapakda we sapakdan daşarda-da ýerine ýetirilýär.

Mekdepdäki peýdaly zähmeti şu taraplara gönükdirip bolar. Synplary, mekdebiň howlusyny arassa saklamak, okuw esbaplaryny bejermäge ýardam bermek mekdepde bag ösdürmek, sport meýdançalaryny, janly burçlary döretmek, okuw-tejribe meýdanda işlemekligi öz içine alýar.

Okuwçylar mekdepden daşary oba hojalyk önümlerini ýygnamaga gatnaşýarlar. Mekdebiň ýanyndaky çagalar bagynyň körpeleri bilen ýakyndan aragatnaşyk saklap, olara dürli oýnawaçlar bejerip berýärler. Olar bilen birlikde ýörite meýdançalary arassalamaga, derman ösümlikleri ýygnamak işleri alyp barýarlar.

**Öndürijilikli zähmet** – Öndürijilikli zähmete gatnaşmak okuwçylaryň zähmetini öz häsiýeti boýunça işçileriň, daýhanlaryň zähmetine ýakynlaşdyrýar. Olar öz zähmetiniň netijesini görýärler.

**Okuwçylar zähmetiň şu görnüşlerine gatnaşanda ýaş aýratynlyklaryna üns bermeli. Orta we ýokary synplarda jemgyýete peýdaly zähmetiň görnüşleri çylşyrymlaşýar we okuwçy öz ýerine ýetirýän işiniň üsti bilen ahlak borjuny ýerine ýetirýändigine düşünýär. Olar ýörite okuwçylar zähmet işlerini ýerine ýetirýäntoparlarda-da zähmet çekýärler.**

**Zähmet terbiýesiniň usuly we ondan edilýän talaplar:**

**Okuwçylaryň zähmetine çemeleşmegiň ahlaklylygy we jemgyýete peýdaly zähmetiň belent bolmagy.**

Çaganyň öz zähmetiniň ähli halk zähmetine goşulýandygyny duýmaklygy zerurdyr.

Okuwçylar jemgyýetçilik, köpçülik zähmeti ýerine ýetirmekde ahlak taýdan ösýär we jebisleşýär, olarda oňat gylyk-häsiýetler terbiýelenýär.

Mugallymlar, terbiýeçiler okuwçylara zähmet terbiýesini bermekde çaganyň öz zähmetinden ruhlanmagyna, zähmetine guwanmaga we çeken zähmetiniň netijesini duýmaga mümkinçilik döretmelidir.

**Zähmetiň topar häsiýeti – möhüm pedagogik talapdyr. Ol çagalarda kollektiwizm düşünjesini döredýär, özara kömek, dostluk gatnaşyklaryny berkleşdirýär. Topar zähmetiň dowamynda, mugallym çaganyň gyzyklanmasyny ösdürmeklige mümkinçilik döretmeli. Iş şeýle guralanda okuwçyda ýoldaşyna kömek etmek, ýerine ýetirýän işiniň hilini gowulandyrmak duýgusy we şol işe höwes döreýär.**

**Zähmet ýumuşlary** – okuwçynyň ýaş aýratynlyklaryna görä tabşyrylmalydyr. Sebäbi yzygider zähmet çekmek çagany ýadadýar. Tabşyrylan ýumşa ýigrenç döreýär. Mugallym: fiziki zähmeti dynç almak bilen baglaşykly guramalydyr.

Tabşyrylan ýumşy höwes bilen ýerine ýetirmeklige şert döretmeli.

Peýdaly zähmetiň belli düzümi bolmaly. Ýylyň dowamynda okuwçynyň zähmet ýumuşlaryny ýerine ýetirýän ýörite depderiniň bolmagy çaganyň ýylyň-ýylyna öz zähmetiniň çylşyrymlaşyp barýandygyny okuw we fiziki zähmetiň özara baglanyşyklydygyny duýmaklary üçin mümkinçilik döredýär.

Okuwçylary kär saýlamaklyga ugrukdyrmak başlangyç synpdan iň ýönekeý görnüşde başlanýar. Kär saýlamaklygyň esasy wezipesi çagada käre, hünäre bolan gyzyklanmany terbiýelemeklige, onuň jemgyýete zerurlygyny duýmagy, dürli kärlerde zähmet çekmäge taýýar bolmagy terbiýelemekden ybaratdyr.

Jemläp aýdanymyzda, okuwçylary zähmete psihologik taýýarlamakdyr.

Okuwçylary kär we hünär saýlamaklyga ugrukdyrmagyň maksady halk hojalygynda önümçilikde, ýurduň ykdysady durmuşyň gowulandyrmakda dürli kärleriň ähmiýeti, tutýan orny barada çagalara düşündirmek işi başlangyç synpdan başlanýar.

Mugallym käre, hünäre höwesi sapakda we sapakdan daşary geçirilýän işleriň üsti bilen amala aşyrýar. Aýratynda zähmet sapagynda käre höwes terbiýelenýär, sapakdan daşary köpçülik işleriniň üsti bilen dürli kärler barada gürrüňler, kinofilmlere tomaşa etmek, önümçilige syýahatlar guramak zähmet weteranlary bilen duşuşyklar geçirmek işleri okuwçylaryň ýaş aýratynlygyna görä üýtgeýär we çylşyrymlaşýar.

IV-VIII synplarda diňe hünäre söýgi terbiýelemek däl-de öz ýaşaýan ýerine önümçiligi, politehniki bilimiň berliş aýratynlyklary bilen doly tanyşdyrylýar. Ýokary synplarda kär saýlamaklyga höwes önümçilikde amala aşyrylýar. Mugallym we terbiýeçi bu işi maksada laýyk guramalydyr. Çagalary şu ugra gönükdirmelidir.

Synpdan daşary geçilýän zähmet işleri we sapaklary gowy guralan taýýarlyk esasynda geçilmelidir. Synpdan daşary işler toparlaýyn, ýekelik görnüşde geçirilýär. Toparlaýyn aşakdaky işler geçirilýär. Ýygnanyşyklar, baýramçylyklar, duşuşyklar, sergiler, gözden geçiriş, oýunlar, syýahatlar. Ýokardaky işleri geçirmeklik bilen çagalary umumy mekdep arkaly geçirilýän ýaryşlara, baýramçylyklara, duşuşyklara, gözden geçirişlere gatnaşdyrmak bilen ýokarky işlere höwes döretmekligi gazanmak bolar.

Toparlaýyn işler çagalaryň umumy gyzyklanmasyny göz öňünde tutmak bilen ýörite her aýa ýa-da ýarym ýyla düzülen meýilnama esasynda geçirilýär. Toparlaýyn geçirilýän işlere aşakdakylar degişlidir. Gurnaklar, özbaşdak işler, görkezme esbaplary gözden geçirmek, kesellere, garrylara kömek bermek, çöl we meýdan haýwanlaryny, guşlary iýmitlendirmek. Mundan başga şu aşakdaky hem toparlaýyn geçirilýän synpdan daşary işlere goşmak bolar. Guşlar güni, baglar güni, hasyl baýramy we beýlekiler degişlidir.

Synpdan daşary işleriň we sapaklaryň ýekeleýin görnüşine aşakdakylary aýtmak bolar. Konstruirlemek, modelleşdirmek, kolleksiýa taýýarlamak, gülleri ösdürip ýetişdirmek, haýwanlary idetmek, palçyk, plastilin bilen işlemek, applikasiýa, köýdürip surat çekmek, tikmek, biçmek, folga bilen işlemek, tebigy materiallardan ertekiler boýunça şekiller taýynlamak degişlidir.

Okuwçylaryň zähmetiniň netijeliligini gazanmagyň şertleri:

- okuwçylaryň zähmeti guramaçylykly häsiýete eýe bolmalydyr;
- işiň ýerine ýetirilmeginiň maksadyna okuwçylar çuň düşünmelidir;
- okuwçylaryň zähmetiniň toparlaýyn häsiýetli bolmagyna üns berilmelidir;
- okuwçylaryň zähmeti we yzygiderli häsiýete eýe bolmalydyr;
- okuwçylaryň zähmetiniň belent ahlaklygyna esaslanmagy, jemgyýetçilik ähmiýetliligi we ideýa taýdan dogry ugrukdyrylanlygy;
- okuwçylara güýji ýetýän iş tabşyrylmalydyr;
- zähmetiň netijesi wagtynda okuwçylara mälim edilmelidir we oňa degişli baha berilmelidir;

Indi bolsa biz şu sanalan synpdan

daşary işleriň käbiriniň geçirilişine seredeliň.

## Synpdan we mekdepden daşary terbiýeçilik işler.
## Synp ýolbaşçysynyň terbiýeçilik işleri

**Siziň bilşiňiz ýaly 1–3-nji synplarda mugallym şol bir wagtyň özünde terbiýeçiniň ýa-da synp ýolbaşçynyň işini-de ýerine ýetirýär. Onyň esasy wezipeleri:**

- çagalar toparyny döretmek;
- Okuwçylar toparyny öwrenmek, olar bilen aýratynlykda iş geçirmek;
- Okuwçylaryň bilim derejeleriniň, başarnyklarynyň hem-de endikleriniň kämil bolmagyna kömek etmek;
- çagalar guramasy we ene-atalar bilen işlemek;
- çagalary zähmete uýgunlaşdyrmak, geljekki hünärini saýlamaga ugrukdyrmakdan ybaratdyr.

Ýokary synplarda (IV-IX) synp ýolbaşçysy bellenilýär, ol aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

- synp okuwçylar toparyny berkitmek;
- synpyň okuwçylary bilen terbiýeçilik işini geçirmek;
- synpyň okuwçylaryny doly öwrenmek;
- okuwçylara mekdep, maşgala, jemgyýetçilik tarapyndan ýeke-täk talap edilmegini gazanmak;
- okuwçylaryň okaýşyna gözegçilik etmek, olara okuw kömeginiň berilmegini ýola goýmak;
- synpyň dokumentasiýa we hasabat işlerini göwnejaý ýöretmek;
- sapakdan we mekdepden daşary terbiýeçilik çärelerini geçirmek;

- okuwçylaryň tertibini bahalandyrmak we ş.m.

Synp ýolbaşçy öz işini terbiýeçilik iş meýilnamasynyň esasynda alyp barýar. Meýilnama düzmäge taýýarlyk, **synp toparyna häsiýetnama** düzmekden başlanýar.

Ondan soň synp ýolbaşçy umumy mekdep iş meýilnamasy bilen tanyşmaly. Ol özüne gerek, degişli umumy mekdep işleri, jemgyýete peýdaly işleri belläp alýar. Işi meýilnamalaşdyrmagyň netijeliligi synp ýolbaşçynyň şahsy häsiýetlerine, onuň hünär taýýarlygyna baglydyr.

Synp ýolbaşçynyň iş meýilnamasyna bolan pedagogiki talaplar:

- Hormatly Prezidentimiziň ideýalaryna laýyklykda okuwçylar bilen geçirilýän terbiýeçilik işleriniň maksadynyň, wezipesiniň, mazmunynyň, guramaçylyk işleriniň kadalarynyň bitewiligini gazanmak;
- Okuwçylary ýaş we indiwidual aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak;
- Meýilnamada ýerine ýetirip bolaýjak işleri göz öňünde tutmak;
- Umumy mekdep meýilnamasy bilen ylalaşykly bolmak;
- Meýilnama düzülende ders okadýan mugallymlary, ata-eneleri we okuwçylaryň gatnaşmagynda maslahatlaşylsa, ol dogry we doly düzüler.

Synp ýolbaşçynyň işiniň kyn we çylşyrymlylygy, onuň bir wagtyň özünde: okuwçylar, ata-eneler, mugallymlar, jemgyýetçilik, mekdep ýolbaşçylary bilen birlikde işlemekligidir.

Synp ýolbaşçysynyň terbiýeçilik iş maksatnamasynyň şu aşakdaky görnüşleri bar:

I. Perspektiw maksatnama;
II. Kalendar – tematik maksatnama (çärýeklik);
III. Grafik – kalendar maksatnama (çärýeklik);
IV. Bir aýlyk grafik kalendar maksatnama;
V. Synp ýolbaşçynyň – gündeligi;
VI. Bir aýlyk-siklogramma.

Synp ýolbaşçynyň geçirýän terbiýeçilik işleriniň görnüşleri: pedagogiki umumy sapak; ylmy – amaly maslahat, açyk gapylar güni, açyk sapak, berkidiji okuw, sorag-jogap agşamlary, ata-eneler ýygnagy, jemleýji, çärýeklik synp sagatlary, tematiki ýygnaklar, ýygnak – praktikum, okuwçylaryň öýüne barmak, ata-eneleri mekdebe çagyrmak, aýratynlykda pedagogiki berkidiji sapak, aýratynlykda pedagogiki tabşyryk.

**Synp ýolbaşçysynyň perspektiw terbiýeçilik iş meýilnamasynyň maksatnamasy (ýyllyk).**

**I. Geçen okuw ýylynda geçirilen terbiýeçilik işiniň netijesi we synpa häsiýetnama.**
II. Täze okuw ýyly üçin terbiýeçilik işleriň ugurlary.
III. Terbiýeçilik işleriň mazmuny we görnüşleri.

| № | Terbiýeçilik işleriň esasy ugurlary | Işleriň görnüşleri | Ýer./ýet. wagty | ýerine ýetiriji | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Okuwçylar toparyny guramak. | | | | |
| 2. | Ideýa – syýasy terbiýesi. | | | | |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 3.<br>4.<br><br>5.<br>6.<br>7.<br>8.<br>9. | **Ahlak terbiýesi.**<br>Zähmet terbiýesi we hünäre urukdyrmak boýunça işler.<br>Gözellik terbiýesi.<br>Aňly–düşünjeliligi terbiýelemek.<br>Dostluk agzybirligi terbiýelemek.<br>Watana söýgini terbiýelemek.<br>Beden terbiýesini we saglygy berkitmek işleri. | | | | |

Pedagogiki topar bilen arabaglanyşyk.

I. Okuwçylaryň ata-enesi we jemgyýetçilik bilen işlemek.

Kalendar – tematiki terbiýeçilik iş maksatnamasy.

(çärýeklik)

| Wagty | Işiň esasy mazmuny | Işiň görnüşleri | Ýerine ýetirijiler | Netijesi |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

Grafik – kalendar terbiýeçilik iş maksatnamasy

(çärýeklik)

| Geçiril-meli wagty | Işiň guralyşy | Ideýa – syýasy terbiýesi | Zähmet terbiýesi we hünäre urukdyrys işleri | Ahlak terbi-ýesi | Gözellik terbiýesi | Ata-eneler bilen iş |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |

Bir aýlyk grafik – kalendar terbiýeçilik iş maksatnamasy.

| Terbiýeçilik işleriň esasy ugurlary | I hepde | II hepde | III hepde | IV hepde |
|---|---|---|---|---|
| - syýasy habarlar<br>- Watançylyk, dostluk, agzybirligi, tebigata söýgüni terbiýelemek.<br>- Döwlet nyşanlaryna söýgi terbiýelemek. | | | | |

Synp ýolbaşçynyň gündelik terbiýeçilik maksatnamasy

| Hepdäniň günleri | Işiň esasy görnüşleri | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | Synp bilen | Işjeň topar bilen işlemek | Aýratyn-lykda iş | Mugal-lymlar bilen iş | Ata-eneler bilen iş | Gurnak. Mekdepden daşary edaralar. |
| | | | | | | |

II

| | | | |
|---|---|---|---|
| I gün | Synp sagady | IV gün | Ýekebara iş |
| II gün | Işjeň topar bilen iş | V gün | Mugallymlar bilen iş gurnaklar |
| III gün | Synp okuwçylary bilen iş | VI gün | Ata–eneler bilen iş |

Terbiýeçilik işiniň bir aýlyk mysaly
maksatnama – siklogrammasy.

| Hepdäniň günleri | I hepde | II hepde | III hepde | IV Hepde |
|---|---|---|---|---|
| I gün | umumy | Tematika | umumy | Tematika |
| | Syýasy informasiýa | | | |
| II gün | Aktiw bilen işlemek | | | |
| | Işjeň maslahat | Syýasy habarlar | Toparlar Bilen | Medeni köpçülik we zähmet toparlary |
| III gün | Synp sagatlary | | | |
| IV gün | Çagalar we ýaşlar guramalary bilen iş | | | |
| | Toparlar bilen | Toparlar bilen | Ýygnaklar | Hünäre ugrukdyrmak |
| V gün | Gurnaklar işi | | | |
| | Dersler boýunça | Gözegçilik sikli gurnak. | Ders gurnagy | Gözegçilik gurnaklary |
| VI gün | Gezelençler | Duşuşyk | Agşamlar | Zähmet işler |
| VII gün | Dynç güni | | | |

**Synp ýolbaşçysynyň ata-eneler bilen geçirýän işleri.**
**Ata-eneleriň köpüsinde terbiýelemek işiň tejribesiniň, biliminiň pesligi maşgala terbiýesinde käbir ýalňyşlyklaryň ýüze çykmagyna getirýär.**

1. Ata-eneleriň çagalary bilen gepleşmäge wagtynyň azlygy. Olar çagalaryna öz işleri barasynda gürrüň bermeýärler. Mekdebiň durmuşy barada gyzyklanmaýarlar. Bu ýagdaýlar çagalary ene-atasyndan daşlaşdyrýar.
2. Çagalaryň öý işine çekilmezligi, olarda zähmete bolan dogry garaýşy, zähmetden gaçmaklyga getirýär.
3. Ata-eneleriň durmuşyndan nädogry mysallar (alkogolizm, narkomaniýa, tertip-düzgün bozmak) mekdebiň geçirýän işini puja çykarýar.
4. Öýde geçirilýän terbiýeçilik işleriň barlanylmazlygy (gündelik her wagt, bir barlanýar).
5. Mekdep bilen maşgalanyň täsiriniň tersligi çagada mekdebe, mugallyma ters garaýyş döredýär.
6. Çagalaryň ýaşynyň ulaldygyça, olara terbiýeçilik täsiriň azalmagy, çagalary ata-eneden we mekdepden daşlaşmagyna getirýär.
7. Çagalara ata-enäniň terbiýeçilik täsiriniň gijikmesi (ata-eneleriň köpüsi çagam ýaş, ulalandan soň özi düşüner diýýärler) we ş.m.
8. Ata-eneleriň terbiýelemegiň usullaryny bilmeýänligi, ata-enäniň çaga täsiriniň, talabynyň dürliligi, ata-eneleriň maşgalany maddy taýdan üpjün etmäge ymtylyp, ruhy täsiri elden bermegi bularyň ählisi-de terbiýeçilik işiniň kemçilikleri hasaplanylýar.

**Synp ýolbaşçynyň ata-eneler bilen geçirilýän işleriniň görnüşleri.**

1. **Pedagogiki umumy okuw** – geçirilýän işleriň iň bir möhümi. Bu iş anyk bir materialyň, mysallaryň üsti bilen geçirilmeli. Ata-eneler öz şahsy terbiýeçilik mysaly bilen çykyş etsede bolar. Ata-enelere padagogiki bilim bermek bilen çäklenmän, alan bilimlerini ulanmagy öwretmeli. Geçirilmeli umumy okuwyň esasy üç maksady bolmaly: gyzyklandyrmak, düşündirmek, ynandyrmak. Leksiýany öz sözüňiz bilen başlasaňyz diňleýjiler gyzyklanar, getiren mysallaryňyz täze özüne çekiji bolsa diňleýjiler düşüner, eger aýdan zatlaryňyz çyn ýürekden bolup, ata-eneleriň tarapynda bolup, olaryň duýgusyna täsir edip bilseňiz olar ynanar. Geçirýän umumy okuwyň harby, psiholog ugurlardan ýörite hünärment çagyrsaňyzda kem bolmaz.

2. **Ylmy–amaly maslahat** – terbiýeçilik işiniň nazarýeti bilen amaly usulynyň birligini görkezmäge ýardam berýär. Ylmy–amaly maslahat bir synp okuwçylaryň ata-eneleri üçin ýa-da birnäçe synp okuwçylarynyň ata-eneleri üçin bolup biler. Bir synpyň ata-eneleri üçin anyk temadan geçirilmeli. Birnäçe synpyň okuwçylarynyň ata-eneleri üçin maslahatyň temasy umumy bolmaly. Maslahatyň temasyny synp ýolbaşçy işjeň tema boýunça saýlamaly. Kä halatlarda temany ata-eneleriň özleri hödürläp bilerler. Mysaly temalaryň ady: “Çagalaryň zähmet terbiýesi”, “Çagalarda Watana söýgini

terbiýelemegiň ýollary", "Okuwçylaryň gün režimi", "Okuwçylarda tebigata söýgi, ony goramagy terbiýelemek", "Çagalary hünäre ugrukdyrmagyň ýollary", "Çagalarda özbaşdaklygy terbiýelemek", "Çagalary maşgala durmuşyna taýýarlamak", "Çagalara öz-özüňi terbiýelemekligi öwretmek" we ş.m.

Maslahat geçirmek üçin guramaçylyk topary düzülýär. Olar meýilnama düzüp, onuň esasynda birnäçe guramaçylyk işleri geçirýärler:

- maslahatda ara-alnyp maslahatlaşmaly soraglary kesgitleýärler;
- maslahatyň temasyna laýyklykda tematiki sergi guraýarlar;
- çykyşlaryň temalaryny düzýärler;
- alnan tema boýunça iş tejribesi bolan maşgalalaryň iş tejribesini jemleýärler;
- ara-alnyp maslahatlaşjak tema boýunça geçirilmeli işleri gowulandyrmak üçin degişli maslahatlar işläp çykarmak.

Maslahatyň netijeliliginiň ýokary bolmagyna ata-eneleriň işjeňligi, olaryň başarjaň çykyşlary täsir edýär. Mümkinçilik bolsa, ene-atalar öz geçirýän işiniň netijeli taraplaryny doly görkezse, öňden taýýarlanan nutuk bilen çykyş etmän öz sözi bilen aýtmaly zatlary dogry we doly aýtsa geçirilen işiň netijesi ýokary bolar.

Maslahat şu aşakdaky meýilnama bilen geçirilmeli:

- synp ýolbaşçynyň giriş sözi;
- ene-atalaryň çykyşlary;
- çykyşlar boýunça çekişmeler;
- maslahatyň jemini jemlemek.

**3. Açyk gapylar güni ýa-da ene-atalar güni.**

**Bu günleri okuwçylaryň dynç alyş (kanikul) wagtynda geçirmeli. Synp ýolbaşçylar bu işe öňünden taýýarlanyp, ene-atalara öňünden duýdyrylýar. Açyk gapylar güni her 2 ýa-da 3 sagat dowam edýär. Mekdepde olar üçin kiçijik konsert berilýär. Baýramçylyk soňra synplarda dowam edýär. Ata-eneler öz çagalarynyň üstünlikleri, olaryň ýerine ýetirýän köpçülik işleri bilen ýakyndan tanyşýarlar. Şol gün mekdebe lukman, hukuk işgäri (ýurist), ýazyjy, alym çagyrylsa-da bolýar. Olar ene-atalara maslahatlar bererler.**

**4. Açyk sapak** – Ene-atalar sapaklara gatnaşyp çagalarynyň okuw işini ýerine ýetirişini öz gözleri bilen görüp, kemçilikleri düzedip bilerler. Mugallym olara çagasyna öýde nähili kömek etmelidigini düşündirýär. Ene-atalar açyk sapaklara şenbe güni çagyrylsa, olara gatnaşmaga mümkinçilik bolar.

**5. Ugrukdyryjy okuw, sorag-jogap agşamlary.** Bu işe bir aý golaý taýýarlanmaly. Ene-atalaryň soraglaryny toplamaly, olary temalar boýunça toparlamaly. Toplanan soraglaryň mazmunyna görä gerekli hünärmenleri çagyryp agşamy geçmeli. Agşama gowy taýýarlanmaly, sebäbi ene-atalar öz soraglaryna doly jogap bermegi talap

ederler. Bu işiň netijesinde synp ýolbaşçy özüniň okuwçylarynyň ene-atasyny köp gyzyklandyrýan soraglary biler we olaryň üstünde işlär.

**6. Ene-atalar ýygnagy.** Çözülýän meselelere görä bu ýygnaklar guramaçylyk, çärýegiň jemleri, temany, ýygnak – disput (çekişme), ýygnak – praktikum; synp ýolbaşçynyň işi esasynda ene-atalar bilen geçirilýän pedagogik okuw ýygnaklar.

a) Guramaçylyk ýygnaklary – ene-atalar topary saýlanýar, synp ýolbaşçynyň iş meýilnamasy tassyk edilýär, jemgyýetçilik tabşyryklar paýlanýar, ene-atalar bilen geçirilýän umumy mekdep işler maslahatlaşylýar.

Bu ýygnaklar köp wagt sowuk-sala geçýär. Ene-atalar özlerini hiç bir ýere saýlatmajak bolup, köpçülik işinden daşda galjak bolýarlar. Ene-atalaryň köpüsi bilen öňünden duşuşyp, olar bilen boljak ýygnak barada gepleşmeli, olaryň pikirini bilmeli, olardan kömek soramaly.

b) Çärýegiň jemleri boýunça synp ýygnaklary ene-atalara olaryň çagalaryny okuwa ýetişiginiň ýagdaýlary barada gürrüň berip, goýberilen kemçilikleri düzetmeklige ýol görkezýär. Bu ýygnagy ýöne, bir habar berlişe öwürmeli däl. Ýüze çykan kemçilikleriň sebäbini tapmaly, kemçilik çagadamy, mugallymdamy, ene-atadamy. Ýygnak öz maksadyna şol wagtda ýeter, haçanda her bir ene-ata çagasynyň ýagdaýyny doly bilip, dogry netije çykarsa ….

w) tematiki ýygnaklar – öňde baryjy iş tejribeler boýunça geçirilýär. Ene-atalaryň soraglary we haýyşlary boýunça şu aşakdaky temalar boýunça ýygnaklar geçirilýär: “Çagalaryň özüni alyp baryş medeniýeti”, “Çagalaryň gün režimini guramak”, “Maşgalada zähmet terbiýesi”, “Çagalarda okamaga höwes döretmek” we ş.m.

g) Ýygnak disput (çekişme) Bu ýygnaklaryň esasy maksady käbir ene-atalaryň öz borjuny ýerine ýetirip bilmeýänleri bilen iş geçirmek. Olaryň kemçiligini ýüze aýdaýsaň olary özünden daşlaşdyryp bolar. Şonuň üçin çekişmede olaryň nädogry hereketlerini görkezip, ony düzedip bolar. Bu çekişmelerde maşgalanyň maddy ýagdaýy, gözellik, tertip we tertipsizlik ýaly soraglary derňäp bolar.

d) Ýygnak praktikum – bu ýygnagyň esasy maksady ýüze çykan takyk soraglary çözmek. Ene-atalar topary ene-atalaryň öňünde anyk çözmeli meseleleri goýýar: bir aýyň içinde çaganyň bilim derejesiniň ösüşi ýa-da zähmete garaýşy, ynsanperwerligi üýtgedimi ýa-da ýok. Ýörite soragnama düzülip ene-atalara berilýär. Soňra olaryň öýlerine baryp çözüljek soragyň nähili ýagdaýda maşgalada guraljagy öwrenilýär. Ýygnagyň esasy maksady çözülende ýagdaýa dogry baha bermek hökmandyr.

e) Synp ýolbaşçynyň ene-atalar bilen pedagogiki okuw ýygnaklary. Bu işiň esasy maksady ene-atalary pedagogikanyň maşgala täzelikleri bilen tanyşdyrmak. Gazet žurnallarda çap edilen makalalaryň mazmuny bilen tanyşdyryp ony öz iş tejribesinde ulanar ýaly etmeli.

Bu ýygnaklardan başga-da synp ýolbaşçy ene-atalar bilen toparlaýyn ýekebara pedagogiki gürruň çaganyň häsiýetnamasyny ara alyp maslahatlaşmak, okuwçylaryň

öýlerine barmak, ene-atalary mekdebe çagyrmak, pedagogiki konsultasiýa, ýekebara pedagogiki tabşyryklar bermek bolar.

**1. Toparlaýyn ýygnak – gürrüňdeşlik.** Bu ýygnak birnäçe maşgalada bir wagtyň özünde birhili kemçilikler ýüze çykanda guralýar. Ene-atalary diňläp olara gerek bolan gönükdirilmeler berilýär. Käbir halatlarda ene-atalar bilen hem toparlaýyn ýygnaklar geçirilýär. Okuwçylaryň öýüne baryp görüp, arassaçylyk ýagdaýlary bilen tanyşyp, okuwçylaryň gün režimini öwrenip olaryň netijeleri boýunça ýygnak geçirilýär.

**2. Ýekebara pedagogik gürrüň.** Bu iň bir aňsat we golaý iş. Ýekebara gürruňdeşlikde ähli soraglar boýunça gürrüňleşip netije çykaryp bolar. Bu gürrüňdeşligi mekdepde-de, çaganyň öýünde-de geçirip bolar. Bu gürrüňdeşlige öňünden taýýarlanyp, näme barada gepleşmelidigini pikirlenmeli. Mysal üçin mugallym okuwçynyň sapaga taýýarlanman gelýänligi barada duýdurýar. Bu ýerde synp ýolbaşçy kimiň günäkärdigini bilip soň işe başlamaly. Belki günä mugallymyň özündedir. Ene-atalar bilen gepleşende sagadyňa köp seretmeli däl, ol seniň gepleşmäge wagtyň ýoklugyny aňladar. Şeýle bolanda ene-atalarda içgin gepleşip bilmez. Ene-atalar bilen pedagogik ýekebara gürrüň edeniňizde çaganyň oňat taraplaryndan gürrüňi başlamak amatly bolar. Her kimem öz çagasyny gowy görýär. Eger gürrüňi birden kemçiliklerden başlasaňyz gürrüňdeşlik peýdasyz bolar.

**3. Çaganyň häsiýetnamasyny ara alyp maslahatlaşmak.** Häsiýetnama her bir ýyl üçin hökmany bolmasada onuň ähmiýeti uludyr. K.D.Uşinskiý şeýle diýipdir: “Adamy hemme taraplaýyn terbiýelemeli bolsak, onda biz ony hemme taraplaýyn bilmelidiris” – diýip belläpdir. Gysgaça ýazylan häsiýetnama okuwçynyň ýekebara psihologik aýratynlyklary barada habar berýär. Mekdeplerde şeýle ýagdaýlar ýüze çykýar käbir ene-atalar mugallymyň ýazan häsiýetnamasy bilen ylalaşmaýarlar. Şonuň üçin häsiýetnama ýazylyp ony çaganyň ene-atasy bilen ara-alyp maslahatlaşylmaly we ýüze çykan kemçilikleri düzetmeli.

**4. Okuwçylaryň öýlerine barmak.** Bu işiň esasy maksady ene-atalaryň çagalaryň gün tertibi ýerine ýetirişine gözegçiligi, öýde çagalaryň zähmet terbiýesiniň goýluşy, çagalaryň sapaga taýýarlanmaga ýeri barmy, öýde okar ýaly kitaplary barmy, irki gimnastika bilen meşgullanýarmy, çaga boş wagtyny nähili geçirýär we ş.m. bilen tanyşmak. Bu işe-de öňünden taýýarlanmaly. Ene-atalar bilen barjak günüňi, wagtyňy kesgitlemeli. Bu olary öňünden öý-içerleri arassalamaga, mugallym bilen gürrüňleşmäge taýýarlanmaga mümkinçilik berer. Käbir halatlarda okuwçynyň öýüne duýdurmany hem baryp bolar (okuwçy kesel bolsa, mekdebe gatnamagyny goýsa, ene-ata bilen çözer ýaly gyssagly mesele ýüze çyksa). Ene-atalar bilen gepleşende olara akyl beriji hökmünde çykyş etmän, olary-da ünsli diňlemeli.

**5. Ene-atalary mekdebe çagyrmak.** Bu iş synp ýolbaşçysynyň okuwçynyň öýüne baryp bilmän ýagdaýynda geçirilýär. Ýöne ene-atanyň mekdebe çagyrylmagynyň esasy sebäbi okuwçynyň kemçiligi bolmaly däl. Onda ene-atalar, “çagam mekdepde bir iş edendir” diýip gelmezligide mümkin.

Ene-ata mekdebe gelip sapaklara gatnaşyp çagasynyň ýagdaýyny özi biler.

**6. Pedagogiki konsultasiýa** – bu işde ýüze çykan soraglara jogap bermek üçin geçirilýär.

**7. Ýekebara pedagogiki tabşyryk:** ata-enelere gurnaklary geçirmek, çagalar we ýaşlar guramalary bilen işlemek, sport gurnaklaryna ýolbaşçylyk etmek, gürrüň geçirmegi, syýahatlar, etrabyň görnükli adamlary bilen duşuşyklar guramak, görkezme esbaplar taýýarlamak, mekdebiň remont işine gatnaşmak ýaly işlere çekmek bolar.

## SPIRTLI IÇGILER IÇMEKLIGE WE NEŞEKEŞLIGE GARŞY TERBIÝEÇILIK IŞLERINIŇ USULLARY

Biziň bilşimiz ýaly, spirtli içgiler, neşekeşlik Hezreti Pygamberimiz tarapyndan, "içgi betbagytçylyklaryň enesidir" diýlip beýan edilipdir. Hakykatdan hem ylym, bilim we tehnologiýa ösdügiçe, bu hakykatyň dogrudygyny ýüze çykarýar. Ýaňy-ýaňylara çenli az mukdaryny içgi organizme peýdalydyr diýip bilen adamlar, bu gün şol aýdanlarynyň ýalňyşdygyny boýun almakdan çekinmeýärler.

Diňe saglyga zyýanly bolmak bilen çäklenmeýän içgi bu gün awtomobil we iş heläkçilikleriniň iň uly sebäpleriniň öň hataryndadyr.

Maşgaladaky agzalalyklaryň, maşgalanyň bozulmagynyň iň esasy sebäpleriniň birisi-de spirtli içgileriň emele getirýän rahatsyzlygydyr. Spirtli içgiler – ýaralama, ogurlyk, jenaýat we ş.m. her dürli jenaýatçylygyň emele gelmeginde we artmagynda iň esasy sebäpleriň biri. Bu gün bütin şu hakykatlar statistik maglumatlar bilen ynsan gözleriniň öňünde sergi hökmünde janlanýar. Şoňa görä, hakykatdan-da "içgi bütin betbagtçylyklaryň enesidir".

Spirtli içgiler dänelerden we miwelerden ýasalýar. Içgilerde ynsanlara serhoşluk ýagdaýyny döredýän, zyýanly madda, etil spirtidir. Piwo hem spirtli içgilere degişli.

Içgi içen şahsda etil – spirt içgi görnüşinde sorulyp gana geçýär. Gan aýlanyş ýoly bilen bütin beden organlaryna ýaýraýar. Bütin organizmiň öýjüklerini kadasyzlyk ýagdaýyna öwrülýär. Ýagny aýratyn bir organa däl, eýsem organizmiň her bir öýjügüne adatdan daşary zyýany bardyr.

Spirtli içgi ynsan organizminde bagyrda reaksiýa emele getirýär. Bu ýerde spirt suw we karbondiokside çenli bölünýär. Az mukdardaky bölegi böwreklerden we dem alyş bilen agyzdan daşary çykarylýar. Şonuň üçin içen adamlaryň agzyndan alkogol içginiň erbet ysy gelýär. Alkogol bir anestezik, ýagny beýhuş ediji bir maddadyr. Gan

ýoly bilen beýnä gelýär. Alkogol beýnä gelen wagtynda, ol beýniniň kadaly işleýşine zyýan berýär. Serhoş adam özüni alyp barşynda, hereketlerinde ýalňyşlyklar goýberýär. Soňra serhoşluk ynsanyň ýörite bir aýratynlygy bolan utanç perdesini ýyrtýar. Serhoş adam sag ýagdaýynda etmejek gödek hereketlerini edýär. Mundan başgada spirtli içgiler görüş organyňy we sözleýşiňi bozýar. Serhoş adamlar, aýratynda, gödek, ýaramaz, paýyş sözleri ulanyp, öz hetdini bilmezden, çakdanaşa, gerekmejek we ýürege düşgünç köp gürleýärler. Munyň yzysüre içgi eşidişi we myşsalaryň kadaly işlemegini sandan çykarýar. Serhoş adamlar aýaklanmadyk köşek ýaly ýöreýärler. Olar öz deňagramlylygyny kynçylyk bilen saklaýarlar. Örän köp artyk içilen içgi bu hereketleri-de togtadýar. Şahsyň ýüregi durýar, dem alyşda ysmazlykdan başlap ölüme çenli ýol açýär. Alkogolikler jemgyýete maddy we material taýdan hem ýük, hem-de dert bolan ynsanlar ýagdaýyna düşýärler.

Bu şahslar dawa – jenjelçi we hetdinden aşýan ynsanlardyr. Spirtli içgiler ynsanlary adatça jenaýata itekleýär. Alkogolikler maşgala içinde hem agzaladyrlar. Olar maşgalasyna (aýalyna) we çagalaryn azar berýärler. Soňundan biri-birlerinden aýrylyşmalaryna çenli baryp ýeten erbet netijelere sebäp bolup bilerler.

Içgi diňe ony içen şahslara zyýan bermek bilen çäklenmän, onuň neslinden bolan çagalara-da zyýany ýetýär. Meselem, alkogolik bir atanyň öz çagalarynda kemakyllylyk we şizafrenik (ruhy taýdan hassalyk) derejesi artykdyr. Eger göwreli ene spirtli içgi içýän bolsa onda alkogol çaga geçer we ol çagada uly zyýanlar emele getirýär. Içgi içýän enelerden kemakyl çagalar dünýä inip biler. Beden agzalary tarapyndan kemis, meselem, ýüregi çat açan bäbekler dünýä inip biler.

Biziň Bitarap, Garaşsyz ýurdumyzda sagdyn, ýaman gylyk-häsiýetden azat ýaşlar ýaşamaly. Ondan başga-da olar durmuşdan, spirtli içgi içmek, neşekeşlik, çilim çekmeklik ýaly ýaman häsiýetleri ýok etmeli.

Ýaşlarda spirtli içgileri içmeklige, neşekeşlige, çilimkeşlige garşy alnyp barylýan işiň esasy manysy adamyň organizminiň fiziki we ruhy zäherlenmegi bilen düşündirilmeli. Bu işde öz içine: Zäherlenmä garşy ony terbiýelemek – okuwçylara aragyň, çilimiň, nasyň, narkotiki jisimleriň adamyň organizmine zelel ýetirýändigini, onuň psihikasyna, ruhy dünýäsine, şahsy hiline zyýan ýetirýändigini düşündirmekden we şu işler bilen meşgullanýan adamlara ýigrenç döretmekden ybaratdyr.

Zäherlenmä garşy aňy kemala getirmek birnäçe wajyp işleri ýerine ýetirýär: saglygy saklaýyş, terbiýeleýjilik, bilim berijilik.

Zäherlenmä garşy terbiýäniň öňünde birnäçe pedagogiki wezipe durýar. Olar çagalarda spirtli içgileriň, neşeleriň adamyň organizmini dargadýandygyny aňlamak we

oňa ynanmakdyr. Ondan başga spirtli içgilere, neşelere ýigrenç durýgysyny döretmek we berk ahlak erki terbiýelemek.

Zäherlenmä garşy terbiýe işiniň birnäçe görnüşi bardyr. Olaryň iň esasysy çagalaryň aňyna psihologiki täsir etmek, söhbetdeşlik. Spitrli içgileri içmeklige, neşekeşlige, çilimkeşlige garşy işlere mekdepde sapakda, synpdan we mekdepden daşary terbiýeçilik işlerinde amala aşyrylýar. Bu işde taryh, edebiýat, anatomiýa, biologiýa sapaklary esasy orun tutýar.

Mundan başga-da bu işde maşgalanyň ornuda uludyr. Çagalaryň ýaman gylyk-häsiýetlerine üns bermeklik şu ýerden başlanýar.

Nuh Pygamberimiz hakyndaky hekaýatlarynda şerabyň ýüze çykyşy barada-da pikirler beýan edilýär.

Tupanyň öň ýanyndaky günlerde Nuh Pygamberiň iş aladasy ýetik bolup birneme aljyraňňylyga düşendir-dä, elbetde, şu üzümiň çigidini almagy ýadyndan çykaranmyş, özem muny tupan başlandansoň bilenmiş. Şu üzüm galdy-da diýip gynanyp, öz ýanyndan birki gezek aýdanmyş.

Nuh Pygamberiň bu aladasy derrew eşek bilen bile gämä aralaşan şeýtana aýan bolupdyr. Şeýtan Nuh Pygamber gynanyp otyrka ýanyna gelip oňa: “Eger meni gämiden kowmasaň, üzümiň çigidini men bereýin” diýenmiş. Nuham üzümiň çigidiniň ýitirmejek bolan begenjinden ýaňa oňa “bolýar” diýenini duýman galanmyş.

Şeýtan, şeýtan bolýar-da, ol üzümiň çigidini Nuha berse-de beripdir, ýöne, onuň öňünde bir şertem goýupdyr. Şeýtanyň şerti şeýlemiş: “ýagny tupan sowlandan soň üzümi bilelikde ekip, hasylyny hem bilelikde ýygnap deň paýlaşmak”. Nuh şol wagt şeýtanyň bu şertine-de razy bolupdyr.

Ine, tupan sowlandan soň Nuh ýere ekin ekmäge köp üns berip, ähli ekin- tikini, dal daragty ekip, ugrapdyr. Olar hasyla durupdyrlar. Şol wagtam göz agyrysy ýaly bolup, bir ýerden şeýtan peýda bolupdyr. Ol Nuha: “Indi üzüme men seretjek, seniň şu wagta çenli seredeniň bolar” – diýip üzümi özi seredip başlapdyr. Nuham öňden gürleşen soň – “ýok” – diýip durmanmyş.

Şondan soň şeýtan üzümi her gezek suwa ýakmaly bolanda bir haýwanyň gany bilen suwaranmyş. Ilki tilkiniň gany bilen üzümi suwaranmyş, soňra yzly-yzyna şagalyň, maýmynyň, itiň, ýolbarsyň, doňzuň gany bilen suwarypmyş.

Üzümiň bol hasyly kemala gelipdir. Nuh Pygamber bilen şeýtan üzüm hoşalaryny ýygyp özara paýlaşypdyrlar. Şeýtan özüne düşen paýdan üzümiň suwuny sykyp alyp bir içgi ýasapdyr. Soňra Nuhyň külbesine gelip üzümden ýasalan içgiden içip görmegi teklip edenmiş. Nuham üzümiň suwy boljak bolsa, gel şundan içip göreýin-le – diýip içenmiş.

Nuh Pygamber bu içen içgisinden serhoş bolanmyş. Ol eşiklerini çykaryp ýalaňaçlanyp, tä şol içgi gutarýança içip öz külbesinde ýalaňaç ýatanmyş. Nuhuň Ham atly ogly öz atasynyň ýalaňaç ýatanyny görüp:

“Atamyz-a çuw ýalaňaç bolup, külbesinde ýatyr-aý” diýip habar beripdir. Nuhuň iki ogly Sam we Pfet egin eşik alyp, götünjekläp atalarynyň üstüni örtüpdirler. Olar öz atalarynyň ýalaňaç tenini görmändirler, sebäbi ters bakyp baranmyşlar.

Nuh Pygamber serhoşlygyndan açylan soň üzümiň suwunyň adamy serhoş edip biljekdigini umuman adama, öz nesline şu içgiden peýda gelmejekdigini, bu içgini içen adamyň her hili masgaraçylyklara hem sezewar bolaýmagynyň mümkindigini bilipdir. Ol üzümiň suwuna şerap diýip at goýupdyr. Arapça ady “arak”. Öz neberelerine muny içmegi gadagan edipdir.

Muhammet Pygamber hem öz hadyslarynda:

Keýp beriji zatlaryň bary arakdyr,

Mes ediji zatlaryň bary haramdyr –

diýip şerabyň, aragyň zyýany hakynda ýörite nygtapdyr. Araga göwün beren adamdan oňlulugyň çykmajakdygy, haram işlere baş goşmaga meýilli boljakdygy, beýle adamyň şeýtana şägirt bolup, azjakdygy lebzinde durmajakdygy pygamberlere aýan bolupdyr.

## MAGTYMGULY PYRSAGYNYŇ DÖREDIJILIGINDE ÝAMAN GYLYK-HÄSIÝETLERIŇ PAŞ EDILIŞI

Beýik şahyr Magtymgulynyň döredijiliginde adamlarda ýüze çykýan ýaman gylyk-häsiýetleri tankyt edilýän goşgular köp. Şolardan “Mal ýagşy”, “Nas atan”, “Çilimkeş”, “Naskeş”, “Çilim”, “Çilim çekmegil”, “Munda” “Gybatkeş” – diýen goşgularynda gowy gylyk häsiýetleri terbiýelemek, ýaman gylyk häsiýetlerden çetleşmek barada gürrüň berýär.

Beýik şahyryň terbiýe beriji goşgularynda ýaman adamy dogry ýola gönükdirmeklige köp üns berilýär. Ýaman gylyk – häsiýetleri berk tankytlamak bilen,

Magtymguly şeýle adamlary dogry ýola çagyrýar: Mysal üçin ol, “Gybatkeş” – diýen goşgusynda

Ruzy – magşar şikaýat eder tilinden,

Ryswalygyň budur seniň, gybatkeş!

Ömrüň ýele berme, azma ýoluňdan,

Agyrtmagyl iliň-günuň, gybatkeş! –

diýmek bilen, gybatkeşi ýaňadandan terbiýelemek isleýär. Çünki, gybatkeşlik iň bir ýaramaz häsiýetleriň biridir, ol ýary – ýardan, dosty – dostdan aýyrýar.

Magtymguly özüniň “Mal ýagşy” diýen goşgusynda şeýle diýýär:

Adam bolup, adam gadryn bilmeen,

Ondan ýene otlap ýören mal ýagşy.

Sözlegende, söz manysyn bilmeen,

Ondan ýene sözlemeen mal ýagşy.

Bu sözler adamlaryň gep geplän wagty pikirlenip dogry geplemelidigini düşündirýär.

Magtymguly “Çilimkeş”, “Çilim”, “Çilim çekmegil” diýen goşgusynda şeýle diýýär:

Kuwwatyň kemelder, güýjüň az durar,

Keýpi kellä gelse, aklyň azdyrar,

Süňňüňi syzdyrar, etiň gyzdyrar

Bir nyşana budyr sende, çilimkeş.

Akyldar bu sözleri aýtmak bilen çilim ýaly zäheriň adamyň saglygyna, durmuşyna zyýanlydygyny görkezip, ondan el çekmegi talap edýär.

Beýik şahyryň “Nas atan”, “Naskeş” ýaly goşgularynda nasyň adamyň organizmine, aňýna ýaman täsir edýändigini, adamlaryň arasynda naskeşiň abraýynyň ýoklugyny beýan edýär. Meselem:

Kyrkyňa baraňda, beýniňe çykar,

Bu şirin janyňy dowzahda ýakar,

Akjaňy öt eýläp, burnuňa dykar,

Zähriňden döküler dişiň, nas atan.

Beýik akyldar Magtymgulynyň döredijiliginde durmuşyň ähli taraplary suratlandyrylýar. Haýran galdyrýan zat hem ýaman, gylyk häsiýetleri paş edýän goşgularyň biziň şu günümizde (ýazylanyna 200 ýyldan hem köp wagt geçenine garamazdan) uly orun tutýar. Ýaş nesli durmuşyň talabyna görä terbiýelemekde ýol görkeziji bolup hyzmat edýär.

**Amaly ýumuş.** Beýik akyldar Magtymgulynyň “Çilim”, “Çilim çekmegil”, “Nas atan” “Naskeş” goşgularyny okaň, mazmunyny öwreniň, ýatlaň, öz tejribäňizde ulanyň.

Magtymguly hem:

“Akly bolan şerap içmez,” – diýip belläpdir.

Umuman musulmançylykda şerap şeýtanyň içgisi hasaplanylýar. Şonuň üçin bu içgä diňe şeýtanyň azdyryp öz tarapyna ymykly geçirdim edip ýören adamlary göwün berýärmiş. Şeýtanyňky bolsa azdyrany özüniňki ahyry.

Dini hekaýalaryň birinde arak içmeklik zyna edendenem, sallançakdaky çagany öldürendenem, buda çokunandanam uly günä diýip bellenilýär. Sebäbi arak içip serhoş bolan adam beýleki günäleri hem edip biler – diýlip aýdylýar. Umuman Yslam dini aragy ähli günäleriň enesi hasaplaýar.

Nuh Pygamber şeýtanyň içgisi gutarandan soň serhoşlukdan açylypdyr hem-de oňa kiçi ogly Hamyň biedeplik edeni aýan bolupdyr. Pygamberiň muňa gaty gahary gelip: onuň nebereleri beýleki iki doganynyň guly bolar – diýip ters pata berenmiş.

Keý-Kowusyň beýik “Kowusnama” eserinde “Şerap içmek barada” öwüt-nesihatlar berilýär. Onuň mazmuny şeýleräk:

“Eý balam, bilgin, men saňa şerap içme diýip aýtmaryn. Çünki ýaş ýigitler garry kişiniň sözi bilen ýigitlik wagtyndaky işlerini terk etmeýärler. Ýigitlik wagtymda maňa hem köp pendi nesihat edipdiler. Men hem kabul etmändim.

Eý balam, eger şerap içmeseň, sen köp peýda taparsyň, halkyň melamatyndan gutularsyň. Men seni hetdenaşa dost tutýaryn. Emma sen ýaş ýigitsiň, men bilýän

ülpetleriň saňa şerap içirmän goýmazlar. Şonuň üçin ýamany dost tutunanyňdan ýekelik ýagşydyr diýipdirler. Eger sen şerap içmekçi bolsaň içmekligiň kadasyny bilgin, eger şerap işmekligiň kadasyny bilmezden içseň ol saňa zäherdir.

Eger köp içilmese, içeňde hem kadadan daşary çykylmasa, bu wagtda aýdyşlaryna garanda zäher – zäheri gaýtarýar.

Eger nahardan soň teşne bolsaň biraz şerap içgin, eger teşne bolmasaň üç sagada çenli sabyr et. Çünki mäde güýçli we sagdyn bolsa nahary her näçe köp we bolluk bilen iýseň hem, ol lezzet berer. Şondan soň nebiz içgin, hem tagamdan, hem şerapdan lezzet alarsyň. Emma şerap içmegi gün ýaşanda başlagyn. Sen mes bolýançaň agşam bolar we halaýyk seniň mesligiňi görmez. Meslikde bir jaýdan ikinji jaýa barma. Meslikde hereket etmeklik öwerlik däl. Şerap içmek üçin sähra köp barmagyn, eger barsaň öýüňe dolanyp gelýänçäň mes bolmagyn. Mesligi öýüňde etgin. Öý içinde edilýän işi daşarda edip bolmaz. Çünki öý tarapa saýasy daragtyň saýasyna görä goýurakdyr. Adamlar öz öýünde şa bolsalarda, daşarda garypdyr, eger duýgur we ygtybarly kişiler hem ýat ýere düşseler, goly gysga bolýany mälimdir. Hiç zada güýji ýetmez.

Nebis (içgi) içgil, emma iki üç käse içmegil. Nahary köp iýmekden, şeraby köp içmekden, berhiz et (saklan), çünki her gezek şerap içeniňde düýş görmek we mes bolmak mynasyp zat däldir. Bir owurt şeraby kemräk iç, bir lukma nahary köpräk iý.

Şeraphorlugyň hasyly (netijesi) iki närsedir: ýa hassalykdyr, ýa diwanalykdyr (dälilikdir), çünki şeraphor ýa mes bolar, ýa-da hassa. Eger mes bolsa däli – tentekler sanyna, eger hassa bolsa (akyldan azaşanlar) sanyna girýär. Çünki tenteklik hem hassalygyň bir şahasydyr, diýmek beýle işe maýyl bolmagyň nämä geregi bar, ýa kişi däli bolýar, ýa bimar (näsag) bolýar.

Eý, balam, men bilýärin, sen bu sözler bilen şerap içmekden ýüz öwürmersiň, emma bu işi dowam etseň hem ertirine içmegi endik etmegin. Eger içseň wagt bilen içgin, akylly adamlar ertirine içmegi ýaman görüpdirler. Ertiriň birinji şumlugy şundadyr, gijeki içeniň dumany kelläňden gitmänkä, gündüzkiniň dumany hem onuň üstüne goşulýar, netijede Mali – hulýa (söwdaýylyk, melanhomiýa) keseli şundan peýda bolýar. Çünki iki zyýan berijiniň zyýany bir zyýan berijiden köp bolýar. Ýene şudur, her wagt ol halk uka gidende, sen oýanýarsyň. Halk oýananda sen uklarsyň. Gündizi uklap, gijesi oýa bolsaň, ahyrda ähli beden agzalary kesel bolýar. Şunuň ýaly uly günä edip, soňundan puşman edersiň.

Ertiriňe içeniňde ýumruklaşmak, akylsyzlar ýaly iş etmek hem ýüze çykar, netijede kişi puşman eder we başga-da zerury çykdajylar dörär. Eger tötänden ertirine içmekçi bolsaň, onuň bir sebäbiniň bolmaklygy gerek, bu mümkin, emma bu ýaman adaty etmezlik oňatdyr.

# E D E B I Ý A T L A R


1. Gurbanguly Berdimuhammedow “ Türkmenistanda saglygy goramagyñ ylmy esaslary ” Aşgabat, “ Ylym neşirýaty “ 2007-ýyl.
2. Türkmenistanyñ Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhammedow (gysgaça terjimihal). Aşgabat. 2007ý.
3. G.Berdimuhammedow Garaşsyzlyga guwanmak, Watany,halky söýmek bagtdyr Aşgabat 2007ý.
4. “Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda”, Türkmenistanyñ Prezidentiniñ 2007-nji ýylyñ Baýdak aýynyñ 15-inde çykaran 4610-njy Permany. Aşgabat. 2007.
5. “Bilim – terbiýeçilik edaralarynyñ işini kämilleşdirmek hakynda.” Türkmenistanyñ Prezidentiniñ karary. Aşgabat, 2007.
6. Berdimuhamedow G.M. XX Halk Maslahatynda edilen çykyş. Aşgabat. 2007
7. Berdimuhamedow G.M. BMG-nyñ Baş Assambleýasynyñ 62 –nji sessiýasyndaky çykyşy.-2007 Ruhnama 21.
8. Berdimuhamedow G.M ABŞ–nyñ Kolumbiýa uniwersitetindäki çykyşy. 2007 Ruhnama.
9. D. Azady. “Wagzy-Azat” Aşgabat. Ylym, 1962.
10. Baýramsähedow N. “Gündogaryň beýik danalary”. Aşgabat Magaryf, 1992.
11. Asadowa R., Jumaýewa P. “Gündogar pedagogikasy we bilimiň taryhy boýunça metodik gollanma”. Çärjew, 1998.
12. Asadowa R., Gotdaýew J., Jumaýewa P. Pedagogikanyň taryhy boýunça metodik gollanma. Türkmenabat 1999.
13. Asadowa R. A. Okuwçylaryň guramaçylyk işlerini meýilnamalaşdyrmakda, mugallymyň orny. Çärjew., 1991.
14. Asadulin W.H., Atdaýew E. Pedagoglaryň professional we ata-eneleriñ psihologiki hillerini öwrenmek. – Çärjew 1999 . 120 sah.
15. Gorkut ata. Aşgabat., Türkmenistan, 2001-205 sah.
16. Kowusnama. Mary., Kitap, 1992-126 sah.
17. Oguznama. Aşgabat., Türkmendöwletneşirýat gullugy, 2001-184 sah.
18. XVIII-XIX asyr türkmen edebiýatynyň taryhy boýunça oçerkler. – Aşgabat., Ylym, 1967.
19. Pirliýew G. Türkmen halk pedagogikasy. Aşgabat., Magaryf. 1981.
20. Pirliýew G. Etnopedagogika we häzirki zaman terbiyesi. Aşgabat., Magafyf, 1995.
21. Pirliýew G. Garaşsyzlygyň ahlagy. Mugallymlaryň gazet., 15.02.1995, 01.03.1995.
22. Haljanow Ş. Garaşsyzlyk pedagogikasy. Aşgabat 1995. Ruh.
23. Atanyýazow S. Edepnama. Aşgabat 1992.
24. Hadys. Aşgabat. Turan-I. 1992.
25. Öräýew A. Türkmenistanyň döwlet nyşanlary. Aşgabat., 1993.
26. Türkmenistanyn taryhy. Aşgabat 1993.
27. T ursunow J.Ş. Geljekki mugallymlarda kommunikatiw başarnygyň kemala gelmeginde didaktiki oýunlary ulanmak. Mary, 1996, 45 sah.

28. Tursunow J. Ş. Milli terbiýenamamyza daýanýarys. “Türkmenistan gazeti”, 30.01.2003.
29. Tursunow J. Ş. Milli terbiýenama. “Mugallymlar gazeti” 14.04.2003.
30. Tursunow J. Ş. Oguz han türkmen eýýamynda terbiýe we bilim. –Mugallymlar gazeti. 2004.Baýdak 4.
31. Tursunow J. Ş. Tebigaty söýmek- öýüñi söýmek. – Mugallymlar gazeti 2004. Baýdak 23.
32. Tursunow J. Ş. Biz öz balalarymyz barada nämeler bilýäris. – Türkmen ýüpek ýoly. 2005.Nowruz 3.
33. Halk maslahaty. Aşgabat. Türkmenistan, 1992-94, 2002-2003.
34. Täze bilim syýasaty. “Talyp durmuşy” gazeti. 7.05.1993.
35. Balakaýew D. Mugallymyň mertebesi. Aşgabat., Magaryf, 1983-50sah.
36. Rejepow S. Şahsyýetiň estetiki ösüşi. – Aşgabat, 1990.
37. Pedagogikanyň we filosofiýanyñ aktual meseleleri. Ylmy materiallaryň ýýgyndysy. Tursunow J. Ş. Hojamkulyýew M. Redaksiýa bilen – Çärjew, 1996.
38. Garaşsyzlyk: Filosofiýanyň we pedagogikanyň aktual meseleleri: Ylmy materiallar ýygyndysy. Hojamkulyýew M. Tursunow J.Ş. redaksiýa bilen. – Çärjew, 1997.
39. Hanow G. Uly türkmen piri. Türkmenistan gazeti, 26.03.2003.
40. Ödäýew O. Annanyýaz Artyk. Bir ömrüň kyrk pursaty. Iki kitapdan ybarat. Aşgabat 2004. TDPG. I-nji kitap-408 sah; II-nji kitap-376 sah.
41. История педагогики. Москва, Просвещение. 1982.
42. Асадова Р.А. Научная организация труда учителя начальных классов. Ашгабат. Наука. 1987.
43. Волков Г. Н. Этнопедагогика. – Чебоксары, 1974.
44. Курбанов А., Кузмин О.Д. Очерки по истории развития педагогический мысли в Туркменистане в 2-х частях. I част. (1986-1941-1965) изд. Ашгабат. Туркменистан. 1972.
45. Василова З.П. Мудрые заповеди народной педагогики. Москва, Педагогика. 1988.
46. Зумин А. Мудрецы о воспитании. Ташкент. 1982.
47. Пирлиев Г. Очерки этнопедагогики туркменского народа. Ашгабат 1980.
48. Я. А. Коменский. Избранные сочинения. Москва. 1982.
49. Турсунов Дж. Ш. Теория и практика подготовки учителей русского языка и литературы для начальных школ Средней Азии и Казахстана. Москва. Монография 1992-315 с.
50. Турсунов Дж. Ш. Я. А. Коменский о школе родного языка и подготовка учителя-руссиста для национальной школы. Самара, 1992.
51. Турсунов Дж. Ш. Система формирование знании и навыков и будущих учителей. Чарджев, 1991.
52. Турсунов Дж. Ш. Взаимосвязи экологического воспитания с трудовой подготовкой младших школьников. Чарджев. 1991.
53. Педагогика. Общая редакция. Г. Пойнер, Ю. К. Бабанский. М. Просвещение. 1984.
54. Педагогика. Общая редакция. С.П. Баранов. В. А. Сластёнин. М. Просвещение. 1986.

55. Педагогика. Общая редакция. В. А. Сластёнин. М. Школа-пресс.
56. Педагогика. Москва 2000 г. в 2 –х книгах.
57. Хозяинов Г.И. Педагогическое мастерство преподавателя. М. 1988.
58. Хроменков Н. А. Образование. Человеческий фактор. Общественный процесс. М. 1989.
59. Сластёнин В.А. Мажар Н.Е. Диагностика профессиональной пригодности молодёжи к педагогической деятельности. М. 1991.
60. Моисеев Н.Н. Человек и ноосфера. М. 1990.
61. Шварцман К.А. Философия и воспитания. М. 1989.
62. Скаловая Я. Методология и методы педагогических исследований. М. 1989.
63. Проблемы методологии педагогики и методики исследований. М. 1989.
64. Управление развитием школы. Под. Ред. М.М.Поташнина, В.С. Лазерева. М. 1995.

## Mazmuny

**Giriş________________________________________________________4**
**I Pedagogikanyň umumy esaslary_________________________________5-118**
1.1 Pedagogikanyň öwrenýän meselelri we onuň wezipeleri___________________5-13

1.2 Pedagogikanyň ylmy-barlag usullary____________________________________13-26

1.3 Pedagogikanyň başga ylymlar bilen arabaglanyşygy, onuň esasy düşünjeleri. Häzirki zaman pedagogika ylmynyň ösüşi.__________________________________________26-36

1.4 Sahsyýetiň ösüşine täsir edyän faktorlar_________________________________36-46

1.5Osüşiň umumy kanunalaýyklyklary_____________________________________46-56

1.6 Ösüşiň ýaş we ýekebara aýratynlyklary__________________________________56-68

1.7 Sahsyýeti hemmetaraplaýyn ösdürmegiň we terbiýelemegiň maksady we mazmuny____________________________________69-86

1.8 Pedagogik işiň gurluşy we kanunalaýyklyklary___________________________87-95

1.9 Pedagogik täzelikler___________________________________________________95-108

1.10. Häzirki zaman mekdebiniň mugallymy________________________________108-118

**II bölüm: Okatmak nazaryýeti________________________________________119-264**

2.1 Didaktika – okatmak we bilim bermek nazaryýeti hakyndaky ylymdyr_____119-128

2.2 Okatmak işi we onuň esasy düşünjeleri______________________________128-135

2.3 Okatmagyň faktorlary______________________________________________135-143

2.4 Okamagyň motiwleri_______________________________________________144-156

2.5 Mekdepde bilimiň mazmuny we onu kesgitleýän resminamalar___________156-164

2.6 Okatmagyň kanunalaýyklyklary_____________________________________165-176

2.7 Okatmagyň ýörelgeleri we düzgünleri________________________________176-190

2.8 Mugallym bilen okuwçylaryň okuwyň dürli görnüşinde aragatnaşygy______190-195

2.9 Okatmagyň usullary________________________________________________196-229

2.10 Okatmagyň görnüşleri we guralyşy_____________________________229-247

2.11 Sapak-okuw işini guramagyň esasy hökmünde.
Onuň görnüşleri we olara häsiýetnama_________________________________247-256

2.12 Okuw işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak ___________________________256-264

2.13 Bilimleri barlamak we bahalandyrmak______________________________

**III bölüm: Terbiýe nazaryýeti______________________________________264-378**

3.1 Terbiýe – döwrebap şahsyýeti taýýarlamagyň serişdesi hökmünde_________264-273

3.2 Terbiýäniň kanunalaýyklyklary_____________________________________273-279

3.3 Terbiýelemek işini hereketlendiriji güýçler. Terbiýelemek, öz-özüňi terbiýelemek, gaýtadan terbiýelemek______________________________________________278-282

3.4 Terbiýäniň ýörelgeleri____________________________________________282-288

3.5 Terbiýäniň umumy usullary_______________________________________289-298

3.6 Topar. Şahsyýeti toparda terbiýelemek_______________________________298-314

3.7 Terbiýelemek işiniň gurluşy we amala aşyrylyşy_______________________314-321

3.8 Ahlak, akyl, gözellik we etiki terbiýeleri______________________________321-356

3.9 Beden terbiýesi, zähmet terbiýesi we okuwçylary hünäre ugrukdyrmak işi. Ekologik, ykdysady terbiýesi_______________________________________________357-364

3.10 Synpdan we mekdepden daşary terbiýeçilik işler. Synp ýolbaşçysynyň terbiýeçilik işleri______________________________________________________________364-378

Edebiýatlar_________________________________________________________379-381

Mazmuny__________________________________________________________382-383